# Organization for Security and Co-operation in Europe
# Centre in Ashgabat

# Korrupsiýa garşy göreşde halkara hukuk standartlary

# Международно-правовые стандарты по борьбе с коррупцией

**Ashgabat 2010**

Dokumentleriň tekstleri görkezilen çeşmelere laýyklykda çap edilýar:

Тексты документов печатаются в соответствии с указанными источниками:

http://www.unodc.org/documents/corruption/Technical_Guide_UNCAC.pdf

http://www.unodc.org/unodc/en/treaties/CAC/index.html

Kitap YHHG-nyň Aşgabatdaky merkeziniň hemaýaty bilen çap edildi
Издание опубликовано при поддержке Центра ОБСЕ в Ашхабаде

Terjime YHHG-nyň Aşgabatdaky merkeziniň hemaýaty bilen çap edildi
Перевод данного издания был выполнен Центром ОБСЕ в Ашхабаде

OSCE

# Organization for Security and Co-operation in Europe
# Centre in Ashgabat

# Korrupsiýa garşy göreşde halkara hukuk standartlary

# Международно-правовые стандарты по борьбе с коррупцией

Ashgabat 2010

# Korrupsiýa garşy göreşde halkara hukuk standartlary

**UMUMY MAZMUNY**

**Sahypa**

**BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASYNYÑ KORRUPSIÝA GARŞY KONWENSIÝASY** **6**

**BMG-NYÑ KORRUPSIÝA GARŞY KONWENSIÝASYNYÑ TEHNIKI GOLLANMASY** **55**

# Международно-правовые стандарты по борьбе с коррупцией

**ОБЩЕЕ СОДЕРЖАНИЕ**

**Стр.**

**КОНВЕНЦИЯ ОРГАНИЗАЦИИ ОБЪЕДИНЕННЫХ НАЦИЙ ПРОТИВ КОРРУПЦИИ** **258**

**ТЕХНИЧЕСКОЕ РУКОВОДСТВО ПО ОСУЩЕСТВЛЕНИЮ КОНВЕНЦИИ ООН ПРОТИВ КОРРУПЦИИ** **317**

**BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASYNYÑ NARKOTIK SERIŞDELERI WE JENAYAT BOÝUNCA DOLADYRYŞ EDARASY**

**BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASYNYÑ KORRUPSIÝA GARŞY KONWENSIÝASY**

# MAZMUNY


| | | Sah |
|---|---|---|
| Sözbaşy | | 7 |
| 2003-nji ýylyñ 31-nji dekabryndan Baş Assambleýanyñ 58/4 Rezolýüsiýasy | | 9 |
| Birleşen Milletler Guramasynyñ Korrupsiýa garşy Konwensiýasy | | 12 |
| Giriş | | 12 |
| I. | Umumy düzgünler | 13 |
| II. | Korrupsiýanyñ öñüni almak boýunça çareler | 15 |
| III. | Kriminallaşmaklyk we hukuk goraýyş işleri | 22 |
| IV. | Halkara hyzmatdaşlyk | 32 |
| V. | Hususy serişdeleri gaýtaryp bermeklik | 42 |
| VI. | Tehniki kömek we maglumat alyşma | 47 |
| **VII.** | Durmuşa geçirmekligiñ mehanizmleri | 50 |
| Jemleýji düzgünler | | 51 |

**BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASY**
**Nýu-Ýork, 2004 ýyl**

## SÖZBAŞY

Korrupsiýa - bu durli ýollar bilen jemgyýeti heläk edýän elhenç gyrgyn. Ol demokratiýanyñ esaslaryny we hukugyñ hökümdarlygyny gowşadýar, adam hukugynyñ bozulmasyna getirýär, bazarlaryñ işine päsgel berýär, durmuş hal-ýagdaýyny pese gaçyrýar we adamyñ howpsuzlygyna howp salýan guramaçylykly jenaýatyñ, terrorizmiñ we beýleki ýüze çykmalaryñ ösmegi üçin şertler döredýär.

Bu zyýanly ýagdaý ähli ýurtlarda gabat gelýär uly we kiçi, baý we garyp, - emma ol iñ ýaramaz täsirini ösýän ýurtlara ýetirýär. Korrupsiýa esasan garyplara proporsional bolmadyk uly zyýan ýetirýär sebäbi ol ösmeklik üçin niýetlenen pul serişdeleri başga ýere gönükdirýär, hökümete esasy hyzmatlary etmekde päsgelçilikler döredýär, deñhukuksyzlyk we adalatsyzlyk üçin esas döredýär we daşary ýurt maýagoýumlaryñ we kömegiñ gelmegine böwet bolýar. Korrupsiýa pes ykdysady görkezijileriñ esasy sebäbi bolýar, şeýle-de garyplygyñ gerimini azaltmak we ösüşi üpjün etmek ýolunda iñ esasy päsgeçilikleriñ biridir.

Şonuñ üçin men global derejede bu bela bilen göreşmäge mümkinçilik berýän täze resminamanyñ bardygyna örän begenýärin. Birleşen Milletler Guramasynyñ korrupsiýa garşy Konwensiýasynyñ kabul edilmegi halkara bileleşiginiñ korrupsiýanyñ öñüni almaga we ony ýok etmäge uly hyjuwynyñ bardygyny anyk görkezýär. Konwensiya korrumpirlenen adamlara eger-de olar jemgyýetiñ umytlaryny ödemeseler, onda halkyñ indi beýle ýagdaýa çydamajakdygyny duýduryş bolup hyzmat eder. Konwensiýa ösüşe ýardam bermekde we hemmeleriñ abadançylygy üçin biziñ dünýämizi kämilleşdirmek işinde halallyk, hukuk hökümdarlygyna sylaşyk, hasabatlylyk we aýdyñlyk ýaly esasy gymmatlyklaryñ ähmiýetini ýene bir gezek ykrar edýär.

Täze Konwensiýa ajaýyp üstünlikdir we ol başga bir resminamany-Birleşen Milletler Guramasynyñ bir aý mundan öñ güýje giren transmilli guramaçylykly jenayata garşy Konwensiýanyñ üstüni doldurýar. Bu netijeli hereketleriñ we halkara hyzmatdaşlygyñ täze esasyny döredýän balansirlenen, güýçli we pragmatik resminamadyr.

Konwensiýa ähli ýurtlar tarapyndan korrupsiýa bilen göreşde özleriniñ hukuk we normatiw kadalaryny güýçlendirmek maksady bilen ulanyp boljak ülñeleri, çäreleri we normalary öž içine alýar. Onda döwlet we hususy sektorda iñ köp ýaýran korrupsiýanyñ görnüşlerini janaýat kategoriýasyna degişli edip boljak öñüni alyş, şeýle-de kanunçylyk çäreleriñ kabul edilmegine çagyryş bar. Konwensiýa Gatnaşýjy-döwletlere korrupsiýanyñ üsti bilen alnan pul serişdelerini olaryñ ogurlanan ýurtlaryna gaýdyp bermekligi talap edýän täze prinsipial düzgüni hem öz içine alýar.

Bu düzgünler-özbolşuna ilkinjiler-täze fundamental ýörelgäni jar edýärler, şeýle-de korrupsiýanyñ öñuni almak we ony aýan etmek hem-de şeýle usul bilen alnan pul serişdeleri yzyna gaýtaryp bermek maksatlary bilen döwletleriñ arasyndaky hyzmatdaşlygy has-da kämilleşdirmekligiñ esasyny goýýarlar. Geljekde, korrumpirlenen ýokary wezipeli işgärleriñ özleriniñ bikanun gazanan girdejilerini gizlemäge mümkinçilikleri az bolar. Bu esasan-da korrumpirlenen ýokary wezipeli adamlaryñ milli baýlyklary ogurlaýan, täze häkimiýet bolsa ýurdy galdyrmaga we täzeden gurmaga zerur bolan serişdelerde mätäçlik çekýän ösýän ýurtlar üçin wajypdyr.

Bu Konwensiýa köp ýyl mundan öñ başlan, resmi toparlarda “korrupsiýa” diýen sözüñ özi seýrek halatlarda aýdylýan döwri, Birleşen Milletler Guramasy üçin kulminasion iş

bolup durýar. Korrupsiýany global gün tertibine goşmak üçin ilki bilen bilermenleriñ derejesinde, soñra bolsa syýasy derejede yzygiderli tagallary etmeli boldy. Montereýde geçen ösüşi maliýeleşdirmek boýunça halkara maslahaty hem-de Ýohanesburgda durnukly ösüş boýunça ýokary derejede geçen halkara maslahat hökümetlere özleriniñ korrupsiýa garşy göreş alyp barmaga we ösüşiñ perspektiwalaryna korrupsiýanyñ ýaramaz täsiri barada ilatyñ giñ gatlaklaryny habarly etmäge taýyndyklaryny aýtmaga mümkinçilik berdi.

Konwensiýa şeýle-de uzak wagtlaýyn we agyr gepleşikleriñ netijesidir. Kyn soraglaryñ köpüsini we dürli ýurtlary alada goýan meseleleriñ köpsanlysyny çözmeli boldy. Iki ýyldan az döwrüñ içinde alada goýýan pursatlary göz öñüne tutmak bilen şeýle resminamany işläp taýyarlamaklyk örän agyr mesele. Ähli ýurtlar öz başarnyklygyny görkezdiler we ylalaşyklary etdiler. Emma biz şeýle netijelere buýsanyp bileris.

Maña korrupsiýa garşy Konwensiýany işläp taýýarlamak boýunça Ýörite Komitetiñ býurosynyñ agzalaryny gutlamaga rugsat ediñ, sebäbi olar iñ agyr işi ýerine ýetirdiler we özleriniñ öñdebaryjylygyny görkezdiler, şeýle-de men eýýäm aradan çykan Komitetiñ Başlygyna Kolumbiýanyñ ilçisi Ektor Çarri Sampere parasatly ýolbaşçylygy we işe wepalylygy üçin uly minnetdarlygymy aýtmak isleýärin. Men şu ýerde oturan ähli adamlaryñ biziñ şu gün şatlanýan pursatymyz onuñ biziñ aramyzda ýoklugyna men bilen bile gynanýandyklaryna ynanýaryn.

Täze Konwensiýanyñ kabul edilmegi uly üstünligi añladýar, emma bu diñe uly işiñ başlangyjydyr. Biz gazanylan üstünligi Konwensiýanyñ mümkin boldugyça tiz güýje girmegi üçin has-da ösdürmeli. Men ähli Gatnaşyjy-ýurtlary dekabr aýynda Meridada, Meksikada Konwensiýa gol çekmeklik babatynda geçiriljek konferensiýa gatnaşmaga we iñ gysga möhletde Konwensiýany ratifikasiýa etmeklige çagyrýaryn.

Eger-de şu Konwensiýa doly güýjünde durmuşa geçirilip bilinse, onda ol bütin dünýäde millionlarça adamlaryñ durmuşynyñ hilini üýtgedip biler. Ösüş ýolunda iñ esasy päsgelçiligi aýyrmak bilen ol bize Münýyllygyñ Deklaraşiýasynda yglan edilen ösüş maksatlaryna ýetmäge kömek edip biler. Birleşen Milletler Guramasynyñ Sekretariatynyñ, şeýle-de Birleşen Milletler Guramasynyñ narkotik serişdeleri we jenayat boýunça Dolandyryş Edarasynyñ bu belany Ýer ýüzünden ýok etmek maksady bilen döwletler tarapyndan edilýän tagallalary goldamak üçin elinden baryny etjekdigine ynamly bolup bilerler. Bu agyr mesele, emma bilelikdäki tagallalar bilen biz köp zat gazanyp bileris diýip men pikir edýärin.

Kofi A. Annan
Baş Sekretar

**2003-nji ýylyñ 31-nji dekabrynda kabul edilen Baş Assambleýanyñ 58/4 Rezolýusiýasy**

**Birleşen Milletler Guramasynyñ Korrupsiýa garşy Konwensiýasy**

*Baş Assambleýa,*

özüniñ 2000-nji ýylyñ 4-nji dakabrynda kabul edilen 55/61 rezolýusiýasyna *salgylanyp*, ol korrupsiýa garşy netijeli halkara-hukuk resminamany işläp taýýarlamak üçin ýörite komitet esaslandyrdy we Baş Sekretardan şeýle resminamany işläp taýýarlamak boýunça mandatyñ taslamasyna seretmek we taýýarlamak üçin açyk düzümli bilermenleriñ (ekspertleriñ) hökümetara toparyny çagyrmak hem-de açyk düzümli bilermenleriñ hökümetara toparyna bikanun geçirilýän pul serişdeleri we şeýle serişdeleriñ gelip çykýan ýurtlaryna repartasiýa baradaky meseläni öwrenmekligi teklip edýän özüniñ 2000-nji ýýlyñ 20-nji dekabrynda çykan 55/61 rezolýusiýasyna *salgylanyp*,

şeýle-de özüniñ korrupsiýanyñ öñüni almak we bikanun pul serişdeleri geçirmeklik, bu hadysalar bilen göreş alyp barmaklyk we şeýle serişdeleri gelip çykan ýurtlaryna ibermek barada 2002-nji ýylyñ 21-nji dekabrynda kabul edilen 56/186 rezolýusiýasyna we 2002–nji ýylyñ 20-nji dekabrynda kabul edilen 57/244 rezolýusiýasyna *salgylanyp*,

soñra korrupsiýa garşy konwensiýany işläp taýýarlamak boýunça Ýörite Komitetini öz işlerini 2003-nji ýylyñ ahyryna çenli tamamlamagy haýyş edip ýüz tutan 2002-nji nji ýylyñ 31-nji ýanwarynda kabul eden 56/260 rezolýusiýasyna *salgylanyp*,

özüniñ konwensiýa gol çekmek üçin ýokary derejeli syýasy konferensiýasyny Meksikada geçirmeklik babatynda şol ýurduñ hökümetiniñ teklibini uly höwes bilen kabul edýänligi we üç günläp dowam etjek şeýle konferensiýany 2003-nji ýylyñ ahyrynda geçirmekligi Baş Sekretardan haýyş edýän 2002–nji ýylyñ 18-nji dekabrynda kabul edilen 57/169 rezolýusiýasyna *salgylanyp*,

şeýle-de, özüniñ “Korrupsiýa hereketleriniñ netijesinde alnan bikanun pul serişdelerini geçirmekligiñ öñüni almak, pul serişdeleriñ ýuwlup alynmagyny hem goşmak bilen onuñ bilen göreş alyp barmak, şeýle-de şu görnüşli pul serişdelerini gaýtaryp bermeklik“ diýlip atlandyrylan 2001-nji ýylyñ 24-nji iýulynda kabul edilen Ykdysady we Social Geñeşiñ 2001/13 rezolýusiýasyna *salgylanyp*,

2001-nji ýylyñ 4-7 dekabrynda Buenos-Aýresde geçirilen korrupsiýa garşy konwensiýany işläp taýyarlamak boýunça Yörite Komitetiñ resmi däl taýyarlaýyş geñeşini kabul eden tarap hökmünde Argentinanyñ hökümetine *öz uly minnetdarlygyny bildirip*,

2002-nji ýylyñ mart aýynyñ 18-den 22-si[1] aralykda korrupsiýa garşy göreşiñ hemme derejelerde iñ esasy meseleleriñ biri diýlip aýdylýan Montereýde, Meksikada bolup geçen ösüşi maliýeleşdirmek boýunça Halkara konferensiýada kabul edilen Montereý konsensusyna *salgylanyp*,

şeýle-de, 2002-nji ýylyñ 26-njy awgustyndan 4-nji sentýabryna çenli [2] Ýohanesburgda, Günorta Afrikada, geçen ýokary derejeli Halkara duşuşygynda kabul

edilen durnukly ösüş babatynda Ýohanesburg deklarasiýasyna, hususan-da korrupsiýanyñ halkalaryñ durnukly ösüşine howp hökmünde beýan edilen 19-njy punktuna *salgylanyp*,

korrupsiýanyñ netijesinde ýüze çykýan demokratik institutlaryñ we gymmatlyklaryñ, etiki gymmatlyklaryñ we adalatlylygyñ gymmatyny gaçyrýan we durnukly ösüşe we tertip-düzgüne zyýan ýetirýän meseleleriñ we howplaryñ ähmiýeti babatynda *çynlakaý alada edip*,

1. Ýörite Komitetiniñ Birleşen Milletler Guramasynyñ Baş Assambleýasyna seretmek we karar kabul etmek üçin BMG-niñ korrupsiýa garşy konwensiýasynyñ taslamasynyñ ahyrky tekstini hödürlän Wenada harkotik serişdeleri we jenaýat boýunça Birleşen Milletler Guramasynyñ Dolandyryş edarasynyñ ştab-kwartirasynda öz işini alyp baran korrupsiýa garşy göreş konwensiýasyny işläp taýýarlamak boýunça Ýörite Komitetiñ hasabatyny[3] *göz öñüne tutýar* we Ýörite Komitetiñ işine ýokary baha berýär;

2. şu rezolýusiýa goşulan Birleşen Milletler Guramasynyñ korrupsiýa garşy konwensiýasyny *kabul edýär* we ony 57/169 rezolýusiýa laýyklykda 200-nji ýylyñ dekabr aýynyñ 9-11 aralygynda Meridada, Meksikada Konwensiýa gol çekmek üçin geçiriljek ýokary derejeli Syýasy konferensiýada açyar;

3. Birleşen Milletler Guramasynyñ korrupsiýa garşy Konwensiýanyñ mümkin boldugyça basym güýje girmegi üçin oña gol çekmeklige we ratifikasiýa etmeklige ähli döwletleri we ykdysady integrasiýanyñ ygtyýarly sebitara guramalaryny tutanýerli çagyrýar;

4. Birleşen Milletler Guramasynyñ korrupsiýa garşy Konwensiýasyna laýyklykda esaslandyrylýan Konferensiýanyñ Gatnaşyjy-döwletleriniñ Konferensiýasy tarapyndan başga karar kabul edilmänkä, Konwensiýanyñ 62-nji maddasynda aýdylýan sçýoty dolandyrylmagyny Birleşen Milletler Guramasynyñ jenaýatyñ öñüni almak we jenaýat adalat sudy boýunça Fond tarapyndan amala aşyrylmagyny karar edýär we ösýän ýurtlara we ykdysadyýeti geçiş döwrüni

5. şeýle-de korrupsiýa garşy konwensiýany işläp taýyarlamak boýunça Ýörite Komiteti Konwensiýanyñ 63-nji maddasynda görkezilen Konwensiýanyñ Gatnaşyjy-döwletleriniñ Konferensiýasynyñ prosedurasynyñ kadalarynyñ we beýleki düzgünleriñ tekstleriniñ taslamalaryny taýyarlamaklary üçin Konwensiýanyñ Gatnaşyjy-döwletleriniñ Konferensiýasyna onuñ birinji mejlisinde ara alyp maslahatlaşmak üçin birinji mejlis çagyrlmagynyñ öñünden ýygnak geçirmekligiñ üşti bilen Birleşen Milletler Guramasynyñ Konwensiýasyny işläp taýyarlamak bilen baglanyşykly işlerini ýerine ýetirmekligini tamamlamagyny karar edýär;

6. Konwensiýanyñ Gatnaşyjy-döwletleriniñ Konferensiýasyndan Birleşen Milletler Guramasyny hem öz içine almak bilen jemgyýetçilik guramalarynyñ ýokary wezipeli işgärleriniñ satyn alynmagynyñ kriminallaşmaklyk meselesine we şonuñ bilen

[1]Osüşi maliýeleşdirmek boýunça Halkara konferensiýanyñ çykyşy, Montereý, Meksika, 18-22 mart 2002 ýyl (Birleşen Milletler Guramasynyn neşiri, satuwda №R.02.II.A.7), bap I, rezolýusiýa 1, goşundy.

[2] Durnukly ösüş boýunça yokary derejeli Bütindünýä duşuşygynyñ çykyşy, Ýohanesburg, Günorta Afrika, 26 awgust-4 sentýabr 2002 ýyl (Birleşen Milletler Guramasynyn neşiri, satuwda №R.03.II.A.1 we düzedişler), bap I, rezolýusiýa 1, goşundy.

[3] A.58/422 we Goşundy 1.

baglanyşykly meselelere seretmekligi haýyş edýär, bu meselede ýeñillik hukugy we immunitet, şeýle-de bu babatda talabalaýyk karar kabul edilmegi boýunça maslahatlary çykarmaklygyñ üşti bilen halkara guramalaryñ ýurisdiksiýasy we ähmiýeti soraglaryny göz öñunde tutmalydyr;

7. korrupsiýa we korrupsiýanyñ öñüni almakda we onuñ bilen göreşmekde Konwensiýanyñ ähmiýeti meselesine düşünmekligi çuñlaşdyrmak üçin 9-njy dekabry korrupsiýa bilen göreşmekligiñ Halkara Güni diýip bellemekligi karar edýär;

8. Baş Sekretardan Birleşen Milletler Guramasynyñ narkotik serişdeleri we jenaýat Dolandyryş edarasyna Konwensiýanyñ Gatnaşyjy-döwletleriniñ Konferensiýasynyñ sekretariatynyñ borçlaryny ýerine ýetirmeklige we onuñ tabşyryklaryny ýerine ýetirmeklige tabşyryk bermegini haýyş etmek;

9. şeýle-de Baş Sekretardan Birleşen Milletler Guramasynyñ narkotik serişdeleri we jenaýat Dolandyryş edarasyny Birleşen Milletler Guramasynyñ korrupsiýa garşy Konwensiýanyñ mümkin boldugyça basym güýje girmegine netijeli ýardam bermegi hem-de Konwensiýanyñ Gatnaşyjy-döwletleriniñ Konferensiýasynyñ sekretariatynyñ borçlaryny ýerine ýetirmekligi we ýokarda, 5-nji punkta laýyklykda Ýörite Komitetiñ işini goldamak üçin gerek bolan serişdeler bilen üpjün etmekligini haýyş edýär;

10. soñra  Baş Sekretardan BMG-niñ Baş Assambleýasynyñ elli dokuzynjy mejlisine hödürlemek üçin 57/169-njy rezolýusiýa laýyklykda Meridada, Meksikada Konwensiýa gol çekmek üçin geçiriljek yokary derejeli Syýasy konferensiýasynyñ işi baradaky uly göwrümli hasabatyny taýyarlamaklygy haýyş edýär.

## GOŞMAÇA

### Birleşen Milletler Guramasynyñ Korrupsiýa garşy Konwensiýasy

### Giriş

Şu Konwensiýanyñ Gatnaşyjy-döwletleri,

demokratik institutlary we gymmatlyklary, etiki gymmatlyklary we adalatlylygy pese gaçyrýan we durnukly ösüşe hem-de düzgün-tertibe zyýan ýetirýän korrupsiýanyñ döredýän meseleleri we jemgyýetiñ durnuklylygyna we howpsuzlygyna howp babatynda uly alada edýän,

şeýle-de, korrupsiýa we jenaýatyñ beýleki görnüşleriniñ, hususan-da guramaçylykly jenaýat we pul serişdelerini ýuwmaklygy hem öz içine almak bilen ykdysady jenaýatlaryñ arasyndaky baglanyşyk babatynda hem uly alada edýän,

döwletiñ esasy serişdelerini düzüp bilýän we bu döwletleriñ syýasy durnuklylyga we durnukly ösüşine zeper ýetirýän uly göwrümli pul serişdeler bilen bagly korrupşiýa ýagdaýlar babatynda hem alada edýän,

korrupsiýanyñ eýýäm ýerli mesele däl-de, eýsem korrupsiýanyñ öñüni almak we onuñ bilen göreş alyp barmak ugrunda halkara hyzmatdaşlygyñ möhüm ähmiýetini şertlendirýän ähli ýurtlaryñ jemgyýetine we ykdysadyýetine täsir edýän transmilli hadysa öwrülendigine doly ynanýan,

şeýle-de, korrupsiýanyñ öñüni almak we onuñ bilen netijeli göreş alyp barmak üçin hemme zady öz içine alýan we köptaraplaýyn çemeleşmäniñ zerurdygyna ynanýar,

korrupsiýanyñ öñüni almak we onuñ bilen netijeli göreş alyp barmak babatynda potensialy güýçlendirmekligi hem-de institutlary döretmekligi hem öz içine almak bilen tehniki kömegiñ üsti bilen döwletleriñ mümkinçiliklerini artdyrmakda uly ähmiýetiniñ bolup biljekdigine ynanýar;

hususy emlägiñ bikanun edinilmegi demokratik institutlara, milli ykdysadyýete we düzgün-nyzama uly zyýan ýetirip biljekdigine ynanýar,

bikanun gazanylan pul serişdelerini has netijeli öñüni almaga, aýan etmäge we halkara geçirmeklige böwet bolmaga we pul serişdelerini gaýtaryp bermeklik babatynda çäreleri görmekde halkara hyzmatdaşlygy güýçledirmäge hyjuwdan doly,

emläk hukugyny kesgitlemek üçin jenaýat, raýat ýa-da administratiw işiniñ gidişinde talabalaýyk kanun ulanmaklyklygyñ esasy ýörelgelerini ykrar etmek bilen,

korrupsiýanyñ öñüni almak we ony düýbünden ýok etmek – bu ähli döwletler üçin borçdugyny we bu ugurda öz tagallalarynyñ netijeliligini üpjün etmek üçin, olaryñ aýry-aýry adamlaryñ we jemgyýetçilik sektoryndan daşary, raýat jemgyýeti, hökümet däl guramalar we umumy obşinanyñ esasynda hereket edýän guramalar ýaly toparlaryñ goldamagynda we kömek bermeginde hyzmatdaşlyk etmelidigini göz öñüne tutmak bilen,

şeýle-de, jemgyýetçilik işlerinini we jemgyýetçilik emlägini talabalaýyk dolandyrmaklyk ýörelgelerini, adalatlylygy, jogapkärçiligi we kanun öñünde

deñhukuklylygy we dogruçyllygy we para almazlygyny üpjün etmek zerurlygyny, hem-de korrupsiýany ret edýän medeniýetiñ emele getirmeklige hemaýat bermekligi göz öñünde tutup,

korrupsiýanyñ öñüni almak we onuñ bilen göreş alyp barmak ugrunda Jenaýatyñ öñüni almak we jenaýat adalatlylygy boýunça Komissiýanyñ we Birleşen Milletler Guramasynyñ narkotik serişdeleri we jenaýat boýunça Dolandyryş edarasynyñ işine ýokary baha berip,

Afrikan bileleşiginiñ, Ýewropa bileleşiginiñ, Arap döwletleriniñ ligasynyñ Amerikan döwletleriniñ guramasynyñ, Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasynyñ, Yewropa geñeşiniñ we Gümrükhana hyzmatdaşlygy boýunça geñeşiniñ (şeýle-de, Bütindünýä gümruk guramasy hökmünde belli) işlerini hem öz içine almak bilen, bu ugurdan beýleki halkara we sebitara guramalar tarapyndan alnyp barylýan işe salgylanyp,

hususan-da, Amerikan döwletleriniñ guramasy tarapyndan 1996-njy ýylyñ 29-njy martynda[1] kabul edilen Korrupsiýa bilen göreş alyp barmaklygyñ Amerikanara konwensiýasyny, 1997-nji ýylyñ 26-njy maýynda[2] Ýewropa bileleşiginiñ geñeşi tarapyndan kabul edilen Ýewropa bileleşikleriniñ ýokary wezipeli işgärlerine ýa-da Ýewropa bileleşiginiñ agza-ýurtlarynyñ ýokary wezipeli işgärlerine degişli korrupsiýa bilen göreş alyp barmaklygyñ konwensiýasyny, 1997-nji ýylyñ 21-nji noýabrynda[3] Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy tarapyndan kabul edilen Halkara kommersiýa geleşiklerinde daşary ýurt ýokary wezipeli işgärleriniñ satyn almalary bilen göreş alyp barmaklygyñ konwensiýasyny, Ýewropa Geñeşiniñ Ministrler Kabineti tarapyndan 1999-njy ýylyñ 27-nji ýanwarynda[4] kabul edilen Korrupsiýa üçin jenaýat jogapkärçiligi baradaky konwensiýany, Ýewropa Geñeşiniñ Ministrler Kabineti tarapyndan 1999-njy ýylyñ 4-nji noýabrynda[5] kabul edilen Korrupsiýa
üçin raýat-hukuk jogapkärçiligi baradaky konwensiýany we Afrikan bileleşiginiñ döwlet we hökümet ýolbaşçylary tarapyndan 2003-nji ýylyñ 12-nji iýulynda kabul edilen Korrupsiýanyñ öñüni almak we onuñ bilen göreş alyp barmak barada Afrikan bileleşiginiñ konwensiýany öz içine alýan köptaraply resminamalara uly baha bermeklik bilen göz öñüne tutup,

2003-nji ýylyñ 29-njy sentýabrynda Birleşen Milletler Guramasynyñ transmilli gurnalan jenaýata garşy Konwensiýasynyñ[6] güýje girendigini gutlap, şu aşakdakylar babatynda ylalaşdyk:

## Bap I

## Umumy düzgünler

### Madda 1. Maksatlar

Konwensiýanyñ maksatlary şu aşakdakylardyr:
a) korrupsiýanyñ öñüni almaklyga we onuñ bilen göreş alyp barmaklyga gönükdirilen has netijeli we täsirli çäreleriñ kabul edilmegine we güýçlendirilmegine goldaw bermek;

---
1 Seret resminama E/1996/99.
2 Ýewropa bileleşikleriniñ resmi žurnaly, C 195, 25 iýun 1997.
3 Seret. Corruption and Intergrity Improvement Initiatives in Developing Countries (Birleşen Milletler Guramasynyñ neşiri, satmak üçin №E.98.III.B.18).
4 Ýewropa Geñeşi, European Treaty Series, №. 173.
5 Şol neşir, №. 174

b) korrupsiýanyñ öñüni almakda we onuñ bilen göreş alyp barmakda, şeýle-de pul serişdeleri gaýdyp almakda halkara hyzmatdaşlygy we tehniki kömegi höweslendirmek, ýeñilleşdirmek we goldamak;

ç) dogruçyllygy, para almazlygy we jogapkärçiligi höweslendirmek, şeýle-de jemgyýetçilik işleri we jemgyýetçilik emlägini talabalaýyk dolandyrmak.

**Madda 2. Adalgalar**

Şu konwensiýanyñ maksatlary üçin:
a) "jemgyýetçilik ýokary wezipeli işgär" adalgasy añladýar: i) Gatnaşyjy-döwletde hemişe ýa-da wagtlaýyn esasda, aýlykly ýa-da aýlyksyz, wezipeli işgäriñ derejesine garamazdan kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji, administratiw ýa-da sud edarada işe bellenilýän ýa-da saýlanylýan islendik adam; ii) haýsy hem bolsa bir jemgyýetçilik borjy, şol sanda Gatnaşyjy-döwletiñ içki kanunçylygynda kesgitlenilişi ýaly we şol Gatnaşyjy-döwletiñ hukuk düzgünleşdirmek ugrunda ulanylýan jemgyýetçilik wedomstwosy ýa-da jemgyýetçilik edarasy üçin, ýa-da haýsy hem bolsa jemgyýetçilik hyzmaty ýerine ýetirýän islendik başga adam; iii) Gatnaşyjy-döwletiñ içki kanunçylygynda "jemgyýetçilik ýokary wezipeli işgär" diýip kesgitlenilen islendik başga adam. Şeýle-de bolsa, şu Konwensiýanyñ II Babynda göz öñünde tutulan käbir anyk çareleri kabul etmek maksady bilen Gatnaşyjy-döwletiñ içki kanunçylygynda kesgitlenilişi ýaly we şol Gatnaşyjy-döwletiñ hukuk düzgünleşdirmek ugrunda ulanylýan haýsy hem bolsa bir jemgyýetçilik borjy ýa-da haýsy hem bolsa jemgyýetçilik hyzmaty ýerine ýetirýän islendik başga adam;
b) "daşary yurt jemgyýetçilik ýokary wezipeli işgär" adalgasy daşary ýurduñ kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji, administartiw ýa-da sud edarada işe bellenilýän ýa-da saýlanylýan islendik adam, ýa-da daşary yurt ýa-da jemgyýetçilik wedomstwosy ýa-da jemgyýetçilik edarasy üçin haýsy hem bolsa bir jemgyýetçilik borjy ýerine ýetirýän islendik başga adam diýmekligi añladýar;

ç) "halkara jemgyýetçilik guramasynyñ ýokary wezipeli işgär" adalgasy şeýle gurama tarapyndan öz adyndan hereket etmäge ygtýar berlen halkara raýat işgärini ýa-da islendik adam;

d) "emläk" islendik serişdeleri, ýagny maddy we maddy däl, gozgap bolýan we gozgalmaýan, zatlarda ýa-da hukukda añladylan, şeýle-de serişdelere eýeçilik hukugynyñ bardygyny tassyklaýan juridik resminamalar we aktlar ýa-da olara bolan gyzyklanma;

e) "jenaýatdan düşen girdeji" haýsy hem bolsa bir jenaýat işiniñ edilmegi netijesinde göni ýa-da göni däl alnan ýa-da gelen islendik emläk;

ä) "işleri wagtlaýyn saklamak (doñdurmak)" ýa-da "tussag" wagtlaýynça emlägiñ başga birine berilmegini, üýtgedilmegini, döwlet haýryna geçirilmegini, başga ýere geçirilmegini gadagan etmekligi, ýa-da şeýle emläge wagtlaýyn eýelik etmekligi, ýa-da suduñ ýa-da başga bir ygtyýarly edaranyñ karary esasynda emläge wagtlaýynça gözegçilik etmekligi añladýar;

f) "konfiskasiýa" suduñ ýa-da başga ygtyýarly edaranyñ karary esasynda emläkden düýbünden mahrum etmekligi añladýar;

---
[1]Seret Baş Assambleýanyñ 55/25 resolýusiýasy, goşundy I.

g) “esasy kanuny bozma” şu Konwensiýanyñ 23-nji maddasynda görkezilen jenayaty düzýän hereketleri emele getirýän işler netijeside girdeji alnan islendik kanun bozmany añladýar;

h) “gožegçilik edilýän üpjünçilik” haýsy hem bolsa bir jenaýaty derñemek we bu jenaýaty etmeklige gatnaşan adamlary aýan etmek maksady bilen ygtyýarly edaralaryñ rugsady we gözeçiligi astynda bikanun ýa-da şübhe döredýän ýükleriñ toplumyny bir ýa-da birnäce döwletiñ çaginden çykarmaklygy, geçirmekligi ýa-da eltilmegini rugsat berýän usulyny añladýar.

**Madda 3. Ulanyş sferasy**

1. Şu Konwensiýa öz düzgünlerine laýyklykda ulanylýar, korrupsiýanyñ öñüni almak, derñemek we jenaýat yzarlamalarynda we şu Konwensiýa laýyklykda jenaýat işi diýlip ykrar edilen hereketlerden alnan girdejileri wagtlaýynça saklamak (doñdurmak), tussag etmek, konfiskasiýa etmek we yzyna gaýtaryp bermek ýagdaýlarynda ulanylýar.

2. Şu Konwensiýany amala aşyrmak maksatlary üçin, eger-de onda başga çäreler göz öñünde tutulmadyk bolsa, onda göz öñünde tutulan jenaýatlaryñ netijesinde döwlet emlägine zyýan ýa-da zelel ýetmedik ýagdaýlarynda ulanyp bolar.

**Madda 4. Özbaşdaklygy goramak**

1. Gatnaşyjy-döwlet başga döwletleriñ özbaşdak deñhukuklylygy we territorial bütewiligi we başga döwletleriñ içki işlerine goşulmazlyk ýörelgelerine eýerip, şu Konwensiýa laýyklykda öz borçlaryny ýerine ýetirýär.

2. Şu Konwensiýa başga döwletiñ öz içki kanunçylygyna laýyklykda dine şol döwletiñ edaralarynyñ ygtyýaryna degişli ýurisdiksiýalary we borçlary şol döwletiñ territoriýasynda ýerine yetirmäge başga Gatnaşyjy-döwlete hiç-hili borç ýüklemeýär.

## Bap II
## Korrupsiýanyñ öñüni almak boýunça çareler

**Madda 5. Korrupsiýanyň öňüni alyş we garşy durmaklygyň syýasaty we tejribesi**

1. Her Gatnaşyjy-döwlet öz kanuny ulgamynyň esasy ýörelgeleri bilen baglanyşykly jemgyýetiñ gatnaşmaklygyna hemaýat berýän we hukuk düzgüniniñ ýörelgelerini açyp görkezýän, jemgyýetçilik işleri we jemgyýetçilik emläginiñ talabalaýyk dolandyrylyşyna, halallyga we para almazlyga, açyklylyga we jogapkärçilige hemaýat berýän, korrupsiýa garşy göreş alyp barýan koordilirlenen syýasaty işläp taýýarlaýar we netijeli amala aşyrýar.
2. Her Gatnaşyjy-döwlet korrupsiýanyň öňüni almaklyga niýetlenen tejribeleriñ netijeli görnüşleriniñ ýola goýulmagyny we bu işi alyp barmaklygy höweslendirmegi niýet edinýär.
3. Her Gatnaşyjy-döwlet korrupsiýanyň öňüni almaklyk we onuň bilen göreş alyp barmaklyk babatynda hukuk resminamalaryna we administratiw çärelere olaryň talabalaýyklygy nukdaýnazaryndan yzygiderli baha bermeklige çemeleşýär.
4. Gatnaşyjy-döwletler şu maddada görkezilen çäreleri işläp taýýarlamaga we amala aşyrmaga hemaýat bermekde zerur ýagdaýlarda we öz hukuk ulgamlarynyň esasy ýörelgelerine laýyklykda biri-birleri bilen we bu ugurda iş alyp barýan halkara we sebitliýin edaralary bilen bilelikde iş alyp barýarlar. Bu aragatnaşyk korrupsiýanyň öňüni

almaklyga gönükdirilen halkara maksatnamalaryna we taslamalara gatnaşmaklygy hem öz içine alyp biler.

**Madda 6. Korrupsiýnyň öňüni almak we oňa garşy göreş alyp barmak boýunça edara we edaralar**

1. Her Gatnaşyjy-döwlet şu aşakdaky çäreleriň kömegi bilen korrusiýanyň öňüni almak ugrunda işleýän edaranyñ, zerur ýagdaýlarda, edaralaryñ bolmagyny öz hukuk ulgamynyň esasy ýörelgelerine laýyklykda üpjün edýär, ýagny:
a) Konwensiýanyň 5-nji maddasynda agzalyp geçilen syýasaty ýöretmek, gerekli ýagdaýlarda, şeýle syýasatyň amala aşyrylyşyna gözegçilik etmek we utgaşdyrmak;
b) Korrupsiýanyň öňüni almak meseleleri boýunça bilimleri giňeltmek we ýaýratmak;

2. Her Gatnaşyjy-döwlet şu maddanyň 1-nji punktunda agzalyp geçilen edaralary zerur bolan özbaşdyklyk bilen üpjün edýär, onuň üçin islendik gerekmejek täsiriň bolmazlygy üçin ýagdaý bolmaly hem-de edaranyñ ýa-da edaralaryñ öz borçlaryny netijeli ýerine ýetirmekligi üçin milli hukuk ulgamynyň esasy ýörelgelerine laýyk gelmeli. Üstüne ýüklenilen borçlary ýerine ýetirmekleri üçin edara ýa-da edaralar zerur bolan maddy serişdeler we ýöriteleşdirilen hünärmenler bilen üpjün edilmelidir.

3. Her Gatnaşyjy-döwlet beýleki Gatnaşyjy-döwletlere Korrupsiýanyň öňüni almak boýunça çäreleri işläp taýýarlamakda we olary amala aşyrmakda hemaýat berip biljek edaranyñ ýa-da edaralaryñ adyny we salgysyny Birleşen Milletler Guramasynyñ Baş Sekretaryna habar berýär.

**Madda 7. Jemgyýetçilik Sektory.**

1. Her Gatnaşyjy-döwlet zerur ýagdaýlarynda we öz hukuk ulgamynyñ esasy ýörelgelerine laýyklykda öz raýat gullukçylaryny, zerur ýagdaýlarda bolsa saýlanylmaýan jemgyýetçilik ýolbaşçylyklaryny işe almaklyk ulgamynyň, işe saýlap alynmaklygyna, işlemekligine, işinde ýokary wezipelere çekilmekligine, işden hormatly rusgada çykmagyna ýardam berýän ulgamy döredýär, ýardam berýär we berkidýär, olar:

a) netijelilik we açyklyk ýörelgelerine, şeýle-de işiň birkemsizligi, adalatlylyk we ukyplary ýaly obýektiw ölçeglere esaslanýar;

b) korrupsiýa we aýlanyşyk nukdaýnazardan has gowşak hasap edilýän jemgyýetçilik wezipeleri eýelemek üçin hünärmenleri saýlap almaklygy we olary taýýarlamaklygy öz içine alýar, gerek ýagdaýlarda, olar şeýle wezipelerde işleýän hünärmenlere degişli bolup biler;

ç) Gatnaşyjy-döwletiñ ykdysady osüş derejesini göz öňünde tutmak bilen laýyk pul sylagyny tölemäge we adalatly iş haklaryny bellemäge ýardam berýär;

d) şeýle işgärleriň öz borçlaryny dogry, akýürekli we talabalaýyk ýerine ýetirmekligi, şeýle hem öz borçlaryny ýerine ýetirmeklik we korrupsiýa bilen baglanşykly howplary düşünmekligi pugtalandyrmaga ýardam berýän bilim we okuw maksatlaryny ýerine ýetirmeklige hemaýat edýärler.

2. Her Gatnaşyjy-döwlet häzirki Konwensiýanyň maksatlaryna we jemgyýetçilik wezipelere dalaşgärlik edýänlere we saýlawlara degişli ölçegleri kesgitlemek üçin öz içki kanunçylygyny we administratiw çäreleri kabul edip boljak mümkinçiligine seredýär.

3. Her Gatnaşyjy-döwlet häzirki Konwensiýanyň we jemgyýetçilik wezipelere saýlanylýan dalaşgärleriň maliýeleşdirlimeginiň we ulanyp boljak ýagdaýlarda, syýasy partiýalary maliýeleşdirmekligiň açyklygyny ýokarlandyrmak üçin öz içki kanunçylygynyň esasy ýörelgelerine laýyklykda gerek bolan kanunçylyk we administratiw çäreleri kabul etmekligiň mümkinçiliklerine seredýär.

4. Her Gatnaşyjy-döwlet gyzyklanmalaryň gapma-garşylygyñ çykmagynyň öňüni alýan we açyklyga ýardam edýän ulgamlary öz içki kanunçylygyň esasy ýörelgelerine laýyklykda döretmäge, goldamaga we pugtalandyrmaga çemeleşýär.

**Madda 8. Jemgyýetçilik wezipe ýolbaşçylaryň özüni alyp barmaklygyň kodeksi.**

1. Korrupsiýa garşy göreş alyp barmak maksady bilen her Gatnaşyjy-döwlet öz hukuk ulgamynyň esasy ýörelgelerine laýyklykda jemgyýetçilik wezipe ýolbaşçylarynyň para almazlygyny, halallygyny we jogapkärçiligini höweslendirýär.

2. Hususan-da, her Gatnaşyjy-döwlet öz institusion we hukuk ulgalmlarynyň çäklerinde jemgyýetçilik borçlary dogry, akýürekli we talabalaýyk ýerine ýetirmek üçin kodeksleri ýa-da özüñi alyp barmaklygyň ülňelerini ulanmaga höwes bildirýär.

3. Şu maddanyň kadalaryny amala aşyrmak maksady bilen her Gatnaşyjy-döwlet 1996-njy ýylyň 12-nji dekabrynda Baş Assambleýanyň 51/59 Rezolýsiýasynyñ goşundysynda beýan edilýän döwlet wezipeli ýolbaçylarynyň özüñi alyp barmaklygyň Halkara Kodeksi ýaly regional (sebitleýin), sebitara we köp taraply edaralaryň başlangyçlaryna laýyklykda we öz hukuk ulgamynyň esasy ýörelgelerine laýyklykda we zerur ýagdaýda üns berýär.

4. Her Gatnaşyjy-döwlet öz wezipe borçlaryny ýerine ýetirip ýören wagty özüne mälim bolan korrupsion hereketleri gerek organlara habar bermäge ýardam berýän çäreleriň we ulgamyň döredilmek mümkinçiligini öz içki kanunçylygynyň esasy ýörelgelerine laýyklykda seredýär.

5. Her Gatnaşyjy-döwlet jemgyýetçilik wezipe ýolbaşçylary hökmünde öz borçlaryny ýerine ýetirenlerinde gyzyklanma gapma-garşylygynyñ ýüze çykyp biljek beýlekiler bilen bir hatarda işiň daşyndan edilýän işler, okuwlar, inwestisiýalary (maýagoýumlar), hususy serişdeler we uly sowgatlar ýa-da bähbitler baradaky deklarasiýalary gerekli organlara bermeklige jogapkär wezipe ýolbaşçylaryna borçly edýän çäreleri we ulgamlary öz içki kanunçylygyň esasy ýörelgelerine laýyklykda döretmäge çalyşýar.

6. Her Gatnaşyjy-döwlet öz içki kanunçylygynyň esasy ýörelgelerine laýyklykda häzirki maddanyň esasynda kesgitlenen kodeksleri ýa-da ülňeleri (standartlary) bozýan jemgyýetçilik wezipe ýolbaşçylar babatynda düzgün-tertip üçin berilýän käýinç we beýleki çäreleri kabul etmek mümkinçiligine seredýär.

**Madda 9. Jemgyýetçilik satyn almalar we jemgyýetçik maliýe serişdelerini dolandyrmak.**

1. Her Gatnaşyjy-döwlet beýlekiler bilen bir hatarda korrupsiýanyň öňüni almak nukdaýnazaryndan netijeli, açyklyga, bäsleşige ukyplylyga we karar kabul etmekligiň obýektiw ölçeglerine esaslanan satyn almalaryň zerur ulgamlaryny döretmek üçin gerek bolan öz kanuny ulgamyň esasy ýörelgelerine laýyklykda kabul edýär. Şeýle ulgamlar ulanylan ýagdaýlarynda nogsanlykly görkezijileri göz öňünde tutup biljek ýagdaýlary hem göz öñünde tutýar, olaryň arasynda şu aşakdakylar bar:

a) satuw geçirmekligiñ potensial gatnaşyjalaryna tender arzalaryny taýýarlamak we bermek üçin ýeterlik wagt bermek üçin baglanyşylan ylalaşyklar baradaky zerur bolan maglumatlar we satuwa gatnaşmak üçin çakylyklar baradaky maglumatlary öz içine alýan satylyş proseduralara we satyn almaklygyñ ylalaşyklaryna degişli maglumatlaryň jemgyýetçilik köpçüligine ýaýradylyşy;

b) öňünden saýlap almaklyk ölçeglerini we ylalaşyklara gol çekmeklik barada karalaryň kabul edilmekligini, şeýle-de satuw geçirmekligiň düzgünlerini we olara degişli neşirleri öz içine alýan gatnaşmaklygyň şertleriniň kesgitlenilmegi;

ç) düzgünleriň ýa-da proseduralaryň ulanylyşynyň dogrulygyny soňraky soraglanylmagyna ýardam bermek maksady bilen jemgyýetçilik satuw geçirmeklik baradaky kararyň kabul edilmegi babatynda öňünden kesgitlenilen we obýetiw ölçegleri ulanmaklyk;

d) häzirki madda laýyklykda kesgitlenilen düzgünleriň ýa-da proseduralaryň ýerine ýetirilmedik ýagdaýlarynda garşy çykmalaryň ýuridiki serişdelerini we hukuk goraýyş serişdelerini üpjün etmek üçin şikaýat etmekligiň netijeli ulgamyny öz içine alýan içki gözegçiligiň (barlagyň) netijeli ulgamy;

e) satuw geçirmeklik üçin jogapkär işgärleri degişli meselelerde, meselem, anyk satyn almaklyga gyzyklanmanyň deklarirlenmegi baradaky talap, barlag proseduralary we professional taýynlygy ýaly ýagdaýlaryň düzgünleşdirme çäreleri.

2. Her Gatnaşyjy-döwlet öz hukuk ulgamynyň esasy ýörelgesine laýyklykda jemgyýetçilik maliýe serişdelerini dolandyrmaklykda açyklyga we hasabatlylyga ýardam berýän zerur çäreleri kabul edýär. Şeýle çäreler şu aşakdakylary öz içine alýar:
a) milli býujetini tassyklamak prosedurasy;
b) girdejiler we çykdajylar barada hasabatlaryň öz wagtynda berilmegi;
ç) şol gözegçilik bilen baglanyşykly buhgalteriýa hasabatlarynyň we audit ülňeleriniň ulgamy;
d) howplar we içki barlaglary dolandyrmaklygyň netijeli we degerli ulgamlary;

e) şeýle ýagdaýlarda şu punktlarda kesgitlenilen talaplaryň ýerine ýetirilmedik halatyndaky korrektirleme.

3. Her Gatnaşyjy-döwlet jemgyýetçilik çykdajylaryna we girdejilerine we şeýle resminamalaryñ galplaşdyrylmagyń (falsifikasiýalaşdyrylmagyń) päsgelçiligine degişli buhgalter (hasabat) kitaplarynyň, ýazgylaryň, maliýe wedomostlarynyň ýa-da başga resminamalaryň saklanyşyny üpjün etmek üçin içki kanunçylygyň esasy ýörelgesine laýyklykda gerek bolup biljek raýat–hukuk we administratiw çärelerini kabul edýär.

**Madda 10. Jemgyýetçilik hasabatlylygy.**

Korrupsiýa bilen göreş alyp barmaklylygyň zerurlygyny göz öňünde tutmak bilen, her Gatnaşyjy-döwlet öz içki kanunçylygynyň esasy ýörelgelerine laýyklykda jemgyýetçilik dolandyrylyşynyň, onuň guralyşyny, işini we karar kabul etmek prosesslerini öz içine almak bilen açyklygyny güýçlendirmek üçin gerek boljak çäreleri kabul edýär. Şol çäreler şu aşakdakylary öz içine alýar:

a) ilata, zerur ýagdaýlarda edara, onuň işi, jemgyýetçilik dolandyryş edarasynyň karar kabul ediş prosessleri baradaky we hususy maglumatlary we şahsy durmuşy goramaklyk pikirlerini göz öňünde tutmak bilen, ilatyň gyzyklanmalaryna degişli çözgütler we hukuk

aktlary baradaky maglumatlary almaga mümkinçilik berýän proseduralary ýa-da düzgünleri kabul etmekligi;

b) gerek ýagdaýlarynda karar kabul edýän doly ygtyýarly edaralara jemgyýetçilik ygtyýaryny ýeňilleşdirmek üçin dolandyryş proseduralary ýönekeýleşdirilmegi; we

ç) jemgyýeçilik dolandyryş edaralaryndaky korrupsiýanyň howplary baradaky yzygiderli hasabatlary öz içine alyp bilýän maglumatyň çap edilmegi.

**Madda 11. Kazyýet we Prokuratura organlaryna degişli çäreler**

1. Kazyýet häkimiýetiniň garaşszylygyny we korrupsiýa garşy göreşde onuň aýgytly ähmiýetini göz öňünde tutmak bilen her Gatnaşyjy-döwet öz hukuk ulgamynyň esasy ýörelgelerine laýyklykda we kazyýet organlaryna garaşsyzlygyna zyýan ýetirmezden, olaryň arasynda korrupsiýa üçin islendik mümkiçilikleriň bolmazlygyny we kazyýet organlarynyň kazylarynyň we işgärleriniň dogruçyllygyny (halallygyny) we para almazgyny pugtalandyrmaklyk çärelerini kabul edýär. Şeýle çäreler kazylaryň we kazyýet organlarynyň işgärleriniň hereketlerine degişli düzgünleri öz içine alyp bilner.

2. Şu maddanyñ 1-nji punktuna laýyklykda kabul edilýän çarelere meñzeş çäreler kazyýet häkimiýetiniñ sanawyna girmeýän, emma kazyýet organlarynyñky ýaly garaşsyzlykdan peýdalanyp bilýän Gatnaşyjy-döwletleriñ prokuratura organlaryna girizilip we ulanylyp bilner.

**Madda 12. Hususy sektor.**

1. Her Gatnaşyjy-döwlet öz içki kanunçylygynyň esasy ýörelgelerine esaslanan hususy sektorda korrupsiýanyň öňüni almak boýunça, buhgalter hasabatyny we auditi güýçlendirmek babatynda we zerur ýagdaýlarda şeýle çäreleri ýerine ýetirilmeýänligi üçin netijeli, oýlanyşykly, bökdeýän täsir edýän raýat-hukuk, administratiw ýa-da jenaýat sanksiýalaryna laýyklykda çäre görýär.

2. Bu maksatlara ýetmek üçin gönikdirilen çäreler şu aşakdakylary öz içine alýar:

a) hukuk goraýjy organlar we hususy edaralaryň arasyndaky hyzmatdaşlyga ýardam bermeklik;

b) hususy edaralaryň işinde halallygy üpjün etmek üçin niýetlenilen ülňeleriň we proseduralaryň işlenilip taýýarlanmagyna hemaýat bermeklik; olar telekeçilik we ähli beýleki kärleriň wekilleri tarapyndan işlerini talabalaýyk, dogry we akýürekli ýerine ýetirmek we gyzyklanmalaryň gapma-garşylygynyň ýüze çykmalarynyň öňüni almak üçin, şeýle-de kommersiýa edaralarynyň arasyndaky gatnaşyklarynda we olaryň hem-de döwletiň arasyndaky ylalaşykly gatnaşyklarynyň akýürekli kommersiýa tejribesini ulanmaklaryny höweslendirmek üçin özüňi alyp barmaklygyň kodeksini öz içine alýar.

ç) korparatiw edaralary döretmekligi we olary dolandyrmaklyga degişli hukuk we fiziki şahslaryň identifikasiýa, ýagny deňeşdirmek boýunça çäreleri öz içine alýan hususy edaralaryň içindäki açyklyga ýardam bermeklik;

d) kommersiýa işini ýerine ýetirmek üçin jemgyýetçilik organlara berilýän subsidiýalara we lisenziýalara degişli proseduralary öz içine alýan hususy edaralaryň işini düzgünleşdirýän proseduralarynda hyýanatçylyk peýdalanmalaryň öňüni almaklyk;

e) jemgyýetçilik wezipe ýolbaşçylary işlän döwründe borçlaryny ýerine ýetiren döwründe ýa-da olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik eden döwründe borçlary bilen göni baglanşykda bolan işler hususy sektorda jemgyýetçilik wezipe ýolbaşçylarynyň işden çykandan soň ýa-da hormatly dynç alyşa olaryň professional işine degişli çäklendirmeleriň, kähalatlarda belli bir wagt üçin, girizilmeginiň üsti bilen gyzyklanmalaryň gapma-garşylygynyň ýüze çykmalarynyň öňüni almaklyk;

f) husysy edaralaryň öz strukturasyny we ölçeglerini nazarda tutmak bilen korrupsiýa hereketleri ýüze çykarmakda we öňüni almakda kömek bermek üçin içki audit barlaglarynyň ýeterlik mehanizmleriniň bolmagy üçin we şeýle hususy edaralaryň hasabatlary we talap edilýän maliýe wedomstwolary auditiň we sertifikasiýanyň zerur proseduralary ulanmaklyga degişli bolmaklygyny üpjün etmeklik;

3. Korrupsiýanyň öňüni almak maksady bilen her Gatnaşyjy-döwlet buhgalter hasabatynyň ýöredilişini, maliýe hasabatynyň berlişini, şeýle-de şu Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen şu aşakdaky hereketleri gadagan etmek üçin buhgalter hasabatynyň we auditiň ülgelerini düzgünleşdirýän öz içki kanunçylygyna we düzgünlerine laýyklykda gerek bolan çäreleri kabul edýär:

a) resmi däl hasabatlary döretmeklik;
b) hasaba alynmadyk ýa-da ýalňyş hasaba alnan operasiýalary ýerine ýetirmeklik;
ç) ýok çykdaýjylaryň hasabatyny ýoretmeklik;
d) obýekti nädogry identifikasiýalaşdyrylan borçlaryň görkezilişi;
e) ýasama resminamalaryň ulanylyşy, we
f) kanun tarapyndan bellenilen wagtyndan öň buhgalter resminamalarynyň bilkastlaýyn ýok edilmegi.

4. Her Gatnaşyjy-döwlet häzirki Konwensiýanyň 15-nji we 16-njy maddalaryna laýyklykda ykrar edilen jenaýatlaryň düzüm elementleriniň biri bolan para hökmünde çykdajylara we zerur ýagdaýlarda korrupsiýa hereketlerine ýardam bermek maksady bilen çykarylan çykdajylara degişli salgytlardan azat edilmeklige rugsat bermeýär.

**Madda 13. Jemgyýetiň gatnaşmagy**

1.Her Gatnaşyjy-döwlet öz güýjüne we içki kanunçylygyň esasy ýorelgelerine laýyklykda korrupsiýanyň öňüni almak we göreşmek üçin hem-de korrupsiýanyň hereket edýän faktyna, sebäplerine we howplydygyna, şeýle-de onuň tarapyndan döredilýän howplara düýpli düşünmek üçin raýat jemgyýeti, hökümet däl edaralar we obşina esasda hereket edýän edaralar ýaly jemgyýeçilik sektorynyň daşyndaky aýry-aýry adamlaryň we toparlaryň işeňňir gatnaşmaklygyna ýardam bermek üçin zerur çäreleriň kömegi bilen güýçlendirip bolar:

a) açyklygy güçlendirmeklik we karar kabul etmeklik prosesine ilaty çekmeklige ýardam bermeklik;
b) ilatyň maglumatlara bolan netijeli ygtyýaryny üpjün etmeklik;
ç) korrupsiýa babatynda ýol berilmezlik ýagdaýy döretmeklige ýardam berýän ilata maglumatlar elýeterli bolar ýaly, şeýle-de mekdepleriň we uniwersitetleriň okuw maksatnamalaryny öz içine alýan jemgyýetçilik bilim maksatnamalaryny durmuşa geçirmek üçin çäreleri geçirmeklik;
d) korrupsiýa baradaky maglumaty erkin gözlemeklige, almaklyga, çap etmeklige we ýaýratmaklyga bolan hormat, höweslendirmek we goramaklyk. Bu erkinligiň belli-belli

çäklendirmeleri, ýöne kanun tarapyndan göz öňünde tutulan we zerur çäklendirmeler kesgitlenip bilner:
i) beýleki adamlaryň hukugyny we abraýnyny hormatlamak üçin:
ii) milli howpsuzlygy, ýa-da jemgyýetçilik tertip-düzgüni goramak, ýa-da saglygy ýa-da ilatyň ahlaklygyny goramak üçin.

2. Her Gatnaşyjy-döwlet şu Konwensiýada aýdylýan korrupsiýa bilen göreş alyp barýan degişli organlary ilat biler ýaly we şu Konwensiýa tarapyndan ykrar edilen islendik jenaýat baradaky habary şeýle organlara bermek üçin, (golsuz (anonim) arzalary hem öz içine almak bilen) ygtyýary üpjün edýän çäreleri kabul edýär.

**Madda 14. Pul serişdeleriniň "ýuwlup alynmagynyň" öňüni alyş çäreleri**

1. Her Gatnaşyjy-döwlet:
a) öz ygtyýarynyň çäklerinde pul serişdeleriniň "ýuwlup alynmagynyň" ähli görnüşleriniň ýüze çykarylmagy we olara ýol berilmezlik maksady bilen banklar we bank däl maliýe edaralar, şeýle-de pul serişdelerini we gymmatbaha zatlary geçirmek bilen baglanyşykly resmi we resmi däl hyzmatlary ýerine ýetirýän fiziki we hukukly edaralar, şeýle-de zerur ýagdaýlarda, pul serişdelerini ýuwup almak babatynda şübhe döredýän (gowşak) beýleki edaralar babatynda giňgöwrümli içki reżimi düzgünleşdirmekligi we gözegçiligi ýola goýýar.Şeýle reżim ilki bilen müşderiniň şahsyýetini kesgitlemek babatynda talap edilmekligine esaslanýar we zerur ýagdaýlarda, hususyýetçi-benefisiara, hasabatyň ýoredilişi we sübheli ylalaşyklar barada maglumatlaryň berilmegine esaslanýar;

b) häzirki konwensiýanyň 46-njy maddasyna zyýan ýetirmezden pul serişdelerini ýuwup almaklyk bilen göreş alyp barýan dolandyryş, düzgünleşdiriji, hukuk goraýjy we beýleki organlar (içki kanunçylyga laýyk gelýän ýagdaýlarda kazyýet organlaryny hem öz içine alýar), öz içki kanunçylygy tarapyndan kesgitlenen milli we halkara derejede hyzmatdaşlygy we maglumatlaryň alyş-çalşygyny amala aşyryp bilmekligini üpjün edýär we şu maksatlar bilen pul serişdeleriniň ýuwlup alynmaklygynyň mümkin bolan ýagdaýlaryna degişli maglumatlary toplamak, seljermek we ýaýratmak üçin milli merkez hökmünde hereket etjek bölümi döretmek baradaky meselä seredýär.

2. Gatnaşyjy-döwletler öz serhetlerinden geçýän nagt pul serişdeleriniň we dolanşykdaky gurallarynyň hereketini (ýerini üýtgetmelerini) ýüze çykarmak we kanuny kapitalyň geçirilişine päsgelçilik döretmezden maglumatlary ýerlikli peýdalanmaga üpjün etmeklige gönükdirilen kepillikleriniň ýerine ýetirmeklik şerti bilen şeýle geçirilişe gözegçilik etmek boýunça tejribede mümkin bolan çäreleri ulanmaklyk meselesine seredýär. Şeýle çäreler fiziki organlaryň we kommersiýa edaralaryň nagt pullarynyň uly möçberini serhetara geçirilişi we dolanşykdaky gurallaryň geçirilişi barada habar bermeklerini talap edilmegini öz içine alyp bilýär.

3. Gatnaşyjy-döwletler pul serişdelerini geçirmeklik bilen baglanyşykly iş alyp barýan edaralary hem goşmak bilen maliýe edaralaryna bildirilýän talaplary kesgitlemek üçin zerur we tejribede mümkin boljak çäreleri ulanmak baradaky meselä seredýär:
a) pul serişdeleriniň elektron geçirilişi we olar bilen baglanyşykly pul serişdeleri iberýän adam barada dogry we doly maglumatlary formulýara girizmek;
b) tölegleriň ýerine ýetirilişiniň ähli bölümlerinde (zynjyrynda) şeýle maglumatlary saklamak: we
ç) pul serişdelerini iberýän adam barada doly maglumat bolmasa, onda pul serişdelerini geçirmekligi düýpli barlamaly.

4. Şu maddanyň düzgünlerine laýyklykda içki reżimiň düzgünleşdirilmekligi we gözegçiligi kesgitlenende we şu Konwensiýanyň islendik beýleki maddalaryna zyýan bermezden Gatnaşyjy-döwletlere pul serişdeleriniň ýuwlup alynmagyna garşy gönükdirilen sebit, sebitara we köpugurly edaralarynyň degişli başlangyçlaryndan ugur almakly teklip edýär.

5. Gatnaşyjy-döwletler kazyýet we hukukgoraýjy organlar, şeýle-de pul serişdeleriniń ýuwlup alynmagyna garşy göreş alyp barmak maksady bilen maliýe düzgünleşdiriş organlary bilen global, sebitleýin, subsebitleýin we ikitaraply gatnaşyklary ösdürmäge we höweslendirmäge çalyşýar.

## Bap III.
## Kriminallaşmaklyk we hukuk goraýyş işleri

### Madda 15. Milli jemgyýetçilik wezipe ýolbaşçylaryny satyn almaklyk

Her Gatnaşyjy-döwlet bilkastlaýyn ýerine ýetirilýän temmi berilýän jenaýatçylykly hereket hökmünde ykrar etmek üçin gerek boljak kanunçylyk we beýleki çäreleri kabul edýär, ýagny:

a) öz wezipe borçlaryny ýerine ýetiren wagty haýsy hem bolsa hereketi etmek ýa-da etmezlik üçin wezipeli işgäriň edil özi üçin ýa-da başga bir fiziki ýa-da ýuridiki şahs üçin haýsy hem bolsa kanuny däl artykmaçlygy gös-göni şol wezipeli işgäre ýa-da araçynyň üsti bilen söz bermeklik, hödürlemek ýa-da bermeklik;

b) öz wezipe borçlaryny ýerine ýetiren wagty haýsy hem bolsa bir hereketi etmek ýa-da etmezlik üçin wezipeli işgäriň edil özi üçin ýa-da başga bir fiziki ýa-da ýuridiki şahs üçin haýsy hem bolsa kanuny däl artykmaçlygy gös-göni şol wezipeli işgäre ýa-da araçynyň üsti bilen mejbur edip almaklyk ýa-da almaklyk;

### Madda 16. Daşary yurt jemgyýetçilik wezipe işgärlerini we jemgyýetçilik edaralarynyň wezipeli işgärlerini satyn almaklyk

1. Her Gatnaşyjy-döwlet bilkastlaýyn ýerine ýetirilýän temmi berilýän jenaýatçylykly hereket hökmünde ykrar etmek üçin gerek boljak, halkara işleri alyp barmak bilen baglanyşykly kommersiýa ýa-da saklamak üçin daşary yurt jemgyýetçilik wezipeli işgärine ýa-da jemgyýetçilik halkara edarasynyň wezipeli işgärine, gös-göni özüne ýa-da araçynyň üsti bilen şol wezipeli işgäriň özi ýa-da başga bir fiziki ýa-da hukuk şahsyň öz gulluk borçlaryny ýerine ýetiren wagty haýsy hem bolsa bir hereketi etmekligi ýa-da etmezligi üçin söz bermekligi, hödürlemegi we bermekligi jenaýat tarapyndan temmi berilýän hereket hökmünde ykrar etmek üçin gerek boljak kanunçylyk we beýleki çäreleri kabul edýär.

2. Her Gatnaşyjy-döwlet bilkastlaýyn ýerine ýetirilýän hukuk taýdan temmi berilýän hereket; öz gulluk borjuny ýerine ýetiren wagty şol wezipeli işgäriň özi ýa-da başga bir fiziki ýa-da hukuk şahsyň hut özüne ýa-da araçynyň üsti bilen daşary ýurtly wezipe işgäri ýa-da jemgyýetçilik halkara edarasynyň wezipeli işgäri tarapyndan kanuny däl artykmaçlygy mejbur edip almaklyk ýa-da almaklyk hökmünde ykrar etmek üçin kanunçylyk we beýleki çäreleri kabul edip boljak mümkinçilige seredýär.

### Madda 17. Jemgyýetçilik wezipeli işgäri tarapyndan edilen ogurlyk, emlägi bikanun haýryna geçirmeklik ýa-da başga maksat bilen ulanmaklyk

Her Gatnaşyjy-döwlet jemgyýetçilik wezipeli işgäriň gulluk wezipesiniň ygtyýarynda bolan emlägi, jemgyýetçilik ýa-da hususy pul serişdeleri, ýa-da gymmatbaha resminamalar ýa-da başga bir gymmatbaha zatlary özüniñ ýa-da başga bir fiziki ýa-da hukuk şahsynyň haýry üçin jemgyýetçilik wezipeli işgär tarapyndan ogurlamak, kanuny däl öz haýryna geçirmeklik ýa-da başga maksat bilen ulanmaklyk ýaly bilkastlaýyn ýerine ýetirilýän kanun tarapdan temmi berilýän hereket hökmünde ykrar etmek üçin gerek boljak kanunçylyk we beýleki çäreleri kabul edýär.

**Madda 18. Betnebis maksatlar bilen täsirden hyýanatçylykly peýdalanmak**

Her Gatnaşyjy-döwlet şu aşakdaky bilkastlaýyn ýerine ýetirilýän hereketleri kanun taýdan temmi berilýän hökmünde ykrar etmek üçin gerek boljak kanunçylyk we beýleki çäreleri kabul edýär:

a) kanuny däl hereketleriň başyny başlan ýa-da islendik başga bir şahs üçin dolandyryş edarasyndan ýa-da Gatnaşyjy-döwletiñ jemgyýetçilik edarasyndan kanuny däl artykmaçlygy almak maksady bilen wezipeli işgärden ýa-da başga şahsdan özüniň hakyky ýa-da güman edilýän täsirinden hyýanatçylykly peýdalanmaklyk üçin şol wezipeli işgäriň özüne ýa-da islendik başga adama gös-göni ýa-da araçynyň üsti bilen haýsy hem bolsa kanuny däl artykmaçlygy söz bermek, hödürlemek we bermek;

b) dolandyryş edarasyndan ýa-da Gatnaşyjy-döwletiñ jemgyýetçilik organyndan kanuny däl artykmaçlygy almak maksady bilen wezipeli işgäriň öz hakyky ýa-da güman edilýän täsirinden hyýanatçylykly peýdalanmaklygy özi üçin ýa-da başga biri üçin kanuny däl artykmaçlygy wezipe işgäriň özi tarapyndan ýa-da başga biri üçin hut özi ýa-da araçynyň üsti bilen haýyş edip almak ýa-da almak.

**Madda 19. Gulluk ýagdaýdan hyýanatçylkly peýdalanmak**

Her Gatnaşyjy-döwlet gulluk wezipesinden ýa-da gulluk ýagdaýyndan hyýanatçylykly peýdalanmagyny, ýagny wezipeli işgäriň öz gulluk borçlaryny ýetiren wagty özi üçin ýa-da başga bir fiziki ýa-da ýuridiki şahs üçin kanunçylygy bozmaklygyň üsti bilen bir hereketi etmeklik ýa-da etmezlik bilen temmi berilýän hereket hökmünde ykrar etmek üçin gerek boljak kanunçylyk we beýleki çäreleri kabul etmeklik mümkinçiligine seredip geçýär.

**Madda 20. Bikanun baýamaklyk**

Öz konstitusiýasyny we hukuk ulgamynyň esasy ýörelgelerini berjaý etmeklik şerti bilen her Gatnaşyjy-döwlet bikanun baýamaklygy, wezipe işgärini gelip çykyşyny düşündirip bilmeýän özüniň kanuny girdejilerinden has uly bolan pul serişdelerini kanun tarapdan temmi berip bolýan hereket diýip ykrar etmek üçin gerek bolmajak kanunçylyk we beýleki çäreleriñ kabul etmek mümkinçiligini seredip geçýär.

**Madda 21. Hususy sektorda satyn almaklyk**

Her Gatnaşyjy-döwlet ykdysady, maliýe we kommersiýa işleriň gidişinde bilkastlaýyn edilýän kanuny taýdan temmi berilýän hereketleri diýlip ykrar etmek üçin gerek boljak kanunçylyk we beýleki çäreleri kabul etmek mümkinçiligine garap geçýär, ýagny:

a) öz gulluk borçlaryny bozmak bilen bir işi etmek ýa-da etmezlik üçin hususy sektoryň edara ýolbaşçysy ýa-da şol edaranyň islendik wezipesinde işleýän işgäriň üsti bilen hut öži ýa-da başga biri üçin ýolbaşçynyň ýa-da işgäriň göş-göni özüne, ýa-da araçynyň üsti bilen söz bermek, hödürlemek we bermek;

b) öz gulluk borçlaryny ýerine ýetirmek ýa-da etmezlik üçin hususy sektoryň edara ýolbaşçysy ýa-da şol edaranyň islendik wezipesinde işleýäniň hut özüne ýä-da araçynyň üsti bilen kanuny däl artykmaçlygy mejbur edip almak ýa-da almak.

**Madda 22.Hususy sektorda emlägiň ogurlanmagy**

Her Gatnaşýjy-döwlet ykdysady, maliýe ýa-da kommersiýa işi ýerine ýetirýän hususy sektoryň edarasynyň işine ýolbaşçylyk edýän ýa-da başga islendik wezipede işleýän işgäriň öz gulluk wezipesine laýyklykda gözegçilik astynda bolan edaranyň emlägini, hususy pul serişdeleriniň ýa-da gymmatbaha resminamalarynyñ ýa-da başga bir gymmatbaha zatlaryň ogurlanmagy bilkastlaýyn ýerine ýetirilen kanuny temmi berilýän hereket diýip ykrar etmek üçin gerek boljak kanunçylyk we beýleki çäreleri kabul etmek mümkinçiligine seredip geçýär.

**Madda 23. Jenaýat işlerinden düşen girdejileriň ýuwlup alynmagy**

1. Her Gatnaşyjy-döwlet şu aşakdaky hereketler bilkastlaýyn ýerine ýetirilen wagty olary kanun tarapyndan temmi berip bolýandygyny ykrar etmek üçin gerek boljak kanunçylyk we beýleki çäreleri öz içki kanunçylygyñ esasy ýörelgelerine laýyklykda kabul edip bilmek mümkinçiligine seredýär:

a) i) jenaýat işiniň netijesinde gazanylan girdejini ýaşyrmak ýa-da gizlemek maksady ýa-da öz eden hereketi üçin jogapkärçilikden gaçmak üçin esasy kanun bozmagy amala aşyrmaklyga gatnaşan islendik adama kömek bermek maksady bilen jenaýatdan gelen girdejiniň konwersiýa ýa-da emlägiň geçirilmegi;
ii) jenaýatdan gelen girdejiniň belli bolan halatlarynda onuň esasy aýratynlygyny, gelip çykyşyny, ýerleşýän ýerini, ulanmaklygyň görnüşi, başga ýere geçirilişini, emläge bolan hukugy, ýa-da onuň kime degişliligini ýaşyrmak ýa-da gizlemek;

b) öz hukuk ulgamynyň esasy ýörelgeleriniň berjaý edilmek şerti bilen:
i) girdejiniň jenaýatyň netijesinde gelendigini bilen ýagdaýynda emlägi almaklyk, eýelik etmeklik we ulanmaklyk;
ii) şu madda laýyklykda ykrar edilen jenaýatyň islendik görnüşini ýerine ýetirmek maksady bilen oňa gatnaşmak, goşulmak ýa-da dil düwüşmek, ony ýerine ýetirmeklige hyýanat etmek, şeýle-de oňa ýardam bermek ýa-da ony etmekde maslahat bermek.

2. Häzirki maddanyň 1-nji punkty ulanmak ýa-da ýerine ýetirmek maksady bilen:

a) her Gatnaşyjy-döwlet esasy düzgün bozmalaryň giň göwrüminde häzirki maddanyň 1-nji punktyny ulanmaga çalyşýar;

b) her Gatnaşyjy-döwlet häzirki konwensiýa laýyklykda şeýle jenaýatlaryň iň bolmanda giň göwrümini, esasy düzgün bozmalaryň hataryna goşýar;

ç) (b) podpunktyň maksatlary üçin, esasy düzgünbozmalar döwlet agzasynyň ýuristiksiýasynyň çäklerinde we onuň daşynda edilen jenaýatlary öz içine alýar. Emma, islendik Gatnaşyjy-döwlet döwletiň ýurisdiksaiýasynyň daşyndan edilen jenaýatlar esasy düzgünbozma hökmünde diňe şol jenaýat hereketi döwletiň içki kanunçylygyna laýyklykda temmi berilýän ýagdaýynda, şol edilen jenaýat häzirki madda laýyklykda garalyp bilner;

d) her Gatnaşyjy-döwlet häzirki maddanyň düzgünlerini ýerine ýetirmekligi üpjün edýän, öz kanunlarynyň tekstlerini (beýanlaryny), şeýle-de şol kanunlarynyň soňky girizilen üýtgeşmeleriniň tekstini Birleşen Milletler Guramasynyñ Baş Sekretaryna hödürleýär;

e) eger-de Gatnaşyjy-döwletiñ içki kanunçylygynyň esasy ýörelgeleri talap edýän bolsa, onda şu maddanyň 1-ji punktunda görkezilen jenaýatlar boýunça esasy düzgünbozmalary ýerine ýetiren adamlara degişli däl diýip göz öňünde tutup bolar.

**Madda 24. Ýaşyrmaklyk.**

Häzirki konwensiýanyň 23-nji maddasyna zyýan ýetirmezden, her Gatnaşyjy-döwlet Konwensiýa laýyklykda temmi berilýän jenaýat diýlip ykrar edilen islendik jenaýat hereketiň netijesinde emlägiň alnandygy şahsa mälim bolan ýagdaýlarynda şol jenaýata gatnaşmazdan, ony ýaşyran halatynda ýa-da emlägi başga birine bermän saklan ýagdaýynda häzirki Konwensiýa laýyklykda jenaýat diýlip ykrar edilen islendik jenaýatdan bilkastlaýyn edilýän hereket hökmünde ykrar etmek üçin gerek boljak kanunçylyk we beýleki çäreleri kabul etmek mümkinçiligine seredýär.

**Madda 25. Adalatlylygyň amala asyrylmagyna päsgelçilik bermek.**

Her Gatnaşyjy-döwlet şu aşakdaky hereketler bilkastlaýyn ýerine ýetirilende kanuny taýdan temmi berilýän hökmünde ykrar edilen jenaýatlaryň edilmegi bilen baglanyşykly fiziki güýji ulanmak, haýbat atmak, gorkuzmak ýa-da kanuny däl artylmaçkygy söz bermek, hödürlemek ýa-da bermek, ýagny jenaýatçylyk işine seredilen wagty ýalan görkezme bermeklige itermek ýa-da görkezme berilýäni itermek ýa-da görkezme berilýän wagty olara goşulmak;
b) häzirki Konwensiýä laýyklykda ykrar edilen jenaýatyň edilmegi bilen baglanyşykly derňewiň gidişinde kazyýet we hukuk goraýjy organlaryň wezipeli işgärine öz gulluk borjuny ýerine ýetirýän wagty fiziki güýji ulanmak, haýbat atmak we gokuzmak. Jemgyýetçilik wezipeli işgärleriň beýleki toparlaryň goragyny üpjün edýän kanunçylygyň bolmagyna Gatnaşyjy-döwletiñ hukugyna şu podpunkta laýyklykda zyýan yetirip bilmez.

**Madda 26. Ýuridiki şahslaryň jogapkärçiligi**

1. Her Gatnaşyjy-döwlet öz hukuk ýörelgelerini göz öňünde tutmak bilen häzirki Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen jenaýatlara gatnaşanlygy üçin gerek boljak çäreleri kabul edýär.

2. Gatnaşyjy-döwletiñ hukuk ýörelgelerini berjaý etmek şerti bilen ýuridik şahsyň jogapkärçiligi jenaýat, raýat-hukuk ýa-da administratiw bolup biler.

3. Şeyle jogapkärçiligiň ýüklenmegi jenaýat eden fiziki şahsyň jenaýat jogapkärçiligine zyýan ýetirenok.

4. Her Gatnaşyjy-döwlet, hususan-da, pul jerimeleri hem goşmak bilen netijeli, deň we bökdeýän täsir edýän jenaýat we jenaýat däl sanksiýalary şu madda laýyklykda jogapkärçilige çekilýän ýuridiki şahslar babatynda ulanylmagyny üpjün edýär.

**Madda 27.Gatnaşmaklyk we kast etmeklik**

1. Her Gatnaşyjy-döwlet şu konwensiýa laýyklykda ykrar edilen jenaýatyň edilmegine gatnaşan islendik adamy, meselem, ýaran, kömekçi ýa-da iteren hökmünde öz içki

kanunçylygyna laýyklykda jenaýat taýdan temmi berilýän hereket hökmünde ykrar etmek üçin gerek boljak kanunçylyk we beýleki çäreleri kabul edýär.

2. Her Gatnaşyjy-döwlet şu Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen jenaýatlara gatnaşanlygy üçin ýuridiki şahslaryñ jogapkärçiligini kesgitlemek üçin gerek boljak öz hukuk ýörelgelerini göz öñünde tutmak bilen çäreleri kabul edýär.

3. Her Gatnaşyjy-döwlet häzirki Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen jenaýatlaryñ edilmegi bilen baglanyşykly islendik kast etmäni öz içki kanunçylygyna laýyklykda jenaýat tarapyndan temmi berilýän hereket hökmünde ykrar etmek üçin gerek boljak kanunçylyk we beýleki çäreleri kabul edip bolar.

4. Her Gatnaşyjy-döwlet şu konwensiýa laýyklykda ykrar edilen jenaýat etmeklige taýýarlygy öz içki kanunçylygyna laýyklykda jenaýat taýdan temmi berilýän hereket hökmünde ykrar etmek üçin gerek bolan kanunçylyk we beýleki çäreleri kabul edip biler.

**Madda 28. Düşünmeklik, niýet we meýil jenaýatyñ elementleri hökmünde**

Şu Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen islendik jenaýatyñ elementleri hökmünde gerek bolan düşünmeklik, niýet we meýil işiñ obýektiw ýagdaýlaryndan kesgitlenip bilner.

**Madda 29. Möhlet muddeti.**

Her Gatnaşyjy-döwlet, gerek bolan ýagdaýlarda, şu Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen jenaýatlar babatynda iş gozgamaklyk üçin öz içki kanunçylygyna laýyklykda uzak möhlet muddetini kesgitleýär we jenaýat etmeklikde güman edilýän adamyñ jogapkärçilikden gaçýan ýagdaýlarynda möhlet müddetiniñ saklanylmak mümkinçiligini ýa-da has uly möhlet müddetini kesgitleýär.

**Madda 30. Yzarlanma. Kazyýet çözgüdini çykarmaklyk we sanksiýalar**

1. Her Gatnaşyjy-döwlet şu konwensiýa laýyklykda ykrar edilen jenaýat işiniñ edilendigi üçin şol jenaýatyñ howplulyk derejesini göz öñünde tutýan jenaýat sanksiýalary ulanylmagyny göz öñünde tutýar.

2. Her Gatnaşyjy-döwlet öz hukuk ulgamy we konstitusional ýörelgelerine laýyklykda öz gulluk wezipelerini ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly jemgyýetçilik wezipe işgärlerine berilýän ýurisdiksiýa artykmaçlyklary ýa-da islendik immunitetiň arasyndaky deňagramlylygy kesgitlemek ýa-da üpjün etmek üçin zerur boljak çäreleri kabul edýär we zerur ýagdaýlarda şu Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen netijeli jenaýat agtaryş işlerini we jenaýat yzarlamalary ýerine ýetirýär we jenaýatlar bilen baglanyşykly kazyýet çözgüdini çykarýar.

3. Her Gatnaşyjy-döwlet şu Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen jenaýatlar babatynda hukuk goraýjy çäreleriň maksimal netijeliligini gazanmak üçin we şeýle jenaýatlaryň edilmegine päsgel bermekligiň zerurlygyny göz öňünde tutmaly we jenaýatlary edenligi üçin jenaýat yzarlamasyna degişli öz içki kanunçylygyna göz öňünde tutulan islendik diskresion hukuk artykmaçlyklaryny ulanmagy üpjün etmeklige çalyşýar.

4. Şu Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen jenaýatlar babatynda her Gatnaşyjy-döwlet öz içki kanunçylygyna laýyklykda we gorag hukuklaryny nazarda tutmak bilen kazyýet

diňlenişigine çenli azat etmek ýa-da kassasion şikaýat ýa-da garşylyk görkezmek boýunça çözgüt çykarylmak bilen baglanyşykly kesgitlenilýän şertleri üpjün etmek maksady bilen jenaýat derňewi gidip durka günä bildirilýäniň goragynynyň üpjün edilmegini göz öňünde tutmaly.

5. Her Gatnaşyjy-döwlet jenaýat üçin höküm edilen adamlary wagtyndan öň ýa-da şertleýin azat etmek mümkinçiligi baradaky sorag seredilende edilen jenaýatyň howplulygynyň derejesini göz öňünde tutýar.

6. Her Gatnaşyjy-döwlet öz hukuk ulgamynyň esasy ýörelgelerine laýyklykda şu Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen jenaýaty etmeklikde günäkärlenýän jemgyýetçilik wezipe işgäri zerur ýagdaýlarda işinden çykarylyp bilinjek, gulluk borçlaryny ýerine ýetirmekden wagtlaýyn boşadylyp bilinjek ýa-da degişli organ tarapyndan başga wezipä geçirilip bilinjek proseduralary kesgitläp boljak mümkinçiligine seredýär, şeýle ýagdaýda günäsini ýuridiki taýdan dogry hasaplamaklyk ýörelgesiniň hökmanlygyny nazarda tutmalydyr.

7. Delillendirilen ýagdaýlarda jenaýatyň howp derejesini göz öňünde tutmak bilen her Gatnaşyjy-döwlet öz hukuk ulgamynyň talaplaryna laýyklykda jenaýat etmekde günäkärlenýän adamlarynyň şu Konwensiýa laýyklykda Kazyýetiň çözgüdi bilen ýa-da beýleki degişli serişdeleriň kömegi bilen öz içki kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenilen belli bir möhlete mahrum etmeklik üçin proseduralary kesgitlemek mümkinçiligine seredýär, ýagny şol hukuklar:

a) jemgyýetçilik wezipäni eýelemek, we
b) bütinleý ýa-da bölekleýin döwletiň eýeçiliginde bolan edarada wezipe eýelemek.

8. Şu maddanyň 1-nji punkty raýat gullukçylary babatynda doly ygtyýarly organlara tertip-düzgün ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirmeklige zyýan berenok.

9. Şu Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen jenaýatlary kesgitlemekligiň ýörelgesi we ulanyp boljak ýuridiki närazylyklary ýa-da jenaýat hereketleriniň kanunçylygyny kesgitleýän beýleki hukuk ýörelgeler şu Konwensiýada agzalyp geçilenok, ýöne her Gatnaşyjy-döwletiň içki kanunçylygyň ulgamyna girýär we jenaýat yzarlamasy we şeýle jenaýata temmi bermeklik şu kanunçylyga laýyklykda alnyp barylýar.

10. Gatnaşyjy-döwlet şu Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen jenaýat üçin ýyl kesilen adamlaryň jemgyýete täzeden goşulmagyna hemaýat etmeklige çalyşýar.

**Madda 31. Işleri wagtlaýyn togtatmaklyk, tussag etmeklik we konfiskasiýa etmeklik (emläkden mahrum etmeklik).**

1. Her Gatnaşyjy-döwlet öz içki hukuk ulgamynyň çäklerinde bolup biljek emläkden mahrum edip biljek mümkinçiligi üpjün etmek üçin gerek boljak çäreleri maksimal derejede kabul edýär:

a) şu Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen jenaýatlardan düşen girdejiler ýa-da şeýle girdejileriň bahasyna laýyk gelýän emläk;

b) şu Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen jenaýatlary etmekde ulanmak üçin niýetlenen ýa-da ulanylan emläk, enjamlar we beýleki serişdeler;

2. Her Gatnaşyjy-döwlet şu maddanyň 1-nji punktunda sanalyp geşilen ýüze çykarmaklyk, yzarlamak, işi togtatmak ýa-da tussag etmek mümkinçiligini üpjün etmek üçin gerek boljak çäreleri kabul edýär.
3. Her Gatnaşyjy-döwlet öz içki kanunçylygyna laýyklykda, şu maddanyň 1-nji we 2-nji punktlarynda görkezilen kompetent organlar tarapyndan doňdurylan, tussag edilen ýa-da mahrum edilen emlägiň dolandyrmaklygyny düzgünleşdirmek üçin gerek boljak kanunçylyk we beýleki çäreleri kabul edýär.

4. Eger-de jenaýatdan düşen girdejiler bölekleýin ýa-da tutuşlygyna başga emläge öwrülen ýa-da üýtgedilen bolsa, onda şu maddada görkezilen çäreler şeýle emläk babatynda ulanylyp bilner.

5. Eger jenaýatdan düşen şeýle girdejiler kanuny çeşmelerden gelen emläk bilen goşulan bolsa, onda emläkden mahrum etmeklik doňdurylmaklyga ýa-da tussag etmeklige niýetlenilen islendik artykmaçlyklara zyýan ýetirmezden goşulan girdejileriň kesgitlenilen (ölçenilen) bahasyna laýyklykda emlägiň diňe şol bölegine degişlidir.

6. Jenaýatdan gelen girdejileri öwürmekden ýa-da üýtgetmekden bolan emläkden gelen girdejiler ýa-da beýleki düşewüntler babatynda, şu maddada görkezilen, jenaýatdan gelen girdejiler babatynda ulanylýan çäreler şol görnüşde we şol derejede ulanylyp bilner.

7. Şu maddanyň we şu Konwensiýanyň 55-nji maddasyna laýyklykda goýlan maksatlar üçin her Gatnaşyjy-döwlet öz kazyýetlerini ýa-da beýleki kompetent organlary bank, maliýe ýa-da kommersiýa resminamalary bermeklik ýa-da tussag etmeklik baradaky permanlary çap etmeklige ygtyýar berýär. (borçly edýär).
Gatnaşyjy-döwlet bank gizlin maglumatlaryň saklanylmak wajyplygyna salgylanyp, şu punktuň kadalaryna laýyklykda çäre görmeklikden boýun gaçyranok.

8. Gatnaşyjy-döwlet öz Kanunçylygynyň esasy ýörelgelerine we jenaýat ýa-da başga derňewleriň häsiýetine laýyklykda jenaýatdan düşen ýa-da beýleki emläkden düşen güman edilýän girdejileriň kanuny gelip çykyşyny (çeşmesini) subut etmek üşin jenaýat eden adamdan talap etmekligi kesgitlemek mümkinçiligine seredýär.

9. Şu maddanyň düzgünleri akýürekli üçünji tarapa zyýan bermezden düşündirilmelidir.

10. Şu maddadaky düzgünleri hiç biri Gatnaşyjy-döwletiñ öz içki kanunçylygynyň düzgünlerine laýyklykda we olaryň berjaý edilmek şerti bilen maddada ýörelgä degmezden aýdylýan çäreleri kesgitleýär we olar ýerine ýetirilýär.

**Madda 32. Şaýatlaryň, ekspertleriň we zyýan çekenleriň goralmagy.**

1. Her Gatnaşyjy-döwlet öz içki hukuk ulgamyna laýyklykda we öz mümkinçilikleriniň çäklerinde şu Konwensiýa laýyklykda jenaýat bilen baglanyşykly görkezme berýän şaýatlar we ekspertler, zerur ýagdaýlarda olaryň garyndaşlary we beýleki ýakyn adamlary babatynda bolup biljek ar almalardan ýa-da gorkuzmalardan netijeli goragy üpjün etmek üçin çäreler kabul edýär.
2. Şu maddanyň 1-nji punktunda günäkärlenýäniň, dogry ýerine ýetirilen derňew geçirilmegi hem öz içine almak bilen, hukuklaryna zyýan ýetirmezden şu aşakdakylary hem öz içine alýar:

a) şeýle fiziki şahslaryň goralmagy üşin proseduralary kesgitleýar, meselem,-zerurlyk derejesine we tejribede ýetirilip boljak derejesine laýyklykda,-olaryň başga ýere göçüp gitmekligi we şeýle ýagdaýlarda rugsat berilýän ýagdaýlaryñ kabul edilmegi; şeýle

adamlaryň şahsyýetine we bolýan ýerleri baradaky maglumatlary aýtmazlyk, ýa-da şeýle maglumatlaryň berilmeginiň çäklendirilmelerini kabul edýärler.

b) şaýatlara we ekspertlere görkezme bermäge mümkinçilik berýän subut etmekligiň düzgünleriniň kabul edilmegi, ýagny, şeýle adamlaryň howpsuzlygyny üpjün edýär, meselem, olara wideoaragatnaşygy ýa-da beýleki aragatnaşyk serişdeleriniň kömegi bilen görkezme bermeklige rugsat etmeklik.

3. Her Gatnaşyjy-döwlet şu maddanyň 1-nji punktunda görkezilen adamlaryň göçüp gitmekligi babatynda beýleki döwletler bilen ylalaşyklary baglaşmak ýa-da gepleşikleri geçirmek mümkinçiligine seredýär.

4. Şu maddanyň düzgünleri şaýat hökmünde ejir çekenler babatynda hem ulanylýar.

5. Her Gatnaşyjy-döwlet öz içki kanunçylygyna laýyklykda gorag hukugyna zyýan ýetirmezden jenaýat etmişini eden şahslar babatynda jenaýat işiniň tapgyrlarynda ejir çekenleriň pikirlerini we howatyrlanmalaryny berilmegini we olary öwrenmek mümkinçiligini döredýär.

**Madda 33. Maglumat berýän şahslaryň goralyşy.**

Her Gatnaşyjy-döwlet şu Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen jenaýatlar bilen baglanyşykly islendik kompetent organlara akýürekli we gowy delillendirilen faktlary habar berýän islendik şahslaryň islendik bikanun garalmagyndan goragyny üpjün etmek üçin zerur çäreleriň mümkinçiligine seredýär.

**Madda 34. Korrupsiýa hereketleriň netijeleri.**

Her Gatnaşyjy-döwlet üçünji tarapyň halal gazanylan hukugyny göz öňüne tutmak bilen, öz içki kanunçylygynyň esasy ýörelgelerine laýyklykda korrupsiýanyň netijeleri baradaky meseläni düzgünleşdirmek üçin çäreleri kabul edýär. Bu nukdaynazardan Gatnaşyjy-döwlet korrupsiýany baglanyşylan ylalaşyklary annulirlemek (ýatyrmak) ýa-da kesmek üçin derňew işiniň gidişinde ähmiýeti bolan ýa-da konsessiýalaryň ýa-da beýleki meňzeş gurallaryň yzyna gaýtarylmagyna faktor hökmünde garap biler ýa-da döredilen ýagdaýy düzetmek babatynda beýleki çäreleri kabul edýär.

**Madda 35. Zyýanyň öwezini dolmak.**

Her Gatnaşyjy-döwlet öz içki kanunçylygyna laýyklykda haýsy hem bolsa bir korrupsion hereketden zyýan çeken ýuridiki (hukuk) we fiziki şahslar, şol zyýanyň öwezini dolmak üçin zyýan ýetiren jogapkär adamlaryň garşysyna iş gozgamak hukugyny almak üçin çäreleri kabul edýär.

**Madda 36: Ýöriteleşdirilen edaralar**

Her Gatnaşyjy-döwlet özüniñ hukuk ulgamynyñ esasy ýorelgelerine laýyklykda,
hukuk goraýjy edaralar arkaly korrupsiýa garşy göreşmek üçin ýöriteleşdirilen toparynyñ, toparlarynyñ ýa-da adamlarynyñ bardygyna kepil geçmelidir. Şeýle topara, toparlara ýa-da adamlara şol döwlet tarapyndan onuñ hukuk ulgamynyñ esasy ýörelgelerine laýyklykda, öz wezipelerini netijeli we gyşarnyksyz ýerine ýetirip bilmekleri üçin zerur bolan garaşsyzlyk berilmelidir. Şeýle adamalaryñ ýa-da topardan ýa-da toparlardan

düzülen işgärleriñ tabşyrylan ýumuşlary ýerine ýetirmekleri üçin talabalaýyk taýýarlygy we serişdeleri bolmalydyr.

**Madda 37. Hukuk goraýjy edaralar bilen hyzmatdaşlyk**

1. Şu Konwensiýa laýyklykda, her Gatnaşyjy-döwlet derñew we delillendirmek maksatlary we jenaýatçylary bikanun ýol bilen gazanan girdejilerinden mahrum etmek we şol girdeýjileriñ üstüni açmaklyk üçin kömek edip biljek we ygtyýarly edaralar üçin peýdaly maglumaty almak maksady bilen jenaýata gatnaşýan ýa-da gatnaşan adamlary höweslendirmek üçin talabalaýyk çäreleri görmelidir.

2. Her Gatnaşyjy-döwlet zerur ýagdaýlarda şu Konwensiýada bellenilen jenaýaty derñemekde ýa-da jenaýat boýunça iş gozgamakda ýeterlik hyzmatdaşlyk edýän günäkärlenýäniñ jezasyny ýeñilleşdirmekligiñ mümkinçiligine seretmelidir.

3. Öz içerki kanunlaryñ baş ýörelgelerine laýyklykda, her Gatnaşyjy-döwlet Konwensiýada bellenilen jenaýaty derñemek ýa-da ol boýunça jenaýat işini gozgamak boýunça ýeterlik hyzmatdaşlyk edýän tarapa kazyýet eldegrilmesizligini bermek mümkinçiligine garamalydyr.

4. Şeýle taraplary goramaklyk bu Konwensiýanyñ 32-nji maddasynda göz öñünde tutulan tertipde amala aşyrylmalydyr.

5. Eger bu maddanyñ 1-nji punktunda bellenilýän we bir Gatnaşyjy-döwletiñ çäginde ýerleşýän adam beýleki Gatnaşyjy-döwletiñ ygtyýarly edaralaryna degerli kömek berip biljek bolsa, onda degişli Gatnaşyjy-döwletler öz içerki kanunlaryna laýyklykda başga bir Gatnaşyjy-döwlete bu maddanyñ 2-nji we 3-nji punktlarynda bellenilen tertipde kömek bermek bilen baglanyşykly ylalaşyklary baglaşmaklyk ýa-da çäreleri geçirmeklik meselelerine seredip biler.

**Madda 38. Milli edaralaryñ arasyndaky hyzmatdaşlyk**

Her Gatnaşyjy-döwlet, zerur halatynda öz içki kanunçylygyna laýyklykda, bir tarapdan öz döwlet edaralarynyñ we işgärleriniñ arasyndaky, beýleki tarapdan jenaýat derñew we kazyýet işlerine jogapkär edaralarynyñ arasyndaky hyzmatdaşlygy ýokarlandyrmak üçin çäreleri görmelidir. Şeýle hyzmatdaşlyk aşakdakylary öz içine alyp biler:

(a) Bu Konwensiýanyñ 15, 21 we 23-nji maddalarynda bellenilen jenaýatçylyklaryñ bolup geçenligi barada düýpli esaslar bar bolan halatynda hukuk goraýjy edaralara meýletin habar bermek; ýa-da

(b) Haýyş edilen ýagdaýynda hukuk goraýjy edaralara ähli zerur maglmatlary bermek.

**Madda 39. Döwlet edaralary bilen hususy sektoryñ arasyndaky hyzmatdaşlyk**

1. Her Gatnaşyjy-döwlet öz içki kanunçylygyna laýyklykda milli derñew we jenaýat agtaryş edaralary bilen hususy sektoryñ edaralarynyñ, hususan-da bu Konwensiýada bellenilen jenaýatçylyklaryñ ýüze çykyp biläýjek ýerleri bolan maliýe edaralary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin zerur çäreleri görmelidir.

2. Her Gatnaşyjy-döwlet öz raýatlaryny we territoriýasynda ýaşaýan beýleki adamlary bu Konwensiýada bellenilen jenaýatyñ bolanlygy barada milli derñew we jenaýat agtaryş edaralaryna habar bermekde höweslendirmek meselesine seretmelidir.

**Madda 40: Bank syry**

Gatnaşyjy-döwletleriň her biriniň tarapyndan şu Konwensiýada bellenilen düzgünleriň bozulmagy bilen bagly döwletde derňew geçirilen ýagdaýynda, şol ýurduň hukuk ulgamynda bank syry baradaky kanunlaryň berjaý edilmegi sebäpli ýüze çykyp biljek meseleleri çözmek üçin gerekli şertler döredilen bolmaly.

**Madda 41: Sud edilendigi baradaky maglumatlar**

Şu Konwensiýa laýyklykda kesgitlenen düzgünleriň bozulmagy boýunça geçirilýän derňew işlerinde jenaýatkäre öň başga ýurtda eden jenaýat işleri üçin bellenilen jezalar barada maglumatlary ulanmaklyga degişlilikde her bir Gatnaşyjy-döwlet gerekli diýip hasap edýän kanunlary kabul edip ýa-da başga çäreleri girizip biler.

**Madda 42: Hukuk ulgamy**

1. Her Gatnaşyjy-döwlet tarapyndan şu Konwensiýada kesgitlenen düzgünleriň bozulmaklygy bilen bagly jenaýatlar boýunça indiki ýagdaýlarda degerli jeza bermek üçin gerekli şertler döredilmeli, haçan-da:

a) jenaýat şol Gatnaşyjy-döwletiň çäklerinde edilen bolsa; ýa-da
b) jenaýat şol Gatnaşyjy-döwletiň baýdagynyň astynda ýüzýän gäminiň ýa-da jenaýat edilen wagty şol Gatnaşyjy-döwletiniň kanunlaryna laýyklykda hasaba alnan uçaryň üstünde edilen ýagdaýynda.

2. Şu Konwensiýanyň 4-nji maddasynda beýan edilen şertleri kabul etmek bilen Gatnaşyjy-döwlet şolar ýaly jenaýatlar üçin jezalary indiki ýagdaýlarda göz öňünde tutup biler:
a) haçan-da jenaýat şol Gatnaşyjy-döwletiň raýatyna degişlilikde edilen bolsa; ýa-da
b) jenaýat şol Gatnaşyjy-döwletiň raýaty hem-de şol döwletiň çäklerinde ýaşaýan raýatlygy bolmadyk adam tarapyndan edilen bolsa; ýa-da

c) şu Konwensiýanyň 23-nji maddasynyň 1-nji (a) (i) ýa (ii) ýa-da (b) (i) punktunda kesgitlenen düzgünleri belli bir Gatnaşyjy-döwletiň serhet çäklerini bozmak niýet bilen şu Konwensiýanyň 23-nji maddasynyň 1-nji (b) (ii) punktuna laýyklykda bellenen jenaýat işleri şol Gatnaşyjy-döwletiň çäkleriniň daşynda edilen bolsa; ýa-da

d) jenaýat Gatnaşyjy-döwletiň garşysyna edilen bolsa.

3. Şu Konwensiýanyň 44-nji maddasynyň maksatlary üçin her bir Gatnaşyjy-döwlet şu Konwensiýa laýyklykda bellenen düzgünleri bozmak bilen bagly jenaýatlar üçin derňew astynda bolan öz raýatlaryny bermäge isleg bildirmedik ýagdaýynda, onda şol Gatnaşyjy-döwletde bu jenaýatlar üçin degerli jeza bermeklik bilen bagly gerekli şertler döredilen bolmalydyr.

4. Soňky beýan edilen şertler şol bir ýagdaýda her Gatnaşyjy-döwletiň çäklerinde bolan, ýöne onuň raýaty däl adamlar üçin hem degişli bolup durýar.

5. Eger-de bir Gatnaşyjy-döwlet öz çäklerinde şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölеklerine laýyklykda kazyýet işi amala aşyrylýan wagty başga islenen Gatnaşyjy-döwletleriň birinde hem şol bir jenaýat bilen bagly derňew ýa-da sud işleri geçirilýändigi barada habarly edilen ýa-da bilen ýagdaýynda, onda şol Gatnaşyjy-döwletleriň degişli edaralary öz hereketlerini bir-birleri bilen ylalaşdyrmak üçin habar alyşmalydyr.

6. Şu Konwensiýa Gatnaşyjy-döwlet tarapyndan öz kanynlaryna laýyk bellenen içerki hukuk we kanunçylyk düzgünlerini (kriminal ýurisdiksiýasyny) umumy halkara kanunyň şertleri bilen ters gelmedik ýagdaýynda ulanylmagyna ýol berýar.

## BAP IV
## Halkara hyzmatdaşlyk

### Madda 43: Halkara hyzmatdaşlyk

1. Gatnaşyjy-döwletler jenaýat meselelerde hyzmatdaşlygy şu Konwensiýanyň 44 -50 maddalaryna laýyklykda alyp barmaly. Ýerli kanunçylyk ulgamlary dogry we netijeli ýola goýlan ýagdaýynda Gatnaşyjy-döwletler para almak we bermek bilen bagly raýat we administratiw meselelerde derňewleri we prosessual işleri geçirmekde birek-birege kömek bermek barada oýlanyp bilerler.

2. Halkara hyzmatdaşlyk meselelerinde, iki Gatnaşyjy-döwletleriň kanunlaryna laýyk jenaýat diýip hasaplanýan işde bir döwlet başga ýurt tarapyndan ýardam berilmeklige isleg bildirende, onda şol talap ýüzlenýän we ýüzlenilýän Gatnaşyjy-döwletleriň kanunçylyk ulgamlarynda şol bir ýenaýata berilýän derejäniň ýa-da onuň dürli ýurtlarda atlandyrylmagynyň tapawutlanýandygyna garamazdan edilen talap kanagatlandyrylmalydyr.

### Madda 44: Jenaýat eden adamy bermeklik

1. Şu madda Konwensiýa laýyklykda bellenilen jenaýatlar boýunça iş eden adam babatynda ulanylýar, eger-de bermeklik üçin talap edilýän adam ýüzlenilýän Gatnaşyjy-döwletiň çäklerinde bolsa, şeýle hem jenaýat eden adamy bermek babatynda talap ýüzlenýän we ýüzlenilýän Gatnaşyjy-döwletleriň ikisiniň hem ýerli kanunlaryna laýyk jeza berilmeli hereket diýip hasaplanýan günä degişli edilýän bolsa.

2. Şu maddanyň 1-nji punktundaky düzgünlere garamazdan, onuň kanunlary ýol berýän ýagdaýynda, Gatnaşyjy-döwlet öz ýerli kanunlaryna laýyklykda jeza berilmeýän, Konwensiýada bellenilen islendik jenaýat bilen baglylykda belli bir adamyň berilmegine rugsat berip bilýär.

3. Eger-de bermek barada talap birnäçe aýratyn jenaýatlara degişli edilen bolsa, olardan şu madda boýunça iň bolmanda biri berilmäge degişli bolup, galanlary özleriniň tussaglyk möhleti sebäpli berilmeklige degişli bolman, ýöne şu Konwensiýa laýyklykda bellenilen jenaýatlar diýip hasaplanýan bolsa, onda ýüzlenýän Gatnaşyjy-döwlet şu maddany olara degişlilikde hem ulanyp biler.

4. Şu madda degişli bolan jenaýatlaryň her birini Gatnaşyjy-döwletleriň arasynda baglaşylan berilmeklige degişli bolan bikanyn hereketler barada islenilen ylalaşyklara girizmeklik göz öňünde tutulmaly. Gatnaşyjy-döwletler öz arasynda baglaşylýan bermeklik baradaky şertnamalaryň her birine şular ýaly jenaýatlar bilen baglanyşykly adamlary bermekliklige degişli bolýar diýlen şertleri girizmekligi boýun alýar. Gatnaşyjy-döwlet, ýagny onuň kanunlary ýol berýän bolsa, şu Konwensiýany bermeklik

üçin esas hökmünde ulanylan ýagdaýynda, şu Konwensiýa laýyklykda bellenilen jenaýatlaryň hiç birine syýasy jenaýat hökmünde garamaly däldir.

5. Eger-de berilmek babatynda ylalaşygyň bolmagy bilen şertlendirýän Gatnaşyjy-döwlete, onuň bilen bermeklik hakynda ylalaşygy bolmadyk başga Gatnaşyjy-döwlet bermeklik barada haýyş haty bilen ýüz tutan ýagdaýynda, onda ol şu maddada görkezilen jenaýatlara degişlilikde şu Konwensiýany hukuk esas hökmünde göz öňünde tutup biler.

6. Berilmeklik ylalaşygyň bolmagy bilen şertlendirilýän Gatnaşyjy-döwlet indiki tertipleri ýerine ýetirmeli:

a) öz ratifikasion hatyny ýa-da Konwensiýany kabul etmek, makullamak ýa-da oňa gatnaşmak barada resminamalaryny saklamaga beren wagty Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna başga Gatnaşyjy-döwletler bilen bermeklik meseleler boýunça hyzmatdaşlygynda şu Konwensiýany hukuk esas ýaly ulanjakdygy barada habar bermeli; hem-de

b) bermeklik meseleleri boýunça hyzmatdaşlygynda şu Konwensiýany hukuk esas hökmünde ulanmaýan bolsa, onda ol, gerekli ýagdaýda, şu maddany berjaý etmek üçin şu Konwensiýa başga Gatnaşyjy-döwletler bilen bermeklik barada şertnamalary baglaşmaga çalyşmaly.

7. bermeklik ylalaşygyň bolmagy bilen şertlendirilmeýän Gatnaşyjy-döwletler şu maddada görkezilen jenaýatlar özara bermeklige degişli bolýar diýip hasaplamalydyr.

8. Talap bildirýän Gatnaşyjy-döwletiň ýerli kanunlarynyň tertiplerinde ýa-da bermeklik baradaky degişli ylalaşyklarynda, başga şertleriň arasynda berilmeklige degişli iň pes jeza baradaky talaplar we ýüzlenilýän Gatnaşyjy-döwlete bermeklige razylyk bermezlik üçin hukuk berýän esaslar göz öňünde tutulan bolmaly.

9. Şu maddada bellenen jenaýatlaryň her birine degişlilikde, eger-de bu öz ýerli kanunlary bilen laýyk gelýän bolsa, Gatnaşyjy-döwletler bermeklik bilen bagly işleri çaltlandyrmaga hem-de subutnamalary bermek boýunça tertipleri aňsatlaşdyrmaga aýratyn üns bermeli.

10. Öz ýerli kanunlaryny we bermeklik barada şertnamalaryny berjaý etmek bilen, egerde-de ol edilen talabyň zerurdygyna göz ýetiren ýagdaýynda, hem-de talap edýän Gatnaşyjy-döwletiň haýyş hatyna esaslanmak bilen, ýüzlenilýän Gatnaşyjy-döwlet öz çäklerinde bolan bermeklige talap bildirilýän adamy tussag astynda saklap ýa-da ony bermeklik bilen bagly işlere gatnaşdyrmak üçin başga gerekli çäreleri görüp biler.

11. Şu maddada bellenen düzgünleri bozmak bilen bagly jenaýat etmekde şübhelenýän we onuň çäklerinde bolan adamy bermekden diňe öz raýaty bolmagy sebäpli boýun gaçyrýan Gatnaşyjy-döwlet, bermekligi talap edýän Gatnaşyjy-döwletiň haýyşynyň esasynda işi hökmany halatda we esassyz saklaman, özygtyýarly edaralaryň garamagyna geçirmeli. Şol edaralar öz kararyny çykarmak bilen, Gatnaşyjy-döwletiň içerki kanunlaryna laýyk işe her bir başga agyr jenaýat ýaly garamaly we gerekli çäreleri görmeli. Bu iş barada alada edýän Gatnaşyjy-döwletler hukuk we kazyýet agtaryş işleriniň we yzarlamalaryň netijeligini ýokarlandyrmak üçin iş dolandyryş we subut etme meselelerde özara hyzmatdaşlyk etmelidir.

12. Gatnaşyjy-döwlet üçin öz içerki kanunlaryna laýyk, öz raýatlaryny bermek ýa-da geçirmek diňe şol tussagy bermek barada talap edilýän jenaýatlar üçin sud derňewiň ýa-da işiň netijesinde berlen jeza möhletini doldurmak üçin şol Gatnaşyjy-döwlete gaýtarylmagy hökman bolan ýagdaýda mümkin bolsa, hem-de haýyş edýän we ýüzlenme ýollanýan Gatnaşyjy-döwletleriň ikisi hem şol tertiplere we başga gerek diýip hasaplanan düzgünlere razy bolsa, onda şeýle şertli bermeklik ýa-da geçirmeklik şu maddanyň 11-nji punktunda bellenen borçlaryň berjaý edilmegi üçin ýeterlik bolup durýar.

13. Eger-de hökümi ýerine ýetirmek üçin bermeklik barada haýyş hatda ýüzlenilýän Gatnaşyjy-döwlet tarapyndan öz raýaty bolmagy sebäpli razylyk berilmeýän bolsa, onda şol Gatnaşyjy-döwlet onuň içerki kanunlarynyň mümkinçilik berýän ýagdaýynda hem-de şol kanunlaryň talaplaryna laýyk, ýüzlenýän Gatnaşyjy-döwletiň haýyşy esasynda şol döwletiň içerki kanunlaryna laýyklykda berlen hökümi ýa-da onuň galan bölegini ýerine ýetirmek meselelesine garamaly bolýar.

14. Şu maddada bellenen her bir jenaýat bilen bagly islenen adama degişlilikde geçirilýän derňewleriň ähli tapgyrlarynda, şol adama adalatly garamak kepillendirilýär, şol sanda şol döwürde bolýan Gatnaşyjy-döwletiň içerki kanunlarynda göz öňünde tutulan düzgünlere laýyklykda onuň ähli hukuklary we bähbitleri goralýar.

15. Ýüzlenilýän Gatnaşyjy-döwletiň, bermeklik barada talap şahsyň jyns, milli we etnik degişliligi, dini ynamlary hem-de syýasy dünýägaraýyşlary sebäpli jenaýat işine çekmek maksady bilen edilýändigi barada, ýa-da berilmeli şahs barada islenen ters pikirleri döredip biljekdigi barada ýeterlik esas bar bolsa, onda şu Konwensiýada beýän edilen tertipleriň hiç biri bermek borçnamalary şol Gatnaşyjy-döwletiň üstüne atylmaýar.

16. Gatnaşyjy-döwletler diňe maliýe meseleleriniň ýüze çykyp bilmegi sebäpli bermeklik talaby kanagatlandyrmakdan boýun gaçyryp bilmeýärler.

17. Jenaýat etmekde güman edilýän adamy bermekden boýun gaçyrmakdan öň, ýüzlenilýän Gatnaşyjy-döwlet, zerur ýagdaýlarda, haýyş edýän Gatnaşyjy-döwlete öz delillerini getirmäge we öz talabyna degişlilikde maglumatlary üpjün etmäge mümkinçilik bermek üçin, onuň bilen maslahatlaşmaly.

18. Jenaýat etmekde güman edilýän adamy bermeklik düzgünlerini berjaý etmek we kämilleşdirmek maksady bilen Gatnaşyjy-döwletler üçin iki taraply we köptaraply şertnamalary we ylalaşyklary baglaşmak zerur bolup durýar.

**Madda 45: Höküm çykarylan adamlaryñ bir ýerden başga ýere geçirilmegi**

Gatnaşyjy-döwletler azatlykdan mahrum etmek ýa-da bu Konwensiýada kesgitlenen jenaýatçylyklar üçin azatlykdan mahrum etmekligiñ beýleki görnüşleri üçin höküm çykarylan adamlary şol ýerde bellenilen tussaglyk möhletini doly tamamlap bilmekleri üçin öz territoriýalaryna geçirilmegi hakynda iki taraplaýyn ýa-da köp taraplaýyn ylalaşyklary ýa-da şertnamalary baglaşmagy göz öñünde tutyp bilerler.

**Madda 46: Özara hukuk kömegi**

1.Gatnaşyjy-döwletler derñewlerde, jenaýat yzarlamalarynda we bu Konwensiýada görkezilen jenaýatçylyklar bilen baglanyşykly sud işlerinde bir- birine özara hukuk kömeklerini bermelidirler.

2. Bu Konwensiýanyñ 26-njy maddasyna laýyklykda, ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwletde haýsydyr bir ýuridiki tarapyñ jogapkärçilik çekýän jenaýatçylyklary bilen baglanyşykly derñew, jenaýat yzarlaýyş we sud işleri boýunça ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwlet öz kanunlaryna, halkara geleşiklerine, ylalaşyklaryna we şertnamalara laýyklykda oña doly özara hukuk kömegini berip biler.

3. Bu madda laýyklykda, islendik aşakdaky maksatlar üçin özara hukuk kömegi soralyp bilner:

a) adamlardan görkezmeleri ýa-da arzalary almak;
b) sud resminamalaryny doldurmak;
ç) barlamak, tussag etmek we işleri togtatmak;
d) obýektleri we ýerleri barlamak;
e) maglumat, maddy subutnamalar we ekspertleriñ baha bermeleri bilen üpjün etmek;
ä) degişli resminamalaryñ, ýazgylaryñ, şol sanda hökümet, bank, maliýe, korporasiýa we iş ýazgylarynyñ asyl we tassyklanan nusgalaryny üpjün etmek;
f) subut etmek maksady bilen bikanun gazançlary, emläkleri we jenaýaty amala aşyrmakda ulanylan serişdeleri we beýleki predmetleri ýuze çykarmak ýa-da yzarlamak;
g) degişli adamlaryñ ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwlete meýletin baryp bilmekligine ýardam etmek;
h) ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwletiñ içerki kanunlaryna çapraz gelmeýän islendik beýleki kömekleri bermek;
i) bu Konwensiýanyñ V bölüminiñ şertlerine laýyklykda bikanun gazançlary ýüze çykarmak, togtatmak we yzarlamak;
j) bu Konwensiýanyñ V bölüminiñ şertlerine laýyklykda aktiwleri gaýtaryp almak.

4. Içerki kanunlara zyýan ýetirmezden, Gatnaşyjy-döwletiñ ygtyýarly edaralary haýyş edilmezden öñ özleriniñ berjek maglumatynyñ başga bir ygtyýarly edara jenaýat-derñew işlerini şowly geçirmekde ýa-da tamamlamakda ýa-da ol maglumatyñ bu Konwensiýa laýyklykda şol edara tarapyndan haýyş ediljekdigine ynansalar, onda başga bir Gatnaşyjy-döwletiñ ygtyýarly edarasyna jenaýata degisli maglumaty geçirip bilerler.

5. Bu maddanyñ 4-nji punktyna degişli maglumatyñ geçirilmegi ýa-da iberilmegi ol maglumaty iberýän döwletiñ ygtyýarly edaralarynyñ jenaýat-derñew we jenaýat agtaryş işlerine zyýan ýetirmeli däldir. Maglumaty kabul ediji ygtyýarly edaralar ol magulamatyñ gizlin, bolmanda wagtlaýynça gizlin saklanylmagy ya-da ony ulanylmagynyñ çäklendirmeleri baradaky haýyşa boýun bolmalydyrlar. Muña garamazdan, bu ýagdaý maglumaty kabul ediji Gatnaşyjy-döwletiñ günäkärlenýän adamyñ günäsini aklap biljek maglumaty mälim etmekden saklamaly däldir. Şeýle ýagdaýda, maglumaty kabul ediji Gatnaşyjy-döwlet ony iberiji Gatnaşyjy-döwlete onuñ mälim ediljekdigi barada duýdurmalydyr we haýyş edilen halatynda, bu barada onuñ bilen maslahatlaşmalydyr. Eger adatdan daşary ýagdaýda öñünden duýdurmaklyk mümkinçiligi bolmasa, onda maglumaty alýan Gatnaşyjy-döwlet ol maglumatyñ üstüniñ açylandygy barada haýal etmezden ony iberen Gatnaşyjy-döwlete habar ibermelidir.

6. Bu maddanyñ şertleri özara hukuk kömegini bölekleýin ýa-da tutuşlaýyn tertipleşdiriji ikitaraplaýyn ýa-da köptaraplaýyn borçlaryna ýaramaz täsirini ýetirmeli däldir.

7. Eger degişli Gatnaşyjy-döwletler özara hukuk kömegi baradaky ylalaşygy baglaşmadyk bolsalar, bu maddanyñ 9-29-njy punktlary bu madda degişli haýyşlar üçin ulanylmalydyr. Eger Gatnaşyjy-döwletler şeýle ylalaşygy baglaşan bolsalar, onda Gatnaşyjy-döwletler bu maddanyñ 9-29 punktlaryny ulanmazlygy şertlenşen ýagdaýlarynda ol ylalaşygyñ şertleri onuñ deregine ulanylmalydyr. Eger olar

hyzmatdaşlyga ýardam edýän bolsa, onda Gatnaşyjy-döwletlere şol punktlary hökmany ulanmak maslahat berilýär.

8. Bank syrlaryny açmazlyk üçin Gatnaşyjy-döwletler bu madda laýyklykda özara hukuk kömegini bermekden ýüz öwürmeli däldirler.

9. a) ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwlet, jenaýatçylygy iki taraplaýyn ykrar etmek boýunça ylalaşygyñ ýok halatynda bu madda degişli kömek üçin ýüz tutmak babatynda jogap hökmünde bu Konwensiýanyñ 1-nji maddasynda görkezilen maksatlary göz öñünde tutmalydyr.

b) jenaýatçylygy iki taraplaýyn ykrar etmek boýunça ylalaşygyñ ýoklygyna esaslanyp, Gatnaşyjy-döwletler bu madda degişli kömegi bermekden ýüz öwrip bilerler. Muña garamazdan, ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwlet özüniñ kanunçylyk ulgamynyñ esasy konsepsiýalaryna laýyk gelen ýagdaýynda mejbur ediji hereketi öz içine almaýan kömegi bermelidir. Bu Konwensiýanyñ beýleki şertleri esasynda haýyş edilýän kömegiñ berilmeginiñ ýa-da hyzmatdaşlyk etmekligiñ mümkinçiliginiñ ähmiýeti az häsiýetli haýyşlary ýa-da meseleleri alýan bolsa, onda şeýle kömegi bermekden ýüz öwürmek mümkindir.

c) her bir Gatnaşyjy-döwlet jenaýatçylygy iki taraplaýyn ykrar etmek boýunça ylalaşygyñ ýok halatynda bu madda degişli kömegiñ dürli görnüşlerini bermek üçin zerur çäreleri görüp biler.

10. Bir Gatnaşyjy-döwletiñ çäklerinde tutulan ýa-da tussaglykda oturan we bu Konwensiýada görkezilen jenaýatçylyklara degişli görkezmeleri ýa-da subutnamalary almak üçin derñew, yzarlama we sud işlerinde tanama, şaýatlyk etme ýa-da beýleki maksatlary üçin wagtlaýynça beýleki bir Ganaşykjy-döwlet tarapyndan iberilmegini haýyş edilýän adam, aşakdaky şertleriñ göz öñüne tutulan ýagdaýynda ýüz tutýan tarapa iberilip bilner:
a) ol adam doly düşünip öz razylygyny beren halatynda;

b) iki Gatnaşyjy-döwletleriñ ygtyýarly edaralarynyñ şeýle şertleriñ talabalaýyklygy barada ylalaşsalar.

11. Bu maddanyñ 10-njy punktunyñ maksatlary üçin:
a) eger ol adamy iberen Gatnaşyjy-döwlet başga haýyş bilen ýüz tutmasa ýa-da rugsat bermese, ol Gatnaşyjy-döwlet iberilen adamy tussaglykda saklamaga hukugy bolmalydyr we borçlanmalydyr;

b) iki Gatnaşyjy-döwletleriñ ygtyýarly edaralarynyñ öñünden ýa-da başgaça ylalaşan halatynda ol adamyñ iberilen Gatnaşyjy-döwleti ol adamy haýal etmän gelen döwletiniñ gözegçiligine ibermäge borçlanmalydyr;

c) jenaýaty eden adamyñ iberilen Gatnaşyjy-döwleti onuñ gaýtarylyp berilmegi üçin ekstradiksiýa işlerini başlanmagyny talap etmeli däldir;

d) Wagtlaýynça bir Gatnaşyjy-döwletden beýleki döwlete geçirilen adamyń ol ýerde geçiren wagty tussaglykdaky wagtynyñ hasabyna goşulmalydyr.

12. Bu maddanyñ 10-njy we 11-nji punktlaryna laýyklykda, jenaýat eden adamy ibermeli Gatnaşyjy-döwletiniñ razylygy bolmasa eden we etmedik hereketleri we günäleri üçin ol adam, iberilen döwletden gaýtmazyndan öñ, raýatlygyna garamazdan, jenaýat

jogapkärçiligine çekilmeklige, saklanylmaklyga, jeza çäresiniň berilmekligine ýa-da haýsydyr bir beýleki azatlyk çaklendirilmelerine sezewar edilmeli däldir.

13. Her Gatnaşyjy-döwlet özara hukuk kömegi üçin ýüztutmalara we olary ýerine ýetirmek ýa-da olary ýerine ýetirmek üçin ygtyýarly edaralara tabşyrmak üçin jogapkäçilik çekýän we ygtýary bolan merkezi edarany bellemelidir. Gatnaşyjy-döwletiñ hukuk kömegini bermek üçin aýratyn bir ulgamy bolan ýörite bir sebiti ýa-da territoriýasy bar bolsa, onda ol şol sebit üçin şol bir wezipäni ýerine ýetirmeli özbaşdak bir merkezi edarany belläp biler. Merkezi edaralar gelip gowşan haýyşlaryñ basym we dogry ýerine ýetirilişini ýa-da degişli edaralara tabşyrymagyny üpjün etmelidirler. Merkezi edara haýyşy ýerine ýetirmek üçin ygtyýarly edara tabşyran ýa-da geçiren halatynda onuñ ygtyýarly edara tarapyndan basym we dogry ýerine ýetirilişine ýardam bermelidir. Her gezek resminamany tassyklatmak, kabul etmek, makullamak ýa-da bu Konwensiýa goşdurmak üçin tabşyranda, Gatnaşyjy-döwlet BMG-niñ Baş Sekretaryna şu maksat üçin bu bellenilen merkezi edara barada duýdurmalydyr. Özara hukuk kömegi üçin haýyşlar we islendik oña degişli başga maglumat Gatnaşyjy-döwletler tarapyndan bellenilen merkezi edaralara geçiriler. Şeýle hayyşlaryñ we maglumatlaryñ diplomatik kanallar ýa-da gyssagly halatynda, Gatnaşyjy-döwletler ylalaşan ýagdaýynda, mümkin bolsa Halkara Jenaýatçylyk Polisiýasy Edarasy arkaly iberilmegini talap etmek Gatnaşyjy-döwletiñ hukugydygyna dogry düşünilmeldir.

14. Haýyşlar ýazmaça ýa-da islendik ýazgy görnüşinde we ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwletde kabul edilýän dilde bolmalydyr we Gatnaşyjy-döwlet onuñ hakykylygyny anyklap bilmeklige mümkinçiligi bolmalydyr. Ol tassyklatmak, kabul etdirmek, makullatmak ýa-da bu Konwensiýa goşdurmak üçin tabşyrylanda, BMG-niñ Baş Sekretaryna her Gatnaşyjy-döwletiñ kabul edýän dili ýa-da dilleri barada habar berilmelidir. Zerur we Gatnaşyjy-döwletleriñ ylalaşan halatynda dilden haýyş edip bolar, emma olar hökmany ýazmaça görnüşde gyssagly tassyklanylmalydyr.

15. Özara hukuk komegi üçin haýyş aşakdakylary öz içine almalydyr:

a) haýyş edýän ýa-da ýüz tutýan edaranyñ ady;

b) haýyşa degişli derñewiñ, jenaýat yzarlaýyş ýa-da sud işleriniñ predmeti we häsiýeti we derñewi, jenaýat yzarlaýyş we sud işlerini geçirýän edaranyñ ady we wezipeleri;

ç) sud resminamalarynyñ tabşyrylmagy üçin haýyşlaradan başga-da degişli faktlar barada gysgaça maglumat;

d) haýyş edilýän kömegiñ we ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwletiñ ediljek çäreleriň anyk iş ýörediş tertibiniñ teswiri;

e) mümkin bolan halatynda, gürrüñi edilýän şahsyñ ýa-da adamyñ şahsyýeti, ýaşaýan ýeri we milleti barada maglumat;

f) subutnama, maglumat ýa-da çäre görülmegini talap edýän işiñ maksady.

16. Ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwlet öz içerki kanunlaryna laýyklykda haýyşy ýerine ýetirmekde zerur diýip hasaplaýan ýa-da ony ýerine ýetirmäge kömek edip biljek goşmaça maglumatlary haýyş edip biler.

17. Haýyş ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwletiñ içerki kanunlaryna laýyklykda we onuñ içerki kanunlaryna çapraz gelmeýän ýagdaýda, mümkin bolan halatynda, haýyşda bellenilen tertibe laýyklykda ýerine ýetiriler.

18. Mumkin bolan halatynda we içerki kanunlaryñ esasgoýujy ýörelgelerine laýyk gelen ýagdaýynda şahsyýet bir Gatnaşyjy-döwletiñ çäklerinde bolsa we beýleki bir Gatnaşyjy-döwletiñ sud häkimiýeti tarapyndan şaýat ýa-da ekspert hökmünde diñlenilmeli bolsa, onda degişli şahsyýet tarapyndan haýyş edýän Gatnaşyjy-döwlete barmagy mümkin bolmadyk ýa-da islenilmedik ýagdaýynda birinji Gatnaşyjy-döwlet beýleki döwletiñ haýyşy boýunça diñlenişiñ wideo konferensiýa görnüşinde geçirilmegine rugsat berip biler. Gatnaşyjy-döwletler diñlenişiñ haýyş edýän sud häkimiýeti tarapyndan geçirilmelidigini we oña haýyş edilen Gatnaşyjy-döwletiñ sud häkimiýetiniñ gatnaşmalydygyny ylalaşyp bilerler.

19. Haýyş edýän Gatnaşyjy-döwlet ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwletiniñ deslapky rugsadyny almazdan, onuñ beren maglumatlaryny ýa-da görkezmelerini ýa-da subutnamalaryny haýyşda görkezilmedik derñew, jenaýat yzarlaýyş ýa-da sud işleri üçin ulanmaly ýa-da başga birine bermeli däldir. Bu puntkda hiç bir zat ýüz tutýan Gatnasyjy-döwleti sud işlerinde günäkärlenýäni aklajak maglumatlary ýa-da subutnamalary açyk yglan etmekden saklamaly däldir. Adatdan daşary ýagdaýda, öñünden duýdurmak mümkinçiligi bolmadyk halatynda ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwlet haýyş edilýän Gatnaşyjy-döwlete haýal etmezden maglumaty yglan etmeklik barada habar bermelidir.

20. Ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwlet haýyş edilýän Gatnaşyjy-döwletden haýyşyñ ýerine ýetirilmegi üçin zerur bolmadyk halatynda haýyşyñ predmetini we mazmunyny gizlin saklamagy talap edip biler. Eger ýüz tutulýan döwlet ony gizlinlikde saklamagyñ talaplaryny berjaý edip bilmeýän bolsa, onda ol haýal etmän ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwlete habar bermelidir.

21. Aşakdaky ýagdaýlarda özara hukuk kömegini bermekden boýun towlamak mümkin:
a) eger haýyş bu maddanyñ düzgünlerine laýyk gelmeýän bolsa;

b) eger haýyş edilýän Gatnaşyjy-döwlet bu haýyşyñ ýerine ýetirilmegi özüniñ özbaşdaklygyna, howpsuzlygyna, jemgyýetçilik tertibine ýa-da beýleki esasy bähbitlerine zyýan ýetirmegi mümkin diýip hasaplaýan bolsa;

ç) derñewe, jenaýat yzarlaýyş we sud işlerine degisli bolaýan halatynda haýyş edilýän Gatnaşyjy-döwletiñ ýolbaşçylaryna öz ýurisdiksiýasy esasynda içerki kanunlar tarapyndan haýyş edilen hereketi gadagan edýän bolsa;

d) eger haýyş edilýän zadyñ ýerine ýetirilmegi özara hukuk kömegini bermek üçin ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwletiñ hukuk ulgamyna çapraz gelýän bolsa;

22. Diñe jenaýat maliýe meselelerini hem öz içine alan halatynda Gatnaşyjy-döwletler özara hukuk kömegini bermek üçin haýysdan boýun towlap bilmezler.

23. Özara hukuk kömegini bermekden boýun gaçyrmaklygyñ sebäpleri hökmany suratda düşündirilmelidir.

24. Haýyş edilýan Gatnasyjy-döwlet özara hukuk kömegi üçin soralan haýyşy mümkin boldugyça basym bitirmelidir we ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwletiñ teklip edýän soñky möhletlerini mümkin boldugyça doly göz öñünde tutmalydyr, şeýle-de haýyşda görkezilen esaslara jogapkärçilik çekmelidir. Ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwlet haýyş edilýän

Gatnaşyjy-döwletiñ görýän çäreleriniñ ýagdaýy we gidişi babatynda maglumaty alyp biler. Ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwlet haýyş edýän Gatnaşyjy-döwletiñ öz haýyşynyñ ýagdaýy, onuñ ýerine yetirilişi we gidişi baradaky ýüz tutmalara jogap bermelidir. Haýyş edýäñ Gatnaşyjy-döwlet zerur bolan kömegiñ gerek bolmadyk halatynda haýal etmän bu barada ýüz tutulýan Gatnasyjy-döwleti habarly etmelidir.

25. Dowam edýän derñew, yzarlaýyş ya-da sud işlerine päsgel berýän ýagdaýynda ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwlet özara hukuk kömeginiñ berilmegini yza çekip biler.

26. Bu maddanyñ 21-nji punktuna laýyklykda haýyşy ýerine ýetirmekden boýun towlamazdan ýa-da bu maddanyñ 25-nji punktyna laýyklykda onuñ ýerine ýetirilmegini soña goýmakdan ozal ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwlet kömegiñ şeýle zerur hasaplanýan şertlere we kararlara laýyk gelýänligi barada maslahatlaşmalydyrlar. Eger ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwlet şol şertlere laýyk gelýän kömegi kabul etse, onda ol şertlere boýun bolmalydyr.

27. Bu maddanyñ 12-nji punktyny ulanmagyñ düzgünini bozmazdan şaýat, ekspert ýa-da başga bir adam haýyş edýän Gatnaşyjy-döwletiñ islegi boýunça haýyş edýän Gatnaşyjy-döwletiñ çäklerinde sud islerinde görkezme bermäge ýa-da dernew, jenaýat yzarlaýyş ýa-da sud işlerinde kömek bermäge razylyk berýär we onuñ ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwletiñ çäklerinden çykmazyndan öñ eden we etmedik hereketleri ýa-da etmisleri üçin şol ýerde jenaýat jogapkärçiligine çekilip, saklanyp, jeza berlip ýa-da onuñ azatlygy çäklendirilip bilinmez. Şeýle howpsuzlyk kepili şaýadyñ, ekspertiñ ýa-da basga bir adamyñ yzygiderli 15 günüñ dowamynda ýa-da Gatnaşyjy-döwletler tarapyndan ylalaşylan islendik möhletinden, ýagny onuñ haýyş edýän Gatnaşyjy-döwletde bolmaklygyñ şol ýeriñ sud edaralary tarapyndan zerur däl diýip habar edilen gününden başlaýar, emma meýletin ol ýerde galyp ýa-da ol ýerden meýletin yzyna dolanan watgy tamamlanýar.

28. Gatnaşyjy-döwletler başgaça ylalaşylan ýagdaýynda haýyşy ýerine ýetirmek bilen baglanşykly adaty çykdajylar ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwlet tarapyndan çekilmelidir. Eger haýyşy ýerine ýetirmek düýpli ýa-da adatdan daşary çykdajylary talap edýän bolsa, onda Gatnaşyjy-döwletler haýyşyñ ýerine ýetirilmegi boýunça şertler we kararlar, şeýle-de onuñ çykdajylaryny ýapmagyñ usuly barada maslahatlaşmalydyrlar.

29. Ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwlet:
a) içerki kanunlaryna laýyklykda halk köpçüligine elýeter bolan hökümet resminamalaryny, iş kagyzlaryny ýa-da maglumatlaryny bermelidir;

b) oz garaýşyna laýyklykda öz içerki kanunlaryna laýyklykda halk köpçülige elýeter bolmadyk hökümet resminamlaryny, iş kagyzlaryny ýa-da maglumatlary ýüz tutýan döwlete tutuşlygyna ýa-da bölekleýin, ýa-da talabalaýyk diýip hasaplaýan şertlerine laýyklykda berip biler;

30. Zerurlyk derejesine laýyklykda bu maddanyñ düzgünnamasynyñ maksatlaryna hyzmat etjek, tejribede netije berjek ýa-da onuñ netijeliligini artdyrjak iki ýa-da köptaraplaýyn ylalasyklary ýa-da şertnamalary baglaşmak mümkinçiligine seredip geçmelidirler.

**Madda 47. Jenaýat boýunça kazyýet işlerini geçirmeklik**

Şu Konwensiýada kesgitlenilen jenaýat boýunça kazyýet işlerini alyp barmak üçin şeýle işleriñ talap edilýän derejede adalatly bolmagy, esasan-da ol jenaýat işleriniñ

jemlenilmegi üçin birnäçe ýurisdikasiýalaryñ gatnaşan halatynda Gatnaşyjy-döwletleriñ jenaýat boýunça kazyýet işlerini bir-birine geçirmek mümkinçiligi seredilmelidir.

**Madda 48: Hukuk goraýjy edaralar bilen hyzmatdaşlyk**

1.Bu Konwensiýada görkezilen jenaýatlara garşy göreşmek üçin hukuklary goramaklygyñ netijeliligini ýokarlandyrmak üçin öz içerki hukuk we administratiw ulgamlaryna laýyklykda Gatnaşyjy-döwletler bir-biri bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk etmelidirler. Aşakdaky maksatlar üçin Gatnaşyjy-döwletler netijeli çäreleri görmelidirler:

a) Bu Konwensiýada görkezilen jenaýatçylyklaryñ ähli taraplaryny (şol sanda eger gyzyklanýan Gatnaşyjy-döwletler beýleki jenaýatçylykly işler bilen gatnaşyklary dogry hasaplasalar), degişli maglumatlaryñ howpsuz we çalt alşylmagyna ýardam etmek üçin ygtyýarly edaralaryñ, agentlikleriñ we gulluklaryñ arasyndaky aragatnaşyk ýollaryny berkitmek we zerur halatynda ýola goýmak;

b) Bu Konwensiýada görkezilen jenaýatlara degişli derñewler geçirmekde Gatnaşyjy-döwletler bilen hyzmatdaşlyk etmek, ýagny:

i) jenaýat işini etmekde güman edilýan adamyñ şahşyýeti, bolýan ýerini we meşgullanýan işini ýa-da jeñayat işine gatnaşan diýip güman edilýän başga adamlaryñ bolýan ýerlerini:

ii) jenaýat işinden gelen girdejileri ýa-da şeýle jenaýat işleri etmekligiñ netijesinde düşen emlägi bir ýerden başga ýere geçirmeklik;

iii) şeýle jenaýat işleri etmekde ulanylan ýa-da ulanylmaga niýet edilen emlägi, enjamlary we beýleki serişdeleri bir ýerden başga ýere geçirmeklik.

ç) zerur halatynda analitik we derñew maksatlary üçin materiallaryñ böleklerini we sanyny bermek;

d) bu Konwensiýada görkezilen jenaýatlary amala aşyrmakda aýratyn serişdeler we usullar, şol sanda galp şahsyýet şadatnamalary, galp ýa-da üýtgedilen resminamalar we jenaýatçylykly hereketleriñ üstüni basyrýan beýleki serişdeler barada Gatnaşyjy-döwletler bilen maglumat alyşmak;

e) olaryñ edaralarynyñ, agentlikleriniñ we gulluklarynyñ arasyndaky netijeli utgaşyklylyga ýardam etmek we işgärleriñ we beýleki hünärmenleriñ, şol sanda ikitaraplaýyn ylalaşyklara we resminamalara laýyklykda gyzyklanýan Gatnaşyjy-döwletleriñ arasynda aragatnaşyk işgärlerini bellemeklige kömek etmek;

f) bu Konwensiýada görkezilen jenaýatlary irki möhletde ýüze çykarmak maksatlary üçin maglumatlary alyşmak we zerur administratiw we beýleki çäreleri utgaşdyrmak.

2. Bu Konwensiýany güýje girizmek maksady bilen Gatnaşyjy-döwletler öz hukuk goraýjy edaralary gös-göni hyzmatdaşlygy hakynda iki ýa-da köptaraplaýyn ylalaşyklary baglaşmagy göz öñünde tutmalydyrlar we şeýle ylalaşyklaryñ ýa-da şertnamalaryñ eýýäm bar halatynda, olara üýtgetmeleriñ girizilmegini göz öñünde tutmalydyrlar. Degişli Gatnaşyjy-döwletleriñ arasynda şeýle ylalaşyklaryñ we şertnamalaryñ ýok halatynda olar bu Konwensiýany onda görkezilen jenaýatçylyklara garşy özara hukuk hyzmatdaşlygynda esasy ýörelge edinip bilerler. Zerur ýagdaýlarda Gatnaşyjy-döwletler

öz hukuk goraýjy edaralarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy güýçlendirmek üçin ylalaşyklardan, resminamalardan, şol sanda halkara we sebit edaralaryndan doly peýdalanmalydyrlar.

3. Gatnaşyjy-döwletler bu Konwensiýada görkezilen we häzirki zaman tilsimatlary arkaly amala aşyrylan jenaýatçylyklara gaýtargy bermek üçin öz serişdeleriniň çäklerinde hyzmatdaşlyk etmek üçin tagalla etmelidirler.

**Madda 49: Bilelikdäki derňew işleri**

Gatnaşyjy-döwletler derňew etmeklige, sud yzarlaýyş ýa-da sud işlerine degişli meseleler boýunça iki ýa-da köptaraplaýyn ylalaşyklary ýa-da şertnamalary kabul etmelidirler, şol bir wagtda degişli ygtyýarly edaralar bir ýa-da ondan hem köp döwletlerde bilelikdäki derňew toparlarynyň döredilmegini göz öňünde tutmalydyrlar. Şeýle ylalaşyklaryň ýa-da şertnamalaryň ýok halatynda bilelikdäki derňewleri ylalaşyk arkaly aýratynlykda geçirmek mümkindir. Degişli Gatnaşyjy-döwletler şeýle derňew işleriniň geçirilmeli döwletiň çäklerinde şol döwletin özbaşdaklygyna doly hormat goýulmagyny üpjün etmelidirler.

**Madda 50: Ýörite derňew usullary**

1. Korrupsiýa garşy netijeli göreşmek üçin her Gatnaşyjy-döwlet öz içerki kanunçylyk ulgamynyň esasy ýörelgeleriniň çäklerinde we özüniň içerki kanunçylygynda bellenilen şertlere laýyklykda öz territoriýasynda gözegçilikli we zerur hasaplanan halatynda, elektron ýa-da beýleki barlag we gizlin operasiýalar ýaly ýörite derňew usullaryny özüniň ygtyýarly edaralaryna geçirmäge mümkinçilik berip biljek we şeýle usullar arkaly alnan görkezmeler sudda subutnamalaryň berilmegine mümkinçilik berjek çäreleri amala aşyrmalydyr.

2. Konwensiýada bellenilen jenaýatçylyklary derňemek maksady üçin Gatnaşyjy-döwletler zerur bolan halatynda halkara derejesinde hyzmatdaşlygyň çäklerinde şeýle ýörite derňew usullaryny ulanmak üçin talabalaýyk iki ýa-da köptaraplaýyn ylalaşyklary ýa-da şertnamalary baglaşmaga höweslendirilýär. Şeýle ylalaşyklar ýa-da şertnamalar döwletleriň özbaşdaklygy we deňlik ýörelgesinden doly ugur almak arkaly baglaşylmalydyr we durmuşa geçirilmelidir we şeýle ylalaşyklaryň ýa-da şertnamalaryň şertlerini berk berjaý etmek arkaly ýerine ýetirilmelidir.

3. Bu maddanyň 2-nji punktunda kesgitlenen ylalaşygyň ýa-da şertnamanyň ýok halatynda halkara derejesinde şeýle ýörite derňew usullaryny ulanmak üçin çözgütler aýratynlykda kabul edilmelidir we zerur halatynda, degişli Gatnaşyjy-döwletleriň kanunçylygynyň ýerine ýetirilişine degişlilikde maliýe şertnamalary we ylalaşyklary göz öňünde tutulyp bilner.

4. Halkara derejesinde şeýle ýörite derňew usullaryny ulanmak üçin çözgütler degişli Gatnaşyjy-döwletleriň razylygy bilen, gizlin diňlemeklik we harytlary ýa-da serişdeleri tutuşlygyna goýbermek ýa-da tutuşlygyna ýa-da bölekleýin aýyrmak ýa-da çalyşmak ýaly usullar goşulyp bilner.

## Bap V
## Hususy serişdeleri gaýtaryp bermeklik

### Madda 51: Umumy düzgün

Bapda bellenilen hususy serişdeleri gaýtaryp bermek düzgüni bu konwensiýanyň esasy düzgüni bolup, Gatnaşyjy-döwletler bir-birine hyzmatdaşlygyň giň mümkinçiligini hödürleýärler we bu babatda ýardam berýärler.

### Madda 52: Jenaýat işden gazanylan girdejileriň ýaýradylmagynyñ (geçirilmeginiñ) öňüni almak we ýüze çykarmak

1. Bu Konwensiýanyň 14-nji maddasyna zyýan bermezde, her Gatnaşyjy-döwlet içerki kanuna laýyklykda gerek bolan çäreleri geçirýär we öz ýurisdiksiýasynyň çaginde maliýe edaralarydan müşderleriň şahsyýetini barlamaga, hasaba deponirlenen (geçirilen) pul serişdeleriniň asyl eýeleriniň şahsyýetlerini kesgitlemek üçin oýlanşykly hereket etmeklerini we hasap açmaga synanyşyk edýän jemgiýetçilik ygtyýarlyklary bolan wezipeli adamlar ýa-da olaryň maşgala agzlary we ýakyn ýoldaşlary tarapyndan ynanylan fiziki adamyň adyndan güýçlendirlen barlagyñ geçirilmegini talap edýär. Şeýle güýçlendirlen barlag doly ygtyýarly edaralara hasabat bermek maksady bilen şübheli şertlnamalary ýüze çykarmak üçin öýlanşykly taýýarlanylýar we maliýe edaralara kanuny müşderleri bilen hyzmatdaşlyk saklamaga gadagan edilmeýär.

2. Her Gatnaşyjy-döwlet içerki kanuna laýyklykda 1-nji punktda bellenen çäreleri amala aşyrmak üçin sebit, sebitara we köpugurly guramalaryň ýerlikli başlangyçlaryndan ruhlanyp, pul serişdeleriniñ “ýuwulmagyny” kanunlaşdyrmaklygyna garşy şeýle çäreleri ýerine ýetirmeli:

a) öz ýurisdiksiýasynyň çäginde hasaby maliýe edaralaryň garamagynda bolan fiziki adamlara ýa-da ýuridiki edaralara maslahat beriji görkezmeleri çap edýär. Şeýle hasaplara degişli uly üns berilýän hasabyň görnüşlerine we hasabat işlere, hasaplaryñ açylyşyna, tehniki hyzmatlara we hasabat ýöretme işleri babatynda güýçlendirilen barlag hem geçirilip bilner,

b) zerur ýagdaýlarda beýleki Gatnaşyjy-döwletiň talaby ýa-da öz başlangyjy boýunça öz ýurisdiksiýasynyň çäginde, şeýle edaralaryň garamagynda bolan belli bir fiziki ýa-da ýuridiki edaralaryň hasaby güýçlendirilen barlaga garaşyp bilmekleri ýa-da maliýe edaralar tarapyndan başga usul bilen kesgitlenjekdigi barada habar etmeli.

3. Bu maddanyň 2-nji maddasynyñ (a) punktuna laýyklykda her Gatnaşyjy-döwlet belli bir wagtyň dowamynda özüniñ maliýe edaralary bu maddanyň 1-nji punktunda agzalan adamlara degişli hasabat işleri we operasiýalar barada maglumatlary we gerekli ýazgylary alyp barmagy üçin çäreleri amala aşyrmaly, bu ýazgylar iň azyndan müşderiň şahsyýetini we mümkin boldugyça asyl eýesi barada maglumatlary öz içine almaly.

4. Konwensiýada kesgitlenilişine laýyklykda jenaýat pul serişdelerini geçirmezlik, maliýe toparynyň şahamçasy we fiziki wekili bolmadyk banklaryň döredilmegine garşy maksady bilen, her Gatnaşyjy-döwlet dolandyryjy we gözegçilik edýän organlaryň kömegi bilen gerekli we netijeli çäreleri amala aşyrmaly. Mundan başga-da, Gatnaşyjy-döwlet özüniň maliýe edaralaryndan beýleki edaralar bilen bank hyzmatdaşlygyna başlamaga we dowam etmäge öz banklarynda hasap saklamaga rugsat berýän we maliýe toparynyň şahamçasy we fiziki wekili bolmadyk daşary ýurt maliýe edaralar bilen hyzmatdaşlyk saklamaga gadagan etmekligini talap edýär

5. Her Gatnaşyjy-döwlet öz içerki kanunyna laýyklykda degişli ýokary wezipeli adamlar barada hereket edýän maglumatlaryň açylmagyny göz öňüne tutýan düzgünleriň döredilmegini ara alyp maslahatlaşýar we boýun egmezlige garşy gerekli sanksiýalar bilen üpjün edýär. Her Gatnaşyjy-döwlet zerur ýagdaýlarda maglumatlary barlamak üçin öz doly ygtyýarly döwlet hökümet edaralaryna beýleki Gatnaşyjy-döwletleriň doly ygtyýarly hökümet edaralary bilen şol maglumatlar bilen paýlaşmak üçin çäreleri ara alyp maslahatlaşmaly we Konwensiýa laýyklykda jenaýat pul serişdeleriniň gaýtarylyp alynmagyny talap edip bilerler.

6. Her Gatnaşyjy-döwlet öz içerki kanununa laýyklykda zerur ýagdaýlarda hukugy, gol çekmeklik hukugy we haýsy-da bolsa daşary ýurtda maliýe hasabatyna degişli başga ygtyýarlygy bolan wekilçilikli adamlar üçin beýleki döwlet hökümet edralara şonuň ýaly hasabata degişli hasabatynyň alnyp barylmagyny talap edip biler. Şeýle çäreler bu talaplara boýun egmezligi üçin gerekli sanksiýalaryň amala aşyrylmagyny göz öňünde tutýar.

**Madda 53: Emlägiň gönüden -göni gaýtarylyp berilmegi üçin çäreler**

Her Gatnaşyjy-döwlet öz içerki kanunyna laýyklykda şu aşakdaky çäreleri ýerine ýetirýär:

a) Şu Konwensiýa laýyklykda bellenilen kanunbozulmasynyň komissiýasy tarapyndan ykrar edilen tituly ýa-da emläge eýelik etmek hukugynyň öz sudlarynda raýat talap arzalaryny bermäge beýleki Gatnaşyjy-döwletlere rugsat bermek ýaly çareleri geçirmek;

b) öz sudlaryna Konwensiýada bellenilişi ýaly jenayat eden adamlara jenaýat etmekligiň netijesinde zeper ýeten beýleki Gatnaşyjy-döwlete öwezlik tölegini tölemäge we çykdajynyň öwezini doldurmaga rugsat bermek üçin gerek bolan çäreleri amala aşyrmak;

c) öz sudlaryna ýa-da doly ygtyýarly döwlet hökümet edaralaryna Konwensiýada bellenilişi ýaly, haýsy-da bolsa bir jenaýat işi etmekligiň netijesinde gazanylan emlägiň hukuk eýesi diýip, konfiskasiýa barada mesele çözülende beýleki Gatnaşyjy-döwletiň talaplaryny kabul etmek;

**Madda 54: Konfiskasiýa etmekde halkara hyzmatdaşlygyň üsti bilen emlägi yzyna gaýtarmaklygyň mehanizmleri**

1. Konwensiýanyň 55-nji maddasyna laýyklykda, özara kanuny kömegini bermek maksady bilen, her Gatnaşyjy-döwlet kanunbozma netijesinde gazanylan emläk bilen baglanyşykly şu aşakdakylary ýerine ýetirmelidir:

a) beýleki Gatnaşyjy-döwletiň sudy tarapyndan çykarylan çözgüdiň netijesinde ygtyýarly häkimiýetlere emlägi mahrum etmäge mümkinçilik berýän çäreleri görmek,

b) ygtyýarly häkimiýetlere, içerki kanunçylyga laýyklykda daşary ýurt jenaýat işi netijesinde gazanylan pullary yuwmaklygyň üsti bilen ýa-da olaryň ygtyýarlygyna girýän şona meňzeş jenaýatlaryň netijesinde satyn alnan emlägi mahrum etmäge mümkinçilik berýän çäreleri görmek, we

ç) ýogalmagy, gizlenmegi, ýoklugy ýa-da şona meñzeş sebäpleriň bolmagy bilen jenaýat eden adamy  jogapkärçilige çekip bolmadyk ýägdaýynda we ýyl kesmesiz ygtyýarly häkimiýetlere emlägi mahrum etmäge mümkinçilik beryän çäreleri görmek,

2. Şu Konwensiyanyñ 55-nji maddasynyń 2-nji punktuna laýyklykda başga Gatnaşyjy-döwletiň ýüz tutmagy netijesinde özara kanuny kömegini bermek maksady bilen her Gatnaşyjy-döwlet içerki kanunçylygyna laýyklykda şu aşakdakylary ýerine ýetirmeli:

a) yygtyýarly häkimiýetlere ýüz tutan Gatnaşyjy-döwletiň sudy tarapyndan çykarylan çözgüdiň netijesinde emlägi doňdurmaga ýa-da mahrum etmäge ygtyýar berýän çäreleri görmek. Sud bolsa öz gezeginde ýüz tutan Gatnaşyjy-döwlete şeýle çäreleri görmäge delillendirilen esasyň bardygyny hem-de mahrum edilen emläk şu maddanyň 1-nji (a) punktunda görkezilen maksatlar üçin ulanyljakdygyny subut etmelidir;

b) ygtyýarly häkimiýetleriň suda ýüz tutmaklary netijesinde emlägi doňdurmaga ýa-da mahrum etmäge ygtyýarlyk berýän çäreleri görmek. Ýüz tutýän Gatnaşyjy-döwlet bolsa öz gezeginde ýüz tutulan Gatnaşyjy-döwlete şeyle çäreleri görmäge ýeterlik esaslaryñ bardygyny hem-de mahrum ediljek emläk şu maddanyň 1-nji (a) punktunda görkezilen maksatlara laýyk ulanyljakdygyny subut etmelidir; hem-de

ç) emlägiñ alynmak maksady bilen öz ygtyýarly hökümet edaralaryna rugsat berýän goşmaça çäreleri kabul edip bolmaklyk meselesine seredýär, meselem, daşary ýurtda tussag edilmek  ýa-da şeýle emlägi satyn almaklyk bilen baglanyşykly jenaýat günäkärlenmesini bermek babatynda çykarylan kararyñ esasynda ygtyýarly hökümet edaralaryna emlägi onuñ indiki mahrum edilmegi üçin saklamaga ygtyýar berýän çäreleri görmek.

**Madda 55: Emlägi almak maksady bilen halkara hyzmatdaşlyk**

1. Şu Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen 31-nji maddanyñ 1-nji punktunda agzalyp geçilýän jenaýat babatynda sud etmäge hukugy bar bolan başga Gatnaşyjy-döwletden ol döwletiñ çäginde ýerleşýän jenaýat işinden düşen girdejini, emlägi, enjamlary ýa-da jenaýat edilende ulanylan başga serişdeleri maksimal derejede almak baradaky haýyş hatyny alan Gatnaşyjy-döwlet özüniñ içerki hukuk ulgamyna laýyklykda:

a) bu haýyşy emlägi almak barada karary özüniñ ygtyýary bolan edaralara iberýär we şeýle kararyñ çykarylan ýagdaýynda ony ýerine ýetirýär; ýa-da

b) şu Konwensiýanyñ 31-nji maddanyñ 1-nji we 54-nji maddanyñ 1 (a) punktuna laýyklykda haýyş edilýän Gatnaşyjy-döwletiñ çäginde kazyýet tarapyndan çykarylan karary 31-nji maddanyñ 1-nji punktunda agzalyp geçilýän jenaýatdan düşen girdejini, emlägi, enjamlary ýa-da jenaýat edilende ulanylan başga serişdeleri haýyşda görkezilen möçberde ýerine ýetirmek maksady bilen özüniñ ygtyýarly edaralaryna iberýär.

2. Şu Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen jenaýat babatynda sud etmäge hukugy bar bolan başga Gatnaşyjy-döwlet tarapyndan iberilen haýyşy alandan soñ, haýyş edilýän Gatnaşyjy-döwlet haýyş edýän soñundan konfiskasiýa etmek maksady bilen karar kabul edýän Gatnaşyjy-döwlet tarapyndan ýa-da şu Konwensiýanyñ 31-nji maddanyñ 1-nji punktuna laýyklykda haýyş edilýän Gatnaşyjy-döwlet şu Konwensiýanyñ 31-nji maddanyñ 1-nji punktunda agzalyp geçilýän jenaýatdan düşen girdejini, emlägi, enjamlary ýa-da jenaýat edilende ulanylan başga serişdeleri almak babatynda maglumatlary öwrenmek, yzarlamak, doñdurmak ýa-da tussag etmek boýunça çäreleri kabul edýär.

3. Şu Konwensiýanyñ 46-njy maddasyna laýyklykda şu maddada “mutatis mutandis” (gerek bolan üýtgeşmeler bilen) ulanylýar. Şu madda laýyklykda, 46-njy maddanyñ 15-nji punktunda görkezilen maglumata goşmaça, aşakdakylar bar:
a) şu maddanyñ 1 (a) punktunda göz öñünde tutulan haýyşa degişlilikde, - özüniñ içki kanunçylygyna laýyklykda karar çykarmak babatynda çäreleri görüp bilmegi üçin haýyş edilýän Gatnaşyjy-döwlete ýeterlik derejede konfiskasiýa edilmeli emlägiñ suratlandyrylan ýazgylary, şeýle-de mümkin boldugyça, onuñ ýerleşen ýerini, zerur ýagdaýlarda emlägiñ bazar bahasy we esas bolup biljek faktlar görkezilen arzany;

b) şu maddanyñ 1 (a) punktunda göz öñünde tutulan haýyşa degişlilikde, - haýyş edýän Gatnaşyjy-döwlete berlen akýürekli üçünji taraplara talabalaýyk maglumaty we talabalaýyk proseduralary ýerine ýetirmek hem-de emlägi almak babatyndaky kararyñ gutarnyklydygy baradaky arzany ibermek üçin haýyş edýan Gatnaşyjy-döwlet tarapyndan kabul edilen çäreleriñ görkezilen arzasyna, faktlar görkezilen arza we ýerine ýetirilmeli kararyñ göwrümi babatyndaky maglumata esaslanan haýyş boýunça konfiskasiýa etmek barada kararyñ ýuridiki taýdan rugsat berilýän kopiýasy;

ç) şu maddanyñ 2-nji punktunda göz öñünde tutulan haýyşa degişlilikde, - haýyş edýän Gatnaşyjy-döwletiñ salgylanýan faktlar görkezilen arza we haýyş edilýän çäreleriñ ýazgysy, şeýle-de eger-de bar bolsa, onda haýyşyñ esaslanýan kararyñ ýuridiki taýdan rugsat berlen kopiýasy.

4. Haýyş edýän Gatnaşyjy-döwlet bilen baglanyşykly bolup biljek haýyş edilýän Gatnaşyjy-döwletiñ öz içki kanunçylyk düzgünlerine we onuñ prosessual kadalaryna ýa-da islendik ikitaraplaýyn ýa-da köptaraplaýyn şernamalaryna ýa-da ylalaşyklaryna laýyklykda şu maddanyñ 1-nji we 2-nji punktlarynda göz öñünde tutulan kararlar ýa-da çäreler kabul edilýär.

5.Her Gatnaşyjy-döwlet şu maddanyñ düzgünleriniñ amala aşyrylmagyny üpjün edýän öz kanunlarynyñ we düzgünleriniñ tekstlerini, hem-de şeýle kanunlara we düzgünlere soñraky girizilen üýtgeşmeleriniñ tekstlerini we olaryñ ýazgylaryny (suratlandyrmalaryny) Birleşen Milletler Guramasynyñ Baş Sekretaryna berýär.

6. Eger-de Gatnaşyjy-döwlet şu maddanyñ 1-nji we 2-nji punklarynda agzalyp geçilýän çäreleriñ kabul etmekligini bar bolan ylalaşygyń barlygy bilen şertlendirmek islese, onda şol Gatnaşyjy-döwlet şu Konwensiýany zerur bolan we ýeterlikli ylalaşyk-hukuk esas hökmünde seredip biler.

7. Eger haýyş edilýän Gatnaşyjy-döwlet ýeterlik mukdarda subutnamalary wagtynda almasa ýa-da emlägiñ bahasy minimal bolsa, onda şu madda laýyklykda hyzmatdaşlyk etmeklige razylyk berilmezligi mümkin ýa-da üpjün edip biljek çäreler aýrylyp bilner.

8. Şu madda laýyklykda kabul edilen hyzmatdaşlygy üpjün edýän islendik çäre aýrylmazdan öñ, mümkin bolan ýagdaýynda, haýyş edilýän Gatnaşyjy-döwlet haýyş bilen ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwlete şeýle çäräniñ amala aşyrylmagyny dowam etdirip bolmaklygyñ peýdasyna öz pikirlerini beýan etmäge mümkinçilik berýär.

9. Şu maddanyñ düzgünleri akýürekli üçünji taraplaryñ hukugyna zyýan ýetirmezden düşündirilmelidir.

**Madda 56: Ýörite hyzmatdaşlyk**

Özüniñ içerki kanunçylygyna zyýan bermezden, her Gatnaşyjy-döwlet jenaýat etmekligiñ üsti bilen gazanylýan girdejiler baradaky maglumaty beýleki Gatnaşyjy-döwlete, onuñ şeýle haýyş bilen önden ýüz tutmadyk ýagdaýýnda hem bermekligi göz öñünde tutmaly. Esasan-da şeýle maglumat beýleki Gatnaşyjy-döwlete jenaýat işini açmaga ýa-da derñewi geçirmäge kömek edip biljek ýagdaýlarynda Gatnaşyjy-döwletlerden soralýan maglumaty bermeklerini haýyş edilip bilner. Emma şeýle kömegiñ berilmegi maglumaty berýän ýurduñ öz derñewine, jenaýat yzarlamasyna, ýa-da kazyýet derñewine päsgel edip biljek ýagdaýynda, Gatnaşyjy-döwlet şeýle talaby ýerine ýetirmekden boýun gaçyryp biler.

**Madda 57: Hususy serişdeleriñ gaýdyp berilmegi we olara eýelik etmek**

1. Şu Konwensiýanyñ 31-nji we 55-nji maddalarynyñ esasynda konfiskasiýa edilen emläge, ony öñki kanuny eýesine gaýtaryp bermekligi hem öz içine almak bilen şu maddanyñ 3-nji punktuna laýyklykda Gatnaşyjy-döwlet şu Konwensiýanyñ düzgünlerine we özüniñ içki kanunçylygyna laýyklykda eýelik edýär.

2. Her Gatnaşyjy-döwlet özüniñ içki kanunçylygynyñ esasy ýörelgelerine laýyklykda akýürekli üçünji taraplary göz öñünde tutmak bilen şu Konwensiýa esasynda başga bir Gatnaşyjy-döwletiñ haýyşy boýunça hereket edýän ýagdaýlarynda öz ygtyýarly edaralaryna konfiskasiýa edilen emlägi gaýdyp bermäge rugsat bermek üçin zerur bolan kanunçylyk we beýleki çäreleri kabul edýär.

3. Şu Konwensiýanyñ 46-njy we 55-nji we şu maddanyñ 1-nji we 2-nji punktlaryna laýyklykda haýyş edýän Gatnaşyjy-döwlet:

a) şu Konwensiýanyñ 17-nji we 23-nji maddanyñ jemgyýetçilik pul serişdeleriniñ ogurlanan ýa-da ogurlyk edilen jemgyýetçilik pul serişdeleriniñ ýuwlup alynýan ýagdaýlarynda, eger konfiskasiýa 55-nji madda laýyklykda we haýyş edilen Gatnaşyjy-döwletiñ çykaran ahyrky sud kararynyñ esasynda, ondan başga-da bu talap haýyş edilýän Gatnaşyjy-döwlet tarapyndan aýrylyp bilner,- konfiskasiýa edilen emläk haýyş edýän Gatnaşyjy-döwlete gaýtaryp berýär.

b) şu Konwensiýanyñ öz içine alýan başga bir jenaýatlardan düşen girdejileriñ bar ýagdaýlarynda, eger konfiskasiýa Konwensiýanyñ 55-nji maddasyna laýyklykda we haýyş edilen Gatnaşyjy-döwletiñ çykaran ahyrky sud kararynyñ esasynda, ondan başga-da bu talap haýyş edilýän Gatnaşyjy-döwlet tarapyndan aýrylyp bilner, - konfiskasiýa edilen emläk haýyş edýän Gatnaşyjy-döwlete gaýtaryp berýär, eger haýyş edýän Gatnaşyjy-döwlet konfiskasiýa edilen emläge özüniñ hakynyñ bardygyny doly suratda subut edip bilse ýa-da haýyş edilýän Gatnaşyjy-döwlet haýyş edýän Gatnaşyjy-döwlete ýetirilen zyýany ykrar etse we konfiskasiýa edilen emlägi gaýtaryp bermek üçin esas hökmünde garasa;

ç) ähli beýleki ýagdaýlarda ilkinji nobatda haýyş edýän Gatnaşyjy-döwlete konfiskasiýa edilen emlägi gaýtaryp bermek, şeýle emlägiñ onuñ öñki kanuny eýesine gaýtaryp bermek ýa-da jenaýatdan ejir çekenlere onuñ öwezini dolmak meselesine seredýär.

4. Zerur ýagdaýlarda, eger-de Gatnaşyjy-döwletler başga karar çykarmasalar, onda haýyş edilýän Gatnaşyjy-döwlet konfiskasiýa edilen emlägiñ gaýtarylyp berilmegine ýa-da şu madda laýyklykda ony ulanmaklyga getiren derñewiñ gidişinde, janaýat yzarlamalarynda ýa-da sud işinde çekilen çykdajylary onuñ ujundan almak.

5. Zerur ýagdaýlarda Gatnaşyjy-döwletler her aýry ýagdaýda şertnamalar baglaşmaklyk mümkinçiligine ýa-da konfiskasiýa edilen emlägiñ ahyrky karary babatynda iki tarapyñ hem kabul edip biljek ylalaşyklaryna seredip bilýär.

**Madda 58: Maliýe Agtarma Bölümi (MAB)**

Gatnaşyjy-döwletler öz aralarynda jenaýata degişli bolan emlägiñ bir ýerden başga ýere geçirilmesiniñ öñüni almakda we oña garşy göreşmekde hem-de bu emlägi suduñ üsti bilen dikeltmek uçin netijeli ýollary we serişdeleri tapmakda hyzmatdaşlyk saklamalydyrlar. Şoña görä-de, her bir Gatnaşyjy-döwlet şübheli maliýe ylalaşyklar baradaky hasabatlary kabul etmäge, olary seljermäge we ygtyýarly häkimiýetlere gowşurmaga jogapkärli Maliýe Agtarma Bölümleri döretmegiñ zerurlygyny göz öñünde tutmalydyrlar.

**Madda 59: Ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn ylalaşyklar we çäreler**

Konwensiýanyñ şu babyna laýyklykda, Gatnaşyjy-döwletler halkara hyzmatdaşlygyñ netijeliligini ösdürmek üçin ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn ylalaşyklary baglaşmaklygyñ we bilelikdäki çäreleri geçirmekligiñ mümkinçiligini göz öñünde tutmalydyrlar.

## Bap VI
## Tehniki kömek we maglumat alyşma

**Madda 60. Hünärmenleri taýyarlamak we tehniki kömek**

1. Her Gatnaşýjy-döwlet, zerurlyk derejesine laýyklykda, korrupsiýanyñ öñüni almaklyga we onuñ bilen göreş alyp barmaklyga jogapkär hünärmenlerini taýyarlamak boýunça anyk maksatnamalary işläp taýýarlaýar, amala aşyrýar we kämilleşdirýär. Hünärmenleri taýyarlamagyñ şeýle maksatnamalary şu aşakdaky ugurlary öz içine alyp bilen:

a) korrupsiýa hereketleriniñ öñüni almak, aýan etmek we derñew geçirmek, şeýle-de olar üçin temmi bermek we subutnamalary toplamak we derñew etmek ýaly usullary ulanmaklygy hem öz içine almak bilen netiejeli çäreleri;

b) korrupsiýa garşy durmaklygyñ strategik syýasatyny işläp taýyralamak we meýilleşdirmek ugrunda potensial doretmek;

ç) şu Konwensiýanyñ talaplaryny kanagatlandyrýan özara hukuk kömegi barada haýyşlary düzmek boýunça ýgtyýarly edaralaryñ işgärlerini taýyarlamak;

d) jemgyýetçilik satyn almalary we hususy sektory hem öz içine almak bilen edaralaryñ, jemgyýetçilik hyzmaty we dolandyryş edaralara baha bermek we güýçlendirmek;

e) şu Konwensiýa laýyklykda şeýle diýlip ykrar edilen jenaýatlardan düşen girdejini geçirmekligiñ öñüni almak we şeýle girdejileri almak;

ä) şu Konwensiýa laýyklykda şeýle diýlip ykrar edilen jenaýatlardan düşen girdejini geçirmeklik boýunça operasiýalary ýüze çykarmak we olary saklamak;

f) şu Konwensiýa laýyklykda şeýle diýlip ykrar edilen jenaýatlardan düşen girdejiniñ hereketini, geçirmekde ulanylýan usullary ýa-da şeýle girdejileriñ gizlenip saklanmagyny yzarlamak;

g) şu Konwensiýa laýyklykda şeýle diýlip ykrar edilen jenaýatlardan düşen girdejini almaga ýardam berýän talabalaýyk we netijeli hukuk we administartiw mehanizmler we usullar;

h) sud organlary bilen hyzmatdaşlyk edýän jebir çeken adamlary we şaýatlary goramakda ulanylýan usullar;

i) milli we halkara düzgünlere we dil öwrenmeklige degişli meseleler boýunça hünärmenleri taýyarlamak.

2. Gatnaşýjy-döwletler öz mümkinçiliklerini göz öňüne tutmak bilen biri-birine giňgöwrümli tehniki kömek bermek meselesine seredýär, esasan hem şu maddanyň 1-nji punktunda görkezilen ugurlarda maddy goldawy we hünärmenleri taýyarlamaklygy hem öz içine almak bilen korrupsiýa bilen göreş alyp barmak babatynda olaryň meýilnamalary we maksatnamalary bilen baglanyşykly ösýän ýurtlaryň gyzyklanmalarynda, şeýle-de bermeklik we özara hukuk kömegi meselelerde Gatnaşyjy-döwletleriň arasynda halkara hyzmatdaşlyga hemaýat berjek hünärmenleri taýyarlamak we kömek bermek hem-de tejribe we ýörite bilimleri özara alyşmak.

3. Gatnaşýjy-döwletler mümkin boldugyça halkara we sebitara guramalarda we ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn ylalaşyklaryň we şertnamalaryň çäklerinde tejribe we okuw işleriniň netijeliligini maksimal ýokarlandyrmaga gönükdirilen tagallalaryny güýçlendirýär.

4. Gatnaşýjy-döwletler ygtyýarly edaralaryň we jemgyýetiň gatnaşmagynda korrupsiýa bilen göreş strategiýasyny we hereketleriň meýilnamalaryny işläp taýyarlamak maksady bilen öz ýurtlarynda haýyş boýunça, körrupsiýa baha bermekde, öwrenmekde we görnüşler, sebäpler, netijeler we çykdajylar babatynda biri-birine ýardam bermeklik mümkinçiligine seredýär.

5. Şu Konwensiýa laýyklykda şeýle diýlip ykrar edilen jenaýatlardan düşen girdejini almaga ýardam bermek üçin Gatnaşýjy-döwletler bu maksatlara ýetmek üçin kömek berjek ekspertleriň (bilermenleriň) atlaryny biri-birine bermekde hyzmatdaşlyk edip bilerler.

6. Gatnaşýjy-döwletler ösýän ýurtlaryň we ykdysadyýeti geçiş döwri başdan geçirýän ýurtlaryň esasy meselelerini we talaplaryny öz içine almak bilen hyzmatdaşlyga goldaw we tenhiki kömek we gyzyklanma döredýän meseleleri ara alyp maslahatlaşylmagy höweslendirmek üçin subregional, sebitara we halkara konferensiýalary we seminarlary ulanmak mümkinçiligine seredýärler.

7. Gatnaşýjy-döwletler tehniki kömek ugrunda maksatnamalary we taslamalary amala aşyrmaklygyň üsti bilen şu Konwensiýany ulanmak boýunça ösýän ýurtlaryň we ykdysadyýeti geçiş döwri başdan geçirýän ýurtlaryň tagallalaryna maliýe kömegini bermeklige ýardam bermek maksady bilen meýletin mehanizmleri döretmek mümkinçiligine seredýär.

8. Her Gatnaşyjy-döwlet şu Konwensiýany durmuşa geçirmek üçin ösýän ýurtlarda maksatnamalary we taslamalary amala aşyrmaklygyň Dolandyryş edarasynyň üsti bilen hemaýat etmek maksady bilen Birleşen Milletler Guramasynyň narkotik serişdeler we jenaýat işleri Dolandyryş edarasynyň talaplaryna meýletin pul geçirmeklik mümkinçiligine seredýär.

**Madda 61. Korrupsiýa barada maglumatlary toplamak we seljermek we şeýle maglumatlary alyşmak**

1. Her Gatnaşyjy-döwlet bilermenler (ekspertler) bilen maslahatlaşyp, öz çäklerinde korrupsiýa babatynda tendensiýalaryñ derñewini, şeýle-de korrupsiýa jenaýatlarynyñ edilýän şertlerini geçirmek mümkinçiligine seredýär.

2. Gatnaşyjy-döwletler umumy kesgitlemeli, standartlary we metodologiýalary işläp taýyarlamak maksady bilen mümkin boldugyça korrupsiýa baradaky statistiki maglumatylaryñ, analitik bilimleriñ we korrupsiýanyñ öñüni almak we onuñ bilen göreş alyp barmaklygyñ tejribesiniñ optimal görnüşlerini hem öz içine almak bilen we öz aralarynda olary alyşmak we halkara hem-de sebitara guramalaryñ üşti bilen maglumatlary giñeltmek mümkinçiligine seredýär.

3. Her Gatnaşyjy-döwlet öz syýasatyna gözegçilik etmek we korrupsiýa bilen göreş alyp barmak boýunça tejribe çärelerini, şeýle-de olaryñ netijeliligine we işleýşine baha bermek üçin mümkinçilige seredýär.

**Madda 62. Beýleki çäreler: ykdysady ösüşiñ we tehniki kömegiñ üsti bilen Konwensiýany durmuşa geçirmek**

1. Gatnaşyjy-döwletler durnukly ösüşi hem öz içine almak bilen korrupsiýanyñ bütin jemgyýet üçin ýaramaz zyýanyny göz öñüne tutmak bilen halkara hyzmatdaşlygyñ üsti bilen mümkin boldugyça şu Konwensiýany optimal durmuşa geçirmekligi kabul edýär.

2. Gatnaşyjy-döwletler mümkin boldugyça biri-biri bilen we halkara we sebitara guramalar bilen utgaşykly iş alyp barmakda kesgitli tagallalary edýärler:

a) korrupsiýanyñ öñüni almak we onuñ bilen göreşmek babatynda ösýän döwletleriñ mümkinçiligini berkitmek maksady bilen öz hyzmatdaşlygyny dürli derejelerde güýçlendirmek;

b) korrupsiýanyñ öñüni almak we onuñ bilen netijeli göreşmek we şu Konwensiýany üstünlikli amala aşyrmak boýunça ösýän ýurtlaryñ tagallaryny goldamak maksady bilen maliýe we maddy kömegini giñeltmek;

ç) şu Konwensiýany amala aşyrmak bilen baglanyşykly talaplary kanagatlandyrmaklyga ýardam bermek maksady bilen ösýän ýurtlara we ýkdysadyýetiniñ geçiş döwrüni başdan geçirýän ýurtlara tehniki kömegini bermek;

d) beýleki döwletleri we maliýe edaralary höwersledirmek we ynandyrmak, zerur ýagdaýlarynda şu Konwensiýanyñ maksatlaryna ýetmekde olara kömek bermek üçin ösýän ýurtlara hünärmenleri taýyarlamagyñ we häzirki zaman enjamlaryñ has uly göwrümi bilen üpjün etmekligi hem goşmak bilen şu madda laýyklykda edilýän tagallalarynda olara goşulmak.

3. Mümkin boldugyça, bu çäreler daşary yurt kömegi ýa-da ikitaraplaýyn, sebitara ýa-da halkara derejede maliýe hyzmatdaşlygy baradaky ylalaşyklar babatyndaky hereket edýän borçnamalara zyýan ýetirmeýärler.

4. Şu Konwensiýa tarapyndan göz öñünde tutulan halkara hyzmatdaşlygyñ netijeliligini üpjün etmek üçin, şeýle-de korrupsiýanyñ öñüni almak, ony aýan etmek we göreş alyp barmak üçin zerur maliýe ylalaşyklary göz öñüne tutmak bilen Gatnaşyjy-döwletler

maddy-tehniki kömegi barada ikitaraplaýyn ýa-da köptaraplaýyn şertnamalar ýa-da ylalaşyklar baglaşýarlar.

## Bap VII
## Durmuşa geçirmkligiñ mehanizmleri

### Madda 63. Konwensiýa Gatnaşyjy-döwletleriñ Konferensiýasy

1. Su Konwensiýa tarapyndan ykrar edilen maksatlara ýetmek üçin, şeýle-de şu Konwensiýanyñ amala aşyrylmagy we onuñ gidişine syn etmek üçin Gatnaşyjy-döwletleriñ mümkinçiliklerini giñeltmek we olaryñ arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmek maksady bilen Konwensiýa Gatnaşyjy-döwletleriñ Konferensiýasy esaslandyrylýar.

2. Milletler Guramasynyñ Baş Sekretary Konwensiýa Gatnaşyjy-döwletleriñ Konferensiýasyny şu Konwensiýa güýje gireninden bir ýyl geçeninden soñ çagyrýar. Konferensiýanyñ indiki maslahatlary Gatnaşyjy-döwletleriñ Konferensiýasynyñ kabul eden düzgünlerine laýyklykda geçirilýär.

3. Konwensiýa Gatnaşyjy-döwletleriñ Konferensiýasy şu maddada görkezilen işleriñ görnüşlerine gözegçilik edýän düzgünleri we kadalary kabul edýär, muña synçylaryñ gatnaşmagy we işlerini ýerine ýetirýän wagty olaryñ çykdajylaryny tölemek bilen baglanyşykly düzgunler hem degişlidir.

4. Konwensiýa Gatnaşyjy-döwletleriñ Konferensiýasy şu maddanyñ 1-nji punktunda beýan edilen maksatlara ýetmek üçin işleriñ ähli görnüşlerini, proseduralary we usullary ylalaşdyrýar, oña aşakdakylar degişlidir:

a) şu Konwensiýanyñ 60-njy we 62-nji maddalaryna we II-V Baplaryna laýyklykda, meýletin pul geçirmeleri mobilizlemegi höweslendirmekligi hem öz içine almak bilen Gatnaşyjy-döwletleriñ işlerine ýardam bermeklik;

b) Gatnaşyjy-döwletleriñ arasyndaky korrupsiýanyñ formalaryna we bu ugurda tendensiýalar baradaky maglumatlary, şeýle-de korrupsiýanyñ öñüni almaklygyñ we onuñ bilen göreş alyp barmaklygyñ we beýlekiler bilen bir hatarda şu maddada agzalan maglumatlary çap etmekligiñ üsti bilen jenaýatdan düşen girdejileri gaýtaryp bermekde üstünlikli usullary alyşmaklyga ýardam bermek;

ç) halkara we sebitara guramalar we mehanizmler, şeýle-de hökümet däl guramalar bilen hyzmatdaşlyk;

d) korrupsiýanyñ öñüni almak we onuñ bilen göreş alyp barmak maksady bilen beýleki halkara we sebitara mehanizmler tarapyndan taýyarlanylan maglumatlary gerekmejek işleri dublirlemekden (gaýtalamakdan) gaçmak üçin talabalaýyk ulanmak;

e) şu Konwensiýany onuñ Gatnaşyjy-döwletleri tarapyndan amala aşyrmaklyk baradaky meseläniñ yzygiderli seredilmegi;

ä) şu Konwensiýany we onuñ amala aşyrylmagyny kämilleşdirmeklige degişli görkezmeleri çykarmak;

f) şu Konwensiýanyñ amala aşyrylmagy we bu babatda zerur diýip hasap edýän islendik hereketler babatynda görkezmeleriñ çykarylyşy bilen baglanyşykly tehniki kömege bolan talaplaryñ hasabaty.

5. Şu maddanyñ 4-nji punktunyñ maksady üçin Gatnaşyjy-döwletleriñ Konferensiýasy şu Konwensiýany durmuşa geçirmekde Gatnaşyjy-döwletler tarapyndan kabul edilen çäreler, şonda gabat gelnen kynçylyklar, berlen magumatlaryñ esasynda we syn etmekligiñ şeýle goşmaça mehanizmleriniñ üsti bilen Gatnaşyjy-döwletleriñ Konferensiýasy tarapyndan döredip bilinjek zerur maglumatlary alýar.

**Madda 64. Sekretariat**

1. Milletler Guramasynyñ Baş Sekretary Konwensiýa Gatnaşyjy-döwletleriñ Konferensiýasyny zerur sekretariat hyzmaty bilen üpjün edýär.

2. Sekretariat:
a) şu Konwensiýanyñ 63-nji maddasynda aýdylýan işleri amala aşyrmak üçin Gatnaşyjy-döwletleriñ Konferensiýasyna kömek berýär, şeýle-de Gatnaşyjy-döwletleriñ Konferensiýasynyñ sessiýalaryny guraýar we zerur bolan hyzmat bilen üpjün edýär;

b). Gatnaşyjy-döwletlere haýyş edilen wagty Gatnaşyjy-döwletleriñ Konferensiýasynyñ maglumatlaryny bermekde şu Konwensiýanyñ 63-nji maddasynyñ 5-nji we 6-njy punktlarynda göz öñünde tutulan kömegi berýär; we

ç) beýleki halkara we sebitara guramalarynyñ sekretariatlary bilen zerur hyzmatdaşlygy üpjün edýär.

## Bap VIII
## Jemleýji düzgünler

**Madda 65. Konwensiýany durmuşa geçirmeklik**

1. Her Gatnaşýjy-döwlet özüniñ içki kanunçylygynyñ esasy ýörelgelerine laýyklykda şu Konwensiýa bilen bagly borçlarynyñ ýerine ýetirilmegini üpjün edýän kanunçylyk we administratiw çäreleri hem öz içine almak bilen zerur bolan çäreleri kabul edýär.

2. Her Gatnaşýjy-döwlet korrupsiýanyñ öñüni almak we onuñ bilen göreşmek üçin şu Konwensiýada göz öñünde tutulan çärelerden has berk çäreleri kabul edip biler.

**Madda 66. Jedelleri çozmeklik**

1. Gatnaşyjy-döwletler şu Konwensiýany düşündirmek ýa-da ulanmak bilen bagly jedelleri gepleşikleriñ üsti bilen çözmeklige çalyşýarlar.

2. Şu Konwensiýany düşündirmek ýa-da ulanmak bilen bagly islendik jedel göwnejaý wagtyñ dowamynda gepleşikleriñ üsti bilen çözüp bolmadyk ýagdaýynda bir Gatnaşýjy-döwletiñ haýyşy boýunça arbitraž seredilmegine iberilýär. Eger-de arbitraža ýüz tutulanyndan soñ alty aýyñ dowamynda bu gurama babatynda Gatnaşyjy-döwletler ylalaşyp bilmeseler, onda islendik Gatnaşyjy-döwletleriñ biri jedeli Suduñ Statusyna laýýyklykda arza bilen Halkara Suda ýüz tutup biler.

3. Her Gatnaşýjy-döwlet şu Konwensiýa babatynda gol çekmekde, ratifikasiýa, kabul etmekde ýa-da tassyklamakda ýa-da oña goşulmakda özüni şu maddanyñ 2-nji punktunyñ düzgünleri bilen bagly däldigini beýan edip biler. Beýleki Gatnaşýjy-döwletler şeýle bellik eden islendik Gatnaşýjy-döwlete degişlilikde şu maddanyñ 2-nji punktunyñ düzgünleri bilen bagly däldir.

4. Şu maddanyñ 3-nji punktuna laýyklykda bellik eden Gatnaşýjy-döwlet Birleşen Milletler Guramasynyñ Baş Sekretaryna maglumat ibermekligiñ üşti bilen ony islendik wagt aýryp biler.

**Madda 67. Gol çekmek, ratifikasiýa, kabul etmek, tassyklamak we goşulmak**

1. Şu Konwensiýa ähli Gatnaşyjy-döwletleriñ gol çekmegi üçin Meksikanyñ Merida şäherinde 2003-nji ýylyñ dekabr aýynyñ 9-dan 11-e çenli, ondan soñ bolsa 2005-nji ýylyñ 9-njy dekabryna çenli Nýu-Yorkda Birleşen Milletler Guramasynyñ Merkezi edaralarynda açyk.

2. Şeýle-de, şu Konwensiýa ykdysady integrasiýanyñ sebitara guramalarynyñ gol çekmekleri üçin, emma şu maddanyñ 1-nji punktuna laýyklykda şeýle guramalaryñ azyndan bir Gatnaşyjy-döwletiniñ şu Konwensiýa gol çekmeklik şerti bilen açykdyr.

3. Şeýle Konwensiýanyñ ratifisirlenmegi, kabul edilmegi we tassyklanylmagy hökmandyr. Ratifikasion hatlar ýa-da kabul etmeklik ýa-da tassyklamak baradaky resminamalar Birleşen Milletler Guramasynyñ Baş Sekretaryna saklamak üçin berilmelidir. Ykdysady integrasiýanyñ sebitara guramasy öz ratifikasion hatyny ýa-da kabul etmeklik ýa-da tassyklamak baradaky resminamany saklamak üçin berip biler, eger-de özüniñ Gatnaşyjy-döwletleriniñ azyndan biri şeýle hereket eden bolsa. Özüniñ ratifikasion hatynda ýa-da kabul etmeklik ýa-da tassyklamak baradaky resminamasynda şeýle gurama şu Konwensiýada görkezilen meselelerde özygtyýarlygy barada beýan etmelidir. Şeýle gurama depozitariýa öz ygtyýarlygynyñ islendik üýtgeşmesi barada habar bermelidir.

4. Şu Konwensiýa islendik döwletiñ ýa-da ykdysady integrasiýanyñ islendik sebitara guramasy üçin äcykdyr, munda azyndan bir Gatnaşyjy-döwlet bu Konwensiýa goşulmalydyr. Goşulmak baradaky resminamalar Birleşen Milletler Guramasynyñ Baş Sekretaryna saklamak üçin berilmelidir. Goşulan wagty ykdysady integrasiýanyñ sebitara guramasy şu Konwensiýada görkezilen meselelerde özygyýarlygy barada beýan etmelidir. Şeýle gurama depozitariýa öz ygtyýarlygynyñ islendik üýtgeşmesi barada habar bermelidir.

**Madda 68. Güýje girmeklik**

1. Şu Konwensiýa otuzynjy ratifikasion hatynyñ ýa-da kabul etmek, tassyklamak ýa-da goşulyşmak baradaky resminamanyñ saklanylmaga berlen senesinden togsan gün geçenden soñ güýje girýär. Şu punktuñ maksady üçin ykdysady integrasiýanyñ sebitara guramasyna saklamaklyk üçin berlen islendik şeýle hat ýa-da resminama, şeýle guramanyñ Gatnaşyjy-döwletleri tarapyndan saklamak üçin berlen şeýle hatlara ýa-da resminamalara goşmaça hökmünde seredilip bilinmez.

2. Şu Konwensiýany ratifisirleýän, kabul edýän ýa-da tassyklaýan her bir Gatnaşyjy-döwlet ýa-da ykdysady integrasiýanyñ sebitara guramasy ýa-da oña otuzynjy ratifikasion hatynyñ ýa-da şeýle hereket baradaky resminama saklanmaga berleninden soñ Konwensiýa şeýle hatyñ ýa-da resminamanyñ döwlet ýa-da gurama tarapyndan saklanmaga berleninden otuz günden soñ ýa-da şu maddanyñ 1-nji punktuna laýyklykda güýje giren senesinden ýagny haýsysynyñ güýji gijräk bolsa, şondan soñ güýje girýär.

**Madda 69. Düzedişler**

1. Konwensiýa güýje gireninden bäş ýyl geçenden soñ Gatnaşyjy-döwlet teklip girizip ony Birleşen Milletler Guramasynyñ Baş Sekretaryna iberip bilýär, ol bolsa öz gezeginde

teklip edilýän üýtgeşmäni Gatnaşyjy-döwletlere we Konwensiýa gatnaşýan döwletleriñ Konferensiýasyna şol teklip bilen tanyşmak we ol babatda karar çykarmak üçin iberýär. Gatnaşyjy-döwletleriñ Konferensiýasy her üýtgeşme boýunça ylalaşyk gazanmak üçin ähli tagallalar edýär. Eger-de ol tagallalar başa barmasa we ylalaşyk gazanyp bolmasa, onda iñ ahyrky çäre hökmünde, üýgeşmäni kabul etmek üçin Gatnaşyjy-döwletleriñ Konferensiýasynda bar bolan we ses bermeklige gatnaşýan Gatnaşyjy-döwletleriñ üçden iki bölegininñ ses bermekligi hökmandyr.

2.Öz ygtyýaryna girýän meselelerde ykdysady integrasiýasynyñ sebitara guramalary şu madda laýyklykda öz ses bermek hukugyny ýerine yetirýärler, şunda şu Konwensiýanyñ gatnaşyjylary bolan Gatnaşyjy-döwletleriñ sanyna deñ sesi bolmalydyr. Eger Gatnaşyjy-döwletleri öz ses bermek hukugyny amala aşyrsa, onda şeýle guramalar öz ses bermek hukugyna ýerine ýetirmeýärler we tersine.

3. Şu maddanyñ 1-nji punktuna laýyklykda kabul edilen üýtgeşme Gatnaşyjy-döwletler tarapyndan ratifikasiýa, kabul edilmekligi we tassyklanylmagy hökmandyr.

4. Şu maddanyñ 1-nji punktuna laýyklykda kabul edilen üýtgeşme şeýle üýtgeşmäniñ ratifikasion haty ýa-da onuñ kabul edilenligi we tassyklanylandygy baradaky resminamasynyñ Birleşen Milletler Guramasynyñ Baş Sekretaryna saklanylmaga berlen senesinden togsan gün geçeninden soñ Gatnaşyjy-döwlete degişlilikde güýje girýär.

5. Üýtgeşme güýje gireninden soñ, ol onuñ bilen bagly bolmaklyga razylyk bildiren Gatnaşyjy-döwletler üçin hökmany bolýar. Beýleki Gatnaşyjy-döwletler bolsa şol Konwensiýa we öñden ratifisirlenen, kabul edilen ýa-da tassyklanylan islendik üýtgeşmeler bilen baglanyşykly bolmaklygyny dowam etdirýärler.

**Madda 70. Denonsasiýa (Ýatyrmaklyk)**

1. Gatnaşyjy-döwlet şu Konwensiýany Birleşen Milletler Guramasynyñ Baş Sekretaryna ýazmaça habar bermekligiñ üsti bilen denonsirläp biler. Şeýle denonsasiýa Baş Sekretar habary alandan bir ýyl soñ güýje girýär.

2. Ähli Gatnaşyjy-döwleteler şu Konwensiýany denonsirlänlerinden soñ ykdysady integrasiýa boýunça sebitara guramasy şu Konwensiýanyñ gatnaşyjysy bolmaklygyny bes edýär.

**Madda 71. Depozitariý (Saklamaklyk) we diller**

1. Şu Konwensiýanyñ depozitarisi hökmünde Birleşen Milletler Guramasynyñ Baş Sekretary bellenilýär.

2. Şu Konwensiýanyñ asyl nusgasy biri-biri bilen des-deñ bolan iñlis, arap, ispan, hytaý, rus we fransuz dillerinde ýazylan tekstleri Birleşen Milletler Guramasynyñ Baş Sekretaryna saklamak üçin tabşyrylýar.

Biz, aşakda şu Konwensiýany tassyklap gol çekenler öz hökümetlerimiz tarapyndan rugsat berlen doly ygtyýarly wekiller.

# BMG-NYÑ KORRUPSIÝA GARŞY KONWENSIÝASYNYÑ TEHNIKI GOLLANMASY

## BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASY (BMG)
## New Ýork, 2009

Bu kitap öñ çap edilmedik.

**Minnetdarlyk sözi**

Bu Tehniki Gollanma Jenap Dimitri Wlassisiñ ýolabşçylygy astynda Birleşen Milletler Guramasynyñ Narkotik Serişdeleri we Janaýat boýunça Dolandyryş Edarasy we Hanym Anžela Ptrignani tarapyndan ýolabşçylyk edilýän BMG-niñ Adalatlylyk, Öñüni Alyş we Ahlak Bölümi (UNICRI) bilen bilelikde ýerine ýetirilen taslama tarapyndan taýyarlanyldy. Tehniki Gollanma Bilermenler Toparynyñ iki mejlisinde seredilip geçildi, ýagny 2006-njy ýylyñ maý aýynda Turinde geçen maslahatynda we 2006-njy ýylyñ sentýabr aýynda Wenada bolup geçen maslahatynda, şeýle-de Wenada Birleşen Milletler Guramasynyñ Narkotik Serişdeleri we Janaýat boýunça Dolandyryş Edarasy tarapyndan bu babatda işler alnyp baryldy.

Birleşen Milletler Guramasynyñ Narkotik Serişdeleri we Jenaýat boýunça Dolandyryş Edarasy tarapyndan şu aşakdaky hünärmenler bu taslamanyñ ýerine ýetirilmegine uly goşant goşdular:

-Sandro Kalwani, Müdir
-Anžela Patrignani, Adalatlylyk, Öñüni Alyş we Ahlak Bölüminiñ başlygy
-Jioaçino Polimeni, öñ müdir wezipesini ýerine ýetiren
-Andrea Raçele Fiore, maksatnamany ýerine ýetirýän jogapkär işgär
-Mehdi Baça, öñ maksatnamany ýerine ýetiren işgär
-Akeksis Franke, maksatnamany ýerine ýetirýän jogapkär işgäriñ kömekçisi

Birleşen Milletler Guramasynyñ Narkotik Serişdeleri we Jenaýat boýunça Dolandyryş Edarasy tarapyndan şu aşakdaky hünärmenler bu taslamanyñ ýerine ýetirilmegine gatnaşdylar:

-Dimitri Wlassis, Korrupsiýa we Ykdysady Jenaýat Bölüminiñ başlygy
-Stýuart Gilman, Ogurlanan serişdeleri yzyna gaýtaryp bermeklik boýunça edaranyñ müdiriniñ orunbasary
-Oliwer Stolpe, Adalatlylyk we Bütewilik Bölüminiñ başlygy
-Demostenes Çrissikos, Jenaýatyñ Öñüni Alyş we Jenaýat Adalatlylygy boýunça hünärmen

**Korrupsiýa we Ykdysady Jenaýat Bölümi:**

-Doroti Gottwald, Korrupsiýa we Ykdysady Jenaýat Bölüminiñ bilermeniniñ kömekçisi
-Elza Gopala-Krişan, Korrupsiýa we Ykdysady Jenaýat Bölüminiñ jenaýatyñ oñüni almak boýunça bilermeniñ kömekçisi
-Aleksandra Souza-Martins, Operasiýalar geçirmek boýunça edarasynyñ jenaýatyñ oñüni almak boýunça bilermeni

**Adalatlylyk we Bitewilik Bölümi:**
-Eleýn Birne
-Patrik Mak Gowan
Birleşen Milletler Guramasynyñ Narkotik Serişdeleri we Jenaýat boýunça Dolandyryş Edarasy we BMG-niñ Adalatlylyk, Öñüni Alyş we Ahlak Bölümi (UNICRI) Tehniki Gollanmanyñ işläp taýyarlanmagyna öz goşandyny goşan şu aşakdaky bilermenlere öž minnetdarlygyny bildirýär:

-Alan Bakareze
-Alan Doig
-Gilýermo Jorj
-Maýkl Kubisil

Tehniki Gollanmany işläp taýyarlamakda maliýe serişdelerini göýberen we goldaw beren Amerikanyñ Birleşen Ştatlarynyñ Döwlet Departamentine, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasyna we Cassa di Risparmio di Torino Fonduna (Fondazione CRT) aýratyn sag bolsun aýtmak isleýäris.

**Mazmuny**

**Sah.**

**GIRIŞ** **66**
**Bap II** **68**
**Korrupsiýanyň öňüni alyş çäreleri**

**Madda 5. Korrupsiýanyň öňüni alyş we garşy durmaklygyň syýasaty we tejribesi** **68**
**Madda 6. Korrupsiýnyň öňüni almak we oňa garşy göreş alyp barmak boýunça edara we edaralar** **72**
I.Syn
II. Tejribe meseleler we çözgütler
II. 1. Korrupsiýa garşy iş alyp barýan edara ýa-da edaralar
II. 2. Mandat we ygtyýarlyklar
II. 3. Borçlar
II. 4. Garaşsyzlyk we hasabatlylyk
II. 5. Serişdeler
II. 6. Ýöriteleşdirilen edaranyň işgärleri we olary taýýarlamaklyk

**Madda 7. Jemgyýetçilik Sekretary** **77**
I. Syn
II. Terjribe meseleler we çözgütler
II.1 Jemgyýetçilik işgärleriniň işe alynmagy, hakyna işe alynmagy, olaryň iş ýerinde saklanylmagy, ýokary wezipä çekilmegiň we pensiýa çykmaklygyň netijeli, açyk we obýektiw ulgamlary
II.2. Korrupsiýa babatynda gowşak hasap edilýän wezipelere işgärleri saýlamaklyk we olary taýyarlamaklyk boýunça işler
II.3. Talabalaýyk iş haky we iş hakynyň ululyklary
II.4. Ahlak kadalary babatynda jemgyýetçilik işgärlerine okuw geçirmeklik
II.5. Jemgyýetçilik edarasyna işe girmeklik ücin dalaşgärler we olary saýlamaklygyň ölçegleri
II.6. Kompaniýa geçirmekligiň we syýasy partiýany maliýeleşdirmekligiň açyklygy
II.7. Açyklyk we gyzyklanmalaryň gapma-garşylygynyň öňüni almaklyk

**Madda 8. Jemgyýetçilik wezipe ýolbaşçylaryň özüni alyp barmagynyň kodeksi** **82**
I.Syn
II. Tejribe meseleleri we çözgütler
II.1. Wezipe işgärleriň arasynda dogruçyllygy, hallallygy we jogapkärçiligi wagyz etmeklik
II.2. Özüňi alyp barmaklygyň ölçegleri we özüňi alyp barmaklygyň kodeksi
II.3. Ulanmak mümkinçiligi
III. Wezipeli işgärler tarapyndan korrupsiýa hereketleri barada habar bermeler
IV. Aýan etmeklik ulgamy
V. Temmi çäreleri

**Madda 9.Jemgyýetçilik satyn almalar we jemgyýetçik maliýe serişdelerini dolandyrmak** **90**
I. Syn
II. Tejribe meseleler we çözgütler
II.1. Hemaýat bermeklik
II.2. Ýörelgeler
II.1.2. Aýdyňlygy güýçlendirýän çäreler
II.1.3. Tender geçirmekligiň we gözegçilik etmekligiň düzgünleri

II.1.4. Satuwlary geçirmek üçin jogapkär işgärler
II.2. Döwlet býujeti
II.2.1. Döwlet pul maýalaryny dolandyrmak
II.2.2. Ýyllyk döwlet býujetlerini tassyklamaklygyň hukuk tertibi
II.2.3. Girdejiler we çykdajylar hakynda öz wagtynda hasabatlary taýýarlam
II.2.4. Buhgalteriýa hasabaty, audit we gözegçilik
II.2.5. Töwekgelçiligi dolandyrmak we içerki gözegçilik ulgamlary
II.2.6. Degişli resminamalaryñ dolulygyny saklamak boýunça çäreler

**Madda 10. Jemgyýetçilik hasabatlylygy** **103**
I Syn
II. Tejribe meseleler we çözgütler
II.1. Döwleti dolandyrmakda aýdyňlygy güýçlendirmekligiñ çäreleri
II. 2 Döwlet dolandyryşa degişli maglumatlaryñ elýeterliligi
II.3. Ýönekeýleşdirilen dolandyryş prosedularyñ üsti bilen çözgüt kabul edýän edaralara bolan elýeterlilik
III. Korrupsiýanyň ýüze çykmak howpuny hem hasaba almak bilen yzygiderli geçirilýän jemgiýetçilik hasabaty

**Madda 11. Kazyýet we Prokuratura organlaryna degişli çäreler** **107**
I. Syn
II. Tejribe meseleler we çözgütler
II 1. Kazylaryň dogruçyllygyny güýçlendirmek üçin cäreler
II.2. Kazyýet häkimiýetinde korrupsiýanyñ öňüni alyş çäreleri
II.3. Kodeksler we ülńeler
II.4. Prokurorlaryń wyždanlylygyny ýokarlandyrmak çäreleri
II.5. Prokuratura ulgamynda korrupsiýa jenaýat ýüze çykmalarynyñ öńüni alyş çäreleri
II. 6. Prokurorlaryń özlerini alyp barmaklarynyń kodeksleri we ülńeleri

**Madda 12. Hususy sektor** **114**
I.Syn
II. Meseleler we çözgütler
II.1. Hususy sektora degişli korrupsiýa jenaýatlaryń öňüni alyş çäreleri
II.2. Hasabat ýöretmegiń we barlag geçirmegiń standartlaryny ýokarlandyrmagyń ýollary
II. 3. Hususy edaralara garşy raýat, administratiw we jenaýat temmileri
II.4. Hukuk goraýjy edaralar bilen hususy sektoryń arasyndaky hyzmatdaşlygy berkitmegiń ýollary
II.5. Hususy sektoryń bütewiligini goramagyń ülńeleri we düzgünleri
II.6. Korporatiw edaralary döretmekde we dolandyrmakda aýdyňlyk
II.7. Hususy kärhanalaryń işini utgaşdyrýan düzgünleriñ bikanun peýdalanylmagynyń öňüni almak
II.8. Wezipeli adamlaryń hökümet işinden çykanlaryndan soń hususy sektorda işe durmaklaryny çäklendirýän şertler
II.9. Içki audit barlagy we şahadatnama bermekligiń tertibi
II.10. Kitaplaryń, resminamalaryń, maliýe hasabatlarynyń, buhgalter depderleriniń we audit barlaglara degişli maglumatlaryń saklanylyşy
II.11. Para we olar bilen baglanyşykly harajatlara salgyt eglişikleriniń berilmegini gadagan etmeklik

**Madda 13. Jemgyýetiň gatnaşmagy** **120**
I. Syn
II. Tejribe meseleler we çözgütler

II.1. Jemgyýetiñ korrupsiýanyñ öñüni almaga gatnaşmagyny işjeñleşdirmek
II.2. Jemgyýetçiligiñ korrupsiýa barada habarlylygyny ýokarlandyrmaklyk
II.3. Çözgütleri kabul etmeklik işine köpçüligiñ gatnaşygyny işjeñleşdirmeklik
II.4. Jemgyýetçilik maglumatlary we bilim
II.5. Korrupsiýa we onuñ çäklendirilmelerine degişli maglumatlary gözlemek, almak, çap etmek we ýaýratmak azatlygy
II.6. Köpçuligiñ korrupsiýa garşy göreşýän edaralar hakyndaky habarlylygyny ýokarlandyrmaklyk
II.7. Maglumatlaryñ köpçulige elýeterliligi
II.8. Korrupsiya barada (anonim) habar bermeklik

**Madda 14. Pul serişdeleriniñ "ýuwlup alynmagynyň" öňüni alyş çäreleri** **122**
I.Syn
II.Meseleler we çözgütler
II.1. Pul serişdeleriniñ "ýuwlup alynmagyna" garşy institusion çäkleri saýlamaklyk
II.2. Öñüni alyş borçnamalar kime degişli bolmaly?
II.3. Döwlet tarapyndan dolandyrylýan edaralar ýa-da işler üçin iñ az talaplar nämeden ybarat?
II.4. Hasabat bermekligi goldamaklyk
II.5. Maliýe maglumatlaryny alyşmaklyk
II.6. Nagt pullaryñ serhediñ daşyndaky hereketi we dolanşyk resminamalary
II.7. Pul geçirmeler
II.8. Amala aşyrmaklyk

**JENAÝATA ÇEKILME WE HUKUK GORAÝJYLYK** **136**
**(Bap III, maddalar 15-42)**

**Madda 15. Milli jemgyýetçilik wezipe ýolbaşçylaryny satyn almaklyk**

**Madda 16. Daşary yurt jemgyýetçilik wezipe işgärlerini we jemgyýetçilik edaralarynyň wezipeli işgärlerini satyn almaklyk**

**Madda 17. Jemgyýetçilik wezipeli işgäri tarapyndan edilen ogurlyk, emlägi bikanun haýryna geçirmeklik ýa-da başga maksat bilen ulanmaklyk**

**Madda 18. Betnebis maksatlar bilen täsirden hyýanatçylykly peýdalanmak**

**Madda 19. Gulluk ýagdaýdan hyýanatçylkly peýdalanmak**

**Madda 20.Bikanun baýamaklyk**

**Madda 21. Hususy sektorda satyn almaklyk**

**Madda 22.Hususy sektorda emlägiň ogurlanmagy**

**Madda 23. Jenaýat işlerinden düşen girdejileriň ýuwlup alynmagy**

**Madda 24. Ýaşyrmaklyk**

**Madda 25. Adalatlylygyň amala asyrylmagyna päsgelçilik bermek**

**Madda 26. Ýuridiki şahslaryň jogapkärçiligi**

**Madda 27.Gatnaşmak we kast etmeklik**

**Madda 28. Düşünmeklik, niýet we meýil jenaýatyñ elementleri hökmünde**

**Madda 29. Möhlet muddeti**

**Madda 30. Yzarlanma. Kazyýet çözgüdini çykarmaklyk we sanksiýalar 136**
I.Syn
II. Meseleler we çözgütler
II.1. Jenaýatyň agyrlygyny nazara alýan sanksiýalar
II.2. Immunitetler we aýratyn hukuklar
II.3. Öz garamagyňa görä hereket etmek ygtyýarlygy
II.4. Tussaglykdan boşatmaklyk ýa-da kazyýete gaýtadan ýüzlenmek baradaky kararlar
II.5. Şahsyýetiň ýýl kesilen möhletinden öň ýa-da şertleýin boşadylmagy
II.6. Wezipeden boşatmak, wagtlaýyn aýyrmak we başga wezipä geçirmek
II.7. Kwalifikasiýadan mahrum etmeklik
II.8. Şahsyýetiň jemgiýetdäki ornunyň dikeldilmegi

**Madda 31. Işleri wagtlaýyn togtatmaklyk, tussag etmeklik we konfiskasiýa etmeklik (emläkden mahrum etmeklik) 145**
I. Syn
II. Konfiskasiýanyñ görnüşleri
III. Konfiskasiýanyñ modelleri
IV. Haýsy gazançlar konfiskasiýa etmeklige degişli diýlip hasaplanýar?
V. Konfiskasiýanyñ bolup biljek ýagdaýynda görülmeli çäreler
VI. Kazyýetiň çykaran kararynyň ýatyrylmagy/subut etmekligiň kynçylygyny ýeñilleşdirmek
VII. Halal üçünji taraplaryň goralmagy

**Madda 32. Şaýatlaryň, ekspertleriň we zyýan çekenleriň goralmagy 154**
I. Syn
II. Tejribe meseleler we çözgütler
II.1. Şaýatlar we bilermenler, olaryň garyndaşlary we beýleki golaý adamlar
II.2. Netijeli gorag
III. Beýleki ýurtlar bilen ylalaşyklar we bilelikdäki çäreler
IV. Jenaýatdan zyýan çekenler

**Madda 33. Maglumat toplan şahslaryň goralyşy 158**
I. Syn
II. Meseleler we çözgütler
II.1. Syýasatyń çäkleri
II.2. Wezipeli adamlary çekmeklik
II.3. Jemgyýetçiligi çekmeklik
II.4. Şikaýaty kime ýollamaly?
II.5. Jenaýat barada habar bermekligiń ölçegi
II.6. Habar berýän şahsyýetleri goramaklyk

**Madda 34. Korrupsion hereketleriň netijeleri 162**
I. Syn
II. Tejribe meseleler we çözgütler
II.1. Çäreleriń görnüşleri
II.2. Goramaga esasy ünsi bermek
II.3. Görülýän çäreleriń ählisiniń içerki kanuna laýyk gelmeklerini üpjün etmek

**Madda 36. Ýöriteleşdirilen edaralar** **165**
I.Giriş
II. Meseleler we çözgütler
II.1. Ýöriteleşdirilen edaranyñ haýsy görnüşi
II.2 Ýöriteleşdirilen edaralaryñ ýokary gymmaty we roly
II.3 Garaşsyzlyk we serişdeler

**Madda 37. Hukuk goraýjy edaralar bilen hyzmatdaşlyk** **169**
I. Syn
II. Tejribe meseleler we çözgütler
II.1. Işe dahylly maglumatlar
II.2. Jezanyñ ýeñilleşdirilmegi
II.3. Immunitet hukugy
II.4. Gatnaşyjy döwletleriñ arasyndaky ylalaşyklar we çäreler

**Madda 38. Milli edaralaryñ arasyndaky hyzmatdaşlyk** **173**
I.Syn
II. Tejribe meseleler we çözgütler

**Madda 39. Döwlet edaralary bilen hususy sektoryñ arasyndaky hyzmatdaşlyk** **174**
I.Syn
II.Meseleler we çözgütler

**Madda 40: Bank syry** **175**
I.Syn
II. Meseleler we çözgütler
II.1. Bank gizlinligiň çägiňden çykmak hukugy kime, haýsy ýagdaýda we näme maksat bilen berilýär?
II.2. Bank syryny haýsy ýagdaýlarda açmak rugsat edilýär?
II.3. Maglumatlaryň awtomatik ýa-da sorama esasynda elýeterli etmeklik
II.4. Merkezleşdirilen maglumat toplumlaryň ulanylmagy
II.5. Ýüzlenmeleriň mazmuny
II.6. "Öz müşderiňi we hasabyň hakyky eýesini bil" diýlen öňüni alyş ýörelgeleriň durmuşa geçirilmegi
II.7. Bank syry we hünarmenler

**Madda 41: Kriminal hasabatlar** **180**
I. Syn
II. Tejribe meseleler we çözgütler

**Madda 42: Hukuk ulgamy** **181**
I. Syn
II. Tejribe meseleler we çözgütler
II. 1. Jenaýat Gatnaşyjy-döwletiň çäklerinde edilen bolsa
II.2. Jenaýat Gatnaşyjy-döwletiň raýatynyň garşysyna edilen bolsa
II.3. Jenaýat şol Gatnaşyjy-döwletiň raýaty ýa-da şol döwletiň çäklerinde ýaşaýan raýatlygy bolmadyk adamyň tarapyndan edilen bolsa
II.4. Pul ýuwulmaklygy taýýarlamak bilen bagly jenaýatlara degişli ýurisdiksiýa
II.5. Jenaýat Gatnaşyjy-döwletiň garşysyna edilen bolsa
II.6. **Kriminal ýurisdiksiýanyň "aut dedere aut judicare" (ýa bermeklik ýa-da kazyýet işine çekmeklik) ýörelgesiniň esasynda jenaýat ýurisdiksiýasynyň amala aşyrylmagy**

**Madda 43: Halkara hyzmatdaşlyk** **187**
I. Syn
II. Meseleler we çözgütler
II.1. Iki taraplaýyn jenaýatlaryň kesgitlenmeginiň aýratyn meselesi
II.2. Merkezi ýa-da ygtyýarly dolandyryş edaralaryň gatnaşmagy
II.3. Hyzmatdaşlygyň usullary
II.4. Jenaýat işleri bilen bagly halkara hyzmatdaşlykda mümkinçilikleri üpjün etmekligiň we tejribe meseleleri çözmekligiň ýollary we usullary
II.5. Mümkinçilikleri döretmek
III. Barlag sanawy

**Madda 44: Jenaýat eden adamy bermeklik** **194**
I. Syn
II. Meseleler we çözgütler
II.1. Bar bolan meselelere garamak
II.2. Üýtgeşmeleri girizmek
II.3. Paş etme boýunça hukuk ulgamyny düzgünleşdurmek
II.4. Düzgünleriñ kamilleşdirilmegi
III. Barlag sanawy

**Madda 45: Höküm çykarylan adamlaryñ bir ýerden başga ýere geçirilmegi** **202**
I.Syn
II. Meseleler we çözgütler
II.1. Hukuk ulgamy
II.2. Jenaýatçylaryñ geçirilmeginiñ şertleri
II.3. Geçirilmeler we hökümler
II.4.Maglumat
III.Barlag sanawy
**Madda 46: Özara hukuk kömegi** **205**
I. Syn
II. Meseleler we çözgütler
II.1. Häzirki meseleleri çözmäge synanyşyk
II.2. Ýüze çykyp biljek meselelere jogaplar
II.3. Beýleki degişli Konwensiýalar bilen utgaşyklyk
II.4. Täze özgerişler
II.5. Täze ýeñilleşdiriji mehanizmler
III. Barlag sanawy

**Madda 47. Jenaýat boýunça kazyýet işlerini geçirmeklik** **218**
I.Syn
II. Meseleler we çözgütler
II.1. Geçirmeklik hakyndaky çözgütler üçin syýasy ölçegler
III.Kazyýet işlerini geçirmek üçin tejribe ölçegler
IV. Barlag sanawy

**Madda 48: Hukuk goraýjy edarlar bilen hyzmatdaşlyk** **220**
I.Syn
II. Meseleler we çözgütler
II.1. Çözülmeli meseleler
II.2 Hyzmatdaşlygyn ugurlary
II.3. Hyzmatdaşlygyñ serişdeleri
III. Barlag sanawy

**Madda 49: Bilelikdäki derñew işleri** **225**
I. Syn
II. Meseleler we çözgütler
II.1. Operatiw meseleler
II.2. Çarçuwa taýýarlamak
II.3. Bilelikdäki operasiýalaryñ meýilleşdirilmegi
III. Barlag sanawy

**Madda 50: Ýörite derñew usullary** **227**
I.Syn
II. Meseleler we çöžgütler
II. 1. Howpsuzlyk çäreleri
II.2. Çeşmeler/ tehnologik habarlylyk
II.3. Subutnamalaryñ ýol bererligi
II.4. Usullar
II.4.1. Tehniki gözegçilik etmeklik-telefonlary gizlin diñlemeklik, gizlin gözegçilik üçin kiçi göwrümli apparaturalary ulanmaklyk
II.4.2. Fiziki gözegçilik we yzarlamalar
II.4.3. Gizlin operasiýalar we duzak operasiýalaryny ulanmak
II.4.4. Maglumat berijiler
II.4.5. Dogruçyllyk barlagy
II.4.6. Maliýe geleşiklerine gözegçilik etmek
II.5. Degişli Konwensiýalar
III.Barlag sanawy

**Husussy serişdeleri gaýtaryp bermeklik**
**(Bap V, maddalar 51-59)**

**Madda 51: Umuny ýörelge** **232**
**Madda 52: Jenaýat işden gazanylan girdejileriň ýaýradylmagynyñ (geçirilmeginiñ) öňüni almak we ýüze çykarmak**
I.Syn
II.Tejribe meseleler we çözgütler
II.1. Müşderiniň şahsyýetiniň anyklanylmagy
II 2.Wajyp hasaplaryň asyl eýeleriniň şahsyýetini kesgitlemek
II.3.Syýasy tarapdan goralmadyk şahsyýtleriň hasaplarynyň güýçlendirilen barlagy
II 4. Içerki maliýe edaralaryna bolan güýçlendirilen barlaga degişli maslahatlar
II.5.Ýazgylaryň alnyp barylmagy
II.6.Galp banklaryň döredilmegi we olar bilen korrespondent aragatnaşygyny ýola goýmaklygynyň öňüniñ alynmagy
II. 7. Degişli wezipeli işgärler üçin maliýe maglumatlary açmaklygyň ulgamy
II. 8 Wezipeli işgärler we daşary ýurt hasaplar

**Madda 53: Emlägiň gönüden -göni gaýtarylyp berilmegi üçin çäreler** **242**
I. Syn
II Meseleler we çözgütler
II.1. Hususy hukugyň kepili
II.2. Parahorlyk jenaýat işiň netijesinde girdejiniň öwezini doldurmak
II.3. Eýeçiligiñ daşary ýurt konfiskasiýa işinde dikeldilmegi

**Madda 54: Konfiskasiýa etmekde halkara hyzmatdaşlygyň üsti bilen emlägi yzyna gaýtarmaklygyñ mehanizmleri** **245**
I.Syn

II. Tejribe meseleler we çözgütler
II.1. Daşary ýurt emlägi konfiskasiýa etmek baradaky kararyñ ýerine ýetirmekligiñ mümkinçiligi
II.2. Haram pullary ýuwmak we beýleki jenaýatlara esaslanan daşary ýurt korrupsiýa üsti bilen gazanylan emlägiñ konfiskasiýa edilmegi
II.3. Günäñi ykrar etmezden emlägiñ konfiskasiýa edilmegi
II.4. Emlägiñ bolup biljek konfiskasiýasyndan öñ görülýän deslapky çärele

**Madda 55: Emlägi almak maksady bilen halkara hyzmatdaşlyk 248**

**Madda 56: Ýörite hyzmatdaşlyk 248**
I. Syn
II. Tejribe meseleler we çözgütler

**Madda 58: Maliýe Agtarma Bölümi (MAB) 249**
I. Syn
II. Tejribe meseleler we çözgütler
II.1. Maliýe Agtarma Bölümleriñ tutýan orny
II.2. Maliýe Agtarma Bölümleriñ administratiw görnüşleri
II.3. Maliýe Agtarma Bölümleriñ görnüşleri: hukuk goraýjy edaralar
II.4. Maliýe Agtarma Bölüminiñ hukuk goraýjy häkimiýet ýa-da prokuratura bilen bagly bolan görnüşi
II.5. Maliýe Agtarma Bölüminiñ görnüşleri: gibrid

**Madda 59: Ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn ylalaşyklar we çäreler 254**
I. Syn
II. Tejribe meseleler we çözgütler

# GIRIŞ

Birleşen Milletler Edarasynyň Korrupsiya garşy Konwensiyasy dünýäde korrupsiya bilen göreşmekligiň ilkinji kanuny guralydyr. 2003-nji ýylyň 31-nji oktyabrynda BMG-nyñ Baş Assambleyasy tarapyndan 58/4 belgili Rezolusiýa Kabul edildi we 2005-nji ýylyň 14-nji dekabrynda güýje girdi.

Su güne çenli bu Konwensiyanyň 122 döwlet tarapyndan ykrar edilmegi halkara jemgyýetiniň ony ýerine ýetirmäge bolan meýillerini we isleglerini doly açyp görkezdi. Konwensiyanyň maksatlary korrupsiya bilen netijeli göreşmeklik çärelerine yardam bermek we pugtalandyrmak; korrupsiyanyň öňüni almak we göreşmek babatynda yardam bermek, gerekli serişdeler bilen üpjün etmek we halkara hyzmatdaşlygy goldamak we tehniki kömegini bermek, şeyle-de bu ugurda bileleşmeklige ýardam etmek, edilýän işleriň hasabatyny ýöretmek, we jemgyýetçilik we hususyýetçilik işlerini dogry dolandyrmak. Konwensiya korrupsiya bilen baglanyşykly düzgünbozmalaryň (jenayatlaryň) görnüşleriniň tassyklanylmagyny talap edýär we olaryň öňüni almaklygyna degişli ýörite baplar bagyşlanýar. Wajyp ähmiýet korrupsiya bilen göreşmeklikde halkara hyzmatdaşlygyň güýçlendirilmegine berilýär, bu babatda gowy netijeleri gazanmaklykda täzeçil we geljegi gowy üpjünçilige, şeýle-de tehniki kömege we çäreleriň ýerine ýetirilişine uly üns berilýär.

Häzirki BMG-nyň Korrupsiya garşy Konwensiyasyny amala aşyrmaklygyny üpjün etjek Tehniki Gollanma BMG-nyň Neşe serişdelerine we Jenayata garşy iş alyp barýan Edarasynyň we BMG-nyň Sebitara Jenayat we Yustisiya (Adylýýet) ylmy-Barlag Instituty (UNICRI) tarapyndan bilelikde alnyp barlan işleriň netijesidir we döwletler tarapyndan Konwensiyany ýerine ýetirmeklik üçin işlenilip taýyarlanylandyr. Dünýä yurtlarynyň hünärmenlerinden düzülen ekspertleriň (bilermenleriň) topary Gollanmanyň mazmunynyň taslamasyny işläp taýyarlamak boyunça iki ýygnanyşyk geçirdi, birinjisi 2006-njy ýylyň may aýynda Italiyanyň Turin şäherinde, ikinjisi bolsa, 2006-njy ýylyň sentyabr aýynda Awstriyanyň paýtagty Wenada bolup geçdi. Gollanmanyň ahyrky görnüşi işlenilip taýyarlanylanda giňişleýin maslahatlaşyklaryň netijesinde sekretariata gelip gowşan bellikler, duzedilişikler, hem-de teklipler göz öňünde tutuldy.

2006-nji ýylda Konwensiyany durmuşa geçirmek maksady bilen Kanunçylyk Gollanmasy işlenilip düzüldi, häzirki Tehniki Gollanma bolsa korrupsiya bilen göreş alyp baryan hukukçylar, Konwensiyanyň maddalarynyň hereket etmegi üçin iş alyp barmaklygyň tehniki maslahaty berýär, gurallar we iň gowy tejribeler babatynda maslahat berýän ygtyýary bolan edaralar üçin niýetlenendir. Bu iki Gollanma biri-birini doldurýar: Kanunçylyk Gollanmasy döwletlerde Konwensiýany ykrar etmek we durmuşa geçirmek babatynda iş alyp barýan kanunçykaryjylara we syýasatçylara ulanmak üçin niýetlenen. Tehniki Gollanma bolsa döwletleriň zerur bolan milleti kanunçylyk üýtgeşmeleri bilen baglanyşykly bolman, eýsem bu babatynda alnyp barylyan syýasaty açyp görkezmek, konwensiyany doly we netijeli durmuşa geçirmeklik babatynda alnyp barylyan işler bilen baglanyşyklydyr.

Tehniki Gollanma we Kanunçylyk Gollanmasy doly suratda biri-birini doldurýar diýip aýtmak bolar. Sonuň üçin köp ýagdaýlarda Tehniki Gollanma Kanunçylyk Gollanmasyna salgylanýar esasan hem jenayatçylyk bilen baglanyşykly yagdaylara bagyşlanan III Bapda we Konwensiýanyň V Baby. Islendik ýagdaýda Gollanmalaryň ikisi hem bilelikde ulanylyp bilner, sebäbi olaryň ikisi-de konwensiýany amala aşyrmak babatynda bu ugurdan bilimleri artdyrmakda, bilelikde iş alyp baryan edaralara, esasan-da, korrupsiýa garşy göreş alyp baryan edaralara, kanunçykaryjy we kanungoraýjy edaralara uly goldaw bolar.

Meselä bilelikde seretmeklik we iki Gollanmanyñ ulanylyşy Gatnaşyjy-döwletlere we Sekretariata wajyp atrykmaçlyk getirer: bir tarapdan, Konwensiýanyñ düzgünlerini doly düşünilmegini talap ediliýän milli häkimiýet organlary Gollanmalaryñ maslahat beriş çäkleriniñ bolmaklygyndan haýyr alarlar. Beýleki bir tarapdan, Sekretariat Konwensiýany doly amala aşyrmak üçin niýetlenilen syýasatyñ has giñ göwrümini we institusion meseleleri öz içine alýan hemmetaraplaýyn tehniki kömek çäreleri üçin peýdaly esas hökmünde Gollanmalary ulanyp biler.

Şu Gollanmanyñ maksady her Gatnaşyjy-döwlete zerur bolan syýasy mümkinçilikleriñ we düşünjeleriñ göwrümini meýilleşdirmek ýa-da islese, Konwensiýany durmuşa geçirmek babatynda milli tagallalary göz öñünde tutup bilerler. Şeýlelikde, Gollanma diñe şu Konwensiýanyñ amala aşyrylmagy bilen baglanyşykly meseleleri öñe sürmeklige we esasy üns bermeklige niýetlenendir hem-de milli syýasatçylar üçin goşmaça ýa-da hemmetaraplaýyn maslahat berýän material hökmünde, esasan hem dürli hukuk ulgamlary we däp-dessurlary we Gatnaşyjy-döwletleriñ arasyndaky institusion mümkinçilikleriñ üýtgäp durýan derejeleri jähtden asla ulanylmaly däldir.

Gollanmanyñ gurluşy babatynda aýdylanda, ilki Konwenşiýanyñ mazmuny beriliýär, soñra bolsa onuñ her bölegi boýunça edilmeli hereketleriñ beýany aýry-aýry bap görnüşinde beriliýär. Konwensiýanyñ esasy dört ýörelgesi (öñüni almaklyk, kriminalizasiýalaşmaklyk, ýagny jenaýat hereketine goşulmaklyk, hukukgoraýj, halkara hyzmatdaşlyk we serişdeleriñ yzyna alynmagy) korrupsiýa garşy hemmetaraplaýyn we köpugurly strategiýasyny düzýän elementlerdir.

Konwensiýanyñ düzgünleriniñ giñ we hemmetaraplaýyn göwrümi has jikme-jik beýan edilen serişdeleri talap edýär. Konwensiýa hemaýat berýän Birleşen Milletler Guramasynyñ Neşe serişdelerine we Jenaýata garşy gullygy, Gatnaşyjy-döwletleriñ Konferensiýasynyñ Sekretariaty we BMG-nyñ Sebitara Jenaýat we Yustisia ylmy-barlag instituty, BMG-nyñ jenaýatyñ öñüni almak babatynda esasy ylmy işleri ýerine ýetirýän edara hökmünde hyzmatdaşlar bilen bilelikde şeýle serişdeleriñ doly göwrümini işläp taýýarlamak işini dowam eder.

## KORRUPSIÝANYŇ ÖŇÜNI ALMAK BOÝUNÇA ÇÄRELER
## (Bap II, maddalar 5-14)

### Madda 5. Korrupsiýanyň öňüni alyş we garşy durmaklygyň syýasaty we tejribesi

*1. Her Gatnaşyjy-döwlet öz kanuny ulgamynyň esasy ýörelgeleri bilen baglanyşykly jemgyýetiň gatnaşmaklygyna hemaýat berýän we hukuk düzgüniniň ýörelgelerini açyp görkezýän, jemgyýetçilik işleri we jemgyýetçilik emläginiň talabalaýyk dolandyrylyşyna, halallyga we para almazlyga, açyklylyga we jogapkärçilige hemaýat berýän, korrupsiýa garşy göreş alyp barýan koordilirlenen syýasaty işläp taýýarlaýar we netijeli amala aşyrýar.*

*2. Her Gatnaşyjy-döwlet korrupsiýanyň öňüni almaklyga niýetlenen tejribeleriň netijeli görnüşleriniň ýola goýulmagyny we bu işi alyp barmaklygy höweslendirmegi niýet edinýär.*

*3. Her Gatnaşyjy-döwlet korrupsiýanyň öňüni almaklyk we onuň bilen göreş alyp barmaklyk babatynda hukuk resminamalaryna we administratiw çärelere olaryň talabalaýyklygy nukdaýnazaryndan yzygiderli baha bermeklige çemeleşýär.*

*4. Gatnaşyjy-döwletler şu maddada görkezilen çäreleri işläp taýýarlamaga we amala aşyrmaga hemaýat bermekde zerur ýagdaýlarda we öz hukuk ulgamlarynyň esasy ýörelgelerine laýyklykda biri-birleri bilen we bu ugurda iş alyp barýan halkara we sebitliýin edaralary bilen bilelikde iş alyp barýarlar. Bu aragatnaşyk korrupsiýanyň öňüni almaklyga gönükdirilen halkara maksatnamalaryna we taslamalara gatnaşmaklygy hem öz içine alyp biler.*

### I.Syn

5-nji maddada her Gatnaşyjy-döwlet Konwensiýanyň talap edişi ýaly korrupsiýanyň öňüni almak boýunça doly göwrümli strategiýany güýçlendirmekligiň we durmuşa geçirmekligiň üsti bilen korrupsiýanyň öňüni almaklygyň giň göwrümli işlerini ýaýbaňlandyrmaly. Muny hukuk düzgüniniň ýörelgelerini açyp görkezýän, jemgyýetçilik işleri we jemgyýetçilik emläginiň zerur bolan dolandyrylyşyna, bileleşige, açyklyga we hasabatlylyga hemaýat bermekligiň üsti bilen gazanyp bolar.

Soňra, her Gatnaşyjy-döwletden korrupsiýa garşy sazlaşykly we utgaşdyrylan strategiýany güýçlendirmek üçin şoňa degişli institusion, hukuk we prosesual üpjün edilýän düzgünleriň seredilmegine synanyşyk etmeklik haýyş ediler. Bu iş ýerine ýetirilen wagty, strategiýanyň üstünlikli meýilleşdirilmegi we amala aşyrylmagy üçin oňa gyzyklanýan edaralaryň, raýat jemgyýeti edaralaryň we hususy sektoryň giň göwrümini çekmeklik maslahat berilýär. Gatnaşyjy-döwlet gowy tejribeleri alyşmak, sebitara we halkara derejede hyzmatdaşlygy üpjün etmek we biri-birini goldamak üçin beýleki Gatnaşyjy-döwletler bilen işleşmeli.

### 1.Tejribe meseleler we çözgütler

Bu madda korrupsiýanyň öňüni almak babatyndaky hereketiň umumy düzgünlerine seredýär. Bu meseleleriň giň göwrümini öz içine alýan maddadyr, ýagny, jemgyýetçilik işlerini dogry dolandyrmaklyk (madda 9), jemgyýetçilik sektoryndaky açyklyk (madda 10), hususy sektorynda korrupsiýanyň öňüni almaklyk (madda 12) we jemgyýetiň gatnaşmaklygy (madda 13). Gatnaşyjy-döwletler dogry habarlara we statistiki

maglumatlara laýyklykda bolaýjak howplaryň esasynda strategiýany işläp düzmelidirler. Peýdaly maglumatlar öz içine jemgyýetçilik edaralar babatynda geçirilen auditiň hasabatyny alyp bilýär, olar bolsa jemgyýetçilik fondlarynyň korrupsiýa maksatlarda ulanylandygyny ýa-da gözegçilik we hasabat işlerinde göýberilen kemçilikleri görkezip biler. Ýörite statistiki maglumatlar hem döwlet üçin wajyp bolup biler. Onuň sebäplerini, ugurlaryny we gowşak ýerlerini kesgitlemek üçin ýörite ylmy iş geçirilmelidir.

Habarlar we maglumatlar ugurlarynyň sebäplerini, görnüşlerini, ýaýraýşyny we ähmiýetliligini ýa-da korrupsiýanyň täsirini kesgitleýän howpy we gowşak ýerlerini baha bermekligiň esasyny düzmelidir. Bu korrupsiýany açyp aýan edýän sektorlary we işleri hem-de korrupsiýanyň öňüni almak we açmaklyk üçin syýasatlar we tejribeler bilen güýçlendirilen öňüni alyş strategiýany kämilleşdirmek üçin esasy baradaky bilimleri ösdürmäge kömek eder.

## II. 1. Korrupsiýanyň öňüni alyş syýasatlary we tejribeleri

Köp ýurtlar esasy ünsi kanunçylyk, derňew we prokuratura ýaly ugurlarda gözegçilik çärelerine bermelidirler. Şeýle garaýyş korrupsiýa garşy netijeli syýasatyň diňe bir bölegidir, şeýle-de ol gymmatdyr we esasy ünsi şowsuzlyklara we düzgünlerden, proseduralardan we jemgyýetçilik fondlaryndan hyýanatçylykly peýdalanylmagyna bermelidir. Uly ähmiýet öňüni alyş çärelere berilmelidir, sebäbi ol diňe bir hökümetiň we syýasy ulgamyň bitewiligini goramak, düzgünleriň, proseduralaryň we fondlaryň ulanylyşyny kepillendirmän, eýsem onuň jemgyýetçilik ynamyna we jemgyýetçilik ýolbaşçylaryň işini dolandyrmaklyga ýardam berýän has giň mümkinçilikleri bardyr.

## II. 2. Netijeli we utgaşdyrylan syýasat

BMG-niñ Korrupsiýa garşy Konwensiýasy (BMGKGK-UNCAC) korrupsiýanyň öňüni almaklyga bolan garaýşy umumy ýörelgelerden aýdyň we durmuşa geçirip bolaýjak strategiýalara edilmeli hereketleriň meýilnamalaryna we proseduralaryna, strategiýany ulanmak üçin çäreleriň durmuşa geçirilmeginiň yzygiderli gözegçilige geçýän biri-biri bilen baglanyşykly hereketleriň zerurlygyna esaslanýar. Bu ýurtdaky esasy ýagdaý barada san we hil maglumatlaryň yzygider toplanylmagyndan we deňeşdirilmeginden başlap, gazanalynan netijeleri bilen deňeşdirmäge mümkinçilik bolar ýaly we syýasatlary düzgünleşdirmäge we olary durmuşa geçirmäge mümkinçilik berýän maksatlara we hereketleriň meýilnamalaryna öwrülýän doly maksatlary kesgitleýän strategiýa bolan hemmetaraplaýyn we sazlaşykly garaýşy talap edýär. Taslamalary taýýarlamaklyk, olary kabul etmeklik, durmuşa geçirmeklik, gözegçilik etmeklik we strategiýa baha bermeklik boýunça prosessler meýilleşdirilen, öňe sürülmelidir we ähli gyzyklanýan taraplaryň arasynda (jemgyýetçilik we hususy sektorlar, raýat jemgyýeti) utgaşdyrylmalydyr we ol korrupsiýanyň ýüze çykyp bolaýjak sektorlaryň we sebitleriň doly göwrümini öz içine almalydyr.

## II. 3. Jemgyýetiň gatnaşmaklygyna ýardam etmek

Netijeli strategiýa korrupsiýa tarapyndan edilen täsir we howplar babatynda giň köpçiligiň bilimini ösdürmeklik üçin serişdeleri hem öz içine alýar. Şeýle strategiýany öz ösüşinde we soňky amala aşyrylmagynda jemgyýetiň işeňňir gatnaşmaklygy oňa işeňňir we ir goşulmaklyk bilen berkidilmelidir. Şeýle-de bolsa, jemgyýetiniň wekilleriniň syýasaty we mazmuny düzmek, kämilleşdirmek, tassyklamak (makullamak, amala aşyrmak, we syn bermek) ýaly ähli prosesslere gatnaşdyrmak üçin syýasat ýörite usullary göz öňünde tutmalydyr – bu meseleler, şeýle-de ösüş gazanmak üçin serişdeler 13-nji maddada ara alnyp maslahatlaşylýar.

## II. 4. Gollanmany ulanmaklyk.

5-nji madda strategik doly çemeleşmä ýardam berýän Konwensiýanyň öňüni alyş çäreleri durmuşa geçirmek üçin esas döredýär. Bu korrupsiýanyň öňüni alyş we gözegçilik ýagdaýyndaky ýaly syýasatçylaryň (syýasaty düzüjiler) we tejribä ornaşdyrýanlaryň arasyndaky ylalaşygy görkezýär.
Şeýle strategiýanyň dürli kompetentleri konwensiýanyň II babynyň soňky maddalarynda suratlandyrylýar. Şeýle-de bolsa, syýasatçylar Konwensiýanyň komponentleriniň onuň ähli bölümlerini açyp görkezmek üçin Konwensiýanyň ýeke-täk häsiýetine we meýilnama strategiýalaryna doly baha berýändiklerini ynandyrmaklyga çagyrýarlar.

## II. 5. Halkara hyzmatdaşlyk

Gatnaşyjy-döwletler korrupsiýanyň öňüni almak üçin tejribe tagallalary kämilleşdirmeklige çalyşmak gerekdigini ýatdan çykarmaly däldirler–olar strategiýanyň özünde, dürli maksatnamalarda edilmeli işleriň meýilnamalarynd,a şeýle-de olaryň haýysylarynyň hereket edýändigini we sebäbine baha bermekligiň serişdeleri aýdyň beýan edilýär.

Çäreler, subut edilen netijeliligi bilen soňrak işlenilip kämilleşdiriler, ähli gyzyklanýan taraplaryň arasynda ýaýradylar we has giň ulanylyşa netijeli giriziler.

Gatnaşyjy-döwletler ähli derejelerde iň gowy tejribeleri seljermekligiň, gazanmaklygyň, derňemekligiň, ýaýratmaklygyň we uýgynlaşdyrmaklygyň serişdelerini kämilleşdirmeli we ornaşdyrmaly.

## III. Strategiýany kämilleşdirmek

Umuman, hökümetlerde çözgüt çykarýanlar üçin esasy meseleler şu aşakdakylar bilen bagly bolar:

- Strategiýany kämilleşdirýän esasy adam kim?
- Şeýle kämilleşdirme hökümet we hökümet däl edaralaryň giň göwrüminiň gatnaşmaklygyny üpjün etmek üçin koalisiýany gurmaklygy talap edýär ýa-da onuň üçin diňe maslahat bermeklik ýeterlikmi?
- Strategiýanyň durmuşa geçirmekligine kim ýolbaşçylyk ýa-da gözegçilik eder?
- Bu babatda öňegidişlik nähili bahalandyrylar?
- Talap edilişi ýaly strategiýa nähili barlanmaly we täzeden seredilmeli?

Korrupsiýa garşy göreşi işläp taýýarlamaklygyň esasy jogapkärçiligi hökümetiň paýyna düşýär we şeýle işläp taýýarlamaklyk uly goldawa mynasypdyr. Edil şonuň ýaly, şeýle goldaw gös-göni hökümetde we halk köpçüliginde şu mesele bilen iş alyp barýan döwletler ýa-da şahslar özara baglanyşykly bolmalydyr. Işläp taýýarlamaklyk prosesi maslahat beriji we höweslendiriji bolmalydyr. Raýat jemgyýetiniň hususy sektoryň gatnaşmaklygy konwensiýanyň mazmunyny we strategiýanyň kabul edilmegini güýçlendirer. Işläp taýýarlamaklyk korrupsiýanyň bolan ýeri we sebäbi baradaky maglumaty toplamaklygyň, deňeşdirmekligiň we derňemekligiň göreşinde başlangyç nokady diýip hasap etmek bolar.

Strategiýa anyk we gazanylyp boljak maksatlary, ýerine ýetirmekligiň wagt çäklerini we yzygiderligini kesgitlemelidir. Bu maksatlar köpçülikleýin amala aşyrylmalydyr, olar

açyklygy kepillendirmelidirler we köpçüligiň goldawyny çekmeklige kömek bermelidirler.

Bu ýerde öňden kesgitlenilen we köpçülik tertibine laýyklykda syn we gözegçilik geçirmäge mümkinçilik berýän proses bolmalydyr, ol bolsa geljekki hereketleri meýilleşdirmekde bolan we boljak hereketlere baha bermeklikde kömek eder.
Strategiýa jemgyýetçilik edaralara edilýän talaplary we perspektiwalary öz içine alýan garaýşy beýan etmelidir, bu aýratynlyklaryň hemmesini şeýle-de hususy sektoryň we raýat jemgyýetiniň garaýyşlaryny we zerurlyklaryny (talaplaryny) göz öňünde doly tutmalydyr. Şeýlelikde, bu strategiýa gatnaşýan edaralaryň tejribe, ilkinji wezipe hökmünde garalýan we ölçelgi çäkleri bolup biler, ol gözegçiligi, syny we barlagy ýöretmek üçin amatlydyr.

Strategiýanyň ulanylyşyna we gözegçiligine 6-njy madda laýyklykda edara ýa-da edaralar jogapkärçilik çekýärler.

Şeýle edaranyň ýa-da edaralaryň mandaty babatynda meseleler ýörite bapda ara alnyp maslahatlaşylar; Şu ýerde strategiýany ulanmaklygyň jogapkärçiligi kesgitlenilende edaranyň ýa-da edaralaryň mandatynyň göwrüminiň göz öňünde tutulmalydygyny nygtamak wajypdyr. Strategiýa umumy ýolbaşçylygy üpjün etmeklige niýetlenilendir. Ol ýolbaşçylyk strategiýanyň ähli jemgyýetçilik edaralary öz içine alýandygyna ynandyrmak üçin hususy sektorlary ýa-da institutlary tarapyndan düzülýän ýörite hereketleriň meýilnamalaryny ösdürmeklige we amala aşyrmaklyga getirmelidir. Edilmeli hereketleriň meýilnamalary strategiýanyň diňe bir meýilleriň beýannamasy däldigini ynandyrmalydyr. Ygtybarly bolmak üçin olar sazlaşykly we kesgitlenilen, ölçenen maksatlary öz içine almalydyrlar. Bu olaryň durmuşa geçirilýändigi we yzygiderli bahalandyrylýandygyny hem-de ulanylýandygyny kepillendirmelidir. Hususan-da, korrupsiýa bilen göreş alyp barmaklygyň esasy serişdeleriň biri dolandyrmaklygyň, gözegçilik etmekligiň we syn bermekligiň netijeli we dowamly serişdeleriniň bolmagydyr. Bu bolsa institusion taýdan gurnalan we utgaşdyrylan bolmalydyr. Şeýle-de bolsa, strategiýanyň öňüni almak maksady bilen garaşsyz edaranyň döredilmegi hökmanydyr.

### IV. Strategiýanyň strukturasy

Ýokarda II bölümçede hödürlenilen baha bermeklik ýaly strategiýa hem birnäçe tapgyrdan geçmelidir. Birinji tapgyr ilkinji nobatda edilmeli meseleleriň işlenilip düzmeklik tapgyryny ösdürmeklikden, strategiýanyň näçe wagtlap dowam etmelidigini kesgitlemekden we ony amala aşyrmak üçin zerur bolan serişdeleri kesgitlemekden ybaratdyr. Baha bermeklik jemgyýetçilik dolandyrylyşyň ähli sektorlaryny öz içine almalydyr, eger-de zerur bolsa, hiç bir zat ünsden düşmez ýaly hususy sektory hem öz içine almalydyr. Bu tapgyrda işlenilip düzülen strategiýa geljekki ösüşiň esasyny düzer. Bu ösüşi bolsa diňe oýlanyşykly işlenilip taýýarlanylan tapgyr, strategiýanyň we onuň her bir elementiniň aýdyň we esaslandyrylan maksatlarynyň kesgitlenilmegi we ol maksatlaryň ölçenen görkezijileri bilen gazanyp bolar.

Strategiýany geçirmeklik tapgyry esasy gyzyklanýan taraplaryň we köpçüligiň korrupsiýanyň esasy häsiýeti, göwrümi we täsiri babatyndaky bilimlerini artdyrar.

Bilimleri artdyrmaklyk korrupsiýa garşy alnyp barylýan strategiýany düşünmeklige, hususy sektoryň, raýat jemgyýetiň hökümet däl edaralarynyň korrupsiýa garşy çäreleri alyp barmakdaky goldawyny, şeýle-de jemgyýetçilik hyzmatynyň bütewiligiň we ýerine ýetirijiliginiň ýokary ülňeleriniň garaşylýandygyny we gazanylmalydygyny ilatyň goldamagyny jemlemäge kömek eder. Netijede, şu tapgyr strategiýanyň ösüşine baha

bermekde, strategik elementleriň durmuşa geçirilişi we olaryň korrupsiýa edýän täsiri baradaky maglumatlar bilen yzygiderli üpjün etmäge hem-de strategiýanyň üstünlikleri we şowsuzlyklary strategik elementleriniň haýsylaryny ulanyp boljakdygyny kesgitlemäge kömek eder.

## Madda 6. Korrupsiýanyň öňüni almak we oňa garşy göreş alyp barmak boýunça edara we edaralar

*1. Her Gatnaşyjy-döwlet şu aşakdaky çäreleriň kömegi bilen korrusiýanyň öňüni almak ugrunda işleýän edaranyñ, zerur ýagdaýlarda, edaralaryñ bolmagyny öz hukuk ulgamynyň esasy ýörelgelerine laýyklykda üpjün edýär, ýagny:*
*a) Konwensiýanyň 5-nji maddasynda agzalyp geçilen syýasaty ýöretmek, gerekli ýagdaýlarda, şeýle syýasatyň amala aşyrylyşyna gözegçilik etmek we utgaşdyrmak;*
*b) Korrupsiýanyň öňüni almak meseleleri boýunça bilimleri giňeltmek we ýaýratmak;*

*2. Her Gatnaşyjy-döwlet şu maddanyň 1-nji punktunda agzalyp geçilen edaralary zerur bolan özbaşdyklyk bilen üpjün edýär, onuň üçin islendik gerekmejek täsiriň bolmazlygy üçin ýagdaý bolmaly hem-de edaranyñ ýa-da edaralaryñ öz borçlaryny netijeli ýerine ýetirmekligi üçin milli hukuk ulgamynyň esasy ýörelgelerine laýyk gelmeli. Üstüne ýüklenilen borçlary ýerine ýetirmekleri üçin edara ýa-da edaralar zerur bolan maddy serişdeler we ýöriteleşdirilen hünärmenler bilen üpjün edilmelidir.*

*3. Her Gatnaşyjy-döwlet beýleki Gatnaşyjy-döwletlere Korrupsiýanyň öňüni almak boýunça çäreleri işläp taýýarlamakda we olary amala aşyrmakda hemaýat berip biljek edaranyñ ýa-da edaralaryñ adyny we salgysyny Birleşen Milletler Guramasynyñ Baş Sekretaryna habar berýär.*

### I. Syn

5-nji maddada mandatlaşdyrylan (ygtyýarlandyrylan) korrupsiýa garşy strategiýa institusion ünsi talap edýär. Konwensiýa institusion ünsüň diňe bir edara ýa-da birden köp edara degişliligini görkezenok. Bu maddanyň amala aşyrmaklyk meselesine seredilmeginde ýöritelesdirilen korrupsiýa garşy göreş alyp barýan agentligiň (edaranyň) döredilmegini göz öňünde tutýan 36-njy madda hem üns bermeklik zerurdyr. 6-njy maddada esasy üns göreş alyp barýan edara ýa-da edaralara, we esasan-da 5-nji maddada berilýän korrupsiýanyň öňüni alyş syýasatlaryny durmuşa geçirmeklik bilen baglylykda seredilýar.

Bu umumy kabul edilen nusga däldir, ýöne Gatnaşyjy-döwletler korrupsiýa garşy göreş alyp barýan edaranyñ ýa-da edaralaryñ işiniň netijeliligine goşant edip biljek birnäçe gurluş häsiýetlerine seredip bilerler.

### II. Tejribe meseleler we çözgütler
### II. 1. Korrupsiýa garşy iş alyp barýan edara ýa-da edaralar

5-nji maddada kesgitlenilen strategiýanyň we ýörelgeleriň durmuşa geçirilmegini üpjün etmek üçin edara ýa-da edaralar şu aşakdakylara üns bermeli: olar nähili ýol bilen dürli sektorlaryň arasyndaky deň hukukly we yzygiderli garaýşy dörederler; deň hukukly ygtyýary bolan sektorlaryň arasynda iş alyp barmak üçin edaranyñ ýa-da edaralaryñ ygtyýaryny üpjün edýän kanuny kontekst; derňewi, öwrenmekligi we syn bermekligi öz içine alyp bilýän zerur hereketleri alyp barmak üçin we ýörelgeleriň koordinirlenen durmuşa geçirilmegini üpjün edýän serişdeler; görkezmeleriň açyklygyny, halallygyny we adalatlylygyny, şeýle-de işgärleriň gulluk möhletiniň howpsuzlygyny üpjün edýän

çäreler; edaranyñ mandatyny (ygtyýarlyklaryny) netijeli ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýän garaşsyzlyk; we talabalaýyk býüdjet we hasabat çäreleri.

Institusion çäklere seredilip geçilende, Gatnaşyjy-döwletler hereket edýän edara ýa-da edaralary ulanmak mümkinçiligine seredip bilerler, ýagny olara has uly jogapkärçiligi ýükläp bilerler ýa-da täze edarany esaslandyryp bilerler. Olaryň hersiniň öz meseleleri bolar, emma Gatnaşyjy-döwletler hereket edýän gulluklar bilen deňeşdirilende täze döredilen edara has uly ähmiýet berip bilerler. Soňra, hereket edýän edaranyñ ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirilişine ýa-da täze edara mandat ygtyýar bermekligiň täsiri seredilende gerek bolar. Başga söz bilen aýdylanda, täze edara döretmek bilen baglylykda hereket edýän edaralaryñ alyp barýan işlerine ünsli seredilmek hökmanydyr.
Täze edaranyñ bähbitleriniň faktorlary şu aşakdakylary öz içine alýar.

- Onuň esaslandyrylmagy täze başlangyjy we täze borçlary görkezer.
- Hereket edýän edaralar ynamdan gaçan bolmaklary mümkin we olaryň häzirki şowsuz tejribelerindäki iş başarmazlygyny düzetmek kyn bolup biler.
- Hereket edýän edaralaryň işgärlerinde täze ygtyýarlyklar (mandat) üçin talap edilýän iş başarnyklarynyň bolmazlygy mümkin.
- Täze edara häzirki ýagdaýlara gabat gelýän täze ygtyýarlyklar berlip bilner.

Beýleki bir tarapdan şu aşakdakylar hereket edýän edaralaryň haýryna bolup biler:

- Olaryň eýýäm iş otaglary, okadylan işgärleri, kanuny ygtyýarlyklary, içki proseduralary we ş.m. bar, olaryň hemmesi täze edara tarapyndan döredilmeli, bu bolsa biderek wagty ýitirmeklik howpydyr.
- Hereket edýän edaralar uly ynama giren bolmagy mümkin we diňe olaryň borçlaryna täzeden seretmeklik/ ýa-da işleriniň netijeli bolmagy üçin täze ygtyýarlyklaryň (mandatyň) seredilmegi zerurdyr.
- Täze edaranyň döredilmegi öňki hereket edýän edarany saklamaklyk ýa-da ýapmaklyk babatynda dilemmany öňe sürýär – saklamaklyk düşünişmezlik üçin dartgynlylygy we mümkinçiligi döredýär, ýapmaklyk bolsa köne edara uly gyzyklanma bildirýänleriň garşylygyna getirer.

## II. 2. Mandat we ygtyýarlyklar

Edara ýa-da edaralar 5-nji madda laýyklykda strategiýa işläp düzmekligiň çäklerinde netijeli, sazlaşykly korrupsiýa garşy ýörelgeleri durmuşa geçirmeklik üçin ony işläp taýýarlamaklygyň, syn bermekligiň we gözegçilik etmekligiň ýumşy berilmelidir. Bu strategiýa jemgyýetçilik sektoryň, hususy sektoryň, meýletin ýa-da hökümete degişli bolmadyk edaralaryň we raýat jemgyýetiniň jogapkärçiligini kesgitlär.

Strategiýanyň çäklerinde edara ýa-da edaralar, korrupsiýanyň öňüni almaklyga maksat edilýän netijeli tejribeleri esaslandyryp üpjün edip biljekdigini kepillendirmeli.

Korrupsiýanyň talabalaýyk, öňüni almak we onuň bilen göreş alyp barmaklygyň kesgitlenilmek nukdaýnazaryndan talabalaýyk hukuk gurallaryny we administratiw çärelere yzygiderli baha berilmelidir.
Korrupsiýa garşy göreş alyp barýan edaralaryň ygtyýarlyklarynyň (mandatynyň) dürlidigini tejribe görkezdi. Şeýle edaralaryň belli bir ulgama (administratiw (dolandyryş) ýa-da hukuk) we her ýurtda agdaklyk edýän ýagdaýlara jogapkärçilik çekmek hukugyny Konwensiýa Gatnaşyjy-döwletiñ saýlamagyna goýar. Şeýlelik-de korrupsiýanyň diňe öňüni almak jogapkärçiligini çekýän korrupsiýa garşy göreş alyp barýan edaralar bar we diňe bir öňüni almak bilen çäklenmän, eýsem derňew we günäkärleme işlerini alyp barýan edaralar hem hereket edýär.

Mandatyň göwrümi nähili bolanda-da, edara ýa-da edaralar öz borçlaryny ýerine ýetirmek üçin formal hukuk ygtyýarynyň bolmagyny talap edýär. Şeýel hukuk çäkleri şu aşakdaky elementleri öz içine alyp bilerler:

- Konwensiýada görkezilen ýörelgeleri we tejribeleri kämilleşdirmek üçin edarany ýa-da edaralary kanun tarapyndan göz öňüne tutulan ygtyýar bilen üpjün etmek;
- Edara gollanmalary çap etmäge we özüni alyp barmaklygyň kodeksini kämilleşdirmäge rugsat bermek;
- Edara geljekki kanunçylyk babatynda maslahatlary bermäge we korrupsiýa garşy göreş alyp barmaklygyň kanunçylygy girizilmänkä, olar bilen maslahatlaşmaklygy üpjün etmäge rugsat bermek;
- Derňew etmeklige ygtyýar berlen ýagdaýlarynda, edara öz başlangyjy[1] bilen derňew geçirmeklige rugsat bermekligi; we ol herekete girmänkä islendik iş boýunça derňew geçirilende oňa ýüz tutmaklygy talap edilenok;
- Resminamalary, maglumatlary, görkezmeleri we beýleki subutnamalary almak üçin suda (kazyýete) çagyryp bilmeklik hukugynyň bolmagy;
- Talap edilýän ýagdaýlarda hukuk goraýjy güýçleri hem öz içine alýan korrupsiýa garşy göreş işine gatnaşýan milli we halkara edaralar bilen maglumat alyşmaklygyň üpjün edilmegi;
- Öz borçlaryny ýerine ýetiren wagtynda edaranyň garaşsyzlygynyň üpjün edilmegi;
- Öz borçlaryny akýürekli ýerine ýetiren wagtlary edaranyň işgärleriniň raýat hereketlerinden goragynyň üpjün edilmegi;
- Jogapkärçiligiň we hasabatlylygyň talabalaýyk derejeleriniň üpjün edilmegi;
- Talabalaýyk edara ýolbaşçylygyň üpjün edilmegi;
- Serişdeleriň talabalaýyk derejesiniň üpjün edilmegi;

### II. 3. Borçlar

Kanunçylygyň çäklerinde öz artykmaçlyklaryna we ygtyýarlyklaryna baglylykda edaranyň ýa-da edaralaryň ýerine ýetirýän borçlary şu aşakdakylary öz içine alýar: hereketleriň ýörителeşdirilen meýilnamalaryny işläp taýýarlamaklygy we olaryň ýerine ýetirilişine ýolbaşçylyk/gözegçilik etmekligi jemgyýetçilik sektoryň edaralaryndan talap etmeklik; edaralaryň alyp barýan işlerine baha bermeklik ýa-da gözegçilik etmeklik; jemgyýetçilikden arz-şikaýatlary kabul etmeklik we olara seretmeklik; korrupsiýa garşy göreş meseleleri babatynda geçirilýän derňew işlerine jogapkär edaralaryň auditi; derňew ýa-da parlamentar hasabatlaryny almaklyk; ylmy-barlag işleri kanunçylyk we dolandyryş proseduralarynda ulanmaklyk; jemgyýetçilik pikir alyşmalaryň derňewlerini ulanmaklyk, we maglumatlaryň beýleki çeşmelerini kämilleşdirmeklik; korrupsiýa garşy göreşiň meýilnamalarynyň ösüşine yzygiderli syn bermek üçin dilden derňew geçirmeklik we subutnamalary almaklyk. Netijede, edara ýa-da edaralar beýleki gulluklar bilen bileleşikli iş geçirmek üçin we bu maddada aýdylýan çäreleri ýardam berýän we kämilleşdirýän degişli halkara we sebit edaralar bilen ylalaşyklara girip bilerler we korrupsiýa garşy göreşe gönükdirilen halkara maksatnamalara we proýektlere gatnaşyp bilerler.

Edara ýa-da edaralar degişli gulluklara we jemgyýetçilige şeýle-de hökümete degişli däl edaralara we bilim edaralaryna korrupsiýanyň öňüni almaklyga ýardam etmek we

---

[1] Bu derňew geçirmäge hukugy bolan we korrupsiýanyň öňüni alyş gulluklar üçin möhümdir. Derňew hukukly gulluk bu babatda iş gozgap biler, ikinji gulluk bolsa syýasaty gözden geçirmekde ýa-da işläp düzmeklikde bu maglumaty ulanyp biler.

mekdepleriň we uniwersitetleriň iş maksatnamalaryna korrupsiýa garşy göreş babatyndaky bilimleri girizmek üçin korrupsiýa garşy göreş çäreleri baradaky maglumatlaryň ýaýradylmagyny üpjün etmelidir. Edara ýa-da edaralar öz hasabatlaryny çap etmäge ygtyýary bardyr. Edara mümkin boldugyça şol gollanmalary has giňişleýin ýaýratmalydyrlar.

Edaranyň ýa-da edaralaryň esasy borçy korrupsiýanyň öňüni alyş syýasaty we tejribeleri bilen bagly bolsa, onda edara ýa-da edaralar beýleki gulluklar bilen sazlaşykly işlemek üçin degişli çäreleri kabul etmelidirler, olara aýratynlykda şahs tarapyndan edilýän arzalar esasy hukuk goraýjy edaralaryň derňew işlerine we geljekde mümkin bolan kazyýet derňewine howp salmaklyga ýol bermeýän ýagdaýlar, we has uly möhlete niýetlenen strategiýalary işläp düzmeklik we ähli umumy çemeleşme bilen berk garaşsyzlygyň arasyndaky deňagramlylygy öz içine alýar.

## II. 4. Garaşsyzlyk we hasabatlylyk

Kanunçylyk çäkleri edara ýa-da edaralara öz iş tertibine we öz ygtyýarlykly borçlaryny neneňsi ýerine ýetirjekdiklerini kesgitlemäge mümkinçilik berýän garaşsyzlygy üpjün etmelidirler. Garaşsyzlyk babatynda aýdylanda bolsa şu aşakdaky meselelere seredilip geçmeklik zerurdyr:

Edaranyň ýolbaşçysynyň (direktoryň) we beýleki ýokary wezipe işgärleriň işe bellenilmegi, wezipede bolmak möhleti we wezipeden boşadylmak bilen baglanyşykly düzgünler we proseduralar; edaranyň we / ýa-da islendik gözegçilik edýän edaranyň düzümi; talabalaýyk maliýe serişdeleri we işgärler üçin töleg; talabalaýyk täze işgärleri işe almaklyk; wezipä/işe bellemeklik/saýlamaklyk; proseduralara baha bermeklik we ýardam etmeklik; beýleki jemgyýetçilik edara yzygiderli borçlaryň ýerine ýetirilişi baradaky hasabatlary bermeklik; ýagny, kanunçykaryjy häkimiýet; beýleki gulluklar bilen hyzmatdaşlyk etmäge we maglumat alyşmaga rugsat berýän formal düzgünler; raýat jemgyýetini we habar beriş serişdelerini çekmeklige kesgitlemek üçin buýruklary işläp taýýarlamaklyk.

Edara we onuň işgärleri gullugyň ýolbaşçylygy astynda we akýürekli ýerine ýetirilýän hereketler we öz ygtyýarlygynyň çäklerinde ýerine ýetirilýän işler babatynda raýat kazyýet işinden goragly bolmalydyr (şeýle-de bolsa bu gorap saklamaklyk aşakda görkezilişi ýaly talabalaýyk hukuk gözegçiligine böwet bolmaly däldir).

Garaşsyzlygy we hasabatlylygy üpjün etmek üçin serişdeler kanunda administratiw (dolandyryş) kararlaryndan beter berkleşdirilmelidir (şeýle edarany añsatlyk bilen diňe bir döretmek däl, eýsem ýapyp hem bolýar). Kanun tarapyndan esaslandyrmak ýa-da tejribäniň görkezişi ýaly garaşsyzlygyň konstitusion kepilleri edaranyň ýa-da edaralaryň netijeli syýasatlaryň alnyp barylmagyna ýardam edýän şeýle-de durnuklylyk pikirini döredýän ýeterlik güýçleriniň mümkinçiligini berkidýär. Edara ýa-da edaralar öz görkezmeleriniň (maslahatlarynyň) neneňsi durmuşa geçirilýändigine gözegçilik etmäge ygtyýary bolmalydyr we korrupsiýa garşy göreş alyp barýan işgärleriň hünärini ýokarlandyrmak we saklamak babatynda hökmany ekspert baha berilmelidir. Edara ýa-da edaralar jemgyýetçilik edaralar we halk köpçüligi üçin korrupsiýa garşy göreş babatynda bilimleriň çeşmesi we esasy merkezi hökmünde tanalmalydyr we olar öz alyp barýan işleri barada yzygiderli jemgyýetçilik hasabatlaryny çap etmelidirler. Garaşsyzlyk hasabatlylyga garşy durýan zat hökmünde kabul edip bolmaz.

Korrupsiýa garşy göreş alyp barýan edaralar talabalaýyk we hereket edýän bäsleşigi we özara sabyrlylygy öz içine alýan esaslandyrylan dolandyryş ulgamynyň çäklerinde iş alyp barmaly, bu ýagdaýda hiç kim we hiç zat kanundan ýokary durmaly däldir. Garaşsyzlyk edaranyň ýa-da edaralaryň açyklygyny we hasabatlylygyny üpjün edýän mehanizmleriniň deňagramly bolmalydygyny talap edýär, ýagny hasabatlaryň üsti bilen ýa-da parlamentar komitetler ýaly kompetent institutlaryň gözegçilikleriniň predmeti bolup bilerler; ýa-da parlamente hasabat bermekligiň, ýagny edil kazyýetlere degişli kazyýet barlaglary ýaly ýylda geçirilýän daşky auditiň predmeti bolup bilerler.

Şeýle prosessler sylanmaklyga mynasypdyr, ýöne köplenç olar gizlin geçirilmelidir, sebäbi korrupsiýa garşy göreş alyp barmak işi mese-mälim görnüp durandyr. Bu gulluklar köplenç şahsyýetiň azatlygyny, serişdelerini we abraýyny howp astyna salýan ýagdaýda bolýarlar we olar belli bir netijeler çykarylmanka maglumatlary goramak babatynda onuň borçlary bardyr.

Şol bir wagtyň özünde, gizlin deňlenmeler derňew işiniň bitewiligini saklamakda, şaýadyň ýa-da maglumat beren adamyň şahsyýetini goramakda, geljekki jenaýat ýa-da düzediş işleriniň çykyşlarynda, beýleki proseduralar bilen goşulyşmaklygyň öňüni almakda we şahsyýetiň abraýyna zyýan ýetirmezliginde ulanyp bolar. Şeýle-de bolsa, edaranyň ýa-da edaralaryň öz alan maglumatlaryny we hasabatlaryny jemgyýetçilik bitewiligini saklamakda özüniň ähmiýetini görkezmek üçin çap etmekligiň umumy syýasaty bolmalydyr.

### II. 5. Serişdeler

Edara ýa-da edaralar talabalaýyk we ýeterlik pul serişdeleriniň göýberilmegi möhümdir. Muny ýerine ýetirmekligiň bir usuly kabul etmek üçin kanunçykaryjy häkimiýetiň býüdjet komitetine doly jikme-jik býüdjeti görkezilen ýyllyk iş meýilnamasy hödürlemekdir. Mümkin bolan ýagdaýlarynda edara üçin pul serişdeleriniň göýberilişiniň köp ýyllyk esasly bolmalydygyny ylalaşmalydyr. Bu kanunçykaryjy edaralara öz býüdjeti tassyklamaga hukugyny edaranyň garaşsyzlygyny çäklendirmek ýa-da aýry-aýry korrupsiýa ýagdaýlary babatyndaky ýaramaz täsirini ýetirmek hukugynyň ulanylyşyny kemelder. Alternatiw usul hökmünde edaranyň doly datasiýada bolmaklygy we býüdjetiň aýry-aýry bölümlerine edilýän kanuny täsirden azatdyr. Edara ýa-da edaralar öz pul serişdelerini ulanmaga jogapkärdirler, emma her ýyl edara ýa-da guramlar ulanylan pul serişdeler boýunça hasabat bermelidirler we şeýle häsiýetli jemgyýetçilik edaralar üçin ylalaşylan talabalaýyk daşky audit geçirilmegine degişlidir.

Mundan başga-da, talabalaýyk serişdeleri kepillendirýän köp düzgünler bardyr, munda esasy ünsi korrupsiýa garşy göreş alyp barýan edaranyň ýa-da edaralaryň garaşsyzlygynyň saklanylmagyna bermeli.

### II. 6. Ýöriteleşdirilen edaranyň işgärleri we olary taýýarlamaklyk

Birýyllyk iş meýilnamanyň we kesgitlenilen býujediň çäklerinde, edara ýa-da edaralar işgärlere bolan talaplary kesgitlemelidirler. Olara berlen ygtyýarlyklar korrupsiýa garşy edaralara öz işgärleri babatynda syýasatlary meýilleşdirmäge, öz işgärleriniň sanyny we hünär derejesini kesgitlemäge, haýsy hünärleriň, hünär ýokarlandyryş okuwlaryň we talaplaryň gerekdigini kesgitlemäge rugsat bermelidir. Bu işleriň açyk bolmaklygy üçin edara özüne işe alynýan işgärler barada we wezipe bellemeklik babatyndaky alyp barýan işlerini çap etmelidirler. Bu zatlar Konwensiýanyň 7-nji maddasyna laýyklykda wezipä bellemeklik talaplaryna laýyk bolmaly we audit derňewleri geçirilmelidir.

**Madda 7. Jemgyýetçilik Sektory**

*1. Her Gatnaşyjy-döwlet zerur ýagdaýlarynda we öz hukuk ulgamynyñ esasy ýörelgelerine laýyklykda öz raýat gullukçylaryny, zerur ýagdaýlarda bolsa saýlanylmaýan jemgyýetçilik ýolbaşçylyklaryny işe almaklyk ulgamynyň, işe saýlap alynmaklygyna, işlemekligine, işinde ýokary wezipelere çekilmekligine, işden hormatly rusgada çykmagyna ýardam berýän ulgamy döredýär, ýardam berýär we berkidýär, olar:*

*a) Netijelilik we açyklyk ýörelgelerine, şeýle-de işiň birkemsizligi, adalatlylyk we ukyplary ýaly obýektiw ölçeglere esaslanýar;*

*b) Korrupsiýa we aýlanyşyk nukdaýnazardan has gowşak hasap edilýän jemgyýetçilik wezipeleri eýelemek üçin hünärmenleri saýlap almaklygy we olary taýýarlamaklygy öz içine alýar, gerek ýagdaýlarda, olar şeýle wezipelerde işleýän hünärmenlere degişli bolup biler;*

*ç) Gatnaşyjy-döwletiñ ykdysady osüş derejesini göz öňünde tutmak bilen laýyk pul sylagyny tölemäge we adalatly iş haklaryny bellemäge ýardam berýär;*

*d) Şeýle işgärleriň öz borçlaryny dogry, akýürekli we talabalaýyk ýerine ýetirmekligi, şeýle hem öz borçlaryny ýerine ýetirmeklik we korrupsiýa bilen baglanşykly howplary düşünmekligi pugtalandyrmaga ýardam berýän bilim we okuw maksatlaryny ýerine ýetirmeklige hemaýat edýärler.*

*2. Her Gatnaşyjy-döwlet häzirki Konwensiýanyň maksatlaryna we jemgyýetçilik wezipelere dalaşgärlik edýänlere we saýlawlara degişli ölçegleri kesgitlemek üçin öz içki kanunçylygyny we administratiw çäreleri kabul edip boljak mümkinçiligine seredýär.*

*3. Her Gatnaşyjy-döwlet häzirki Konwensiýanyň we jemgyýetçilik wezipelere saýlanylýan dalaşgärleriň maliýeleşdirlimeginiň we ulanyp boljak ýagdaýlarda, syýasy partiýalary maliýeleşdirmekligiň açyklygyny ýokarlandyrmak üçin öz içki kanunçylygynyň esasy ýörelgelerine laýyklykda gerek bolan kanunçylyk we administratiw çäreleri kabul etmekligiň mümkinçiliklerine seredýär.*

*4. Her Gatnaşyjy-döwlet gyzyklanmalaryň gapma-garşylygyñ çykmagynyň öňüni alýan we açyklyga ýardam edýän ulgamlary öz içki kanunçylygyň esasy ýörelgelerine laýyklykda döretmäge, goldamaga we pugtalandyrmaga çemeleşýär.*

**I. Syn**

Konwensiýanyň 2-nji maddasynda ”jemgyýetçilik işgäri” adalgasyna giň we düşnükli kesgitleme berilýär, ol jemgyýetçilik sektoryň ähli gulluklarynyň jemgyýetçilik edaralaryna saýlaw netijesinde işe alnan işgärleriň ählisine degişlidir. Bellenilen jemgyýetçilik edarasynyň işi alnan işgärlere we bu ugurdan uly wezipä ýeten işgärlere, aýdyň, açyk syýasatlara we işiň görnüşlerine esaslanmalydyrlar. Jemgyýetçilik edara saýlanylan işgärlere talap hem wezipä bellenilen jemgyýetçilik işgärlerine bildirilýän talaplar bilen meňzeş bolmalydyr. Şeýlelikde, etiki we korrupsiýa garşy göreşe bildirilýän talaplar jemgyýetçilik edaranyň aýrylmaz bölegidir we 2-nji maddada kesgitlenilen saýlanylan ýa-da wezipä bellenilen jemgyýetçilik işgärleriň ählisin degişlidir.
8-nji maddada gyzyklanmalaryň gapma-garşylygy bilen baglanyşykly meselelere jikme-jik seredilýän bolsa, onda 10-njy we 13-nji maddalar maglumatlaryň azatlygy, jemgyýetçilik hasabatlaryň we aýdyň çözgütleri çykarmaklyk babatynda düşündirişler berýär.

## II. Terjribe meseleler we çözgütler

### II.1 Jemgyýetçilik işgärleriniň işe alynmagynyñ, hakyna işe alynmagynyñ, olaryň iş ýerinde saklanylmagynyñ, ýokary wezipä çekilmeginiň we pensiýa çykmaklygynyň netijeli, açyk we obýektiw ulgamlary

Ýokary derejeli endikli we halal işgärleriñ bar bolan jemgyýetçilik gullugy korrupsiýadan azat, netijeli we açyk döwletiň fundamental esasyny düzýär. Gatnaşyjy-döwlet şeýle şahsyýetleri işe çekmekligiň we olary işde saklamaklygyň kämilleşýän ulgamyna seretmelidir. Muny işgärleri işe almaklygyň, hakyna işe almaklygyň ýolbaşçylygyny üpjün edýän we işleri geçirmeklige ýardam berýän jemgyýetçilik gulluk komissiýasy ýaly institutlaryñ döredilmegi arkaly gazanylyp bilner. Şeýle institut maslahat berijidir (onda aýry-aýry bölümler öz işgärlerini özleri dolandyrýar) ýa-da ýerine ýetirijidir ( munda institutyň özi işgärleri işe almaklyk meselesine jogap berýär), bu ýerde proseduralaryň mümkinçiligi, meňzeş, açyk we deňhukukly bolmagy wajypdyr.

Şeýlelik-de, bu proseduralar tassyklanylar talaplara we kwalifikasiýa (hünär başarnygyna) täze iş ýerlerine, täze wezipelere bolan zerurlygy ýoldan aýyrýar. Boş wezipe ýerler açyk mahabatlandyrylmalydyr we işe almaklygyň ylalaşylan tertiplerine laýyklykda doldurylmalydyr, olar bolsa wezipä saýlamaklyk we işe bellemeklik düzgünlerinden üýtgeşikdir, onuň üçin üstünlik gazanan dalaşgärlere talap bildirilýän hunär başarnyklary we olar baradaky kepillikler tassyklanylmalydyr. Wezipä bellemekligiň gullugyň tassyklanylan adalgalary we şertleri, hem-de wezipäniň borçlaryna we jogapkärçiliklerine laýyklykda iş haklary bolmalydyr. Jemgyýetçilik işgärleriň gowy bilimi, etika babatynda bilimi bolmalydyr we hünäri boýunça kämilleşmelidir. Jemgyýetçilik sektorynda işgärlere ýardam bermekligiň ýa-da sylamaklygyň ýa-da edýän işine görä iş hakynyň berilmegi bilen baglanyşykly işler yzygiderli bolmalydyr.

Mundan başga-da her işgäriň iş netijeliligine, bilim derejesiniň ýokarlandyrmaklygyna, hünär derejesiniň kämilleşdirilişine, we wezipe babatynda ösüşine baha berýän ýyllyk hasabatlar berilmelidir.

Gatnaşyjy-döwletler ähli ministrliklerde we edaralarda işe almaklyk, hünäri kämilleşdiriş, işden gitmeklik we pensiýa çykmaklyk, hem-de işgärler babatynda beýleki meseleleriň talabalaýyk düzgünleriniň bardygyna kepillik bermelidirler. Iş haklarynyň fondy hökümet çykdajylarynyň iň esasysy we göwşak gözegçilik edilýän tarapy bolany sebäpli, iş haky tölenýän wedomostlar esaslandyrylan wezipe sanawy we işgärleriň şahsy maglumatlary öz içine alýan kartotekasy (ýa-da şahsy işler) tassyklanylandygynyň kepilnamasy merkezleşdirilen ya-da institusion işgärler maglumatlar bazasynda berkidilmelidir.

### II.2. Korrupsiýa babatynda gowşak hasap edilýän wezipelere işgärleri saýlamaklyk we olary taýýarlamaklyk boýinça işler

II.1 punktda jemgyýetçilik gullygynyň umumy garaýyşlary beýan edilen we Gatnaşyjy-döwletler belli-belli wezipeleriň we işleriň korrupsiýa has gowşak boljakdygyny boýun almalydyrlar. Bu bolsa berlen ygtyýardan bikanun peydalanmaklyga garşy işiñ has ýokary derejesini talap edýär we edaraçylygyň gowşak taraplaryny we salgylanmaklyga zerur bolan proseduralaryň kesgitlenilmegi wajypdyr (käwagt "korrupsiýanyň bardygyna şaýatlyk edýän" adalgasy bilen berilýär).

II.1 punktda ara alnyp maslahatlaşylan düzgünler, ýagny 6-njy maddada edara ýa-da edaralar bilen baglanyşykly tertipler şu aşakdakylar babatynda audit geçirmeklik işiniñ alnyp barylmagyny çözýär:

- Korrupsiýa has gowşak jemgyýetçilik wezipelerini we işleriň görnüşlerini kesgitlemek;
- Korrupsiýa gowşak sektoryny seljermek işini geçirmek;
- Korrupsiýa gowşak sektoryň işine baha bermeklik we onuň hawpy babatynda hasabaty taýyarlamak we ondan gelip çykýan teklipler bilen işlemek.

Korrupsiýa garşy maslahatlar we çäreler şu aşakdakylary öz içine alýar: wezipä gabat gelýän dalaşgärleriň işe bellenilmänkä eden işleriniň seljerilmesi (işe bellenilmeli işgäriň ýokary hünär derejesine kepil bolmak üçin), wezipä gabat gelýän dalaşgärleriň işi üçin ýörite adalgalary we şertleri; deňeşdirme işi, ýa-da uzakmöhletleýin wezipede bolmaklykdan gelip çykýan korrupsiýa ýüz urmaklyga höweslendirmäni we onuň täsirini çäklendirýän serişde hökmünde işgärleriň aýlanyşygy ýaly prosedur gözegçiligi. Dolandyrmaklyk şeýle-de işe yzygiderli baha bermeklik, gizlin hasabatlar, gyzyklanmalary hasaba almaklyk we beýan etmeklik, hususy serişdeler, gadyrlylyk we sowgatlar, şeýle-de beýan etmeleriň dogrulygyna yzygiderli gözegçilik etmek proseduralary öz içine alýan korrupşiýa babatynda has gowşak wezipelere bellenilýän jemgyýet işgärlerine goldaw we gozegçilik proseduralaryny durmuşa ornaşdyrmaly. Olar mümkin bolan ýerlerde we olara salýan howpuň derejesine, aýry-aýry hökümet işgäri däl-de, belli bir iş babatynda köpderejeli synlar we işe kabul etmeklik ulgamy kabul edilmelidir. Bu bolsa, gerek bolmajak täsirden işgärleri goramaklyga we karar çykarmak prosesinde garaşsyz elementi girizmeklige niýetlenilen işleriň bir bölegidir.

Edaralaryň esasy işgärleriniň durmuşyna gözegçilik etmekligiň ýollaryny gözlemekligi maslahat bererlikdir. Bu elbetde diýseň irnik mesele we sylaşykly garaýşy talap edýär we hususy durmuşyň goraglanmagy bilen baglanyşykly ulanylýan kanunlara gabat gelmelidir.Şeýle gözegçilik ýaşalýan jaýlarynda şol işgär barada edilýän gürrüňleri, ulagyň bolmagy, iş hakynyň derejesine laýyk gelmeýän çykdajylar bilen geçirilen zähmet rugsadyny oş içine alyp bilýär. Şahsyýetiň bank serişdeleri hem gözegçilik astynda bolup biler we şeýle gözegçilik ynanylýan işgärler tarapyndan tassyklanylyp bilner.

### II.3. Talabalaýyk iş haky we iş hakynyň ölçegleri

Jemgyýet işgärleriniň talabalaýyk iş haky bilen üpjün etmeklik öşýän döwletler, esasan hem ykdysadyýetiň geçiş döwrüni başdan geçirýän ýurtlar ücin esasy meseleleriň biri bolup durýar. Iş hakynyň derejesi hem-de anyklygy kabul edilip bolmajak ýolbaşçylyga getirip biler, ýagny esasy resmi borçlardan wagty almaklyk we parahorluga meýil, ikinji işe durmaklyk we ş.m. “Adekwat” diýmeklik jemgýçilik işgärleriň iş hakynyň derejesi öz wezipesine we borçlaryna laýyk gelmeli hem-de ýaşaýyş derejesini üpjün etmeli we beýleki sektorlaryň işläýän işgärleriniň aýlygy bilen deňeşdirerlik bolmalydygyny aňladýar. Gatnaşyjy-döwletler iş hakynyň derejesiniň işde gazanylýan öňegidişlik, hünär başarnygy we ýokary wezipä çekilmek mümkinçiligi bilen baglanyşykly bolmagyny üpjün etmelidirler. Jemgyýetçilik sektoryndaky iş hakyny kesgitlemekligiň usuly we ony kesgitleýän ölçegler resmi yagdaýda bolmalydyr.

### II.4. Ahlak kadalary babatynda jemgyýetçilik işgärlerine okuw geçirmeklik

Öz borçlaryny yetirmekde korrupsiýanyň salýan howpyna işgärler tarapyndan bilinmegi we korrupsiýanyň öňüni alyş ýollary we ol barada habar bermekligiň wajyplygy barada ýörite geçirilýän okuwlaryň we korrupsiýa babatynda maglumatlaryň yzygiderli toplanylmagy netijesinde amala aşyryp bolar. Jemgýýetçilik sektoryň çäklerinde hemme zady öz içine alýan we yzygiderli okuw maksatnamalaryny düzmekligiň ýollaryny gözlemeklik maslahat berilýär, mundan bolsa ýörite niýetlenilen maksatnamalar we okuw

kurslary gelip çykýar. Şeýlelikde, ähli jemgyýetçilik işgärler professional ahlak kadalary boýunça geçirilýän ýörite okuwdan artykmaçlyk almalydyrlar, diňe işe girmek üçin däl, eýsem öz iş ýerinde gurnalýan okuwyň bir bölegi hökmünde garamaly, esasan, korrupsiýa babatynda gowşak hasap edilýän wezipede işläýänler üçin has bähbitli bolmalydyr. Okuwlar aýratyn durmuş ýagdaýlarynyň ara alnyp maslahatlaşmasynyň esasynda alnyp barylmaly we bu babatda aladany ýokarlandyrmaklygyň we hasabat bermekligiň talabalaýyk serişdesi bolmalydyr. Işgärlere öz hukuklary we borçlary, şeýle-de korrupsiýanyň howpy we öz borçlaryny ýerine ýetirmekde göyberilýän säwlikler barada maglumatlar bermeklik her bir işgärden garaşylýan ahlak özüňi alyp barmaklygyň we medeniýeti terbiýelemegiň wajyplygyny görkezmäge kömek eder. Işgärleri korrupsiýa babatynda ýyllyk synlara goşmaklyk olaryň bu babatynda bilimleriniň artmagyna hemaýat eder. Mundan başga-da, bu babatda edilmeli işleri we öňüni alyş çäreleri kesgitlemäge mumkinçilik berer. Jemgyýetçilik edaralary dolandyrmaklyk şu aşakdakylary öz içine alýan hasabatlary taýyarlamakda seredilip bilner:

- Jogapcärçilikli wezipede işleýän işgärler
- Şu aşakdakylary öz içine alýan dürli çeşmeler:

- Howpa baha bermekligiň dolandyrylyşy;
- Howpy öňüni alyş usullarynyň dolandyrylyşy
- Içki we daşky audit;
- Korrupsiýa garşy alnyp barylýan göreşiň netijeliligini hasaba almak üçin ilatyň pikirini soramaklyk;
- Şu aşakdaky temalardan işgärleriň pikirini soramaklyk:
- “Okuwyň wajyplylygy”;
- “Yokary derejede ösýän howplar”
- Öňüni alyş çäreleriň netijeliligine syn bermeklik; we
- Öz şübheleriňi habar bermäge işgärleriň taýynlygy babatynda hasabatlar.

Şeýle-de jemgyýetçilik edaralar korrupsiýanyň öňüni almak babatynda täze teklipleri bermeklige işgärleri höweslendirmek meselesine hem seretmelidir. Meselem, korrupsiýanyň netijeli öňüni alyş çärelerini teklip edýän işgäre ony netijeli ýerine ýetirmekde edaranyň ynamyna we baha bermekligine eýe bolup biler.

## II.5. Jemgyýetçilik edarasyna işe girmeklik ücin dalaşgärler we olary saýlamaklygyň ölçegleri

II.1 - II.4. bölümler döwlet edaralaryna işe bellenmeklik barada söz açýan bolsa, Gatnaşyjy-döwletler saýlanylýan wezipeli işgärlere hem şol nukdaýnazardan garalmalydyr. Gatnaşyjy-döwletleriň köpüsi işlendik wezipä saýlanmak üçin zerur bolan talaplara laýyk gelýän konstitusion we hukuk çäkleri, şeýle-de saýlawyň gidişini bitewiligini dolandyrýan kanunlary we düzgünleri bolar. Şeýle-de bolsa, Gatnaşyjy-döwletler jemgyýetçilik edaralarda işlemeklige dalaşgärlik edýänleriň ýokary ahlak sypatlaryny üpjün edilmegine hem garalmagyny isläp biler. Bu partiýa agzalylygy, ýa-da saýlanylýan edara, jemgyýetçilik wezipeleriň belli-belli görnüşleri ýaly syýasy goşulyşmaklygy çäklendirýän kanunlary we düzgünleri öz içine alyp biler. Olar täze ýa-da goşmaça saýlanylýan jemgyýetçilik edaralary bilen utgaşmaýan saýlanylýan we bellenilýän wezipeleriň sanawyny düzüp bilerler. Olar korrupsiýa, jemgýyeyçilik edarasy üçin dalaşgär bolmak ýa-da ýokary wezipe eýelemek ýaly jenaýat hereketde günäkär diýlip hasap edilýänleriň hukugyny mahrum edip bilerler. Olar dalaşgärlerden özleriniň pul serişdelerini we eger-de dalaşgär ýa-da dalaşgäriň degişli bolan ýa-da goldaw berýän partiýasynyň saýlaw kampaniýasynda ulanylan serişdeleri hem hasaba alanyñda, doly açyp görkezmekligini talap edip bilerler.

## II.6. Kompaniýa geçirmekligiň we syýasy partiýany maliýeleşdirmekligiň açyklygy

Syýasy kompaniýalaryň maliýe serişdelerini dolandyrmaklygyň we syýasy partiýalary maliýeleşdirmekligiň talabalaýyk duzgünlerini we proseduralaryny kadalaşdyrmaklyk korrupsýanyň öňüni almakda we oňa garşy göreş alyp barmakda esasy ähmiýete eýedir. Birnäçe Gatnaşyjy-döwletler bir ýa-da birňäce jemgyýetçilik edaralary esaslandyrdylar, olaryň esasy borçlary saýlawçylary hasaba almaklyk we saýlawlaryň geçirilişine ýolbaşçylyk etmeklik, partiýalary hasaba almaklyk, partiýanyň maliýe serişdelerine gözegçilik etmeklik, dalaşgäriň saýlanmaga hukuguny we maliýe serişdeleri babatynda berýän hasabatlaryny barlamaklyk, kompaniýanyň maliýe hukugyny dolandyrmaklyk we şonuň bilen baglanyşykly kanunbozmalary derňemeklik bolup durýar.

Maýa serişdeleriniň açyklygyny gazanmaga hemaýat edýän çap edilen işler diýseň köpdür:

- çäklendirmeleriň ölçegini kesgitlemeklik, maksatlaýyn we belli bir wagt aralyklaryna çykýan çykdajylar, gatançlar babatynda çäklendirmeler, pul serişdelerini geçirýän adamy ýa-da maliýe göýberýän edarasyny takyklamaklyk (adamyň ýa-da edaranyň adynyň bolmagy ýa-da pul anonim göýberilýärmi, pul daşary ýurtdan geçirilýärmi ýa-da üçünji tarapdan geçirilýän peşgeş pul serişdelerimi, ýa-da rugsat berilýän, çäklendirilen ýa-da gadagan edilen karzlarmy we ş.m. öz içine alýar);

Gatnaşyjy-döwletlere syýasy partiýalary we saýlaw kompaniýalary maliýeleşdirmeklikde korrupsiýanyñ öňüni alyş babatynda umumy düzgünleri barada R (2003) 4 belgili Ýewropa Geňeşiniň Görkezmeleri kitabyna (Council of Europe Recommendation No. R (2003) 4) sebitleýin guramalaryñ başlangyçlaryna ýüz tutulmagy maslahat berilýär.

- natural peşgeşleriň haýsy görnüşi rugsat berilýär;
- partiýa edaralary tarapyndan berilýän resminamalaryň formasy we berilmeli wagty, neşirler, hasaplamalar we çykdaýjylar;
- girdejileri we çykdaýjylary tassyklaýan serişdeler;
- peşgeş ýa-da karz alynýan pul serişdelerine salgyt ýeňillikler rugsat edilýärmi;
- hökümetleri döwlet serişdelerini saýlaw maksatlarda ulanmazlygy ynandyrmak.

Saýlawlar we partiýalar üçin jemgyýetçilik pul serişdelerine bagly bolan Gatnaşyjy-döwletler üçin hem kömek pullaryň derejesini hasaplamaklyga degişli hem neşirler bar, täze partiýalaryň ösmegi üçin nähili goldaw bermeli (emma bu ýerde diňe pul serişdelerini almaklygy esasy maksat edinýän partiýalary açmaklygyň öňüni almalydyr), we jemgyýetçilik tele we radio ýaýlymlarda habar berilmelidir. Netijede, dalaşgärgärleriň arasyndaky bäsleşik we birnäçe dalaşgärleriň gatnaşmagynda geçirilýän saýlawlarda çözgüt çykarýan talabalaýyk kanunçylygyñ we institusion proseduralaryñ üpjün edilmegi zerurdyr.

## II.7. Açyklyk we gyzyklanmalaryň gapma-garşylygynyň öňüni almaklyk

Gatnaşyjy-döwletler maglumatlaryň erkinligini üpjün edýän we hasabatlary hem-de açyk jemgyýetçilik çözgüt çykarmaklygyň talabalaýyk dolandyryş kadalarynyň elýeterliligini, şeýle-de döwlet resminamalarynyň gizlingini üpjün edýän kanunlaryň girizilmek meselesine seretmelidir. Bu talap 10-njy we 13-nji maddalarda has jikme-jik beilýär.

Döwlet edaralarynyň ýolbaşçylary we olara garaşly bolan edaralar, Gatnaşyjy-döwletler Konwensiýanyň esasy talaplaryna esaslanan gyzyklanmalar, utgaşmazlyk we şuňa degişli meselelerde gapma-garşylyklaryň umumy kadalaryny üpjün etmelidirler, şu ýagdaýda saýlanylan ýa-da bellenilen döwlet edarasynyň ýolbaşçylary gapma-garşylykly gyzyklanmalary bolan wezipäni eýelemeklik, üsti açylmadyr hususy serişdeleriniň

saklamaklyk, we utgaşmaýan wezipe borçlaryny ýerine ýetirmeklik ýa-da bikanun utgaşmaýan işlere gatnaşmaklyk gadagan edilýär. Bu talap 8-nji maddada giňişleýin beýan edilýär.

### Madda 8. Jemgyýetçilik wezipe ýolbaşçylaryň özüni alyp barmaklygyň kodeksi

*1. Korrupsiýa garşy göreş alyp barmak maksady bilen her Gatnaşyjy-döwlet öz hukuk ulgamynyň esasy ýörelgelerine laýyklykda jemgyýetçilik wezipe ýolbaşçylarynyň para almazlygyny, halallygyny we jogapkärçiligini höweslendirýär.*

*2. Hususan-da, her Gatnaşyjy-döwlet öz institusion we hukuk ulgalmlarynyň çäklerinde jemgyýetçilik borçlary dogry, akýürekli we talabalaýyk ýerine ýetirmek üçin kodeksleri ýa-da özüňi alyp barmaklygyň ülňelerini ulanmaga höwes bildirýär.*

*3. Şu maddanyň kadalaryny amala aşyrmak maksady bilen her Gatnaşyjy-döwlet 1996-njy ýylyň 12-nji dekabrynda Baş Assambleýanyň 51/59 Rezolýsiýasynyň goşundysynda beýan edilýän döwlet wezipeli ýolbaçylarynyň özüňi alyp barmaklygyň Halkara Kodeksi ýaly regional (sebitleýin), sebitara we köp taraply edaralaryň başlangyçlaryna laýyklykda we öz hukuk ulgamynyň esasy ýörelgelerine laýyklykda we zerur ýagdaýda üns berýär.*

*4. Her Gatnaşyjy-döwlet öz wezipe borçlaryny ýerine ýetirip ýören wagty özüne mälim bolan korrupsion hereketleri gerek organlara habar bermäge ýardam berýän çäreleriň we ulgamyň döredilmek mümkinçiligini öz içki kanunçylygynyň esasy ýörelgelerine laýyklykda seredýär.*

*5. Her Gatnaşyjy-döwlet jemgyýetçilik wezipe ýolbaşçylary hökmünde öz borçlaryny ýerine ýetirenlerinde gyzyklanma gapma-garşylygynyň ýüze çykyp biljek beýlekiler bilen bir hatarda işiň daşyndan edilýän işler, okuwlar, inwestisiýalary (maýagoýumlar), hususy serişdeler we uly sowgatlar ýa-da bähbitler baradaky deklarasiýalary gerekli organlara bermeklige jogapkär wezipe ýolbaşçylaryna borçly edýän çäreleri we ulgamlary öz içki kanunçylygyň esasy ýörelgelerine laýyklykda döretmäge çalyşýar.*

*6. Her Gatnaşyjy-döwlet öz içki kanunçylygynyň esasy ýörelgelerine laýyklykda häzirki maddanyň esasynda kesgitlenen kodeksleri ýa-da ülňeleri (standartlary) bozýan jemgyýetçilik wezipe ýolbaşçylar babatynda düzgün-tertip üçin berilýän käýinç we beýleki çäreleri kabul etmek mümkinçiligine seredýär.*

#### I. Syn

Gatnaşyjy-döwletlerden şahsy ölçeglere, ýagny halallyk, dogruçyllyk we jogapkärçilik we professional talaplary, ýagny sypaýçylyk, adalatlylyk we wezipe borçlaryny talabalaýyk ýerine ýetirmeklige işeňňir ýardam bermeklik talap edilýär. Muny gazanmak üçin Gatnaşyjy-döwletler bellenilen ölçeglere laýyklykda wezipeli adamlaryň özüni nähili alyp barmalydyklary we öz hereketleri we çykarýan çözgütleri babatynda nähili hasabat bermelidikleri barada gollanma bilen üpjün etmelidirler. Hususan-da, bu maddada ähli Gatnaşyjy-döwlet wezipeli işgärleriň hasabat bermekligin kanunlary, gyzyklanmalar babatynda gapma-garşylyklaryň kadalary we proseduralary, özüň alyp barmaklygyň kodeksini, we wezipeli işgärler üçin düzgün-tertip talaplary üpjün etmelidigi görkezilýär.

Gatnaşyjy-döwletleriñ köpüsi özüni alyp barmagyň kodeksini ýa-da şoňa laýyk gelýän umumy kadalary ulanýarlar. Onda döwlet wezipeli adamsyndan ýa-da jogapkär işgärler toparyndan garaşylýan zatlar babatynda anyk aýdylýar we işgärlerde korrupsiýanyň öňüni

aljak öźüňi alyp barmaklygyň esasy ölçeglerini terbiýelemäge kömek edýär. Bu hünärmenleri taýýarlamagyň esasyny düzmelidir, hem-de wezipeli işgärleriň hemmesi özleriniň ýerine ýetirmeli borçlarynyň bilmekligine ýardam eder. Ölçegler şu aşakdakylary öz içine alýar: dogruçyllyk, adalatlylyk, adam hukugyny kemsitmezlik, garaşsyzlyk, halallyk we gönümellik, edaranyň işine wepalylyk, erjellik, edeplilik, açyklyk, jogapkärçilik, edaranyň serişdelerinden jogapkärçilikli peýdalanmak we adamalar bilen öźüni mylakatly alyp barmak.

Beýleki bir tarapdan özüňi alyp barmaklygyň kodeksi ýa-da oňa laýyk gelýän umumy kadalar, şeýle-de işgärler bilen geçirilen okuwlar, etiki herekleriň şowsyz netijelere getirip biljekdigini duýdurýar, şeýlelikde, işgäriň kesgitlenilen tertip-düzgün kadalaryny berjaý etmedik ýagdaýlarynda ýa-da yerine ýetiren işiniň söwsuz bolan halatlarynda işden boşatmaklygy hem öz içine alýan düzgün-tertip üçin berilýän käýinjiň esasyny üpjün edýär (köp ýagadýlarda kodeksler öźüňi alyp barmaklygyň garaşylýan ýa-da gadagan edilýän kadalaryny, şeýle-de prosedura düzgünlerini hem-de kodesk kadalarynyň berjaý edilmänligi sebäpli berilýän temmileri beýan edýärler).
Wezipeli adamlar diňe bir öźleriniň gulluk borçlary we işleri ýetirmek babatynda talap edilýän kadalar bilen öňünden tanyşdyrylman, eýsem ähli kabul edilen kadalar, proseduralar we işiň görnüşleri bir umumy kodekse birleşdirilmegi, olary ýerine ýetirmekde, jemgyýetçilik guramanyň ýolbaşçysyna işgäriň bilmeýän zatlary talap etmeklikde kynçylyklar döredýär. Beýleki bir tarapdan, wezipeli işgärler öňünden bildiriljek talaplary we özlerini nähili alyp barmalydygyny bilýärler we beýleki işgärlere özlerini gorkuzmaklygyň ýa-da işden boşatmaklygyň ýoly hökmünde temmi bermekligi toslap tapmaklyga mümkinçilik bermeýär.

Gatnaşyjy-döwletleriň özüňi alyp barmaklygyň kodeksine ýa-da şoňa laýyk gelýän umumy kadalary neneňsi ýaýratjakdygy ýörite institusion ýa-da hukuk ulgamyna baglydyr. Birnäçe ýurtlarda ähli döwlet işgärleri üçin ulanyp boljak kadalary kesgitlemeklikde ýörite kanun ulanylýar. Ikinjisi serişde bolsa kanunçykaryjy edara özüne mahsus kodeksi işläp düzmeklige berlen ygtyýary ulanyp biler, ýöne ol ygtyýary başga edara ýörite tehniki kadalary düzmeklige ýa-da işgärleriň belli bir kategoriýasy üçin, ýagny prokurorlar, kanunçykaryjy edarasynyň agzalary ýa-da maliýe hasabaty ýa-da üpjünçilik babatynda jogapkär işgärlere degişli ýörite kadalary düzmek üçin berip bilner. Netijede, şertnama hukugy we şoňa degişli işe kabul etmekligiň möhletleri we şertleri, öźüňi alyp barmaklygyň kodeksi bilen ylalaşyp bolmaýan ýagdaýlarda aýry-aýry işgär üçin özüniň hususy işe almaklygyň talaplaryny kesgitläp biler. Alternatiw ýagdaýda agentlik ýa-da bölüm ähli işgärler ýa-da şertnama laýyklykda işe alynýan adamlar bile ylalaşmak üçin talap edilýän işe almaklygyň şerti hökmünde umumy kadalary kesgitläp biler.

Kodeksiň ähli bölümleriniň işlenilen ýagdaýynda, Gatnaşyjy-döwletler 1996-njy ýylyň dekabr aýynyň 12-de BMG-nyň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen 51/59 Kararynyň goşundysy bolan Wezipe ýolbaşçylarynyň özüňi alyp barmaklygyň Kodeksinde, wezipe ýolbaşçylarynyň özüňi alyp barmaklygyň Kodeksine goşmaça hökmünde gelýän R (2000) 10 belgili Ýewropa Geňeşiniň Görkezmesinde, Ykdysady Hyzmatdaşlyk we Ösüş Guramasynyň Jemgyýetçilik Gullugynda Etiki Dolandyrmaklygyň Prinsiplerini ös içine alýan Jemgyýetçilik Gullugynda Etiki özüňi alyp barmaklygy ýokarlandyrmak Geňeşiniň Görkezmelerinde (1998-C (98) 70 FINAL) beýan edilýän ýerli, sebitleýin we we köptaraply edaralaryň by mesele babatyndaky başlangyçlaryny göz öňünde tutmakyga çagyrylýar.

## II. Tejribe meseleleri we çözgütler

### II.1. Wezipe işgärleriň arasynda dogruçyllygy, hallalygy we jogapkärçiligi wagyz etmeklik

Gatnaşyjy-döwletler işgärleriň arasynda dogruçyllygyň, hallalygyň we jogapkärçiligiň wagyz edilmegi hem oňyn hem ýaramaz taraplarynyň boljakdygyna göz ýetirmelidirler. Öňki aýdylanlar babatynda, Gatnaşyjy-döwlet etiki özüňi alyp barmaklyk babatynda wezipe işgärleriň goldanmagyny we sylaglanmaklygyna yolbaşçylygy üpjün etmelidirler: wezipeli işgärleriň talabalaýyk okadylmagy olaryň işe alnan wagty we işläp ýoren wagtlary garaşylýar. Işgärler gulluk borçlaryny ýerine ýetirmek üçin talabalaýyk okuw geçmelidirler. Ähli Gatnaşyjy-döwletler işgärleri ös maliýe we maşgala ýagdaýy, berilýän sowgatlar we edilýän keremler barada maglumat bermekligiň düzgünleri we serişdeleri bilen üpjün etmelidirler. Gatnaşyjy-döwletler işgärleriniň diňe bir beýleki işgärleriň özüni alyp baryşlary barada maglumatlary berip we olary ara alyp maslahatlaşyp bilýändiklerini däl, eýsem olara beýleki işdeşleri ýa-da daşyndan bolan adamlar tarapyndan zor salynmalar we täsir edilmeler barada habar berip bilýändiklerini kepil bolmalydyrlar; maglumat bermekligiň gizlinligi we işgäriň geljekdäki işlerine täsir etmejekdigini kepilendirilmelidir. Gatnaşyjy-döwletler korrupsiýa babatynda gowşak wezipäniň ýa-da işiň görnüslerininiň boljak howpuna baha bermelidirler we edara ýolbaşçysy bilen şol howplardan we korrupsiýa hereketlerinde neneňsi goralmadygyny ara alyp maslahatlaşmalydyrlar. Has umumy aýdanymyzda, işgärlere bolup biljek howplar, gorkular we gowşak ýerler barada yzygiderli aýdylyp durulmalydyr.

### II.2. Özüňi alyp barmaklygyň ölçegleri we özüňi alyp barmaklygyň kodeksi

Ölçegler işgärleriň tutýan ornunyň ähmiýetlidigini nygtaýar. Ol ölçegler işgärlerde professional borçlaryna bolan jogapkärçilik, jemgýyete gulluk etmeklik we öz edaralarynyň ygtyýarlyklaryna we serişdelerine jogapkärçilik duýgysyny döretmelidir. Ölçegler jemgýyetde olardan garaşylýan etiki gymmatlyklary kesgitlemelidir, olara kanuny ýolbaşçylyk, halallyk, dogruçyllyk, tarap tutmazlyk, talabalaýyk hukuk prosedurasyny ýerine ýetirmeklik, adalatlylyk, para almazlyk, we professionalizm. Köp ýurtlarda bolup geçýän reformalary dolandyrmak başarnyklaryny kämilleşdirmeklige we öz meselelerini talabalaýyk çözmek üçin jemgýýetçilik sektoryny has-da gowy enjamlaşdyrmaklyga esasy üns berilýär. Bu bolsa işgärlerde has-da netijeli işlemäge, maksadaokgunly bolmaklyga we hasabat bermeklige uly höwes döredýär.

Ölçegler köplenç oňyn çözgütleri we kazyýet hökümlerini çykarmak üçin esas hökmünde ýokary derejeli gymmatlyklary öz içine alýar. Bu ýerde wezipe işgärleriniň aýry-aýry çözgütleri çykarmaga kömek edip biljek umumy kadalar bardyr, esasan-da öz erkin hereket etmek hukugyny we saýlamaly bolanlarynda ulanyp biljek düzgünleri, olar bolsa şu aşakdakylary öz içine alýar:

- Halkyň bähbidine gulluk etmek;
- Bäşarnykly, netijeli, kanuny sylap, adalatly, açyklyk, syr saklamak şerti bilen, we tarap tutmazdan gulluk etmek we bu babatda gowy netijeleri gazanmaga çalyşmaklyk;
- Hemişe halkyň ynamyny ödemek üçin hereket etmeklik;
- Raýatlar we işdeşleri bilen iş alyp baranlarynda olara bolan sylaşygy, halallygy we salykatlylygyny görkezmeklik.

Kodeksler wezipeli isgärleriň özüňi alyp barmaklygyň kadalaryny kesgitleýär we özüňi alyp barmaklygyň ýörite we anyk talaplaryny öňe sürýär we netijelere umyt bildirýär. Bu öźüňi alyp barmaklygyň islenilýän we islenilmeýän çakleri aýdyňlaşdyrýar we köplenç

dürli ugurlary bir topara jemlär, meselem, esasy gatnaşyklardaky cäklere laýyklykda ýa-da jogapkärçilik ynanylan adamlary bir topara jemlär.

Şeýlelikde, kodeksler jemgyýetçilik gullugyna degişli bolmalydyr (meselem, jemgyýetçilik gulluklary ýetirilende halallygy we açyklygy üpjün edýän proseduralar we maglumatlar) we syýasy işler (meselem, syýasy iş alyp barmaklyga çäklendirimeleriň görkezilmegi we gyzyklanmalaryň maliýe gapma-garşylygy (meselem, wezipeli işgäriň işleýän ýeri we onuň gulluk ygtyýarlyklarynyň özüniň maliýe gyzyklanmalaryna hem-de oňa ýakyn adamlaryň maliýe gyzyklanmalaryna neneňsi täsir eder) we maliýe däl ýagdaýlara esaslanan gyzyklanmalaryň gapma-garşylygy ( meselem, wezipeli işgäriň alyp barýan işleri özüne we onuň bilen şahsy, etiki, dini ýa-da syýasy gatnaşyklarda bolanlara täsiri). Kodeksler sowgat kabul etmekligiň ýa-da etmezligiň, kerem etmekligiň, we beýleki düşewüntler, esasan hem adamlardan ýa-da edaralar bilen iş salyşýan adam toparlardan, ýa-da daşyndaky işlerde (meselem, esasy iş bile daşyndan işlenilýän işiň biri-birine gapma-garşylygynyň ýokdugy üpjün edilmelidir) sowgat almaklygyň we döwlet serişdelerini (meselem, hökümetiň serişdelerini diňe hökümet maksatlary bilen ulanmak ýa-da jemgyýetçilige aýdylmaly däl maglumatlary goramak) ulanmaklygyň çäklendirmelerini öz içine almalydyr. Netijede, kodeksler wezipeden we işden boşanyndan soňky ýagdaýlar bilen hem bagly bolmaly (meselem, öňki agentlige täze ýolbaşcy bellenende öňki wezipeli işgärleriň wezipeden boşadylandygyny we täze ýolbaşçylardan gizlin maglumatlar almak).

### II.3. Ulanmak mümkinçiligi

Esasy ýörelgelere goşmaça hökmünde Konwensiýanyň 8-nji maddasynyň talaplaryna laýyk gelmekligi, wezipeli işgärleriň dürli kategoriýalary üçin kodeksleriň döredilmegine getirip biler. Bu şeýle-de hökümet bilen işleşýän adamlar, ýagny, potratçylar, hususy sektorynda żahmet çekýänler ýa-da jemgyýetçilik fondlaryna pul-serişdelerini töleýän hökümet däl edaralar üçin düzülen kodeksleriň işlenilip taýyarlanmagyna getirip biler we ulanylyp bilner.
Ony durmuşa geçirmekde ilkinji mesele kodeksiň hukuk statusynyň bolmak meselesidir. Kodeksde beýan edilýän işleriň köpüsi gulluk borçlaryny garaşsyz we açyk ýerine ýetirmeklige degislidir. Şeýle kodekse degişli işgärleriň sany berilýär we kodeksiň ähli aspektleri babatynda kanuna laýyklykda mejbury görnüşde goşulmaklyk örän seresap seredilmelidir.

Ikinji mesele, ol hem Gatnaşyjy-döwletler kodeksiň esasan edaranyň borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly bölekler hem-de gyzyklanmalaryň ýa-da beýleki ugurlar bilen gapma-garşylygy bilen baglanyşykly bölekleriň arasynda tapawut edýärmi, ýagny kodeksiň esasy maksady hökmünde işgärleriň hereketlerine we çykarýan karalaryna dogry ýa-da nädorgy täsirleriniň arasynda tapawudyň geçirilmegi. Bu ýerde Gatnaşyjy-döwletler gyzyklanmalaryň gapma-garşylygyny döredip biljek pul serişdeler, sowgatlar, ikinji iş ýeri, esasy işinden soňky iş, hezzet-hormat edegenlik, ýa-da başga bähbitler bilen baglanyşykly kodeksiň ugurlaryna bolan has formal ýa-da kanuny garaýşy kabul etmekligi isläp bilerler.

Üçünji mesele "ösmek we kämilleşmek"garaýşyna eýerýän kodeksiň ösüşini we durmuşa geçirilişine howatyrlyk etmeklik bilen baglanyşykly. Bu ösen, emma söňra ýolbaşçylar tarapyndan kämilleşdirilen ýa-da hünärmenleri goşmazdan taýyarlanylýan kodeksleri öz içine alýar. Bu garaýyş kodeksleriň peýdalylygy babatynda hünärmenleriň bihaýa bolmaklygynyň ýa-da hatda gerek däl hökmünde garalmaklyk howpunyň bolmagyna getirip biler, sebäbi işgärler onuň özlerine dakylýar diýip düşünmekleri mümkin.

Kodeksiň netijeli bolmagy üçin Gatnaşyjy-döwletler şu aşakdakylary üpjün etmelidirler:

- Uly wezipeli işgärler kodeksi goldamaly we görelde hökmünde öňde bolmaly;
- Işgärleriň ählisi kodeksiň işlenip taýýarlamak işine we onuň amala aşyrylyşyna gatnaşdyrylmaly;
- Kodeksiň ulanylyşyna ýardam bermek üçin ýerlerde onuň mehanizmlerini goldamaly;
- Hünär başarnygy babatynda we ş.m. kodeks bilen laýyk gelýändigini göz öňünde tutmak bolar;
- Dürli delilendirilýän serişdeleriň üsti bilen kodeksiň laýyk gelýändigini yzygiderli gözegçilik etmeli;
- Özüňi alyp barmaklyk kodeksi (we umumy korrupsiýa bilimi) babatynda geçirilýän okuwlar ýzygiderli geçirilmelidir we olar hemmetaraplaýyn bolmalydyr;
- Edara özüniň etiki medeniýetiniň ösüşine yzygiderli ýardam edýär (özüňi alyp barmaklygyň kodeksi wajyp, ýöne onuň ýeke-täk guraly däldir);
- Zerur bolan ýagdaýlarda kodeks düzgün çäreleriniň üsti bilen mejbury ýagdaýda girizilmelidir;
- Kodeks ulanylyşy, wajyplylygy we elýeterliligi babatynda ysygiderli gözegçilik edilmelidir;
- Kodeksiň edaranyň belli-belli talaplaryna laýyklykda usullaryny we gurluşlaryny işläp taýýarlamaly;
- Iş ýerlerinde karar çykarmak, hereket etmek we garaýyşlara täsir etmek üçin kodeks aýrylmaz bölek bolup hyzmat edýär (10-njy madda seret).

Dördünji mesele, kodeksiň ýa-da onuň mazmunynyň haýsy nusgasy ulanylmalydygy bolup durýar. Bu babatda belli-bir ýeke-täk garayýş ýokdur. Ol şu aşakdaky meseleleri öz içine alýar: jemgyýetçilik edarasynyň standartlary we edaranyň gymmatlyklary; gyzyklanmalaryň gapma-garşylygy, sowgatlar we bähbitler; para, kemsitmeklik we göwne degmeklik, jemgyýetçilik bilen iş alnyp barlanda dogruçyllyk we adalatlylyk, gizlin maglumatlary dolandyrmak, serişdelerden – apparatlar, enjamlar (e-mail, Internet, şahsy kompýuterler, faks we başgalar) özbaşdak peýdalanmak; ikinji iş ýeri, syýasy işlere gatnaşygy, jemgyýet edaralaryna gatnaşygy we meýletin işler; korrupsiýa ýagdaýlary barada habar bermeklik; ýaramaz dolandyryş we möhüm çykdajylar; wezipeden boşanyndan soňky iş; we tertip-duźgün proseduralar we çäreler.
Bäşinji mesele Gatnaşyjy-döwletleriň kodeksi kämilleşdirmekligiň mazmuny we çakleri bilen baglanyşykly. Diňe bir kodeksi ýazmaklyk ýeterlik däldir. Muňa garamazdan, Gatnaşyjy-döwletleriñ statusy we täsir edijiligi babatynda netijeli kodeksi düzmeklik meselesine garamagy zerurdyr.

Şeýlelik-de, Gatnaşyjy-döwletler kodeksi kabul etmek babatynda (meselem, kollektiwleýin ýa-da şahsy kabul etmekligiñ, ýa-da edara kasam etmekligiñ, ýa-da bolmasa işe almaklyk babatynda ylalaşygyñ/kontraktyñ baglanyşmagynyñ üsti bilen) wezipe işgärlerine teklip etmeklik bilen kanunlaryñ we düzgünleriñ üsti bilen kodekse umumy kanunçylyk we ygtyýar berip biler. Gatnaşyjy-döwletler garaşylýan ähmiýetler we ýerine ýetilýän funksiýalary kesgitlenilen we olaryñ talaplaryna we ýagdaýlaryna laýyk gelýän dolandyryşyñ umumy kodeksine esaslanýan özleriniñ kodeksini we has işlenilen syýasatlaryny ösdürjek hususy bölümleriñ ýokary golandyrylyş edaralaryna esaslanýan kodeksiñ durmuşa geçirilişi barada hasabatyñ bolmaklygyny üpjün etmeli. Bu bolsa gymmatlyklary we ülñeleri has uly ähmyetli eder we olara dolandyryş ulgamlarynyñ bölegi bolmaklyga ýardam eder.

Hususy gulluklar (bölümler) kodeksi garaşylýan we gadagan edilenlerden has jikme-jik düşündirilýän öz syýasatlary, kadalary, okuwy we proseduralary bilen doldurmalydyrlar. Olar korrupsiýa babatynda has howply hasap edilýän wezipeli işgärlere degişli aýratyn maddalary talap edýär. Talabalaýyklyk kodeksi kabul etmekligiñ we düşünmekligiñ ýeñilligi bilen berkidilmelidir. Gymmatly maglumatlar ýaly ýörite talaplar ýeñil kabul edilýän hususy serişdeleriñ formalary tarapyndan hemaýat edilmelidir. Ýokary ýolbaşçylyk işgärleriñ işine baha bermekligiñ we dolandyryş ulgamlaryñ işini ýerine ýetirmekligiñ bölegi hökmünde islendik kodekse baha hökmünde garalmagyny isläp bolar, şeýle-de temmi beriş we mümkin boljak ýustisiýa edaralaryna ugratmalar ýaly çäreleri öz içine alýan kanun bozmalara eltýän netijeleriñ bellidigini üpjün etmelidir.

Gatnaşyjy-döwletler wezipeli işgärlerinden garaşylýan standartlary we kabul edip bojak we kabul edip bolmajak tejribelerini bilmekleri üçin habar beriş serişdelerine we jemgýýetçilige düşnükli bolar ýaly kodeksi çap etmelidirler. Onda jemgyýetçilik kanun bozmalary barada nirä we kime habar berip bolýandygyny, şeýle-de habar beriş serişdesinin işlendik kanun bozma barada akýürekli, ar alnar öýdüp ýa-da çäre görler diýip gorkmazdan habar berip bilmeklige goldanma bolmalydyr.

Netijede, Gatnaşyjy-döwletler 6-njy maddada beýan edilen gözegçilik edýän edaranyñ bolmagyny üpjün etmelidir, bu edara yzygiderli syn bermeleri, wezipeli işgärleriñ kodeksi nä derejede bilýändiklerini we durmuşa geçirýändiklerini öwrenmek üçin anketirleme geçirmekligi öz içine alýan kodeksiñ düýpli öwrenilmegi we amala aşyrylyşyna gözegçilik etmek, şeýle-de olaryñ gabat gelýän meseleleri we zor salmalary hem-de kodekse laýyklykda ýuridiki şahslaryñ öz borçlaryny ýerine ýetirilişi babatynda ýyllyk hasabaty çap edýärler.

### III. Wezipeli işgärler tarapyndan korrupsiýa hereketleri barada habar bermeler

Köplenç kodeksiñ bozulmalaryna getirýän öñünden ylalaşyklaryñ we ýaşyrmaklygyñ öñüni almaklygyñ wajyp serişdesi bolup umumy kanunbozmalar we esasan hem korrupşiýa ýagdaýlary (köplenç “whistle-blowing”-duýduryş diýlip atlandyrylýan, şeýle-de jemgyýetçilik gyzyklanmalaryñ aýan edilmesi, jemgyýetçilik habar berilmesi ýa-da professional standartlaryñ hasabaty diýlip hem atlandyrylýar) hakynda güman etmeler barada habar bermekligiñ netijeli ulgamyny girizmeli. Gatnaşyjy-döwletlerden işgärlere şeýle habarlary berip bilmekligiñ talabalaýyk düzgünlerini we proseduralaryny esaslandyrmaklyk talap edilýär. Munda işgärleri habar bermekligi höweslendirilmegi, kime habar bermekligini, we özünden uly wezipeli işgär tarapyndan ýaramaz ýagdaýlary habar bermekden saklamalardan goragly bolmaklygy göz öñünde tutulýar.

Kodeksiñ maksadynyñ bir bölegi wezipeli işgärleri öz işleriniñ professional häsiýeti we borçlary babatynda geçirilýän okuw sapaklarynda jemgyýetiñ beýleki wezipeli işgärleri we jemgyýetçilik edaralaryñ agzalarynyñ kabul edilen düzgünleriñ bozulmagy we göyberilýän ýalñyşlar babatynda habar bermekligiñ olaryñ borjudygyny ynandyrmaly. Ýörite poçta ýaşşiginiñ, gyssagly telefon aragatnaşygynyñ, ýa-da üçünji tarap gulluklaryñ üsti bilen ýörite habar beriş proseduralary we serişdeleri we ýekeme-ýeke gizlin habar bermekligiñ serişdeleri işlenilip düzülmelidir. Uly üns islendik habar bermekligiñ howpsuzlygyna we gizlinligine berilmelidir, ony akýürekilik bilen korrupsiýa ýa-da kanuna garşy edilen hereketler babatynda öz şübhelerini habar edýän adamlar açyk we ýaşyryn jogap bermelerden doly goralgy bolmalydyr. Işgärleri korrupsiýa ýa-da jemgyýetçilik dolandyrylyşynyñ beýleki kanunbozmalary babatynda berlen arzalaryñ netijesinde soñraky “jogap” kemsitmelerden we geljekki işlerine zyýan bermelerden doly goramak hökmanydyr. Gatnaşyjy-döwletler bu mesele babatyndaky GRECO 2006 hasabatynda berilýän maglumatlar bilen http://www.coe.int/t/dg1/greco/documents/2007/

Greco(2007)1_act.rep06_EN.pdf we Public Concern at Work hökümet däl edarasynyñ (HDG) http://www.pcaw.co.uk//. web-sahypasynda tanşyp bilerler.

Şeýle-de bolsa, Gatnaşyjy-döwletler arzalaryñ kime berilmelidigini, haýsy görnüşde (meselem, ýazmaçamy ýa-da adyny görkezmezden); haýsy aragatnaşyk serişdesiniñ kömegi bilen (telefon, elektron poçta (e-mail), ýa-da hat); berlen çeşmäni goramaklygyñ howpsuzlyk çärelerini; arzalary derñemekligiñ usullary; we ar alyş ýa-da jogap hereketleriñ öñüni alyş serişdelerini aýdyñlaşdyrmaklyga niýetlenilen kanunlary we proseduralary seredip geçmelidirler.

## IV. Aýan etmeklik ulgamy

Gatnaşyjy-döwletlerden gyzyklanmalaryñ gapma-garşylygy, utgaşyksyzlyklar we bileleşikli hereketler babatyndaky umumy öñüni alyş çäreleri girizmeklik talap edilýär.
Umumy ýörelge hökmünde, jemgyýetçilik edaralar hem öz işleriniñ açyklygyny we adalatlylygyny üpjün edýän ýagdaýy döretmelidir, şeýle ýagdaýda hiç-hili hödür etmeler, sowgat kabul etmeklik we hezzet-hormatlar goldalynýan däldir we edaranyñ işgärleri ýa-da başga gyzyklanýan adamlar resmi işleri ýerine ýetirmäge we çözgüt çykarmaklyga täsir etmeli däldirler. Muny dürli ýollar bilen gazanyp bolar, oña jemgýyetçilik işiñ ýerine ýetirilişini jemgyýetçilik köpçüligine aýan etmeklik (seret 10-njy madda) we galplyga we korrupsiýa garşy alnyp barylýan syýasatlar we özüñi alyp barmaklygyñ kodeksi degişli bolup biler. Şeýle-de ol maksatlaýyn aýan etmeklik, esasan hem tenderler we ylalaşyk resminamalar ulgamynda we jemgyýetçilik edaralarynda mälim etmeklik ýa-da Internet-de habarlaryñ ýerleşdirilmegi hem bolup biler.
Umuman aýdanymyzda, gyzyklanmalaryñ gapma-garşylygy babatyndaky düzgünler ýurduñ çözmeli meseleleriniñ esasy bolan gapma-garşylyk görnüslerini öz içine almalydyrlar. Gyzyklanmalaryñ gapma-garşylyk ýagdaýlarynyñ ýüze çýkan ýa-da üsti açylan wagty talabalaýyk çäreler güýje girmelidir. Gyzyklanmalaryñ gapma-garşylyk ýagdaýlarynyñ ikiuçsyzlyk halatlarynda (meselem, kiçi jemgyýetlerde), onda gürrüñi edilýän edaranyñ işini bökdemezden jemgyýetçilik gyzyklanmalaryny goramak babatynda işler edilmelidir. Bu işleri düzgünleşdirmeli wezipeli işgärler şeýle ýagdaýdan habarly bolmalydyrlar, olara düşünmelidirler we gyzyklanmalaryñ gapma-garşylygy konsepsiýany we bu babatyndaky talabalaýyk düzgünleri kabul etmelidirler. Gyzyklanmalaryñ gapma-garşylyk ýagdaýlarynda şübhe döreýän halatynda wezipeli işgärleriñ neneñsi hereket etmelidigi baradaky maglumatlar we maslahatlar elýeterli bolmalydyr. Wezipeli işgärlere şeýle ýagdaýlara düşündiriş ýa-da maslahat almaklyk elýeterli bolar ýaly resmi däl maslahat beriş prosesini we mehanizmi işläp düzmeklik peýdaly bolardy. Edara ýa-da edaralar gyzyklanmalaryñ bolup biläýjek gapma-garşylygy ýagdaýlaryny öwrenmäge we gerekli maglumatlary ýygnamaga tabşyryk berilmelidir. Kanunçylyk, berlen ygtyýarlyklar we/ýa-da işe almaklyk baradaky ylalaşyk gyzyklanmalar gapma-garşylygy babatynda düzgünleriñ ýerine ýetirilmedik ýagdaýlary üçin talabalaýyk temmi çäreler göz öñünde tutulmalydyr. Wezipeli işgärlerden gyzyklanmalaryñ gapma-garşylygy babatynda edilýän talaplar baradaky maglumatlar jemgýyetçilige elýeterli bolmalydyr.
Has takyk aýdylanda, paş etmeklik we hususy serişdeleri hasaba almaklyk, hem-de gyzyklanmlar babatyndaky talaplar şu aşakdakylary üpjün etmelidirler:

- Aýan etmeklik işgärleriñ girdejileriniñ we hususy serişdeleriniñ ähli wajyp görnüslerini öz içine alýar (ähli ýa-da bellenilýän işgärleriñ belli bir derejesini ýa-da bölümi we olaryñ garyndaşlary);
- Aýan etmeleriñ formasy işgärleriñ maliýe ýagdaýyny ýylma-ýyl deñeşdirmäge rugsat berýär;

- Aýan etmeler prosedurasy başga serişdeleriñ üsti bilen işgärleriñ hususy serişdelerini gizlemek mümkinçilikleriniñ öñüni alyp bilýär ýa-da Gatnaşyjy-döwletiñ şeýle mümkinçilikleri bar adamlaryñ hususy serişdeleri barlamaga ýgtyýary bolmadyk ýagdaýnda hem hereket edip bilýär (daşary ýurtlarda ýa-da ýurduñ raýaty bolmadyk adamlarda saklanylýan serişdeler);
- Girdejileri we hususy serişdeleri barlamaklygyñ ygtybarly ulgamy ähli fiziki we ýuridiki şahslar üçin hereket edýär-salgyt dolandyryşyñ çäklerinde-wezipeli işgärler bilen baglanyşykly adamlar we ýuridiki şahslara degişli hususy serişdeler;
- Işgärler öz girdejileriniñ çeşmelerini delilendirmäge ýa-da subut etmäge borçlydyrlar;
- Giñeldilen mümkinçilik babatynda, işgärleriñ başga hili edip düşündirip bolmaýan baýlyk üçin delil hökmünde ulanyp boljak ýok hususy serişdeleri beýan etmekligiñ öñi alynýar;
- Gözegçilik edýän gulluklaryñ wajyp barlaglar geçirmek üçin işgärleriñ ýeterlik sany, baha bermeklik, tehniki üpjünçilik, we hukuk ýgtyýary bardyr;
- Şu talaplaryñ bozulmalary üçin talabalaýýk öñüni alyş çäreler hereket edýär;
- Gyzyklanma gapma-garşylygyñ talabalaýyk we wajyp talaplary işlenilen ýagdaýynda Gatnaşyjy-döwletler şu aşakdakylara has uly üns bermelidirler:
- Haýsy wezipeler we hereketler belli bir jemgyýetçilik edarasyna laýyk gelenok diýlip hasap edilýär?
- Adamlar haýsy girdejilerini we hususy serişdelerini beýannamada görkezmeli (pul borçlaryny we bergilerini hasaba almak bilen)?
- Gyzyklanma gapma-garşylyklary babatynda bildirilýän talaplar dürli wezipeler üçin dürli görnüşlimi?
- Beýan edilýän maglumatlaryñ derejesi we jikme-jikligi nähili bolmaly?
- Göni däl gyzyklanmalar (meselem, maşgala we ş.m.) baradaky hasabatlar näderejede bolmaly?
- Beýan etmeklige kim borçly (meselem, deklarasiýany delillendirmek üçin howp bilen baglanyşykly, täsir edip boljak, korrupsiýa bilen baglanyşykly, institusion mümkinçilikler)?
- Nähiliräk möçberde we nähili ýol bilen deklarasiýalar çap edilmeli (gizlin meseleleriñ jikme-jik seredilmegi bilen we institusion ygtyýary bilen)?
- Deklarasiýa etmeklige nähili we kim tarapyndan mejbur edilip bilner?

Şeýle-de ähli Gatnaşyjy-döwletler sowgatlar we hödür etmeler babatynda hem syýasatlary we proseduralary kesgitlemelidirler. Olar şu aşakdakylara degişlidir:

- Sowgat, çakylyk ýa-da hödür-kerem kabul etmeklige rugsat;
- Hasaba almak üçin gerek bolan maglumat; islendik sowgadyñ eýeçiligi;
- Maglumatlaryñ barlanylmagy;
- Kanunbozmalary ýa-da arzalary öwrenmekligiñ serişdeleri;
- Çäreler.

Sowgatlar we hödür edilmeler baradaky edilen teklipler, hem-de kabul edilen sowgatlar we hödürler aýry-aýratynlykda hasaba alynmalydyr. Şeýle-de wezipeli işgärlere bu babatda olaryñ haçan we nirede hasabat bermelidikleri barada gollanma berilmelidir (formal ulgamyñ bolmagy we gollanmany berjaý etmeklik wezipeli işgarleri betniýetli delillerden gorar). Oñat tejribeleriñ görkezmeleri talap edilýän deklarasiýalaryñ iñ bolmanda wajyp derejesini kesgitlär. Şeýle-de ol teklibi kabul etmänkä wezipeli işgäriñ özünden uly wezipeli işgärden öñünden makullamasyny soramaklygyñ möhüm derejesini kesgitlär. Gollanma aýan etmeleriñ dessine edimelidigini nygtar we bu iş bilen baglanyşykly proseduralary hem-de uly dolandyryş edarasy we içki audit tarapyndan hasabatlara edilýän gözegçiligi kesgitlär.

Ähli Gatnaşyjy-döwletler kodeksi gaýtalap durmaklyk, amala aşyrylyşyna gözegçilik etmekligiñ institusion serişdelerini we okuw geçirmeklik we synlar ýaly onuñ bilen baglanyşykly meseleleri düzgünleşdirmekligiñ ýollaryny tapmalydyrlar; Gatnaşyjy-döwletler 6-njy maddada kesgitlenilen borçlary ýerine ýetirmek üçin edara ýa-da edaralary esaslandyrmaklygy hem ýola goýmalydyr.

## V. Temmi çäreleri

Ähli Gatnaşyjy-döwletleriñ kodeksi bozmalar babatynda alnyp barylmaly dogry kesgitlenilen işleri hem takyk gurmaklyk wajypdyr. Bu işler olaryñ intitusion we hukuk ulgamlaryna baglydyr, emma kabul etmäge, ygtyýary barlamaga we hususy serişdeleri, sowgatlary ýa-da hödürleri derñemäge kimiñ ýa-da haýsy gullugyñ jogapkärdigini kesgitlemeklik zerurdyr, bu babatda olar mümkin bolan işiñ göwrümini hem-de onuñ bilen baglanyşykly maglumatlaryñ elýeterli bolmalydygyny ýatda saklamalydyrlar. Olar şeýle-de edilýän talaplaryñ bozmalaryny kesgitlemek babatynda kimiñ ýa-da haýsy gullugyñ çözgüt çykarmaga jogapkärdigini karar etmelidirler.
Talabalaýyk we netijeli tertip-düzgün çäreleri üçin wezipeli işgärleriñ hukuklaryna we borçlaryna degişli kanunlar, düzgünler ýa-da hyzmatyñ möhletleri we şertleri üpjün edilmelidir. Ähli jemgyýetçilik edaralaryñ işgärleri we dolandyryş ulgamy professional borçlaryny ýaramaz ýerine ýetirmek ýagdaýlary bilen baglanyşykly öñüni saklamaklyk, üsti açmaklyk ýa-da iş alyp barmaklyk üçin proseduralar we temmiler babatynda hem çäre görmelidirler. Kodeks hyzmatyñ we her bir wezipe işgäriñ halallygyny goramak üçin ýeke-täk tertip-düzgün we arz etmekligiñ çäklerini üpjün etmelidir. Bu çäk administratiw korrupsiýa ýa-da professional borçlaryny ýaramaz ýerine ýetirmek ýagdaýlarynyñ öñüni saklamaklygyñ we iş alyp barmaklygyñ esasy mehanizmini takyk we düşnükli jogaplary we çäreleri üpjün etmelidir. Arz-şikaýat çägi korrupsiýada we gulluk boçlaryny ýaramaz berjaý etmekligiñ beýleki görnüşlerinde bilkastlaýyn ýa-da ýalñyşlyk bilen günäkärlenýän wezipeli işgärleriñ goragyny üpjün etmelidir, ýöne daş-töwerekde bolup geçýän korrupsiýa ýagdaýlary barada habar berýän wezipe işgärleriñ hereketleri we goralmagy üçin proseduralary hem kesgitlemelidir.

## Madda 9. Jemgyýetçilik satyn almalar we jemgyýetçik maliýe serişdelerini dolandyrmak

*1. Her Gatnaşyjy-döwlet beýlekiler bilen bir hatarda korrupsiýanyň öňüni almak nukdaýnazaryndan netijeli, açyklyga, bäsleşige ukyplylyga we karar kabul etmekligiň obýektiw ölçeglerine esaslanan satyn almalaryň zerur ulgamlaryny döretmek üçin gerek bolan öz kanuny ulgamyň esasy ýörelgelerine laýyklykda kabul edýär. Şeýle ulgamlar ulanylan ýagdaýlarynda nogsanlykly görkezijileri göz öňünde tutup biljek ýagdaýlary hem göz öňünde tutýar, olaryň arasynda şu aşakdakylar bar:*

*a) Satuw geçirmekligiñ potensial gatnaşyjalaryna tender arzalaryny taýýarlamak we bermek üçin ýeterlik wagt bermek üçin baglanyşylan ylalaşyklar baradaky zerur bolan maglumatlar we satuwa gatnaşmak üçin çakylyklar baradaky maglumatlary öz içine alýan satylyş proseduralara we satyn almaklygyñ ylalaşyklaryna degişli maglumatlaryň jemgyýetçilik köpçüligine ýaýradylyşy;*

*b) Öňünden saýlap almaklyk ölçeglerini we ylalaşyklara gol çekmeklik barada karalaryň kabul edilmekligini, şeýle-de satuw geçirmekligiň düzgünlerini we olara degişli neşirleri öz içine alýan gatnaşmaklygyň şertleriniň kesgitlenilmegi;*

*ç) Düzgünleriň ýa-da proseduralaryň ulanylyşynyň dogrulygyny soňraky soraglanylmagyna ýardam bermek maksady bilen jemgyýetçilik satuw geçirmeklik*

*baradaky kararyň kabul edilmegi babatynda öňünden kesgitlenilen we obýetiw ölçegleri ulanmaklyk;*

*d) Häzirki madda laýyklykda kesgitlenilen düzgünleriň ýa-da proseduralaryň ýerine ýetirilmedik ýagdaýlarynda garşy çykmalaryň ýuridiki serişdelerini we hukuk goraýyş serişdelerini üpjün etmek üçin şikaýat etmekligiň netijeli ulgamyny öz içine alýan içki gözegçiligiň (barlagyň) netijeli ulgamy;*

*e) Satuw geçirmeklik üçin jogapkär işgärleri degişli meselelerde, meselem, anyk satyn almaklyga gyzyklanmanyň deklarirlenmegi baradaky talap, barlag proseduralary we professional taýynlyga ýaly ýagdaýlaryň düzgünleşdirme çäreleri.*

*2. Her Gatnaşyjy-döwlet öz hukuk ulgamynyň esasy ýörelgesine laýyklykda jemgyýetçilik maliýe serişdelerini dolandyrmaklykda açyklyga we hasabatlylyga ýardam berýän zerur çäreleri kabul edýär. Şeýle çäreler şu aşakdakylary öz içine alýar:*

*a) milli býudjetini tassyklamak prosedurasy;*
*b) girdejiler we çykdajylar barada hasabatlaryň öz wagtynda berilmegi;*
*ç) şol gözegçilik bilen baglanyşykly buhgalteriýa hasabatlarynyň we audit ülňeleriniň ulgamy;*
*d) howplar we içki barlaglary dolandyrmaklygyň netijeli we degerli ulgamlary;*
*e) şeýle ýagdaýlarda şu punktlarda kesgitlenilen talaplaryň ýerine ýetirilmedik halatyndaky korrektirleme.*

*3. Her Gatnaşyjy-döwlet jemgyýetçilik çykdajylaryna we girdejilerine we şeýle resminamalaryň galplaşdyrylmagyň (falsifikasiýalaşdyrylmagyň) päsgelçiligine degişli buhgalter (hasabat) kitaplarynyň, ýazgylaryň, maliýe wedomostlarynyň ýa-da başga resminamalaryň saklanyşyny üpjün etmek üçin içki kanunçylygyň esasy ýörelgesine laýyklykda gerek bolup biljek raýat–hukuk we administratiw çärelerini kabul edýär.*

**I. Syn**

Hemaýat korrupsiýa, jenaýatçylykly ylalaşyga, kezzaplylyga we hilä gowşak bolan prosese düşünilýär. Gatnaşyjy-döwletlerden ýokarda agzalyp geçilen 1 (a)-dan (e)-e çenli punktlarda agzalan proseduralara laýyk hemaýat bermeklik işini ösdürmeklik talap edilýär. Bu babatda Gatanaşyjy-döwletlere Ykdysady Hyzmatdaşlyk we Ösüş Guramasynyñ 2007-nji ýylda çapdan çykaran “Bribery in Public Procurement: Methods, Actors and Counter-Measures” OECD, 2007 (Jemgyýetçilik hemaýat işinde parahorluk:usullar, ýerine ýetirijiler we oña garşy hereket etmekligiñ çäreleri) atly kitabyna salgylanmaklygyna maslahat berilýär. http://www.oecd.org/document/60/ 0,3343,en_2649_37447_38446908_1_1_1_37447,00.html. Şeýle-de “Integrity in Public Procurement: Good Practice from A to Z (OECD, 2007)” (“Jemgyýetçilik hemaýat bermeklik işinde halallyk:A-dan Z-e çenli gowy tejribe” YHÖG, 2007) we Fighting Corruption and Promoting Integrity in Public Procurement (OECD, 2005) (“Korrupsiýa bilen göreşmeklik we jemgyýetçilik hemaýat bermeklik işinde halallyk” YHÖG, 2005), Transparency International tarapyndan çap edilen Syýasat we ylmy işler atly iş http://www.transparency.org policy we http://go.worldbank.org/KVOEGWC8Q0 web-sahypada World Bank.

Jemgyýetçilik hemaýat etmeklik düzgünleri korrupsiýa garşy göreş alyp barmaklyk barada däldigini bellemek wajypdyr, aslyýetinde, hemaýat etmekligiñ köp ulgamlarynyñ umumy wezipeleri puluñ hümmetini, bitewiligi, hasabatlylygy, işiñ adalatly

seredilmegini, we social/önümçilik ösüşi öz içine alýar.[2] Birnäçesi gapma-garşylykly bolmagy mümkin bolan bu wezipeleriñ deñagramlylygyny saklamaklyk hemaýat bermekligi düzgünleşdirmekligiñ meselesidir. Muña garamazdan, hemaýat bermeklik ulgamy ýokarda 9-njy maddada (1) kesgitlenilen talaplary suratlandyrmalydygy babatynda ylalaşyk bar. Hemaýat bermeklik babatynda gollanma bolup hyzmat edip biljek birnäçe gulluklar bar, olara "Model of Law on Procurement of Goods, Services and Construction" (Harytlar öndürmeklige, hyzmatlara we gurluşyga hemaýat bermekligiñ nusgawy kanuny) we onuñ bilen bilelikde Kanuny Kabul etmekligiñ düşündiriliş gollanmasyny çap eden UNICITRAL (Birleşen Milletler Guramasynyñ Halkara Söwda Kanuny boýunça Komissiýasy), we hemaýat bermeklik babatynda gollanmany çapdan çykaran Dünýä Banky [3] girýär. Mundanbaşga-da, Gatnaşyjy-döwletlerde milli kanunçylygyñ taslamasy düzülende hemaýat bermeklik babatynda düzgünleri bar bolan hem-de göz öñünde tutup boljak beýleki halkara we sebitleýin toparlar hem bar, olara Aziýa-Ýuwaş okean Ykdysady Hyzmatdaşlyk (APEC), Ýewropa Bileleşigi (EU, iki sany: 2004-nji ýylda Hemaýat bermeklik babatynda görkezmeler we 2004/17/EC Görkezme (döwlet häkimiýeti organlary tarapyndan sylaglanan ylalaşyklar)), Amerika ylalaşygyñ erkin söwda zonasynyñ taslamasy (FTAAA), Demirgazyk Amerika erkin söwda zonasy barada Ylalaşyk (NAFTA), Amerikan Ştatlarynyñ Guramasy (OAS) we Dünýä Söwda Guramasynyñ (WTO) Hökümet hemaýat bermekligiñ Ylalaşygy (GPA) [4].

Korrupsiýa garşy göreşi hem öz içine almak bilen hemaýat bermekligiñ wezipelerine ýetmekligi dine bir düzgün bile gazanyp bolmaz eýsem gowy edara etmeklik bilen hem gazanyp bolýar. Şeýle-de bolsa, Gatnaşyjy döwletlerden ähli jemgyýetçilik girdejileriñ we çykdajylaryñ jemgyýetçilik gözegçiligi tarapyndan aýan edilmekligini we netijeli içki we daşky auditiñ geçirilmegini üpjün etmekligi talap edilýär we şeýle hem kanunyñ we proseduralaryñ üpjün edilmegini borçly edilmalidir (institusion medeniýet hem düzgün ýalydyr), mundan başga-da, hemaýat bermeklik işiniñ özi hem talabalaýýk gözegçilik edilmelidir. Hemaýat bermeklik babatynda aýdylanda, audit ýörelgeleriniñ we tejribesiniñ ösüşini goldaýan birnäçe gulluklar bar, esasan hem, Ýokary Audit Institutlarynyñ Halkara Guramasy (INTOSAI) we onuñ ýedi sany sebiteleýin işçi toparlary.

## II. Tejribe meseleler we çözgütler

### II.1. Hemaýat bermeklik

### II.2. Ýörelgeler

Hemaýat bermekligiñ milli ulgamlary üpjün edilmeli harytlary kesgitlemedir,

---

[2]. Seret, meselem, Arrowsmith, Linarelli and Wallace, Regulating Public Procurement: National and International Perspectives (2000; Kluwer Law International), bap. 2; Schooner, "Desidarata: Objectives for a System of Government Contract Law" (2002) 11 P.P.L.R. 103-110.

[3].Seret, "Guidelines: Procurement under IBRD Loans and IDA Credits", and other documents regarding the Bank's procurement policies and procedures, available at http://go.worldbank.org/9P6WS4P5E1.

[4]. Bütindünýä Söwda Guramasyna girýän ähli agzalaryñ iş topary Hökümet üpjün etmeklikde aýdyñlyk babatynda ýüzlenende öz işini bes etdi. Seret: 2004-nji ýylyñ 1-nji awgustynda çap eden The General Council's decision on the Doha Agenda work programme (the "July package", http://www.wto.org/english/tratop_e/dda_e/draft_text_gc_dg_31july04_e.htm)-web-saýtynda, onda beýlekiler bilen bir hatarda Hökümet üpjün etmeklikde aýdyñlyk babatynda Singapur meselesi barada hiç-hili ylalaşyklaryñ bolmajakdygy nygtalýar. Şeýle-de bolsa, geljekde iş toparynyñ jemgyçilik üpjünçilik meselesini açyk proseduralaryñ üsti bilen we ylalaşyklary tamamlamaklyk; we çösgüt çykarylanyndan soñky ýerine ýetirilmeler we tölegleriñ üsti bilen ylalaşyklaryñ ýapylmagy seredilip geçiler diýen umyt bar. Madda düzgünleşdirilmeli taraplar babatynda gollanmany ykrar edip biler.

takyklamalydyr we mälim etmelidirler we üpjün edijileriñ haýsylarynyñ gatnaşmaga laýyk gelýändiklerini kesgitlemelidirler, açyk tenderiñ geçirilmegi ýa- da oña deñ gelýän gatnaşmaklyga çäkledirmeler girizilmegi, öñünden kesgitlenilen baha bermeklik we proseduralary çožmeklik, we syn bermeklik ýa-da baha teklip etmeklik babatynda proseduralar üçin esaslandyrma bolmalydyr.

Gatnaşyjy döwletleriñ ylalaşyk baglanyşmagyñ, talap edilýän ýokary ülñelerini goldaýan we ähli işlerde bitewilige ýardam berýän wezipeli işgärleriñ ähmiýetini öz içine almak bilen anyk we hemmetaraplaýyn proseduralary bolmalydyr. Şeýlede, Gatnaşyjy-döwletler resminamalaşdyrylan we ähliumumy hasaba alnan sepäpleri delilendirmek üçin kesgitlenilen proseduralardan islendik gyşarmalary hem dolandyrmalydyrlar. Hemme Kabul edilen çösgütleriñ aýdyñ we hasabatly bolmagy möhümdir, we gözegçilik edýän gulluklar, kanunçykaryjy organlar we jemgyýetçilik tarapyndan islendik derñewe garşy durup bilerler.

### II.1.2. Aýdynlygy güýçlendirýän çäreler

Aýdyñlygy üpjün etmeklik prosesinde bitewiligi gazanmaklygyñ esasy serisdeleriniñ biridir. Üpjün etmekligiñ üç sany esasy tapgyry bar: üpjün etmekligi meýyilleşdirmeklik we çözgüt çykarmak, öna operatiw-tehniki talaplar (şertler); guramaçylyk we paýlama hem girýär. Üpjün etmekligiñ
jemgyýetçilik paýlanyşynyñ talaplary babatynda aýdylanda, şoña degişli maglumatlary 9-njy maddanyñ 1(a) punktunda hem alyp bolar, aýdyñlygy kepillendirmek babatynda “UNCITRAL Model Law” gollanmada birnäce maddalar bar, şeýle-de şol neşirde bu baradaky kanunlaryñ we düzgünleriñ hökmany neşirleri we açyk tenderleri geçirmekligiñ ýa-da onuñ hyzmatlarynyñ hökmany ulanylyşyndan basga-da has çäklendirilen usuly ykrar edýän ýörite ýagdaýlar hem bar. Mundan başga-da, “Guide to Enactment” gollanma açyk tender geçirmekligiñ korrupsiñ öñüni
almaklygy öz içine almak bilen, ýokarda beýan edilen üpjün etmekligiñ maksatlaryna iñ netijeli üpjün etmekligiñ giñden tanalmagyna ýardam berýän usulydyr. Umumy düzgün hökmünde, açyk tender geçirmekligi üpjün edijiler ýa-da ylalaşýanlar tarapyndan gatnaşymalary çäkledirilmeýän arza bermeklik aýdyñlygy üpjün edýän usuly talap edýär; tender başlamanka predmetiñ jikme-jik suratlandyrmasy ýa-da beýany üpjün edimelidir; tenderlere baha bermekde we olary deñeşdirmekde we iñ şowly tenderi saýlamakda (ýagny, ýeke-täk baha, ýa-da bahalaryñ utgaşmasy we beýleki birnäçe tehniki we ykdysady ölçegler) ulanyp boljak ölçegleri üpjün edijilere ýa-da ylalaşylýanlara doly açyp görkezmeklik; öz tenderleriniñ düýp esasy babatynda üpjün edýän gurama we üpjün edijileriñ ýa-da ylalaşýanlaryñ arasyndaky gepleşikleriñ bolmagyny berk gadagan etmeklik; tender boýunça teklip etmekligiñ soñky möhleti we üpjün etmekligiñ ylalaşygy boýunça zerur formallyklary aýan etmeklik bolup durýar.

UNCITRAL Model Law ýaly köp ulgamlarda ýokarda beýan edilen usullaryñ amatly we laýyk gelýän adaty däl, deliledirilen ýagdaýynda ulanyp boljak satuwlaryñ birnäçe alternatiw usullary teklip edilip bilner. Delilledirme hökmanydyr, sebäbi bu alternatiw usullar möhüm ylalaşyklar babatynda bäsleşmek üçin çagyrylýan üpjün edijileriñ sanynyñ çäklendirilmelerini, ýa-da açyklygyñ beýleki aspektlerini öž içine alýar, şeýle-de bäsleşiksiz üpjün etmeleri hem öž içine alyp bilýär. Alternatiw usullaryñ ulanylyşyny delillendirýän ýagdaýlar hem bar, muña mysal edip, üpjün edýän tarapa tender babatynda takyklyk we goly gutarnylylyk barada jikme-jik formulirlemek hökmany däl, heläçilikli ýagdaýlar, tehniki toplumlaýyn we ýöriteleşdirilen harytlar gurluşyk ýa-da hyzmatlar dine üpjün edijileriñ çäklendirilen sanyndan mümkin bolup biljek wajyp talaplar we üpjün edýän tarap hökmünde hasap edilmeli tenderleriñ sanynyñ çäklendirilmeleri

delillendirýän üpjün etmeler. Haýsy ýagdaýlarda alternatiw usullary ulanyp bolmaklyga degişli gollanmanyñ bolmagy wajypdyr. Şeýle-de bolsa, UNCITRAL Model Law we halkara derejede köp satuwlaryñ tekstlerinde umumy gabat gelinýänler, satuwlaryñ ýörite mahabaty talap edilmeýänleri hem öz içine almak bilen, usullara laýyklykda gatnaşyjylar üçin şertler we ölçegler, saýlap almaklyk obýektiw bolmalydyr, gatnaşyjylar öñünden kesgitlenilen we açyk bolmalydyr hem-de baglanyşylan ylalaşyk çap edilmelidir (käbir ýagdaýlarda ähmiýeti uly bolmadyk çäkler). Bu esasan hem bu aýdyñlyk çäreleriniñ sylanylýan açyk däl işlerinde wajypdyr.

Aýdyñlygyñ indiki wajyp ölçegi erkin, takyk we elýeter maglumat. Satuw barada ähli maglumat aýdyñlyk babatynda erkin bolmalydyr, emma islendik görnüşli maglumat hökmany suratda erkin bolmalydyr, emma tejribede elýeterli serişdeleriñ hemişe birmeñzeş bolmaly däldir. Şeýle-de bolsa, milli ulgamlaryñ köpüsi gatnaşmaklyk babatynda jogapkärçilik çekmeýärler (kähalatlarda nominal bahadan ýokary tender resminamalarynyñ paýlanylmagynyñ nyrhy görkezilýär), käbir halkara guramalar gatnaşmaklygyñ käbir elementleri üçin hyrhlar üçin jogapkärdirler). Şeýlelik-de, Gatnaşyjy-döwletler satuw proseduralar we ylalaşyklar babatynda maglumatyñ jemgyýetçilik ýaýradylyşyny üpjün etmelidirler, muña tendere gatnaşmaklyk barada maglumat we çakylyklar we ykrar edilen sanawlar, ylalaşygy gazanan taraplarlar babatynda wajyp we degişli maglumat, bu bolsa tendere gatnaşýanlara öz tenderlerini taýýarlamaga we tabşyrmaga ýeterlik wagt bolýar. Gatnaşyjy-döwletler bu maglumaty çykdajy çykarmazdan üpjün etmekligi goldaýar.

Gatnaşyjy-döwletler satuw prosesinde gatnaşmaklygyñ netijeliligine ýardam edýän ähli maglumaty işläp taýýarlamalydyrlar we çap etmelidirler, muña bu bilen baglanyşykly ähli kanunlar, düzgünler we kadalar, saýlamak we baha bermek üçin ölçegleri öz içine alýan gatnaşmaklyk üçin şertler, satuwlaryñ nyrhlatynyñ iñ ýokary derejesi we ýokarda beýan edilen satuwlaryñ alternatiw usullary üçin şertler girýär. Olar düzgünleriñ ýa-da proseduralaryñ dogry arzalaryny gaýtadan barlanmagyna ýardam bermek üçin jemgyýetçilik satuwlaryñ kararlarynyñ maksadyny we öñünden kesgitlenilen ölçeglerini çap etmeli.

Howpy dolandyrmaklyk, audit ýazgylary, ýörite borçlary ýerine ýetirmek üçin işe bellemeklik prosessler, öžüñi alyp barmaklygyñ ýörite kodeksleri we bilim almak babatyndaky talaplar ýaly satuwlar üçin jogapkär işgärleriñ iş dolandyrmak babatyndaky kesgitlenilen çäreler bolmalydyr. Kanunçykaryjy komitetleriñ we Döwlet Audit edarasynyñ ylalaşygyñ resminamalaryna we wezipeli işgärlerine ygtyýaryny üpjün etmek üçin hökmany seredilmelidir. Gatnaşyjy-döwletler kesgitlenilen düzgünleriñ ýa-da proseduralaryñ ýerine ýetirilmedik ýagdaýlarynda kazyýete ýüz tutmalary we bu taýdan goramak serişdelerini üpjün etmek üçin ýüz tutmalaryñ netieli ulgamyny öz içine alýan ýerli gözegçiligiñ netijeli ulgamyny ösdürmelidirler we köpçülige aýan etmelidirler. Munuñ bir netijesi bolup, satuw prosessleriñ ýa-da korrupsiýa bolan gatnaşyga laýyk gelmeýänligi delillendirilen ýagdaýynda ylalaşylýanlar hukukdan mahrum edilip bilner. Bu babatda netijeli temmi beriş prosedular hakda http://www.eipa.eu/files/repository/eipascope/ Scop06_3_3.pdf. berilýän mysallara seredip bilersiñiz. Korrupsiýa hereketiñ başyny başlan diýip güman edilýän wezipeli işgärlere hemaýat bermeklige garşy bolup biljek çäreler bolmalydyr.

Gatnaşyjy-döwletler jemgyýetçilik satuw proseduralaryñ guralmagy we ýerine ýetirilmegi üçin ýa garaşsyz gullugyñ ýa-da komissiýanyñ esaslandyrmak meselesini öwrenmelidirler. Şeýle gurama şu aşakdakylarda görkezilenleri ýerine ýetirmek ýa-da gözegçilik etmek üçin jogapkär bolar:

- Satuwy elýeterli etmeklik we olara gözegçilik etmeklik hem-de proseduraly amala aşyrmaklyk;
- Satuw prosesiniñ islendik bölegine gatnaşmaklyk;
- Irki tapgyrlarda korrupsiýa hareketini görkezýän galp alamatlaryny kesgitlemek (tanamak);
- Galplyga we korrupsiýa ýardam berýän maglumatlary deñeşdirmeklik, bu bolsa öž içine şulary alýar: (i) ähli şikaýatlary kabul etmeklik; (ii) gizlin telefon “gyzgyn liniýasyny” döretmeklik; (iii) bolup biläýjek gadagan etmeleriñ sanawyny jemgyýetçilik bilen gözden geçirmeklik; we (iv) bolup biläýjek hususy sektor bilen ylalaşyk etmeklige gatnaşan hökümetiñ beýleki taraplary bilen degişli maglumatlaryñ netijeli alyş-calşygyny üpjün etmeklik;
- Bir edara hemaýat etmeklik ýaly ýörite ýardam etmelere gözegçilik etmeklik;
- Ylalaşyklaryñ halallygyna ýardam etmeklik we gözegçilik etmeklik;
- Bilim bermekligiñ we okuw geçirmekligiñ başlangyçlarynyñ üsti bilen öñüni alyş strategiýalarynyñ utgaşdyrylmagy, içki audutiñ dolandyrylyşyny we ýolabaşçylygyny üpjün etmeklik; korrupsiýa garşy göreş meseleleri babatynda maslahat bermekligi üpjün etmeklik; gözegçilik işlerini ünsli talabalaýyk ýetirmeklik we gadagan edilmeleriñ sanawlaryny işläp taýyarlamaklyk we berjaý etmeklik;
- Maglumat kanunçylygynyñ erkinligine we maglumatlara elýeterligine ýardam etmeklik;
- Işgärleri we auditorlary üpjün etmeklik üçin ýörite okuw sapaklaryny geçirmeklige, özüñi alyp barmaklygyñ kodeksini we deklarasiýa talaplaryny gorap saklamaga ýardam etmeklik.

### II.1.3. Tender geçirmekligiñ we gözegçilik etmekligiñ düzgünleri

Edara şu äsakdakylara salgylanyp talap edilýän proseduralary ýetirip bilerler:

- Satuw proseduralar neneñsi saýlanyp alynýar- meselem, açyk, çäklendirilen, ýeke-täk tarap üçin, ylalaşylan, gyssagly prosedura we ş.m. we olary nädip saýlamaly;
- Ylalaşyklaryñ gurluşy nähili- meselem, çarçuwa ýa-da ikitaraplaýyn ylalaşyklar, ýa-da bir gezeklik ylalaşyklar;
- Tender we karar çykarmaklyk proseduralar:satuwy taýyarlamak we býujeti meýyilnamalaşdyryş, meçew bermeklik we saýlamaklyk, haryt getirmekligiñ ylalaşygy; üýtgetmeklik we ýerine ýetirmeklik, we tassyklanylan sanawlar;
- Ölçegler , bahalar, nyrhlar/hil we ş.m. babatynda karar çykarmaklyk;
- Tender geçirmekligiñ çarçuwalary: kabul edilen çäklendirmeler, ilkibaşdaky bahasy, çykdajylar we jemlenilen girdeji, möhleti we ş.m.
- Standard barlaglaryñ, kanunlaşdyrmaklygy we audit barlagy ulanmak, ol şu aşakdakylary öz içine alyar: dil düwüşmezlik, para almazlyk şertleri, gadagan etmeklik syýasatlary, maglumata laýyk gelmeklik we işläp taýyarlamaklyk, üpjün etmeler üçin önümiñ netjelerini deñeşdirmeklik, kompaniýanyñ ykdysady durnuklylygyñ subutnamasy we ylalaşyga proporsional mümkinçilik. Gözegçilik hajatlary üçin ulanylýan ähli elementleriñ bitewileşdirýän satuw ulgamlaryñ standartizasiýalaşdyrylmagy talap edilýär-meselem, elektron satuwlar ulagamlary;
- Howpuñ ýa-da gowşak taraplaryñ (toparlara bölmeklik, meselem, ylalaşygyñ şertlerini emeli bölmeklikden harytlaryñ ýasama ösüşlerine çalyşmaklyk) garşysyna tagallalary gönükdirmek üçin ýörite proseduralary gözegçilik edýän kezzaplyk görkezijisi;

- Satuwa gatnaşýan ähli wezipeli işgärleriñ hususy serişdeleriniñ deklarasiýasynyñ talaplary;
- Satuwa gatnaşýan ähli wezipeli işgärler wezipeden boşandan soñ ýa-da işden çykanyndan soñ talaplar bildirilýär (meselem, gowy iş almak üçin satuw geçirýn işgärler tarapyndan üpjün edijiler bilen wezipä bellemeklikden öñki gepleşikleriñ öñüni almak);
- Ylalaşygy üýgetmek;
- Ylalaşygy tassyklamak;
- Ylalaşyk baradaky maglumaty ýaýratmaklygyñ esasy serişdesi hökmünde Interneti ulanmak;
- Para almaklyk ýa-da ýeñilleşdirilen tölegler ýaly korrupşiýa ýagdaýlary ýa-da jenaýat özüñi alyp barmaklyk barada arzalary etmek üçin hukuk goraýjy organlar bilen aragatnaşykda bolmak;
- Hukukdan mahrum etmek proseduralary.

Esasan hem, şeýle gurama bolup biläýjek korrupsiýanyñ ýa-da kezzaplygyñ esasy bolup biljek ýerleriñ howpuna baha bermeklik bilen iş alyp barar ýa-da ony talap eder, muña harytlary speculýatiw satyn almaklygyñ tehniki usullary we proseduralary, gizlin dildüwşük esasynda ylalaşyk geçirmeklik, galplaşdyrylan hukuk talap etmeler we ýalan ykrarlamalar, ülñelere laýyk gelmeýän we ýasama materiallary ulanmak ýa-da üpjün etmekligi öz içine alýan gabat gelmeklik babatyndaky şowsuzlygy, şeýle-de garyşyk ylalaşyklar; ýasama hasap-harytnamalar; ylalaşyk tölegleriñ dublikatlar; üýtgedilen ylalaşygy ýalñyş ulanmaklyk we bölek satyn almalar; hyýaly üpjün edijiler girýär.

### II.1.4. Satuwlary geçirmek üçin jogapkär işgärler

7-nji maddada aýdylyşy ýaly, Gatnaşyjy-döwletler satuwa gatnaşýan belli bir wezipäni eýeleýän adamyñ ýa-da edara ýolabşçysynyñ howpy babatda baha bermekligini amala aşyrmalydyr.
Bu işler hyýanatçylykly peýdalanmaklyga garşy kepiliñ ýokary derejesini talap edýär we guramaçylygyñ gowşak taraplaryny we proseduralary kesgitlemeklik wajypdyr.

Baha bermeler tamamlanandan soñ, jemgyýetçilik guramalar birnäçe öñüni alyş çäreleriñ amala aşyrmak meselesine seredip geçmelidirler. Olar şu aşakdakylary öz içine alyp bilerler:
Wezipä bellenmezden öñ dalaşgärleriñ saýlanyp alynmagy (işe bellenjek adamyñ özlerini alyp barmaklygyñ ýokary nusgasyny görkezdiler); üstünlik gazanan dalaşgärler gullugy üçin ýörite möhletler we şertler; netijeligi görkezýän tertip-düzgün barlagy ýa-da höweslendirmegiñ serişdesi hökmünde işgärleriñ täzeden wezipä bellemeklik ýa-da uzak dowam edýän wezipe eýelemekden gelip çykýan korrupsiýa netijeleri.

Dolandyrylyşa esasan hem korrupsia babatynda gowşak wezipeler üçin goldaw bermeklik we barlag proseduralary hem girizmelidir, oña yzygiderli baha bermeklik, gizlin hasabat etmeklik, gyzyklanmalary hasaba almak we aýan etmek, hususy serişdeler, myhmansöýerlik we sowgatlar giýär. Mümkinçilik bar ýerlerinde we howp derejesine baglylykda, belli bir ýagdaý babatynda karar çykarmakda bir şahsa ýgtyýar berleninden köp derejeli syn bermeler we ykrar edilmeleriñ kabul edilmegi islenilýär, muny işgärleri gerekmejek täsirden goramak üçin we karar çykarmak prosesine garaşsyzlyk elementini girizmek üçin edilýär.

II.1.3-de aýdylyşy ýaly, satuw üçin jogapkär gurama daşky audit geçirýän hünärmenler we 6-njy we 36-njy maddada beýan edilýän gulluklary hem öž içine almak bilen bilelikde

jemgýýetçilik satuw prosesiniñ belli bir bölegine ýakyndan gözeçilik etmeklige ýa-da laýyk gelmeýän ýa-da korrupsiýa hereketlerine goşulan kompaniýalary we işgärleri hasaba almaklygy gadagan etmekligi maslahat berýän bolup biljek duýduryş ýa-da kezzaplygy görkezýän ulgam hökmünde Korrupsiýa we Kezzaplyk Howpuny hasaba Almaklyk dolandyrylyşy işläp taýýarlamaly. Şeýle-de bu satuw prosedurasynda talabalaýyk iş geçirmek üçin bilimli, iş tejribesi bolan dolandyryjylar, auditorlar we derñew geçirýän hünärmenleri taýyarlamaklygy üpjün eder we oña ýardam berer.

Satuw geçirmekligiñ umumy sözlügi we tehniki talaplary kesgitlemekde standardlaşdyrylan adalgalaryñ bolmagy satuw prosesinde adalatlylygy üpjün etmekde uly ähmiýeti bardyr. Mysal hökmünde UNICITRAL Model Law-nyñ 16-njy maddasyna seret.

Degişli resminamalaryñ saklanyp galynmagy netijeli gözegçilik işlerini geçirmekde wajypdyr, bu mesele soñrak ara alnyp maslahatlaşylar. UNCITRAL Model Law (madda 11) audit geçirmekde zerur maglumatlary özünde saklajak her satuwyñ ýazgylarynyñ saklanylmagyny talap edýär. Mundan başga-da, tekst paş etmekligiñ wagtyny näçe uzaldyp bolýandygy barada kadalary üpjün edýär. Satuw geçirýän guramanyñ hasabaty babatynda esasy maglumat halk köpçüliginiñ her bir agzasy üçin açyk bolmalydyr we prosese gatnaşyjylara öz işlerine baha bermäge rugsat bermek we meseläniñ kanunlaşdyrylan esaslary bolan teklipleri öwrenmek üçin maglumatlar zerurdyr.

Islendik mesele babatynda, ýagny arzanyñ netijeli bolmagy üçin, hususan-da tizlik, aýdyñlyk, açyklyk, satuw işleriniñ ýa-da ylalaşygyñ wagtlaýynça bes edilmegi hem satuwlaryñ ähli maglumatlarynyñ bolmagyny talap edýär.

## II.2. Döwlet býudjeti

### II.2.1. Döwlet pul maýalaryny dolandyrmak

Gatnaşyjy-döwletler ähli býudjetiñ taýýarlanylyşynyñ we tanyşdyrylyşynyñ, rollaryñ we jogapkärçilikleriñ, maglumatlaryñ köpçülige elýeterliligini, açyk býudjetiniñ taýýarlanylyşynyñ, ýerine ýetirilişiniñ, hasabat bermekligiñ, netijeli auditiñ we kanuny gözegçiligiñ aýdyñ şöhlelendirilmegini üpjün etmelidirler. Sagdyn döwlet maliýe ulagamy aşakdaky düzüm bölekleri şöhlelendirmelidir:

- Döwlet girdejileriniñ çeşmesiniñ aýdyñlygy;
- Salgyt talaplaryny öñünden kesgitlemek mümkinçiligi;
- Býudjetiñ dogrulygy, býudjetiñ hakykylygy we niýetlenişine görä ýerine ýetirilişi;
- Dolylyk we aýdyñlyk-býudjet we maliýe töwekgelçilik gözegçiligi doly ýerine ýetirilmeli we maliýe hem býudjet maglumatlary köpçülige elýeter bolmaly;
- Çäkli býudjetden artyk, býudjetden daşary, ýa-da goşmaça býudjet çykdajylary we olary talabalaýyk köpçüligiñ baha bermegine we gözegçiligine degişli edilmeli;
- Syýasata esaslanýan býudjet- hökümet syýasatyna laýyklykda taýýarlanylýan býudjet;
- Býudjetiñ ýerine ýetirilişinde çaklama we gözegçilik mümkinçiligi-býudjet talabalaýyk we çaklap boljak görnüşde ýerine ýetirilýär we döwlet serişdeleriniñ ulanylyşyna gözegçilik etmek we dolandyrmak üçin meýilnamalar;
- Hasabat işleri, bellige alyş, we hasabat beriş-çözgüt çykaryjylygyna gözegçilik, dolandyryş we hasabat beriş maksatlary üçin talaplary berjaý etmek üçin talabalaýyk resminamalar we maglumatlar görkezilýär, saklanylýar hem ýaýradylýar;

- Daşarky barlag we audit-döwlet auditi we kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimligi tarapyndan döwlet maýa pullaryny barlamak üçin çäreler ýa-da ýgtyýarnamalar hereket edýär; gizlin çykdajylaryñ çakli bölekleri, döwlet serişdelerini sowýan ähli edaralaryñ elýeterliligi, audit hasabatlaryñ ýyllyk barlagy.

### II.2.2. Ýyllyk döwlet býudjetlerini tassyklamaklygyň hukuk tertibi

Ähli döwletleriñ döwlet býudjetiniñ kabul edilmegi üçin olaryñ ýyllyk döwlet býudjetlerini tassyklamak üçin degişli hukuk tertibi bolýar. Saýlanan kanun çykaryjy edara bolan ýerinde hökümetiñ häkimligi üçin ýyllyk býudjeti tassyklamak adaty zatdyr. Eger kanun çykaryjy edara ýa-da beýleki gözegçilik edara býudjeti berk barlamaýan we ara alyp maslahatlaşmaýan bolsa, onda ol häkimlik netijeli işleýän däldir we ol hökümetiñ hasabatlaryñ taýýarlanylyşy ýaramaz ýagdaýa düşer. Ýyllyk býudjetiñ berk barlagy we maslahatlaşylmagy birnäçe faktlara seretmek, şol sanda barlagyñ çägi, barlag we maslahatlaşylma üçin içerki iş tertibi we bu proses üçin berilýän möhlet ýaly zatlar arkaly habar berilýär. Hatda saýlanýan kanun çykaryjy edara bolmadyk ýerinde hem Gatnaşyjy-döwletler býudjetiñ jemgyýetçilik tarapyndan has içgin barlanylmagyny üpjün etmelidirler.

Býudjet hökümetiñ esasy syýasy resminamasy bolup durýar we ol dürli syýasy alternatiwalaryñ arasyndaky zerur bähbit bilen ýitginiñ gatnaşygynyñ ölçerilip bilinmegi we kanun çykaryjy edaranyñ ýa-da beýleki jemgyýetçilik edarasynyñ talabalaýyk barlagy amala aşyrmagy üçin hemmetaraplaýýn bolup, hökümetiñ ähli girdejilerini we çykdajylaryny içine almalydyr. Býudjet döwri birnäçe meselelere seretmelidir.

Birinjiden, Gatnaşyjy-döwletler umumy kabul edilen tejribesine laýyklykda býudjet çaklamalary boýunça hasabatyñ taýýarlanylmagy we ol býudjetiñ göz öñünde tutýan girdeji çeşmeleriniñ maslahatlaşylmagyny öz içine almagyny üpjün edýän ýagdaýy döretmelidirler. Býudjet hökümetiñ maliýe aktiwleriniñ we bergileriniñ ýa-da borçlarynyñ, maliýe däl aktiwleriniñ, gullukçy pensiýa borçlary we göz öñünde tutulmadyk çykdajylar gaznasy barada hem doly we hemmetaraplaýyn maslahatlaşylmagyny öz içine almalydyr.

Gatnaşyjy-döwletler mümkin boldugyça ähli býudjet tekliplerini, şol sanda goranmak býudjetiniñ we döwlete dahylly däl gulluklaryñ edýän çykdajylaryny barlamaga elýeter etmelidirler. Hökümetiñ býudjetiniñ taslamasy onuñ kanun çykaryjy ýa-da beýleki edaralar we köpçülik talabalaýyk gözden geçirer ýaly ony ep-esli wagt öñünden mejlise ýa-da köpçülige hödürlemelidir. Ol býudjet ýylynyñ başlanmazyndan azyndan üç aý öñ tabşyrylmalydyr. Býudjet ýyly başlanmazyndan öñ kanunçykaryjy edara tarapyndan tassyklanylmalydyr.

Býudjet ýa-da degişli resminamalar her bir girdeji we çykdajy maksatnamasy barada, şeýle-de maliýe däl öndürijilik görkezijileri, şol sanda perspektiw önümçilik görkezijileri baradaky jikme-jik düşündirişi öz içine almalydyr we mümkin bolan halatynda çykdajylar maksatnamalary üçin görkezilmelidir. Geçen ýylyñ dowamyndaky hakyky girdejiler we çykdajylar boýunça deñeşdirme maglumatlar we şu ýyl üçin her bir maksatnama barada täze çaklama üpjün edilmelidir. Şeýle deñeşdirme maglumat islendik maliýe däl öñdüriji görkezijiler üçin hem görkezilmelidir.

Býudjet azyndan indiki býudjet ýylynyñ iki ýyldan soñ ortaça geljek döwürde girdejileriñ we çykdajylaryñ nähili boljakdygyny suratlandyrmalydyr. Şonuñ ýaly-da, şu ýylky

býudjet teklibi şol bir döwür üçin irki býudjet hasabatlarynda berlen çaklamalar bilen laýyk gelmelidir; ähli möhüm üýtgeşmeler düşündirilmelidir.

Eger girdejiler we çykdajylar hemişelik hereket edýän kanunçylyk tarapyndan ygtyýarlandyrylan bolsa-da, şeýle girdejileriñ we çykdajylaryñ möçberi maglumat hökmünde beýleki girdejiler we çykdajylar bilen birlikde býudjetde görkezilmelidir. Çykdajylar umumy görnüşde berilmelidir. Aýratyn girdejiler we müşderilerden alnan ýygymlar boýunça aýratynlykda anyk hasabat berilmelidir. Bu tölegleri toplaýjy gulluga aýratyn bir höweslendiriji we gözegçilik ediji ulgamlaryñ girdejileriñ käbir bölegini ýa-da ählisini saklamaga mümkinçilik berýänligine garamazdan amala aşyrylmalydyr. Çykdajylar administratiw bölümler arkaly (meselem, ministrlik, agentlik) toparlara bölünmelidir. Çykdajylaryñ ykdysady we funksional kategoriýalar boýunça toparlara bölünişi barada goşmaça maglumatlar hem görkezilmelidir.

### II.2.3. Girdejiler we çykdajylar hakynda öz wagtynda hasabatlary taýýarlamak

Ähli Gatnaşyjy-döwletler salgytda çaklamanyñ mümkinligini we netijeliligini üpjün etmelidirler we ol salgyt tölemäge borçly salgyt töleýjileriñ hasaba alynmagy bilen salgyt töleýjileriñ salgyt borçlulygynyñ dogry ölçerilmeginiñ arasyndaky gatnaşyk arkaly tassyklanmaladyr. Gatnaşyjy-döwletler salgyt gullugyna girdelileriñ esasy çeşmeleri hakynda maglumatyñ dogrylygyny üpjün etmelidirler. Olar belli senagatlaryñ halkara derejesinde korrupsiýa tölegleriniñ uly täwekgelçiligini döretmäge meýillidigini ýatdan çykarmaly däldirler. Şeýle senagatlar mineral we beýleki baýlyklar ýaly tebigy serişdeleri, şeýle-de ýaraglary, uçarlary, humar oýunlary we derman serişdelerini almak, işlemek we ýayratmak ýaly zatlary öz içine alýarlar.

Ähli Gatnaşyjy-döwletler gaýtalanýan we düýpli harajatlar üçin harçlap biljek serişdeleriniñ barlygy barada ygtybarly maglumatlary çykdajy edýän ministrlikleriñ, edaralaryñ we gulluklaryñ almaklaryny üpjün etmek üçin býudjetiñ iş meýilnamalaryna laýyklykda netijeli ýerine ýetirilişini gazanmalydyrlar. Ähli Gatnaşyjy Döwletler maliýe dolandyryş ulgamynda aýdyñlygyñ bolmagy üçin möhüm bolup durýan ýyl soñy jemleýji maliýe hasabatynyñ wagtynda berilmegini üpjün etmelidirler. Doly bolmagy üçin olar ähli ministrlikler, edaralar we ygtyýarly bölümler üçin jikme-jik maglumatlara esaslanmalydyr. Mundan başga-da, ýyl soñy maliýe hasabatlaryny wagtynda taýýarlamak mümkinçiligi buhgalteriýa ulgamynyñ nähili gowy işleýändigini we saklanylýan resminamalaryñ hilini görkezýän esasy görkeziji bolup durýandyr. Käbir ulgamlarda aýry-aýry ministrlikler, edaralar we ygtyýarly bölümler soñundan maliýe ministriligi tarapydan jemlenýän maliýe hasabatlaryny çapdan çykarýarlar. Has merkezleşdirilen ulgamlarda hasabatlar üçin ähli maglumatlar maliýe ministrliginde saklanylýar.

### II.2.4. Buhgaletiýa hasabaty, audit we gözegçilik

Maliýe maglumatlary barada hasabatlary taýýarlamaklyk işleri we hasap ýoredilişi yzygiderli barlanmagyny we deñeşdirilmegini talap edýär we ol içerki gözegçiligiñ esasy bölegi bolup durýar we dolandyryş hem-de daşarky hasabatlar üçin gowy hilli maglumatlaryñ esasy bolup hyzmat edýär. Dürli çeşmelerden alynýan maglumatlaryñ wagtynda we ýygy-ýygydan deñeşdirilip durulmagy maglumatlaryñ ygtybarlygy üçin juda wajypdyr.

Ähli Gatnaşyjy-döwletlerde talabalaýyk içerki we daşarky audit ulgamy bolmalydyr.
Içerki auditiñ baş wezipeleri giñişleýin alnanda şulardan ybarat bolmalydyr: aktiwlere gözegçilik edýän esasy audit barlagynyñ takyklygy; girdejileriñ düşündirilmegi we çykdajylaryñ tölenilişi; ulgama esaslanýan audit; maliýe, operatiw we dolandyryş

gözegçilik ulgamlarynyñ talabalaýyklygyny we netijeliligini barlamak; geleşikleriñ kanunylygyny barlaýan auditiñ takyklygy, tygşytlylygy, netijeliligi we sazlaşygy; maksatsyz harçlanma, elpe-şelpelige, puluñ hümmetsizligine, aldawçylyk we korrupsiýa garşy howpsuzlyk çäreleri; doly töwekgelçiligi dolandyrmaga esaslanýan audit.

Maliye ministrlikleri ýa-da Kaznaçeýstwo edaranyñ haryt dolanşygy we möçber boýunça içerki audit mümkinçiliginiñ derejesi we möçberi, şeýle-de öz audit wezipelerini talabalýyk ýerine ýetirmekleri üçin professional akkreditlemekligiñ derejesi hakynda ýyllyk hasaplamalary tabşyrmak boýunça gollanmany üpjün etmelidirler.

Gysgaça alanymyzda, içerki audit Gatnaşyjy-döwletiñ tertipnamasynyñ çäginde döwlet edarasy tarapyndan döredilýär we garaşsyz hereket etse-de, guramanyñ doly dolandyryş funksiýasynyñ bir bölegi bolup galýar.

Daşarky ýa-da Döwlet Auditiniñ umumy maksady edaranyñ özüniñ dolandyryş jogapkärçiliklerini, esasan-da döwletiñ puluny ulanmak bilen baglanyşykly işlerde özüniñ dolandyryş jogapkärçiliklerini ýerine ýetirilişine baha bermekden we olaryñ talabalaýyk ýerine ýetirililmegini üpjün etmekden ybaratdyr. Bu iş içerki auditiñ işine we kadrlar üpjünçiliginiñ mümkinçiliklerine baha bermekligi hem öz içine alar. Hasabat bermeklik, okuw we wezipe möhleti hakyndaky meseleler, şeýle-de bilelikdäki akkreditasiýa derejeleri we işgärleri alyşmak babatynda içerki audit bilen döwlet auditiniñ arasynda kesgitli resmi gatnaşyk bolmalydyr.

Döwlet audit gulluklary ygtyýarlyklar we iş boýunça ýol görkeziji hökmünde Ýokary Audit Institutlarynyñ Halkara Guramasy (ÝAIHG) ýaly halkara guramalaryna salgylanyp bilerler. Bu meselede 1998-nji ýylda Urugwaýda geçirilen ÝAIHG-ñ 16-njy maslahatynyñ çözütleri ýokary audit insitutlarynyñ korrupsiýa garşy tagallalarynda has işjeñ gatnaşygynyñ bolmagyny goldady. Gatnaşyjy-döwletler döwlet auditiniñ aýratyn edara bolmagyny, onuñ operatiw garaşsyzlygyny, kanunçylyk tarapyndan tejribeli we laýyk ýolbaşçynyñ bellenilmegini, öz işini alyp barmak üçin ýeterlik mümkinçiliginiñ bolmagyny, islendik döwlet gaznasynyñ harçlanyşyny barlamaga ygtyýarlylyk hukugynyñ bolmagyny we kanun çykaryjy edara hasabat bermäge hukugyny kanunylaşdyrmalydyrlar. Umumy halkara audit ülñülerine esaslanyp Gatnaşyjy-döwletler okuw we hünär taýýarlyklary has-da ösdürmek üçin wekilçilikli professional buhgalteriýa edaralary bilen bilelikde işlemelidirler.

Daşarky auditiñ hiliniñ esasy elementleri auditiñ möçberi, talabalaýyk audit ülñülerine eýerýänligi, öz hasabatlarynda möhüm we ulgamlaýyn maliýe dolandyryş meselelerine berilýän üñs we maliýe hasabatlarynyñ ygtybarlylygy, geleşikleriñ we içerki gözegçilik we üpjünçilik ulgamlarynyñ işleýişiniñ dogrylygy ýaly maliýe auditiniñ doly tapgyrynyñ ýerine ýetirilişini öz içine alýar. Ýokary hilli auditiñ wezipesine işiñ netijeleriniñ auditiniñ (meselem, esasy şertnamalarda netijelilik barlagy) käbir aspektleri hem girer. Audit mandatynyñ möçberi býudjetden artyk serişdeleri, özbaşdak gulluklary we islendik döwlet serişdelerini ulanýan, şol sanda ýokarda bellenilen döwlet üpjünçiligine gatnaşýan hususy sektoryñ potratçylaryny öz içine almalaydyr.
Audit geçirmegiñ netijeliliginiñ esasy bölegi hasabatlaryñ we onuñ ýerine ýetirilişine gözegçiliginiñ wagtlaryny kesgitlemekden ybaratdyr. Tejribeden belli bolşy ýaly, audit barlagy geçirilen maliýe döwri gutarandan birnäçe ýyl soñ işleriñ netijeleri hakyndaky audit hasabaty çykarylşa auditiñ subýekti maglumatlaryñ könelişendigini we degişli şahsyýetleriñ eýýäm gidendigini mälim edip biler. Şeýlelikde, çäre görmek üçin zerurlyk azalýar. Auditiñ netijeleri hakyndaky hasabatlaryñ wagtynyñ kesgitlenilişi kanun ýa-da käbir beýleki netijeli usullar arkaly ygtyýarlandyrylmalydyr.

Entek anyk işiñ käbir derejede döwlet gurluşyna bagly bolup dursa, umumy alnanda ýerine ýetiriji edara (aýratynlykda audit geçirýän edaralar ýa-da maliýe ministrligi) auditorlar tarapyndan ýüze çykarylan ýalñyşlary we ulgamyñ gowşak ýerlerini düzetmek arkaly audit maglumatlaryny barlarlar. Audit maglumatlarynyñ netijeli barlagynyñ görkezmesini ýerine ýetiriji ýa-da audit geçirilen edara tarapyndan audit maglumatlaryna jogap hökmünde resmi ýazmaça jogapdan ybarat bolup durýar we onda olaryñ nähili çözüljekdigi ýa-da çözülendigi barada görkezilýär. Indiki ýylyñ daşarky audit hasabaty olaryñ ýerine ýetirilişi hakyndaky görkezmäni üpjün edip biler we ol audit geçirilen edaralaryñ nä derejede audit talaplaryny çözendigini we audit maslahatlaryny ýerine ýetirendigini özünde jemläp biler. Olar kanun çykaryjy edaranyñ komitetlerine elýeter bolmaly we olar tarapyndan ara alnyp maslahatlaşylmalydyr.

Kanun çykaryjy edara öñünçä tassyklan býudjetiniñ ýerine ýetirilişine berk gözegçilik etmekde esasy rol oýnaýar. Şeýle gözegçiligi amala aşyrmagyñ umumy ýoly kanun çykaryjy komitetler ýa-da komissiýalar arkaly ýerine ýetirilýär we olar daşarky audit hasabatlaryny barlaýarlar we hasabatlaryñ muglumatlary hakynda jogapkär taraplary soraga çekýärler.

Komitetiñ ýa-da komitetleriñ işleýişi ýeterlik maliýe we tehniki serişdelere, döwlet gullukçylaryny we degişli resminamalary talap etmäge hukuga we audit hasabatlaryny döwre laýyklykda derñemek üçin bölünip berilýän wagta bagly bolar. Diñlenmeler mümkin boldugyça köpçüligiñ gatnaşmagynda geçirilmelidir. Komitet daşarky auditorlaryñ beren maslahatlaryny kabul etmekden başga-da, ýerine ýetiriji edara tarapyndan ýerine ýetirilmeli hereketleri we sanksiýalary hem maslahat berip biler. Komitetiñ ýerine ýetirilýän düzediş çärelerine gözegçilik etmäge ygtyýary bolmalydyr.

Üns diñe bir merkezi döwlet edaralaryna däl-de, eýsem döwlet serişdelerini alýan islendik gulluga gönükdirilmelidir. Olardan ýa (a) kanun çykaryjy edara audit hasabatlaryny tabşyrmaklyk kanuny esasda talap edilmeli, ýa (b) olaryñ esaslandyryjy ýa-da gözegçilik ediji ministrligi ýa-da edarasy ol gullugyñ adyndan soraglara hökmany jogap bermeli we çäre görmeli. Şeýlelikde, her ýyl we kanun çykaryjy edara tabşyrmak üçin ylalaşylan tertipnama laýyklykda döwlet ýa-da hususy sektordaky edara arkaly döwlet auditine döwlet serişleriniñ harçlanyşyny we ol baradaky hasabaty barlamaga mümkinçilik berýän kanun çykaryjy düzgünnamanyñ barlygyny ähli Gatnaşyjy-döwletler üpjün etmelidirler. Kanun çykaryjy edara gijikdirilip tabşyrylan hasabatlara ýa-da döwlet auditi bilen hyzmatdaşlyk etmek boýunça kemçilikleri derñemäge ygtyýary bolmalydyr. Eger kanunda görkezilmedik bolmasa şeýle hasabatlaryñ hemmesi köpçülige elýeter edilmelidir. Döwlet edaralaryndaky maliýe işiniñ alnyp barlyşyna we gozegçilik ediş tertibini we özleriniñ maliýe işleriniñ talabalaýyk alnyp barylmagyny üpjün etmek üçin audit geçirilen edara tarapyndan girizilen şertnamalaryñ aspektlerine degişli meseleleri derñemek we gerek halatynda hasabat bermek döwlet auditinden hem talap edilmelidir.

Kanun çykaryjy edara döwlet auditi arkaly döwlet pul serişdeleriniñ ulanylyşyna gözegçilik etmelidir we döwlet auditi esaslydygy we dogrylygy hakyndaky meselelere aýratyn üns bermelidir. Döwlet auditi galplyk, korrupsiýa we düzgün bozmanyñ beýleki görnüşleri bilen baglanyşykly nädogry işleri derñemekde we olar barada hasabat bermekde we kanun çykaryjy edaranyñ ýöriteleşdirilen komitetine hasabat bermäge hukugy bolmalydyr.

### II.2.5. Töwekgelçiligi dolandyrmak we içerki gözegçilik ulgamlary

Döwlet auditi döwlet pul serişdeleri bilen iş salyşýanlary olary ulanýanlygy üçin jogapkär bolmaklaryny üpjün etmekde möhüm rol oýnaýar. Kanunylyk bu maliýe hasabatynyñ

auditini, kanuna laýyklyk meselelerini we “netijeliligi” öz içine alýan audit işiniñ çägindäki kesgitli jogapkärçilik bolmalydyr. Döwlet sektorynyñ auditorlaryndan döwlet edaralaryndaky maliýe işiniñ alnyp barlyşyny we gozegçilik ediş tertibini we özleriniñ maliýe işleriniñ talabalaýyk alnyp barylmagyny üpjün etmek üçin audit geçirilen edara tarapyndan girizilen şertnamalaryñ aspektlerine degişli meseleleri derñemek we gerek halatynda hasabat bermek talap edilmelidir.

Auditorlar maliye hasabaty hakynda hasabat bermelidirler we netijelilik, dolandyryş meseleleri we zerur hasaplanan ýerinde, galplyk we korrupsiýa boýunça barlaglary geçirmelidirler. Auditorlaryñ düzgün bozma we gowşak dolandyrma ýaly döwlet bähbitlerine degişli hasaplanýan hasabatlary gös-göni çap etmäge ygtyýarlyklary hem bolmalydyr. Düýpli bikanun hereketler bilen baglanşykly habarlar tejribe zerurlyk sebäpli, köplenç ýörite hasabat bilen goldanylýar.

Berk gözegçilik meselesinde içerki auditiñ öz ýerine ýetirýän roly bolýar. Ýokarda bellenilişi ýaly, içerki barlagýn bir bölegi bolmakdan başga-da, ol kanunylyk meseleleri boýunça bir guramanyñ gözegçisi bolup hereket edip biler. Içerki auditiñ ünsüniñ töwekgelçilige we içerki gözegçilige gönükdirilmesi we onuñ ýola goýluşy hakyndaky doly düşünje oña kanunylyk meselelerini açmaga juda uly mümkinçilik döredýär. Şonuñ üçin, guramanyñ içerki auditi bilen ýakyn aragatnaşyk daşarky auditorlara we 6-njy hem-de 36-njy maddalarda kesgitlenen korrupsiýanyñ öñüni almaklyk we derñemeklik bilen baglanyşykly işlere gatnaşýanlara işe doly düşünmek üçin kanunylygyny barlamaga uly kömek edip biler. Gatnaşyjy-döwletler döwlet auditiniñ edaralar bilen maglumat alyşmaga we hyzmatdaşlyk etmäge hukugynyñ bolmagyny üpjün etmelidirler.

Umumy audit işine baglylykda we entek daşarky auditorlardan maliýe hasabatynyñ bir bölegi hökmünde bikanunylygyny ýüze çykarmaklyk maksady bilen ýörite işleri geçirmegi talap edilmezliginiñ mümkiçiligi barkä olar maliýe hasabatynda galplyk ýa-da korrupsiýa degişli nädogry görkezmeleriñ ýa-da habarlaryñ ýoklugyny üpjün etmek üçin zerur çäreleri görmelidirler we jemgyýetçilik özüñi alyp barmaklygyñ umumy ülñüleri bilen möhüm mümkin bolan ýa-da hakyky näsazlygyñ mysallaryna seslenmelidirler. Hususan-da, auditorlar çäklerinde umumy gözegçilik giñişligi hakynda düşünje almak üçin iş alyp barýan edaranyñ dolandyryş we özüni alyp baryş ülñüleriniñ ulgamyna umumy baha bermek mehanizmini taýýarlap bilerler. Bu islendik bikanunylyk hakynda möhüm düýpli maglumat çeşmesi bolup biler. Auditorlar aşakdakylary berjaý etmelidirler:

- Auditorlar özlerini umumy düzgünleri, kanunlary, we guramanyñ iş ýöredilişi bilen baglanyşykly beýleki gollanmalar bilen tanyşdyrmalydyrlar;
- Edaranyñ syýasat ýöredilişini we kanunlary hem gözükdirmeleri ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly düzgünnamasyny we şol bir wagtda, syýasatyñ ýa-da düzgünnamanyñ doly we döwrebaplygyny soramalydyrlar;

- Degişli kanunlary we gözükdirmeleri hemmelere mälim etmek we olaryñ sazlaşygyna gözegçilik etmek üçin kabul edilen strategiýalary ýa-da tertipnamany edara, içerki auditorlar we beýleki degişli gulluklar bilen ara alyp maslahatlaşmalydyrlar;

Şeýle bikanunylygy auditoryñ dykgatyna ýetirip biläýjek başga iş çäreleri:

- Ýokary derejede çözgüt kabul ediş işiniñ resminamalaryny barlamak;

- Edaranyñ gözegçilik ediş çägini, hususan-da galplyk, korrupsiýa we beýleki bikanunçylyk boýunça uly töwekgelçiligiñ bar ýerinde strategiýalaryñ we iş düzgünnamasynyñ ýoklugyny barlamak;
- Guramaçylyk medeniýetini, döwlet resmi hasabat beriş şertnamalaryny barlamak;
- Içerki audit barlaglarynyñ netijelerini barlamak;
- Geleşikleriñ ýa-da balanslaryñ hakyky maddy-hukuk barlagyny geçirmek;

Içerki gözegçilik ulgamlarynyñ işleýşi boýunça dolandyryşyñ yzygiderliligi we ýeterlik netijeliligi barlanmalydyr. Şeýle ähmiýet halkara ülñülerini (a) talabalaýyk institusional şertnamalar, esasan-da professional garaşsyzlyk babatynda, (b) ýeterlik derejedäki ygtyýarlyk we maglumatlaryñ elýeterligi we hasabat bermeklige mümkinçilik, (ç) professional audit usullaryny, şol sanda töwekgelçilikleri ölçeriş usullaryny ulanmak görnüşinde şöhlelendirmelidir.

Içerki gözegçilik funksiýasy maliýe we operatiw maglumatlaryn ygtybarlylygy we dolulygy; operasiýalaryñ netijeliligi we degerliligi; aktiwleriñ goraglylygy; töwekgelçilik barlaglary; we kanunlar, düzgünler we şertnamalar bilen laýyklygy babatdaky möhüm sistematik meseleler hakyndaky hasabatlaryñ taýýarlanylyşyna gönükdirilmelidir. Şeýle funksiýalar käbir ýurtlarda bu ýerde içerki gözegçilik ulgamynyñ bir bölegi hasaplanýan geleşikleriñ diñe deslapky barlagy ýa-da auditi bolup durýar we şonuñ üçin, olara hem baha berilmelidir. Netijeli içerki audit funksiýasy hakyndaky aýratyn faktlar (ýa-da gözegçilik ulgamlary) ýokary töwekgelçilikli ýerler, daşarky auditiñ içerki auditiñ hasabatlaryny ulanmagyny we içerki audit maglumatlary boýunça edaranyñ hereketi ýaly zatlary öz içine alýar.

### II.2.6. Degişli resminamalaryñ dolulygyny saklamak boýunça çäreler

Gatnaşyjy-döwletler islendik döwlet pul serişdelerini sarp edýän edaranyñ ähli resminamalarynyñ, girdeji-çykdajy we hasap-hesip depderçeleriniñ we goşmaça ylalaşylan resminamalaryñ ylalaşylan möhlete çenli saklanmagynyñ kanunylaşdyrylmagyny üpjün etmelidirler we bu maglumatlar ýokarda beýan edilen her bir satyn alnan zadyñ resminamasyny öz içine almalydyr. Kanun olaryñ asyl nusgalaryny saklamagy talap etmelidirler, ýagny resminamalaryñ, şertnamalaryñ, ylalaşyklaryñ, kepilnamalaryñ we emläkleriñ atlarynyñ başga maksatlar, şol sanda sudda görkezme hökmünde talap edilmegi mümkindir.

Kanun töwekgelçilige ýakyn we goragsyz ýerlere, şeýle-de degişli resminamalar bilen baglanşykly jenaýatçylyklara aýratyn salgylanmalydyr (nagt tölegler; edilmedik harçlaryñ bellige alynmagy; bergileriñ nädogry atlar bilen bellige alynmagy; galp resminamalaryñ ulanylmagy; we kanunda görkezilen möhletden öñ buhgalteriýa resminamalarynyñ bilkastlaýyn ýok edilmegi).

### Madda 10. Jemgyýetçilik hasabatlylygy

*Korrupsiýa bilen göreş alyp barmaklylygyň zerurlygyny göz öňünde tutmak bilen, her Gatnaşyjy-döwlet öz içki kanunçylygynyň esasy ýörelgelerine laýyklykda jemgyýetçilik dolandyrylyşynyň, onuň guralyşyny, işini we karar kabul etmek prosesslerini öz içine almak bilen açyklygyny güýçlendirmek üçin gerek boljak çäreleri kabul edýär. Şol çäreler şu aşakdakylary öz içine alýar:*

*a) ilata, zerur ýagdaýlarda edara, onuň işi, jemgyýetçilik dolandyryş edarasynyň karar kabul ediş prosessleri baradaky we hususy maglumatlary we şahsy durmuşy goramaklyk*

*pikirlerini göz öňünde tutmak bilen, ilatyň gyzyklanmalaryna degişli çözgütler we hukuk aktlary baradaky maglumatlary almaga mümkinçilik berýän proseduralary ýa-da düzgünleri kabul etmekligi;*

*b) gerek ýagdaýlarynda karar kabul edýän doly ygtyýarly edaralara jemgyýetçilik ygtyýaryny ýeňilleşdirmek üçin dolandyryş proseduralary ýönekeýleşdirilmegi; we*

*ç) jemgyýeçilik dolandyryş edaralaryndaky korrupsiýanyň howplary baradaky yzygiderli hasabatlary öz içine alyp bilýän maglumatyň çap edilmegi.*

**I Syn.**

Bu madda ýurduň raýatlaryna döwlet dolandaryş usullary we wezipeli işgärleriň çözýän çözgütleri barada maglumatlara ygtyýar almaga niýetlenendir. Mundan başga-da, ýurduň edaralary elmydama öz işleri we onuň bilen baglanyşykly korrupsiýa ýagdaýlarynyň ýüze çykmagy barada hasabat çap etmeli.

Aýdyňlyk raýatlara olaryň adyndan dolandyrylyşyň nähili alyp barylýandygny barlamaga mümkinçilik berýär we olaryň ynamyny hasda berkidýär. Raýatlaryň aýdyň bellenilen çäklerinde kesgitlenen maglumatlary ulanmaga hukugy bardyr. Şol bir wagtyň özünde, maglumatlaryň elýeter bolmagy üçin ýörite serişdeler, maglumatlaryň üpjünçiliginiň wagtyny we görnüşini kesgitleýän anyk düzgünler we maglumatlary ret etmek üçin proseduralar bolmaly.

Aýdyňlyk we elýeterlilik ussullarynyň girizilmegi çözgütleriň kabul edilmegine gözegçilik edýän proseduralary, şol proseduralar barada halkyň maglumata bolan hukugyny we maglumatlaryň hemmetaraplaýyn bolmagyny, düşnükliligini we elýeterligini talap edýär. Gatnaşyjy-döwletiň bar bolan düzgünleri barlamaga, täze kanun çykaryjylygy berkitmäge, serişdeleri hasaba alyp, raýat jemgiýeti we ýuridiki edaralary professional bileleşik hökmünde hasap etmäge islegi bolup biler.

Gatnaşyjy-döwlet çözgüt çykarmaklygyň prosesinde korrupsiýa garşy alnyp barylýan çäreleriň şöhlenenýändigini kepil etmelidirler. Ýüzleniljek faktorlar şu aşakdakylary öz içine almaly: prossesual işiň dowamynda ýüze çykýan kynçylyklar, çözgütler kabul edilmeginde hereket etmeklige berilýän ygtyýaryň derejesi, jemgiýetçilik üçin maglumatyň elýeterliligi we bu babatyndaky aýdyňlylyk, özüňi alyp barmaklygyň kodeksiň bolmagy we onuň hereket edýändigini we hödürlenýän hyzmatlar bilen arabaglanyşygy. Gatnaşyjy-döwletler jemgyýetçilik işlerini alyp barmaklykda päsgelçilik berip biljek korrupsiýa garşy çäreleri işläp düzmeli we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmeli.

## II. Tejribe meseleler we çözgütler
## II.1. Döwleti dolandyrmakda aýdyňlygy güýçlendirmekligiň çäreleri

Maddanyň esasy maksatlary çözgütleriň kabul edilmegini has netijeli aýdyň edýär we jogapkärçilige çekmäge kömek edýär, şeýlelikde döwlet edaralar hyzmat edýän jemgiýetiň hajatlaryna we isleglerine açyk we ünsli bolmaklyga hem kömek edýär.
Ýerine Ýetirjilik strukturanyň merkezi jemgiýete çözgütleriň kabul edilmek prosesine we çözgüdi kabul edýän adama netijeli elýeterliligi üpjün edýär. Döwlet dolandyryşyň wezipelerini we hyzmatlaryny düşündirýän kitapçalarda (bukletlerde) çap edilmeli we beýleki habar beriş serişdeleriň üşti bilen üpjün edilmeli. Olaryň hyzmatlarynyň elýeterliligini, nähili blankalaryň we beýleki resmi kagyzlaryň gerekdigini we lisenziýanyň berilmegini we alynmagyny babatynda düşündiriş bermeli. (9-njy madda

seret). Ministirlikler we Departamentler maglumatlaryň we proseduralaryň ýaýramagyna kömek edýän elektron habar beriş serişdeler bilen üpjün edilmelidir. Web-saýtlaryň bar ýerinde maglumatlara degişli makalalar şol web-saýtda elýeter bolmaly. Interent ulgama birikdirilmedik ýerlerde, hökümet maglumatlaryň elýeterligini adaty serişdeler bilen üpjün etmeli.

Netijeli elýeterligiň esasy häsiýetleri:

- Karar çykarmak üçin jogapkär işgärleri köpçülige mälim bolmaly.
- Olaryň çykarýan kararlaryny hem giň köpçüligi bilmeli.
- Adamlar düsnükli dilde ýazylan elýeterli tehniki maglumatlaryň üsti bilen kabul edilen kararlar baradaky maglumaty alyp bilmeli.
- Adamlar nähili karar edilendigini we ony Kabul etmekligiň sebäplerini bilmeli.

Kararlar babatynda şubhelenmeleriňi beýan etmäge we bu babatda arz-şikaýatlar etmäge netijeli we elýeterli serişdeler bar.

Her bir ministirligiň ýa-da döwlet departamentiniň çözgüdi kabul edýän ygtyýarlygy bilen şol çözgütleri kabul etmek, hasaba almak we çap etmek üçin aýdyň strategiýasy bolmaly. Bu strategiýa esasan gündeki operatiw we dolandyryşa degişli çözgütler üçin ulanylaýar. Şeýle maglumatlaryň elýeterligini ministrlikleriň we departamentleriň hyzmat beriş ulgamy üpjün etmeli. Raýatlar, çözgütler haýsy ýagdaýlarda ulanylýandygyny, tehnologik düzgünler haýsy resmi kagyzlary talap edýändigini, şol çözgütlere kim jogapkärdigini, olar bilen nähili aragatnaşyk saklamaly, prosese degişlilikde haýsy maglumat elýeterdigini we çözgüdiň dawa döredýän ýagdaýynda kime ýüzlenmelidigini aýdyň bilmek üçin maglumatlar ýeterlik derejede düşnükli bolmaly.

Jemgiýete degişli resmi kagyzlary saklamak ygtyýary bolan her bir wezipeli işgär her bir çözgüde degişli ähli düzgünleri we proseduralary hasaba alanyňda jemgiýete elýeter diýip kesgitlenen çözgüdi kabul etmek prosesine degişli beýleki materiallar hem elýeterliligini üpjün etmelidir. Eger kimdir-biri bilkastdan maglumatlaryň elýeterligine päsgelçilik etse (8-nji madda seret) özüňi alyp barmaklygyň kodekse, oňa degişli düzgünlere ýa-da dolandyryş görkezmelere laýyklykda jenaýat iş hökmünde garalýar.

### II. 2 Döwlet dolandyryşa degişli maglumatlaryň elýeterliligi

Raýatlar jemgiýete degişli maglumatlary talap etmäge hukugy bar. Gatnaşyjy-döwletler hasabat boýunça borçnamalary, hasabata bolan elýeterliligi, resmi kagyzlaryň we maglumatlaryň aýdyň edilmeginiň ret edilmegine degişli kadalary (milli howpsuzlyk we hususy durmuşa eldegirmezlige degişlilikde), resmi kagyzlaryň we şikaýat proseduralaryň tertibini kesgitlemeli we çap etmeli.

Bu soraga pozitiw nukdaý nazardan çemeleşseň has peýdaly bolar. Şol bir esasda, syýasata degişli maglumatlaryň, ähli resmi kagyzlaryň elýeterli bolmaly ýörelgeden gelip çykmaly we haýsy esasda elýetrlilik çäklendirmelidigini we ret etmelidigini kesgitlemeli. Şeýle esaslar şu aşakdakylary öz içine alýar: milli howpsuzlyk, öňüni almaklyk we halkara gatnaşyklar, döwlet howpsuzlygy, öňüni almaklyk, derňeme, kriminal işiň yzarlanmagy, hususy durmuşy we beýleki kanuny hususy bähbitleriň goralmagy, kazyýet işine degişlilikde taraplaryň deňligi, ýurduň ykdysadyýeti, pul we alyş-çalyş syýasatlary, jemgyýetçilik syýasaty işlenilip taýyarlananda döwlet häkimiýet organlarynyň arasyndaky gizlin ara alyp maslahatlaşmaklyk

Döwlet edaralar, jemgyýete elýeter bolar ýaly resmi web-saýtlaryň döredilmegine, jemgyýeti gyzyklandyrýan maglumatlary ýaýradýan jogapkär işgärleri bellemekligi, döwlete degişli maglumatlary Internet we beýleki kompýuter çeşmeler arkaly we dolandyryş proseduralary aňsatlaşdyrmak üçin beýleki serişdeleri ulanmagy göz öňünde tutmaly.

Gatnaşyjy-döwletler maglumatlaryň elýeterliligine degişli proseduralar we şikaýatlary öwrenmek bilen meşgullanýan garaşsyz edaralaryň bolmagyny we dolandyryş soraglar

boýunça parlament tarapyndan ygtyýarlandyran şahsyýet ýa-da Döwlet Barlag Gullugynyň hasabat bermek ukypsyzlygy baradaky arzalary derňemäge we maglumatlaryň elýeterliligine we çözgütleriň kabul edilmegine degişli işleriň yhlassyz ýerine ýetirilmegi baradaky şikaýatlary derňemek hukugynyň bardygyna güwä geçmeklik baradaky meseläni ara alyp maslahatlaşmaly. Gatnaşyjy-döwletler 6-njy madda boýunça bellenilen dolandyryş edaranyň ýa-da edaralaryň maglumata bolan elýeterliligiň, çözgütleri kabul edilinmekligiň we korrupsiýanyň ýüze çykmak howpunyň arasyndaky aragatnaşygyny barlamakda tutýan ornuny göz öňünde tutýarlar.

## II.3. Ýönekeýleşdirilen dolandyryş prosedularyň üsti bilen çözgüt kabul edýän edaralara bolan elýeterlilik

Köp halatlarda şeýle proseduralar häzirki wagtyň talabyna laýyk gelenok we dawaly bolup bilýär ýa-da täze proseduralary gaýtalaýarlar we olar örän gymmat bolýar. Köp halatlarda raýatladan resmi kagyzlara degişlikde býurokratik we kyn işi talap edilýändigini, çözgüt kabul edilýän prosseslerde aýdyňsyzlygy we şol bir edarada maglumatlaryň nusgasyny talap ediýändigini aňladýar. Mundan başga-da erkin we adalat bazaryň ösmegine hem-de daşary ýurt maýadarlaryň çekilmegine päsgelçilik bolup, şeýle tejribeler wezipeli adamlara öz edarasynyň haýsy ýerinde kezzaplyk we korrupsiýa ösüp bilýändigini, işler bilen manipulýasiýa etmek üçin şertleriň bardygyna kesgitlemäge ýardam berýär.
Gatnaşyjy-döwletler wagtly-wagtynda patentleriň we ygtyýaryň berilmegine we talap edilýän proseduralaryň gerekdigine, gonorarlar gymmatbahaly kagyzlaryň çykarylmagynyň çykdaýjysyna laýyk bolýandygyna we köpugurly agentlikler ýa-da edaralar olaryň çap edilmagine goşulýandyklaryny barlap durmaly. Bu soraglar bilen işleşilende esasy ugurlar departamentiň tarapyndan ulanylýan hasaplaryň we hasap dolandyryş ulgamynyň hili, takyklygy we elýeterliligi we departamentleriň arasynda çözgütleri kabul etmekde interaktiw ulanylyşy çenden aşa möhletiniň geçirilmeginden we nusgasyny alynmagyndan gaçmak üçin nä derejede Maglumat Habar alyş serişde tehnologiýa ulgamy rugsat berýändigini öwrenmeli.
Her zat bolsa-da, öz ýaşaýan yurdunda maglumat we hyzmat gözleýän raýatlara degişlilikde dolandyryjy kynçylyklaryny aňsatlaşdyrmak üçin ministirlikleriň we departamentleriň arasynda aragatnaşyk has golaý bolmaly. Gatnaşyjy-döwletler ygtyýarnama, rugsatnama ýa-da ýeňillik bermekligi we maddany barlamaklyga we prosesual kynçylyklary aňsatlaşdyrmagy hasaba alanyňda has netijeli çemeleşmäni üpjün edip bilýärler. Gatnaşyjy-döwletler diňe korrupsiýanyň ýüze çykmagynyň öňüni almak üçin däl-de, eýsem dolandyryş işjeňliginiň ykdysady taýdan haýyrlygyny ýokarlandyrmak üçin hususyýetçiler, hususy kärhanalar we raýat jemgiýete degişli adam toraplary bilen golaý aragatnaşyk saklap, internet-dükanlary hasaba alanyňda guramanyň gurluşynda gatlaklaryny azaltmak we beýleki proseduralary ara alyp maslahatlaşýarlar. Bu ýagdaý ygtyýarnamalaryň we rugsatnamalaryň görnüşlerini utgaşdyrmaga ýa-da ekspertizany geçirmek üçin dürli ygtyýarnamalaryň we rugsatnamalaryň çap edilmeginde ulanylýan kazyýet işleri we proseduralary utgaşdyrmaga we maglumatlaryň bazasyny ulanmaga we bahalary arzanlatmagy rugsat berýär.

## II.4. Korrupsiýanyň ýüze çykmak howpuny hem hasaba almak bilen yzygiderli geçirilýän jemgyýetçilik hasabaty

Ähli jemgyýetçilik edaralar korrupsiýanyň ýüze çykmak howpy we korrupsiýanyň öňüni almaklyk çäreleri babatynda yzygiderli hasabat bermeli. 5-nji maddanyň çäginde bellenilen çäklere laýyklykda bu hasabat üpjün edilmeli. Bu hasabat şu aşakdaky soraglara jogap berýär: Ministirlik we departamentler näme iş edýärler? Olar haýsy prossesleri ýerine ýetirýär? Kezzaplyga we korrupsiýa haýsy prossesler, ulgamlar we

proseduralar gowşak gelýär? Nähili içerki we daşky howp bolup biler? Kezzaplyga we korrupsiýa garşy nähili zerur duýduryş çäreler bar? Olar tejribede nähili kesgitlenilýär? 60-njy maddada kesgitlenilen Gatnaşyjy-döwletler ýa-da kanunçykaryjy organ, edara ýa-da edaralar lisensiýalar, rugsatnamalar we konsessiýalar, ýagny şertnamalar, täze lisensiýalar üçin täsir edip biljek administratiw bahalara, rugsatnamalara we şertnamalara hereket edýän talaplaryñ we proseduralaryñ gerekligini ýa-da haýyrlylygyny yzygiderli barlamak üçin synanyşyk edip bilerdiler. Barlaglar wezipeden hyýanatçylykly peýdalanmak we korrupsiýa üçin mümkinçilgi hem kesgitläp bilerler. Şeýle baha bermeler 6-njy maddada teklip edilýän edara ýa-da edaralar tarapyndan her ýyl çap edilmeli, deñeşdirilmeli we barlanylmaly.

## Madda 11. Kazyýet we Prokuratura organlaryna degişli çäreler

*1. Kazyýet häkimiýetiniň garaşsylygyny we korrupsiýa garşy göreşde onuň aýgytly ähmiýetini göz öňünde tutmak bilen her Gatnaşyjy-döwet öz hukuk ulgamynyň esasy ýörelgelerine laýyklykda we kazyýet organlaryna garaşsyzlygyna zyýan ýetirmezden, olaryň arasynda korrupsiýa üçin islendik mümkiçilikleriň bolmazlygyny we kazyýet organlarynyň kazylarynyň we işgärleriniň dogruçyllygyny (halallygyny) we para almazlygyny pugtalandyrmaklyk çärelerini kabul edýär. Şeýle çäreler kazylaryň we kazyýet organlarynyň işgärleriniň hereketlerine degişli düzgünleri öz içine alyp biler.*

*2. Şu maddanyñ 1-nji punktuna laýyklykda kabul edilýän çarelere meñzeş çäreler kazyýet häkimiýetiniñ sanawyna girmeýän, emma kazyýet organlarynyñky ýaly garaşsyzlykdan peýdalanyp bilýän Gatnaşyjy-döwletleriñ prokuratura organlaryna girizilip we ulanylyp bilner.*

### I. Syn

Bu madda el degirmezligi güýçlendirýär we kazyýet häkimýetiniň agzalarynyň arasynda korrupsiýa ýüze çykmaklygyň öňüni alýan çäreleri talap edýär, şol sanda kazyýet häkimýetiniň agzalarynyň ýolbaşçylygyna gözegçilik edýän çäreleri öz içine alýar. Şol talaplar jenaýat yzarlama gullugynda ulanyp bolar ýaly edilmelidir. Şu Gollanmanyñ esasy bölegi kazyýet we prokuratura hyzmatlarynda ulanyp bolar.

Kazyýet ulgamyna degişlilikde, bu Gollanma ähli kazyýet işgärleri tarapyndan ulanyp bilner. Gatnaşyjy-döwletler bu ugurdan bar bolan gollanmalary hem ulanyp bilerler, ýagny Bangalor Kazyýet Işini Alyp Barmaklygyñ Ýörelgeleri 2002, Kazyýet El Degirmezlik Toparynyň 4-nji mejlisiniñ hasabaty, UNODC (BMG-nyň Aragatnaşyk Kanaly) 2005, Prokurorlar we Sülçiler üçin Korrupsiýa garşy Çäreleriň BMG-nyň Gollanmasy 2005, Prokurorlara degişli BMG-nyň Gollanmasy, Prokurorlaryň esasy borçlary we hukuklary hakyndaky Prokurorlaryň Professional Jogapkärçiliginiň Standartynyň Halkara Guramasy, 1999. Çäreleriň amala aşyrylmagy kazyýet häkimiýetinden garaşsyzdyr, we şu ýagdaýa degişli çäreleri taýarlanan, çap edilen we ýerine ýetirilen wagty göz öňünde tutmaly.

### II. Tejribe meseleler we çözgütler

Gatnaşyjy-döwletler korrupsiýanyň görnüşlerine we korrupsiýa jenaýatyň derejesiniñ barlagyny we ünsi talap edýän kazyýet ulgamynyň ýetmezçiliklerine ýa-da gowşak ýerlerine zerur ünsi bermeli. Gatnaşyjy-döwletler tarapyndan barlanyp bilinjek guramaçylyk häsiýetli cärelere degişlilikde, Gatnaşyjy-döwletler “sakçylara) (kazy bolsun, aklawjy ýa-da kazyýetiň işgärleri üçin) mümkinçilikleri üpjün edýän ulgamda bar

bolan kemçilikleri anyklamakda ýüze çykan korrupsiýanyñ gelip çykyşyna we derejesine baha bermeli.

Barlaglar diňe bir kazyýet ulgamyna işe girmek proseduralaryň wajyp soraglaryna, wezipe eýelemek möhletine we wezipe bilen bagly beýleki soraglara degişli bolman, eýsem, wajyp däl kazyýet çykaran karalarynyñ çap edilmegi, hyzmat etmeklik, girewiň alynmagy, tassyklanan kazyýet çözgütleriň nusgalaryny üpjün etmek we kazyýet çözgütleriň saklanylmagyna ýa-da barlanmagyna degişli amala aşyrylmaly ýaly soraglar hem degişlidir. Bu hem öz gezeginde, korrupsiýa işleriň ýüze çykmagyny çäklendirmek üçin işlenip düzilen kazyýet reformalarynyň üsti bilen mümkin bolar. Şular ýaly ýagdaýlary öz içine alýan, kazyýet ulgamy tarapyndan raýat liderler, aklawjylar, polisiýa, türme işgärleri, we kazyýet ulgamynda işleýän işgärleri bilen geçirilýän topar maslahatlary, jedelli emlägiň depositariýalarynyň milli seminarlary we kazyýet ýaly meseleleri öz içine alýar.

Kazyýet işleriň barlanylmagy we göz astynda saklanylmagy Kazyýet Häkimýetiniň Ýokary Kazyýeti, Kazyýet Ulgamynyň Kommisiaýasy ýa-da şoňa meňzeş agentlikler ýa-da Ýustisiýa Ministirligiň jögapkärçiliginiň astynda bolmaly. Şeýle gurama hakyky şertler ýa-da el degirmezliligiň ýüze çykmagyna howp salýan islendik prosedura ýa-da ulgamy barlamak we şol barada hasabat bermek üçin barlagyň geçirilmegini ýa-da şoňa meňzeş garaşsyz hemaýatkäri bellemekligi ara alyp maslahatlaşyp biler.

### II 1. Kazylaryň dogruçyllygyny güýçlendirmek üçin çäreler

Şu maddany ýerine ýetirmek üçin kazylaryň dogruçyllygy giň manyda kesgitlenip bilner:

- Dürli göni ýa-da göni däl sebäplere, haýbatlara, gatyşmaklyga, gysylmalara, höwese ýa-da dürli daşky täsirlere garamazdan erkin hereket etmeklik ukyby;
- Adalatlylyk (öňden gelýän ters pikirlere garamazdan hereket etmek);
- Adalatly gözegçiniň garamagyna görä özüňi alyp barmaklygyñ ýokary derejesiniñ bolmagy;
- Ožuniñ şahsy we professional işlerinde kazyýet agzasynyñ edýän hereketleriniň salykatlylygy we daşky görnüsine bolan garaýsy;
- Jemgyýetde bar bolan dürlilik babatynda habarly bolmaklyk,oña düşünmeklik we şeýle dürlilige sarpa goýmaklyk;bilim derejesi;
- Işe dahylly bilim derejesi we başarnygy;
- Işe bolan yhlasy we tertip-düzgünlilik.

“Kazyýet garaşsyzlygy” – kazyýet işiniň el degirmezligini üpjün edýän we kazyýet häkimiýeti bilen beýleki häkimiýetler arasyndaky gatnaşyklary kesgitleýän bellenen we ekspluatasion çärelere ýüz urmaklykdyr. Bu çäreler kazyýet işine degişli ähli soraglar boýunça adalatly kazyýeti ýüz görmän amala aşyrylmagyna gönükdirilendir. Kazyýet garaşsyzlygy ücin üc sany şert bar.
Birinjisi, ähli kazyýet wezipelere degişlilikde wezipe möhletiniñ üpjün edilmegi, has takygy bellenilen möhlet bilen wezipeden gitmeklik ýaşyna çenli, öz gezeginde Ýerine ýetirjilik häkimiýetiniň ýa-da wezipä belleýän beýleki häkimiýetleriň goşulyşmazlygyny üpjün edýär.

Ikinjiden, maliýe howpsyzlygyny hem kazyýet garaşsyzlygyna täsir edip biljek, talap edýän we kazyýet wezipelerini özünde saklaýan Ýerine ýetirjilik häkimiýetiň erkin goşulmagyna degişli däl we kanuna laýyklykda bellenen zähmet hakyna we pensiýa bolan hukugy talap edýär.

Üçünjiden, Gatnaşyjy-döwletler kazyýet ulgamyna degişli pul serişdelerini hasaba alanlarynda, kazyýet işiniň amala aşyrylyşyna degişli dolandyryjy işleriň bellenen garaşsyzlygyny üpjün etmeli. Daşky täsirler, meselem, kazylaryň bellenilmegi, kazyýet işiniň diňlenilmegi, kazyýet ulgamyna gönüden-göni degişli işlere goşulmaklyk üçin mümkinçilik bolmaly däl. Emma kazyýet häkimiýeti bilen Ýerine ýetirjilik häkimiýetiniň arasynda kesgitlenilen gatnaşyklar bolmaly, olar kazynyň borjy, ýagny, şahsy jedelleri çözmek we Konstitusiýanyň kanuny we onuň wajyplygyny goldamak ýaly gatnaşyklar bilen çaknyşmaly däldir.

Sud borçlaryny ýerine ýetirmekde talabalaýyk däl hereketler ýa-da ýalňyşlyklar babatynda şahsy garaşsyzlygyny raýat arzalary ýagdaýlaryny hasaba almanyňda kazyýet garaşsyzlygy kanunlary ulanmakda kazylaryň eldegirmezligini talap etmeýär. Köp ýurtlarda kazylar hem beýleki raýatlar ýaly jenaýat hukugyna degişli bolmalydyr. Olaryň umumy kanuna boýun egmeklik babatynda hiç-hili eldegirmezligi ýokdur we bolmaly hem däldir. Polisiýa we beýleki döwlet organlary tarapyndan sudýalaryň we sud agzalarynyň jenaýat işini etmekde güman edilmegine düýpli sebäp bar ýagdaýlarynda, şeýle derňewleri adaty kanuna laýyklykda alnyp barylmaly.

Başga ýurtlar kazylara sud derňewlerinden eldegirmezligini kepillendirýärler. Şeýle eldegirmezligiň berlen ýagdaýlarynda, kazylary korrupsiýa üçin güman etmelerden goramak hem-de öz borçlaryny ýerine ýetiren wagtlary bolup biljek sud yzarlamalarynda eldegirmesiz bolmaklary üçin “funksional” çemeleşme bolmalydyr.

“Funksional” çemeleşmesiniň ýalňyş ulanylmazlygyny kepillendirmek üçin şeýle ýagdaýlarda eldegirmezligi aýyrmak prosesini üpjün etmeklik hem şol prosesiň aýdyňlygyny, halallylygyny we hemişe ulanylmagyna üpjün etmeklik bilen birlikde hökmanydyr.

### II.2. Kazyýet häkimiýetinde korrupsiýanyň öňüni alyş çäreleri

Sud häkümiýetinde korrupsiýanyň öňüni almaklygyň iki aspekti bar. Olar sudýalary işe bellemeklik we wezipesinde ýokarlandyrmaklyk hem-de olaryň jogapkärçilik çekýän işleri.

Birinjiden, sud wezipelerine bellemeklikligiň we wezipede ýokarlandyrmaklygyň aýdyň proseduralary zerurdyr. Sud wezipelerine bellemeklik hem beýleki döwlet işgärlerine bildirilýän talaplara we ölçeglere laýyklykda- şeýle-de öz gulluk borjuny ýetirmek boýunça ýöriteleşdirilen professional bilim derejesine we iş başarnygyna laýyklykda edilmelidir.
Wezipä bellenýäniň öňki işlerini we özüni alyp barşyny göz öňünde tutmaklyk hem peýdaly bolardy. Köp ýurtlarda sud häkümiýetine işe girmeklik bäsleşik synagy we ondan soň sud Akademiýasy ýaly ýöriteleşdirilen okuw edarasynda hökmany okamaklygyň esasynda alnyp barylýar. Şeýle-de köp ýurtlarda wezipä bellemeklik sud häkimiýetiniň ýokary geňeşi ýa-da sud komissiýasy tarapyndan dolandyrylýan giriş synaglarynyň we okuwlarynyň esasynda amala aşyrylýar. Uly sudýalaryň ýolbaşçylygynda guramaçylyk mehanizmleri işe çekmeklik, wezipä bellenmeklik, wezipede ýokarlandyrmak, özüňi alyp barmaklyk we wezipede işlän döwründe sudýalara gözegçilik etmeklige jogapkärçilik çekýärler.

Şeýle mehanizmler sudýalary başga wezipä geçirmeklik, wezipede ýokarlandyrylmagyna päsgel bermek ýa-da sudýalary eýeleýän wezipesinden boşatmak ýaly syýasy goşulyşmalara sezewar edilmeli däl sud çözgütleriniň garaşsyzlygyny goramak üçin işlenilip düzüldi. Şeýle düzgünler ýokarda agzalan sud häkimiýetini dolandyrýan

mehanizmlere jogapkärçilik çekýän sudýalary wezipeden boşatmak üçin hem talap edilýär we özüñi ýaramaz alyp barmaklygyñ subut edilen ýa-da kesgitlenilen ölçegleri we ylalaşylan aýanlyk proseduralary ýerine yetirmekligi berjaý edip bolmaýan ýagdaýlarynda ulanyp boljak çäre bolup durýar.

Ikinjiden, Gatnaşyjy-döwletler kazyýet häkimiýetiniń eldegirmezligini güýçlendirmeklige hemaýat etmelidirler we kazyýet işiniń açyklygyny we elýeterligini kepillendirmelidirler. Kanuna laýyklykda kesgitlenilen ýagdaýlardan galan kazyýet işleriń dińlenmeleri giń jemgyýetçilik üçin açyk bolmalydyr. Kanuna laýyklykda sud çözgütlerini çykarmak üçin sudýalar subutnamalary bermäge borçludyrlar. Kazyýet hakimiýetiniń eldegirmezligini kepillendirmek üçin, appelýasiýa bermekligiń netijeliligini hem öz içine almak bilen, sudýalaryń çykaran kararynyń delillerini hem hasaba almalydyr.

Sud işleriniń gündeki alnyp barylmagy hem korrupsiýanyń öňüni almakda wajyp komponentleriń biridir. Sud işleriniń netijeli dolandyrylmagynyń elementleri şu äsakdakylary öz içine alyar:

- Işleri we diňlenmeleri beýan edýän bildirişleriň görkezilmegi (iň bolmanda suduň jaýlarynda);
- Kazyýetiñ çykaran kararlaryny hasaba almaklygyny hem öz içine almak bilen sud protokollaryny (beýanlaryny) ýoretmek we dolandyrmak üçin netijeli ulgamlar;
- Kazyýet ýygnaklarynyň protokollarynyň sanawyny we belli bir sud işiniň alnyp barlyşynyň kompýuterleşdirilen ulgamlaryny öz içine almak bilen kazyýet protokollarynyň kompýuterleşdirilmegini girizmek;
- Kazyýet işiniň diňlenmegine taýyarlyk işinde ýerine ýetirilmeli hukuk hereketleriniň kesgitlenilen möhletlerini girizmek; we
- Jemgyýetçilik arz-şikaýat etmeler babatynda kazyýet ulgamynyň çalt we netijeli jogap bermeklik.

Sudýalar kazyýet işlerini geçirmekligiñ we çözgüt çykarmaklygyñ wagt saklamalaryny gysgatmak üçin jogapkärçiligi öz üstünde almalydyrlar we gerekmejek wagtsaklamalara päsgel bermelidirler. Sudýalar hukukçylara we talap edijä sud proseduralarynyñ ýagdaýyny bilmäge kömek edýän aýdyñ mehanizmleri ýola goýmalydyrlar. (serediljek sud işleriniñ sanawynyñ kazylaryñ arasynda aýlanyp durmagy bu babatda bolup biljek usullaryñ biridir). Hukuk talaplarynyñ hereket etmeýän ýerlerinde, sud işlerini geçirmekligiñ ülñeleri sud işiniñ gidişinde we köpçulige beýan edilýär,bu kazyýet işini geçirmeklikde talabalaýyk tagallalary kepillendirip biler.

Kazyýet häkimiýeti sud işleriniñ protokollarynyñ ýitmekliginiñ ýa-da almaga rugsat berilmezliginiñ öñüni almak üçin zerur hereketleri etmelidirler. Kazyýet protokollarynyñ kompýuterleşdirilmegi şeýle ädimleriñ biridr. Şeýle-de sudýalar komputer faýllarynyñ ýitirilmegini öwrenmekligiñ ulgamyny ýola goýmalydyrlar. Faýllaryñ ýitmekligini hemişe sud prosesiniñ uly kanunbozulmasy diýlip hasap edilýär we şeýle etmişiñ edilendigi güman edilen ýagdaýynda, onuñ öwrenilmegi kepillendirilmelidir. Faýllaryñ ýitirilen ýagdaýynda sud işinde edilen proseduralar we hasabatlar dikeldilmeli we geljekde şeýle ýitgileriñ bolmazlygynyñ öñüni almaly.

Sud häkimiýeti talap edijiniñ kazyýet çözgüdini çykarýan aýry-aýry sudýalaryñ işine gözegçilik etmek hukugyny bermek üçin aýdyñ we jemgyýetçilige beýan edilen prosedurany kabul etmelidirler. Proseduralar kazyýet ulgamynyñ çäginde kabul edilmeli we sud işlerine seredýän sudýalary yzygiderli çalşyp durulmagyny kepillendirmeli, şeýle ýagdaýda sudýalaryñ jynsyny, milletini, tiresini, dinini, ilatyñ azlyk bölegine degişliligini we beýleki aýratynlyklary öz içine alýan faktorlary açyk görkezilmelidir. Sudýalaryñ şeýle çalşygy obýektiwsizligiñ öñüni almak üçin kabul edilýär.

Ulanylýan kanunyň çäginde bolmadyk ýagdaýynda, kazyýet häkimýeti jenaýat işe degişlilikde bikanun üýtgeşmeleriň azalmagy üçin serişdeleri girizmeli. Teklipler kanunda bellenilmedik ýagdaýynda, oňa proseduralaryň we höküm çykarmaklygyň üsti bilen ýetip bolar. Höküm çykarmakda yzygiderlilige hemaýat berjek beýleki usullar statistiki maglumatlaryň elýeterliligi we hukuk bilim bermeklik bolup durýar, bu bolsa höküm cykarmaklygyň ülňelerine we ýörelgelerine degişli hukuk gollanmasynyň girizilmegini hem öz içine alýar.

### II.3. Kodeksler we ülńeler

Kazyýet işiniń bütewiligine ýardam etmek üçin käbir çäreleri görüp bolýar. Ol çäreleriń biri kanunçylyk ulgamyna işe giryän adamdan hökmany ýagdaýda kanunçylyk ugrundan ýokary okuw bilimli bolmagyny talap etmek we onuń işe duranyndan soń hem hünär derejesiniń barlanylmagy. Ondan daşary hem Gatnaşyjy-döwletler yzygider ýagdaýda özleriniń kazylary üçin ýörite okuw maksatnamalarynyń geçirilmegini netijeli çäre hökmünde ulanyp bilerler. Ýuridiki we hukuk taýdan bilim bermäge jogapkär adamlar halkara kanunçylyk, şol sanda halkara adam hukuklary we gumanitar kanunçylyk, daşky gurşawy goramak kanuny, we kanuny pelsepe ýaly ugurlarda kazylara umumy kanuny bilim bermekligi peýdaly diýip hasap edip biler. Yuridiki bilim öz içine ýuridiki kemsitmelere (faktlara esaslanan we göz-görtele) hem-de ýuridiki borçnamalara degişli maglumatlary almalydyr.

Beýleki çäre bolsa häzirkizaman halkara ülńeleri beýan edýän ýuridiki taýdan özüńi alyp barmaklygyń milli kodeksini kabul etmek we şońa laýýklykda hereket etmeklikdir. Şol kodekse laýyklykda sudýalar özleriniń we öz maşgala agzalarynyň gazançlary we bergileri baradaky deklarasiýany tabşyrmaly. Mundan başga-da ol has umumy wezipeden hyýanatçylykly peýdalanmak ýaly jenaýatlaryń üstüni açmaklyga degişli bolan 8-nji madda tarapyndan göz öńünde tutulan gollanmany açyp görkezmelidir. Şeýle deklarasiýalar häli-şindi täzelenip durmalydyr. Olar sudýanyň wezipä belleneninden soń barlanmaly we sońra wagtal-wagtal wezipeli adamyń tarapyndan özbaşdak ýuridiki gözegçilik häkimiýetiń ýa-da 6-njy maddasyna laýyklykda döredilen häkimiýetiń iş wezipesiniń bir bölegi hökmünde olara gözegçilik edilmeli.

Ýuridiki taýdan özüńi alyp barmaklygyń milli kodeksi dińe onuń nähili ýerine ýetirilýandigini yzygiderli barlanýan ýagdaýynda hem-de kazylar we kazyýetiń işgarlerine garşy gelýän şikaýatlary adalatly we tiz wagtda kabul etmek, derńemek, we kesgitlemek üçin gerek bolan mehanizm ýola goýlan ýagdaýynda netijeli bolup biler. Kazy sud derńewine çekilen ýagdaýynda bu işiń ýokary derejede alnyp barylmagy üçin degişli çäreler görülmeli we kazylara olaryń çykaran çözgüdi bilen kanagatlanmadyk adamlar tarapyndan para alýandyklary barada töhmet atylyp bilinýändigi göz öńünde tutulmalydyr.

Ýuridiki taýdan özüńi alyp barmaklygyń milli kodeksiniń üsti kazyýet işgärleriń özlerini alyp barmaklarynyń ködeksi bilen ýetirilip biler. Ýuridiki işgärleriń hüńär ulńelerine gabat gelmeklerini üpjün etmek jogapkärçiligi Aklawjylar Kollegiýasynyń we Hukukçylar Jemgiýetleriniń hem borçlaryna girýar. Şu guramalar belli bir kazylar we kazyýetiń beýleki işleri ýeterlik maglumatlaryń esasynda para almak jenaýatynda günälenen ýagdaýlary barada degişli häkimiýetlere habar bermelidirler. Ondan daşary bu guramalar müşderilerine we umuman jemgiýete kazylar we kazyýetiń işgärlerine garşy şikaýat etmeginiń ýörelgelerini we tertibini düşündürmäge borçlydyr. Onuň üstesine-de, şeýle guramalaryń üstünden ýuridiki ýa-da kazyýet işgärlerine para bermek jenaýatyna baş goşandyklary gümän edilýän agzalaryna garşy düzgün-tertip üçin käýinç bermegiń netijeli çäreleri görmekligiń jogapkärçiligi hem ýatyr. Hukuk edarasyna degişli işgärleriń,

ýagny, kazyń ýa-da kazyýet işgärleriniń para korrupsiýa jenaýatyna baş goşandyklarynyń subutnamasy ýüze çykan ýagdaýynda, bu işi derńemek üçin degişli serişdeler bolmaly we olaryń günäsi subut edilen ýagdaýynda jenaýat eden adamlary wezipelerinden we geljekde bu ugurda işlemek hukuklarynda mahrum edilmelidirler.

Netijede, ähli raýatlaryń kanunyń öňünde hakykatdan deń bolmaklaryny üpjün etmekde adalatlylygyń elýeter bolmagynyń fundamental ähmiýetini ykrar etmek bilen hususy hukuk wekilçiliginiñ sud çykdajylary we jemgyýetçilik hukuk kömegininiñ elýeterliliginiñ, seredilip geçmekligiñ adaty çäkleri berilmelidir, bu bolsa islendik hukukçylar bilen hyzmatdaşlykda ulanyp bolmaklygyñ tertibe laýyklykda bolmalydyr we meselem, hukukçylar tarapyndan saýlanylan talap edijileriñ jemgyýet wekillerini goldamaklygyñ üsti bilen hukuk prosessiñ adalatlylygyna we ülñelerine bolan elýeterligini goldamak ýaly dürli başlangyçlar hem wajypdyr.

Kazylar adalatlylygyń elýeter bolmagynyń ähmiýetini nygtamak üçin degişli mümkinçiliklerden peýdalanmalydyrlar, emma bu elýeterlilik diňe konstitusiýa we hukuk düzgünlerine bolan sarpany üpjün etmek üçin gerek bolan ýagdaýynda ähmiýetli bolýandyr. Mundan başga-da, döwletler korrupsiýa baradaky işleriń çylşyrymly häsiýetini göz öňünde tutup, kazylara ýörite hünär taýdan okuwlaryñ geçirilmegini hem peýdaly gural hökmünde ulanyp bilerler.

### II.4. Prokurorlaryń wyždanlylygyny ýokarlandyrmak çäreleri

Prokurorlaryń öž wezipelerini kanunalaýyk, adalatly, yzygider we tiz berjaý etmeklerini hem-de adamyń namysyna sarpa göyulmagyny we goramaklaryny we adam hukuklaryny goldamaklaryny üpjün etmek we şeýlelikde işiń talabalaýyk alnyp barylmagyny we jenaýat adalat ulgamynyń dogry hereket etmegini üpjün etmek üçin käbir çäreleriń görülmegi zerurdyr.

Öz wezipelerini berjaý eden wagtlary, prokurorlar şu aşakdaklary ýerine yetirmelidirler:
a) özleriniń wezipelerini ýüz görmän berjaý etmeli we syýasy, sosial, din, medeniýet, jyns we beýleki görnüşli kemsitmelerden saklanjak bolmaly;
b) hökümetiñ we jemgyýetiñ bähbitlerini goramaly, ýüz görmän hereket etmeli, günälenýäniń we zyýan çekeniń wezipesini göz öňünde tutmaly hem-de ähli möhüm ýagdaýlara olaryń güńälenýaniń bähbidinemi ýa-da däldigine garamazdan üns bermelidir;
ç) eger-de olaryń iş wezipeleri ýa-da adalatlygy üpjün etmegiń zerurlygy muny talap etmese, prokurorlaryń ygtyýaryna düşen maglumat gizlinlikde saklanylmalydyr; we
d) zyýan çekenleriń bähbitlerine deglende olaryń pikirlerine we aladalaryna gulak asmaly we Jenaýatdan we Wezipeden hyýanatçylykly peýdalanmaklykdan Zýan çeken adamlar üçin Adalatyń Esasy Ýörelgeleriniń Deklarasiýasyna laýyklykda jenaýatdan zyýan çeken adamlar özleriniń hukuklary barada habardar bolmaklygyny üpjün etmelidirler. Iń öndebaryjy tejribäni siz Halkara Prokurorlar Birleşiginiń – “Zyýan çekenler” – www.iap.nl.com atly gollanmalaryndan – tapyp bilersiňiz.

### II.5. Prokuratura ulgamynda korrupsiýa jenaýat ýüze çykmalarynyñ öňüni alyş çäreleri

Prokurorlaryñ öz ygtyýary boýunça hereket etmek hukugynyñ bar ýurtlarynda, kanun ýa-da düzgünler ýa-da beýleki kanuny kadalar derńewiń gidişinde karara gelmekde çemeleşmekligiñ adalatlylygyny we yzygiderliligini berkitmek üçin özgertmeleri üpjün etmeli.

### II. 6. Prokurorlaryń özlerini alyp barmaklarynyń kodeksleri we ülńeleri

Özleriniń iş wezipelerini özbaşdak we 7-nji maddasynda agzalyp geçilýan wezipe ülńelerine laýyklykda ýerine ýetirip bilýän wezipeli adamlar hökmünde, prokurorlar hökümetler tarapyndan edilip biljek arbitraž hereketlerden we olaryń hünär ülńelerine garşy gelýän ýa-da bikanun düzgünlere gabat gelmekden goralmalydyr. Olar edil beýleki wezipeli adamlar bilen bir hatarda bir meńzeş ýagdaýlardan we şertlerden peýdalanmaly. Umuman olar obýektiw faktorlara we hususan-da öz hünär derejelerine, ukyplaryna, işlerine we tejribelerine esaslanan tertipde işe alynmaklaryny we wezipeleriniń ýokarlandyrylmagyny umyt etmäge hukuklary bardyr. Olar wezipe eýelemkligiñ, iş hakynyń we napaga ýaşyny kesgitleýän esaslandyrylan we ugrukdyrylan şertlerinden peýdalanmaly we olaryń bähbitlerini goraýan, olary hünär taýdan taýyarlaýan we olaryń statusyny goraýan hünär birleşikleriń we guramalaryń agzasy bolmaga hukuklary bolmaly.

Olar öz iş wezipelerini gorkman, päsgelçiliksiz, zor salynmazdan ýerine ýetirmeli we olaryń işine sebäpsiz goşulmajakdyklaryna, ýa-da jenaýat, tertip-düzgün ýa-da beýleki jogapkärçilige çekilmejekdiklerine göz ýetirmeli. Özleriniń prokurorlyk borçlaryny kanunalaýyk alyp barmaklygyñ netijesinde, prokurorlar we olaryń maşgala agzalarynyñ howp astynda bolan ýagdaýynda, häkimiýetler tarapyndan olara fiziki taýdan goragyñ üpjün ediljekdigine şubhe bolmaly däldir. Prokurorlar olara garşy, olaryń edýän hereketleriniñ öz hüńär ülńelerine gabat gelmeýändikleri barada şikaýat gelen ýagdaýynda, prokurorlar edil beýleki wezipeli adamlar ýaly işleriniń kazyýetde kanunçylyga esaslanan adalatly seredilmegine ynamy bolmalydyr.

Birleşen Milletler Guramasynyń 2005-nji ýylda çykaran Prokurorlar we Derñewçiler üçin Korrupsiýa Garşy Amaly Çäreler boyunça Gollanmany prokuratura ulgamy tarapyndan özleriniń aýratyn ülńelerini işläp düzmek üçin hereket edýän resminama hökmünde ulanyp, Gatnaşyjy-döwletler şol gollanmada getirilýän ülńeleri esasy talaplaryń ençemesini ödemek üçin öz kanunçylyklaryna laýyklykda olary üýtgedip bilerler.

Şol talaplaryń birinjisi hem hünär taýdan özüńi alyp barmagyń esasy zatdyr. Prokurorlar hemişe öz wezipeleriniń abraýyny we mertebesini pese gaçyrmaly däldirler we kanuna hem-de wezipeleriniń düzgünlerine we kadalaryna laýyklykda özlerini hemişe hünär taýdan ýokary derejede alyp barmalydyrlar. Hemişe, olar päk-ýürekliligiń we aladanyń ýokary ülńilerini görkezip, hemişe yzygider, özbaşdak, we ýüz görmeýän bolmak ugrunda çalyşmaly we adamlaryń gözünde şolar ýaly görünjek bolmaly. Olar hemişe güńälenýan adamyń adalatly derńewe bolan hukugyny goramaly, we hususanda, günälenýan adamyń bähbidine bolan subutnamalaryń kanuna we adalatly derńewiń talaplaryna laýyklykda açylandygyny üpjün etmelidirler.

Prokurorlar hemişe halkyń we döwletiń bähbitlerine hyzmat etmeli we olary goramaly, we şol bir wagtda adam mertebesiniń we adam hukuklarynyń dünýä jemgiýetçiligi tarapyndan ykrar edilen konsepsiýasyny sylamaly, ony goramaly we goldamaly.

Belli bir kanunçylyk ulgamlarynda prokurorlara özbaşdaklyk we öz ygtyýarlyklaryna görä hereket etmeklik rugsat berlende, şeýle özbaşdaklyk syýasy we beýleki görńüşli esassyz goşulmalardan erkinligi öz içine almalydyr. Prokurorlaryń öz ygtyýarlaryna görä hereket etmeklik hukuklary iş wezipelerine esaslanyp berjaý edilmelidir. Derńewi bes etmeklik ýa-da olara derńew häkimiýetler tarapyndan geçirilen işleri derńemezligiń sebäplerini hasabat görńüşde ýazyp bermeklik ýaly talaplar bu hukugyñ kanunalaýyk berjaý edilmegini üpjün edip biler. Ondan başga-da, paýdarlar prokuroryń belli jenaýat işini derńemezlik baradaky kararynyń hasabatyny almaga hem mümkinçilik bolmaly. Prokuratura degişli däl häkimiýetler prokurorlara umumy we ýörite görkezmeleri

bermäge hukuklary bar bolan ýagdaýynda, şol görkezmeler: aýdyń, yzygider, we prokurorlyk özbaşdaklygynyń hakykylygyny goramak üçin tassyklanan düzgünlere tabyn bolmalydyrlar.

Umuman, prokurolar öz iş wezipelerini gorkman, hoşniýetli, ýüz görmän we esasan-da adalatly berjaý etmelidirler. Olar belli bir şahsyýetiń ýa-da toparyń bähbitleriniń ýa-da jemgiýet we habar beriş serişdeleriniń basyşynyń täsirine düşmeli däldirler we dińe halkyń we hökümetiń bähbitlerinden ugur almalydyrlar. Olar yüz görmeli däl we günälenýänin bähbidine ýa-da garşysyna bolandygyna garamazdan hakykaty açmak üçin ähli gerek bolan derńewler geçirilendigine we serişdeleriñ ulanylandygyna göz ýetirmelidirler. Olar hemişe hakykatyń gözleginde bolup, kanuna we adalatyń talaplaryna laýyklykda kazyýete hakykaty tapmaga kömek etmeli.

Prokurorlar 8-nji maddada ähli wezipeli adamlar üçin mysal getirilen düzgünleri şohlelendirýän özlerini alyp barmaklarynyń kodeksina tabyn bolmalydyrlar. Prokurorlar öz işlerine gabat gelýan aýratyn we çylşyrymly işleri görkezmek babatynda ýörite talaplar girizilmeli.

Jenaýat işiniń bir bölegi hökmünde prokurorlar kanunyna we özara hyzmatdaşlygyń ruhuna laýyklykda, prokurorlar daşary yurt hem içerki polisiýa, kazyýetler, goranmak geńeşi, degişli hökümet häkimiýetler bilen hyzmatdaşlyk saklap, beýleki ýurtlardaky kärdeşlerine we prokuratura gulluklaryna ýardam berip, derńewiń adalatly we netijeli bolmagyna goşant goşup bilerler.
Mundan öń sudýalaryñ hünär taýýarlygyny, şol sanda olaryń arasynda korrupsiýa garşy okuwlary geçirmeklik baradaky meseleler prokurorlara hem degişli bolmalydyrlar.

## Madda 12. Hususy sektor

*1. Her Gatnaşyjy-döwlet öz içki kanunçylygynyň esasy ýörelgelerine esaslanan hususy sektorda korrupsiýanyň öňüni almak boýunça, buhgalter hasabatyny we auditi güýçlendirmek babatynda we zerur ýagdaýlarda şeýle çäreleri ýerine ýetirilmeýänligi üçin netijeli, oýlanyşykly, bökdeýän täsir edýän raýat-hukuk, administratiw ýa-da jenaýat sanksiýalaryna laýyklykda çäre görýär.*

*2. Bu maksatlara ýetmek üçin gönikdirilen çäreler şu aşakdakylary öz içine alýar:*

*a) hukuk goraýjy organlar we hususy edaralaryň arasyndaky hyzmatdaşlyga ýardam bermeklik;*

*b) hususy edaralaryň işinde halallygy üpjün etmek üçin niýetlenilen ülňeleriň we proseduralaryň işlenilip taýýarlanmagyna hemaýat bermeklik; olar telekeçilik we ähli beýleki kärleriň wekilleri tarapyndan işlerini talabalaýyk, dogry we akýürekli ýerine ýetirmek we gyzyklanmalaryň gapma-garşylygynyň ýüze çykmalarynyň öňüni almak üçin, şeýle-de kommersiýa edaralarynyň arasyndaky gatnaşyklarynda we olaryň hem-de döwletiň arasyndaky ylalaşykly gatnaşyklarynyň akýürekli kommersiýa tejribesini ulanmaklaryny höweslendirmek üçin özüňi alyp barmaklygyň kodeksini öz içine alýar.*

*ç) korparatiw edaralary döretmekligi we olary dolandyrmaklyga degişli hukuk we fiziki şahslaryň identifikasiýa, ýagny deňeşdirmek boýunça çäreleri öz içine alýan hususy edaralaryň içindäki açyklyga ýardam bermeklik;*

*d) kommersiýa işini ýerine ýetirmek üçin jemgyýetçilik organlara berilýän subsidiýalara we lisenziýalara degişli proseduralary öz içine alýan hususy edaralaryň işini düzgünleşdirýän proseduralarynda hyýanatçylykly peýdalanmalaryň öňüni almaklyk;*

*e) jemgyýetçilik wezipe ýolbaşçylary işlän döwründe borçlaryny ýerine ýetiren döwründe ýa-da olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik eden döwründe borçlary bilen göni baglanşykda bolan işler hususy sektorda jemgyýetçilik wezipe ýolbaşçylarynyň işden çykandan soň ýa-da hormatly dynç alyşa olaryň professional işine degişli çäklendirmeleriň, kähalatlarda belli bir wagt üçin, girizilmeginiň üsti bilen gyzyklanmalaryň gapma-garşylygynyň ýüze çykmalarynyň öňüni almaklyk;*

*f) husysy edaralaryň öz strukturasyny we ölçeglerini nazarda tutmak bilen korrupsiýa hereketleri ýüze çykarmakda we öňüni almakda kömek bermek üçin içki audit barlaglarynyň ýeterlik mehanizmleriniň bolmagy üçin we şeýle hususy edaralaryň hasabatlary we talap edilýän maliýe wedomstwolary auditiň we sertifikasiýanyň zerur proseduralary ulanmaklyga degişli bolmaklygyny üpjün etmeklik;*

*3. Korrupsiýanyň öňüni almak maksady bilen her Gatnaşyjy-döwlet buhgalter hasabatynyň ýöredilişini, maliýe hasabatynyň berlişini, şeýle-de şu Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen şu aşakdaky hereketleri gadagan etmek üçin buhgalter hasabatynyň we auditiň ülgelerini düzgünleşdirýän öz içki kanunçylygyna we düzgünlerine laýyklykda gerek bolan çäreleri kabul edýär:*

*a) resmi däl hasabatlary döretmeklik;*
*b) hasaba alynmadyk ýa-da ýalňyş hasaba alnan operasiýalary ýerine ýetirmeklik;*
*ç) ýok çykdaýjylaryň hasabatyny ýoretmeklik;*
*d) obýekti nädogry identifikasiýalaşdyrylan borçlaryň görkezilişi;*
*e) ýasama resminamalaryň ulanylyşy, we*
*f) kanun tarapyndan bellenilen wagtyndan öň buhgalter resminamalarynyň bilkastlaýyn ýok edilmegi.*

*4. Her Gatnaşyjy-döwlet häzirki Konwensiýanyň 15-nji we 16-njy maddalaryna laýyklykda ykrar edilen jenaýatlaryň düzüm elementleriniň biri bolan para hökmünde çykdajylara we zerur ýagdaýlarda korrupsiýa hereketlerine ýardam bermek maksady bilen çykarylan çykdajylara degişli salgytlardan azat edilmeklige rugsat bermeýär.*

## I.Syn

Bu madda esasy maksatlaryń üçüsine bagyşlanandyr: hususy sektorynda bolan korrupsiýa meselesini ara alyp maslahatlaşmak, hasabat bermeklik we audit barlagyń ülńileriniń üsti bilen hususy sektorda öňüni alyş we gözegçilik çärelerini kämilleşdirmek, we amatly bolan ýagdaýynda, gabat gelmezlik üçin ýörite sanksiýalaryny girizmek. Hususy sektorda bolan korrupsiýa meselesine jemgiýetçiligiń ünsüni çekmeklik bähbitleriniń ençemesini öz içine alýar, ýagny maýadarlaryń unamyny ýokarlandyrmaga we müşderileriń bähbitlerini goramaga mümkinçilik döredýar. Bu madda umuman hususy sektorda ýüze çykýan korrupsiýa jenaýatlary bilen iş salşyp, ol Konwensiýanyń täzelikleriniń birini beýan edýär.

## II. Meseleler we çözgütler
## II.1. Hususy sektora degişli korrupsiýa jenaýatlarynyñ öňüni alyş çäreleri

5-nji maddada teklip edilişi ýaly, 10-njy maddada aýdylyp geçilen administratiw çäreleriń sanyna laýyklykda we 6-njy madda tarapyndan her bir edaranyń işiniń kesgitlenilişi ýaly

korrupsiýanyň öňüni almagyň baş ýörelgesini işläp düzmek işine hukukly edaralary we beýleki wekilçilikli birleşikleri çekmeklik peýdaly we netijeli bolup biler. Degişli hususy kärhanalaryň bütewiligini goramak maksady bilen işlenip düzülen ülňileriň we düzgünleriň kämilleşdirilmegini güýçledirmekde şular peýdaly bolup biler: özüňi alyp barmaklygyñ kodeksi, korrupsiýa boýunça gollanma, korporatiw dolandyryş kodeksler, öz iş wezipelerinden hyýanatçylykly peýdalanmak babatynda we içki audit gözegçilikleri. Gatnaşyjy-döwletler fond biržalaryndan ýa-da beýleki düzgünleşdiriji edaralaryndan şeýle ülňeleri we düzgünleri fond biržasynda hasaba alnan şereketler üçin edilýan talaplaryň arasynda bolmaklygyny talap etmelidirler. Şereketiň özünde bolsa bu ülňilere we düzgünlere derek ýörite etiki we biznes taýdan özüňi alyp barmaklygyň maksatnamalary geçirilmeli we şeýlelikde şereketiň işgärleri, özleriniň edýän işine we işleýän ýerlerine garamazdan, öz şereketleriniň gymmatlyklaryna we ýörelgelerine düşünýändiklerine, we olary her günki aragatnaşyklarynda we karar çykarmakda berjaý edýandiklerine, we şol bir wagtda olaryň edýän zatlary kanuny, guramaçylyk, hunär, we düzgünleşdiriji syýasatlara gabat gelýändiklerine göz ýetirmäge kömek edýar. Ülňeler we düzgünler baradaky teswirler her Gatnaşyjy-döwletiň kanunçylyk we audit barlagynyň talabynyň çäklerinden daşa çykmaly däl.

## II.2. Hasabat ýöretmegiň we barlag geçirmegiň standartlaryny ýokarlandyrmagyň ýollary

Gatnaşyjy-döwletler içki barlag üçin parametrleri ýola goýmak üçin gerek bolan audit barlagyň standartlary we hususy sektoryň çäkleri içerki barlagyň hususy sektorynda ýerine ýetirilýan merkezi wezipeleri barada aňyk görkezmeleri we düzgünleri üpjün edýandiklerine göz ýetirmeli. Umumy görnüşde şeýle yzygiderlik saklanylmalydyri: fondlaryň gözegçiliginiň netijeligini, girdejileriň we çykdajylaryň bellige alnyşyny öwrenýän esasy audit barlagy; maliýe, hereket edýän we dolandyryş barlag ulgamlarynyň talabalaýyklygyny we netijeliligini öwrenýän ulgama esaslanan barlag; ylalaşyklaryň kanunalaýyklygyny barlaýan hem-de kezzaplygyň we korrupsiýnyň öňüni alýan gorag serişdelerine baha berýän dolandyryş ulgamyna esaslanan doly audit barlagy.
Hukuk edaralar maliýe resminamalarynyň talabalaýyk hasabyny ýöretmäge we yzygiderli maliýe hasabatlaryny taýýarlamaga borçludyrlar. Has göwrümli kompaniýalar üçin, ýagny hökümet derejesinde söwda edýän hukuk edaralar ýa-da iri hasabata alynmadyk we öz işlerini halkara derejesinde alyp barýan hususy kompaniýalaryň maliýe resminamalarynyň we girdejileriniň ýylda bir gezek daşary ýurt audit edarasy tarapyndan barlanylmagyny talap etmeli. Şeýle hasabatlar barlanýan edaranyň girdejileri kompaniýalary we olaryň girdejilerini hasaba almaga jogapkär bolan hökümet edaralaryň gatnaşmagynda hasaba alynmalydyrlar. Daşary ýurt barlagynyň has giňişleýin talaplary fond birzalar we maliýe ugrukdyryjylar tarapyndan kesgitlenen görnüşde aksiýalary fond biržada hasaba alnan kompaniýalardan talap ediler.

## II. 3. Hususy edaralara garşy raýat, administratiw we jenaýat temmileri

Kanunçylyga ýa-da düzgünleşdiriji tertiplere täzeden seredilende, Döwletler sala salmak ýa-da peýdaly tejribeden peýdalanmak üçin halkara guramalaryň we edaralaryň işine ýüzlenmäge isleg bildirip bilerler. Halkara Audit Barlagynyň Ulňelerine (ISA) häzirki wagtda täzeden seredilýär. Halkara Audit Barlagynyň 240 Ülňesi hem ýaňy-ýakynda täzeden seredildi. Ol maliýe hasabatlaryň tassyklamak işini geçiren wagty, kezzaplygyň bardygyny aňan audit barlagçysy özüni ňähili alyp barmalydygyny düşündirýär. Bu bolsa audit barlagçylaryň hem korrupsiýa jenaýatynyň öňüni almak we ýüze çykarmak işine goşup biljek goşantlaryny artdyrmaklygyna kömek edýär. Umuman, şeýle çäreler ilki bilen hususy telekeçiler tarapyndan görülmeli, emma Döwletler elbetde hususy telekeçileri bu işde goldap bilerler.

Gatnaşyjy-döwletler hususy sektorda korrupsiýa jenaýatyna baş goşan şahsyýetlere garşy belli jenaýat çäreleri görmekleri mümkin. Şudlar we beýleki düzgünleşdiriji edaralaryň jerime salmak öwezlik tölegi töletmek we emläkden mahrum etmek, wezipeden boşatmak, kompaniýalaryň işine gözegçilik etmek ýa-da olary ýapmak, başlyklary wezipede peseltmek we hasapçylar hem-de aklawjylar ýaly hünärmenleri işden wagtlaýyn boşatmak ýaly temmileriň dürli görnüşlerini çykarmaga ygtyýary bolmalydyr.

## II.4. Hukuk goraýjy edaralar bilen hususy sektoryń arasyndaky hyzmatdaşlygy berkitmegiń ýollary

39-njy madda hukuk goraýjy edaralar bilen degişli hususy kärhanalarynyń arasyndaky hyzmatdaşlygy berkitmegiń ýollary barada gürrüń berýar. Hukuk goraýjy edaralara edilen jenaýat barada hasabat bermäge borjy bolmasa-da, käbir Gatnaşyjy-döwletler haram pullary ýuwmak ýaly jenaýatlar barada habar berilmegini talap edip bilerler. Gatnaşyjy-döwletler hukukly edaralary
korrupsiýa degişli jenaýatlar barada hukuk goraýjy edaralara habar bermeklerini höweslendirmeli. Emma jenaýatlar barada hukuk goraýjy edaralara habar bermegiń borjy kanun tarapyndan bellenilen ýagdaýynda onuń netijeligi has ýokary bolup biler. Hukuk goraýjy edaralar bolsa öz gezeginde düşünjeliligi ýokarlandyrmak üçin ýörite okuw seminarlary we öńüni alyş maslahatlary meýilleşdirip, hödürläp bilerler.

## II.5. Hususy sektoryń bütewiligini goramagyń ülńeleri we düzgünleri

Hökümetiń hususy sektoryny düzgünleşdirmegiń möçberi baradky mesele her taraplaýyn oýlanylmaklygy talap etse-de, hususy sektoryń özi arasynda korporatiw bütewliliginiń, biznes ahlaklylygynyń we paýçylaryň öňünde (müşderiler, alyjylar, raýatlar, işgärler we paýdarlar) korporatiw sosial jogapkärçiligiň bolmagynyń zerurlygyna düşünmelidir. Biznes taýdan özüni alyp barmaklygyň meseleleri bilen iş salyşmak ukyby we guramanyń işini we borçlaryny belli bir gurluşa getirmek, bularyň ählisi çylşyrymly wezipelerdir. Biznes guramalar girdeji gazanmak üçin döredilýär. Şol bir wagtda, kompaniýalaryň– olara paýçylar, şol sanda utgaşdyryjylar, haryt bilen üpjün edijiler, satyn alyjylar we bu kompaniýanyň girdejisinden bähbit gazanmaýan jemgyýet tarapyndan ýüklenen borçlary hem bar. Şol borçlary ýerine ýetirmek üçin kompaniýalar tarapyndan görülýän çäreleriń biri özüńi alyp barmagyń düzgünlerini, ahlak ýa-da korporatiw dolandyryş maksatnamalary döretmeklikden we döwlet sektorynyń öňünde goýlan talaplar we umytlar bilen has ýakyndan utgaşmakdan ybarat. Sońky ýyllaryń içinde ruhlandyrmaklygyń peýdaly çeşmelerini emele getirmek üçin ýörelgeleriń we görnüşleriniń käbir toplumlary döredildi. Sońky başlangyjyń netijesinde, bu ýörelgeleriń köpüsi işlenilip taýýarlanylýar we olary UNCAC guramasy tarapyndan öńe sürlen ýörelgelere gabat getirmeklik göz öňünde tutulýar.

## II.6. Korporatiw edaralary döretmekde we dolandyrmakda aýdyňlyk

Gatnaşyjy-döwletler kompaniýalaryň döredilmegine razylyk bermegikligiń, olary hasaba almaklygyń hem-de olaryń tabşyrýan hasabatlaryny kabul etmekligiń kanuny jogapkärçiligini çekýän ýörite hökümet edarasynyń hereket etmekligini üpjün etmelidirler. Täze kompaniýany hasaba almaklygyń düzgünleri hem-de her ýurtda hasaba alnan hukukly edaralar baradaky maglumata degişli taraplar hakda jikme-jik maglumatyń alnandygyna we barlanandygyna güwä geçmelidir. Bikanun hereketleriń geçirilýändigi güman edilende we şeýle maglumat edaralar we beýlekiler tarapyndan özleriniń utgaşdyryjy wezipelerini ýerine ýetirmek üçin talap edilen ýagdaýynda, hökümet edaralar hukukly edaralar we şahsyýetler baradaky maglumaty almak hukugy bilen ygtyýarlandyrylmalydyr.

## II.7. Hususy kärhanalaryń işini utgaşdyrýan düzgünleriñ bikanun peýdalanylmagynyń öňüni almak

Gatnaşyjy-döwletler hökümet şertnamalaryny ähli talaplaryny 9-njy maddada görkezilen düzgünlerden gelip çykýan syýasatlara we tejribelere gabat gelmekligini üpjün etmelidir. Hususan-da, guramalar bu talaplary ödemedik ýagdaýynda, ondan gelip çykyp biljek netijeler barada, şol sanda baglaşylan şertnamalarynyń güýji ýok diýip hasap etmek ýaly çäreleriñ görüljekdigi barada habardar edilmelidirler.

Kanun düzgüniniń gönüden-göni hökümet ýa-da strategiki ähmiýeti bolmadyk, düzgüniń hyýanatçylykly peýdalanylmagynyń mümkinçiligi bolan, we hususy sektoryń güýçleri işiń gidişine has netijeli gözegçilik edip biljek ýagdaýlarynda,

Gatnaşyjy-döwletler ygtyýarnamalaryń we rugsatnamalaryń belli görnüşlerine bolan yzygider zerurlygyna täzeden seretmelidirler. Ýerlikli bolanda, aýdyń we jemgiýetçilige elýeter bolan hyzmatlaryń ülńelerini ýokarlandyrmak üçin ygtyýarnamalary we rugsatnamalary almagyń prosesini ańsatlaşdyrmak baradaky meseläniń seredilmegi peýdaly bolup biler. Bu ülńeler ähli arzaçylara, olar hyzmatlaryń haýsy derejesine garaşyp biljekdiklerini,onuñ üçin haýsy resminamalar gerekdigini we edara bu ülńelere gabat gelmedik ýagdaýynda nähili çareleri görüp boljakdygyny özleri üçin anyklap bilmekleri üçin, elýeter bolmaly.

## II.8. Wezipeli adamlaryń hökümet işinden çykanlaryndan soń hususy sektorda işe durmaklaryny çäklendirýän şertler

Ähli Gatnaşyjy-döwletler wezipeli adamlaryń hökümet işinden ýa-da otstawka çykyp özleriniń hökümet işinde zähmet çeken wagtlary gatnaşyk saklan ýa-da gizlin ýa-da söwda maglumatlary geçirip biljek edaralara ýa-da öńki iş bilen üpjün eden adama ýa bolmasa onuń öńki işdeşlere täsir etmek üçin hususy sektora degişli edara geçmeklerine gözegçilik edýän resmi düzgünleri göz öñünde tutmalydyrlar. Şeýle düzgünler bellenilen hem-de saýlanan wezipeli adamlara degişli bolmalydyrlar. Şu aşakdakylary etmäge synanyşan wezipeli adamlara garşy çäreleriń görülmegini göz öñünde tutmalydyrlar:

- Iş bilen üpjün edip biljek adama hemaýat etmek üçin öz wezipesinden peýdalanmak;
- Resmi ylalaşyklary geçirmegiń barşynda başga işi gözlemek;
- Hökümet işiniñ üsti bilen alnan gizlin maglumatdan hyýanatçylykly peýdalanmak;
- Wezipeli adam hökmünde olara ynanylan işlerde hususy taraplaryń bähbitlerini goramak;
- (Bellenilen möhletiń dowamynda) özleriniń mundan ön işlän guramalarynda belli bir işlerde hususy şahsyýetleriń wekili hökmünde çykyş etmek.
- Hökümet işinden sońky işleriniń kesgitlemeleri we hereketleriniń çäklendirýän düzgünler anyk we düşnükli bolmaly. Bu babatda Gatnaşyjy Döwletler şu aşakdakylary göz öñünde tutup bilerler:

[5] Bu şeýle ýörelgeleriń käbir mysallary: 2004-nji ýylda täzeden görlen Ykdysady Hyzmatdaşlyk we Ösüş Guramasynyń Korporatiw Dolandyryş baradaky Ýörelgeleri (http://www.oecd.org/document/49/0,3343,en_2649_34813_31530865_1_1_1_1,00.html); Halkara Söwda Palatasynyń Özüñi Alyp Barmaklygyñ Düzgünleri we Zorlap Almaklyga we Para Bermeklige Garşy Göreş baradaky Maslahatlar (http://www.icc.se/policy/mutor/iccrules2005.pdf); Bütindünýa Ykdysady Forumynyń Korrupsiýa Garşy Hyzmatdaşlyk Başlangyjynyń çäklerindäki KGHB Parahorlyga Garşylykly Zarba Etmegiń Ýörelgeleri (http://www.weforum.org/pdf/paci/PACI_PrinciplesWithoutSupportStatement.pdf); we Parahorlyga Garşy Göreş üçin Halkara Biznes Ýörelgeleri (http://www.transparency.org/global_priorities/private_sector/business_principles).

- Wezipä bellemek şertleriniń we ýagdaýlarynyń ählisine degişli rugsatnamany;
- Maglumaty ulanmaklyga we öńki iş bilen üpjün eden adamlar bilen gatnaşyk saklamaklyga şert salmak hukugy;
- Hususy sektorda işleýän bäsdeşleri beýleki bäsdeş kompaniýa möhüm wezipeli adamyń işe geçýändigi barada habardar etmegiń hukugy;
- Şertleriń bozulan ýagdaýynda, hususy sektorda işleýän kompaniýasy Gatnaşyjy-döwlet bilen bolan hyzmatdaşlyk gatnaşyklary saklamak hukugyndan mahrum etmek hukugy. Şeýle düzgünleriń üstünde işlän wagtlary, Gatnaşyjy-döwletler şu aşakdakylary göz öńünde tutmalydyrlar:
- Her çäklendirmäń möhletini;
- Çäklendirmeklige degişli bolan wezipeli adamlaryń anyk derejesi ýa-da topary
- Öńki hökümet wezipesini eýelän adama işe durup bilmejek pudaklarynyń anyk kesgitlenilmegi.

## II.9. Içki audit barlagy we şahadatnama bermekligiń tertibi

Gatnaşy-döwletler edaralardan her ýyl talap edilen ýerde barlanan hasabatlarynyń tabşyrmaklarynyń ýörite talaplaryny göz öńünde tutmalydyrlar hem-de olaryń giç ýa-da doly däl görnüşde tabşyran edaralara temmi bermelidir. Ondan başga-da, olar özleri ýa-da gazna biržalaryń, maliýe dolandyryş häkimiýetiniń agzasynyń ýa-da wekilçilikli birleşikleriń üsti bilen guramanyń ululygy we alýan girdeýjişine baglylykda içki barlag ukybynyń derejesi we möçberi şol sanda hünär taýýarlygynyń we olaryń barlag wezipelirini ýerine ýetirmek üçin gerek bolan şahadatnamalaşdyrylyşyń derejesiniñ nähilidigini kesgitleýän görkezmeleri bermekleri peýdaly bolup biler.

## II.10. Kitaplaryń, resminamalaryń, maliýe hasabatlarynyń, buhgalter depderleriniń we audit barlaglara degişli maglumatlaryń saklanylyşy

Gatnaşyjy-döwletler guramanyñ işine degişli ähli resminamalaryń hem-de ähli hasaplaryň hem-de girdeji-çykdajy operasiýalarynyň maglumatlaryny beýan edýän esasy buhgalteriýa kitaplarynyń we kömekçi sanawnamalarynyń ýok edilen seneleriniń tablisasyny öńünden ylalaşylan möhletiniń dowamynda saklanylmagyny üpjün etjek degişli kanun düzgüniniń hereket etmegini üpjün etmelidirler. Ol kanun haýsy resminamalaryń ähmiýeti bardygyny ýa-da gerekli maglumatyń çeşmesi hökmünde ulanyp biljekdiklerini we belli möhletiń dowamynda saklanylmalydygyny takyklamalydyr (ylalaşyklar, kepiller, şertnamalar, hem-de emläkleriń atlaryń asyl nusgalary sudda subutnama hökmünde görkezmek ýaly maksatlar üçin ulanylyp bilerler). Kanun ýuridiki kesgitlemelere, talaplara we ygtyýarlyklara degişli ýörite çykgytlary bermelidir: gizlenilýän girdejileriń hasabaty; hakykatda bolmadyk çykdajylaryń hasabatyny ýöretmeklik; bergileriñ predmetleriñ nädogry identifikasiýasy bilen bellenilmegi; galp dokumentleri ulanmaklyk, we buhgalteriýa degişli hasabatlaryń kanun tarapynda göz öńünde tutulan wagtyndan öń bilgeşleýin ýok edilmegi.

## II.11. Para we olar bilen baglanyşykly harajatlara salgyt eglişikleriniń berilmegini gadagan etmeklik

Gatnaşyjy-döwletler guramalara para diýip ykrar edilen töleglerine salgyt eglişigi talap etmeklige hukuk bermeýän kanunlary kabul etmelidirler. Paralara salgyt elgişikleriniñ berilmegini gadagan edýän kanun daşary ýurt wezipeli adamlara berlen paralara hem degişlidir. Para diýip ykrar edilen töleglere salgyt eglişigi talap etmekligi gadagan edýän kanun dińe bir edaralara däl, eýsem şahsyýetlere hem degişli bolmaly. Ondan daşary,

paralara salgyt eglişikleri bermekligi gadagan edýän kanun aýdyň kesgitlenilmelidir. Salgyt häkimiýetleri bolsa paralary sosial ýa-da komission haky ýaly kanunalaýyk çykdajylara geçirip, olaryň gizlenilmeklerine ýol bermezlik üçin belli çäreleri görmelidirler. Şeýle çäreler diňe salgyt häkimiýetleriniň hukuk goraýjy häkimiýetlere olaryň para jenaýatyna degişli bolan şuhbeleri barada hasabat bermäge borçly ýa-da iň bolmanda olara şeýle hasabaty bermäge rugsatlary bar bolan ýagdaýynda görlip bilner.

## Madda 13. Jemgyýetiň gatnaşmagy

*1.Her Gatnaşyjy-döwlet öz güýjüne we içki kanunçylygyň esasy ýorelgelerine laýyklykda korrupsiýanyň öňüni almak we göreşmek üçin hem-de korrupsiýanyň hereket edýän faktyna, sebäplerine we howplydygyna, şeýle-de onuň tarapyndan döredilýän howplara düýpli düşünmek üçin raýat jemgyýeti, hökümet däl edaralar we obşina esasda hereket edýän edaralar ýaly jemgyýeçilik sektorynyň daşyndaky aýry-aýry adamlaryň we toparlaryň işeňňir gatnaşmaklygyna ýardam bermek üçin zerur çäreleriň kömegi bilen güçlendirip bolar:*

*a) açyklygy güçlendirmeklik we karar kabul etmeklik prosesine ilaty çekmeklige ýardam bermeklik;*

*b) ilatyň maglumatlara bolan netijeli ygtyýaryny üpjün etmeklik;*

*ç) korrupsiýa babatynda ýol berilmezlik ýagdaýy döretmeklige ýardam berýän ilata maglumatlar elýeterli bolar ýaly, şeýle-de mekdepleriň we uniwersitetleriň okuw maksatnamalaryny öz içine alýan jemgyýetçilik bilim maksatnamalaryny durmuşa geçirmek üçin çäreleri geçirmeklik;*

*d) korrupsiýa baradaky maglumaty erkin gözlemeklige, almaklyga, çap etmeklige we ýaýratmaklyga bolan hormat, höweslendirmek we goramaklyk. Bu erkinligiň belli-belli çäklendirmeleri, ýöne kanun tarapyndan göz öňünde tutulan we zerur çäklendirmeler kesgitlenip bilner:*

*i) beýleki adamlaryň hukugyny we abraýnyy hormatlamak üçin:*

*ii) milli howpsuzlygy, ýa-da jemgyýetçilik tertip-düzgüni goramak, ýa-da saglygy ýa-da ilatyň ahlaklygyny goramak üçin.*

*2. Her Gatnaşyjy-döwlet şu Konwensiýada aýdylýan korrupsiýa bilen göreş alyp barýan degişli organlary ilat biler ýaly we şu Konwensiýa tarapyndan ykrar edilen islendik jenaýat baradaky habary şeýle organlara bermek üçin, (golsuz (anonim) arzalary hem öz içine almak bilen) ygtyýary üpjün edýän çäreleri kabul edýär.*

## I. Syn

Korrupsiýanyñ öñüni almaklyk we oña gozegçilik etmeklik döwleti oñat dolandyrmaklyga we jemgyýetçilik hyzmat edilişini has netijeli üýtgedip gurmaklyga, çözgüt etmekligiñ açyklygyna we adalatlylygyna, seýle-de, býudjetiñ we kanunlaryñ jemgyýetiñ hajatlaryna we arzuwlaryna laýyk gelýän, esasan hem durmuş ýagdaýy pesräk we gowşagrak bolan agzalary üçin hemaýat berýän serişdedir. Olar korrupsiýa göni däl täsir edýärler, ýagny, jemgyýetçilik pul serişdeleriniñ we resurslarynyñ talabalaýyk däl ulanmaklygyñ üsti bilen we göni täsir edip bilýärler, ýagny jemgyýetçilik hyzmatlary gazanmak üçin para bermekligiñ üsti bilen, bu bolsa hajatlary kesgitlemek, onuñ yzygiderliligi we kim tarapyndan berilemeginiñ işlenilen prosessleri öz ine alýar.

## II. Tejribe meseleler we çözgütler

### II.1. Jemgyýetiñ korrupsiýanyñ öñüni almaga gatnaşmagyny işjeñleşdirmek

Gatnaşyjy-döwletler iş salyşýan jemgyýetiñ we wekilçilikli birleşikleriñ nämelerden ybaratdygyna doly göz ýetirmelidirler. Özünde döwlete dahylly däl edaralary, kärdeşler

arkalaşygyny, köpçülik habar beriş serişdelerini, dini edaralary we ş.m. jemleýän jemgyýet barada giñ düşünje bolmalydyr we ol döwletiñ ýakyn gatnaşykda bolmadyk mümkin edaralaryny hem öz içine almalydyr. Gatnaşyjy-döwletler olaryñ, hususan-da, üzñeleşdirilmegi mümkin bolan jemgyýetçilik toparlarynyñ perspektiwalarynyñ we garaýyşlarynyñ nähilidir wekilçiligiñ görnüşi bolmazdan hojalyklary ýa-da beýleki ölçegler arkaly şöhlenendirilýändigini üpjün etmelidirler.

## II.2. Jemgyýetçiligiñ korrupsiýa barada habarlylygyny ýokarlandyrmaklyk

Köp korrupsiýa garşy göreşýän gulluklar korrupsiýa garşy netijeli işleri alyp barýarlar, emma Konwensiýanyñ tekrarlaýan meselesine laýyklykda, habarlylygy ýokarlandyrmak döwletiñ ähli derejelerde ileri tutýan we jemgyýete ygrarlylygy hökmünde goldanylmalydyr. Şu ýerde raýatlara hiç hili gorkusyz ýa-da repressaliýasyz howatyrlanmalaryny beýan etmegi ýa-da görkezme bermekleri üçin serişdeler örän wajypdyr. Jemgyýetiñ göni we göni däl ýagdaýda köplenç deñölçegsiz görnüşde korrupsiýanyñ pidasy bolýan garybrak gatlagyna ýörite tagallalar edilmelidir. Alnyp barylýan çäreler korrupsiýanyñ nämedigini, onuñ zyýanyny, gadagan edilýän hereketleri we oña garşy göreşmek üçin nämeleri etmegiñ zerurlygyny doly düşündirmelidir.

## II.3. Çözgütleri kabul etmeklik işine köpçüligiñ gatnaşygyny işjeñleşdirmeklik

Gatnaşyjy-döwletler 5-nji maddada talap edilýän öñüni alyş baş meýilnamalary taýýarlamakda gös-göni wekilçilik arkaly oña köpçüligi gatnaşdyryp bilerler ýa-da 6-njy maddada bellenilen topara ýa-da toparlara olary gatnaşdyryp bilerler. 5-nji maddada bellenilen iş administratiw gulluklaryñ üpjünçiligi hakyndaky jemgyýetçilik garaýyşlarynyñ möhüm kesgitlemeleri, şeýle-de şol bir maddada görkezilen maglumatlara bolan hukuklaryny öz içine alar.

## II.4. Jemgyýetçilik maglumatlary we bilim

6-njy we 36-njy maddalarda agzalyp geçilen edaralar jemgyýetçilik wagyz-nesihat çärelerini alyp barmalydyrlar we raýatlaryñ arzalary üçin talabalaýyk habar alşylýan nokatlaryny üpjün etmelidirler. Bu çärelere döwlet edaralarynda aç-açan ýaýradylaýan listowkalar we plakatlar degişli bolup biler. Ähli döwlet edaralary öz hyzmatlary barada, şol sanda korrupsiýa barada arzlaryny nähili habar bermelidigi hakyndaky maglumatlary çap etmelidirler. Hususan-da, 6-njy madda laýyklykda, bellenilen topar ýa-da toparlar öñüni alyş işlerine we korrupsiýa garşy habarlylygyñ ýokary okuw jaýlarynyñ okuw maksatnamalaryna goşulmagyna ýardam etmek üçin döwlet sektoryndaky edaralar bilen bilelikde işlemelidirler we korrupsiýa garşy maglumatlaryñ degişli gulluklara, köpçülige, şeýle-de DDG (döwlete dahylsyz edaralara), ýerli ylmy-barlag merkezlerine we bilim edaralaryna ýaýradylyşyny üpjün etmelidirler.

## II.5. Korrupsiýa we onuñ çäklendirilmelerine degişli maglumatlary gözlemek, almak, çap etmek we ýaýratmak azatlygy

Gatnaşyjy-döwletler habar beriş edaralarynyñ dürli görnüşleri üçin berýän ygtyýarlandyryş we beýleki resminamalaryny doly gözden geçirmelidirler we olaryñ korrupsiýa boýunça derñewleri togtatmak ýa-da korrupsiýa hakyndaky maglumatlary saklamak üçin syýasy ýa-da bähbit araýjy toparlaryñ maksatlaryna hyzmat etmezligini gazanmalydyrlar. Şol bir wagtda, özleri barada şikaýat edilýänler maglumatlaryñ bilkaslaýyndygy ýa-da nädogrulygy üçin kazyýetlere ýüz tutmaklary mümkin we Gatnaşyjy-döwletler özleriniñ kanun çykaryjy ýa-da konstitusion gurluşlarynyñ maglumatlary toplamak, çap etmek we ýaýratmak azatlygyny oñyn goldaýanlygyny we

metbugatda paş etme, döwlet howpsuzlygy we paskwil (töhmetçilik) hakyndaky kanunlaryñ bir tarapyñ beýleki tarapdan artykmaçlyk gazanmagyna eltip biljek derejede ezýet beriji, çykda adamlaryń jyly ýa-da çäklendiriji bolmazlygyny gazanmaladyrlar.

### II.6. Köpçuligiñ korrupsiýa garşy göreşýän edaralar hakyndaky habarlylygyny ýokarlandyrmaklyk

Gatnaşyjy-dowletler korrupsiýa garşy gulluklar (öñüni alyş we derñew), şikaýatlara seretmek ynanylan ýörite döwlet adamlary we saýlaw toparlary ýaly degişli döwlet gulluklarynyñ bilim edaralarynda, raýat toparlarynda we beýleki rayat jemgyýetçilik edaralarynda bilim we okuw maksatnamalaryny alyp barmak üçin resmi ygtyýarlygyñ we ýeterlik serişdeleriñ bardygyna üpjün edip bilerler.

### II.7. Maglumatlaryñ köpçulige elýeterliligi

Döwlet bilen rayatyñ arasyndaky gatnaşyklaryñ sazlaşygy bilen baglanyşykly esasy möhüm meseleleriñ biri raýatyñ öz hukuklary we döwletiñ nähili işleýändigi barada habarlylygynyñ we düşünjesiniñ ýeterlik derejede bolmazlygydyr. Mümkin bolan özara şübhelenmäniñ we ynamsyzlygyñ esasy bölegini raýat bilimi arkaly azaltmak mümkindir we ol hem öz gezeginde ýaş adamlara syýasy işe gatnaşmagyñ ýa-da döwlet edarasyndaky käriñ mümkinçiliklerini tanyşdyrmakda goşmaça peýdasy bardyr. Gatnaşyjy-döwletler maglumat azatlygy hakyndaky kanunyñ nämäniñ elýeterligini ýa-da elýeter däldigini, elýeter bolmagy üçin serişdeleri we çäreleri anyklamaga kömek etjekdigine seretmelidirler. Islendik ýagdaýda Gatnaşyjy-döwletler maglumatlaryñ azatlygy we elýeterliligi boýunça syýasatlaryny çap etmelidirler we olaryñ esasynda haýyş boýunça we hukuklaryny kemsitmezden, döwlet edaralarynda saklanýan resmi maglumarlaryñ her bir adam üçin elýeterliligi hakyndaky hukuklary kepillendirmelidir. 10-njy madda bu barada goşmaça gollanmany üpjün edýär.

### II.8. Korrupsiya barada (anonim) habar bermeklik

Gatnaşyjy-döwletler köpçüligiñ korrupsiýa barada habar etmek islegini goldamagyñ möhümdigini ýatdan çykarmaly däldirler. Şonuñ üçin, olar diñe bir öz döwlet gullukçylarynyñ ýa-da ýuridik taraplaryñ işgärlerini däl-de, eýsem derejesine garamazdan, korrupsiýa babatda şübhesi barada habar berýän islendik şahsyýeti goraýan döwletleriñ tejribelerini göz öñünde tutup bilerler.

33-nji madda habar bermeklik hakynda jikme-jik durup geçýär, emma Gatnaşyjy-döwletler köpçulige korrupsiýa barada şübheleri barada haýsy edara we nädip duýdurmalydygy barada maslahat berjek gollanmany üpjün edip bilerler. Hususan-da, II.7. punktda aýdylyp geçilen Gatnaşyjy-döwletler bilkastlaýyn ýa-da paş ediji habara garşy hukuk goragy kepillendirilýän we ykrar edilen habar berme ýollaryna ynanmazçylyk edýänleriñ ýa-da tanalamagyndan ýa-da jezadan gorkýanlaryñ bellenilen edaralara habar bermäge mümkinçilikleriniñ bardygyna göz ýetirmelidirler.

### Madda 14. Pul serişdeleriniñ "ýuwlup alynmagynyň" öñüni alyş çäreleri

*1. Her Gatnaşyjy-döwlet:*

*a) öz ygtyýarynyň çäklerinde pul serişdeleriniň "ýuwlup alynmagynyň" ähli görnüşleriniň ýüze çykarylmagy we olara ýol berilmezlik maksady bilen banklar we bank däl maliýe edaralar, şeýle-de pul serişdelerini we gymmatbaha zatlary geçirmek bilen baglanyşykly resmi we resmi däl hyzmatlary ýerine ýetirýän fiziki we hukukly edaralar, şeýle-de zerur ýagdaýlarda, pul serişdelerini ýuwup almak babatynda şübhe döredýän*

*(gowşak) beýleki edaralar babatynda giňgöwrümli içki reźimi düzgünleşdirmekligi we gözegçiligi ýola goýýar.Şeýle reźim ilki bilen müşderiniň şahsyýetini kesgitlemek babatynda talap edilmekligine esaslanýar we zerur ýagdaýlarda, hususyýetçi-benefisiara, hasabatyň ýoredilişi we sübheli ylalaşyklar barada maglumatlaryň berilmegine esaslanýar;*

*b) häzirki konwensiýanyň 46-njy maddasyna zyýan ýetirmezden pul serişdelerini ýuwup almaklyk bilen göreş alyp barýan dolandyryş, düzgünleşdiriji, hukuk goraýjy we beýleki organlar (içki kanunçylyga laýyk gelýän ýagdaýlarda kazyýet organlaryny hem öz içine alýar), öz içki kanunçylygy tarapyndan kesgitlenen milli we halkara derejede hyzmatdaşlygy we maglumatlaryň alyş-çalşygyny amala aşyryp bilmekligini üpjün edýär we şu maksatlar bilen pul serişdeleriniň ýuwlup alynmaklygynyň mümkin bolan ýagdaýlaryna degişli maglumatlary toplamak, seljermek we ýaýratmak üçin milli merkez hökmünde hereket etjek bölümi döretmek baradaky meselä seredýär.*

*2. Gatnaşyjy-döwletler öz serhetlerinden geçýän nagt pul serişdeleriniň we dolanşykdaky gurallarynyň hereketini (ýerini üýtgetmelerini) ýüze çykarmak we kanuny kapitalyň geçirilişine päsgelçilik döretmezden maglumatlary ýerlikli peýdalanmaga üpjün etmeklige gönükdirilen kepillikleriniň ýerine ýetirmeklik şerti bilen şeýle geçirilişe gözegçilik etmek boýunça tejribede mümkin bolan çäreleri ulanmaklyk meselesine seredýär. Şeýle çäreler fiziki organlaryň we kommersiýa edaralaryň nagt pullarynyň uly möçberini serhetara geçirilişi we dolanşykdaky gurallaryň geçirilişi barada habar bermeklerini talap edilmegini öz içine alyp bilýär.*

*3. Gatnaşyjy-döwletler pul serişdelerini geçirmeklik bilen baglanyşykly iş alyp barýan edaralary hem goşmak bilen maliýe edaralaryna bildirilýän talaplary kesgitlemek üçin zerur we tejribede mümkin boljak çäreleri ulanmak baradaky meselä seredýär:*
*a) pul serişdeleriniň elektron geçirilişi we olar bilen baglanyşykly pul serişdeleri iberýän adam barada dogry we doly maglumatlary formulýara girizmek;*
*b) tölegleriň ýerine ýetirilişiniň ähli bölümlerinde (zynjyrynda) şeýle maglumatlary saklamak: we*
*ç) pul serişdelerini iberýän adam barada doly maglumat bolmasa, onda pul serişdelerini geçirmekligi düýpli barlamaly.*

*4. Şu maddanyň düzgünlerine laýyklykda içki reźimiň düzgünleşdirilmekligi we gözegçiligi kesgitlenende we şu Konwensiýanyň islendik beýleki maddalaryna zyýan bermezden Gatnaşyjy-döwletlere pul serişdeleriniň ýuwlup alynmagyna garşy gönükdirilen sebit, sebitara we köpugurly edaralarynyň degişli başlangyçlaryndan ugur almaklyk teklip edilýär.*

*5. Gatnaşyjy-döwletler kazyýet we hukukgoraýjy organlar, şeýle-de pul serişdeleriniň ýuwlup alynmagyna garşy göreş alyp barmak maksady bilen maliýe düzgünleşdiriş organlary bilen global, sebitleýin, subsebitleýin we ikitaraply gatnaşyklary ösdürmäge we höweslendirmäge çalyşýar.*

**I.Syn**

Pul serişdeleriniñ "ýuwlup alynmagy" ýagny bikanun pullaryñ kanunylaşdyrylamagyna garşy düýpli baş meýilnamasynyñ durmuşa geçirilmegi dürli nukdaýnazardan birnäçe meseleleri seretmekligiñ birnäçe usullaryny öz içine alýar. 14-nji maddanyñ esasy predmeti bolup durýan bu baş meýilnamanyñ esasy tarapy, hususy sektoryñ, esasan-de, döwlet edalary bilen hyzmatdaşlykda ýöne olaryñ gözegçiliginde bolan maliýe araçylarynyñ wezipesini ýerine ýetirýänleriñ has işjeñ gatnaşmagyny göz öñünde tutýar.

Baş meýilnama durmuşa geçirilende birnäçe aýratynlyklara, şol sanda Gatnaşyjy-dowletiñ beýlekileriñ arasyndan bu baş meýilnamany gönükdirip biljek bir ýurduñ ykdysadyýetinde orun tutýan maliýe gulluklaryna, resmi däl ykdysadyýetiñ möçberine, maliýe sektory bilen ony kadalaşdyryjylaryñ arasyndaky gatnaşyga, birnäçe döwlet gulluklarynyñ arasyndaky utgaşdyryjy mümkinçiliklere, maliýe we adam resurslaryna baglylykda möhüm goşmaça usullar ýuze çykar.

Pul serişdeleriniñ "ýuwlup alynmagynyñ" öñüni almaklygyñ hususy we döwlet edaralarynyñ we başgalaryñ bähbitleri üçin işleýän adamlaryñ bilelikdäki ýerine ýetirýän işidir. Hususy sektor, esasan-da, maliýe araçylary, "sakçylar" diýip atlandyrylýanlaryñ işini ýerine ýetirýärler.
Olara maliýe edaralarynyñ kömegi arkaly gazanylan bikanun girdejilerini işe girizmek ýa-da başga bir ýere geçirmäge synanyşýan düýpli bikanun pullary kanunylaşdyrýanlar bilen gös-göni iş salyşmaga berilýän mümkiçilik şeýle geleşikleriñ bolmagynyñ öñüni almakda we habar bermekde we olary resminamalar boýunça yzarlamakda amatly ýagdaý döredýär. Beýleki tarapdan, döwlet sektory dolandyryjylyk we gözegçilik wezipelerini ýerine ýetirýär. Dolandyryjy wezipä bikanun pullaryñ kanunylaşdyrylmagynyñ ähli görnüşlerini ýüze çykarmak we onuñ öñüni almak üçin düzgünleri çykarmak, gözegçilik wezipesine bolsa sanksiýa (rugsat) bermeklik ýa-da düzgünnamalar işläp taýýarlamaklyk ýaly usullar arkaly geçirilýän çäreler degişlidir.

## II.Meseleler we çözgütler

### II.1. Pul serişdeleriniñ "ýuwlup alynmagyna" garşy institusion çäkleri saýlamaklyk

Gatnaşyjy-döwletlerden bikanun pullaryñ kanunylaşdyrylmagynyñ öñüni almaklygynyñ üç dürli subkomponentiñ esasynda çäreleriñ görülmekligi talap edilýär: öñüni alyş ulgamynyñ çägi, degişli wezipeleri ýerine ýetirmek we borçnamalar üçin talap edilýän iñ az hereket edýän ölçegi.
Gatnaşyjy-döwletlerden "bikanun pullaryñ kanunylaşdyrylmagynyñ ähli görnüşleriniñ öñüni almak we üstüni açmak üçin düýpli içerki dolandyryş we gözegçilik etmekligiñ mehanizmini" döretmek talap edilýär. Niýetlelen ulgamyñ dolandyryş we gözegçilik etmeklik aspektlerini öz içine alýanlygy sebäpli şeýle ulgamy durmuşa geçirilmeginiñ talaplaryny we çylşyrymlylygyny göz öñünde tutup, öz ýagdaýlaryna has laýyk gelýän ulgamy döretmekde Gatnaşyjy-döwletler erkindir. Şonuñ üçin Gatnaşyjy-döwletleriñ özleriniñ içerki "dolandyryş we gözegçilik etmekligiñ mehanizmleriniñ" strukturasyny üýtgetmekleri mümkindir. Bu maddanyñ maksatlary üçin we 58-nji maddanyñ düzgünlerini göz öñünde tutmak bilen Gatnaşyjy-döwletler özleriniñ saýlap alýan mehanizminiñ umumy edara gurluşyna baha berip ýa-da ony anyklap we degişlilikde talabalaýyk öñüni alyş we halkara hyzmatdaşlygy boýunça çemeleşmeleri esaslandyryp bileler.
Bikanun pullaryñ kanunylaşdyrylmagyna garşy netijeli mehanizm hökmany suratda şu aşakdakylary özünde jemlemelidir:

- Maliýe we maliýe dahylly däl edaralardan öz hyzmatlaryndan peýdalanyp biläýjek bikanun pullary kanunylaşdyryjylaryñ hereketleriniñ öñuni almak üçin çäreleri görmegi hökman talap etmelidirler. Bu çärelere edara öz müşderisi hakynda we ondan garaşylýän işler hakynda maglumatlary özünde jemleýän häsiýetnamalary döretmäge, işlere gözegçilik etmäge we bu iş häsiýetnama laýyk gelmeýän, şübheli ýa-da adaty däl işler hakynda hasabat bermäge mümkinçilik berýän talabalaýyk müşderi barlagyny öz içine alýar.

- Maliýe edaralaryndan alnan hasabatlar we beýleki çeşmelerden alnan derñew maglumatlary içerki we halkara edaralary tarapyndan deñeşdirilmelidir we gerek halatynda hukuk çärelerini görmek üçin esas hökmünde bilelikde ulanylmalydyr.

- Bikanun pullaryñ kanunylaşdyrylmagy hakyndaky şikaýatlar derñelmelidir we gerek ýerinde, aktiwleri togtatmak, almak we kazyýet yzarlaýyş işlerini geçirmäge esas bolmalydyr.

Köp ýurtlar bireýýäm banklar, ähtiýaçlandyryş kompaniýalary, gymmatbaha kagyzlar bilen iş şalyşýan firmalar we pul alyş-çalyş nokatlary ýaly maliýe edaralaryna iş kadalaryny girižmäge jogapkärçilik çekýän dolandyryş we gözegçilik ediş edaralary döretdiler. Şeýle edaralaryñ ýeterlik gözegçilik etmek we dolandyryş ygtyýarlyklary bolup biler we maliýe edaralaryñ işleri bilen tanyş bolup, edaralaryñ mümkinçiligine we dogry işleýşine we olaryñ dolandyrylyşyna gözegçilik edip we bilelikde dolandyrmagyñ ýokary ölçeglerine, içerki gözegçilige, işgärleriñ özlerini alyp baryş medeniyetine, kadalaryna ünsi gönükdirip biler.

Netijede, köp ýurtlar şeýle edaralara korrupsiýadan alnan bikanun girdejileri kanunylaşdyrmagyñ öñüni almak üçin niýetlenen çäreleri girizmäge jogapkär edýärler. Beýleki tarapdan, käbir ýurtlar bu wezipäni aýratyn bir edara (adatça sanalyp geçilen funksiýalaryñ ikinjisini ýerine ýetirmek üçin döredilen maliýe agtarma bölümine (MAB) ýükleýärler. Bu çemeleşmäniñ artykmaçlygy onuñ korrupsiýadan alnan bikanun girdejileri kanunylaşdyrma boýunça ýöriteleşen tejribäni bir ýerde jemleýänligidir, emma şeýle edaraçylyk modeli edaralara berilýän görkezmeleriñ çaprazlygyny, mümkinçiligiñ, işiñ dogrulygyny, bilelikdäki dolandyryş usullarynyñ we ýazgylaryñ barlagynyñ gaýtalanmagynyñ howpunyñ öñüni almak üçin örän seresaplyk bilen düzülmegi hökmandyr.

Gozganmaýan emläk gulluklary, zergärler we maşyn söwdasyny edýän dellallar ýaly maliýe edaralaryna dahylly däl taraplar üçin adatça talabalaýyk müşderiniñ barlagy we beýleki talaplary girizip biljek hiç hili laýyk edara ýok. Käbir ýurtlar şeýle borçlary söwda bileleşigine berseler (ýogsam, köp ýagdaýlarda olaryñ şeýle borçlary ýerine ýeritmäge ýeterlik ygtyýarlyklary hem ýok), beýleki birleri bolsa maliýe däl edaralar üçin jogapkärçiligi MAB tabşyrýarlar.

Maglumatlary, şol sanda kanun esasda maliýe (we käbir ýagdaýlarda maliýe däl) edaralardan alnan hasabatlary deñesdrmek we derñemek, ýagny ýokarda beýan edilen ikinji funksiýa jogapkärçilik çekýän MAB hemme ýurtlar diýen ýaly döretdiler ýa-da ony döretmegiñ ugrunda iş alyp barýarlar. Käbir ýurtlarda añtawçylyk habarlaryny we maglumatlary deñeşdirmek, derñemek we ýaýratmak meselesinde ol edara diñe administratiw wezipäni ýerine ýetirýär. Beýleki ýagdaýlarda MAB derñew işlerini, hat-da kazyýet yzarlaýyş işlerini, aktiwleri almak we togtatmak üçin ygtyýarlygy hem bar (ýokarda beýan edilen funksiýalaryñ üçünjisi).
MAB doly garaşsyz, Adalat Ministrliginiñ ýa-da hukuk goraýjy edaralaryñ binýadynda ýa-da Maliye Ministrligi ýa-da merkezi bank ýaly gözegçilik ediş edaralaryñ garamagynda bolup biler.
Garaşsyz bolmagyñ görnetin artykmaçlyklary bar. Muña garamazdan, olar üçin has dogry görnüşde maglumatlaryñ taýýarlanyp bilinmegi üçin hukuk goraýjy edaralar bilen ýakyn utgaşyklylygy üpjün etmekde hem artykmaçlyklary bar. maliýe agtarma bölümleriñ garamagynda bolmaklygyñ hem artykmaçlyklary bar, sebäbi käbir maliýe edaralary

(şübheli özüni alyp barmaklyk hakyndaky aglaba hasabatlaryñ çeşmesi) özleri bilen bir eýýämden bäri tanyş gulluga gizlin hasabatlary bermegi has amatly hasaplaýarlar.

Gatnaşyjy-döwletler öz hukuk, konstitusion we administratiw meýilnamalaryna has laýyk gelýän modeli saýlap almalydyrlar. Hemme modellerde artykmaçlyklar bar we Gatnaşyjy-döwletler işgärleri taýýarlamak, kanuny hukuklary üpjün etmeklik üçin meýilnamalaryñ we gulluklaryñ arasyndaky utgaşmanyñ artykmaçlyklaryny artdyrmaga we ýokarda kesgitlenen töwekgelçilikleri bolsa azaltmaga niýetlenendigine göz ýetirmelidirler.

Dürli nukdaýnazardan döwlet edaralaryndan tapawutlylykda hususy sektoryñ edaralary tarapyndan ýerine ýetirilýän borçlaryñ derejesine görä öñüni alyş ulgamlaryny bir-birinden tapawutlandyrmak mümkindir. Ýokarda beýan edilen modellerde düzgünleşdiriş we gözegçilik ediş borçlary döwlet edaralaryna bagly bolup galýar. Käbir Gatnaşyjy-döwletler öz-özüni düzgünleşdiriji modelleri kabul etdiler we olarda düzgünleşdiriji funksiýalary bolan hususy edaralar (täjirçilik birleşikleri ýa-da professional birleşikler ýaly) "gündelik" düzgünleşdirji roly saýlap alyarlar we döwlet edaralary şol hususy edaralarynyñ üstünden garaýarlar we olaryñ düzgünleşdirilişinde erkin barlag geçirýärler. Beýlekiler şeýle edaralara düzgüni girizmek üçin has formal ygtyýarlyklary hem bermegi mümkin. Şu ulgamlary kabul edýän Gatnaşyjy-döwletler adatça uly içerki ykdysady jenaýatçylyklardan däl-de, esasan-da özleriniñ maliýe ulgamlarynyñ bikanun geleşikler arkaly hyýanatçylykly peýdalanmagyndan köp ejir çekýärler. Şeýle ýagdaýlarda möhüm garaýyşlara esaslanýan funksional öz-özüni düzgünleşdiriji modelleri durmuşa geçirmek üçin bu sektoryñ ýörite höweşlendiriş usullary bar we Gatnaşyjy-döwletler ýüzleý gözegçiligi göz öñunde tutmaklary mümkindir.

## II.2. Öñüni alyş borçnamalar kime degişli bolmaly?

14-nji maddanyñ (a) 1-nji punktynda seredilýän ikinji mesele öñüni alyş borçnamalaryna degişli edilmegi edaralara ýa-da çärelere degişlidir. Köp ýurisdiksiýalardaky edaralaryñ we çäreleriñ gerimi banklar hakyndaky dar düşünjeden bank bilen baglanşyksyz maliýe edaralaryna, adatça gymmat baha kagyzlar we ätiýaçlandyryş bazarlaryndaky araçylara çenli giñeldi. Karz serişdeleri bermekde, pul sererişdelerini ýa-da walýutalary geçirmekde, tölegiñ serişdelerini çykarmakda we dolandyrmakda (meselem, kredit we debit kartlary, çekler, syýahatçylyk çekleri, poçta üsti bilen iberilýän pullar, bank çekleri, we elektron pullar), maliýe kepilnamalary we borçnamalary berlende, pul bazarlarynyñ kagyzlarynyñ söwdasynda (çekler, wekseller, deriwatiwalar we ş.m.), daşary ýurt pul alyş-çalşy, göterim töleglerinde, indeks kagyzlary ýa-da erkin gymmatbaha kagyzlar, şahsy we toparlaýyn portfelleri dolandyrmakda ýa-da başgaça maýa goýumlaryny amala aşyrmakda, beýleki adamlaryñ adyndan fondlara gözegçilik etmekde we dolandyrmakda köp ýurisdiksiýalar indi kem-kemden birnäçe adaty ýa-da ýuridik ýa-da kollektiw taraplary öz içine almak üçin funksiýa has uly ähmiýet berýän çemeleşmäni kabul etdiler. Käbir ýurisdiksiýalar islendik ýokary bahaly harytlary şol sanda gymmatbaha daşlary, sungat işlerini we ulaglary ýaly has adaty harytlary öz içine alýan işlere hem borçnamalary degişli etmäge girişdi. Käbir Gatnaşyjy-döwletler döwlete dahylly däl çäreleriñ (meselem, haýyr-sahawat işleri) ýa-da döwlet sektory edaralary (täjirçilik işleri bilen meşgullanýanlar) hem şeýle borçnamalara dahylly edilmelimikä diýen sorag bilen gyzyklanyp bilerler.

Bu ýerde esasy üns edara ýa-da onuñ işine garanda şeýle edaranyñ korrupsiýadan alnan bikanun girdejileriñ gizlenilmegine we geçirilmegine bolan duýgurlygyna gönükdirilmelidir. Şeýlelikde, bu madda Gatnaşyjy-döwletleri banklary we bank ulgamyna degişli däl maliýe edaralaryny, resmi we resmi däl pul ugradyjylary bikanun

pullaryñ kanunylaşdyrymagyna garşy borçnamalara degişli edýär we şol bir wagtda Gatnaşyjy-döwletler “bikanun pullaryñ kanunylasdyrymagyna añsatlyk bilen pida bolup biljek” beýleki edaralaryñ hem şeýle borçnamalary ýerine ýetirmekligini talap etmäge ýardam edilýär. Bellenilişi ýaly, Gatnaşyjy-döwletler jenaýatçylyk ýa-da bikanun ýol bilen gazanylan pul serişdeleriniñ ýa-da bikanun hereketleriñ dine bir şeýle serişdelere däl-de, eýsem ony amala aşyryp boljak ýollara daýanýan kanuny ykdysadyýete girizmegiñ bar bolan ähli usullaryny gözden geçirmelidirler.

Muña öz gezeginde birnäçe faktorlar, ýagny resmi däl ykdysadyýetden başlap degişli ýuridiksiýada bar bolan kanuny maliýe gurallar täsir etmegi mümkin. Käbir ýurtlar maliye araçylyk funksiýalaryny ýerine ýetiren ýagdaýlarynda aklawjylary hem bikanun pullary kanunylaşdyrmaga garşy kadalaşdyryjy düzgünnamalara degişli etmegi dogry hasapladylar.
Beýleki ýrisdiksiýalar ýokary möçberdäki pul bilen baglanşykly operasiýalar sebäpli uly töwekgelçilikde bolup biläýjek içerki ulag dellallary ýa-da gozganmaýan emläk agentlikleri ýaly ugurlary hem bikanun pullary kanunylaşdyrmaga garşy borçnamalaryñ çägine goşmagy dogry hasapladylar.

Şeýlelikde, kimiñ “sakçynyñ” funksiýasyny ýerine ýetirmeli diyen mesele çözülende Gatnaşyjy-döwletler 58-nji maddada teklip edilen MAB arkaly özlerinin içerki bikanun bazarlarynyñ işlerine seredip bilerler we doly towekgelçiligi öz üstlerine alyp bilerler ýa-da 6-njy ýa-da 36-njy maddalarda görkezilen edara ýa-da edaralar işe çekmek arkaly bikanun pullary kanunylaşdyrmaga ýykgyn etmegi mümkin bolup biläýjek edaralary ýa-da operasiýalary we korrupsiýadan alnan jenaýatçylykly gazançlary kanunylaşdyrmak isleýänler tarapyndan ulanylyp bilinmegi, has ähtimal usullary anyklamaga gatnaşyp bilmegi, mümkin bolan edara ýa-da edaralar arkaly doly töwekgelçiligi öz üstlerine alyp bilerler.

### II.3. Döwlet tarapyndan dolandyrylýan edaralar ýa-da işler üçin iñ az talaplar nämeden ybarat?

Öñüni alyş ulgamynyñ üçünji talaby döwlet tarapyndan gözegçilik edilýän sektoryñ ýa-da işiñ degişli edilmegi zerur bolan borçnamalaryñ juda az bolmagydyr. Konwensiýa laýyklykda, öñüni alyş ulgamy “müşderä we gerek halatynda, gymmat bahaly kagyzlaryñ eýesine, şahsyýetiñ anyklanmagyna, ýazgylaryñ ýoredilmegine we şübheli pul geçirilmeler hakyndaky hasabatlar boýunça talaplara uly ähmiýet bermelidir”.

Bikanun pullaryñ “ýuwlup alynmaklygyñ” öñüni almak üçin bellenilen “sakçynyñ” ilkinji wezipesi maliýe gatnaşyklary ýola goýýanlaryñ şahsyýetini anyklamakdan ybaratdyr. Göwnejaý işleýän bank kanunynyñ oñat kesgitlenen ýörelgesi bolup durýan “öz müşderiñi tana” düzgüni öñuni alyş borçnamalarynyñ esasy özenini düzýändir. Şahsyýetini anyklamagyñ ýönekeý resmi düzgüninden başlamak bilen ol örän çeýe konsepsiýa bolup, onuñ ahyrky görnüşi 52-nji maddada jikme-jik beýanyny tapýar. 14-nji madda müşderiniñ şahsyýetini anyklamaga, şeýle-de gürrüñi edilýän geleşige gatnaşýan aktiwlerde bähbidi bolan müşderiden başga-da, beýleki adamlaryñ bar bolmagy mümkin diýip ynanmaga esas döredýän sebäpleriñ ýüze çykýan şeýle ýagdaýlarda “gymmatbaha kagyzlaryñ hakyky eýesiniñ” şahsyýetini anyklamagyñ möhümdigini talap etmek bilen Gatnaşyjy-döwletler üçin umumy mehanizmi kesgitleýär. “Gymmatbaha kagyzlaryñ hakyky eýesi” adalgasyna aktiwlerde ýa-da pul geçirilmekde göni ýa-da göni däl bähbidi ýa-da dahyly bolan islendik adam hasap edilmelidir.

Gatnaşyjy-döwletler, degişli edaralar bilen birlikde köpçulige ýaýradylýan şahsyýeti anyklama we tassyklama boýunça ulgam hakynda ylalaşyga gelmelidirler. Mundan

başga-da, Gatnaşyj-döwletler müşderiniñ häsiýetnamasyny döredip, işe gözegçilik edip we adaty däl ýa-da şübheli pul geçirmeler ýa-da iş hakynda hasabat berip bilmek üçin edaranyñ müsderiniñ işine ýeterlik derejede düşünýänligini üpjün etmekde goşmaça nähili talabalaýyk seresaplylygyñ zerurlygyny hökman kesgitlemelidirler. Gatnaşyjy-döwletler degişli edaralar bilen bu ulgamyñ hem öñden bar bolan, hem täze müşderiler üçin ulanmalydygy barada we öñki müşderiler üçin talabalaýyk müşderi barlagyny geçirmegiñ möhleti barada hem ylalaşyga gelip bilerler.

Gatnaşyjy-döwletler öz sakçylaryndan maliýe geleşiginiñ asyl nusgalaryny saklamagy talap etmelidirler. Bu borçnama öñüni alyş we derñew çemeleşmeleriniñ arasyndaky esasy baglanyşyk bolup durýar, sebäbi ýazgylar bikanun pullary kanunylaşdyrma boýunça derñew we kazyýet yzarlaýyş işleri üçin iñ zerur subutnamalary özünde jemleýär. Gatnaşyjy-döwletler maliýe resminamalarynyñ näçe möhlete, haýsy formatda bolmalydygyny we saklamak we subutnama üçin "ýazgy" nämeden durýandygy seresaply kesgitlemelidirler. Sakçylar üçin ýazgylary ýoretmegiñ iş ýüzündäki we çykdajylar bilen baglanşykly kynçylygy korrupsiýa boýunça köp derñew işleriniñ tä günäkärlenýanleriñ edarany taşlap gidýänçäler başlamaýanlygy hakyndaky hakykaty, ýagny ýeterlik uzak şikaýat müddetini talap etmek üçin 29-njy madda esas hökmünde deñeşdirilmelidir. Şu jähtden, Gatnaşyjy-döwletler 52-nji maddada bellenilýän taraplaryñ amala aşyrýan geleşikleri üçin ýazgylary ýöretmek borjuny giñeltmegi göz öñunde tutup bilerler.

Netijede, Gatnaşyjy-döwletler öz sakçylaryndan şübheli geleşikler barada hasabat bermeklerini talap etmelidirler. Şubheli geleşikler barada hasabat bermek üçin niýetlenen ulgamy ýa-da mehanizmi işletmek üçin Gatnaşyjy-döwletler sakçylara geleşik şübheli diýip netijä gelmek boýunça berilýän erkinlik bilen onuñ MAB hasabat berilmegi talap edilýän ähli magumatlaryñ işlemäge, derñemäge we talabalaýyk görnüşde ulanylmaga bolan mümkinçiliginiñ arasyndaky deñagramlylygy göz öñünde tutmalydyrlar. Käbir ýurtlar iñ az çäk ölçegli oñyn hasabat beriş ulgamlaryny esaslandyrmaga ýykgyn edýärler.

Bu modeliñ talabalaýyk işlemegi üçin MAB döwlet sektoryndan alnan ähli maglumatlaryñ kabul edilmegi, işlenilmegi we derñelmegi üçin ýeterlik serişdeler bilen üpjün edilmelidir. Hemme Gatnaşyjy-dowletler diýen ýaly, şol sanda iñ az nagt pul geleşiklerini girizýän döwletler hem sakçylaryñ geleşigi haçan şübheli diýip hasaplamak boýunça örän amatly orny eýeleýärler diýip hasap edýärler we "subýektiw" ulgamlary kabul etdiler we şondan soñ sakçylar netijä gelýärler we döwlet edaralary tassyklanan ölçeglere laýyklykda gözegçiligi amala aşyrýarlar. Bu modelde döwlet edaralarynyñ öz abraýlaryny saklamak we öz iş ýerlerini gelip çykyşy şübheli pullardan goramak üçin aýratyn höweslendiriş serişdeleri ulanýarlar. Iñ az çak ölçegine esaslanýan ulgam esasynda üpjün edilýän gündelik maglumatlar sakçylar tarapyndan şübheli hasaplanan geleşikleriñ esasynda geçirilýän derñew işleri üçin peýdaly hasaplanan maliýe maglumatlar toplumyny döretmek üçin çyg material hökmünde ulanylýar.

### II.4. Hasabat bermekligi goldamaklyk

Gatnaşyjy-döwletler sakçylar bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýmak üçin nähili oñyn höweslendiriş serişdelerini döretmelidigi we oñyn däl höweslendiriş serişdeleriniñ öñuni almak hakyndaky meselä seretmelidirler we olara hasabat bermeklik borçlaryny talabalaýyk görnüşde ýerine ýetirmeklerinde ýardam etmeldirler.

Oñyn höweslendiriş usullarynyñ arasynda "howpsuz duralga" düzgünnamasy garaşsyz nukdaýnazardan örän bähbitlidir. Hasabat dogry bolan ýagdaýynda howpsuz duralga düzgünnamasy hasabat berýan edarany we onuñ işgärlerini raýat, administratiw we

jenaýat jogapkärçiliginden goraýar. Özleri hakynda hasabat berilýänlerden goranmak hem möhümdir we şonuñ üçin, hasabat berýän gullukçynyñ şahsyýetini gorap saklamak hem zerur bolmagy mümkindir. Beýleki oñyn höweslendiriş usullaryna esasan tejribe meseleler, ýagny sakçylaryñ wezipesini ýeñilleşdirmek üçin ýeterlik wagt ölçegi bilen üpjün etmeklik we doldurmasy añsat bolan blankalar, Internet arkaly şifrlenen hasabat ulgamy ýaly añsat usullary ulanmaklyk degişli bolup biler.

Gatnaşyjy-dowletler hasabat berýän edaralara nähili jogap reaksiýasyny berýändiklerine we subýektiw ulgamlarda şol jogap reaksiýasynyñ nä derejede hasabat berýan edaralara öz çemeleşmelerini kämilleşdirmäge ýardam edýändigine hem üns bermelidirler. Gatnaşyjy-döwletler şeýle-de kadalaşdyryjy sanksiýanyñ girizilmeginiñ öñüni almak üçin talabalaýyk däl we öñürdiji hasabatlaryñ taýýarlanmagyna eltýän oñyn däl höweslendiriş usullarynyñ döremeginiñ nähili öñuni almalydygy baradaky meselä hem garap bilerler. Umuman, islendik ulgamda Gatnaşyjy-döwletler hasabat berýän edaralary hasabatlaryñ hili, mazmuny, we gymmatlylygy barada yzygiderli we degişli jogap reakisiýasy bilen üpjün etmelidirler we tabşyrylýan maglumatlaryñ hilini ýokarandyrmak we olaryñ has ileri tutulýanlaryny kesgitlemek boýunça edaralar bilen bilelikde iş alyp barmalydyrlar. Ahyrky maksat döwlet edarasy bilen hususy edaranyñ arasynda işjeñ hyzmatdaşlygy döretmekden ybaratdyr we ol hyzmatdaşlyk bar bolan tejribelere, edaralara we ulgamyñ öñunde durýan maksatlaryna görä üýtgär.

### II.5. Maliýe maglumatlaryny alyşmaklyk

14-nji maddanyñ 1-nji punkty (b) bikanun pullaryñ kanunylaşdyrylmagyna garşy iş alyp barýan döwlet edaralarynyñ hem ýurt derejesinde hem halkara derejesinde hyzmatdaşlyk etmek we maglumat alyşmak mümkinçiligini beýan edýär. Ýurt derejesinde maglumatlar bilen iş salyşmaklyk iki sany düýpli meseläni gozgaýar. Birinjisi, jenaýatçylykda (bu ýagdaýda korrupsiýa ýa-da ol arkaly gazanylan girdejileri kanunyaşdyrma göz öñünde tutulýar) günäkärlenip bilinmegi mümkin islendik şahsyýetiñ hukuklary bilen baglanyşyklydyr we ikinjisi, şahsyýetiñ öz şahsy işlerinde (bu ýerde maliye meseleleri) onuñ şahsy durmuşyna eldegirilmezlik hukuklaryna degişlidir. Köp ýurtlarda jenaýat işlerinde subutnamalary kadalaşdyryjy düzgünler hereket edýär.

Olar maglumatlary nähili toplap bolýanlygyna we subutnama hökmünde ulanyp bolýanlygyna girizilýän gadaganlyklary öz içine alýar. Hususy edaralaryndan we döwlet gulluklaryndan şübheli zatlar barada hasabat bermeklik boýunça talap, edaranyñ ýa-da gullygyñ beýleki täjirçilik ýa-da jemgyýetçilik maksatlary üçin toplan maglumatlarynyñ korrupsiýa boýunça sud yzarlaýyş işlerini alyp barmaga gyzyklanýan edaralara elýeter bolmagynyñ mümkindigini añladýar. Bu maglumatlar resmi derñew işleriniñ bir bölegi hökmünde toplandy we jenaýat işlerinde subutnamanyñ toplanmagy we ulanylmagyna degişli konstitusion we hukuk kepilliklerine laýyk geljek görnüşde toplanan däl bolmagy mümkindir.

Şeýle maglumatlar köplenç jenaýat yzarlaýyş işlerinde kabul ederlikli subutnama bolup bilmeýär. Köp ýurtlarda bu kynçylyk döwlet we hususy gulluklardan alnan maglumatlary işlemek arkaly çözülýär we subutnama hökmünde däl-de, eýsem habar hökmünde MAB geçirilýär. Ol diñe resmi derñew işlerini başlamaga badalga bolup biler we ol derñewiñ barşynda talabalaýyk subutnama toplanyp bilner. Bu ugurda ýurtlaryn dürli hukuk we konstitusion kadalary bar we olar hökman günä bildirilýänleriñ hukuklaryny hormatlaýan görnüşde maliýe maglumatyny goramak we ulanmak boýünça çäreleri görmelidirler.

Köp ýurtlarda häzir maglumatlary goramak boýünça şertnamalar bar we olar hususy edaralara we dowlet gulluklaryna berilýän şahsy maglumatlaryñ gizlinligini saklaýarlar.

Kanunçylyga bu edaralaryñ we gulluklaryñ şübheli işler hakyndaky hasabat bermek işlerini göz öñünde tutmak üçin şeýle düzgünnamalary inkär etmegi zerur bolar. Muña garamazdan, esasy adam hukuklary äsgermezçilik edilmeli däldir. Maglumatlary kabul edýänlere, ýagny MAB we onuñ maglumatlary ýaýradýanlara olaryñ gizlinligini saklamak boýunça talaplar arkaly adamlaryñ hukuklary hormatlanmalydyr. Maglumatlary goramagyñ möhümliginden başga-da, şeýle şertnamalaryñ başga goşmaça artykmaç taraplary hem bar. Şeýle ýagdaýda raýatlar özleriniñ berýän maglumatlarynyñ gizlin saklanyljakdygyna ynansalar, onda olar maglumat bermek üçin edilýän haýyşlara has göwünjeñ jogap berýärler. Jemgyýetçilik hyzmatlaryny üpjün etmeklik we girdejiler salgydyny toplamak ýaly jemgyýetçilik syýasy maksatlary üçin ulanylýan maglumatlaryñ adalatlylygyny üpjün etmek doly gatnaşygy talap edýär.

Eger raýatlar döwlet gulluklaryna berilýän maglumatlaryñ beýleki edaralar bilen paýlaşylyp bilinmeginiñ mümkindiginden we munuñ bolsa olaryñ bähbitlerine zyýan ýetirjekdiginden habarly bolsalar, onda olar maglumatlary paýlaşmaga döwtalap bolmazlar. Netijede, maglumatlar ygtybarly bolmaz we döwlet syýasaty zyýan çeker. Beýleki tarapdan, korrupsiýa dahylly adamlaryñ islendik ýagdaýda öz işleri barada meýletin maglumat berjekliginiñ gumanalygy barada jedel bolmagy hem mümkindir.

Gatnaşyjy-döwletler gizlinligi saklamak üçin we şol bir wagtda, mümkin boldygyça maglumatlardan has köp peýdalanmak üçin döwlet edaralaryñ arasyndaky päsgeçilikleri aradan aýyrmagyñ artykmaçlygy bilen eger raýatlar maglumatlarynyñ gizlinliginiñ üpjün edilýänligi hakynda şübhelenmeleri bolan ýagdaýynda käbir döwlet maglumatlarynyñ has ygtybarsyz bolmak mümkinçiliginiñ kemçilikleriniñ arasyndaky deñagramlylygy hökman göz öñünde tutmalydyrlar.

Gatnaşyjy-döwletleriñ haýsy ugry saýlap alanlygyna garamazdan şahsy maglumatlary kabul edýänler ol maglumatyn gizlin saklanylmagyny we esasy adam hukuklarynyñ goralmagynyñ üpjün edilmegi kepillendirmeli bolarlar. Maliýe maglumatlaryny alyşmagyñ ulgamyny döretmekde göz öñunde tutmaly iñ soñky içerki mesele ulgam tarapyndan taýýarlanmaly maglumatlaryñ möçberine, olaryñ derñewi, toparlara bölünmegi we saklanmagy üçin zerur adam we tehniki serişdeleriñ möçberine degişlidir. Tehniki serişdeleriñ derñew mümkinçiliklerini ýokarlandyrmakda in esasy rol oýnamak mümkinçiligine garamazdan, çendenaşa uly möçberdäki maglumatlar tutuş bikanun pullaryñ kanunylaşdyrylmagyna garşy göreşmek ulgamynyñ netijeliligine we ygtybarlylygyna howp salmagy mümkindir.

Köp ýurtlar öñüni alyş bikanun pullaryñ kanunylaşdyrylmagyna garşy ulgamyñ üsti bilen alnan maliye maglumatlaryny toplamak, derñemek we ýaýratmak üçin bir merkezi gullugy döretmek arkaly bu meseleleriñ käbirlerini çözmäge synanyşdylar. Hut şu sebäpden 1-nji (b) punkt Gatnaşyjy-döwletlere ýokarda agzalan ähli funksiýalary özünde jemleýän we Konwensiýanyñ 58-nji maddasynyñ ýörite meselesi bolup durýan beýleki Gatnaşyjy-döwletler bilen onuñ maglumatlary paýlaşmak mümkinçiligi bolan milli MAB döretmäge örän çynlakaý çemeleşmegi maslahat berýär.

Halkara derejesinde 58-nji maddada ykrar edilişi ýaly, MAB maliýe maglumatlaryny alyşmak boýunça esasy gulluk bolup durýar. MAB-lara köplenç erkin hyzmatdaşlyga badalga berýän özara ýa-da ikitaraplaýyn ylalaşyklar esasynda öz aralarynda maglumatlary alyşmalydyrlar.

Korrupsiyada günäkärlenýan islendik adamyñ hukuklarynyñ goralmagy we maglumatlaryñ gizlinligini üpjün etmek hukuklary bilen baglanyşykly ýokarda kesgitlenilen meseleler maglumatlaryñ halkara derejede alyşylmagyna hem edil şolar ýaly

derejede degişlidir, sebäbi dürli ýurtlar hukuklary dürliçe goraýarlar. Hatda gorayyş mehanizmi meñzeş bolaýan halatynda-da maglumatlary talabalaýyk alyşmaklyk şeýle goragyñ görnüşi boýunça tapawutlyklar sebäpli gadagan edilmeli däldir. Maglumat alyşmagyñ düzgünleri özara hukuk kömegindäkä garanda has ýönekeýdir, sebäbi özara hukuk kömegi günäkärlenýänleriñ hukuklaryny goramak üçin niýetlenendir, MAB-laryñ arasyndaky maglumat alyşmak boýunça ylalaşyklara bolsa bu mesele girmeýär. Hakykatda, MAB-yñ arasynda alşylýan maglumatlar subutnama ýa-da görkezme däl-de, habar bolup durýar we ol işlenilmedik görnüşinde örän seýrek halatlarda jenaýat yzarlaýyş işlerinde ulanylýar. Muña garamazdan, ol derñew işlerini (ýagny soñky netijede özara hukuk kömegi ýollary arkaly subutnama üçin halkara haýyşy öz içine almagy mümkin) başlamaga esas bolup biler.

Adatça MAB arasyndaky ylalaşyklar aşakdaky ýorelgelerden ugur alýar:

- Ýüz tutýan MAB ýüz tutulýan MAB haýyşyñ sebäbini we maglumatyñ nähili maksat üçin ulanyljakdygyny açyp görkezmelidir we ýüz tutulýan MAB edilýän haýyşyñ özüniñ içerki kanunlaryna laýyk gelýänligini ýa-da gelmeýänligini kesgitlemek üçin oña ýeterlik maglumaty bermelidir.

- MAB-nyñ arasynda baglaşylýan ylalaşyklar ýa-da özara düşünişmek boýunça memorandumlar ýörite maksatlar üçin soralan ýa-da üpjün edilen maglumatyñ gymmatyny adatça çäklendirýär

- Ýüz tutýan MAB ýaýradylýan maglumaty başga bir üçünji tarapa geçirmeli däldir ýa-da ol maglumaty aýan eden MAB-yñ deslapky rugsady bolmazdan ony administratiw, derñew, jenaýat yzarlaýyş ýa-da sud maksatlary üçin ulanmaly däldir.

- MAB tarapyndan alşylýan ähli maglumatlar olaryñ diñe ygtyýar berlen tertipde ulanylýanlygyny we adam hukuklary we raýatlaryñ şahsy durmuşynyn maglumatlaryñ hyýanatçylykly ulanmagyndan goramak boýunça milli düzgünnama laýyklykda ulanylýanlygyny üpjün etmek üçin hökman berk gözegçilik we gorag çärelerine degişli edilmelidir. Iñ bolmanda, alşylýan maglumatlar kabul edýän MAB  içerki çeşmelerden alan şeýle maglumatlaryna degişli ulanylýan gizlinlik düzgünnamasyna laýyklykda çemeleşilmelidir. Egmond Grup MAB-lary 2004-nji ýylda halkara derejesinde maliýe maglumatlary alyşmaklyk boýunça tejribe we hukuk maslahatlaryny berýän "Maliýe Agtarma Bölümleriniñ Arasynda Maglumatlary Alyşmak Boýunça Iñ Gowy Gözükdirme" atly resminamany çap etdi. Bu resminama haýyşlar bilen işlemek, talap edilýän maglumatlar, haýyşy, jogaplary we maglumatlaryñ gizlinligini üpjün etmekligi öwrenmek ýaly meseleler boýunça maslahat berýär.

### II.6. Nagt pullaryñ serhediñ daşyndaky hereketi we dolanşyk resminamalary

14-nji maddanyñ 8-nji punkty Gatnaşyjy-döwletlerden serhetden geçýän pullaryñ, şeýle-de "gerekli dolanşykly resminamalaryñ" hereketini ýüze çykarmak we gözegçilik etmek üçin çare görülmekligine garamagy talap edýär. Pullaryñ, dolanşyk resminamalarynyñ we añsatlyk bilen ýok edip bolýan bank kepilnamalarynyñ ýa-da gymmatbaha daşlaryñ daşalmagy islendik bikanun pullaryñ kanunylaşdyrylmagyna garşy ulgam üçin örän möhüm mesele bolup durýar. Onuñ sebäbi örän düşnüklidir: serhetden geçilenden soñra bikanun girdejileriñ gelip çykyşyny gizlemek añsat bolýar, sebäbi olaryñ gelip çykyşyny

yzarlamak halkara hyzmatdaşlygy talap edýär. Halkara hyzmatdaşlyk bolsa adatça bir ýeke-täk ýurisdiksiýanyñ çaklerindäki derñew işlerine garanda örän haýal amala aşyrylýar.

Konwensiýa Gatnaşyjy-döwletlere deklarasiýa ulgamyny kabul etmegi maslahat berýär. Bu deklarasiýa ulgamy arkaly nagt pullary ýa-da niýetlenen dolanşyk resinamalary özleri bilen alyp geçýän şahslardan bellenilen ygtyýarly edaralara hakyky deklarasiýa tabşyrmak talap edilýär. Şeýle ulgamy durmuşa geçirmek üçin birnäçe meselelere seretmek zerurlygy ýüze çykýar:

- Gatnaşyjy-döwletlere kesgitli bir çäk ölçegini bellemek zerurdyr we ondan ýokary geçilen ýagdaýda deklarasiýa talap edilmelidir. Çäk ölçegi kesgitlenende "kapitalyñ erkin hereketi" ölçeginden ugur almak mümkin. Tejribe sebäplere görä, ýurtlar beýleki ýurtlar tarapyndan kesgitlenen çäk ölçegini ulanmaga ýykgyn edýärler. Bu ýagdaýda 10 000 amerikan dollary ýa-da oña deñ bolan möçberdäki ýerli pul çäk ölçegi giñden ýaýrandyr.

- Gatnaşyjy-döwletler haýsy "dolanşyk resminamalary" üçin deklarasiýa doldurulmalydygyny anyklamalydyrlar. Köplenç bu ulgamlar çekler, syýahatçy çekleri, wekseller ýa-da töleg tabşyryklary öz içine alýar we olar ýa görkeziji blankasynda ýa resminamlar eltilenden soñra ygtyýarlandyrýan blankada bolýarlar (hiç hili çäklendirmesiz, puly alyjy toslanan adamyñ adyna doldurylan doly däl resminamalar). Maliýe resminamalaryndan başga-da, ýurtlar şeýle-de beýleki tiz satylyp bilinýän gymmatbaha zatlary,ýagny altyny, gymmatbaha materiallary, gymmatbaha daşlary ýa-da beýleki ýokary bahaly çemeli harytlary hem goşmaklary mümkin.

- Gatnaşyjy-döwletler deklarasiýa ulgamyna haýsy ulag serişdeleriniñ degişli edilmelidigi meselesine hem garamalydyrlar. Adatça, Gatnaşyjy-döwletler nagt pullar ýa-da beýleki dolanşyk resminamlar üçin deklarasiýa ulgamyny aşakdaky ýagdaýda ulanýarlar:

  1) olaryñ ýuridik däl tarapdan, şol tarapyñ ýanyndaky el goşlarynda ýa-da ulagynda geçirilmegi;
  (2) ýuk arkaly pullaryñ ýa-da dolanşyk resminamalarynyñ daşalmagy;
  (3) ýuridik däl ýa-da ýuridik taraplaryñ pullary ýa-da dolanşyk resminamalaryny poçta arkaly ugradylmagy. Deklarasiýa ýurda gelýän we ondan çykarylýan zatlaryñ hemmesi üçin ulanylmalydyr.

- Kesgitlenen çäk ölçeginden geçýän pullar ýa-da dolanşyk resminalary barada deklarasiýanyñ doldurylmanlygy ýüze çykarylanda, ygtyýarly edaralar gürrüñi edilýän aktiwleriñ gelip çykyşyna we olaryñ näme niýetlenendigi boýunça olary alyp barýan adam bilen habarlaşmaga kanuny ygtyýary bolmalydyr. Gatnaşyjy-döwletler şeýle maglumatlary MAB hem elýeter etmelidirler. Hasabatlaryñ ýygylygy we görnüşleri babatda MBA ygtyýarly edaralar üçin ýörite gollanma çykarmagy hem mümkin. Düzgünnamanyñ şu görnüşi taýýarlananda maglumatlaryñ talabalaýyk ulanmagyna degişli ölçege garşy deñagramlylygy göz öñunde tutmak mümkin. Köp ýagdaýlarda şeýle açyşlar ýaýratma ulgamy bilen kabul edilen deklarasiýa ulgamynyñ goşulmagy arkaly amala aşyrylýar we ýaýratma ulgamy arkaly serhetden pul ýa-da dolanşyk resminamalary geçirýän ähli adamlardan olar barada dogry maglumat bermek talap edilýär. Soraglar

serhetüsti hereketleri ýüze çykarylmagy üçin belli maksada gönükdirilendir we añtawçylyk çeşmelerine, şübhelere esaslanýar ýa-da erkin esasda bolup bilýär.

Gatnaşyjy Döwletler ýolagçylary, pullary we görkezijiniñ dolanşyk resminamalary boýunça galp deklarasiýa doldurylanda ýa-da galp maglumat berlende ýa-da olaryñ jenaýatçylykly işe dahylly bolmagy mümkin diýip hasaplanan ýagdaýynda ulaglary we ýükleri barlamagyñ tertibini kesgitlemek meselesine hem seretmelidirler. Şübheli pul resminamalarynyñ üsti açylanda subutnamany saklamak üçin pully el goşlary/ýüki üýtgewsiz saklamak dogry hasaplanýar. Galp pullary ýüze çykarmak üçin käbir Gatnaşyjy-döwletler ýörite mehanizmlere eýedir. Meselem, şübheli ýewro kagyz pullary gabat gelende degişli edaralar ol pullary Ýewropa Merkezi Bankynyñ web salgysy arkaly barlap bilýärler (www.eur.ecb.int/en/section/recog.html). Amerikan dollary bilen baglanşykly şeýle ýagdaýda degişli edaralar olary ABŞ Galp Pullary Barlamak boýunça Gizlin Gulluk web salgysy arkaly barlap bilýärler(www.usdollars.usss.gov).

Gümrük edaralary we beýleki hukuk goraýjy gulluklary sud ýa-da ýuridik edaralar bilen pullary, görkezijä degişli dolanşyk resminamalary saklamak ýa-da ele salmak we pullar hem-de görkezijä degişli dolanşyk resminamalar barada galp deklarasiýa dolduran ýa-da galp maglumat berlen halatynda ýa-da pullaryñ we görkezijä degişli dolanşyk resminamalarynyñ terrorizmi maliýelesdirme ýa-da bikanun pullary kanunylaşdyrma bilen baglanşykly şübheler bar diýip hasaplanan halatynda şahslaryñ tussag edilmegi we suda çekilmegi üçin gollanmalary taýýarlamakda bilelikde hyzmatdaşlyk etmäge çagyrylýär. Gatnaşyjy-döwletler deklarasiýa doldurylmadyk ýa-da onuñ galp doldurylan halatynda nähili çäreler görülmelidigi hakynda anyk düzgünleri çykarmaklary hem mümkin. Adatça, belli bir wagt üçin degişli edaralara pullary ýa-da dolanşyk resminamalary saklamaga mümkinçilik berýän wagtlaýynça çäre bikanun pullaryñ kanunylaşdyrylmagy ýa-da islendik beýleki jenaýatçylyklar hakynda subutnamalaryñ barlygy tassyklamak üçin kabul edilmelidir.

Gatanşyjy-döwletler deklarasiýa ulgamynyñ talaplaryny berjaý etmezligiñ raýat, administratiw ýa-da jenaýat kanunçylygy tertibinde seredilјekmi diýen meselä hem garamalydyrlar. Adatça, jerimeler, isle ol administratiw ýa-da jenaýatçylyk işi uçin bolsun, olar bu ulgamlaryñ dogry işlemegi üçin deñölçegli we öñüni alyş sanksiýalar hasaplanýar we olar düzgünleriñ inkär edilen ýagdaýlarynda ujypsyz göterimlerden bilkastlaýyn düzgün bozmalarda uly göterimlere çenli jerimelere baryp ýetýär.

Nagt pul deklarasiýa ulgamlaryny ulanmak möhüm hasaplanýarka Gatnaşyjy-döwletlere özlerinin gündelik pul deklarasiýalaryna goşulýan maglumatlary nähili ulanmakçy bolýandyklaryny kesgitlemek wajypdyr. Eger Gatnaşyjy-döwletler nagt pul deklarasiýalaryny nähili ulanjakdyklaryny bilmeýän bolsalar ýa-da maglumatlary derñemäge mümkinçilikleri bolmasa, onda ony toplamagyñ hiç hili ähmiýeti ýokdyr. Gatnaşyjy-döwletler nagt pullaryñ daşalmagy korrupsiýadan alnan bikanun girdejieriñ kanunylaşdyrylmagy bilen baglanşykly bolmagy mümkin has ähtimal ýollaryny kesgitlemek üçin öñ maslahat berlen töwekgelçilik ölçegini ulanmalydyr. Olar korrupsiýadan alnan girdejileri daşarmak bilen baglanşykly bolup biläýjekleriñ gysgaça terjimehallaryny düzmelidirler we bu terjimehallara laýyk gelýänleriñ nagt pul baradaky deklarasiýalaryna derñew ünsüni gönükdirmelidirler.

Häsiýetnamalar içerki we halkara terjibesi esasynda täzelenip durulmalydyr. Gatnaşyjy-döwletler deklarasiýlary toplaýan işgärleri talabalaýyk okatmak üçin nämeleriñ şübelenmäge we derñew işlerini dowam etdirmäge eltip biljekdigini öwrenmekleri hem zerurdyr. Nagt pullaryñ daşalyşy boýunça umumy sanlar hem bikanun pullary kanunylaşdyryjylar ulanýan usullary barada käbir zatlary görkezip bilmegi mümkindir.

Töwekgelçilik ölçegi, häsiýetnamalar we ugurlar hakyndaky maglumatlar soñra howsala we şübhe döredýän maglumatlaryñ derrew toplanmagyny üpjün etmek üçin nagt pul deklarasiýalaryna düzedişler girizmekde ulanyp bolar.

## II.7. Pul geçirmeler

2-nji punktyñ şol meseleleri esasynda 14-nji maddanyñ 3-nji punkty Gatnaşyjy-döwletlere maliýe edaralaryndan, şol sanda pul poçta üsti bilen pul iberijilerden aşakdakylary talap etmek üçin talabalaýyk we mümkin bolan çäreleri durmuşa geçirmegi maslahat berýar:

(a) pul serişdelerinin elektron usulda ugradylamagy we çek beriji hakynda doly we dogry maglumatlary özünde jemleýän blankalar;

(b) ähli töleg nokatlarynda şeýle maglumatlary saklamak;

(ç) çek beriji hakynda doly däl maglumat berýän pul serişdeleriniñ ugradylmalaryna ýokary dykgatlylyk görkezmek.

Elektron pul ugradyş ulgamlaryna hem edil maliýe geleşiklerine berilýän uly dykgatlylyk we talap bilen çemeleşmelidir. Ilkinji esasy zat, pul ugradyjylar bilen baglanyşykly töwekgelçiligi umumy töwekgelçilik ölçeginiñ bir bölegi hökmünde kesgitlemekdir. Iñ az talap hökmünde, geleşigiñ eýesi hakynda maglumatyñ doly däl halatynda, Gatnaşyjy-döwletler geleşigiñ eýesine “öz müşderiñi tana” düzgünlerini ulanmaga we töleg nokatlary we barlagy güýçlendirmek (puly alýan tarapdan) arkaly toplanýän maglumatlaryñ geleşigi yzarlamaga mümkinçilik berýän ýagdaýda bolmagyny gazanmaga çagyrylýar.

Elektron pul ugratmalary amala aşyrmaga rugsat berlen maliye araçylarynyñ topary içerki maliýe kanunçylygynyñ meselesi bolup durýär we şonuñ üçin, ol Gatnaşyjy-döwletlerde dürli bolýar. Muña garamazdan, Gatnaşyjy-döwletler elektron serişdeler arkaly öz ýurisdiksiýalarynyñ ýa-da halkara möçberindäki müşderileriñ puly almak ýa-da ugratmak bilen baglanyşykly pul hyzmatlary işlerini gözden geçirmekleri mümkin. Geleşik müsderä islendik degişli nokada baryp pul ugradyş blankasyny dolduryp onuñ üçin töleg tölemäge mümkinçilik berýär. Puly alýan müşderi adatça hiç hili töleg tölemeli däl.

Elektron pul ugratmalary bilen baglanşykly öñüni alyş çäreleri gözden geçirilende Gatnaşyjy-döwlet birnäçe meseleleri göz öñunde tutup biler. Birinjiden, Gatnaşyjy-döwletler ulgamy badalga berýän çäk ölçegini kesgitlemegiñ dogrylygyny gözden geçirip bilerler. Käbir ýurisdiksiýalar dürli çäk ölçeglerinden başlangyç alýan dürli görnüşli hasabat beriş ulgamlaryny döretdiler: käbirleri aýlyk, gündelik hasabaty, käbirleri (ýa-da hiç biri) “şübheli” hasabaty öz içine alýar. “Strukturalaýyn” geleşikler, ýagny çak ölçeginden gaça durmak üçin ýörite görnüşde bölünen geleşikler hem göz öñünde tutulyp bilner.

Ikinjiden, Gatnaşyjy-döwletlere pul ugradyjylar üçin öz müşderilerini barada gerek maglumaty kesgitlemek zerur bolar. Gatanaşyjy-döwlete zerur bolup biläýjek maglumatlaryñ gysgaça sanawy şulardan ybarat: ugradyjynyñ ady we salgysy, tassyklanmaga degişli bolan ol erkek ýa-da aýal adamyñ şahsyýetini tassyklaýjy resminama (adatça 2 sany dürli suratly Sahsyýeti anyklaýjy resminama); ugradylýan puluñ möçberi; ugradylýan senesi; ugradyjydan alnan islendik töleg görkezmeleri; kabul edijiniñ maliýe edarasynyñ şahsyýeti; sargyt eden adam tarapyndan doldurylan ýa-da gol

çekilen geleşige degişli işlendik blanka; ugradyş sargydynda görkezilen kabul edijiniñ ady, salgysy we bank hasabynyñ belgisi.

Ahyrynda, Gatnaşyjy-döwletler şeýle maglumatyñ haýsy bölegi barada ygtyýarly edaralara hasabat bermelidigi we şeýle maglumatyñ haýsy beýleki böleginiñ saklanmalydygy we näçe wagt saklanmalydygy geçiriji arkaly kesgitläp bilerler.

Käbir Gatnaşyjy-döwletler pul geçirijilere aýratynlykda hyzmat etmäge rugsat bermeýärler, emma islendik hyzmatlardan peýdalanmazdan öñürti müşderilerden özleri barada doly şahsy maglumatlaryñ berilmegini talap edýärler. Şeýle maglumatlar hakyky pul geçirmeler bilen bu gysgaça maglumaty deñeşdirmek üçin iş we beýleki çeşmeler we pul geçirmeler hem benefisiarlar hakynda gysgaça maglumaty özünde jemleýär (mümkin bolsa elektron görnüşdäki). Gerek ýerinde Gatnaşyjy-döwletler bu çemeleşmäni hem göz öñünde tutmalydyrlar.

## II.8. Amala aşyrmaklyk

Käbir Gatnaşyjy-döwletler sebit, sebitara we köptaraplaýyn bikanun pullaryñ kanunylaşdyrylmasyna garşy edaralaryñ degişli tekliplerine salgylanyp bilerler.

MIÝT (Malie Işleri bounça Ýörite Topar) birnäçe MIÝT görnüşindäki sebit edaralaryny döretmäge hemaýat berip gelýär; olaryñ käbirleri bolsa MIÝT assosirlenen agzalary bolup durýarlar. MIÝT sebitleýin toparlary aşakdakylardan ybaratdyr:

Karib Maliýe Işleri boýunça Ýörite Topary 1993-nji ýylda döredildi (www.cfatf. org);

Bikanun Pullaryñ Kanunylaşdyrylmasyna garşy Aziýa we Ýuwaş Okean Topary 1997-nji ýylda döredildi (http://www.apgml.org);

Bikanun Pullaryñ Kanunylaşdyrylmagyna Garşy Çärelere Baha Berme boýunça Ýörite Hünärmenler Komiteti 1997-nji ýylda döredildi (www.coe.int/moneyval);

Ýewroaziýa Topary 2004-nji ýylda döredildi (http://www.eurasiangroup.org/index1.htm);

Gündogar we Günorta Afrika Bikanun Pullaryñ Kanunylaşdyrylmagyna garşy Topar 1999-njy ýylda döredildi (http://www.esaamlg.org/index.php);

GAFISUD we Orta Gündogar we Demirgazyk Afrika Maliýe Işleri boýunça Ýörite Topar (MENAFATE) 2004-nji ýylda döredildi (http://www.menafatf.org/Home.asp).

MAB-laryna degişlilikde MAB-lary halkara hyzmatdaşlyk ösdürmek üçin 1995-nji ýylda häzirki wagtda Egmond Grup ady bilen tanalýan resmi däl topary döretdiler (http://www.egmontgroup.org/index2.html). 2006-njy ýylda 101 işjeñ MAB agzalary bolan Egmond Grup maglumatlary alyş-çalyş etmek, hünärmenleri okatmak we tejribe alyşmak boýunça hyzmatdaşlygyñ dürli ýollaryny tapmak üçin yzygiderli duşuşyklar geçirýär.

Mundan başga-da, bikanun pullaryñ kanunylaşdyrylamasyna garşy göreşmek üçin Gatnaşyjy-döwletlereñ sud, hukuk goraýjy we maliýe düzgünleşdiriji edaralarynyñ arasynda global, sebit, sub-regional we iki taraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmekde we berkitmekde has-da uly goldaw berilýär. Bu aşakdaky birnäçe maddalarda seredilip geçilýär.

**KRIMINALLAŞMAKLYK WE HUKUK GORAÝYŞ IŞLERI**
**(Bap III. Maddalar 15-42)**

Konwensiýanyñ 15-29-njy maddalarynda girizilen mazmun, gurluş we talaplar barada goşmaça maglumatlar we derñewler üçin Birleşen Milletler Guramasynyñ Korrupsiýa Garşy Konwensiýasynyñ durmuşa geçirilmegi üçin Kanun çykaryjylyk Gollanmasynyñ degişli bölümine seret.

**Madda 30. Yzarlanma. Kazyýet çözgüdini çykarmaklyk we sanksiýalar**

*1. Her Gatnaşyjy-döwlet şu konwensiýa laýyklykda ykrar edilen jenaýat işiniñ edilendigi üçin şol jenaýatyñ howplulyk derejesini göz öñünde tutýan jenaýat sanksiýalary ulanylmagyny göz öñünde tutýar.*

*2. Her Gatnaşyjy-döwlet öz hukuk ulgamy we konstitusional ýörelgelerine laýyklykda öz gulluk wezipelerini ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly jemgyýetçilik wezipe işgärlerine berilýän ýurisdiksiýa artykmaçlyklary ýa-da islendik immunitetiň arasyndaky deňagramlylygy kesgitlemek ýa-da üpjün etmek üçin zerur boljak çäreleri kabul edýär we zerur ýagdaýlarda şu Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen netijeli jenaýat agtaryş işlerini we jenaýat yzarlamalary ýerine ýetirýär we jenaýatlar bilen baglanyşykly kazyýet çözgüdini çykarýar.*

*3. Her Gatnaşyjy-döwlet şu Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen jenaýatlar babatynda hukuk goraýjy çäreleriň maksimal netijeliligini gazanmak üçin we şeýle jenaýatlaryň edilmegine päsgel bermekligiň zerurlygyny göz öňünde tutmaly we jenaýatlary edenligi üçin jenaýat yzarlamasyna degişli öz içki kanunçylygyna göz öňünde tutulan islendik diskresion hukuk artykmaçlyklaryny ulanmagy üpjün etmeklige çalyşýar.*

*4. Şu Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen jenaýatlar babatynda her Gatnaşyjy-döwlet öz içki kanunçylygyna laýyklykda we gorag hukuklaryny nazarda tutmak bilen kazyýet diňlenişigine çenli azat etmek ýa-da kassasion şikaýat ýa-da garşylyk görkezmek boýunça çözgüt çykarylmak bilen baglanyşykly kesgitlenilýän şertleri üpjün etmek maksady bilen jenaýat derňewi gidip durka günä bildirilýäniň goragynynyň üpjün edilmegini göz öňünde tutmaly.*

*5. Her Gatnaşyjy-döwlet jenaýat üçin höküm edilen adamlary wagtyndan öň ýa-da şertleýin azat etmek mümkinçiligi baradaky sorag seredilende edilen jenaýatyň howplulygynyň derejesini göz öňünde tutýar.*

*6. Her Gatnaşyjy-döwlet öz hukuk ulgamynyň esasy ýörelgelerine laýyklykda şu Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen jenaýaty etmeklikde günäkärlenýän jemgyýetçilik wezipe işgäri zerur ýagdaýlarda işinden çykarylyp bilinjek, gulluk borçlaryny ýerine ýetirmekden wagtlaýyn boşadylyp bilinjek ýa-da degişli organ tarapyndan başga wezipä geçirilip bilinjek proseduralary kesgitläp boljak mümkinçiligine seredýär, şeýle ýagdaýda günäsini ýuridiki taýdan dogry hasaplamaklyk ýörelgesiniň hökmanlygyny nazarda tutmalydyr.*

*7. Delillendirilen ýagdaýlarda jenaýatyň howp derejesini göz öňünde tutmak bilen her Gatnaşyjy-döwlet öz hukuk ulgamynyň talaplaryna laýyklykda jenaýat etmekde günäkärlenýän adamlarynyň şu Konwensiýa laýyklykda Kazyýetiň çözgüdi bilen ýa-da beýleki degişli serişdeleriň kömegi bilen öz içki kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenilen belli bir möhlete mahrum etmeklik üçin proseduralary kesgitlemek mümkinçiligine seredýär, ýagny şol hukuklar:*

*a) jemgyýetçilik wezipäni eýelemek, we*
*b) bütinleý ýa-da bölekleýin döwletiň eýeçiliginde bolan edarada wezipe eýelemek.*

*8. Şu maddanyň 1-nji punkty raýat gullukçylary babatynda doly ygtyýarly organlara tertip-düzgün ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirmeklige zyýan berenok.*

*9. Şu Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen jenaýatlary kesgitlemekligiň ýörelgesi we ulanyp boljak ýuridiki närazylyklary ýa-da jenaýat hereketleriniň kanunçylygyny kesgitleýän beýleki hukuk ýörelgeler şu Konwensiýada agzalyp geçilenok, ýöne her Gatnaşyjy-döwletiñ içki kanunçylygyň ulgamyna girýär we jenaýat yzarlamasy we şeýle jenaýata temmi bermeklik şu kanunçylyga laýyklykda alnyp barylýar.*

*10. Gatnaşyjy-döwlet şu Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen jenaýat üçin ýyl kesilen adamlaryň jemgyýete täzeden goşulmagyna hemaýat etmeklige çalyşýar.*

**I. Syn**

30-njy madda kanuny berjaý edilmeginiń käbir wajyp nukdaýnazarlaryna garaýar. Ol derńew, jenaýat işi we immunitetler bilen bagly wajyp hem-de toplumlaýyn meselelere degişli düzgünnamalary öz içine alýar. Ondan daşary, bu maddada sanksiýalaryń, ýagny ygtyýarlyklaryń dürli görnüşlerine (hem jenaýat hem-de goşmaça sanksiýalara) düzgün-tertip üçin berilýän temmiler, ýa-da jenaýatyń agyrlygyna we häsiýetine görä kwalifikasiýadan mahrum etmek ýaly sanksiýalara aýratyn üns berilýär. Maddanyń ahyrynda bolsa, kanuny bozan şahsyýetleriń abraýyňy dikeltmek ýaly wajyp meseler barada gürrüń edilýär.

Maddanyń Gatnaşyjy-döwletlerden edýän talaplary:

- Gatnaşyjy-döwletler jenaýatyń agyrlygyny nazara alýan sanksiýalary göz öńünde tutmalydyrlar (paragraf. 1);

- Gatnaşyjy-döwletler ýokary wezipeli işgärlere öz gulluk wezipelerini berjaý edip bilmekleri üçin berilýän eldegrilmesizlik statusynyń hem-de ygtyýarlyklaryna girýän aýratyn hukularynyń arasynda ýeterlik deňagramlylyk bolmalydygy göz öňünde tutmalydyrlar we gerek bolan ýagdaýynda, şu Konwensiýa laýyklykda (paragr. 2) jenaýaty netijeli derńemäge, jenaýat işini alyp barmaga we ol jenaýat boýunça degişli karar çykarmaga mümkinçilik döretmeklerini Gatnaşyjy-döwletlerden talap edýär

- Kazyýet işi başlaýança günäkärlenýän adamy tussagdan boşatmak we çykarylan çözgüt bilen kanagatlanmadyk ýagdaýynda kazyýete gaýtadan ýüzlenmek baradaky kararlar indiki kazyýet derńewlerine günäkärlenýäniñ gatnaşmagyny üpjün edilmegiń zerurlygyny nazarda tutmalydyr (paragr. 4);

- Jenaýatda günäkälenýän şahsyýeti ońa kesilen möhletinden öń boşatmagyń mümkinçiligini ýa-da jenaýatçyny şertli azatlyga göýbermek baradaky meseler maslahata goýlanda jenaýatyń agyrlygy göz öňünde tutulmalydygy Gatnaşyjy-döwletler tarapyndan ýatdan çykarylmaly däldir (parag. 5).

- Ýokarda agzalyp geçilen hökmany ýagdaýda görülmeli çärelerden daşary, bu madda käbir hökmany däl çäreleri hem göz öňünde tutýar:

- Konwensiýa laýyklykda, Gatnaşyjy-döwletler degişli häkimiýetlerine jenaýatda günäkärlenýän wezipeli işgäri gerek bolan ýagdaýda wezipesinden boşatmaga, wagtlaýyn iş ýerinden aýyrmaga we täzeden wezipesinde dikeltmäge ygtyýarlyk bermek üçin degişli çäreleri görüp bilerler (paragr. 6);

- Konwensiýa laýyklykda, Gatnaşjy-döwletler jenaýatda günälenýän ýagny: a) döwlet işinde işleýän; we b) doly ýa-da bölekleýin hökümete degişli edaralarda işleýän wezipeli işgäri içerki kanunçylyga laýýklykda kesgitlenen wagtyň dowamynda kwalifikasiýasyndan mahrum etmek üçin degişli düzgünleri kabul edip bilerler (paragr. 7);

- Konwensiýada agzalanyp geçilýän jenaýatlarda günäkärlenen şahsyýetleriň ýene-de jemgiýetiň doly hukukly agzasy bolmaklaryna hemaýat etmek üçin Gatnaşyjy-döwletler çalyşmalay (paragr. 10).

30-njy madda ýokarda agzalyp geçilen hökmany düzgünnamalardan daşary adamlarda hukuk kadalarynyň sagdyn işleýändigine ynam döretmek üçin jenaýat adalatlyk ulgamynyň "saglyk barlagynyň" geçirilmeginiň zerurlygyny nygtaýar. Bu düzgünler bolsa adalat syýasatlary netijeli işleýän mehanizmlere öwürmek üçin göwnejaý serişde hökmünde hyzmat edýärler.

## II. Meseleler we çözgütler

### II.1. Jenaýatyň agyrlygyny nazara alýan sanksiýalar

Jenaýatyň agyrlygyny nazara alýan sanksiýalar jenaýat, jenaýata degişli däl administratiw we raýat sanksiýalary öz içine alýarlar. Şeýle bolsa-da, Konwensiýa käbir jenaýatlar bilen baglanşykda belli tertibi talap edýän ýagdaýlarynda, administratiw sanksiýalaryñ jenaýat sanksiýalary bilen utgaşykly ulanylmagy mümkin, emma olar administratiw sanksiýalarynyñ ýerini tutup bilmeýändiklerini ýatda saklamaly.

Konwensiýa jenaýatyň agyrlygyny nazara alýan sanksiýalarynyñ üpjün edilmagini Gatnaşyjy-döwletlerden talap edýär. Sanksiýalaryň belli bir görnüşini kesgitlemän, Konwensiýa ýerlerde jenaýatyň agyrlygyny görkezýän jezanyň çykarylmagyny üpjün etjek çäreleriň görülmegini Gatnaşyjy-döwletlerden talap edýär. Jeza öz gezeginde kazyýetiň garamagyna görä jerime, tussaglyk ýa-da başga görňüşde amala aşyrylyp bilner. Jenaýatyň agyrlygy bolsa öz gezeginde oňa degişli şahsyýetleriň wezipesiniň ululygyndan, jenaýatyň haýsy pudaga degişlidiginden hem-de wezipeli işgäriñ gazanan abraýy ýaly ýagdaýlardan ugur alnyp kesgitlenilýär.

Konwensiýa sanksiýalaryň berkligini kesgitlemeýär. Jezalar dünýä kanunçylygyndan tapawutlaýan milli däpleri we syýasatlary şöhlelendirýändiklerini göz öňünde tutup, şol bir jenaýatlar üçin berilýän jezalar dürli ýurtlarda tapawutlanyp bilýändiklerini boýun alýar. Hakykatda, korrupsiýa jenaýaty üçin berilýän jezalar her ýurdyň milli kanun däplerine we Gatnaşyjy-döwletleriň jenaýat kanunçylyklarynda göz öňünde tutulýan jezalaryň umumy çäklerine gabat gelmelidirler. Umuman, jenaýatyň agyrlygyny nazara alýan jezalary göz öňünde tutmak üçin, şu Konwensiýa laýylykda, korrupsiýa jenaýaty üçin berilýän jezalar deňeşdirip boljak ykdysady jenaýatlar üçin berilýän jezalardan pes gelmeli däldir. Özara kanuny hyzmatdaşlyk we tussag edilen jenaýatçynyň beýleki ýurda berilmegi ýaly çäreleriň netijeligini nazara alanyňda, serhetara korrupsiýa jenaýaty üçin amatly jezany çykarmak mümkin bolar ýaly her ýurduň kanunçylygy jezalaryň dürli görňüşlerini göz öňünde tutmalydyr. Bu talaplara gabat gelmek üçin, käbir ýurtlaryň jenaýat üçin kesilen ýylyň sanyny köpeltmekleri zerur bolup biler.

Jezalary ýerine ýetirmegiň usullary her ýurdyň kanuny ulgamyna laýyklykda öz aralarynda tapawutlanyp biler. Jeza çykarmak hukugy kazyýete degişli bolan Gatnaşyjy-döwletlerde, kazyýet jenaýatyň agyrlygyny, zyýanyn we günäni bahalandyrmak bilen başlap, günäni agraldýan we ýeňilleşdirýan ýagdaýlary hem-de beýleki möhüm ýagdaýlary göz öňünde tutup jeza çykarýar. Korrupsiýa baradaky jenaýat işinde bolsa ynanylan adamyň öz borçnamalaryndan bikanun peýdalanmagy günäni agraldýan möhüm ýagdaý hökmünde kesgitlenilýär. Bu bolsa kazyýete jenaýaty eden adamy azatlykdan mahrum etmäge esasly sebäpleriň bardygyny ýa-da ýokdygyny aýdyn etmäge mümkinçilik berýär. Aklawjynyñ korrupsiýa ylalaşygyndan peýda görmeýändigini takyklamak üçin kazyýetler degişli kompensasiýa ýa-da girdeýjileri hasaplamak baradaky kararlaryń çykarmaklary gerek bolmagy ahtimal.

Gatnaşyjy-döwletler şu konwensiýanyń 26 (4) maddasynda (hukukly edaralara garşy) jezanyñ çykarylyşy boýunça getirilýän gollanmasyndan peýdalanyp bilerler, sebäbi ol netijeli we proporsional sanksiýalaryń dürli görnüşlerini mysal getirýär.

Gollanmada getirilýän görkezmeler we düzgünler bu ugurda Gatnaşyjy-döwletlere peýdaly bolup bilerler. Käbir Gatnaşyjy-döwletler bu düzgünleri kazyýetler olary resmi görkezmesi ýaly däl-de gollanma hökmünde ulanyp biler ýaly kabul etdiler.

Mysal üçin, Birleşen Korollyklarda, kazylar we oturdaşlar[6] üçin çykarylan bu düzgünler esasan iki özara bagly özbaşdak häkimiýetler tarapyndan ýagny Jeza çykarmak Baradaky Maslahat Beriş Topary we Jeza çykarmagyń Düzgünleri Baradaky Geńeşi tarapyndan tassyklanylýar. Bu häkimiýetler bilelikde işläp, şular ýaly düzgünleriniń döredilmegini üpjün edýärler. Olar öz gezeginde, Angliýanyń we Uelsiñ kazyýetlerinde çykarylýan jezalaryń yzygiderliligini höweslendirip, jeza çykaryjylary çykaran kararlarynda goldaw berýärler.

Jeza çykarmak Baradaky Maslahat Beriş Toparynyń işi belli jenaýatlar üçin we jenaýatlaryń käbir derejeleri üçin jeza çykarmak boýunça görkezmeleri hödürlemekden ybarat. Gińişleýin maslahat we gerek bolsa derńewi geçirip, Maslahat beriş topary Jeza çykarmagyń Düzgünleri Baradaky Geńeşiniń garamagyna öz teklibini hödüleýär. Jeza çykarmak Baradaky Maslahat Beriş Toparynyń teklibini kabul edip, Jeza çykarmagyń Düzgünleri Baradaky Geńeşi ony jeza çykarmak baradaky görkezmeleri düzmek üçin ulanýar. Bu görkezmeleriń ilkinji nusgasy çap edilýär, ara alyp maslahatlaşylýar, we täzeden işlenip düzülýär.

Görkezmeleriń sońky nusgasy bolsa çap edilip, jeza bermeklik üçin ulanylýar.

Elbetde Gatnaşyjy-döwletleriń köpüsinde şular ýaly resmi bolmadyk görkezmeler hereket etmeýär, jeza boýnça karar çykarmagyń ähli taraplary bolsa jenaýat kodeksiniń çäklerinde kesgitlenilýär.

Käbir Gatnaşyjy-döwletlerde netijeli we proporsional sanksiýalaryń talaplaryna gabat gelip biljek gerekli usulda resmileşdirilen alternatiw ulgamlar hereket edýär. Mysal üçin, Germaniýanyń jenaýat kodeksi jezalaryń dürli görnüşlerini göz öńünde tutýar. Hukuk edaralarda işleýän işgärlere garşy jeza bermek barada karar çykarylanda bolsa, Administratiw jenaýatlar baradaky kanuna laýyklykda, Germaniýada ýörite administratiw jerime temmisi berlip bilner.

---

6. Seret www.sentensing –guidelines. gov.uk.

## II.2. Immunitetler we aýratyn hukuklar

Immunitet esasan iki topara bölünýär: jogapkärsizlik we eldegrilmesizlik. Immunitetleriń birinji topary esasan kanun çykaryjy häkimýetiň agzalaryna (mejlis deputatlaryna) degişli bolup, olaryň wezipeliri bilen baglanyşykly aýdýan pikirleri we berýän sesleri üçin jogap bermeklerinden boşadýar. Onuň maksady kanun çykaryjy häkimýetiň agzalaryny kazyýet derňewlerinden boşadyp, olara öz pikirlerini aýtmakda azatlyk bermekden ybarat. Emma bu azatlyk we ýeňillikler jenaýat jogäpkärçiligi bilen çäklenilýär. Immunitetiň ikinji topary bolsa wezipeli adamlaryň dürli toparlarynyñ öz iş wezipelerini ýetirýän döwri olary prosesual kadalardan şol sanda tussag edilmekden, tussagda saklanmakdan, jenaýat ugurdan yzarlamadan goramaga gönükdirilendir. Käbir ýurtlarda olara ýörite usullaryň kömegi bilen derňew geçirmäge rugsat berilýär.

Gatnaşyjy-döwletleriń köpüsi kanun çykaryjy häkimýetleriň agzalary ýaly ýokary wezipeli adamlara berilýän ýeňilliklere we aýratyn hukuklara döwlet edaralaryň işini goramaga gönükdirilen hökmany şerişde hökmünde garasa-da, olar ýaly ýeňillikler kynçylyklary hem döredip bilýärler, sebäbi olar wezipeli adamlary kanun üçin elýetmez derejä ýetirýär. Wezipeli adamlary jenaýat yzarlamasyndan boşadýan ýeňillikler korrupsiýa köplenç jenaýatlarynyň sanynyň köpelmegine sebäp bolýan şert hökmünde göz öňünde tutulanok. Hakykatda bolsa, olar ýaly aýratyn hukular köplenç korrupsiýa jenaýatyna degişli bolan wezipeli adamlary yzarlamakda kynçylyk döredýär.

Şeýle kynçylyklary göz öňünde tutup, käbir Gatnaşyjy-döwletler özleriniň ýeňillikleri baradaky kanunlaryna üýtgeşmeleri girizdiler ýa-da girizmek barada netijä geldiler.

30-njy madda bir tarapdan ýeňillikleriň ýa-da aýratyn hukuklaryň arasynda degişli deňagramlylygyň gazanmagyna getirjek, beýleki tarapdan bolsa huhuk goraýjy häkimiýetiniň netijeli işini üpjün etjek ýollaryň göz öňünde tutulmagyny talap edýär. Ýeňillikleriň ýa-da aýratyn hukuklaryň ähli görňüşleri bir meňzeş aýratynlyga esaslanyp, belli şahsyýetler we şahsyýetler toparlary üçin jenaýat kanuny düzgünlerinde we jenaýat derňewlerinde kadadan çykma ýagdaýyny döredýärler. Emma, käbir Gatnaşyjy-döwletler şeýle ýeňilliklere ähli adamlaryň kanunuň öňunde deňhukukly bolmalydygy baradaky ýörelgesini şübhe astyna goýýan şert hökmünde garap bilerler.

Bu madda ýeňillikleriň we aýratyn hukuklaryň diňe funksional düşünjesini açyp görkezýär. Başgaça aýdylanda, ýeňillikler we aýratyn hukuklar wezipe eýeleýän şahsyýete däl-de, şahsyýetiň eýeleýän wezipesine berkidýar. Şonuň bilen birlikde, Gatnaşyjy-döwletler balansirlenen we şeýlelikde kanuna laýyk gelýän ýeňillikleriň we beýleki aýratyn hukuklarynyň diňe döwlet edaralaryň işini goramaga gönükdirilen ýeňillikleri bilen çäklenmeklerini üpjün edip biler. Diýmek, ýeňillikleriň we aýratyn hukuklaryň arasynda degişli deňagramlylygyň gazanmagyny hem-de huhuk goraýjy häkimiýetiniň netijeli işini üpjün etmek üçin Gatnaşyjy-döwletler şu aşakda getirilen jähtleriň birnäçesini göz öňunde tutup bilerler:

- Gatnaşyjy-döwletler ýeňilliklerden we aýratyn hukuklardan peýdalanýan şahsyýetleriniň sanawyna ünsi çekip, gerek bolan ýagdaýda, deňagramlylygy üpjün etmek üçin aýratyn hukuklar bilen ygtyýarlandyrylan wezipeleriň sanawyny çäklendirip biler. Umuman, Gatnaşyjy-döwletler ýeňillikler we aýratyn hukuklar belli wezipäni eýeleýän şahsyýetlere gorkysyz we kanuny netijesiz öz wezipelerini ýerine ýetirmäge rugsat bermek üçin berilýändigini nazara almaklary peýdaly bolup biler. Şeýle ýagdaýda, olar beýleki Gatnaşyjy-döwletleriń göreldesine eýerip, belli wezipeleri eýeleýän şahsyýetlere korrupsiýa jenaýatyny ýa-da beýleki jenaýatly gylyklary ýapmaýan çäkli ýeňillikler bilen ygtyýarlandyrmagy ýerlikli diýip hasap edip bilerler. Şeýlelikde, belli wezipeleri

- eýeleýän şahsyýetlere aýratyn hukular bilen ygtyýarlandyrmakdan öň olara öz wezipelerini ýerine ýetirmek üçin şeýle ygtyýarlyklardan peýdalanmagyň zerurlygy bardygyna göz ýetirmek Gatnaşyjy-döwletlere maslahat berilýär.
- Immunitetiň we aýratyn hukuklaryň funksional düşünjesine laýyklykda, Gatnaşyjy-döwletler özleriniň wezipeli adamlaryna diňe olaryň iş wezipelerini ýerine ýetiren wagty edilen işlere we şol wezipä degişli bolan borçnamalary ýerine ýetiren ýagdaýlarynda immuniteti we aýratyn hukuklary bermegi makul bilmekleri mümkin. Mundan daşary, Gatnaşyjy-döwletler özleriniň wezipeli adamlaryna diňe olaryň öz iş wezipeleri ýerine ýetiren döwründe ýa-da wezipäni eýelän döwri immuniteti we aýratyn hukuklary bermegiň mümkinçiligini göz öňünde tutup bilerler. Diýmek, immunitetiň we aýratyn hukuklarynyň güýji şahsyýetiň bu wezipäni boşadandan soň ýa-da öz iş wezipeleriniň ýerine ýetirmegini bes edenden soň edilen etmişlere ýaýranok. Şoňa laýyklykda, şahsyýetiň öz wezipesini boşadan soň geçirilýän jenaýat işinde we derňewinde immunitetden we aýratyn hukuklardan peýdalanmagy dowam etse, diýmek şeýle ýurtlarda immunitetiň we hukuk goramagyň zerurlygynyň arasyndaky deňagramlylyk bolmaly derejede saklanmaýar. Etmişleriň şahsyýetiň öz wezipesini tutan döwründe edilen ýagdaýynda hem, jenaýaty bozan şahsyýet özüniň tutýan wezipesine garamazdan beýleki raýatlar bilen deň derejedäki hukuklardan peýdalanmaly we deň borçlary ýerine ýetirmelidir.
- Immunit güýjini ýitiren ýagdaýlaryny we görnüşlerini kesgitleýän düzgünleri we şertleri Gatnaşyjy-döwletleriń tarapyndan kanuny gollanmanyň we ýörite kanunlaryň üsti bilen beýan etmekleri mümkin. Bu kanunlara we kanuny gollanmalar babatda, Gatnaşyjy-döwletleriñ garamagyna şu aşakdaky aspektler we modeller hödürlenýär:
- Immunitetiň güýjini ýitirmekligine sebäp bolup biljek ýagdaýlary kesgitleýän kanunlar we kanuny düzgünler syýasata esaslanyp hereket etmegiń ygtyýarlygyny nazara almaly däl. Mysal üçin, şahsyýetiň para almagy ýaly kanun bozmasy Gatnaşyjy-döwletlere şol şahsyýeti immunitetinden we aýratyn hukuklaryndan mahrum etmek üçin esasly sebäp hökmünde garamaga mümkinçilik berýär.
- Wezipeli işgäri immunitetinden mahrum etmek baradaky jenaýat derňewi geçirilende Gatnaşyjy-döwletler günälenýän şahsyýetiň gaçyp gitmäge ýa-da derňewe päsgel bermäge mümkinçiligi bolmaz ýaly bu işde karar näçe tiz çykarylsa, şonça-da gowy bojakdygyny göz öňünde tutmalydyrlar.
- Immunitetden mahrum etmek işi boýunça karar çykarylanda, bähbitleriň deň gelmezligi sebäpli döräp biljek dawalardan gaçmagyň zerurlygyny Gatnaşyjy-döwletler tarapyndan nazara alynmaly.
- Wezipeli işgäri immunitetinden ýa da aýratyn hukuklaryndan mahrum edip bolmadyk ýagdaýynda, Gatnaşyjy-döwletler daşary yurt hukuk goraýjy edaralary bilen habarlaşyp, şahsyýetiň eden kanun bozmalary üçin oňa garşy jenaýat ýa-da raýatlyk çäreleriniň görmekleri barada ýüz tutup bilýändiklerini göz öňünde tutup bilerler.[7]

---

[7]Giňişleýin maglumat üçin siz Londonyň şäher polisiýasy tarapyndan haram pullary ýuwmakda şübhelenen Nigeriýanyň Döwlet häkimlerini tussag edlmegi baradaky işi bilen tanşyp bilersiňiz – http://news.bbc.co.uk/1/hi/world/africa/4462444.stm.

Käbir ýurtlarda, kanunçylyk we ýörite düzgünnamalar prokuroryň öz garaýşy boýunça hereket etmäge hukuk berýän ygtyýarlyklaryndan nähili we haýsy ýagdaýlarda peýdalanyp bilýändigini kesgitleýar. Şeýle karar kabul etmegiň kadalaryny kesgitleýän kanunlar we düzgünnamalar giň jemgiýetçilik üçin elýeter bolmaly. Şeýle kanunlaryň we düzgünleriň käbirleri, her näme bolsa-da, prokurorlara kazyýet yzyrlamasy "jemgiýetiň bähbidine bolmadyk" ýagdaýynda, birine garşy günäleme işini gozgamakdan saklanmaga hukuk berýän maddalary öz içine alýar. Şeýle ýagdaýlarda, Gatnaşyjy-döwletler berilýän ygtyýarlyklary ulanmakdan saklanmagy makul bilmekleri mümkin. Eger-de olar şeýle giň ygtyýarlyklardan peýdalanmak baradaky karara gelseler, onda olaryň jemgiýetçilik tarapyndan ykrar edilen kriteriýa, ýagny ölçege gabat getirmekleri

- Gatnaşyjy-döwletler wezipäni eýeleýän şahsyýete garşy jeza çykarmak we ony kanun bozmakda günäkärlemäge mümkinçilik berýän degişli kanunlaryň kabul edilmegini hem nazara alyp bilerler. Ondan daşary, Gatnaşyjy-döwletler belli wezipäni tutmak üçin bellenilen möhleti wagtyndan öň kesmek ýaly çäräni ulanylyp bilerler. Şahsyýetiň öz wezipesini tutýan döwri, ony immunitetinden we aýratyn hukuklaryndan mahrum etmeklik kanunçylyk tarapyndan göz öňünde tutulmaýan Gatnaşyjy-döwletlerde şeýle çäre 30-njy maddada talap edilýan deňagramlylygy üpjün etmek üçin amatly serişdedigini nazara almaklary zerur.

- Netijede, Gatnaşyjy-döwletler bir şahsyýete berlen immunitet hem-de aýratyn hukuklar korrupsiýa jenaýatyna gatnaşdyrylan başga şahsyýetler babatynda alnyp barylýan kazyýet yzarlamalara we kazyýet çözgüdini çykarmaga böwet bolup bilmez.

## II.3. Öz garamagyňa görä hereket etmek ygtyýarlygy

30-njy madda Gatnaşyjy-döwletlerden hukuk goraýjy çäreleriň iň ýokary netijelerini üpjün etmeklerini hem-de belli şahsyýetleriň öz hukuk ygtyýarlyklaryndan erkin peýdalanýandyklaryna şübhe bolan wagty para bermek ýaly jenaýatlaryň wagtynda öňüni almaklaryny talap edýär. Bu babatda, ugrukdyryjy ýörelgeler syýasatyň üstünde işleýänler-de we kanunlary işläp düzýänler-de netijeli hereket edýän hem döwletiň hakykatda edýän talaplaryny şöhlelendirip biljek mehanizmleri üpjün etmäge höwes döretmeli. Jenaýatçylary howatyr etdirýan çäreleriň netijeligini ýokarlandyrmak üçin, Gatnaşyjy-döwletler öz hukuk goraýjy häkimýetlerine korrupsiýa jenaýatyň derňewden geçirilmegi we kazyýetde seredilmegi kadalaýykdygyny, jenaýat işiň bes edilmegi bolsa, kadadan çykma hökmünde garalmaly diýen düşüňjäni aýdyňlaşdyrmaly. Elbetde, Gatnaşyjy-döwletler hukuk goraýjy edaralaryň maddy ýagdaýlaryny hem göz öňünde tutmalydyr. Şeýlelikde, ykdysady ýagdaýy pesräk bolan ösýän ýurtlar diňe ýokary wezipeli şahsyýetlere degişli bolan işlere üns berilmegini makul bilmekleri mümkin.

zerur bolmagy ahmal. Bu ýagdaýda, karar çykaranlarynda olar nähili faktorlary göz öňunde tutandyklary aýdyň bolýar. Şeýlelikde, Gatnaşyjy-döwletler özleriniň prokurorlaryndan olaryň jenaýat işini alyp barmakdan boýun gaçyran ýagdaýynda, bu karary hasabat görnuşinde ýazmaklaryny talap etmekleri mümkin. Şeýlelikde, jenaýat işiniň gozgalanmagyna badalga beren şahsyýetleri derňewiň netijeleri we prokuroryň bu işi alyp barmak ýa-da ony kabul etmezlik baradaky karary barada habardar edip, Gatnaşyjy-döwletler barlaglaryň açyklygyny üpjün edip bilerler. Şeýle kararlary goramagyň käbir usullaryny Gatnaşyjy-döwletler özleri üçin bellemekleri mümkin.

- Käbir ýurtlar esasan syýasy duýgur işler kazyýete düşende baş Prokuror ýa-da Adalat ministiri ýaly has ýoraky häkimiýetler tarapyndan ýerliksiz syýasy täsiri astyna düşendikleri baradaky maglumat Gatnaşyjy-döwletleri gyzyklandyrmagy ahmal. Şeýlelik-de, derňewleriň we kazyýet işiniň başlanmagy barada hasabaty ýokary häkimýetlere bermek ýaly ýönekeý borjuň üsti bilen hem prokurorlaryň kararyna ýerliksiz syýasy täsiri ýetirip bolýar. Şonuň üçin, Gatnaşyjy-döwletler derňew işinde we karar çykarylanda şeýle borçlary ýerine ýetirmegiň zerurlygyny öwrenmekleri ýa-da şeýle ygtyýarlygyň kanunçylyk tarapyndan bellenmedik işlerde ol borçlary ýerine ýetirmegiň zerurlygyny ýatyrmaklary peýdaly bolup biler.

- Belli bir işlerde ýokary häkimiýetleriň görkezmelerine nähili bolsa-da bir sebäp bilen diňlenilýän ýurtlarynda açyklyk we ýüz görmezlik hökmany şert bolup

durmaly. Şeýle açyklygy we ýüz görmezligi üpjün etmek üçin, Gatnaşyjy-döwletler ýokary häkimiýetlerinden öz görkezmelerini, gerek bolanda barlanyp biler ýaly, yazuw görnüşinde bermeklerini talap edip bilerler. Gatnaşyjy-döwletler şeýle kararlaryň özbaşdak guramanyň tarapyndan gözegçilik astynda saklanylmagyny hem üpjün edip bilerler. Ondan daşary, olar şeýle kararlar boýunça daşky gözegçiligi guramak mümkinçiligi hem seredip bilerler. Bu babatda olar jemgyýetçilik köpçüligi üçin şeýle maglumaty almak münkinçiligini göz öňüňde tutup bilerler ýa-da arz-şikaýatlar boýunça kazyýet gözegçiligini edip bilerler, meselem, zyýan çeken adam ýa-da edara jenaýat barada habar beren adam.

## II.4. Tussagdan boşatmaklyk ýa-da kazyýete gaýtadan ýüzlenmek baradaky kararlar

Bu madda Gatnaşyjy-döwletlerden günälenýän adama tussagdan boşatmaklyk ýa-da kazyýete gaýtadan ýüzlenmäge hukuk berýän degişli çäreleriň görmeklerini talap edýär. Kanunalaýyk gelýän ýagdaýlarda günälenýäne howandarlyk etmek baradaky düzgüni Gatnaşyjy-döwletler günälenýäniň kazyýet derňewine gatnaşmagyny üpjün edip biljek çäre hökmünde hasaplap bilerler. Korrupsiýa
jenaýatyna degişli bolan şahsyýetler ep-esli maliýe serişdelerine eýe bolup, bu olaryň gaçgak bolup gezmeklerine mümkinçilik döredip biljekdigini hem göz öňünde tutmalydyr. Esasan şeýle ýagdaý, hukuk goraýjy edaralaryň bikanun gazanylan girdeýjilerini ýa-da jenaýat etmek üçin niýetlenen pullary doňdurup, mahrum edip ýetişmedik ýagdaýynda ýüze çykyp biler. Ondan daşary adalatlygyň üstün çykmagyna päsgel edip biljek beýleki sebäpler hem bar, ýagny şaýadyň gorkuzylmagy, subutnamalaryň ýok edilmegi, ýa-da jenaýatçynyń kazyýet işiň dowam eden döwründe tussagdan boşadylmagy. Kazyýetler hem öz gezeginde şahsyýetleriň azatlygyny we hereket etmekde erkinligini çäklendirýän käbir düzgünleri kabul etmekleri peýdaly bolup biler.
Howandarlyk almak üçin hökmany şert hökmünde getirilýan talaplaryň arasynda hukuk goraýjy edaralara wagty-wagtynda hasabat bermegi, syýahaty subut edýän resminamalary şol sanda pasporty görkezmegi, hem-de şaýatlar bilen hiç hili gatnaşyk saklamazlyk bolup biler. Agyr ýagdaýlarda bolsa, ýagny agyr jenaýat işlerde, Gatnaşyjy-döwletler şahsyýetleri karar çykarylýança ýene-de tussag astynda saklamaklygy makul bilmekleri mümkin.

## II.5. Şahsyýetiň ýýl kesilen möhletinden öň ýa-da şertleýin boşadylmagy

Konwensiýanyň 30-njy maddasynyň 5-nji paragrafy Gatnaşyjy-döwletleri jenaýatda günälenýän şahsyýeti kesilen möhletinden öň ýa-da şertleýin boşatmak baradaky karary çykaranlarynda jenaýatyň agyrlygyny göz öňünde tutmaga borçly edýär.

Şahsyýetler bilen dawalardan hem-de jezanyň sosial netijelerinden gaça durmak üçin şeýle çäreleriň jenaýatyň agyrlygy bilen deňagrymlylykda ulanylýandyklaryna göz ýetirilmelidir.

Gatnaşyjy-döwletleriń köpüsi jenaýatçylara kesilen möhletlerinden öň ýa-da şertleýin boşadylmagyň mümkinçiligini döredýärler, beýlekiler bolsa jeneýatçylary şertleýin boşatmagyň ulgamyndan çekilip, “çyn jeza” ýa-da jezany takyk kesgitleýan karar çykaryjy ulgamyna isleg bildirýärler. Raýatlaryň şeýle mylaýym jezalaryń netijeliginde şübhelenýän ýagdaýlarda, “çyn jeza” ulgamy jemegiýetçiligiň kanunyň we hukuk goraýjy düzgünleriniň netijiligine bolan ynamyny gaýtarmagyň bir görnüşi hökmünde ulanyp biler. Emma şeýle pikirleriň ählisi adam hukuklaryny sylamagyň zerurlygyny we

jenaýatçylaryň şertleýin boşadylmagy ýaly ýeňillikleri göz öňünde tutmaýan şeýle ulgamyň garaşylmadyk ters jogap bolup biljekdigini nazara almalydyr.

### II.6. Wezipeden boşatmak, wagtlaýyn aýyrmak we başga wezipä geçirmek

Şeýle çäreler päliýaman adamlar tarapyndan özlerine howp döredýän şahsyýetleri güýçden düşürmek üçin peýdalanyp biljekdikleriniń mümkinçiligini ýatdan çykarmaly däl. Köplenç "juda dogruçyl" şahsyýetleri ýa-da syýasy bäsdeşleri saýlawlara gatnaşmaklaryna päsgel bermek maksady bilen olary korrupsiýada güňäläp her hili bikanun hereketler edilýär. Şu hili ýagdaýlar gynansak-da köp duşýar we bu işde şeýle howp bardygyny kanun çykaryjylar göz öňünde tutmalydyrlar.

Bilermenler tarapyndan işgärleriň şertnamalaryna olaryń jenaýatda şübhelenen ýagdaýynda olary awtomatik suratda wezipelerinden boşatmaga hukuk berýän şerti girizmäge maslahat bermekleri käbir ýagdaýlarda howply bolup biler. Onuñ üçin adam hukuklaryny goraýan, ýagny şahsyýetiň günäsi doly subut edilýänçä ony wezipesinden boşadylmagyny gadagan etmek ýaly käbir düzgünnamalar girizilmeli.

Gatnaşyjy-döwletler korrupsiýa jenaýatynda günälenýän şahsyýetleri wezipelerinden boşatmaga, wagtlaýyn aýyrmaga we başga wezipä geçirmäge mümkinçilik berýän düzgünleri kabul etmegi ýa-da etmezligi özleri üçin anyklamalydyrlar. Bu düzgünleriň güýji derňewiň başlan wagtyndan onuň dowam edýän döwründe hereket edýär. Bu düzgünler günälenýän şahsyýetleriň şaýatlaryň görkezmelerine täsir edip ýa-da subutnamalary ýok edip, derňewiň gidişine päsgel bermekleriniň öňüni almaga kömek edip bilerler. Bu maddada beýan edilen çäreler bir döwletiň başga bir döwletiň nädogry hereketlerine jogap berip ulanýan mejbury çäreleri hökmünde ulanylmaly däldir we günälenýän wezipeli işgäriñ bigünä bolmagyň ýörelgesine zyýan ýetirmeli däl.

### II.7. Kwalifikasiýadan mahrum etmeklik

Konwensiýanyň 30-njy maddasynyň 7-nji paragrafy wezipeli işgäriñ günäsi subut edilenden soň ol kwalifikasiýasyndan mahrum edilmegi netijesinde ony doly ýa-da bölekleýin döwletiň eýeçiligindäki kärhanada eýeleýän wezipesinden boşatmaga mümkinçilik berýän düzgünleriň ýola goýmaklaryny Gatnaşyjy-döwletlerden talap edýär. Emma Gatnaşyjy-döwletler bu çäreleri goşmaça sanksiýalar hökmünde kabul etmelidir, sebäbi ynanç we päk ýüreklilik ýaly häsiýetler bu ýokary wezipäniň esasy bölegidir. Ondan başga-da, Gatnaşyjy-döwletler şu hili çäreleriň para almak ýaly erbet gullygy goýdurup biljek hem de beýleki ýokary wezipeli adamlara we jemgiýete korrupsiýa garşy göreş alyp barylýandygy duýdurmagyň üsti bilen geljekde para almak ýaly jenaýatyň öňüni alyp biljek netijeli serişde hökmünde ulanyp bolýandygy nazara alyp bilerler. Beýleki tarapdan bolsa, bu çäreleri görmek barada karara gelen Gatnaşyjy-döwletler wezipeli adamyň kwalifikasiýasyndan mahrum edilmesini wagtlaýyn ýa-da hemişelik bolmalydygyny özleri üçin kesgitlemeli. Şeýle karar şahsyýetiň jeza berlen jenaýatynyň agyrlygyny hem görkezip biler.

Gatnaşyjy-döwletler "doly ýa-da bölekleýin döwletiň eýeçiligindäki kärhanasy" diýen adalga haýsy kärhanalara degişlidigini öz milli düzgünlerine laýyklykda kesgitlemegi makul bilmekleri mümkin.

### II.8. Şahsyýetiň jemgiýetdäki ornunyň dikeldilmegi

Ýokarda bellenilşi ýaly, Konwensiýanyň 30-njy maddasynyň 10-njy paragrafy deň ölçegli jenaýat we goşmaça sanksiýalaryna bolan talaby belläp geçýär. Ýyl kesilen

adamlaryň jemgyýetdäki orunlaryny dikeldilmegiň zerurlygy deň ölçegliligiň ýörelgesine esaslanýar.

Gatnaşyjy-döwletler bu paragrafy maddanyň jeza çykarmak bilen bigünä hasaplamagyň arasynda deňagramlylyk döretmegiň peýdasyna aýdylan agyr sözleri görkezýän bölegi diýip hasaplap hem bilerler. Onuň üstesine-de, Gatnaşyjy-döwletler şol bir ýurdyň raýatlygyny ikilenç almak baradaky düzgün hereket edýän sanksiýalara has uly gerim berýär diýip hasap edip bilerler. Özleriniň jenaýatçyny tussagdan gözegçilikli boşatmak baradaky adaty düzgünlerinden daşary, Gatnaşyjy-döwletler iki tarapyň bähbidine gabat gelýän karara gelmegi mümkin, mysal üçin, jenaýatçyny hökmany jemgiýetçilik işine ýa-da jemgiýete peýdaly meýletin işine çekmek ýaly çäreleri görüp bolar.

**Madda 31. Işleri wagtlaýyn togtatmaklyk, tussag etmeklik we konfiskasiýa etmeklik (emläkden mahrum etmeklik)**

*1. Her Gatnaşyjy-döwlet öz içki hukuk ulgamynyň çäklerinde bolup biljek emläkden mahrum edip biljek mümkinçiligi üpjün etmek üçin gerek boljak çäreleri maksimal derejede kabul edýär:*

*a) şu Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen jenaýatlardan düşen girdejiler ýa-da şeýle girdejileriň bahasyna laýyk gelýän emläk;*

*b) şu Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen jenaýatlary etmekde ulanmak üçin niýetlenen ýa-da ulanylan emläk, enjamlar we beýleki serişdeler;*

*2. Her Gatnaşyjy-döwlet şu maddanyň 1-nji punktunda sanalyp geşilen ýüze çykarmaklyk, yzarlamak, işi togtatmak ýa-da tussag etmek mümkinçiligini üpjün etmek üçin gerek boljak çäreleri kabul edýär.*

*3. Her Gatnaşyjy-döwlet öz içki kanunçylygyna laýyklykda, şu maddanyň 1-nji we 2-nji punktlarynda görkezilen kompetent organlar tarapyndan doňdurylan, tussag edilen ýa-da mahrum edilen emlägiň dolandyrmaklygyny düzgünleşdirmek üçin gerek boljak kanunçylyk we beýleki çäreleri kabul edýär.*

*4. Eger-de jenaýatdan düşen girdejiler bölekleýin ýa-da tutuşlygyna başga emläge öwrülen ýa-da üýtgedilen bolsa, onda şu maddada görkezilen çäreler şeýle emläk babatynda ulanylyp bilner.*

*5. Eger jenaýatdan düşen şeýle girdejiler kanuny çeşmelerden gelen emläk bilen goşulan bolsa, onda emläkden mahrum etmeklik doňdurylmaklyga ýa-da tussag etmeklige niýetlenilen islendik artykmaçlyklara zyýan ýetirmezden goşulan girdejileriň kesgitlenilen (ölçenilen) bahasyna laýyklykda emlägiň diňe şol bölegine degişlidir.*

*6. Jenaýatdan gelen girdejileri öwürmekden ýa-da üýtgetmekden bolan emläkden gelen girdejiler ýa-da beýleki düşewüntler babatynda, şu maddada görkezilen, jenaýatdan gelen girdejiler babatynda ulanylýan çäreler şol görnüşde we şol derejede ulanylyp bilner.*

*7. Şu maddanyň we şu Konwensiýanyň 55-nji maddasyna laýyklykda goýlan maksatlar üçin her Gatnaşyjy-döwlet öz kazyýetlerini ýa-da beýleki kompetent organlary bank, maliýe ýa-da kommersiýa resminamalary bermeklik ýa-da tussag etmeklik baradaky permanlary çap etmeklige ygtyýar berýär. (borçly edýär).*

*Gatnaşyjy-döwlet bank gizlin maglumatlaryň saklanylmak wajyplygyna salgylanyp, şu punktuň kadalaryna laýyklykda çäre görmeklikden boýun gaçyranok.*

*8. Gatnaşyjy-döwlet öz Kanunçylygynyň esasy ýörelgelerine we jenaýat ýa-da başga derňewleriň häsiýetine laýyklykda jenaýatdan düşen ýa-da beýleki emläkden düşen güman edilýän girdejileriň kanuny gelip çykyşyny (çeşmesini) subut etmek üşin jenaýat eden adamdan talap etmekligi kesgitlemek mümkinçiligine seredýär.*

*9. Şu maddanyň düzgünleri akýürekli üçünji tarapa zyýan bermezden düşündirilmelidir.*

*10. Şu maddadaky düzgünleriniň hiç birisi Gatnaşyjy-döwletiň öz içki kanunçylygynyň düzgünlerine laýyklykda we olaryň berjaý edilmek şerti bilen maddada ýörelgä degmezden aýdylýan çäreleri kesgitleýär we olar ýerine ýetirilýär.*

**I. Syn**

31-nji madda 23-nji maddanyñ aýdyňlaşdyrmalar bilen üstüni ýetirýär. 23-nji madda “kim?” diýen soraga jogap berse, 31-nji madda “näme” we “nädip” diýen soraglara jogap berýär. Konfiskasiýa bu kazyýetiñ ýa-da beýleki ygtyýarly häkimiýetiniñ çykaran karary bilen emlägiñ uzak möhletleýin mahrum edilmesini añladýar, şu Konwensiýanyñ 2-nji (g) maddasy bolsa konfiskasiýany jenaýatçylary bikanun ýol bilen gazanan girdeýjilerinden mahrum etmekde iñ ähmiýetli gural diýip düşündirýär. Konwensiýanyñ öne sürýän tertibi bikanun emlägi mahrum etmek baradaky konwensiýasyna esaslanyp, Konwensiýanyñ 2-nji maddasynyñ (e) punktunda beýan edilýär.

Jenaýatçylykly alnan gazanjyñ mahrum edilmegi kanuny ulgamlarynyñ köpüsine eýýäm belli bolan konfiskasiýanyñ beýleki görnüşlerinden tapawutlanmalydyr, mysal üçin: jenaýat gurallaryny mahrum etmeklik we jenaýatda hereket edýan zady mahrum etmeklik. 31-nji (1) maddasy konfiskasiýa görnüşleriniñ üçüsine hem üns berse-de, Konwensiýanyñ öne sürýän tertibinde jenaýatçylykly aynan gazanjyñ mahrum edilmegine has uly üns berilýär.

Ondan başga-da 31-nji madda 4, 5 we 6-njy paragraflaryñ üsti bilen jenaýatçylykly alnan gazanjyñ mahrum etmesiniñ iñ az ölçegdäki çäklerini kesgitleýär. Goşmaça çäre hökmünde, 8-nji paragraf Gatnaşyjy-döwletlere gazanjyñ gelip çykyşyny kesgitlemegi añsatlaşdyrmak üçin günäni subut etmegiń agyr ýükini aradan aýyrmagy maslahat edýär. Şeýle ýörelge eýýäm birnäçe ýurtlaryñ kanunçylygynda giñden ulanylýar. Emma ol günälenýän şahsyýetiñ günäsiz bolmagynyñ ahmal bolan ýagdaýlaryna degişli däl.

Ýokarda agzalyp geçilen minimum talaplara garamazdan, Gatnaşyjy-döwletler bu ulgamy aşakdaky soraglara jogap bermek maksady bilen güýje girizmek üçin bar bolan syýasatlaryñ giñ görnüşlerinden peýadalanyp bilerler. Ýagny:

- emlägiñ bahasyna esaslanan mahrum etmek ulgamynyñ garşysyna emlägiñ hiline esaslanan mahrum etmek ulgamyna artykmaç hukugy bermelimi;
- Jenaýata esaslanan emlägi mahrum etmek ulgamyna goşmaça raýat işine esaslanan emlägi mahrum etmek ulgamyna artykmaç hukugy bermekligi göz öñünde tutmalymy;
- Dikeldiji ýa-da berkidiji çäreleriñ garşysyna, korrupsiýa jenaýaty netijesinde gazanylan emlägiñ mahrum edilmegi jenaýat sanksiýasy hökmünde hasap etmelimi ýa-da nähili ýagdaýlarda, we;

- Belli şahsyýete degişli jenaýat işiniñ garşysyna belli bir zada degişli işleri aýratyn belläp geçmelimi.

Emlägi mahrum etmek maksady bilen ony tussag etmek, doñdurmak ýa-da bolmasa hereketsizlendirmek ýaly deslapky çäreleriñ ulgamy korrupsiýa degişli jenaýatçylary bikanun gazanylan emläklerinden mahrum etmegiñ syýasatyna örän wajyp goşmaça bolup durýar. 2-nji paragraf Gatnaşyjy-döwletlerden şeýle çäreleri görmeklerini talap edýär, maddanyñ 3-nji paragrafy bolsa Gatnaşyjy-döwletlerden emlagiñ ykbaly kazyýet ýa-da beýleki ygtyýarly häkimiýet tarapyndan çözülmänkä, emlägi dolandyrmaga mümkinçilik berýän ulgamlary durmuşa geçirmeklerini talap edýär.

31-nji madda konfiskasiýa tertibiniñ beýleki möhüm alamatlarynyñ ikisini, ýagny halkara hyzmatdaşlyk (7 punkt) we üçünji tarapyñ hukuklaryny goramak (9 punkt) üpjün etmek üçin ýörite çäreleri görmeklerini talap edýär.

## II. Konfiskasiýanyñ görnüşleri

31-nji (1) madda Gatnaşyjy-döwletlerden emlägi mahrum etmekligiñ 2 dürli görnüşlerini güýje girizmek üçin gerekli bolan çäreleri görmeklerini talap edýär, ýagny:
(1) (a) – Jenaýatçylykly alnan gazanjyñ mahrum edilmegi;
(1) (b) – Jenaýat gurallarynyñ mahrum edilmegi.
(1) (b) Konwensiýa laýyklykda tassyklanan jenaýatlarda ulanylan ýa-da ulanmaga niýetlenen “emläge, enjamlara ýa-da gurallara” degişlidir. Jenaýat gurallarynyñ mahrum etmekligiñ añyrsynda bu gurallaryñ jenaýat üçin zyýanly usulda ulanylandygy sebäpli döwlet şeýle jenaýatyñ gaýtalanmazlygyny üpjün etmeli diýen pikir bar. Ol jenaýaty etmekde ulanylan zatlary onuñ ýaramaz netijeleri bilen fiziki taýdan baglanyşdyrýar. Aslyýetinde, jenaýat gurallarynyñ mahrum edilmegi jeza beriji çäre bolup durýar we günäkäre jeza çykarmak bilen ony ýaramaz usulda ulanan emläginden mahrum etmek bilen baglydyr.

Ondan daşary, bu konsepsiýa jenaýat hereketi etmek ücin gerek bolan serişdeleri hem öz içine alýar. Olar jenaýata degişli göni, ýagny resmi hatlar, matrisalar, kompýuter programmalary, ýa-da göni däl, ýagny pasporty galplaşdyrmak ýaly gurallar degişli bolup biler. Bu şerişdeler köplenç ýok edilýär we şeýlelikde olaryñ gaýtadan bikanun ulanylmagyna päsgel berýär. Bu bolsa konfiskasiýanyñ añyrsyndaky nazaryýetiñ öñüni alyş häsiýete eýedigini görkezýär. Konfiskasiýanyñ bu görnüşiniñ goraýjylyk häsiýeti has uludyr, şol bir wagtda jeza çykaryjy çäre hasaplanmaýar. Şeýlelik-de, neşäniñ ýok edilmesi jenaýatça temmi bermek üçin däl-de jemgiýeti goramak üçin ulanylýar.

Oña gapma-garşylykda, maddanyñ 1-nji (a) punkty Gatnaşýjy döwletlerden jenaýatçylyk ýoly bilen alnan gazançlary mahrum etmäge mümkinçilik döredýan çäreleri görmeklerini talap edýär.

Konwensiýanyñ 2-nji maddasynyñ (e) we (g) punktlarynda kesgitlenilişi ýaly, jenaýatçylyk ýoly bilen alnan gazançlar mahrum etmeklik emlägiñ ýa-da beýleki gymmatly maddy serişdeleriñ kazyýetiñ ýa-da beýleki ygtyýarlykly häkimiýetiñ karary bilen uzakmöhletleýin mahrum edilmekligi añladýar.

## III.Konfiskasiýanyñ modelleri

Maddanyñ 1-nji punktunda mysal edip getirilýän syýasat konfiskasiýanyñ iki görnüşini göz öñünde tutýar: serişdeleriñ, ýagny Konwensiýa laýyklykda kesgitlenilen jenaýatlaryñ netijesinde alnan gazançlardan mahrum etmeklik, hem-de gymmaty şol gazançlara deñ

bolan emlägiñ mahrum edilmegi. Şeýle tapawut eýeçilik hukuklarynyñ bozulan ýagdaýlaryna degişlidir. Serişdeleriñ konfiskasiýasy gazançlaryñ döwlete geçmelidigini añladýar, gymmaty gazanjyñ gymmatyna deñ gelýän emlägiñ konfiskasiýasy bolsa, jenaýat eden adamyñ belli bir mukdardaky jerimäniñ tölenmegini göz öñünde tutýar. Jerimäniñ mukdary köplenç jenaýatdan gazanylan gazanja deñ bolup, ol dürli görnüşlerde we şekilde tölenip bilner.

Serişdeleriñ konfiskasiýa ulgamy jenaýat we emlägiñ arasyndaky gatnaşyklaryñ esasynda gurulýar. Şuña meñzeş konfiskasiýanyñ nusgasy jenaýatyñ gurallaryny mahrum etmekde hem ulanylýar. Bu babatda käbir düşünjeler nazara alynmalydyr:

- Serişdeleriñ konfiskasiýa ulgamy emlägiñ çyn eýesiniñ kimdigine garamazdan hereket edýär. Şonuñ üçin hem jenaýat işinde üçünji taraplaryñ goralmagynyñ zerurlygy ýüze çykýar. Bu barada maddanyñ 9-njy punktunda giñişleýin aýdylýar.
- Serişdeleriñ konfiskasiýa ulgamynyñ özi emlägiñ konfiskasiýa etmek baradaky kararynyñ çykarylmagyndan öñ sowulmagy sebäpli ýa-da emlägi yzyrlap bolmadyk ýagdaýynda adalatsyz netijelere getirip biler.

Jenaýat işler köplenç degişli serişdeleriniñ konfiskasiýasy hem jenaýat hem-de raýat sud işlerinde ulanylyp bilner. Käbir ýurtlaryñ kazyýetleri jenaýat etmekligiñ üsti bilen alnan gazançlaryñ konfiskasiýasyna jeza beriji çäre hökmünde garasalar, beýleki ýurtlaryñ kazyýetleri jenajatçylykly alnan gazançlaryñ konfiskasiýasyny, raýat kazyýet işlerine we serişdeleriñ konfiskasiýa görnüşine esaslanýan dikeldiş çäre hökmünde hasaplaýarlar. Netijede, serişdeleriñ konfiskasiýa ulgamynda, jenaýat eden adamyñ hukukly edaranyń üsti bilen girdejilerini gizläp bilendiginiń mümkinçiligi göz öńünde tutulmaly.

Deslapky pursatda, emlägi konfiskasiýa etmek ulgamy gönüden-göni jenaýatçylyga degişli bolmadyk, emma jenaýatdan alnan pullara satyn alnan gazanja we emläge garşy gönükdirilip bilner. Şeýlelikde, jenaýat etmekligiñ üsti bilen gazanylan şol pullary yzyrlamagyň deregine, hukuk goraýjy edaralardan jenaýat üsti bilen gazanylan pullaryň möçberini kesgitläp, şol möçberdäki emlägi ýa-da pullary jenaýat eden adamyñ bar bolan hasabyndan konfiskasiýa etmeklik galýär.

Bu ulgam serişdeleriň konfiskasiýa etmeklik ulgamyndan tapawutlandyrýan ýene-de bir aýratynlygy–emlägi konfiskasiýa etmeklik ulgamyny ulanylanda, jenaýatçynyň göni ýa-da göni däl gazançlary bilen iş salyşmagyň ýa-da garylan serişdeleriň kanunalaýyk ýa-da bikanun gazanylandygyny anyklamgyň hiç zerurlygy ýok. Mahrum edilmeli emlägiñ bahasy kesgitlenilende, konfiskasiýa edilmeli emlägiñ gelip çykyşynyň ähmiýeti ýok.

Üçünjiden, emlägi konfiskasiýa etmeklik diňe jenaýatçynyň eýeçiliginde bolan emläge degişli bolup, eger-de jenaýatdan soň emläge bolan hukular üçünji tarapa geçirilen bolsa, ol emlägi mahrum etmäge hukugy bolmaýar. Elbetde, jenaýatçynyň özüniň ähli emlägini beýleki fiziki şahsa ýa-da hukukly edara geçiren we öz adyna hiç-hili emlägi bolmadyk ýagdaýynda bu ulgam belli bir päsgelçilik döredip bilýär. Bu meselede, näme bolsa-da, jedelleşip bolar, sebäbi şeýle emlägi edinýän her bir şahs has dogrusy haram pullary ýuwmak jenaýatyna degişli bolup, onuň netijesinde alnan gazanç bolsa 23-nji maddada aýdylyşy ýaly mahrum edilmeklige degişlidir. Şeýlelikde, bikanun alnan gazanç emlägi konfiskasiýa etmeklik ulgamyna laýyklykda mahrum edilip bilner.
Käbir ýurtlaryň hukuk goraýjy edalary emlägi konfiskasiýa etmeklik ulgamyna göwün berip, şol bir wagtda raýat kanun däplerine eýerýän ýurtlaryň hukuk goraýjy edaralary bolsa emlagi konfiskasiýa etmeklik ulgamyna serişdeleriň konfiskasiýa etmeklik

ulgamynyň ikinji derejeli alternatiwasy hökmünde garaýarlar. Gatnaşyjy-döwletler bu ulgamlaryň ikisini hem kabul edip bilerler we her bir aýry ýagdaýda olaryň haýsy amatly bolsa şony ulanyp bilerler.

### IV. Haýsy gazançlar konfiskasiýa etmeklige degişli diýip hasaplanýar

31-nji maddanyň 4-nji, 5-nji we 6-njy paragraflarynda bu maddany ýerine ýetirmek üçin gerek çäreleriň käbirleri agzalyp geçilýär.

#### Paragraf 4

Bikanun gazançlar başga emläge öwürilen ýa-da geçirilen ýagdaýlara degişli. Bu ýagdaýda, Gatnaşyjy-döwletlerden jenaýata degişli bolan serişdeleri däl-de, olaryň öwürlen ýa-da geçirilen emlägi mahrum etmeklerini talap edýär.

Hukuk goraýjy edaralara emlägi yzarlamakda päsgel bermek maksady bilen jenaýatçylar bikanun gazanylan girdeýjilerden mümkin boldugyça tizräk dynmaga synanşjakdyklaryny göz öňünde tutsaň, potensial oňät niýetli üçünji taraplar bilen dawalardan gaçmak üçin we derňew hem-de kazyýet işine kömek bermek üçin, öňden kesgitlenilen düzgünleriň göz öňünde tutulmagy, serişdeleri konfiskasiya etmeklik ulgamynda uly ähmiýete eýe bolup biler. Bu düzgün emlägi konfiskasiya etmeklik ulgamynyň aňyrsynda duran şol bir pikiri şöhlenlendirýär we jenaýat eden adama bikanun girdeýjileriň üsti bilen baýamaga mümkinçilik berenok.

Bu düzgün "haram emläk" diýen pikiriniň tarapdary bolup, şeýlelikde "haram emläk" "arassa emläge" çalşylanda, arassa emläk harama öwürilýar. Arassa pullary kabul etmekde kynçylyk döremez ýaly, käbir ýurtlar ýörite talaplary işläp düzdiler we şol talaplara laýyklykda kanunçýlyk pullaryň hasapdan hasaba geçirilmegi we hasaba kabul edilmegi gaýtalanýandygyna garamazdan emlägiň halal däldigi baradaky düşünjesini ýatyranok.

#### Paragraf 5

Bu paragrafda aýdylýan zatlar bikanun gazançlarynyñ kanunalaýyk çeşmelerden gelip çykan emläk bilen garyşdyrmak ýagdaýlara degişli. Özara garyşdyrylan şeýle emlägi bikanun gazanylan gazanjyñ bahasyna gabat gelýän möçberde mahrum edilmegi Gatnaşyjy-döwletlerden talap edilýär.

Ýokarda bellenilişi ýaly, konfiskasiýa ulgamy serişdeleriñ konfiskasiýa ulgamynyñ çäklerinde hereket eden wagty bu ýagdaýlaryñ ikisi hem belli bir kynçylyklary döredip biler, sebäbi bu ulgam hukuk goraýjy edaralardan haýsy emlägiñ bikanun ýol bilen gazanylandygyny anyklamaklaryny talap edýär. Şeýlede bolsa, emlägiñ konfiskasiýa etmeklik ulgamy hereket edende, şeýle kynçylyklar bu ýagdaýlaryñ hiç birinde hem döremeýär.

#### Paragraf 6

Bu paragrafda agzalyp geçilýän düzgünler Gatnaşyjy-döwletlerden bikanun ýol bilen alnan diñe bir esasy gazanjy däl-de, eýsem goşmaça gazançlaryñ ählisini hem konfiskasiýa edilmegini talap edýär. Ýagny, esasy gazançlar diýip biz esasan gönüden-göni jenaýat üsti bilen alnan gazançlary atlandyrýarys, mysal üçin, 100,000 Amerikan dollary möçberdäki para almaklyk. Goşmaça gazanç diýip aýdanymyzda, biz esasy gazançdan peýda bolan girdejini, ýagny bankdan alynýan göterimleri (prosentleri) ýa-da

esasy gazanjyñ maýa hökmünde ulanylyp, onuñ netijesinde gazanylan goşmaça girdejileri göz öñümizde tutýarys. Bu babatda, şu Konwensiýa Gatnaşyjy-döwletlerden hem esasy hem-de goşmaça gazançlary hökmany suratda konfiskasiýa edilmegini göz öñünde tutmaklaryny talap edýär.

2-nji maddada getirilýän bikanun gazançlaryñ düşündirilişi “jenaýat üsti bilen gazanylan emläk” we “jenaýatdan gelip çykan emläk” ýaly düşünjileri öz içine alsa-da, bu paragrafda jenaýatdan gelip çykan girdejiler we beýleki gazançlar barada jikme-jik aýdylýar we 4-ji hem-de 5-nji paragraflarda mysal getirilen ýagdaýlaryñ netijesinde gazanylan girdejilere degişli bolup durýar. Başga-ça aýdanyñda, bikanun girdejileriñ kömegi bilen alnan ähli gazançlar kanunalaýyk ýol bilen alnan ýagdaýynda hem konfikasiýa edilmeklige degişlidir.

### V. Konfiskasiýanyñ bolup biljek ýagdaýynda görülmeli çäreler

Jenaýatçylary özleriniñ bikanun hereketleriniñ netijesinde gazanan serişdelerininden üstünlikli mahrum etmek üçin, 31-nji maddanyñ 2-nji paragrafy Gatnaşyjy-döwletlerden konfiskasiýa edilmeklige degişli emlägi kesgitlemek, yzarlamak, tussag etmek, ýa-da doñdurmak üçin gerek bolan çäreleri görmeklerini talap edýär.

Emlägiñ kesgitlenilmegi we yzarlanylmagy babatynda aýdylanda, Gatnaşyjy-döwletler özleriniñ hukuk goraýjy edaralaryny, ygtybarly administratiw we ýuridiki häkimiýetlerini konfiskasiýa edilmeklige degişli bolan emläge we hukuklara gözegçilik etmek hukugy berýän ygtyýarlyklar bilen üpjün etmekligi islemekleri mümkin. Bikanun emlägi anyklamaga mümkinçilik berýän çäreler yurt möçberinde ýola goýlanda, degişli häkimiýetler diñe bir zerur bolan derñewi geçirmek we resmi hatlardan peýdalanmak daşary banklar, gozgalmaýan emläk, maşynlar we hukukly edaralar barada maglumat saklaýan maglumat bazasyndan peýdalanmak ýaly ygtyýarlyklar bilen üpjün edilmelidirler. Eger-de şeýle maglumat bazalar ýöredilmesi, Gatnaşyjy-döwletler olaryñ döredilmegi barada çynlakaý pikirlenmelidir, sebäbi olaryñ kömegi bilen zerur subutnamalar wagtynda ýygnap bolar. Konfiskasiýa edilmeklige degişli emlägi anyklamaga we yzarlamaga hukuk berýän ygtyýarlyklar ähli hukuk goraýjy edaralar üçin esasy derñew guraly hökmünde garalmalydyr. Hasabat beriş işini ýerine ýetirýän we bu işi dolandyrýan edaralar bolsa, konfiskasiýa edilmegine degişli bolup biljek emlägi anyklamaga we onuñ üstüni açmaga jogapkärli bolup, şeýle maglumaty degişli hukuk goraýjy edaralara tabşyrmaga borçludyrlar.

Ondan başga-da, hukuk goraýjy edaralara üçünji şahsyñ, ýagny maşgala agzasynyñ ýa-da başga şahsyñ kömegi bilen hakyky eýesini gizlenendigi baradaky subutnamalary ýygnamaga kömek edip biljek çäreleriñ kämilleşdirmekleri maslahat berilýär. Galp başlyklaryń köplenç bikanun pullary ýuwmak we olary gizlemek ýaly jenaýatlara dahylly bolup bilýandigi sebäpli, hyzmatdaşlygyń dürli görnüşleri olar bilen gatnaşygy ýola goýmakda peýdalydygyny subut etdiler.

Emlägiñ tussag edilmegi we doñdurulmagy babatynda aýdalanda, Gatnaşyjy-döwletleriñ şu aşakda getirilen ýagdaýlara üns bermekleri maslahat berilýär:

- Ygtyýarly häkimiýetler derñew işiniñ iñ başynda goşmaça çäreleri görmäge ygtyýarlandyrylmaly. Nitejeliligi ýokarlandyrmak üçin, emlägiñ tussag edilmegi ýa-da doñdurylmasy birtaraplaýyn ýagdaýda we öñünden habar berilmezden geçirilmelidir.

- ýuridiki ygtyýarlandyrma gerek ýagdaýynda-köplenç bu çäreleriñ esasy hukuklara kast edýan ýagdaýlara degişli-ygtyýarlandyrma yza süýşürilmez ýaly we derñewe päsgel bermez ýaly çäreler wagtynda görülmelidir. Bu çäreleri beýleki edaralar bilen utgaşdyrmagyñ zerurlygy ýüze çykan ýagdaýlarynda, olaryñ wagtynda kabul edilmegine esasy ünsi gönükdirmelidir.

- Gatnaşyjy-döwletler haram pullary ýuwmak jenaýatyna garşy düzgünlere laýyklykda şübheli ylalaşyklar baradaky hasabata degişli girdejileri doñdurylmagy üçin aýratyn ulgamyñ döredilmeginiñ artykmaçlyklaryny göz öñünde tutmalydyrlar. Adaty ýuridiki ygtyýarlandyrmadan daşary, nazara alyp boljak ulgamlaryñ ýene-de ikisi bar: ýagny doñdurmaklygyñ administratiw we awtomatiki ulgamlary. Doñdurmaklygyñ administratiw ulgamyna laýyklykda, şübheli ylalaşyklar barada hasabaty kabul edýän edara – mysal üçin, Maliýe Agratma Bölümi doñdurmaklyk ýa-da hiç hili çäreleri görmezlik baradaky karary kabul etmäge ygtyýarlygy bar, emma onuñ karary gysga wagtyñ içinde ýuridiki taýdan tassyklanylmaly. Awtomatiki hereketsizlendirmeklik ulgamynda bolsa, gözegçilik edýän edara şeýle hasabaty kabul edenden soñ ylalaşykda hereket edýan maliýe serişdeleri müşderini öñünden habarly etmezden wagtlaýynça doñdurmaklyga borçlydyr. Ygtyýarly häkimiýetler bolsa bu maliýe serişdeleri hereketsiz galdyrmak ýa-da boşatmak baradaky netijä gysga wagtyñ içinde gelmelidir. Bu ýagdaýlaryñ ikisinde hem, kabul edilen karar hukuk goraýjy edaralaryñ alyp barýan işleriniñ netijeligini ýokarlandyrmak we emlägi wagtynda doñdurmak üçin zerur bolup durýar. Ýene-de bir netijeli görnüşi bolsa şu aşakdaky talaba esaslanyp biler, ýagny şübheli ylalaşyk baradaky hasabatyñ netijesinde, Maliýe Agratma Bölümi adaty hasabat ýörediş işini rugsat edip, şol bir wagtda hasabat beriş edarasyndan ylalaşyklaryñ gidişi barada wagtal-wagtal hasabat bermeklerini talap edip biler.
- Serişdeleri hem-de emlägi konfiskasiýa etmeklik ulgamyndan peýdalanýan Gatnaşyjy-döwletler diñe bir jenaýata degişli ýa-da onuñ netijesinde alnan girdeýjileri däl-de, eýsem kazyýet karary netijesinde kompensasiýa hökmünde tölenmeli emlägi we maliýe serişdeleri doñdurmaga hukuklary bardygy bilmelidirler. Ondan daşary, jenaýata degişli emläk başga ýurdyñ yurisdiksiýasynda saklanýan ýagdaýynda, Gatnaşyjy-döwletler oña derek jenaýata degişli bolmadyk, emma jenaýatçynyñ eýeçiliginde bolan emlägi döndurmaga doly hukugy bar.

31-nji maddanyñ 7-nji paragrafy Gatnaşyjy-döwletlerden özleriniñ kazyýetlerini banklaryñ, maliýe we täjirçilik edaralaryñ hasabatlaryny, olaryñ emlägini tussag etmek, doñdurmak we mahrum etmek maksady bilen daşary ýurt häkimiýeti tarapyndan talap edilen ýagdaýlarynda elýeter etmäge hukuk berýän ygtyýärlyklar bilen üpjün etmeklerini talap edýär.
31-nji maddanyñ 3-nji paragrafy Gatnaşyjy-döwletlerden doñdurylan, tussag edilen ýa-da mahrum edilen emlägiñ dolandyrylyşyna gözegçilik etmek üçin gerek bolan çäreleri kabul etmeklerini talap edýär. Aşakda getirilen meseleler bu babatda esasan hem jenaýat işi köplenç başga bir wagta goýlup bilýän ýurtlarda göz öñünde tutulmalydyr:

- Birinjiden, doñduryp bolýan emlägiñ görnüşleri özara tapawutlanyp bilýändikleri sebäpli, hereket edýän ulgam emlägiñ her bir görnüşi boýunça bilim alan hünärmenleri doñdurylan emlägi dolandyrmak maksady üçin bellenmeklerini üpjün etmelidir.

Bu esasan hem çylşyrymly işlerde zerur bolmagy mümkin. Mysal üçin, emlägi däl-de bütin kärhanany konfiskasiýa baradaky işlerde. Pul serişdeleri mahrum edilende bolsa, olaryň ygtyýarly edaranyň hasabyna geçirmegiň özi hem ýeterlik bolup biler. Arada gozgalmaýan emläk duranda, Gatnaşyjy-döwletler ony başga adama geçirmek hukugyny çäklendirmek baradaky karara gelmegi mümkin, emma ony ulanmak we dolandyrmak hukugyny eýesine goýmak hem ýeterlikdir.

- Ikinjiden, hereket edýän ulgam döwlete has uly zyýan ýetirmez ýaly degişli barlaglaryň, balansy düzmegiň, gözegçilik etmegiň, hem-de proporsional sanksiýalary görmekligiň üsti bilen doňdurylan emlägiň hyýanatçylykly peýdalanmagynyň öňüni almaly. Pul serideleriniň dolandyryşynyň öz-özi döwlete gymmat bolup çykmagy mümkinçiligi sebäpli, döwlete özüni ödemejek çykdajylar döremez ýaly dolandyryşyň dürli görnüşleri prosesual kadalarda göz öňünde tutulmalydyr.

- Üçünjiden bolsa, Gatnaşyjy-döwletler doňdurylan ýa-da tussag edilen emlägiň eýesi netijede emlägi konfiskasiýa edilmedik ýagdaýynda, oňa ýetirilen zyýan üçin kompensasiý talap edip biler.

## VI. Kazyýetiň çykaran kararynyň ýatyrylmagy/subut etmekligiň kynçylygyny ýeňilleşdirmek

Paragraf 8 - Gatnaşyjy-döwletlere çak edilýän bikanun gazanylan girdeýjileriň gelip çykyşyna garanyňda, subut etmekligiň agyrlyk derejesiniň peseldilmek mümkinçiligini göz öňünde tutmaklaryny maslahat berýar.

Emma bu maslahat subut etmekligiň agyr derejesini ýatyrylmagyndan tapawutlandyrylmaly we
jenaýatyň düzümine laýyklykda ulanylmaly. Şeýle ýörite usuly üstünlikli kabul eden ýurtlar, ony esasan jenaýat eden adamyň günäsi kazyýet üsti bilen subut edilenden soň geçirilýän emlägi mahrum etmekilk baradaky kazyýet işlerinde ulanýarlar.

Bu maslahatdan peýdalanmagyň üstünde pikirlenenlerinde, Gatnaşyjy-döwletler şu aşakdakylary nazara alyp bilerler:

Käbir ýurtlar kanunçylyk ulgamynyň şeýle görnüşini kabul edip, neşe bilen bagly jenaýatlaryň, gurnalan jenaýatyň we haram pullary ýuwmaklygyň netijesinde gazanylan emläge gezek gelende, günäligi subut etmekligiň derejesini peseltmekligiň mümkinçiligini göýberýärler. Bu ýurtlar şu görnüşli hereketi şeýle düşündirýärler, ýagny şahsyýet ýokarda agzalan jenaýatlaryň haýsy hem bolsa birinde günäkärlense we jenaýatçy öz emläginiň gelip çykyşyny subut edip bilmedik ýagdaýynda ýa-da onuň emlägi işinden gelýän gazançlaryndan ep-esli artýan bolsa, onuň emlägi hökmany ýagdaýda konfiskasiýa edilýär. Şeýle ýagdaý ýüze çykanda, jenaýat eden adamyň gazanjynyň gönüden-göni jenaýatyň üsti bilen alnandygyny subut etmekligiň zerurlygy ýok; eger-de jenaýatçy öz emläginiň gelip çykyşyny subut edip bilmese, onuň emlägi bikanun ýol bilen gazanylmadyk bolsa-da (onuň üçünji tarapa degişli bolmadyk ýagdaýynda) hökümetiň şeýle emlägi mahrum etmäge hukugy bar diýip hasaplanylýar.

Başga bir ýurtlarda bolsa emlägiň awtomatik usulda mahrum edilmegi göz öňunde tutulýär. Şu hili ygtyýarlyk jenaýat eden şahsyň neşe bilen bagly jenaýatda, haram pullary ýuwmakda, adamlaryň söwdasynda we kezzaplykda günäkär diýip ykrar edilen ýagdaýlarda ulanylýar. Degişli düzgünler, konfiskasiýa edilmeklige degişli emläk we

jenaýat eden adamyñ hususy eýeçiligindäki ýa-da onuň eýeçiliginiň astyndaky ähli emläk bikanun gazançdyr diýlen düşünjä esaslanan puç etmekligiñ prezumpsiýäsyny döredýär. Jenaýat eden şahsyñ günäsi ykrar edilenden soň, onuñ emlägini mahrum etmeklikden goramak üçin aklawçy ol emlägiň kanunalaýyk gelip çykyşyny subut edýän delilleri kazyýetiň garamagyna hödürlemeli. Eger-de aklawçylar emlägiň jenaýatda ulanylandygyny ýä-da onuň netijesinde gazanylandygyny ret edip biljek subutnamalary hödürläp bilmese, onda kazyýet şeýle emlägiñ bikanun ýol bilen gazanyldy diýlen karara gelýar, we bu emlägi mahrum etmeli diýlen çözgüdi kabul edýär.

Bu çemeleşmäniň beýleki görňüşlerini biz beýleki ýurtlarda hem synlap bilýäris. Olar günäni subut etmekligiň agyr derejesini doly ýatyrmasalar-da, oňa derek günälenýän şahsyýetiň günäsi şühbesiz subut edilenden soň, mahrum edilmeli emlägiň möçberiniň san agdyklygynyň kömegi bilen kesgitlenilýär. Prezident kanuny "arassa girdeji" baradaky subutnamany gazanjyň gelip çykyşyny anyklamagyň goşmaça usuly hökmünde tassyklady. Tejribede, "arassa girdejiniň" usuly kanunalaýyk gazanylan girdejileri jenaýatçynyň eýeçiligindäki emlägiň bahasyndan tapawutlandyrylmagyny göz öňünde tutýar.

Ýurtlaryñ käbirlerinde bolsa, jenaýatçylyk kodeksi gurnalan jenaýatda günäkär diýip ykrar edilen şahsyýetiň eýeçiligindäki emläk jenaýat guramasynyň gözegçiliginiň astyndadygy barada çak etmeklige sebäp berýän pikiri öňe sürýar. Şeýlelikde prokurarlara emlägiň gelip çykyşyny anyklanmaga zerurlyk ýokdur. Emläk jenaýat guramasynyň gözegçiliginiň astynda bolup bilmekligiň özi şol emläk kanunalaýyk gazanylan bolsa-da ony haram diýip hasaplamaga esas berýar. Emlägiň eýesi şeýle düzgüni puja çykaryp hem biler, emma bu ýagdaýda ol emlägiň gelip çykyşyny subut etmekligiñ agyr ýüküni özi çekmeli bolar.

Umumy jenaýatlaryň ulgamy, haram pullary ýuwmak jenaýaty bilen bagly jenaýatlara gezek gelende şu maddada Gatnaşyjy-döwletlere berilýän maslahatlaryň durmuşa geçirilmegine şert döretmeli.

Jemläp aýdanymyzda, şahsyýetiň günäsi doly ykrar edilenden soň, subut ediş serişdeleriniň jenaýata degişli däl ülňelerini kabul edýan ýörite hukuk goraýyş düzgünlere goşmaça, käbir ýurtlaryň kanunçylyk ulgamlary emlägi mahrum etmekligiň raýat subutnamalarynyň artykmaçlygynyň ülňesine esaslanýan düzgünleri kabul etdiler.

## VII. Halal üçünji taraplaryň goralmagy

9-njy paragraf Gatnaşyjy-döwletlerden bu maddada talap edilýan düzgünleri olaryň halal üçünji taraplaryň hukuklaryna zyýan ýetirip biljek ýagdaýynda ýerine ýetirmezligini talap edýär. Emma bu konwensiýa üçünji taraplara öz hukuklaryny goramak üçin nähili we haýsy derejede kazyýet goralmasyndan peýdalanyp bilýändiklerini añlatmaýar. Şeýlelikde, bu düzgüniň ýerine ýetiriljek wagty Gatnaşyjy-döwletler käbir ýurtlaryň kanunçylyk ulgamlary tussag edilen emlägine hukuklaryny bildirýän üçünji taraplar üçin ýörite düzgün kabul edendikleri barada bilmeklerini islemekleri mümkin. Prokuror bolsa şeýle ýagdaýda dalaşgäriň emläge hukuklarynyň bardygyny ýa-da ýoklugyny anyklaýar we:

- Dalaşgäriň jenaýaty gizlemek maksady bilen hereket edýändigini ýa-da onuň jenaýata degişliligini anyklaýar;

- Emläge bolan gyzyklanmasynyň kanunalaýyklygyny barlaýar;

- Ol emlägi kanuna we täjirçilik tejribesine laýyklykda gazanylandygy anyklaýar;

- Emläk döwlet tarapyndan hasaba alynmalymy ýa-da beýleki administratiw düzgünleriň geçirilmeginiň zerurlygyny öwrenýär. Bu esasan gozgalmaýan emläge degişlidir.

- Emlägi atdan-ada geçirilmegi kynçylyk bilen geçdimi we bazardaky bahalara gabat gelýärmi diýen soraglara jogap bermeli.

**Madda 32. Şaýatlaryň, ekspertleriň we zyýan çekenleriň goralmagy**

*1. Her Gatnaşyjy-döwlet öz içki hukuk ulgamyna laýyklykda we öz mümkinçilikleriniň çäklerinde şu Konwensiýa laýyklykda jenaýat bilen baglanyşykly görkezme berýän şaýatlar we ekspertler, zerur ýagdaýlarda olaryň garyndaşlary we beýleki ýakyn adamlary babatynda bolup biljek ar almalardan ýa-da gorkuzmalardan netijeli goragy üpjün etmek üçin çäreler kabul edýär.*

*2. Şu maddanyň 1-nji punktunda günäkärlenýäniň, dogry ýerine ýetirilen derňew geçirilmegini hem öz içine almak bilen, hukuklaryna zyýan ýetirmezden şu aşakdakylary öz içine alýar:*

*a) şeýle fiziki şahslaryň goralmagy üşin proseduralary kesgitleýar, meselem, zerurlyk derejesine we tejribede ýetirilip boljak derejesine laýyklykda, olaryň başga ýere göçüp gitmekligi we şeýle ýagdaýlarda rugsat berilýän ýagdaýlaryñ kabul edilmegi; şeýle adamlaryň şahsyýetine we bolýan ýerleri baradaky maglumatlary aýtmazlyk, ýa-da şeýle maglumatlaryň berilmeginiň çäklendirilmelerini kabul edýärler.*

*b) şaýatlara we ekspertlere görkezme bermäge mümkinçilik berýän subut etmekligiň düzgünleriniň kabul edilmegi, ýagny, şeýle adamlaryň howpsuzlygyny üpjün edýär, meselem, olara wideoaragatnaşygy ýa-da beýleki aragatnaşyk serişdeleriniň kömegi bilen görkezme bermeklige rugsat etmeklik.*

*3. Her Gatnaşyjy-döwlet şu maddanyň 1-nji punktunda görkezilen adamlaryň göçüp gitmekligi babatynda beýleki döwletler bilen ylalaşyklary baglaşmak ýa-da gepleşikleri geşirmek mümkinçiligine seredýär.*

*4. Şu maddanyň düzgünleri şaýat hökmünde ejir çekenler babatynda hem ulanylýar.*

*5. Her Gatnaşyjy-döwlet öz içki kanunçylygyna laýyklykda gorag hukugyna zyýan ýetirmezden jenaýat etmişini eden şahslar babatynda jenaýat işiniň tapgyrlarynda ejir çekenleriň pikirlerini we howatyrlanmalaryny berilmegini we olary öwrenmek mümkinçiligini döredýär.*

**I. Syn**

Bu Konwensiýa şaýatlaryň, bilermenleriň we zyýan çeken taraplaryň goralmagyny adalatlyga päsgel bermek ýäly jenaýatlara garşy hereket edýän jenaýatçylyk kanuny düzgünleriň ähmiýetli bölegi hökmünde garaýar.

32-nji madda hem hökmany hem-de hökmany däl düzgünleri öz içine alýar. Hökmany düzgün hökmünde 32-nji maddanyň (1) paragrafy Gatnaşyjy-döwletlerden özleriniň içki

kanunçylyk ulgamlaryna we bar bolan serişdelerine laýyklykda Konwensiýada agzalyp geçilýän jenaýat işlerinde görkezme berýän şaýatlary we bilermenleri üçin we şol sanda olaryň garyndaşlaryny we golaý adamlary bolup biljek adamlary gorkuzmadan we ar almadan netijeli goramagyny üpjün edip biljek çäreleri kabul etmeklerini talap edýär. 2-nji paragraf 1-nji paragrafyň talabyna görä şaýatlara we bilermenlere gerek bolan goragy üpjün etmek üçin Gatnaşyjy-döwletler tarapyndan ýerine ýetirilip bilinjek käbir çäreleri mysal hökmünde getirýär. 2-nji paragrafda şahsyýetleri gorkuzmakdan we ar almaklykdan fiziki taýdan goramak çäreleriniň düzgünine esasy üns berilse, 2-nji paragrafyň a) bölümçesi şaýatlaryň we bilermenleriň howpsuzlygyny üpjün edip biljek şaýatlyk etmekligiň kadalaryna üns berýär.

Goramak çärelerini iki sany esasy topara bölüp bolýar: birinji topar şahsyýetleri fiziki taýdan goramaga gönükdirilen çärelerden we şaýatlaryň hem-de bilermenleriň howpsuzlygyny üpjün edip boljak ýagdaýynda şaýatlyk etmekligiň kadalaryndan ybarat. Mysal üçin, aragatnaşyk tehnologiýalarynyň, ýagny wideo we beýleki serişdeleriň kömegi bilen şaýatlyk etmek. Ikinji toparýň çärelerine laýyklykda, Gatnaşyjy-döwletler şaýatlara kazyýet işi başlaýança we doly tamamlanýança uzak möhletleýin goralmagyny üpjün etmelidirler. Käbir ýagdaýlarda, şaýatlar wagtlaýynça näbelli ýere göçürilip, olar baradaky maglumaty, olaryň kimdigini we salgylary baradaky maglumat gizlin saklanmalydyr.

3-nji paragraph hökmany däl düzgün bolup, ol Gatnaşyjy-döwletlerden başga ýurtlardaky şaýatlaryň goralmagyny, ýagny howp astynda bolan şahsyýetleri öýlerinden göçürmeklerini talap edýär.

4-nji paragraf bolsa Gatnaşyjy-döwletlerden jenaýatdan zyýan çekenlere olaryñ şaýat hökmünde çykyş edýän döwri içen degişli bolan 32-maddanyň düzgünlerini berjaý etmeklerini talap edýär.

32-nji maddanyň 5-nji paragrafy Gatnaşyjy-döwletlerden jenaýatçylara garşy aýdýan pikirlerini we duýgularyny beýan etmeklerini we olaryň kazyýet işiniň degişli tapgyrlarynda göz öňünde tutulmaklaryny üpjün etmeklerini talap edýär. Emma bu düzgün jenaýatdan zyýan çeken adamlar şaýat hökmünde çykyş etmeýän ýagdaýlaryna degişlidir.

## II. Tejribe meseleler we çözgütler

Gatnaşyjy-döwletler şu aşakdaky şertlere aýratyn üns bermelidirler:

- Şaýatlar we bilermenler, olaryň garyndaşlary we beýleki golaý adamlary;
- Olaryň bolup biläýjek gorkuzmalardan we ar almalaryndan netijeli goralmaklary ;
- Bu topara girýän şahsyýetleriň gerek bolan möçberde we bar bolan mümkinçiliklere görä goralmagy, şol sanda öýlerinden göçürilmekleri, olar baradaky maglumatyň, ýagny olaryň atlaryny we salgylarynyň gizlin saklanylmagy;
- şaýatlaryň we bilermenleriň howpsyzlygyny üpjün edip boljak usulda şaýatlyk etmekleriniň kadalaryny berjaý etmeklik, mysal üçin aragatnaşyk tehnologiýalarynyň, ýagny wideo we beýleki serişdeleriň kömegi bilen şaýatlyk etmeklik;

- Şaýatlaryň belli däl salgy boýunça göçurmeklik barada başga ýurtlar bilen şertnama ýa-da ylalaşyk baglaşmaklyk.

## II.1. Şaýatlar we bilermenler, olaryň garyndaşlary we beýleki golaý adamlary

Gatnaşyjy-döwletler Konwensiýada "şaýat" sözüniň düşündirişiniň berilmeýändigi göz öňünde tutmalydyrlar. Şeýlelikde, Gatnaşyjy-döwletleriň prosesual kanuny haýsy şahsyýetler şaýat hökmünde çykyş edip bilýändiklerini kesgitlemeli. Emma, Konwensiýada agzalýan jenaýat işlerinde şaýatlyk edip bilýän şahsyýetleriň sany 32-nji madda laýyklykda çäklendirilýandigini ýatda saklamalydyrlar. Emma, bu madda kazyýet işiniň belli tapgyrlarynda ulanylýan düzgünleriň gerimini çäklendirmeýär.

Şeýle ýagdaýlarda Gatnaşyjy-döwletler olary berjaý etmekligiń aşakdaky üç görnüşlerini göz öňünde tutup bilerler:

- Birinjiden, Gatnaşyjy-döwletler bu paragrafyń diňe şaýatlyk edýän şahsyýetiń goralmagyny üpjün edýän görňüşinde durmuşa geçirmekligi islemekleri münkin. Şeýlelikde, şol ýurtlaryń şaýatlary goramak çäreleri diňe derňew prosesiniń bölegi bolan kazyýetde şaýatlyk berýän şahsyýetlere degişli bolýar. Her zat bolsa-da, Gatnaşyjy-döwletler derňewiń gidişiniń dowamynda şaýatlaryń statusynyň we maşgala ýagdaýynyň üýtgäp biljekdigini, oňa kast etmekleriń howpunyň bolsa galmagy mümkindigini nazara almalydyrlar. Şeýlelikde, derňewiń ähli tapgarlarynda, şaýadyň şaýatlyk etjegi ýa-da etmejegi belli bolmadyk ýagdaýynda hem şaýadyń goralmagyny üpjün etmeklik zerur bolup biler.

- Ikinjiden, derňewiń işine kömek etmeklige höwes bildiren adamlary gorkuzmaklyk we ar almaklyk howpundan goramak babatynda Gatnaşyjy-döwletler Konwensiýanyń hödürleýän çärelerini has giňişleýin durmuşa geçirip bilerler. Şeýlelikde, Gatnaşyjy-döwletler derňewiń soňky tapgyrlarynda şaýatlyk bermeklige razylyk beren şahsyýetleriń goralmagyny üpjün edip bilerler. Ondan başga-da, Gatnaşyjy-döwletler şeýle şahsyýetleriń olaryń kazyýetde şaýatlyk etmeklige çagyrylmajakdygy belli bolýança goralmaklaryny üpjün etmelidir.

- Netijede, Gatnaşyjy-döwletler bu çäreleri has giń görňüşde, ýagny kazyýetde şaýatlyk etmeýän, emma jenaýatyń üstüni açýan resminamalary hukuk goraýjy edaralara hödürleýän ýa-da olary bilýän şahsyýetleriń hem goralmagyny üpjün edip bilerler. Gatnaşyjy-döwletler "bilermen" sözüniń manysy ginişleýin düşündirilmesini üpjün etmelidirler. Şol düşündirişe laýyklykda, Gatnaşyjy-döwletler derňewiń alnyp barylýan döwründe ýa-da kazyýetde hukuk goraýjy edaralary we kazyýetleri maglumat bilen üpjün edýän ähli şahsyýetleri hem şu söz bilen häsiýetlendirip bilerler. Şeýlelikde, olaryń ählisiniń hem şaýatlara berilýan gorag hyzmatlardan peýdalanmak hukuklary bolmaly. Netijede, şaýatlaryń maşgalalary we olara golaý adamlary diýen düşünje maşgala agzalaryny aňlatmaly, emma Gatnaşyjy-döwletler bu düşünjä şaýada golaý bolan beýleki adamlary hem goşup bilerler. Gatnaşyjy-döwletler maşgalanyń we şaýata golaý bolan adamlaryń goralmagy şaýada derňewiń işine kömek etmek kararyna täsir edýän ähmiýetli faktor hökmünde göz öňüne tutmalydyrlar.

## II.2. Netijeli gorag

Şaýatlaryń we bilermenleriń howpsyzlygyny üpjün edip biljek netijeli serişde hökmünde Gatnaşyjy-döwletler şaýatlary goramaklygyň köptaraplaýyn maksatnamalarynyň durmuşa geçirmekligiń üstünde hem oýlanyp bilerler. Bu babatda, Gatnaşyjy-döwletler şaýatlary goramagyń käbir çäreleri (mysal üçin, atlarynyń üýtgedilmegi) kanunçylyk we resmi

sazlaşdyrmalary talap edip biljekdigini nazara almalydyrlar. Şonuń üçin şaýatlara möhüm bolan hem-de korrupsiýa baradaky jenaýat işiniń üştünligi üçin belli maksatnamalaryń kabul etmekleriniñ zerurlygy çykmagy mümkin.

Gatnaşyjy-döwletler şaýatlar bilen ar almaklygyñ we olary gorkuzmaklygyń dürli görnüşleriniñ bolup bilýändiklerini hem göz ońünde tutmalydyrlar, ýagny, şahsyýeti goramaklygyñ maksatnamasyna goşmak baradaky karar çykarylanda, hukuk goraýjy edaralar howpuń fiziki görnüşinden başga-da beýleki görnüşleriniñ hem bolup biljekdigini nazara almalydyrlar. Şonuń üçin olar şaýatlaryñ gabat gelip biljek howpuń dürli görnüşlerini hasaba almalydyrlar. Gatnaşyjy-döwletler özleriniń hukuk goraýjy edaralaryna haýsy şahsyýetler goralmaga mätäç bolandyklary barada karar çykaranlarynda, olaryń garamagyna ýene-de birnäçe goşmaça nukdaýnazarlary hödürläp bilerler. Şeýle nukdaýnazarlar, sözüñ arasynda, jenaýatçynyń ýa-da onuń şärikleriniń derńewiń we kazyýet işiniń tamamlanmagyndan soń hem şaýatlara wehim salmaklarynyñ we gorkuzmalaryñ dowam etmekliginiñ mümkinçiligini hem öz içine alyp biler. Mundan başga-da, wezipeli işgäre garşy şaýatlyk edilen ýagdaýynda, şaýady gorkuzmakda gurnalan jenaýat toparynyñ gatnaşýandygyny anyklamaly.

Şaýatlary goramak maksatnamalary uzakmöhletleýin we çykdaýjylary köp bolan ýagdaýynda, Gatnaşyjy-döwletler goramak çäreleriniń köpdürli görńüşlerini göz öńünde tutup bilerler. Mysal üçin, Gatnaşyjy-döwletler şaýatlary doly goramak maksatnamasyny dińe şaýatlaryń çäkli sanawyna ýa-da jenaýatçynyń günäsini subut etmekde möhüm şaýatlyk görkezmelerini beren adamlara hödürläp bilerler. Emma şaýatlary goramak maksatnamasy dińe şaýatlaryń çäkli sanawyna elýeter bolmagy, beýleki şaýatlary goramagyń zerurlygynyñ ýokdygyny ańlatmaýar. Iş ýüzünde, şaýatlary goramaklygyń görńüşleri gyzga möhletleýin fiziki taýdan goramak çärelerinden başlap, şaýatlaryń we olaryń maşgala agzalarynyń öýlerinden uzak möhletleýin göçürilmegi ýaly çärelere çenli üýtgäp bilerler. Şeýlelikde, töwekgelçiligi kesgitlemekde her bir aýry ýagdaýa laýyklykda çäreler nazara alynmalydyr. Her bir şaýadyñ köptaraplaýyn gorag maksatnamalary olary gorkuzmalardan we ar almalardan uzak möhletleýin goralmagyna niýetlenendigi sebäpli, şaýatlary goramak çäreler beýleki korrupsiýa baradaky jenaýat işlerinde, şaýadyñ kazyýet işi başlanmazdan öń ulanyp bilner we şeýlelikde şaýatlaryń doly goralmak çäreleri bilen deńeşdirilende, beýleki serişdeleriń kömegi bilen şaýady fiziki taýdan has netijeli goramaga mümkinçilik berer.

Aýratyn işlerde şaýatlary goramaklygyñ maksatnamalary durmuşa geçirilende, käbir Gatnaşyjy-döwletler görülmeli çäreleri ugrukdyrýan döwlet bilen şaýadyń arasynda protokolyń ýa-da düşünişmeklik baradaky memorandumyń baglanyşmak mümkinçiligini göz önünde tutýandyklary barada bilmek Gatnaşyjy-döwletler üçin peýdaly bolup biler. Şeýle protokollar ýa-da düşünişmeklik baradaky memorandumlar şaýatlary goramaklygyń netijeligini artdyryp, hyzmatdaşlyga höwes döredip bilerler. Köp halatlarda, şeýle protokollar ýa-da düşünişmeklik baradaky memorandumlar aýdyńlygy üpjün etmeklik we goragyn gerimi babatyndaky ylalaşmazlyklaryñ bolmazlygyna ýardam edýärler. UNODC şaýatlary goramak barada dürli edebiýatlaryń toplumyny, şol sanda web-sahypamyzda tapyp bolýan “Gurnalan jenaýat bilen bagly jenaýat işlerde şaýat bolup çykyş edýänleri goramakda öńdebaryjy tejribeler” Gollanmasyny işläp düzdi.[8]

8 http://www.unodc.org/documents/organized-crime/Witness-protection-manual-Feb08.pdf.

beýan edip bilmedik ýagdaýlaryna degişlidir.

### III. Beýleki ýurtlar bilen ylalaşyklar we bilelikdäki çäreler

Şaýatlary goramak meseleler babatynda gazanylan tejribä laýyklykda, her bir Gatnaşyjy-döwlet beýleki ýurtlar bilen şaýatlaryň göçürilmegi baradaky ýörite ylalaşyklar we bilelikdäki çäreler ýeterlik bolar diýip pikir etmekleri mümkin. Emma, Gatnaşyjy-döwletler her bir şaýat üçin şeýle çäreleri görmekligiñ ep-esli wagt aljakdygyny, gidip duran jenaýat derňewinde köplenç onuñ üçin ýeterlik wagtyň bolmaýandygyny göz öňünde tutmalydyrlar. Şonuň üçin diňe bir ýagdaýa däl-de, eýsem ýüze çykyp biljek ähli ýagdaýlara degişli halkara ylalaşyklaryň we şertnamalaryň baglanyşylmagy bu ýerde netijeli çözgüt bolup biler.

Gatnaşyjy-döwletler tarapyndan "ýurtlaryň maşgalasy" diýlen düşünjä esaslanýan hyzmatdaşlyk ylalaşyklaryň we şertnamalaryň baglanyşmagy, şaýatlary goramagyň serhetara maksatnamasyny durmuşa geçirmek üçin giň ýol açyp biler. Şeýlelikde, Gatnaşyjy-döwletler özleriniň şertnama baglaşan hyzmatdaş ýurtlary öz şaýatlary üçin gizlenip boljak ýer hökmünde ulanyp bilerler. Bu goňşy yurt bolup, şol bir wagtyñ özünde Gatnaşyjy-döwlet bilen meňzeş ykdysady, medeniýet we dil aýratynlyklary bar bolsa, şaýat üçin has amatly bolup biler.

### IV. Jenaýatdan zyýan çekenler

Käbir ýagdaýlarda, jenaýatdan zyýan çekenleriñ hemmesi kazyýetde şaýatlyk etmek üçin çagyrylmaýärlar, başga bir ýagdaýlarda jenaýatdan zyýan çeken şahsyýetler jenaýatdan gönüden-göni maddy ýa-da fiziki taýdan zyýan çekenler bilen deñ hatarda seredilip bilinmez. Jenaýat işiniň agyrlyk derejesi we ýetirilen zyýanyň möçberi kesgitlenende, kazyýetde çykyş edýän jenaýatyň pidalarynyň garaýyşlary we howatyrlanmalary kazyýet derňewiniň belli tapgyrlarynda köplenç jenaýat eden adamyñ günäsi ykrar edilenden soň ýa-da jeza çäresi mälim edilmänkä göz öňünde tutulýar. Bu düzgün jenaýat eden adama garşy kazyýet işi döwlet tarapyndan gozgalandygy sebäpli jenaýatyň pidasy kazyýetde şaýat hökmünde çykyş edip bilmedik we şeýlelikde öz pikirini we howatyrlanmalaryny

### Madda 33. Maglumat berýän şahslaryñ goralyşy

*Her Gatnaşyjy-döwlet şu Konwensiýa laýyklykda ykrar edilen jenaýatlar bilen baglanyşykly islendik kompetent organlara akýürekli we gowy delillendirilen faktlary habar berýän islendik*
*şahslaryñ islendik bikanun garalmagyndan goragyny üpjün etmek üçin zerur çäreleriñ mümkinçiligine seredýär.*

### I. Syn

33-nji madda öz içine hökmany däl düzgünleri alýar. Şeýle bolsa-da, Gatnaşyjy-döwletler bu
maddada hödürlenilýän çäreler şaýatlary we bilermenleri goramak baradaky maddasynyñ üstüni ýetirýändiklerini nazara almaklary peýdaly bolup biler. 33-nji madda kanun taýdan şubutnama bolup hyzmat edip bilmejek maglumata eýe bolan şahsyýetlere degişlidir. Şeýle maglumat kazyýet işiniň irki döwründe kazyň garamagyna hödürlenip, beýleki subutnamalar bilen bir hatarda jenaýatyň üstüni açmakda peýdaly bolup biler. Korrupsiýa degişli işlerde olaryň çylşyrymly bolanlygy sebäpli, şeýle maglumat ygtyýarly häkimiýetler üçin kazyýet işi gozgalmalymy ýa-da ýok diýen karara gelmekde peýdaly bolup biler.

Konwensiýada "habar berýän şahsyýetler" diýlen adalga ulanylýar. Bu adalganyñ manysyny açyp görkezmek ýeterlik diýip hasap edildi. Şol bir wagtda bu adalga degişli

şahsyýetler bilen şaýatlaryň arasynda tapawudyň bardygy görkezilýär. Ondan başga, bu şahsyýetleri "jaň kakyjylar" diýip hem atlandyryp bolar, emma bu sözi daşary yurt dillerine tejrime etmek kyn düşmegi mümkin.

## II. Meseleler we çözgütler

### II.1. Syýasatyň çäkleri

Umuman aýdylanda, Gatnaşyjy-döwletler şu aşakdakylary takyklaýan syýasatyň çäklerini özleri üçin işläp düzmelidirler:

- Kime we haýsy pudaklara, işlere, ugurlara we edaralara degişlidigini;
- Kimiň habar berip bilýändigini;
- Habar kime gowuşýandygyny;
- Habar nähili görnüşde we nähili maglumatdan ybarat boljakdygyny;
- Özüni ödemeýän zyýan diýip nämä diýilýändigini;
- Maglumaty hödürleýän şahsyýete goragyň nähili görnüşleriniň hödürlenjekdigini; we

yaramaz niýet bilen günäleýän şahsyýetlere garşy nähili çäreler görüljekdigini.

33-nji maddany berjaý etmegiň esasy maksady günälenen şahsyýetiň hukuklary bilen habar beren şahsyýeti goramak zerurlygynyň arasynda deňagramlylygy emele getirmekden ybaratdyr. Bu deňagramlylyk milli kanunçylygynyň we her bir jemgiýetiň kontekstinde tapmak mümkin bolar. Şeýlelikde, bu madda belli bir derejede Gatnaşyjy-döwletlere öz garamaklaryna görä hereket etmäge hukuk berýär, bu bolsa Gatnaşyjy-döwletlere özleriniň milli kanunçylyk ulgamyna şeýle çäreleri we düzgünleri girizmäge mümkinçilik berýär.

### II.2. Wezipeli adamlary çekmeklik

Wezipeli adamlaryň çekilmegi şu aşakdakylary öz içine alyp biler:

- Özüňi alyp barmaklygyň düşünjesini ýokarlandyrmak – nähili edeňde gowy, nähili edeňde ýaramaz bolar, haýsy derejede we kime degişli;
- Özüňi kanuna laýyk gelmeýän alyp barmakdan daşary durmaklygyň zerurlygyny nygtamak, hususan-da, özüňi nähili alyp baraňda ýalňyş bolýandygyny düşünmäge ukyply bolmak;
- Öz pikiriňi açyk beýan etmegiň ähmiýetine düşünmek, hususan-da, biriniň bikanun hereket edenligi barada degişli ygtyýarly edaralara arz etmeklik her bir adamyň jogapkärçiligine girýändigini nygtamak;

Şu aşakdakylarda ynam döretmek:

- Kimdir biriniň bikanun hereket edenligi barada arz etmekligiň gowudygyny;
- Bu babatda netijeli we degişli çäreleriň görüljekdigini;
- Olaryň berýan maglumatlarynyň ýerlikli ulanyljakdygyny, we
- Bikanun hereket barada arz eden adama gorag üpjün ediljekdigini.

### II.3. Jemgyýetçiligi çekmeklik

Gatnaşyjy-döwletler halkyň korrupsiýa barada bilýän maglumatlaryny açmaklygyny üpjün etmekligiň hem ähmiýetlidigini ýatdan çykarmaly däldirler. onuň üçin olar diňe bir wezipeli adamlaryň ýa-da hukuk edaranyň işgärleriniň däl, eýsem şikaýat bilen ýüzlenýän

ähli şahsyýetleriń wezipesine garamazdan howpsuzlygyny üpjün etmekleri adamlaryń ynamyny berkidip biler.

Gatnaşyjy-döwletler, žurnalistleriń ýazýan habarlaryny şu maddada agzalýan ölçegiń çäklerinde çap edýändikleri sebäpli, olaryń goralmagynyñ hem wajypdygyny nazara almalydyrlar.

Gatnaşyjy-döwletler ýörite "şikaýat tabşyryş" gollanmasyny döretmegi göz öńünde tutmalydyr. Ol gollanma adamlara nähili ýagdaýlarda we özleriniń korrupsiýa babatyndaky şubheleri bilen haýsy häkimiýet edaralaryna ýüzlenmelidikleri barada gerekli maglumaty berip biler. Emma, Gatnaşyjy- döwletler halkyñ arasynda ynam derejesiniñ ýeterlik ýokary derejesine ýetýänça, şikaýatlaryń tabşyrylmagy kesgitlenilen tertibinden öte geçmegi mümkindigini hem unutmaly däldirler.

## II.4. Şikaýaty kime ýollamaly?

Gatnaşyjy-döwletler ygtyýarly häkimiýet edarasy ýa-da edaralary dińe bir şikaýatlary kabul etmän, eýsem ondan başa-da şikaýat edýän adamlaryyñ goramak çärelerini üpjün etmek wezipeleri ýerine ýetirmeklerini talap edip biler. Gatnaşyjy-döwletler korrupsiýa babatynda şikaýat kiçi hem bolsa uly işiń gozgalmagyna sebäp bolup biljekdigini ýatdan çykarmaly däldirler. Şeýlelikde, şikaýaty seljermek we ony derńemek birnäçe edaralaryń jogapkärçiliklerine degişli bolup biler. Ol edaralar bolsa öz gezeginde öz işini döwlet syýasatyna we düzgünlerine laýyklykda alyp barmalydyrlar.

Umuman aýdylanda, şikaýatçylaryñ öz howatyrlanmalary barada iki esasy instansiýa habar etmekleri netijeli diýip hasap edilýar. Birinji instansiýa iş dolandyryjylar, guramanyń we edaranyñ ýolbaşçylary ýa-da ýörite guramanyń içindäki ýaramaz dolandyrylyşy ýüze çykarmak üçin döredilen içerki hem-de daşarky gözegçilik edaralar, olar şikaýatçynyń işleýan guramasynyń düzümindäki edaralary öz içine alyp biler.

Umuman, arz edýän adamlaryñ öz howatyrlanmalary baradaky şubhelerini iki derejedäki edaralara habar bermekleriniñ has netijeli bolýandygy ykrar edildi. Birinji dereje şol adamlaryń işleýän ýerlerini, ýagny olaryń dolandyryjylary, guramanyń ýolbaşçylary, ýa-da ýörite edaralardaky ýaramaz dolandyryş ýagdaýlary bilen iş salyşýan içerki ýa-da daşarky gözegçilik edýan edaralary öz içine alýar.

Eger-de olar şikaýatlary bilen hukuk goraýjy edaralaryń birinji instansiýasyna ýüzlenenlerinde olaryń şikaýatlaryna gerekli üns berilmedik bolsa, habar berýän şahsyýetler hukuk goraýjy edaralaryń has ýokary instansiýalaryna ýüzlenip bilerler. Esasan hem şikaýaty kabul eden edara ony derńemekden:

- Boýun gaçyran bolsa;
- Belli wagtyń içinde şikaýat boýunça derńewi tamamlamagy başarmadyk ýagdaýynda;
- Derńewiń oñyn netijesini bermegini üpjün etmek ugrunda hiç-hili çäre görmedik bolsa; ýa- da
- Belli wagtyń içinde şikaýatçynyñ derńewiń gidişi bilen habardar edilmedik ýagdaýynda.

Şikaýatçylar şu aşakdaky ýagdaýlarda hem hukuk goraýjy edaralaryń has ýokary instansiýalaryna ýüzlenmäge hukuklary bar:

- Eger-de olar öz bilýän maglumatlary barada açyk aýtsalar we hukuk goraýjy edaralaryń birinji instansiýalaryna ýüzlenenlerinde, olara howp abanyp biljekdigine ynanmaga göwnejaý esaslary bar bolsa; ýa da

- Eger-de olar hukuk goraýjy edaralaryń birinji instansiýasy jenaýatçynyń üstüni basyrýandyklaryndan gorksalar, bu ýagdaýlarda hukuk goraýjy edaralaryń ikinji derejeli instansiýalary korrupsiýa garşy hereket edýän we birinji instansiýanyñ edaralaryny barlamaga hukugy bolan edara hökmünde çykyş edip biler.

## II.5. Jenaýat barada habar bermekligiń ölçegi

Bu madda goramak çärelerini haýsy ýagdaýlarda ulanyp bolýandygyny belläp geçýär, ýagny habaryń gowy niýet bilen berilmegini we göwnejaý sebäplere esaslanýandygyny anyklamak üçin.
Bu olçegleri ulanmak üçin birnäçe meseleler göz öňünde tutulmaly. Şikaýata obýektiw usulda garamaly we onuń dogry maglumatlara esaslanýandy subut edilmese-de, emma şahsyýetiń niýeti päk bolan ýagdaýynda, hat-da açylan maglumat gizlin saklanandygy, şikaýatçy bolsa onuń gizlinligini bozanlygyna garamazdan, kanun berjaý edilmelidir.

Gowy niýet bilen kazyýete ýüzlenmegi ilki bilen goralmagyny haýýş edýan şahasyýetiń peýdasyna ulanylmalydyr, emma kazyýetiń garamagyna berlen habaryń ýalandygy ýa-da ýaramaz niýet bilen
ulanylandygy ýüze çykanda, bu babatda belli çäreler görülmelidir. Hukuk goraýjy edaralary şeýe habarlaryń gelmegi ikiuçly bolup bilmegi sebäpli, şeýle habarlaryń garşysyna ýazan şahsyýetleriń hem hukuklaryny we abraýyny goramak gerek. Hususan-da, biabraý edilenleriń abraýyny dikeltmek üçin kanunçylykda ýörite düzgünler we çäreler göz öňünde tutulmaly. Jenaýat kodeksi bilgeşleýin ýalan günäkärlemeleri öňe süren şahsyýetlere garşy jeza bermegiń käbir kadalaryny öz içine alýar. Şonuń üçin şeýle günäkärlemeler bilen öňe çykýan şahsyýetleri olaryń ýalan sözleýändikleri ýüze çykan ýagdaýynda, olara garaşylýan temmi barada öňünden duýdurmaly. Günäni subut etmegiń agyr ýüki niýeti päk bolan habar beren şahsyýetiń üstüne ýüklenilmeli däldir.

Göwnejaý esaslaryń ölçegi hakda aýdylanda bolsa, diňe bir berlen arzanyñ maglumatynyń nädogry bolmagy sebäpli, şahsyýetiń goralmagyny üpjün etmekden boýun gaçyrmaly däldigini Gatnaşyjy-döwletler ýatda saklamalydyrlar. Oňa derek, Gatnaşyjy-döwletler “garaşylýan” çemeleşmäni käbul edip bilerler. Şeýlelikde, habary goldamak üçin habar berýän şahsyýetiń öz habarynda berýän maglumatyń hakykatdygyna ynanmak üçin ýeterlik esaslaryñ barlygy barada soralmagy mümkin. Gatnaşyjy-döwletler, has giń ulanyp boljak beýleki hereket edýän hasabat beriş düzgünlere ýa-da ýörite gollanmalara ýüzlenip bilerler.

## II.6. Habar berýän şahsyýetleri goramaklyk

Umuman, Gatnaşyjy-döwletler habar berýän şahsyýetleriń atlaryny we olar baradaky beýleki maglumatlaryń goralmagyny nädip üpjün edip boljakdygyny, olara abanyp biljek howpy, ony belli iş barada has takyk maglumaty almagyny haýýş etmek bolarmy, ony kazyýetde şaýat hökmünde ulanyp bolarmy, onuń kazyyet işine kömek eden ýagdaýynda onuń işine ýa-da maliýe ýägdaýyna nähili zyýan ýetip biler we ýetirilen zyýanyń nähili edip ýerini dolduryp boljakdygy barada pikirlenmelidirler.

Hasabat berýän şahsyýetler özüni ödemeýän dürli kynçylyklara duçar bolup biljekdikleri barada alada etmekleri mümkin. Öz gezeginde, dürli kynçylyklaryń döremegine päsgel

bermegiń ýollary hem dürli-dürlidir. Umuman aýdanyńda, goramak çäreleri bolup biljek howpa görä bolmaly. Köp halatlarda habar berýanleriń özleri berýän habarynyń ähmiýetine göz ýetirmeýarler ýa-da olaryń habary derńelenden soń habar berýän şahsa soraglar ýüze çykyp biljegi barada bilmeýärler.
Ondan başga, Gatnaşyjy-döwletler hasabat berýän şahsyýetleriń atlary we olar baradaky maglumatlary gizlin saklanylmagynyñ üpjün edilmegini islemekleri mümkin. Şahsyýetiń ady we ol baradaky maglumatyń gizlin saklanylmagyny üpjün edip bolmadyk ýagdaýlarynda,[9] Gatnaşyjy-döwletler şahsyýetiń gorkuzylmagy, ondan ar almaklaryny söz bermekleri hasabat berýän şahsyýetleri oýlandyrmaly.

Gatnaşyjy-döwletler hasabat berýän şahsyýetleriń işden kowulmagyndan kanunalaýyk ýol bilen goramak üçin käbir çäreleri görmekleri we prosesual kadalaryny ýola goýmaklary netijeli bolup biler. Ýagny olar kazyýetiñ üsti bilen synag üçin wagtlaýyn işe alnan şahsyýetiń şol wagtyń içinde işinden çykarylmazlygyny ýa-da çykarylan ýagdaýynda ońa raýat tertipde çeken zyýany üçin iş berijiniń kompensasiýany tölemegini üpjün etmek ýaly çäreler görüp biler. Ondan başga, hasabat berýän şahsyýetleriń hünär taýdan hukuklarynyń kemsidilmeginiń töwekgelçiligine duş gelmekleri mümkindigi Gatnaşyjy-döwletler tarapyndan göz önünde tutulmalydyr. Şeýlelikde, olar bikanunçylygyñ şeýle görnüşlerine garşy hukuk gorag çäreleriniń görülmegini göz öńünde tutmalydyrlar. Hasabat berýän şahsyýetleri adalatsyz işden boşadylmakdan goramak çäreleri şol ýurduń zähmet baradaky kanunlary bilen gabat gelmelidirler. Hususan-da, işe alýan adam öz işgärlerini sebäpsiz boşatmaga hukugy bolan ýagdaýlarynda, hasabat berýän şahsyýetleriń goramak çäreleri käbir kadadan çykmalary talap edip biler.

Netijede, Gatnaşyjy-döwletler töhmet ýaýratmaklyk üçin jogapkärçilik baradaky kanunyna düzediş girizmegi korrupsiýa garşy kanunçylygyń ähmiýetli aspekti hökmünde garap bilerler. Bu esasan hem derńewlere we žurnalistleriń taýýarlaýan habarlaryna degişli bolmagy mümkin.

### Madda 34. Korrupsiýa hereketleriň netijeleri.

*Her Gatnaşyjy-döwlet üçünji tarapyň halal gazanylan hukugyny göz öňüne tutmak bilen, öz içki kanunçylygynyň esasy ýörelgelerine laýyklykda korrupsiýanyň netijeleri baradaky meseläni düzgünleşdirmek üçin çäreleri kabul edýär. Bu nukdaynazardan Gatnaşyjy-döwlet korrupsiýany baglanyşylan ylalaşyklary annulirlemek (ýatyrmak) ýa-da kesmek üçin derňew işiniň gidişinde ähmiýeti bolan ýa-da konsessiýalaryň ýa-da beýleki meňzeş gurallaryň yzyna gaýtarylmagyna faktor hökmünde garap biler ýa-da döredilen ýagdaýy düzetmek babatynda beýleki çäreleri kabul edýär.*

### I. Syn

Korrupsiýa jenaýaty baýamak ýa-da öz girdeýjilerińi artdyrmak maksady bilen edilýär. Telekeçilik işleriń mümkinçiliklerini artdyrmak, ylalaşygy amatly şertleriń esasynda

---

[9] Bu babatda Adam Hukuklary boýunça Ýewropa Sudunyñ kanun bar, oña laýyklykda şaýadyñ anonimliligi saklanylýar eger-de ol Konwensiýanyñ adalatly sud işi baradaky 6-njy maddasynyñ kanunbozmasyna getirmeýan bolsa, ýagny "eger kanuny häkimiýetler tarapyndan ýerine ýetirilýän proseduralarda päsgelçiliklerden goraýan deñagramlylyk netijeli saklanylanda" (meselem, gorag boýunça aklawjy anonim şaýadyñ kimdigini bilmese-de, onuñ kimdigini bilýän derñew alyp barýan sudýanyñ gatnaşmagynda sorag edilýar) (seret: Doorson v. The Netherlands, Judgement of 26 March 1996, Appl. No. 20524/92, Reports 1996-II, paragraflar. 72-73).

baglaşmak, jenaýat işinde kanagatlanarly çözgüdi almak, tender bäsleşiklerde ýeniji bolmak, we päliýamanlara öz ählisi Gatnaşyjy-döwlet içerki kanunçylyklarynyń düýpli ýörelgelerine gabat gelmeklerini hem-de jenaýat işine degişli däl üçünji taraplarynyń hukuklarynyń göz öńünde tutulmaklaryny talap edýär.
hereketlerini açmaga mümkinçilik berýän beýleki maksatlara ýetmek üçin ýokary wezipeli adamlara para berilýär. Päliýaman korrupsiýa jenaýatyndan öz bähbidi üçin peýdalanyp bilmezligini üpjün etmek baradaky pikir bu Konwensiýanyń esasy ýörelgeleri hökmünde Konwensiýanyń Hususy serişdeleriń dikeldilmegine bagyşlanan 5-nji babynda agzalýar. Şeýle bolsa-da, bu ýagdaýda dińe bir jenaýat sanksiýalar ýeterlik däl bolmagy ahmal. Umumy kanuny ulgamynyń yzygiderliligini üpjün etmek üçin para bermegiń ýazgarylmagy ähli degişli ugurlarda şol sanda hem hususy we salgyt kanunçylygyna gecirilmelidir.

Bu ýerde Adam Hukuklary baradaky Yewropa Kazyýetiniń kanunçylyk ulgamy mysal hökmünde getirilip bilner. Şońä görä şaýadyń anonim hereket etmegi Konwensiýanyń adalatly kazyýet işi baradaky 6-njy maddasynyń bozulmagyna getirmez, eger muńa ýeterlik esas bar bolsa. Mysal üçin, anonim şaýadyń sorag edilmesi saýadyń şahsyýetine ynamy bolan kazyýet derńewine gatnaşýan kazyń gatnaşmagynda geçirilip bilner. Bu ýagdaýda aklawjy tarapynyñ saýadyń şahsyýeti barada habarly edilmeginiñ geregi ýok. Şol bir wagtyń içinde, bäsdeşlik baradaky kanun, şertnamalar baradaky kanun, raýat kanun bozma baradaky kanun, hem-de gapma-garşylykly meseleleri çözmek baradaky kanunlar korrupsiýa jenaýatyna yzygiderli garaýyşa goşant goşmalydyrlar. Korrupsiýa jenaýatynyń netijesinde görülýän ykdysady çäreler köplenç hususy we administratiw kanunçylyga degişli bolup durýar.

Özüniń birinji böleginde 34-nji madda hökmany ýagdaýda görülmeli çärelerden ybarat. Şol bir wagtda, bu madda raýat we administratiw kanunçylygyna degişli käbir çäreleri Gatnaşyjy-döwlet öz garamagyna goýýar. Konwensiýa bolsa öz gezeginde 34-nji maddada hödürlenýän çäreleriń

## II. Tejribe meseleler we çözgütler

Hukukçylar dürli funksiýalara laýyklykda hereket edenlerinde, korrupsiýa baradaky jenaýat işinden soń konfiskasiýa we beýleki çäreleri geçirmek baradaky işlere gabat gelip bilerler. Hususan-da, konsessiýa ylalaşygy ýa-da hemaýat etme ýaly administratiw işi bilen iş salyşýan hukukçylar, eger-de önki kazýyetiń karary para bermek işiniń esasynda çykarylandygy ýüze çyksa, olar bu meselä eýýam jenaýat nukdaýnazardan garamaly bolýarlar. Para almak jenaýaty netijesinde çäre geçirmek baradaky hususy kazyýet işlerine gatnaşyjylar ýuridiki güýjüń bardygy (ýoklygy), karary zor bilen ýerine ýetirmegiń mümkinçiliginiñ barlygy (ýoklygy) we para bermegiń üsti bilen baglanyşan şertnamalaryń üýtgedilmek meselelere garamaly bolarlar. Ondan başga-da, administratiw we kazyýet häkimiýetleri üçin korrupsiýa garşy baş ýörelgeleri işläp taýýarlaýan hökümet agzalary degişli edaralara kazyýet işine taýyar bolmaklary üçin bu ýüze çykyp biljek kynçylygy hem nazara almalydyrlar. Salgyt edaralarynyń ýolbaşçylary bolsa çykdaýjylar ýaşyryn görnüşdäki para bolup çykýan ýagdaýlara hem duş gelmekleri mümkin.

### II.1. Çäreleriń görnüşleri

Konwensiýa çäreleriń ýörite görnüşlerini saýlamak hukugyny Gatnaşyjy-döwletler öz ygtyýarlygyna we garamagyna goýýar.

Hukukçylar 34-nji maddada göz öňünde tutulan çäreler jenaýat sanksiýasy diýip hasap etmeli däl. Şonuň üçin, jenaýat işinde oňa gatnaşyjylaryň dürli hukuklary göz öňünde tutuljakdygy ähtimal.
Emma, käbir hukuklar raýat we administratiw görnüşli jenaýat işlerde göz önünde tutulmazlygy mümkin. Başga bir tarapdan, beýleki düýpli hukuklary, ýagny emläge bolan hukugy, öz käriň bilen meşgullanmak hukugy, hem-de söwda azatlygy nazara alynmalydyr.

Köp ýurtlaryň ýuridik ulgamlarynda, raýat we administratiw işleri üçin talap edilýän subut edilmegiň ölçegi jenaýat işine garaňda pes bolýar. Korrupsiýa baradaky jenaýat işinden soň geçirilýän konfiskasiýa we beýleki çäreleri geçirmek baradaky kazyýet işinde hereket edýän şahsyýetler bu ýagdaýy öz bähbidine ulanyp bilerler. Eger-de jenaýat işinde günäni subut etmek üçin ýeterlik subutnamalaryň ýoklygy sebäpli jenýatçylykly gazanylan emlägi mahrum edip bolmasa, raýat işiniň geçirilmegi has amatly bolup biler. Şonuň üçin korrupsiýa baradaky jenaýat işinden soň geçirilýän konfiskasiýa we beýleki çäreleri geçirmek baradaky işler bilen iş salyşýan adamlar her bir aýratyn işiň aýratynlyklaryny göz öňünde tutmalydyrlar.

## II.2. Goramaklyga esasy ünsi bermek

Konwesiýada mysal getirilýän çärelerden peýdalanmagyň amatly ýoluny kesgitlemekde, şertnamany baglaşmaga, ýeňillikleri, lisenziýany ýa-da şoňa meňzeş aktlary bermeklige esas bolýan administratiw işiniň ählitaraplaýyn resminamalaşdyrylmagy kömek edip biler. Resminamalarda para bermegiň netijesinde görüljek çäreleriň sanawy getirilmeli, şular ýaly jenaýatyň ýüze çykmagy bolsa şol çäreleriň görülmegine esas bolup biljekdigi barada belli mysallaryň üsti bilen öňden duýdurylmaly. Ondan başga-da, Gatnaşyjy-döwletler tendere degişli resminamalarda anyk görnüşde kesgitlenen bir şerti göz öňunde tutmaklary mümkin. Şol şerte görä tender boýunça tekliplerini hödürleýän taraplar hem-de ylalaşyga goşulýan beýleki taraplar olaryň hiç bir ýagdaýda para bermek ýa-da almak jenaýatyna degişli bolmajakdyklaryna kepil geçýän ýörite deklarasiýa gol çekmelidirler. Ýokarda agzalyp geçilen resminamalar para bermek jenaýaty şertnamanyň ýa-da konsession ylalaşygyň olaryň güýje giren wagtyndan tä olaryň güýjini ýitirýänçä ýüze cykyp biljekdigini we onuň netijesinde çäreleriñ görüljekdigini belläp geçmeli. Ol çäreler her bir ýurduň içerki kanunçylygyna görä dürli-dürli bolup biler, ýagny baglanyşan şertnamalary ýatyrmak boýunça kazyýet işiniň gozgalmagy, ýa-da berlen rugsatnamalaryň we konsessiýanyň yzyna alynmagy bolup biler. Hukuk goraýjy edaralaryň rugsatnamalary bermäge ygtyýarlygy bolan häkimiýetleriň arasynda maglumatlaryň alşylmagy, konsessiýalaryñ we şertnamalaryň baglanyşylmagynyñ aýgytly bolup biljekdigi Gatnaşyjy-döwletler taparyndan nazara alnyp bilner. Köplenç dürli ýurisdiksiýalaryň arasyndaky maglumat alyşmaklygyñ ýola goýulmandygy sebäpli, birnäçe gezek para bermekde günäkär diýip ykrar edilen korporasiýalara we hususy şahsyýetlere konsessiýalar, rugsatnamalar we ylalaşyk baglaşmaga giň mümkinçilikler berilýändigi sebäpli belli kynçylyklaryň ýüze çykmagy mümkin.

## II.3. Görülýän çäreleriň ählisiniň içerki kanuna laýyk gelmeklerini üpjün etmek

Gatnaşyjy-döwletler tarapyndan durmuşa geçirilýän ähli çäreler olaryň içerki kanunçylyklarynyň düýpli ýörelgelerine gabat gelýändiklerine göz ýetirmeli.

Konwensiýanyň hödürleýän çärelerinden daşary, Gatnaşyjy-döwletler pul kömekleriniň yzyna alynmagy, maliýe goldawynyň bes edilmegi, ýa-da belli wagtyň dowamynda tender geçirmekligi gadagan etmek ýaly goşmaça çäreleriň hem birnäçesini görüp bilerler. Ondan daşary hem, Gatnaşyjy-döwletler öz içerki kanunçylyklaryň

ýörelgeleriniń esasynda salgyt we bäsdeşlik baradaky kanunlaryna hem käbir üýtgeşmeleriń girizilmegi barada pikirlenip bilerler.

**Konwensiýanyñ 35-nji maddasy barada has giñişleýin maglumat almak we ondaky çäreleriñ mazmuny we talaplary barada bilmek üçin, Siz Birleşen Milletler Guramasynyñ Korrupsiýa Garşy Konwensiýasyny ýerine ýetirmek üçin Gollanmasynyñ degişli bölümine ýüzlenip bilersiñiz.**

### Madda 36: Ýöriteleşdirilen edaralar

*Her Gatnaşyjy-döwlet özüniñ hukuk ulgamynyñ esasy ýorelgelerine laýyklykda hukuk goraýjy edaralar arkaly korrupsiýa garşy göreşmek üçin ýöriteleşdirilen toparyñ, toparlaryñ ýa-da adamlarynyñ bardygyna kepil geçmelidir. Şeýle topara, toparlara ýa-da adamlara şol döwlet tarapyndan onuñ hukuk ulgamynyñ esasy ýörelgelerine laýyklykda, öz wezipelerini netijeli we gyşarnyksyz ýerine ýetirip bilmekleri üçin zerur bolan garaşsyzlyk berilmelidir. Şeýle adamalardan, topardan ýa-da toparlardan düzülen işgärleriñ tabşyrylan ýumuşlary ýerine ýetirmekleri üçin talabalaýyk taýýarlygy we serişdeleri bolmalydyr.*

### I. Giriş

Konwensiýanyñ 6-njy maddasynyñ talaplaryna laýyklykda birnäçe Gatnaşyjy-döwletler öñüni alyş çareleri, şol sanda okuwlary geçmekden, düşünjeliligi artdyrmakdan we sazlaşykly işlemekden tä gözleg-agtaryş we jenaýat işini gozgamaklyga çenli jogapkäçilikleri öz içine alýan uly hukuk (mandat) berlen korrupsiýa garşy bölümleri (KGB) doretdiler. Beýleki Gatnaşyjy-döwletlerde şeýle wezipeler birnäçe gulluklaryñ arasynda paýlanylýar we gözleg-agtaryş we jenaýat gozgaýyş wezipeleri bolsa hukuk goraýjy edaralara berilýär.

Bu madda esasy wezipeleri hukuklary goramaklyk, ýagny gözleg-agtaryş we jenaýat gozgaýyş işleri bolan gulluklara ýa-da adamlara zerur ygtyýarlygy berýär. Muña garamazdan, bu madda Gatnaşyjy-döwletleri olaryñ aýratyn talaplaryna baglylykda ugrukdyrmak üçin zerur prosesual we serişde meselelerini gozgasa-da, iñ gowy institusional çemeleşme barada hiç hili anyk edara ediş tertibini ýa-da modelini kesgitlemeýär.

36-njy madda hökmany düzgünnamadyr. Muña garamazdan, Konwensiýa Gatnaşyjy-döwletler bu maddanyñ olaryñ özlerine mahsus içki talaplaryna laýyklykda sazlamaga we erkin hereket etmäge mümkinçilik berýän diñe ujypsyz kadalary öñlerinde goýýandygyny ýatdan çykarmaly däldir.

### II. Meseleler we çözgütler

Çözülmeli meseleler:
- Ýöriteleşdirilen edaranyñ görnüşi;
- Goşamaça gymmaty we roly;
- Garaşsyzlyk we serişdeleri.

### II.1. Ýöriteleşdirilen edaranyñ görnüşi

Hukuk goraýjy edaralara aýratyn üns bermek bilen Gatnaşyjy-döwletleriniñ ýörite korrupsiýa meselesine seredýän gullygy döretmäge ýa-da polisiýa, prokuratura ýa-da

kazyýet edaralarynyñ düzüminde diñe korrupsiýa meselesi bilen iş salyşýan ekspertizany döretmäge haklary bar. Şeýle erkin hereket etmäge mümkinçilik almak bilen Gatnaşyjy-döwletler özleriniñ içerki ýagdaýlaryna gowy baha berip bilerler, sebäbi edaralaryñ modellerini ýa-da nusgalaryny añsatlyk bilen almak ýa-da göçürmek mümkin däl, ýöne olar degişli döwletiñ gurluş şertlerine laýyk gelmelidir. Şeýlelikde, ilkinji ädim içerki ýagdaýa doly baha bermekden ybaratdyr. Bir tarapdan, bu korrupsiýa meselesini wajyplygyny we beýleki tarapdan, döwletiñ garamagyndaky serişdeleriñ möçberini öz içine alar. 6-njy maddanyñ gollanmasynda görkezilişi ýaly, täze edaralary döretmek ýa-da korrupsiýa garşy alnyp barylýan işiñ aýraryn bir edaranyñ ýa-da edaralaryñ düzüminde ýerleşmegi bilen dahylly meselä garşy we oñyn pikirler hem bar. Gatnaşyjy-döwletler bu maddada salgylanylýan aýratyn bir edaranyñ ýa-da edaralaryñ artykmaçlyklaryna korrupsiýa garşy edilýän tagallalara jemi bu ugurda has ýokary derejede ýöriteleşmäge, tejribe toplamaga we has netijeli işlemägä itergi ýa-da badalga diýip düşünip bilerler. Beýleki tarapdan, bu ýerde kemçilikler hem bar, meselem çykdajylar, başlangyç kynçylyklar, utgaşdyrmak meseleleri, özbaşdaklyk sebäpli az girdeji almaklyk mümkinçiligi we eýýäm korrupsiýa boýunça iş alyp barýan bar bolan edaralaryñ abraýyna zeper ýetirmek düşünjesi ýaly mümkin boljak ýetmezçilikler.
Hukuk mehanizmi, hasabat taýýarlamak, ygtyýarly edaralaryñ arasyndaky gatnaşyklar, býudjet üpjünçiligi; jenaýat agtaryş, sud ygtyýarlylyk ukyby we syýasy ýagdaý ýaly meseleleri çözmeli korrupsiýa garşy kämil milli strategiýa düzülenden soñ, bir ýa-da birnäçe edaralary döretmek meselesine üns bermek zerurdyr.

5-nji maddanyñ ýerine ýetirilmegi baradaky häzirki gollanmanyñ bir böleginde jikme-jik seredilip geçilen strategiýanyñ taýýarlanmagy döwlet syýasatyny kesgitleýänlere korrupsiýanyñ haýsy aýratyn görnüşlerine has uly ähmiýet bermelidigi barada gelnen netijelere daýanýan esaslandyrylan çözgütleri kabul etmekde kynçylyk döretmeli däldir. Syýasy çözgütler “uly möçberli” korrupsiýa (ýol-ulag polisiýasy ýa-da ygtyýarly emeldarlar) ýa-da “ýokary-gymmatly” korrupsiýa (haryt almak boýunça kontraktlar) ýa-da olaryñ ikisine hem garşy göreşmek üçin hukuk goraýjy edaralary gönükdrimelimi diýen meseläni orta atar. Onsoñ döwlet taraplary özleriniñ bar bolan hukuk goraýjy edaralarynyñ zerur bolan tabşyryklary ýerine ýetirmekdäki artykmaç we gowşak taraplaryna baha berip bilerler.

Gatnaşyjy-döwletler 36-njy madda hukuk goraýjy edaralaryñ ýöriteleşdirilmegine aýratyn ähmiýet berýär diýip hasaplap bilerler.

Gatnaşyj-döwletler ýatdan çykarmaly däldirler, ýagny halkara tejribesine laýyklykda, aýratyn KGB (korrupsiýa garşy bölümiñ) döredilmegine sebäp bolýan iñ güýçli iteriji güýçleriñ biri bar bolan hukuk goraýjy edaralaryñ garaşsyzlygy hakyndaky ýa-da olaryñ işi baradaky jemgyýetçilik gyzyklanmasy bilen baglanşykly düşünjeler bolup durýar. Täze ýa-da aýratyn KGB döredilmegi korrupsiýa garşy göreşde “täze ädimiñ” ädilendigini añladyp biler ýa-da köpçüligiñ adaty hukuk goraýjy edaralaryna bolan ynamynyñ täzeden dikeldilmegi üçin zerur bolan wagt aralygynda olara köpri bolup hyzmat edip biler. Ahyrynda täze ýa-da aýratyn KGB gazanylýan ösüşe we üştünliklere hem şowsuzlyklara baha bermegi has aýdyñ üpjün edip biler.

Muña garamazdan, KBG-nyñ açylmagy ýaramaz netijeleri hem berip biler. Şeýle bölümi açmaklyk ýeterlik möçberde serişdäni talap edýär. Ondan başga-da, täze gulluklaryñ birnäçe funksiýalary ýerine ýetirip bilermikä diýen sorag hem ýüze çykýar. Galyberse-de, esasan hem kiçi we ösüp barýan ýurtlaryñ “ylymly adamlarynyñ göçüp gitmeklik” meselesine ýeterlik üns bermeklik hem zerurdyr. Aýratyn bölümi döretmekligiñ tejribeli hukuk goraýjy hünärmenleri düzüminde saklaýan dolandyryş merkeziniñ bolmagyny talap edýänligi sebäpli, şeýle adamlary işe çekmeklik ýa-da gaýtadan işe kabul etmeklik

beýleki hukuk goraýjy edaralaryñ mümkinçiliklerine ýaramaz täsirini ýetirip bilerdi. Iñ esasy zat hem Gatnaşyjy-föwletler adamlaryñ, güýçleriñ we zehinleriñ bir ýere jemlenmeginiñ gullukara bäsdeşlik sebäpli bökdençlik döredip biljekdigini hem göz öñünde tutmalydyrlar. Hukuk goraýjy mandatyna eýe bolan aýratyn KGB ýöriteleşme, tejribe we zerur derejedäki özbaşdaklyk ýaly köp artykmaçlyklaryny zerur bolan serişdeleri bar bolan hukuk goraýjy edaralaryñ düzüminde olaryñ işlerini ýokarlanmagy üçin işine ökde bölümleri döretmek arkaly gazanyp bolar.

### II.2 Ýöriteleşdirilen edaralaryñ ýokary gymmaty we roly

Gatnaşyjy-döwletler ýöriteleşdirilen edaralaryñ ýokary gymmaty we roly garaşsyz bölümiñ ýa-da hukuk goraýjy gullugyñ çäklerinde doly baha bermelidirler. Häzirki zaman korrupsiýa we maliýe jenaýatçylygy bilen baglanşykly çynlakaý we çylşyrymly işleriñ derñewinde netijelilik görkezmek üçin ýöriteleşdirilen edaralara talabalaýyk kämil prosesual hukuk mehanizmi zerur bolar. Şol mehanizm ýöriteleşdirilen edaralara watglaýynça resminamalara ýa-da olara degişli maglumatlaryñ we görkezmeleriñ üstüni açmaga, maliýe hasabatlaryny ulanmaga, aktiwleri saklamaga we konfiskasiýa etmeklige mümkinçilikler bermelidir. Öz rollaryny ýerine ýetirmek üçin ýöriteleşdirilen edaralara maliýe we jenaýatçylyk maglumatlaryny ulanmaga, jenaýat agtaryş işlerini, kazyýet işlerini we raýat emläklerini gaýtaryp almak işlerini amala aşyrmaga ygtyýar gerekdir.

Korrupsiýa we ähtimal, maliýe jenaýatçylygyna garşy ýöriteleşdirilen edaralary döretmeklik ýa-da ygtyýarlandyrmaklyk bilen baglanyşykly kanunçylyk mehanižmini ýa-da gurluşyny üýtgedip gurmaklyk iş ýüzünde jenaýat boýunça kazyýet işini ýöretmegiñ düýpli reformasyny geçirmekdäki edilýän tagallalaryñ bir bölegi bolmagy zerurdyr. Aýratyn bir jeneýatyñ görnüşine gönükdirilen bölekleýin ýa-da tapgyrlaýyn reforma ýetmezçilik edýän serişdeleriñ añsatlyk bilen ýele sowrulmagyna sebäp bolup biler, sebäbi aýratyn kynçylyk döredýän ugurlar bolan korrupsiýa ýa-da bikanun gazanylan pul serişdeleriniñ dolanyşyga girizilmegi aýratynlykda we utgaşdyrylmadyk häsiýetde çemeleşilýär. Bu bölümde seredilip geçilen reformalar uzak möhletleýin prosesual jenaýat kanunyny kämilleşdirmek we döwrebaplaşdyrmak boýunça maksatnamanyñ gözleg, derñew, jenaýaty gozgaýyş we ýatyryş işlerinde ygtyýarlygy bolan edaralaryñ bir bölegi bolan ýagdaýynda has-da netijeli bolardy. Ähli ýurisdiksiýalarda şeýle maksatnama bolan zerurlyga we Konwensiýada hem-de beýleki ylalaşyklarda halkara borçlaryñ ýokarlandyrylmagyna bolan wajyplyga uly ähmiýet berilýär.

### II.3 Garaşsyzlyk we serişdeler

Institusional görnüşine garamazdan ýöriteleşdirilen edaralaryñ netijeliligini üpjün etmek üçin Gatnaşyjy-döwletler birnäçe möhüm aspektleri, şol sanda garaşsyzlygy, serişde üpjünçiligi, hasabat taýýarlaýyş işleri üçin hukuk we prosesual mehanizmini göz öñünde tutup bilerler.

Ýöriteleşdirilen edaralaryñ garaşsyzlygy kanun tarapyndan düzgünleşdirilmelidir, ýokary wezipeli dolandyryş işgärlerini işe çekmeklik, wezipä bellemeklik, düzgün-tertip we işden boşatmaklyk boýunça ölçegler bolsa, onuñ esasynda takyk kesgitlenmelidir (mümkin bolan gollanylmaly model sud ýa-da sud işlerini tertipleşdirýän şertler bolup biler). Gatnaşyjy-döwletler täze wezipä bellemekde ýerine ýetirji häkimlige garaşly bolmakdan gaça durmak üçin, bellenilen kesgitli möhlete wezipelere bellemeklik meselesine seredip biler. Kanun ýöriteleşdirilen edaranyñ başlygynyñ işgärleri işe çekmeklik we edaranyñ wezipeleriniñ operatiw ýerine ýetirilmegi üçin jogapkärçilige hem seretmelidir.

Islendik ýaramaz täsirden gaça durmak üçin ynamdar içki we/ýa-da daşky barlag ulgamy geljekki howpsuzlygy üpjün edip biler. Şeýle gözegçilik üçin Gatnaşyjy-döwleter kanun çykaryjy häkimliginiñ ýöriteleşdirilen toparyna daýanýan käbir döwletleriñ tejribesinden peýdalanyp bilerler. Gözegçiligiň beýleki (daşky) ýa-da barlag bölümlerini eýýäm doretdiler.

Jenaýat derñew we jenaýat sud işlerini alnyp barlanda operatiw çözgütleriñ kabul edilmegine bolan ýaramaz täsirlerden goraýan düzgünnamalar aýratyn ähmiýete eýedir. Käbir döwletlerde ýöriteleşdirlen edaralar bir iş boýunça gözleg we derñew işlerine başlanlarynda ýokarda durýan Jemgyýetçilik Günäkärleýis edarasynyñ Direktory, Baş Kazyýet, Adalat Ministrligi ýaly edaralara bu barada habar bermäge borçlanmaýarlar. Beýleki tarapdan, köp Gatnaşyjy-döwletler entek hem belli bir iş boýunça sud işlerini alyp barmak üçin rugsat almaly bolýarlar we şeýle ygtyýarlygyñ garaşsyzlyga degişliligini seretmek isleýärler. Käbir döwletlerde derñew işlerini alyp barýan işgärlere, prokurorlara, derñewçilere, sudlara işi togtatmaga buýruk berip bolmaýar.

Ýöriteleşdirilen edaralardan ýyllyk hasabatlary, şol sanda tussag etmeklik we derñewdäki işler baradaky maglumatlary çap etmek we kanun çykaryjy häkimiýete tabşyrmak talap edilip bilner. Kanun çykaryjy häkimiýetiñ başlygynyñ bolsa gözegçilik ediji edaranyñ başlygyna şol edaranyñ işi bilen hasabat bermegini talap etmäge resmi hukugy bolmalydyr.

Ýöriteleşdirlen edaranyñ başlygyny wezipä bellemekden başga-da, Gatnaşyjy-döwletler işgärleri işe kabul etmek üçin hem talabalaýyk düzgünnamany kesgitlemek meselesine seretmelidirler, munuñ üçin olar ýyllyk hasabatlaryny bermeli, ol hasabatda bolup geçýän ýagdaýlaryñ tussag edilen ýerleri barada gysga beýan hem bolmaly. Ony bu işe jogap berýän ýolbaşçydan öz işleri barada soramaga ygtyýary bolan kanun çykaryjy edara ibermeli.

Ýöriteleşdirilen edaranyñ ýolbaşçysyny bellemekdem başga-da, Gatnaşyjy-döwletler işgärleri işe kabul etmek üçin talabalaýyk proseduralary işläp taýyarlamaly. Mundan başga-da, Gatnaşyjy-döwleter gorkuzmagyñ öñüni almak üçin raýat sud dawasyna garşy immunitet arkaly professional garassyzlygy çarçuwalaşdyrmak meselesine seredip bilerler.

Gatnaşyjy-döwletler iñ tejribeli hünärmenleri işe çekmek we saklamak üçin ýöriteleşdirilen edaralara degişli zähmet hakynyñ töleniliş tertibine hem seredip bilerler. Talabalaýyk okuwa degişlilikde, Gatnaşyjy-döwletler korrupsiýa bilen baglanyşykly jenaýatçylyk işleriniñ derñewine ýöriteleşmäge başlamazdan ozal korrupsiýa garşy göreşmek boýunça ýoriteleşdirilen sülçileriñ, prokurorlaryñ we sudýalaryñ umumy derñew işinden gowy baş çykarmalydygyny zerur hasaplap bilerler. Bu Konwensiýa aýratyn bir çäräni şertlendirmese-de, Gatnaşyjy-döwletler birnäçe beýleki Gatnaşyjy-döwletlerde durmuşa geçirilen käbir modellere üns berip bilerler:

- Entek hem operatiw çärelere gatnaşýan tejribeli we synagdan geçen sülçiler tarapyndan geçirilýän okuwlary hödürlemek. Okuw edaranyñ işine gatnaşmakçy bolýan ähli adamlara, şol sanda sudýalara hem elýeterli bolmalydyr.

- Derñewçileri, salgyt kanuny boýnça hünärmenleri we menejment ekspertlerini okuw maksatnamalaryna goşmak. Mundan başga-da, Gatnaşyjy-döwletler hünär ahlak kadalary barada leksiýalary taýýarlamagy göz öñünde tutup bilerler.

- Milli we halkara derejede işgärleri iş saparlaryna ibermek ýa-da alyş-çalyş etmek.

Talabalaýyk okuw geçip biljek hünärmenleriñ hyzmatyndan peýdalanmak ileri tutulmalydyr. Birnäçe okuw geçmeli ýöriteleşidirilen ugurlar boýunça hünärmenler ýetmezçilik edip biler we olaryñ hyzmaty örän gymmat bolup biler. UNODC we beýleki edaralar ösüp barýan ýurtlara tehniki kömek berip bilerler.

Gatnaşyjy-döwlet tarapyndan kabul edilen strategiýa we barlag ýöriteleşdirilen edara zerur bolan býüdjeti kesgitleýär. Muña garamazdan, Gatnaşyjy-döwletler adatdan daşary ýagdaýlar üçin we döwlet býüdjetiinden daşary derñewler üçin serişdeleriñ elýeterligini üpjün etmelidirler. Umuman, Gatnaşyjy-döwletler gaznanyñ diñe bir möçber bilen baglanyşykly mesele däl-de, eýsem meýilleşdiriş bilen baglanyşykly meseledigini hem ýatdan çykarmaly däldirler.

### Madda 37. Hukuk goraýjy edaralar bilen hyzmatdaşlyk

1. *Şu Konwensiýa laýyklykda her Gatnaşyjy-döwlet derñew we delillendirmek maksatlary we jenaýatçylary bikanun ýol bilen gazanan girdejilerinden mahrum etmek we şol girdejileriñ üstüni açmaklyk üçin kömek edip biljek we ygtyýarly edaralar üçin peýdaly maglumaty almak maksady bilen jenaýata gatnaşýan ýa-da gatnaşan adamlary höweslendirmek üçin talabalaýyk çäreleri görmelidir.*

2. *Her Gatnaşyjy-döwlet zerur ýagdaýlarda şu Konwensiýada bellenilen jenaýaty derñemekde ýa-da jenaýat boýunça iş gozgamakda ýeterlik hyzmatdaşlyk edýän günäkärlenýäniñ jezasyny ýeñilleşdirmekligiñ mümkinçiligine seretmelidir.*

3. *Öz içerki kanunlaryñ baş ýörelgelerine laýyklykda, her Gatnaşyjy-döwlet Konwensiýada bellenilen jenaýaty derñemek ýa-da ol boýunça jenaýat işini gozgamak hyzmatdaşlyk edýän tarapa kazyýet eldegrilmesizligini bermek mümkinçiligine garamalydyr.*

4. *Şeýle taraplary goramaklyk bu Konwensiýanyñ 32-nji maddasynda göz öñünde tutulan tertipde amala aşyrylmalydyr.*

5. *Eger bu maddanyñ 1-nji punktunda bellenilýän we bir Gatnaşyjy-döwletiñ çäginde ýerleşýän adam beýleki Gatnaşyjy-döwletiñ ygtyýarly edaralaryna degerli kömek berip biljek bolsa, onda degişli Gatnaşyjy-döwletler öz içerki kanunlaryna laýyklykda başga bir Gatnaşyjy-döwlete bu maddanyñ 2-nji we 3-nji punktlarynda bellenilen tertipde kömek bermek bilen baglanyşykly ylalaşyklary baglaşmaklyk ýa-da çäreleri geçirmeklik meselelerine seredip biler.*

#### I. Syn

Konwensiýa korrupsiýa boýunça gözleg, derñew islerini geçirmäge we suduñ kararyny çykarmak boýunça işlere ýardam etjek birnäçe düzgünleri öz içine alýar. Korrupsiýanyñ jenaýatyñ gizlinlikde bolup geçýän çylşyrymly görnüşidigini göz öñünde tutmak bilen, onuñ üstüni açmaklygyñ iñ gowy usuly bu jenaýata gatnaşýandan ýa-da oña şaýat bolan adamdan maglumat almakdyr. Şonuñ üçin, hukuk goraýjy edaralar oña gatnaşyjylaryñ bilýän zatlaryny mälim etmeklerine itergi berjek serisdeleri tapmalydyrlar, ýogsam jenaýata gatnaşyjylaryñ bilýän zatlarynyñ üsti açylman galyp biler. Şeýlelikde, Konwensiýa hyzmatdaşlyk etmäge bolan meýilleriniñ käbir halatlarda taraplardan has uly zatlary, ýagny günäniñ ýeñledilmegini ýa-da sud edilmäge dahylsyzlyk hukugyny (immuniteti) bermekligi talap edip biler. Konwensiýanyñ emläkleri gaýtaryp almaklyk we halkara hyzmatdaşlyk meselelerine berýän ähmiýetini göz öñünde tutup, 37-nji madda

jenaýatçylary bikanun gazanan girdejilerinden mahrum etmeklik we şol girdejileri gaýtaryp almaklyk boýunça kömek etmekleri üçin adamlary höweslendirmek babatda çäreleri özünde jemleýär (punkt 1). Ol derñew ýa-da sud işleri geçirilmeýän işlerden başga, emma sud edilmäge degişli we hyzmatdaşlyk edýän adamy goramaklyk üçin serişdeleri bermeklik üçin gatnaşyjy taraplara ylalaşyklar baglaşmak ýa-da çareler görmeklik mümkinçiliklerine degişli halkara düzgüni öz içine alýar (punkt 5).

## II. Tejribe meseleler we çözgütler

37-nji madda hökmany we hökmany däl şertleri öz içine alýar.
Hökmany şert hökmünde 37-nji madda Gatnaşyjy-döwletleri bu Konwensiýada bellenilen jenaýata gatnaşýan ýa-da oña gatnaşan adamlaryñ ygtyýarly edaralara derñew we delillendiriş maksatlary üçin we ygtyýarly edaralara jenaýatçylaryñ galp ýol bilen gazanan girdejilerinden mahrum etmäge we ol girdejileri gaýtaryp almaga ýardam etjek hakyky anyk kömegi bermekleri üçin olary höweslendirmägä borçlandyrýar.

Üstesine, 37-nji madda Gatnaşyjy-döwletleri şeýle adamlary, zerur bolan üýtgeşmeleri girizmek bilen (mutatis mutandis) 32-nji maddanyñ 4-nji punktunda bellenilen tertipde goramaga borçlandyrýar.

Bu konsepsiýa hukuk goraýjy edaralaryñ toparlaýyn gurnalan jenaýat işleri babatda toplan tejribesinden gelip çykýar. Hyzmatdaşlyk edýän şaýatlar we şeýle hyzmatdaşlygy höweslendirmek üçin serişdeler hukuk goraýjy edaralara köplenç çylşyrymly we köpugurly ýa-da dürli kategoriýaly gurnalan jenaýatçylyk toparlaryñ işine aralaşmakda, düşünmekde we iş salyşmakda peýdalydygyny subut etdi.

Şeýle tejribe aglaba ýagdaýda bolmasa-da, köplenç korrupsiýa bilen baglanyşykly işlerde peýdalanylyp bilner.

### II.1. Işe dahylly maglumatlar

Şahsyýet tarapyndan berlen maglumat peýdaly we derñelýän, jenaýat işi gozgalýan we kazyýetiñ karary çykarylýan işe ýa-da korrupsiýa netijesinde gazanylan galp girdejileri gaýtaryp almaga dahylly bolmalydyr.

Gatnaşyjy-döwletler jenaýat arkaly gazanylan girdejilerinden jenaýatçylary mahrum etmek we şeýle girdejileri gaýtaryp almaga ýardam edip biljek delillendiriji ýörite kömekleri höweslendirmelidirler. Gatnaşyjy-döwletler ”delillendiriji, ýörite kömek” terminine faktlara esaslanýan kömek we maglumat hökmünde garap bilerler.

Gatnaşyjy-dowletler bu çäreleriñ aç-açan ýagdaýda geçirilmegi we köpçüligiñ goldawyny almak üçin olaryñ habar beriji äheñde ýaýradylamagyny zerur hasaplap bilerler.

### II.2. Jezanyñ ýeñilleşdirilmegi

Gatnaşyjy-döwletler “jezanyñ ýenilleşdirilmegi” terminine haýsydyr bir jenaýat üçin kesilýän möhletiñ gysgaldylmagy ýa-da jeza çäresiniñ has geçirimlilik ýoly arkaly amala aşyrylmagy diýip düşünip bilerler. Şuña laýyklykda, Gatnaşyjy-döwletler jezanyñ ýeñilleşdirilmegini iki modelden ybarat diýip hasap edip bilerler:

- Birinjiden, haýsydyr bir iş boýunça sud ýa-da sudýa tarapyndan ýeñilleşdirilen görnüşde çykarylan karary adaty görnüşde çykarylan karar bilen deñeşdirmeklik.

Meselem, sud ýa-da sudýa azatlykdan mahrum edilmekligiñ pul tölegi bilen çalşyrylmak mümkinçiligine garap biler.

- Ikinjiden, jezanyñ faktlara esaslanyp ýeñilleşdirilmegi suduñ höküm çykarmagyndan we ýerine ýetirilmeginden soñ bolup geçýär. Şeýle modeliñ möhletinden öñ tussaglykdan boşadylmaklyk ýa-da şertli möhletinden öñ boşadylmaklyk ýaly bähbitli taraplary bar (seret: 30-njy maddanyñ 5-nji punkty). Sud işlerine laýyklykda Gatnaşyjy-döwletler aşakdaky birnäçe görnüşlerden saýlap bilerler:

- Adalatlylyk ýörelgesine esaslanyp, Gatnaşyjy-döwletler jezany ýeñilleşdirilmegine kepil geçýän öñünden berlen teklibiñ hakykatdan-da ygtyýarly sud organy ýa-da günäkärleýji organ tarapyndan makullanjak sud işlerini göz öñünde tutup bilerler. Şu jähtden, Gatnaşyjy-döwletler sudlara hökmany hökümleri ýeñletmeklik üçin teklipleri berýän jenaýat kanunlaryna madda girizip bilerler.

- Muña garamazdan, Gatnaşyjy-döwletler "jezanyñ ýenilleşdirilmegi" termininiñ diñe bir beýan edilen zatlary däl-de, eýsem hakyky iş esasynda jezanyñ ýeñilleşdirilmegini hem öz içine alýandygyny göz öñünde tutup bilerler. Şeýlelikde, kanunçylyk ulgamy şeýle çareleri geçirmäge mümkinçilik berýän Gatnaşyjy-döwletlere jezanyñ ýeñilleşdirilmegini göz öñünde tutýan aýratyn bir maddany girizmäge zerurlyk bolman hem biler, emma olar özleriniñ hukuk goraýjy edaralaryna bellenilen çäklerde ylalaşylýan hökümler barada maslahat berip bilerler. Mundan başga-da, gysgaldylan möhlete degişli jeza çäresini bermäge degişli etmäge mümkinçilik berýän günäleri ylalaşmak üçin jenaýat agtaryş organyna ýüz tutup biler, emma sud häkimliginiñ garaşsyzlygyny goz öñünde tutmak bilen, sud bolmazyndan we höküm çykarylmazyndan öñ günäkärlenýäniñ günäsiniñ ýeñledilen halatynda onuñ eden günälerini doly boýun aljakdygy hakynda ylalaşyk baglanyşylmagynyñ mümkindigine Gatnaşyjy-döwletler göz ýetirip bilerler. Şeýle sud işlerine degişlilikde Gatnaşyjy-döwletler hökümi ýeñletmek üçin şertleri özünde jemleýän we ähli taraplar tarapyndan gol çekilen ýazmaça ylalaşygyñ zerurdygyny göz öñünde tutmalydyrlar.

- Gatnaşyjy-döwletler jenaýatçylara ýeñillik bermeklik bilen adalaty amala aşyrmagyñ arasyndaky, hususan-da jemgyýetçiligiñ öñündäki deñagramlylygy saklamagyñ zerurdygyny göz öñünde tutmalydyrlar. Şeýlelikde, olar jezany ýeñletmekligi möhüm hyzmatdaşlyk bilen baglaşdyryp bilerler. Muña garamazdan, Gatnaşyjy-döwletler möhüm hyzmatdaşlygyñ onuñ üpjün edýän maglumatyñ bolmadyk halatynda derñewi geçirmeklik ýa-da höküm çykarmaklyk mümkin däldigini añlatmak zerur däldigini hem göz öñünde tutup bilerler. Beýleki tarapdan, jezanyñ ýeñledilmegine eltip biljek korrupsiýa jenaýaty bilen baglanyşykly möhüm maglumata laýyklykda, olar has giñişleýin çemeleşmäni saýlap bilerler. Şeýlelikde, olar jezanyñ ýeñilleşdirmekliginiñ möçberini hyzmatdaşlygyñ möçberi we hili bilen baglaşdyryp bilerler.

- Gatnaşyjy-döwletler hökümi ýeñilleşdirmek mümkinçiliginiñ diñe bir hyzmatdaşlyk bilen däl-de, eýsem jenaýatyñ we günäkärlenýän adamlaryñ günäleriniñ çynlakaýlygy bilen baglydygyny hem ýatda saklamalydyrlar. Şonuñ üçin uly möçberdäki korrupsiýa we hyzmatdaşlyk edýän adamyñ düýply nädogry hereket eden halatynda jezany ýeñilleşdirmek meselesi aradan aýrylyp bilner.

## II.3. Immunitet hukugy

Bu madda Gatnaşyjy-döwletlere düýpli hyzmatdaşlyk edýän günäkärlenýän tarapy sud yzarlamalaryndan ýa-da günä bildirilmekden boşatmagy göz öňünde tutmagy teklip edýär. Gatnaşyjy-döwletler ony amala aşyrmagyň mümkin bolan iki sany modeline salgylanyp bilerler:

- Birinjiden, Gatnaşyjy-döwletler dahylsyzlyk (immunitet) hukugyny berýän täze kanuny girizip bilerler. Bu hökmany sud jogapkärçiligine çekmek mümkinçiligi bolan hukuk ulgamalarynda zerur hasaplanyp bilner.

- Ikinjiden, günäkärlemek hukugy bolmadyk garalawçylary bolan Gatnaşyjy-döwletler düýpli hyzmatdaşlygyň garalawçynyň hukugynyň çäklerinde dahylsyzlyk hukugyny bermäge mümkinçilik döredýän esas bolup biljekdigini öz hukuk goraýjy edaralaryna maslahat berip bilerler.

Eger ol aýal maşgalanyň ýa-da erker adamyň kömegi bolmadyk halatynda günäkärlenýäni kazyýet jogapkärçiligine çekip bolmaýan bolsa, onda dahylsyzlyk hukugy hyzmatdaşlyk etmek üçin esasy şaýada güýpli höweslendiriji zat bolup hyzmat edip biler. Beýleki tarapdan, ýygy-ýygydan ulanylan halatynda ýa-da iň erbet ýeri, köpçülik syýasy ýa-da maliýe tarapdan täsirli adamlara dahylsyzlyk (immunitet) hukugy berilýär diýip düşünse, onda jezadan doly boşadylmaklyk korrupsiýa garşy kadalaryň ýuridiki güýjüni peseldip biler. Şeýlelikde, gatnaşyjy döwletler aýratyn jenaýat işler bilen iş salşanlarynda dahylsyzlyk hukugyny bermekligiň artykmaçlygynyň möhümliginiň we adalatlylygyň berjaý edilişine bolan köpçüligiň ynamynyň ýokarlanmagyň zerurlygynyň arasyndaky deňagramlylygy saklamagy göz öňünde tutmalydyrlar.

Dahylsyzlyk hukugyny bermeklik diňe hyzmatdaşlygyň görnüşine ýa-da derejesine bagly bolup bilmezmikä? Gowusy hukuk goraýjy edaralar günäkäriň şahsyýetini we jenaýata onuň nä derejede dahyllylygyny göz öňünde tutup bilerler. Meselem, Gatnaşyjy-döwletler korrupsiýa toparyna başlyklyk edýän adama ýa-da syýasatçylar ýaly ýokary derejeli günäkärlere dahylsyzlyk hukugyny bermek mümkinçiligini aradan aýryp bilerler, sebäbi bu ýagdaý köpçüligiň hukuk goraýjy edaralaryň adalatlylygyna bolan ynamyna ýaramaz täsirini ýetirip biler.

Mundan başga-da, Gatnaşyjy-döwletler diňe adatdan daşary ýagdaýlarda, ýagny günäkär adamyň beren maglumaty bolmadyk halatynda derňew etmegiň we hököm çykarmagyň mümkin däldigi üçin dahylsyzlyk hukugynyň berilmegini saýlap bilerler.

Sud işlerine degişlilikde Gatnaşyjy-döwletler aýratyn möhüm bolan käbir aspektleri göz öňünde tutup bilerler:

- Dahylsyzlyk hukugyny bermek boýunça täze kanunyň çykarylmagyny talap edilýän Gatnaşyjy-döwletlerde kanunçylygyň çäklerinde anyk jedelsiz we deslapky şertleri göz öňünde tutup bilerler.

- Gatnaşyjy-döwletler şol bir kanunçylyk aktyna bir tarapdan dahylsyzlyk hukugynyň borçlary we deslapky şertleri bilen baglanyşykly düşünişmezlik, beýleki tarapdan bolsa, hukuklar we ýeňillikler babatda düşünişmezlik bolmaz ýaly dahylsyzlyk hukugyny bermekligiň şertlerini özünde jemleýän we ähli taraplaryň gol çeken ýazmaça ylalaşygy hakynda zerur şertleriň girizilmegini göz öňünde tutup bilerler.

- Dahylsyzlyk hukugyny bermekliginiñ kuwwatly guraldygy sebäpli Gatnaşyjy-döwletler ondan hyýanatçylykly peýdalanylmagyñ hem mümkindigini göz öñünde tutmalydyrlar. Şonuñ üçin, hukuk goraýjy edarlar dahylsyzlyk hukugyny bermezden ozal maglumatyñ dogrylygyny barlamalydyrlar. Bu hukuk goraýjy edaralardan berlen maglumaty gosmaça maglumatlar bilen tassyklamak boýunça mümkin bolan ähli tagallalary talap eder. Mundan başga-da, Gatnaşyjy-döwletler günäkärlenýäniñ hukuk goraýjy edaralara ýalnyş ýol görkezen halatynda ony dahylsyzlyk hukugyndan mahrum etmek mümkinçiligini hem göz öñünde tutup bilerler. Şu jähtden, maglumat ýalñyş ýa-da bilkaslaýyn ýalan bolup çyksa, onda ylylaşygy güýji gaçan diýip hasaplamak boýunça dahylsyzlyk hukugy hakyndaky ylalaşygyna gerekli maddalary girizip bilerler.

- Tersine, Gatnaşyjy-döwletler bu işe dahylly şertler barada anyk gollanmany hökman goşmalydyrlar.

- Beýleki saklanýan ýa-da geljekki işlere ýaramaz täsir edip bilmejek gerekli maddalary dahylsyzlyk hukugy baradaky ylalaşyga girizip bilerler.

## II.4. Gatnaşyjy-döwletleriñ arasyndaky ylalaşyklar we çäreler

Gatnaşyjy-döwletler bir Gatnaşyjy-döwletdäki jenaýatçynyñ maglumatynyñ ýa-da görkezmesiniñ beýleki Gatnaşyjy-döwletdäki derñew işine dahylly ya-da peýdaly bolup bilmekligi hakyndaky mümkinçiligi göz öñünde tutup bilerler. Hususan-da, transmilli korrupsiýa jenaýat işlerinde özleriniñ ýaşaýan döwletinde häzirlikçe günäkärlenlmeýän şol adamlaryñ korrupsiýa bilen baglanyşykly jenaýat baradaky bilýän zatlaryny nähili usul bilen üstüni açyp bolar diýen sorag ýüze çykyp biler.

Netijede, iki tarapyñ hem bähbitlerini goraýan çözgütleri tapmak üçin Gatnaşyjy-döwletler ylalaşyklary baglaşyp ýa-da çäreler görüp bilerler we bir Gatnaşyjy-döwletiñ hukuk goraýjy edaralaryna başga bir Gatnaşyjy-döwletde amala aşyrylan korrupsiýa jenaýaty bilen baglanyşykly düýpli hyzmatdaşlygyñ öwezine ýenilleşdirilen sanksiýa çykarmagy ýa-da hatda dahylsyzlyk hukugynyñ berilmegini teklip etmäge rugsat berip bilerler. Bu dahylsyzlyk hukugyny bermek hakyndaky täze düzgünleri ýa-da bar bolan düzgünleriñ täzeden seredilmegini talap edip biler.

Gatnaşyjy-döwletler aýratyn ýagdaýlar üçin niýetlenen ylalaşygyñ dowam edýän jenaýat işiniñ zyýanyna wagt almak meselesine hem seredip bilerler. Şeýlelikde, zerur halatynda olar ýörite ýagdaýlar üçin aýratyn meýilnamany göz öñüñde tutup bilerler.

## Madda 38. Milli edaralaryñ arasyndaky hyzmatdaşlyk

*Her Gatnaşyjy-döwlet, zerur halatynda öz içki kanunçylygyna laýyklykda bir tarapdan öz döwlet edaralarynyñ we işgärleriniñ arasyndaky, beýleki tarapdan jenaýat derñew we kazyýet işlerine jogapkär edaralarynyñ arasyndaky hyzmatdaşlygy ýokarlandyrmak üçin çäreleri görmelidir. Şeýle hyzmatdaşlyk aşakdakylary öz içine alyp biler:*

*(a) Bu Konwensiýanyñ 15, 21 we 23-nji maddalarynda bellenilen jenaýatçylyklaryñ bolup geçenligi barada düýpli esaslar bar bolan halatynda, hukuk goraýjy edaralara meýletin habar bermek; ýa-da*

*(b) Haýyş edilen ýagdaýynda hukuk goraýjy edaralara ähli zerur maglmatlary bermek.*

**I. Syn**

15, 21 we 23-nji maddalar döwlet gullugyñ işgärleriniñ, hususy sektordaky parahorlyk we bikanun girdejileriñ kanuny ýagdaýda dolanşyga girizilmegi ýaly meseleler bilen iş salyşýar. Şeýle jenaýatlary derñemäge we olar boýunça jenaýat işini gozgamaga ygtyýarlyklary we tejribeleri bolan edaralara islendik howply jenaýat barada önünden duýdurmaklyk jenaýatçylaryñ sud jogapkärçiliginden gaçyp bilmezligini ýa-da görkezmeleri galplaşdyrmazlygyny we serisdeleriñ gitmegiñ öñüni alynmagyny ýa-da gözegçilikde saklanmagyny üpjün etmekde möhümdir. Korrupsiýa bilen baglanşykly köp işler çylşyrymly we gizlin; bu barada degişli döwlet edaralarynyñ öñünden duýdurylmagy ýa-da derñew edaralarynyñ haýyşy boýunça desplapky hyzmatdaşlyk gowy tejribe bolup durýar.

**II.Tejribe meseleler we çözgütler**

Gatnaşyjy-döwletler ýokary döwlet edaralarynyñ we döwlet işgärleriniñ maddanyñ maksadyna düşünmekleri we ony durmuşa geçirmekde olaryñ ornuna göz ýetirmekleri üçin zerur şertleri kesgitlemegin ýollaryny tapyp bilerler. Okuw maksatnamalary we olar bilen derñew we jenaýat agtaryş edaralarynyñ arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin yzygiderli we meýilleşdirilen şertler muña düşünmäge kömek edip biler. Şol bir wagtda, degişli edaralara dogry ýa-da esaslandyrylan sebäplere laýyklykda hasabat berýän ýa-da maglumatlar boýunça hyzmatdaşlyk edýän döwlet häkimiýetiniñ ýokary organlary berlen maglumatyñ işiñ ilerlemegine eltmedik halatynda erbet netijeleri bermejekdigi barada ynandyrylmalydyr.

Şu madda esaslanýan islendik çäreler ýa-da çykarylan kanundyr-düzgünler degişli jenaýatlaryñ amala aşyrylandygynyñ "düýp sebäpleri" diýip düşündirmelidir.

**Madda 39. Döwlet edaralary bilen hususy sektoryñ arasyndaky hyzmatdaşlyk**

*1. Her Gatnaşyjy-döwlet öz içki kanunçylygyna laýyklykda milli derñew we jenaýat agtaryş edaralary bilen hususy sektoryñ edaralarynyñ, hususan-da bu Konwensiýada bellenilen jenaýatçylyklaryñ ýüze çykyp biläýjek ýerleri bolan maliýe edaralary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin zerur çäreleri görmelidir.*

*2. Her Gatnaşyjy-döwlet öz raýatlaryny we territoriýasynda ýaşaýan beýleki adamlary bu Konwensiýada bellenilen jenaýatyñ bolanlygy barada milli derñew we jenaýat agtaryş edaralaryna habar bermekde höweslendirmek meselesine seretmelidir.*

**I. Syn**

39-njy madda 38-nji maddanyñ üstini ýetirýär we edil döwlet işgärleri ýaly hususy sektordaky edaralary we şahsyýetleri şol bir işleri alyp barmaga höweslendirýär. Korrupsiýa bilen baglanyşykly köp işler çylşyrymly we gizlin, olar degişli edaralaryñ dykgatyna ýetmän ýa-da olaryñ derñewi hususy sektoryñ edaralarynyñ, esasan-da maliýe edalarynyñ, şeýle-de hususy adamlaryñ hyzmatdaşlygy bolmazdan başa barman galyp biler. Hususan-da, hususy sektoryñ edaralarynyñ öñünden düýdurmagy ýa-da derñew edalary bilen deslapky tapgyrda hyzmatdaşlyk etmegi düýpli görkezmeleriniñ alynmagy, goralmagy we sorag işleriniñ başlanmagy üçin möhümdir. Mundan başgada, maliýe edaralarynyñ orny ýa-da "uly möçberdäki" söwda işlerini alyp barýan edaralar Konwensiýada bellenilen jenaýatçylyklaryñ öñüni almakda, derñemekde we sud işlerinde

ähmiýeti uludyr. Maliýe edaralarynyñ şübheli işler ýa-da söwda ylalaşyklary barada habar bermäge borçlanmaklary olaryñ hyzmatdaşlygynyñ çäklenmegini añlatmaly däldir, sebäbi bir edara başga, ýagny hasap açmak ýa-da beýleki işler barada şübhelenip biler.

## II.Meseleler we çözgütler

Gatnaşyjy-döwletler hususy sektordaky taraplaryñ bu maddanyñ maksadyna we Konwensiýany goldamakda onuñ ähmiýetine düşünýändiklerine göz ýetirmelidirler. Dogry we düýpli esasda degişli hukuk goraýjy edaralara habar berýän ýa-da olar bilen hyzmatdaşlyk edýän edaralaryñ ýa-da döwlet häkimiýetiniñ ýokary organlarynyñ we işgärleriniñ olaryñ gizlinlikde saklanýandygyna we arzalaryñ derñewe degişli däldigine ynanmalydyrlar we olar maglumatlarda görkezilen adamlaryñ talap arzalaryndan, ýerine ýetirilen zyýanlar üçin talaplaryndan hökman goralmalydyr.

Gatnaşyjy-döwletler habarlary haýsy edara we nähili görnüşde ibermelidigi baradaky meselä uly üns bermelidirler (sol sanda goşmaça maglumatyñ ýa-da resminamanyñ görnüşi barada). Olar derñew we kazyýet edaralary bilen hususy sektoryñ edaralarynyñ, hususan-da berlen maglumatyñ gymmatyna laýyklykda, maliýe edaralarynyñ arasyndaky iki taraplaýynlyk derejesini ýokarlandymagyñ ýollaryny hem gözlemelidirler. Berilýän materialyñ formatynyñ we mazmunynyñ ölçeglerini kesgitlemek üçin hususy sektory, esasan-da maliýe edaralryny işe çekmeklik netijeli bolup biler (bu meseleler 14-nji maddada jikme-jik görkezilýär).

## Madda 40: Bank syry

*Gatnaşyjy-döwletleriň her biriniň tarapyndan şu Konwensiýada bellenilen düzgünleriň bozulmagy bilen bagly döwletde derňew geçirilen ýagdaýynda, şol ýurduň hukuk ulgamynda bank syry baradaky kanunlaryň berjaý edilmegi sebäpli ýüze çykyp biljek meseleleri çözmek üçin gerekli şertler döredilen bolmaly.*

## I. Syn

Bank işleri barada maglumatlary gorap saklamak, bank ulgamynyň öňden gelýän düzgüni bolup durýar. Hususy derejede, bankyň öz müşderilerine degişli maglumatlary açmazlyk we ýaýratmazlyk borjy, şahsyýet azatlyga we soňky döwürde habar gizlinligi babatyndaky hukuklaryň bölegi hasaplanylýar. Käbir hukuk ulgamlarda bank syryny açmak bilen baglanyşykly işlerde adama ogurlamak ýa-da zorlap almak üçin deň jogapkärçilik bellenilen. Korporatiw derejede ol adalatly bäsleşik we monopoliýa garşy kanunlaryň bozulmagyna ýol bermeýär. Döwlet syýasaty derejesinde aýdylanda, kämil bank ulgamynyň esasy birek-birege bolan ynam bolup durýar. Bu bolsa belli derejede özara ynamly gatnaşyklaryň ýola goýulmaklygynyň netijesinde gazanylýar.

Gatnaşyjy-Döwletleriň ählisiniň tarapyndan, köplenç kanunlarda kesgitlenişi ýaly banklara üçinji hususy tarapa öz müşderilerine degişli maglumatlary bermezlik, şeýle hem döwlet häkimiýet edaralaryna şol maglumatlar bilen tanyşmaga rugsady diňe gerekli ygtyýarnama esasynda bermeklik hukuklary berilýär we borçlar ýüklenilýär. Pul serişdeleriň "ýuwulmaklygy" (kanunlaşdyrylmagy) barada hasabat bermek ugrunda görülýän çäreler köp Gatnaşyjy-döwletlerde gizlinlik derejesini ýokarlandyrdy. 40-njy maddada jenaýat derňewlere degişli meselelere hem seredilýär.

Bank syry baradaky kanunlar dürli Gatnaşyjy-döwletlerde biri-birinden tapawutlanýar. Olaryň köpüsinde bank syry bank bilen müşderiň şertnamalaýyn aragatnaşyklarynyň aýratyn bir bölegi bolmagy bilen, öňa hususy kanuna degişli tertip hökmünde garalýar

we onuň berjaý edilmekligine şertnamanyň bozulmaklygy bilen meşgullanýan raýat hukuk goraýjy edaralar tarapyndan gözegçilik edilýär. Beýleki döwletlerde bolsa bank maglumatlary goramak diňe bank bilen müşderiň arasynda baglaşylýan şertnamada bellenen tertipler bilen çäklenmän, eýsem ol jemgyýetçilik derejede gözegçilik edilýän mesele bolup durýar. Şonuň üçin şol ýurtlaryň hukuk ulgamlary tarapyndan bank syryň bozulmagy jenaýatly günä derejede kesgitlenilýär.

40-njy madda laýyklykda Gatnaşyjy-döwletlerden ýerli kanunlar we düzgünnamalar sebäpli şu Konwensiýada bellenilen düzgünleriň bozulmagy bilen bagly derňewleri geçirmeklige päsgel berip biljek ýagdaýlary ýok etmeklik talap edilýär. Bu babatda eýýäm Konwensiýadaky şübhe dörediji işler barada hasabat bermeklik we Gatnaşyjy-döwletler üçin hödürlenen iş gurluşyna degişli talaplarda beýan edildi. Şol bir wagtda, milletara maliýe aýlanyşygyna gözegçilik edýän we bu babatda derňewleri geçirýän Gatnaşyjy-döwletleriň edaralary bilen deňeşdirilende, bu ugurda halkara bank ulgamy ösen tehnologiýalara eýe bolmagy bilen has uly mümkinçiliklerden peýdalanyp bilýar. Bu münkinçilikleri belli bir derejede deňleşdirmek maksady bilen 40-njy maddada bank syryna degişli düzgünleriň üýtgedilmekligi göz öňünde tutulýar. Täze şertlere laýyklykda ýerli hukuk goraýjy edaralara para almaklyga we bermeklige (korrupsiýa) garşy netijeli göreşmeklerinde ýardam etmek maksady bilen, olara hemme degişli maglumatlar berilmeli bolar.

## II. Meseleler we çözgütler

40-njy maddada bellenilen wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmekligi köp meseleleriň öwrenilmegini talap edýär.

### II.1. Bank gizlinligiň çägiňden çykmak hukugy kime, haýsy ýagdaýda we näme maksat bilen berilýär?

Haýsy edaralara bank maglumatlary bilen tanyşmaga ygtyýarnama bermek barada netije çykarmak birnäçe şertler we ýagdaýlar bilen baglydyr. Şonuň üçin bu babatda kanunlar dürli döwletlerde tapawutlanýar.

Wajyp şertleriň biri her bir ýurtda jenaýatçylygyň öňüni almak we oňa garşy göreşmek syýasatyň gurluşy, şeýle hem şol syýasatyň ileri tutulýan ugurlary we ýurdyň medeniýetinde we ykdysadyýetinde bank syryň eýeleýän ornynyň sazlaşygy bolup durýar. Iň pesinden, göni ýa-da orderiň esasynda hereket edýän hukug edaralaryň ýolbaşçylary, şol sanda prokurorlar bank maglumatlary bilen tanyşmaga ygtyýary bolmalydyr. Şu şerte laýyk bolmadyk ýagdaýlar 40-njy madda gabat gelmeýär.

Şeýle-de bolsa, bank maglumatlary korrupsiýa arkaly edilen gazançlaryň ýuwulmaklygy bilen bagly derňew we kazyýet işlerinde subutnama bolup durýandygyna garamazdan, Gatnaşyjy-döwletler bank maglumatlary öwrenýän hukuk goraýjy edaralar üçin aýratyn düzgüni girizip bilerler. Bu babatda 14-nji we 58-nji maddalarda hem beýan edilen. Bu düzgün işläp taýýarlanylanda başga-da birtopar ýagdaýlar göz öňünde tutulmalydyr, şol sanda edaralaryň umumy gurluşy we ýurduň adaty hukuk ýörelgeleri, degişli edaralaryň wezipeleri we olara berilýän ygtyýarlylygyň çäkleri, şeýle hem şol edaralaryň işgärleriniň başarnyklary we maglumatlaryň jogapkarçilikli ulanylmaklygyny üpjün edýän gerekli şertleriň (mysal üçin öňüni alyş gözegçiligiň (kontrollygyň) we gizlinligiň bozulmaklygy üçin jezalaryň) barlygy.

Mundan beýläk göni ýa-da ýuridik orderiň esasynda bank maglumatlary bilen tanyşmaga ygtyýarly edilmeli hukuk goraýyş edaralaryň sanawy berilýär. Käbir hukuk

ulgamlarda hereket edýän kanunlara laýyklykda bank maglumatlaryň ulanylmagynyň belli bir derejede çäklendirilmegi bilen bagly her bir aýratyn ýagdaý beýän edilýär:

- Konwensiýanyň 36-njy maddasynda bellenip geçilen korrupsiýa garşy göreşýän edaralarda deslapky derňewleri geçirmek üçin ygtyýarlyk ýa-da jenaýat barada subutnamalary ýygnamak üçin hukuk bar bolan ýagdaýlarda, ýa-da olar garalawçy hökmünde hereket eden wagtlary berilýär. Käbir hukuk ulgamlarda şeýle edaralar bank maglumalaryny diňe öwrenmek bilen çäklenip, olary subutnama hökmünde ulanmaklyga rugsat berilmeýär;

- Puluň ýuwulmaklygy bilen bagly jenaýatlary derňemeklige ygtyýarly bolan Maliýe Agtarma Bölümleri. hukuk ulgamlaryň köpüsi şol bölümlei tarapyndan ýygnalan maglumatlary puluň ýuwulmaklygyna degişli kazyýet işlerinde subutnama hökmünde ýa-da puluň ýuwulmaklygyna garşy kanunlara laýyklykda seredilýän administratiw işlerinde emläkden mahrum etmek (konfiskasiýa) barada talaplary goldamak üçin peýdalanmaga rugsat berilmeýär;

- Salgyt we gümrük häkimiýet edaralary, eger ýerli kanunlara görä salgyt tölemekden boýun gaçyrmak we gümrük düzgünleri bozmak üçin jogapkärçilik jenaýat hukuklaryna laýyklykda çekilýän bolsa we ýygnalan maglumatlaryň başga edaralara geçirilmezligi üpjün edilse;

- Polisiýa;

- Audit (maliýe barlaglary) geçirýän guramalar;

- Kazyýet işiniň taraplary we / ýa-da kazyýet dolandyryjysy, ýuridik orderi boýunça;

- Merkezi banklar, olarda deslapky derňewleri geçirmek üçin ygtyýarlyk ýa-da jenaýat barada subutnamalary ýygnamak üçin hukuk bar bolan ýagdaýlarynda, ýa-da olar garalawçy hökmünde hereket edenlerinde.

  Edaralara ýygnan maglumatlaryny öz ýörite wezipeleri üçin peýdalanmagy, şeýle hem başga edaralar bilen maglumat alyşmagy gadagan edýän ulgamlar maliýe guramalara artykmaç agram salýarlar, sebäbi bu guramalar şol bir maglumatlaryň dürli edaralaryň talaplary boýunça birnäçe gezek toplamak üçin her hili kynçylyklary çekmeli bolýarlar.

### II.2. Bank syryny haýsy ýagdaýlarda açmak rugsat edilýär?

Bank syry sebäpli döwlet içindäki derňew işlerini geçirmekde päsgelçilik döredip biljek ýagdaýlaryň biri-de prosesual meseleler bilen bagly bolup durýar. Köp hukuk ulgamlarda bank maglumatlaryny öwrenmek mümkin bolsa-da, onuň üçin rugsat almak bilen bagly prosesual talaplaryň örän uly bolmagy sebäpli, bu mümkinçilikden peýdalanmak örän uly kynçylyklary döredýär.

Gatnaşyjy-döwletleriň bank maglumatlary bilen tanyşmaga rugsat almak üçin prosesual talaplary öňa gyzyklanma bildirýän edaralara we maglumatlarynyň ygtyýarlandyrylan peýdalanmaklygyň düzgünleri bilen baglylykda tapawutlanýar. Käbir hukuk ulgamlarda hukuk goraýyş edaralarynyň orderi ýeterlik bolýar. Beýleki bir ýurtlarda bolsa banka gözegçilik edýänleriň ygtyýarnamasy talap edilýär. Has berk düzgünli hukuk ulgamlarda

bank maglumatlary bilen diňe ýuridik orderiň esasynda tanşyp bolýar. Şeýlelikde, ygtyýatnama almak düzgünleri ýerli häkimiýetlere bagly bolýar.

### II.3. Maglumatlaryň awtomatik ýa-da sorama esasynda elýeterli etmeklik

Maglumatlaryň awtomatik ýa-da sorama esasynda elýeterli etmeklik bilen baglylykda Gatnaşyjy-döwletler banklar we başga maliýe guramalar tarapyndan habar maglumatlar toplumyny dolandyrmak üçin bellenilen edaralara berilmekligi ýa-da bank syry diňe ýuridik häkimiýet edaralaryň talaplarynyň esasynda açylmaklygy bilen bagly düzgünler barada oýlanyp bilerler. Bu babatda utgaşdyrylan düzgüni girizmek hem mümkin. Bu ýagdaýda rugsat edilen çäkden çykýan ýa-da şübhe döredýän operasiýalar barada habarlar meýilleşdirilen ýagdaýda ýüze çykarylar.

Bank syry administratiw ýa-da ýuridik talaplaryň esasynda açylan ýagdaýda, Gatnaşyjy-döwletler ygtyýarly hukuk goraýyş edaralara maglumatlar bilen tanyşmak üçin rugsat göni merkezleşdirilen magtumatlar toplumynyň ýa-da degişli merkezleriň üsti bilen ýa-da ýuridik orderiň esasynda berilmekligi barada karara gelmeli. Mysal üçin, Gatnaşyjy-döwletler puluň ýuwulmaklygyna gözegçilik edýän maliýe derňew bölümlerine şübhe döredýän operasiýalara degişli berilýän hasabatlary derňew geçirýän häkimiýet edaralara öwrenmek üçin geçirmek barada karar çykaryp bilerler.

Bu karary çykarmak bilen we belli bir derejede gözegçilik etmekligi garaşsyz (aýratyn) hukuk we kazyýet edaralaryna ynanmak bilen, Gatnaşyjy-döwletler jenaýat derňewleri geçirmekde wagtyň tygşytlanmaklygyny gazanyp bilerler, sebäbi agzalan edaralar tarapyndan talap edilýän maglumatlaryň derňelýän işe degişlidigi barlanylar we olaryň bank syryny açmak üçin wajyplygy kesgitlenip, gerekli çözgütler çykarylar.

Bank maglumatlary bilen tanyşmak üçin rugsat almak düzgünleriň berjaý edilmekliginde uzak wagty talap etmeýän we artykmaç kynçylyklary döretmeýän mümkinçilikleri üpjün edip biljek häkimiýetiň we habar ulgamyň bardygyna seredip geçmeklik zerurdyr.

Döwlet içindäki derňew işlerinde has ýygy ýze çykýan päsgelçilik banklaryň maglumatlar barada ýüzlenmelere wagty bilen jogap bermezlikleri bolup durýar. Haçanda ygtyýarly edaralara ýüz tutmaly bolnanda, olar köplenç ýuridik düzgünleriň esasynda hereket etmeli bolýarlar. Şol sebäpli käbir hukuk ulgamlarda derňew işleriň amala aşyrylmaklygynda artykmaç bökdençlik döredilýär.

Has netijeli ulgamda ýene-de ygtyýarlandyrylan häkimiýet edaralaryň talaplaryny ýerine ýetirmezlik üçin çäreler zerur bolup durýar. Bu babatda jerimeler, ýönekeýleşdirilen derňew işleri we emläkden mahrum etmek (konfiskasiýa) barada oýlanmak bolar.

### II.4. Merkezleşdirilen maglumat toplumlaryň ulanylmagy

Agzalan kynçylyklaryň ýüze çykmaklygynyň öňüni almagyň we ýerli derňew işleriniň geçirilmegini kämilleşdirmekligiň ugurlary merkezleşdirilen maglumat toplumlaryna rugsadyň derejesini edara we onuň ygtyýrlygana görä kesgitlemek bilen baglydyr.

Merkezleşdirilen maglumat toplumlaryny merkezi banklar, salgyt gulluklary ýa-da maliýe derňew bölümleri dolandyryp bilerler. Bu ýagdaýda maglumatlary toplamakda wagtyň tygşytlanmagyny gazanmak mümkin bolar. Merkezleşdirilen maglumat toplumlarynyň bolmadyk ýagdaýynda, maglumatlary toplamak, aýratyn hem derňewiň başlangyç tapgyrynda olary dürli ýerlerden el usulda ýygnamak üçin birnäçe aý gerek bolýar.

Maglumat toplumlary bilen baglylykda goşmaça ýa-da alternatiw çäre hökümete degişli goralýan elektron habar beriş serişdeleriniñ girizilmegi bolup durýar. Bu ýagdaýda ulgamyň kadaly işlemegini üpjün etmek üçin hususy maglumatlary goramak hakyndaky kanuny kämilleşdirip bolar. Käbir hukuk ulgamlarynda bank hasabatlaryň degişli bolan şahsyýatden ýa-da edaradan rugsat alynman, maglumatlary habar beriş ulgamyñ üsti bilen ugradyp bolmaýar.

## II.5. Ýüzlenmeleriň mazmuny

Ýüzlenmeleriň mazmuny we görnüşi barada talaplar köplenç maglumat toplumlarynyň barlygy we olaryň awtomatik ýagdaýda açylmaklygy üçin mümkinçilikleriň üpjün edilmegi bilen baglydyr. Bu ýagdaýda Gatnaşyjy-döwletler ýüzlenmek üçin ygtyýarly edaralaryň sanyny çäklendirip we maglumatlary almak üçin ýüzlenmelere berilmeli jogaplary şübhe döredýän ýagdaýlaryň derejesine görä kesgitläp bilerler. Kanuny taýdan ygtyýarlandyrylan ýa-da derňewleriň netijesinde ýeterli subutnamalaryň ýüze çykarylan ýagdaýlarda hasabyň eýesi bilen islän işleri bilelikde amala aşyran golaý garyndaşlary barada maglumarlary soramak hem bolar.

Maglumat toplumlary we olaryň awtomatik ýagdaýda açylmaklygy üçin mümkinçilikleriñ ýok ýagdaýlarynda Gatnaşyjy-döwletler ýuridik ýa-da fiziki şahslaryň islenen bank hasaplary barada habar açyk we ginişleýin ýagdaýda talap edilmekligine rugsat berip bilerler. Başga çäklendirmeler bank hasabynyň kimiň adyna açylany ýa-da onuň hakyky eýesi barada maglumatlaryň talap edilmekligi sebäpli ýüze çykyp biler.

Ýüzlenýän edarada talap edilýän maglumatlaryñ ýok ýagdaýyda, banklary öz bölümlerinden we ýerli şahamçalaryndan maglumatlary ýygnamaga borçlandyryp bolýar. Şonuň bilen birlikde, banklaryň üstüne diňe hasaplary we olaryň kimiň adyna açylandygyny däl-de, belli bir fiziki ýa-da ýuridik şahsy tarapyndan ulanylýan ähli pul goýumlary, şeýle hem hasaplaryň hakyky eýelerini anyklamak bilen bagly jogapkärçiligi ýüklemek mümkin. Bu bolsa korporatiw serişdelerden nädogry peýdalanmaklygyň täsirini peselder. Şeýlelikde, ýerli maksatlar üçin şahsyň adyny we şahsyýetini kepillendirýän şahadatnama ýa-da ýuridik şahsyň hasaba alnan ady belli bir hukuk ulgamynyň çäklerinde bank serişdeleriniň hereketlerini anyklamak üçin umuman ýeterlik bolup biler.

## II.6. “Öz müşderiňi we hasabyň hakyky eýesini bil” diýlen öňüni alyş ýörelgeleriň durmuşa geçirilmegi.

Şol bir mesläniň ýüze çykmagy ýene-de 14-nji we 52-nji maddalarda beýan edilen hökmany şertleriň, aýratyn hem “öz müşderiňi we hasabyň hakyky eýesini bil” (KYCBO) ulgamyň talaba laýyk ýerine ýetirilmezligi bilen bagly bolýar.

KYCBO ulgamyň kadaly berjaý edilmegi ofşor korporatiw serişdelerden peýdalanmak ýa-da müşderileriň doly däl hasabatlary bermek sebäpli meseleleriň döremegine ýol bermeýär. Şonuň üçin Gatnaşyjy-döwletler tarapyndan ýuridik şahslaryň serişdelerden rugsatly peýdalanmaklary bilen maliýe edaralaryň öz müşderleriniň işleri barada habarlylygynyň derejesini sazlaşdyrmaklyk zerur bolup durýar. Daşary ýurt korporatiw serişdelerine ýol berlende, olaryň hakyky eýelerine, pul serişdeleri üpjün etmäge we hasapdan almaga ygtyýarly adamlara, şeýle hem kärhanalaryň alyp barýan işlerine düşünmeklige degişli syýasat üpjün edilmelidir.

Häkimiýet edaralaryň bankdan belli bir maksat üçin hasaby açan şahsyýet barada talap edýän habarlary indiki maglumatlardan ybarat bolup bilerler: ady, familiýasy, sosial ätiýaçlandyryş belgisi, salgyt kepillendiriş belgisi, doglan wagty, häzirki ýaşaýan we öňki ýaşan ýeriniň salgysy, häzirki işleýän ýeri, golunyň nusgasy ( mysal üçin ýurudik şahsa gözegçilik etmek üçin, hiç hili baglanyşygy ýok ýaly görünýän salgyt töleýjileriň arasyndaky gatnaşyklary anyklamak üçin) we maliýe maglumatlary. Hasabat berilmedik kanynalaýyk ýa-da bikanuň gazanylan girdejilere gözegçilik etmek üçin maglumatlar girdejileriň çeşmesini, hasapdaky galyndylary, hasaplaryň belgilerini, pul goýumlary we olaryň alynmagyny öz içine alyp bilerler. Bu bolsa salgyt töleýjileriň nädogry pul tutmalar barada şikaýatlaryny, habar bermesiz we aslynda bolman, diňe kagyz ýüzinde işleriň amala aşyrylmagyny anyklamak, şeýle hem pul serişdeleriň çeşmeleri barada soraglara jogaplary tapmak we daşary ýurt hökümet işgärlerine berlen paralar we şübheli tölegleri anyklamak üçin mümkinçilik döredýär.

## II.7. Bank syry we hünarmenler

Bu şert ýerine ýetirilen wagty Gatnaşyjy-döwletler tarapyndan bank syry diňe derňew astynda bolan müşderilere däl-de, ol professional maslahatçylara we olaryň öz derňew astyndaky müşderiler bilen bagly bolan işlerine degişli bolmaklygy hem üpjün edilmelidir. Professional syry, aýratyn hem ol iş usulda düşündirilmedik ýagdaýynda, aýratyn mesele bolup biler. Mysal üçin, käbir Gatnaşyjy-döwletlerde müşderiler bilen işleýän hukukça artykmaç ygtyýarlyklar diňe müşderiň kanuny bähbitleri babatynda alşylýan maglumatlaryna degişlilikde berilýär. Eger-de, hukukçy maliýe işlerde dellal hökmünde hereket edýän bolsa, bu ýagdaýda professional syry güýji gaçan hökmünde hasaplanýar. Haçan-da professionallara öz müşderileriniň adyndan hasaplary ýöretmek üçin rugsat berlende, Gatnaşyjy-döwletler bu ýagdaýyň ygtyýarly edaralara bank maglumatlary bilen tanyşmakda päsgel döretmezligi üçin şertleri üpjün etmeli.

## Madda 41: Sud edilendigi baradaky maglumatlar

*Şu Konwensiýa laýyklykda kesgitlenen düzgünleriň bozulmagy boýunça geçirilýän derňew işlerinde jenaýatkäre öň başga ýurtda eden jenaýat işleri üçin bellenilen jezalar barada maglumatlary ulanmaklyga degişlilikde her bir Gatnaşyjy-döwlet gerekli diýip hasap edýän kanunlary kabul edip ýa-da başga çäreleri girizip biler.*

## I. Syn

Para almak we bermek (korrupsiýa) bilen bagly jenaýatlar köplenç gaýtadan jenaýat edýän adamlar (residiwistler) tarapyndan edilýär. Üstesine-de, halkara biznesi güýçlenýän döwürlerinde para berýänler jenaýat işlerini has ýygy-ýygydan käwagt dürli korporatiw atlary ulanmak bilen edýärler. Şu Konwensiýa iki aspektleriň hem netijelerini bir maddada birleşdirýär. 41-nji madda Gatnaşyjy-döwletledre geçirilýän derňew işlerinde jenaýatkäre öň başga ýurtda eden jenaýat işleri üçin bellenen jezalar barada maglumatlaryň ulanylmagyny göz öňünde tutmak barada teklip berýär.

## II. Tejribe meseleler we çözgütler

41-nji madda hökmany berjaý edilmeli şert bolman, Gatnaşyjy-döwletlere öz islegleri boýunça öň başga ýurtda edilen jenaýat işleri barada maglumatlaryň ulanylmagynyň zerurlygy barada karara gelmeklerini hödürleýär. Maddanyň berjaý edilmegi barada oýlananlarynda, Gatnaşyjy-döwletler köp yurtlarda degişli edaralar tarapyndan degerli höküm çykarmak üçin öňki jenaýat işleri üçin bellenen ýyl kesmeleri göz öňünde tutulmagyna mümkinçilik döretmek maksady bilen kriminal maglumatlaryň sanawlary

ýöredilýändigini ýatda saklap bilerler. Köp ýurtlarda bu usullary günälenýän adamyň kanunda bellenen hukuklarynyň saklanylmagyny we kazyýet düzgünleri doly göz öňünde tutmak bilen şol bir wagtda, günälenýän adam tarapyndan edilen jenaýat işleriniň agyrlyk derejesine laýyklykda degerli jeza bermekde netijeli çäreler hasaplanýar. Kriminal maglumatlary kanuny bozmaklyga we jenaýat işlerini gaýtadan etmeklige bolan meýili görkezmek bilen jeza bermeklige belli bir derejede öz täsirini ýetirip biler. Ondan başga-da, kriminal maglumatlara üns bermeklik öňüni alyş çäreleriň görülmeginde ýardam berip biler. Gatnaşyjy-döwletler gaýtadan jenaýat edýan adam (residiwist) gizlin howplulyk döredýär diýip hasaplanýan ýagdaýynda, olar öz kanunlaryny jenaýat işleri etmeklige ýol bermezlik bilen bagly şertlere laýyk getirip bilerler, mysal üçin Gatnaşyjy-döwletler şol jenaýatça degişli reabilitasiýa hökümleri çykaryp ýa-da olara para bermek we almak bilen bagly jenaýat işlerini etmeklige mümkinçilik berýän wezipeleri eýelemek gadagan edip bilerler (ýene-de Konwensiýanyň 30-njy maddasynyň 7-nji punktuna serediň). Galyberse-de, Gatnaşyjy-döwletler tarapyndan başga ýurtlarda berlen jezalaryň göz öňünde tutulmagy, jenaýatçylaryň giňişleýin hereketlerine garşy netijeli çäre bolup biler.

41-nji maddada daşary ýurtlarda öň edilen jenaýat işleriň ählisine degişlilikde şertleriň giň möçberi beýan edilen. Şonuň bilen birlikde, Gatnaşyjy-döwletler daşary ýurtlarda öň edilen islendik jenaýatlaryň, aýratyn hem derejesi boýunça agyr jenaýatlaryñ her birini göz öňünde tutup bilerler. Hakykat ýüzünde, jenaýatçynyň özüni alyp barşy ýa-da onuň kanuny berjaý etmeklige bolan höwesi barada netije çykarylan wagty şertleriň giň möçberi peýdaly bolup biler. Şeýle-de bolsa, Gatnaşyjy-döwletleriň öňki berlen jezanyň derejesini hem-de ondan soň geçen wagty serdilýän jenaýat işleriň görnüşleri we bu işleriň netijesinde ýetirilen zyýanlar bilen deňesdirmek barada oýlanyp bilerler.

Gatnaşyjy Döwletler öňki berlen jeza daşary ýurtda edilen jenaýat işlerine degişli bolmagy bilen işe gaýtadan seretmek barada arza bermekligi çäklendirip bilmeýär. (bu babatda ýene-de 41-nji madda bilen baglanyşykly A/48/422/Goşmaça 1 Düşündiriş Belligiň 40-njy paragrafynda beýan edilen).

Gatnaşyjy-döwletler öz isleglerine görä daşary ýurtlara öz kriminal hasabatlar toplumlary bilen tanyşmak üçin kanun we tehniki taýdan mümkinçilik döredip bilerler. Kanun taýdan mümkinçilik barada aýdylanda, Gatnaşyjy-döwletler öz kanunlarynyň halkara derejede kriminal maglumatlary alyşmak üçin rugsagyñ berilmegi barada oýlanmaly. Bu meseläniň tehniki tarapyna degişli Gatnaşyjy-döwletler halkara maglumatlary alyşmak ulgamyna gözegçilik edýän edarany döretmek barada pikir edip bilerler. Bu wezipäni ýurtda hukuk ugrunda özara hemaýat bermeklik bilen bagly halkara hyzmatdaşlyga jogapkärçilik edýän edaralara ynanmaklygy maslahat berilýär.

### Madda 42: Hukuk ulgamy

*1. Her Gatnaşyjy-döwlet tarapyndan şu Konwensiýada kesgitlenen düzgünleriň bozulmaklygy bilen bagly jenaýatlar boýunça indiki ýagdaýlarda degerli jeza bermek üçin gerekli şertler döredilmeli, haçan-da:*

*a) jenaýat şol Gatnaşyjy-döwletiň çäklerinde edilen bolsa; ýa-da*

*b) jenaýat şol Gatnaşyjy-döwletiň baýdagynyň astynda ýüzýän gäminiň ýa-da jenaýat edilen wagty şol Gatnaşyjy-döwletiniň kanunlaryna laýyklykda hasaba alnan uçaryň üstünde edilen ýagdaýynda.*

*2. Şu Konwensiýanyň 4-nji maddasynda beýan edilen şertleri kabul etmek bilen Gatnaşyjy-döwlet şolar ýaly jenaýatlar üçin jezalary indiki ýagdaýlarda göz öňünde tutup biler:*

*a) haçan-da jenaýat şol Gatnaşyjy-döwletiň raýatyna degişlilikde edilen bolsa; ýa-da*

*b) jenaýat şol Gatnaşyjy-döwletiň raýaty hem-de şol döwletiň çäklerinde ýaşaýan raýatlygy bolmadyk adam tarapyndan edilen bolsa; ýa-da*

*ç) şu Konwensiýanyň 23-nji maddasynyň 1-nji (a) (i) ýa (ii) ýa-da (b) (i) punktunda kesgitlenen düzgünleri belli bir Gatnaşyjy-döwletiň serhet çäklerini bozmak niýet bilen şu Konwensiýanyň 23-nji maddasynyň 1-nji (b) (ii) punktuna laýyklykda bellenen jenaýat işleri şol Gatnaşyjy-döwletiň çäkleriniň daşynda edilen bolsa; ýa-da*

*d) jenaýat Gatnaşyjy-döwletiň garşysyna edilen bolsa.*

*3. Şu Konwensiýanyň 44-nji maddasynyň maksatlary üçin her bir Gatnaşyjy-döwlet şu Konwensiýa laýyklykda bellenen düzgünleri bozmak bilen bagly jenaýatlar üçin derňew astynda bolan öz raýatlaryny bermäge isleg bildirmedik ýagdaýynda, şol Gatnaşyjy-döwletde bu jenaýatlar üçin degerli jeza bermeklik bilen bagly gerekli şertler döredilmelidir.*

*4. Soňky beýan edilen şertler şol bir ýagdaýda her Gatnaşyjy-döwletiň çäklerinde bolan, ýöne onuň raýaty däl adamlar üçin hem degişli bolup durýar.*

*5. Eger-de bir Gatnaşyjy-döwlet öz çäklerinde şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölekleri̇ne laýyklykda kazyýet işi amala aşyrylýan wagty başga islenen Gatnaşyjy-döwletleriň birinde hem şol bir jenaýat bilen bagly derňew ýa-da sud işleriniň geçirilýändigi barada habarly edilen ýa-da bilen ýagdaýynda, şol Gatnaşyjy-döwletleriň degişli edaralary öz hereketlerini bir-birleri bilen ylalaşdyrmak üçin habar alyşmalydyr.*

*6. Şu Konwensiýa Gatnaşyjy-döwlet tarapyndan öz kanynlaryna laýyk bellenen içerki hukuk we kanunçylyk düzgünlerini (kriminal ýurisdiksiýasyny) umumy halkara kanunyň şertleri bilen ters gelmedik ýagdaýynda ulanylmagyna ýol berýar.*

**I. Syn**

Konwensiýanyň esasy maksady korrupsiýa garşy göreşmekde halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekden ybarat bolup durýar (Konwensiýanyň 1 (b) maddasyna serediň). Şonuň üçin, ol daşary ýurt hökümet işgärlerine para bermek bilen göreş şertlerini hem-de jikme-jik we jenaýatçylyk bilen göreşmek ugurda hyzmatdaşlygyň her bir aýratyn nusgasyny göz öňünde tutýan maddalary öz içine alýar, şol sanda jenaýatçylary paş etmek, hukuk işlerinde birek-birege kömek bermek, bilelikde derňewleri geçirmek we has wajyp şert bolan daşary ýurtlaryň serişdelerini gaýtaryp bermek. Şonuň bilen birlikde, 4 (1) maddada bellenilişi ýaly Gatnaşyjy-döwletler şu Konwensiýa boýunça öz borçlaryny garaşsyzlyk deňligi, territorial bitewilik we başga ýurtlaryň içerki işlerine gatyşmazlyk ýörelgeleri bilen laýyklykda berjaý etmeli. Has aýratyn bellemeli zat,
4 (2) maddada şu Konwensiýaň şertleriniň hiç biri Gatnaşyjy-döwlet tarapyndan öz içerki kanunlaryna laýyk bellenen we öz ýurdynyň çäklerinde hereket edýän tertipleri we ýurisdiksiýany başga döwletleriň içinde ulanmaga hukuk bermeýändigi barada beýan edilmegidir. Jenaýatçylary paş etmek, hukuk işlerinde birek-birege kömek bermek we serişdeleri gaýtaryp bermek halkara hyzmatdaşlygyň görnüşleri bolmak bilen, olaryň çäklerinde Gatnaşyjy-döwletler birek-birege derňewleri geçirmekde we içerki kazyýet

we başga ýuridiki işleriň dolandyrylmagynda ýardam berip, şol bit wagtda, içerki kanunlaryň şol işlere degişlilikde dogry ulanylmagy üpjün edilmeli.

## II. Tejribe meseleler we çözgütler

42-nji maddanyň 1-nji punktuna laýyklykda Gatnaşyjy-döwletler tarapyndan şol döwletiň çäklerinde ýa-da baýdagynyň astynda ýüzýän gäminiň ýa-da onuň kanunlaryna laýyklykda hasaba alnan uçaryň üstünde edilen jenaýatlar üçin degerli jenaýat jogapkärçiligiň kesgitlenilmegi hökmany şert bolup durýar.

42-nji maddanyň 3-nji punktuna laýyklykda Gatnaşyjy-döwlet para bermek we almak bilen baglylykda derňew astynda bolan öz raýatlaryny paş etmäge isleg bildirmedik ýagdaýynda, onda şol döwletiň özünde bu jenaýatlar üçin degerli jeza bermeklik bilen bagly gerekli şertler döredilen bolmaly. Gatnaşyjy-döwlet derňew astynda bolan raýatyny paş etmekden boýun gaçyran ýagdaýynda, şol adam öz ýurdunda mynasyp jeza çeker ýaly hökmany bolan talap Konwensiýanyň 44-nji maddasynyň 11-nji punktunda beýan edilen talap bilen baglanyşykly bolmalydyr.

42-nji maddanyň 2-nji punkty Gatnaşyjy-döwletler üçin öz raýatlary tarapyndan ýa-da raýatlaryna garşy edilen jenaýat işlerine degişli jenaýat jogapkärçiligi bellemek barada hökmany bolmadyk talaby öz içine alýar. Şonuň bilen birlikde, ol pul serişdeleriň ýuwulmaklygy bilen bagly jenaýata gatnaşmak, jenaýatçylykly ylalaşyk, jenaýat etmeklige bolan niýet we synanyşmak ýa-da onuň taýarlanylmagynda kömek hem-de maslahat bermek üçin, şol işler Gatnaşyjy-döwletleriň çäklerinde jenaýat edilmeklik göz öňünde tutulmagy bilen daşary ýurtda amala aşyrylan ýagdaýynda, olar üçin degerli jenaýat jogapkärçiligi bellemek barada oýlanmaklygyň zerurdygyna Gatnaşyjy-döwletleriň ünsüni çekýär. Ol goranmak ýörelgelere esaslanýan Gatnaşyjy-döwletleriň garşysyna gönükdirilen jenaýatlar üçin jeza bermek bilen bagly düzgünleriň girizilmegini maslahat berýär.

Ondan başga-da, 42-nji maddanyň 4-nji punktunda Gatnaşyjy-döwletler özüniň raýatlary däl, ýöne olaryň çäklerinde bolan korrupsiýa bilen baglylykda derňew astynda bolan adamlaryň belli bir sebäplere görä görkezme bermekden boýun towlan ýagdaýlarynda, şol döwletlere bu jenaýatlara degişli ýurisdiksiýany girizmek barada maslahat berilýär.

42-nji maddanyň 6-njy punkty Gatnaşyjy-döwlet tarapyndan öz kanunlaryna laýyk bellenen içerki kriminal ýurisdiksiýany umumy halkara kanunyň şertlerine ters gelmedik ýagdaýynda ulanylmagyna ýol berýar.

42-nji maddanyň 5-nji punkty bir Gatnaşyjy-döwlet öz çäklerinde jenaýat işi derňelen wagty, başga islenen Gatnaşyjy-döwletleriň birinde hem şol bir jenaýat bilen bagly derňew ýa-da kazyýet işleri geçirilýändigi barada habarly edilen ýa-da bilen ýagdaýynda, onda şol Gatnaşyjy-döwletleriň degişli edaralaryndan öz hereketlerini bir-biri bilen ylalaşdyrmak üçin habar alyşmaklaryny talap edýär.

Gatnaşyjy-döwletler şu aşakdaky meselelere hem üns berip bilerler:

- Jenaýatyñ şol Gatnaşyjy-döwletiň çäklerinde edilendigine;
- Jenaýatyñ şol Gatnaşyjy-döwletiň raýatyna garşy edilendigine;

- Jenaýat şol Gatnaşyjy-döwletiň raýaty ýa-da şol döwletiň çäklerinde ýaşaýan raýatlygy bolmadyk adamyň tarapyndan edilendigine;

- Şu Konwensiýanyň 23-nji maddasynyň 1-nji (a) (i) ýa (ii) ýa-da (b) (i) punktunda kesgitlenilen düzgünleriniñ şol Gatnaşyjy-döwletiň serhet çäklerinde bozulandygyny göz öňünde tutmak bilen şu Konwensiýanyň 23-nji maddasynyň 1-nji (b) (ii) punktuna laýyklykda bellenen jenaýat işleriniñ başga ýurduň çäklerinde edilendigine;

- Jenaýatyñ şol Gatnaşyjy-döwletiň garşysyna edilendigine;

- Şu Konwensiýa laýyklykda bellenen düzgünleri bozmak bilen bagly jenaýatlar üçin derňew astynda bolan öz raýatlaryny bermäge isleg bildirmedik ýagdaýynda bu jenaýatlara degişli ýurisdiksiýanyñ girizilmegine;

- Şu Konwensiýa laýyklykda bellenen düzgünleri bozmak bilen bagly derňew astynda bolan Gatnaşyjy-döwletiň raýaty däl, ýöne onuň çäklerinde ýaşaýan adamy bermekden boýun gaçyran ýagdaýynda bu jenaýatlara degişli ýurisdiksiýanyñ girizilmegini;

### II. 1. Jenaýat Gatnaşyjy-döwletiň çäklerinde edilen bolsa

42-nji maddanyň (1) (a) punktunda beýan edililişine görä, Gatnaşyjy-döwlet şu Konwensiýa laýyklykda kesgitlenen düzgünleri bozmak bilen bagly öz çäklerinde edilen jenaýatlar üçin jenaýatçynyň raýatlygyna garamazdan jeza berip bilýär. Köp döwletler tarapyndan sebitleýin (territorial) ýurisdiksiýa ýörelgesi tassyklanan bolsa-da, onuň ulanylmak tertipleri örän uly derejede tapawutlanýar.

Gatnaşyjy-döwletler sebitleýin ýurisdiksiýa ýörelgesiniň dolandyrylmagynda birmeňzeş tertibiň ýokdugyny göz öňünde tutmaly. Käbir ýurtlar tarapyndan diňe şol ýurtlaryň çäklerinde edilen jenaýatlar boýunça işler gozgalýar. Başga ýurtlarda sebitleýin ýurisdiksiýa ýörelgesine has giň derejede garalýar: ýagny jenaýat işiň bir bölegi şol ýurtlaryň çäklerinde edilen bolsa, onda olara degişlilikde sebitleýin ýurisdiksiýasy ulanylýar. Bu babatda şol ýurdyň çäklerinde daşary ýurtlarda edilen jenaýat işlerine islenen derejede gatnaşygyň bar bolmagy ýeterli esas bolup durýar. Üstesine-de, "hemme zady öz içine alýan doktrinasy" ýa-da "döwletiň ygtyýarly sebiti" diýip atlandyrylýan giňden ýaýran pikire laýyklykda, döwletler edilen jenaýatlaryň netijesinde olara ýetirilen täsirleri üçin hem çäre görüp bilerler. Şonuň bilen birlikde, olar sebitleýin ýurisdiksiýany  daşary ýurtda para berilmegi we alynmagy sebäpli döwlet içindäki bazar gatnaşyklaryna zyýanly täsir ýetirilen ýagdaýynda ulanyp bilerler.

### II.2. Jenaýat Gatnaşyjy-döwletiň raýatynyň garşysyna edilen bolsa

Gatnaşyjy-döwletler öz raýatlarynyň garşysyna edilen jenaýatlar üçin, olar haýsy ýurtda edilendigine garamazdan jenaýat jogapkärçiligi barada kanuny düzgünleri girizip bilerler. Şu raýatlyk ýörelgesiniň göni däl görnüşi goranmak ýörelgesine ýakyndan baglanyşykly bolup durýar. Ýörelgeleriň soňkusynyň maksady ýurduň özüni goramak bolsa, birinjisi ýurduň raýatyny goramaklyga degişli bolup durýar.

Käbir ýurtlar özüne we raýatlaryna täsir ýetirýän korrupsiýa jenaýatlaryň ählisine degişlilikde sebitleýin ýörelgäniň giň usulyny ulanýan bolsalar, başga döwletler ony öz raýatlaryna daşary ýurtlarda ýetirilen täsirlere degişlilikde hem ulanýarlar. Sebitleýin

ýörelgäniň çäkli usulyny saýlap alan döwletler tarapyndan daşary ýurtlarda edilen korrupsiýa jenaýatlaryň netijesinde olaryň raýatlaryna ýa-da şol döwletlerde hasaba alnan milli korporasiýalara ýetirilen täsirler bilen baglylykda çäre görmek maksady bilen göni däl raýatlyk ýörelgesi göz öňünde tutulan bolmaly.

Gatnaşyjy-döwletler öz raýatlaryny, şeýle hem şol döwletde hasaba alnan ýuridik şahslary hemmetaraplaýyn ýagdaýda goramak ugrunda "milli" adalgany giňden ulanmak barada oýlanyp bilerler.

### II.3. Jenaýat şol Gatnaşyjy-döwletiň raýaty ýa-da şol döwletiň çäklerinde ýaşaýan raýatlygy bolmadyk adamyň tarapyndan edilen bolsa

Islegleri boýunça Gatnaşyjy-döwletler "aktiw" şahsyýet ýörelgesi bilen baglylykda ýurisdiksiýany girizmek barada netije çykaryp bilerler. Bu babatda düzgünleri işläp taýýarlaýan wagty Gatnaşyjy-döwletler tarapyndan häzirkizaman koppursiýa garşy göreşmek üçin usullar barada pikir etmek zerur bolup durýar. Şeýlelikde, öz raýatlarynyň kanuny berjaý etmeklerini gazanmak we öz ýurtlarynda we daşary ýurtlarda özlerini alyp barmaklygyň nusgalaryny düzmek üçin Gatnaşyjy-döwletler şol ýörelgä laýyklykda ýurisdiksiýanyň amala aşyrylmagyny ýola goýup bilerler. Şonuň üçin, olar öz raýatlaryna degişlilikde, olaryň korrupsiýa bilen bagly jenaýatlary haýsy ýerde edip biljekdiklerine garamazdan, jenaýat jogapkärçiligini bellemeli. Şu şert şol döwletiň çäklerinde ýaşaýan raýatlygy bolmadyk adamlara hem degişli bolup durýar.

Konwensiýada bellenen jenaýatlara degişlilikde raýatlyk ýurisdiksiýany girizmek barada karar çykaran wagty, Gatnaşyjy-döwletler 16-njy maddada beýan edilen daşary ýurt hökümet işgärlerine para bermek bilen bagly jenaýatlaryň esasy böleginiň çet ýurtlarda edilýändigini ýatlarynda saklamaly. Şonuň üçin, bu babatda jenaýat işleri gozgamak diňe raýatlyk ýurisdiksiýany ulanyp boljak ýagdaýynda mümkin bolýar.

Ýuridik şahslara degişlilikde birnäçe göz öňünde tutulmaly şertler bar. Ilki bilen, Gatnaşyjy-döwletler "milli" adalgany ýerine ýetirilmekliginde milli ýuridik şahslary öz içine alýan usulyň ulanylmagyny göz öňünde tutup bilerler. Ikinjiden, Gatnaşyjy-döwletler raýatlyk ýörelgesiniň iki sany nusgasyna laýyklykda berjaý edilmekligini üpjün edip bilerler. Gatnaşyjy-döwletleriň köpüsi raýatlyk ýörelgesi bilen bagly para bermek we almak jenaýatlaryna degişli ýurisdiksiýalary olar üçin jogapkärçilik milli ýuridik şahsyň tarapyndan çekilýän ýagdaýynda amala aşyrýar. Korporasiýa ýurdyň çäklerinde ýerleşen ýa-da milli kanunçylyga laýyk döredilen ýagdaýynda milli diýip hasap edilýär. Başga Gatnaşyjy-döwletler ýurisdiksiýa meseleleri ýuridik şahs däl-de, ony dolandyrýan adamyň raýatlygy bilen baglaşdyrýarlar. Şeýlelikde, şol döwletler tarapyndan para bermek we almak bilen bagly jenaýatlara diňe ýuridik şahsyň bähbitleri üçin ýa-da onuň çäklerinde hereket eden adam şol döwletleriň raýaty bolan ýagdaýynda seredilýär. Şeýle-de bolsa, bu usul kanunçylyk ulgamlarda kemçilikleri döredip biler, sebäbi korporatiw jogapkärçilik hereket eden ýagdaýlarynda derňew geçirýän edaralar jenaýata aýratyn gatnaşyjyny hem-de düzgün bozujyny anyklap bilmezlikleri mümkin. Ondan başga-da, ýuridik şahslaryň jogapkärçiligi ýörelgesine laýyklykda hukuk netijeleri ýuridik şahslar bilen bagly bolmak bilen olara hususy şahslardan we olaryň raýatlygyndan aýratyn garalýandygyny Gatnaşyjy-döwletler göz öňünde tutup bilerler.

### II.4. Pul ýuwulmaklygy taýýarlamak bilen bagly jenaýatlara degişli ýurisdiksiýa

Gatnaşyjy-döwletler 23-nji maddanyň 1 (a) (i) (ii) ýa-da (b) (i) punktunda kesgitlenilen pul serişdeleriniň ýuwulmaklygy bilen bagly jenaýata gatnaşmak, jenaýatçylykly ylalaşyk, jenaýat etmeklige bolan niýet we synanyşmak ýa-da onuň taýýarlanmagynda

kömek hem-de maslahat bermek üçin, haçan-da jenaýat Gatnaşyjy-döwletleriň çäklerinde edilen ya-da onuň edilmekligi göz öňünde tutulan bolsa, jenaýata gatnaşmaklygyñ daşary ýurtda bolandygyna garamazdan, onuň üçin degerli jenaýat jogapkärçiligini bellemek barada oýlanyp bilerler. Şeýlelikde, şu madda Konwensiýaň pul serişdeleriň ýuwulmaklygyna garşy göreşmekde halkara hyzmatdaşlygy boýunça hemmetaraplaýyn ýurisdiksiýany üpjün edýändigini görkezýär.

Giňişleýin usulyň ulanylmagy sebäpli ýurisdiksiýanyň şol ýagdaýlarda sebitleýin ýörelgesine laýyklykda amala aşyrylmagy üçin mümkinçilik döreýändigi barada Gatnaşyjy-döwletler ýatda saklamaly.

### II.5. Jenaýat Gatnaşyjy-döwletiň garşysyna edilen bolsa

42-nji maddanyñ (2) (d) punkty Gatnaşyjy-döwletlere kriminal ýurisdiksiýalary girizmek arkaly özlerini hem-de öz edaralaryny goramakda ýardam berýär. Ondan başga-da, bu düzgün nusga Gatnaşyjy-döwletlerde sebitleýin ýörelgäniň amala aşyrylmagynyň usullaryna degişli bolup durýar. Şeýlelikde, belli bir sebite täsir ýetirýän jenaýatlaryň ählisini öz içine alýan sebitleýin ýörelgäniň amala aşyrylmagynyň ginişleýin nusgasy bilen deňeşdirilende, goranmak ýörelgesi bilen baglylykda amala aşyrylýan milli düzgüniň mümkinçilikleri çäkli bolup durýar.

Sebitleýin ýörelgesiniň çäkli görnüşiniň tarapyny tutýan Gatnaşyjy-döwletler goranmak ýörelgesinde esaslanan düzgüni ulanyp bilerler. Bu bolsa kanunçylyk ulgamynda ýetmezçiliklere ýol bermezlik, şeýle hem olaryň raýatlarynyň bähbitlerini gerekli ýagdaýda goramak üçin mümkinçilik döreder.

Gatnaşyjy-döwletler üçin "passiw" şahsyýet ýörelgesine bolan gatnaşyk barada oýlanmak zerur bolup durýar. Gatnaşyjy-döwletler passiw goranmak nusgasy döwletiň garşysyna edilen jenaýatlary öz içine alýandygyny göz öňünde tutup bilerler. Bu ýagdaýda goranmak ýörelgesiniň çäkli görnüşi ulanylýar.

Şol ýagdaýlary öz içine almadyk raýatlyk ýörelgesini ulanýan Gatnaşyjy-döwletler üçin kanunçylyk ulgamyndaky ýetmezçilikleri goranmak ýörelgesi arkaly ýok etmek mümkin bolup durýar. Olar bu babatda mümkin bolan iki sany tertibi kabul edip bilerler:

- Diňe Gatnaşyjy-döwletleriň edaralaryna, jemgyýet guramalaryna we hökümet korporasiýalaryna zyýan ýetirilen bolsa, Gatnaşyjy-döwletler jenaýat olaryň garşysyna edildi diýip hasap etmekleri mümkin. Şeýlelikde, Gatnaşyjy-döwletler olaryň raýatlarynyň garşysyna edilen jenaýatlara şu nukdaýnazardan garaman, bu jenaýatlar barada 42-nji maddanyñ (2) (a) punktunda beýan edilen diýip hasap edýärler.

- Başga bir tarapdan, Gatnaşyjy-döwletiň wezipeli adamlarynyň birine zyýan ýetirilende Gatnaşyjy-döwlet jenaýat onuň garşysyna edildi diýip hasap edip biler. Şeýle-de bolsa, munuň üçin wezipeli adam diňe hökümet işi bilen bagly hereket edýän wagtynda oňa zyýan ýetirilen bolmaly.

### II.6. Kriminal ýurisdiksiýanyň “aut dedere aut judicare” (ýa bermeklik ýa-da kazyýet işine çekmeklik) ýörelgesiniň esasynda jenaýat ýurisdiksiýasynyñ amala aşyrylmagy

“Aut dedere aut judicare” (ýa bermeklik ýa-da kazyýet işine çekmeklik) ýörelgesine laýyklykda Gatnaşyjy-döwletler derňew astynda bolan jenaýatkäriň berilmegi üçin mümkinçilik bolmadyk ýagdaýynda, oňa degişlilikde ýerli jenaýat kanunyň bolmagyny hökman üpjün etmelidir. Berilmekligiñ ýerine ýerli jenaýat kanunyň girizilmegi gerekli kanunçylyk ulgamyň barlygyny esaslandyrylmaly. Konwensiýada berilmeklik millilik sebäpli (42-nji madda 3-nji punkt) ýa-da başga bir esasda (42-nji madda 3-nji punkt) ret edilen ýagdaýa degişli ähli çözgütler beýan edilen. Haçan-da bu çözgütler döwlet derejede netijeli durmuşa geçirilende Gatnaşyjy-döwletleriň kazyýet hem-de hukuk goraýyş edaralarynda jenaýatkäriň berilmän we jezalandyrylman galmagyna ýol bermeýän kanunçylyk düzgünleri bolar. Aýratyn hem, öz raýatlarynyň berilmegine isleg bildirmedik ýagdaýynda, Gatnaşyjy-döwletler öz raýatlarynyň tarapyndan daşary ýurtlarda eden jenaýatlaryna degişlilikde işjeň raýatlyk ýörelgesini ulanyp bilerler. Şu ýagdaýda, Gatnaşyjy-döwletleriň hukuk goraýyş edaralary şol ýörelgä laýyklykda ýurisdiksiýany amala aşyryp bilerler. Ýöne, raýatlyk eýýäm jenaýat edilenden soň alnan bolsa, onda raýatlyk ýörelgesiniň ulanyp bolmaýan ýagdaýynyñ ýüze çykyp bilýändigini ýatda saklamaly. Bu ýagdaýyň öňüni almak üçin Gatnaşyjy-döwletler 42-nji maddanyñ 3-nji punktunda bellenen düzgünleri durmuşa geçirip bilerler.

## HALKARA HYZMATDAŞLYK
## (BAP IV, maddalar 43-50)

### Madda 43: Halkara hyzmatdaşlyk

*1. Gatnaşyjy-döwletler jenaýat meselelerde hyzmatdaşlygy şu Konwensiýanyň 44-50 maddalaryna laýyklykda alyp barmaly. Ýerli kanunçylyk ulgamlary dogry we netijeli ýola goýlan ýagdaýynda Gatnaşyjy-döwletler para almak we bermek bilen bagly raýat we administratiw meselelerde derňewleri we prosesual işleri geçirmekde birek-birege kömek bermek barada oýlanyp bilerler.*

*2. Halkara hyzmatdaşlyk meselelerinde, iki Gatnaşyjy-döwletleriň kanunlaryna laýyk jenaýat diýip hasaplanýan işde bir döwlet başga ýurt tarapyndan ýardam berilmeklige isleg bildirende, şol talap ýüzlenýän we ýüzlenilýän Gatnaşyjy-döwletleriň kanunçylyk ulgamlarynda şol bir ýenaýata berilýän derejäniň ýa-da onuň dürli ýurtlarda atlandyrylmagynyň tapawutlanýandygyna garamazdan edilen talap kanagatlandyrylmalydyr.*

### I. Syn

Şu talaplar Gatnaşyjy-döwletleriň arasyndaky hyzmatdaşlykda möhüm orny eýelemek bilen, olar korrupsiýa garşy göreşmekde bilelikde has netijeli, arkalaşykly we çalasyn hereket etmek üçin ýagdaý döredýär. Bar bolan tejribeler daşary ýurtlaryň hukuk ulgamlaryna bolan ynamy berkitmek bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyň güýçlendirilmegi we giňeldilmegi üçin gerekli şertleri döredýändigini görkezýär.

43-nji maddanyň 1-nji paragrafy Gatnaşyjy-döwletler tarapyndan şu Konwensiýanyň 44-50 maddalaryna laýyklykda korrupsiýa garşy göreşmekde üstünlikli halkara hyzmatdaşlygy üpjün edýän netijeli we degişli tertipleriň we usullaryň ýola goýulmagyny talap edýär. Bu bolsa ilki bilen Konwensiýanyň “korrupsiýanyň öňüni almakda we oňa garşy göreşmekde halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek, goldamak we

ýardam bermek” (Konwensiýanyň 1-nji (b) maddasy) ýaly esasy maksatlaryna laýyk gelýär. Konwensiýanyň IV babynda göz öňünde tutulan kriminal meselelerde halkara gatnaşyklaryň ugurlary diňe bilelikdäki hukuk goraýyş hereketleri, paş etmek we birek-birege hukuk meselelerde ýardam etmek ýaly hyzmatdaşlygyň “adaty” görnüşlerini öz içine almak bilen çäklenmän, olar ýene-de milletara kriminal adatlarynda täze bolan usullary hem nazara alýar, şol sanda jenaýatly günäler boýunça kazyýet işlerini geçirmek, bilelikdäki agtaryş edaralary döretmekde birek-birege kömek bermek we agtaryş usullarynyň düzgünine laýyk ulanylmagynda hyzmatdaşlyk etmeklik degişlidir.

43-nji maddanyň 1-nji paragrafy Gatnaşyjy-döwletleriň korrupsiýa degişlilikde diňe jenaýat işlerde däl-de, şeýle hem raýat we administratiw işlerde hyzmatdaşlyk etmekleri üçin mümkinçilik döredýär. Raýat we administratiw işlerde derňewleri we yzarlamalary geçirmäge degişlilikde halkara hyzmatdaşlygyň usullarynyň mümkin bolan ulanylmagyna anyk salgylanmanyň işläp düzülmegi uly üstünlikdir. Bir tarapdan, raýat kanyny işleri hemişe kriminal işleriniň goşmaça bir bölegi hökmünde garalýardy. Şikaýatlar bilen bagly raýat kazyýet işleri köplenç emläge ýa-da raýat jenaýatlar hakyndaky kanuna esaslanýarlar we olarda üns jenaýat sebäpli ýetirilen zyýanlaryň öweziniň dolmaklygyna berilýär. Şonuň bilen birlikde, kriminal işlerini alyp barmak tertipleriniň görnüşleri we olardaky talaplar bilen baglylykda ýüze çykýan meselelere degişlilikde köp hukukçylar raýat düzgünlerine korrupsiýa garşy mümkin çäreleriň biri hökmünde garaýarlar, aýratyn hem kriminal sud işleriň amala aşyrylmagy üçin mümkinçilik bolmadyk ýagdaýlarynda (mysal üçin jogapkär adamyň ölmegi ýa-da elýeterli bolmazlygy, ýa-da onda immunitetiň bolmagy, ýa-da onuň maýyplygy sebäpli ony kazyýetde işiň seredilmegine çagyryp bolmazlygy). Mundan beýläk 43-nji maddanyň 1-nji punkty şu Konwensiýanyň 53-nji maddasy bilen baglanyşykda garalýar. Bu bolsa Gatnaşyjy-döwletler başga Gatnaşyjy-döwletlerden öz kazyýet ulgamlarynyň üstünden korrupsiýa arkaly zyýan ýetirilen ýagdaýlara degişlilikde emläkleriň we pul serişdeleriň kime degişli bolandygyny ýa-da olaryň hakyky eýelerini kesgitlemek bilen şol emläkleriň öwezi dolmaklygyny ýa-da olaryň gaýtaryp berilmekligini talap etmek üçin şertleri döredýär.

Başga bir tarapdan, Konwensiýa, halkara hyzmatdaşlyk baradaky beýan edilen düzgünleriň çäklerinde korrupsiýa degişlilikde administratiw işleri gozgamak üçin mümkinçilik berýär. Şeýlelikde, korrupsiýa bilen baglylykda özara kömegiň mehanizmleri diňe kriminal işleriň alnyp barylmagyna däl-de, administratiw işlerine degişlilikde hem ulanyp bolýar. Mysal üçin, şular ýaly ýagdaýlar administratiw häkimiýetler tarapyndan gozgalan işleri öz içine alyp bilerler, eger-de olar talap bildirýän we ýüzlenilýän Gatnaşyjy-döwletleriň milli kanunlaryna laýyklykda jenaýatly günäler diýip hasaplanýan bolsa, onda şol ýagdaýlarda şeýle işleriň korrupsiýa jenaýatlara degişlilikde ýurisdiksiýasy bar bolan kriminal kazyýetde seredilmegi barada karara gelip bolar. Bu bolsa kriminal jenaýatlaryň kanunyň bozulmaklygy bilen gatyşan, ýa-da administratiw çäre görülmeli ýuridik şahsyň Konwensiýada kesgitlenen jenaýatlara (Konwensiýanyň 26-njy maddasyna serediň) gatnaşygy bar bolan ýagdaýlarda uly ähmiýete eýe bolup durýar. Deňeşdirme maksady bilen “Kriminal meselelerde özara kömek” hakyndaky Ýewropa Konwensiýasynyň çäklerinde 2001-nji ýylda kabul edilen Ikinji goşmaça Protokoly ýatlamak zerurdyr. Onda administratiw işlere kriminal jenaýatlara degişlilikde ýurisdiksiýasy bar bolan kazyýetlerde seretmek bilen bagly meseleler göz öňünde tutulan (Konwensiýanyň 1-nji maddasynyň 3-nji punkty). Meňzeş düzgün “Kriminal meselelerde özara kömek” hakyndaky Ýewropa Bileleşiginiň 2000-nji ýylda kabul edilen Konwensiýasynda hem bar (3-nji maddanyň 1-nji punkty).

## II. Meseleler we çözgütler

Adaty ýagdaýda halkara hyzmatdaşlyk iki taraplaýyn, sebitleýin we halkara derejedäki şertnamalar ýa-da ylalaşyklar arkaly dolandyrylýar. Käbir ýagdaýlarda hyzmatdaşlygy şolar ýaly şertnamalaryň çäklerinde däl-de, milli kanunlaryň we özara sylalaşyk we arkalaşyk ýörelgesiniň esasynda etmek mümkin bolup durýar. Hyzmatdaşlygyň kanuny esaslaryna degişli meseleler milli ýurisdiksiýalarda ulanylýan usullara baglylykda tapawutlanýarlar. Käbir ýagdaýlarda bolsa olar seredilýän işler bilen bagly bolup durýar.

Korrupsiýa garşy göreşmekde oýlanyşykly halkara hyzmatdaşlyk etmeklige höwes bar bolsa-da şolar ýaly hyzmatdaşlygy ýola goýmak we netijeli alyp barmak köp meseleleriň çözülmegini we kynçylyklaryň ýeňlip geçilmekligini talap edýär. Şeýle mesleler, Gatnaşyjy-döwletler tarapyndan özleriniň şertnama borçlaryny berjaý etmek üçin gerekli we derwaýys kanuny ulgamlarynyň ýoklugy, şeýle hem birek-birege kömek bermekde çalt hereket etmeklige päsgel berýän ýerli iş dolandyryş tertipleriniň artykmaç toplumynyň ýa-da olaryň çylşyrymly bolmagy sebäpli ýüze çykyp bilerler. Bu babatda pul serişdeleriň ýa-da tejribeli hünärmenleriň ýetmezçilik etmegi, şeýle hem edaralaryň hyzmatdaşlyk saklamak üçin çäkli şertleriniň bolmagy hem päsgel berip biler.

Gatnaşyjy-döwletlerden 43-nji maddanyň 1-nji paragrafy berjaý edilmegi üçin gerekli bolan hukuk, iş dolandyryş we tejribe meseleleri göz öňünde tutmaklyk talap edilýär. Bu ýerde bir zat mälim, ol hem şu düzgünleriň ulanylmagynyň we ýetirýän täsiriniň çäkleriniň giň bolmagydyr. Gatnaşyjy-döwletlerde bu zatlar bilen iş salyşýan hukukçylar we häkimiýet edaralar bir zady ýatda saklamaly, ol hem Konwensiýanyň 43-nji maddasynyň 1-nji we 1 (b) paragraflaryň düzgünleri we esasy ýörelgesi Konwensiýanyň IV babyndaky beýan edilen halkara hyzmatdaşlyk baradaky ginişleýin düzgünleri bilen laýyk gelmelidir we şonuň bilen birlikde, şeýle düzgünlere doly düşünmek bilen olaryň netijeli amala aşyrylmagyny üpjün etmelidir.

### II.1. Iki taraplaýyn jenaýatlaryň kesgitlenmeginiň aýratyn meselesi

43-nji maddanyň 2-nji paragrafy halkara hyzmatdaşlygyň, aýratyn hem onuň jenaýat edeni bermeklik meselelere degişlilikde, esasy ýörelgesi diýip adaty suratda hasplanýan “iki taraplaýyn jenaýatlyk” baradaky talaplaryň kesgitlenmegine garalýar. Şu ýörelgä laýyklykda, Gatnaşyjy-döwletlerden gaçgaklaryň berilmegi ýa-da şol döwletleriň çäkleriniň daşynda edilen, ýöne olaryň milli kanunçylyk ulgamlarynda kriminal işleri diýip hasaplanýan jenaýatlar boýunça kömek bermek talap edilýär. Aýratyn ünsi bermeklik hakyndaky kanunlara we olar bilen bagly tejribelere bermek bilen, bu babatda ylalaşyklary baglaşmagyň esasy maksady iki taraplaýyn jenaýatlyk baradaky talaplaryň kesgitlenmegi bilen bagly kynçylyklaryň kemeldilmegi bolup durýandygy belli bolýar. Şonuň üçin, iki döwletleriň kanunlaryna laýyklykda jenaýat diýip hasaplanmak bilen, olar üçin jeza bermek hökman bolan işleriň kesgitlenilmegi bilen bagly talaplaryň deregine her bir döwletde bikanun işleri diýip hasaplanýan we olar üçin belli bir derejede jogapkärçilik bellenen jenaýat eden adamyň berilmegini göz öňünde tutýan düzgünler “jenaýatlaryň sanawy” düşünjäni öz içine alýan şertnamalara we konwnsiýalara girizildi. Iki taraplaýyn jenaýatlygyň şu görnüşde bellenilmegi iki döwletleriň tarapyndan jenaýatlaryň täze görnüşlerine degişlilikde kanunlar kabul edilmedik ýa-da bermeklik üçin jenaýatlaryň sanawynda kriminal hereketleriň degerli bir görnüşi ünsden sypdyrylan ýagdaýlarda şertnamanyň tertipleri barada täzeden gepleşikleri geçirmek ýa-da oňa goşmaça şertleri girizmek aladadan dyndarýar.

43-nji maddanyň 2-nji paragrafy iki taraplaýyn jenaýatlyk bilen bagly halkara hyzmatdaşlyk meselelerde, haçanda iki Gatnaşyjy-döwletleriniň kanunlaryna laýyk

jenaýat diýip hasaplanýan işde bir döwlet başga bir döwlet tarapyndan ýardam berilmeklige isleg bildirende, şol talabyň, ýüzlenýän we ýüzlenilýän Gatnaşyjy-döwletleriň kanunçylyk ulgamlarynda şol jenaýata berilýän derejäniň ýa-da onuň dürli ýurtlarda atlandyrylmagynyň tapawutlanýandygyna garamazdan, kanagatlandyrylmagyny talap edýär. Kriminal jenaýatlara Gatnaşyjy-döwletleriň her biriniň kanunçylyk ulgamlarynda şol bir derejede garamak ýa-da olary dürli ýurtlarda meňzeş atlandyrmak gerek däldigini anyk etmek bilen Konwensiýa iki taraplaýyn jenaýatçylygyň umumy standartlarynyň berkidilmegi üçin zerur bolan düşündiriş namasyny üpjün edýär. Şonuň bilen, Konwensiýa bikanun hereketler üçin jeza bermekde ulanylýan ýörite kanunçylyk diliniň wajyplygyny ep-esli peseldýär, hem-de bikanun hereketler hyzmatdaş ýurtlaryň ikisinde-de atlandyrylyşynyň we derejeleriniň tapawutlanýandygyna garamazdan jezalandyrylýan işler bolup durýandygyny anyklamak meselelerde ünsi jemlemek üçin şertleri döredýär. Munuň esasy maksady ýüzlenilýän Gatnaşyjy-döwletiň talap bildirilýän bikanun işe doly düşünip bilmedik ýagdaýynda halkara hyzmatdaşlygyň üstünlikli alnyp barylmagynda päsgelçilikleriň ýüze çykmaklygyna ýol bermezlik bolup durýar. Käbir ýüzlenilýän Gatnaşyjy-döwletler halkara hyzmatdaşlygyň ýa-da islenen hukuk kömeginiň çäklerinde talap edilýän belli bir derejede jezalandyrylýan bikanun hereketlerine degişlilikde öz kanunçylyk ulgamlarynda meňzeş jenaýatlaryň bardygyny anyklamaga höwes bildirýän bolsa-da, Konwensiýa ýüzlenlýän Gatnaşyjy-döwletlerden şu meselä giňişleýin garalmaklaryny talap edýär. Bellemeli zatlaryň biri, ol hem Baş Assambleýanyň 45/116 Rezolusiýasy bilen kabul edilen Bermeklik barada Nusga Şertnamada, şeýle hem oňa Baş Assambleýanyň 52/88 Rezolusiýasy bilen kabul edilen Goşmaçada meňzeş düzgünler beýan edilen (2-nji maddanyň 2-nji punkty). Şol düzgünlerde üpjün edilen gollanmalara laýyklykda iki taraplaýyn jenaýatlyk talap bilen bagly karara gelmekde Gatnaşyjy-döwletleriň kanunçylyk ulgamlarynda jenaýatyň klassifikasiýasyna we atlandyrylyşyna garamazdan, şol jenaýatyň esasy häsiýeti göz öňünde tutulmalydyr.

### II.2. Merkezi ýa-da ygtyýarly dolandyryş edaralaryň gatnaşmagy

Merkezişdirilen iş dolandyryş ulgamy bolan ýerli kanunçylyk edaralarynyň toplumynyň döredilmegi, birnäçe ýüze çykyp biljek meseleleriň çözülmeginde örän netijeli tejribe diýip hasaplanmagy bilen, bu babatda merkezi (özara hukuk ýardam bermek ýagdaýa degişlilikde, Konwensiýanyň 46-njy maddasynyň 13-nji paragrafyna serediň), ýa-da başga ygtyýarly (başga halkara hyzmatdaşlyk ugurlary boýunça, şol sanda jenaýat edeni bermeklik bilen meşgullanýan) dolandyryş edaralaryň we olaryň ýerli we daşary ýurt Gatnaşyjy-döwletleriň dolandyryş edaralary bilen ylalaşykly hereketleriniň orny aýdyň kesgitlenen bolmaly. Mysal üçin, şeýle merkezi ýa-da ygtyýarly dolandyryş edaralar üçin halkara hyzmatdaşlygyna doly derejede gatnaşmaklygyň zerurlygy, şeýle hem olaryň tarapyndan ýüzlenmeler kabul edilip seredilmekligi ýa-da başda edaralaryň garamagyna geçirilmekligi bilen bagly wezipeler anyklanylmaly. Umuman, şular ýaly edaralaryň wezipeleriniň çäklendirilmegi, halkara hyzmatdaşlygyň bökdençsizligini üpjün etmek, şeýle hem býurokratiýa alyp barýan islenilmeýän dolandyryş administratiw ulgamyň döremeginiň öňüni almak üçin gerekli bolup durýar. 43-nji maddanyň 1-nji paragrafyna laýyklykda halkara hyzmatdaşlygyň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin şertleri döredýän syýasaty we düzgünleri işläp taýýarlanmakda Gatnaşyjy-döwletler ilki bilen olaryň merkezi dolandyryş edaralarynda bar bolan serişdeler we hünär derejeler Konwensiýada beýan edilen halkara hyzmatdaşlygynyň usullarynyň güýçlendirilmegi we kadaly berjaý edilmegi üçin ýeterlikli mümkinçilik berýandigi barada oýlanmalydyr.

Aýratyn-da, korrupsiýa garşy derňewlerde daşary ýurtdan kömek gerek bolanda, merkezi dolandyryş edaralara şol derňewler bilen meşgullanýan ýa-da kazyýet işlerini alyp barýan edaralaryň arasynda operatiw aragatnaşyklaryň ýa-da hyzmatdaşlygyň ýola

goýulmagyna ýardam etmekligi tabşyrmak barada maslahat berilýär, esasan-da pul serişdeleriniň ýuwulmaklygy ýaly jenaýatlar bilen bagly başga derňew ýa-da sud işleri geçirilýän ýagdaýlarda. Elbetde, dürli Gatnaşyjy-döwletleriň hukuk we agtaryş edaralarynyň arasynda gönüden-göni gatnaşyklara, aýratyn-da derňewiň başlangyç tapgyrynda rugsat bermek zerur bolup durýar. Şonuň ýaly-da, halkara hyzmatdaşlyga gatnaşyklary bolan merkezi we ygtyýarly dolandyryş edaralar öz wezipeleriniň çäklerinde bolan meselelere degişlilikde hyzmatdaşlyga gatnaşýan Gatnaşyjy-döwletleriň hukuk goraýyş we korrupsiýa garşy göreşýän edaralary üçin iş dolandyryş usullaryny üpjün etmek bilen olaryň bilelikdäki hereketlerini ýeňilleşdirmekde we sazlaşdyrmakda ýardam edip bilerler.

## II.3. Hyzmatdaşlygyň çarçuwalary

Ýokarda kesgitlenişi ýaly, 43-nji maddanyň 1-nji paragrafynda beýan edilen Gatnaşyjy-döwletlere bildirilýän esasy talap, halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilmegini üpjün etmek üçin ýerli hukuk çarçuwalarynyň we edaralarynyň gurluşy bilen bagly meseleleri oýlanyşykly we giňişleýin göz öňünde tutmak bolup durýar. Bu babatda Gatnaşyjy-döwletler tarapyndan täze kanunlaryň kabul edilmegi we has netijeli iş dolandyryş usullarynyň ýola goýulmaklygy barada oýlanmak zerurdyr, şeýle hem islendik ýagdaýda korrupsiýa degişlilikde agtaryş, derňew we kazyýet işlerde birek- birege kömek bermek üçin giň mümkinçilikleri döretmek maksady bilen aragatnaşyk ugurlary güýçlendirmek gerekli bolup durýar. Oňaýly halkara hyzmatdaşlyk tejribeleriň köp nusgalaryny mysal getirmek bolýar, şol sanda 1998-nji ýylda Maşatuda başlanan tegelek stol maslahatlaryň birnäçe tapgyrlarynyň ýokary derejeli netijesi bolan Korrupsiýa garşy Günorta Afrika Forumy (SAFAC). Häzirki wagtda Angola, Botswana, Lesoto, Kongo Demokratik Respublikasy, Malawi, Mawrikiý, Namibiýa, Mozambik, Swazilend, Tanzaniýa, Zambiýa we Zimbabwe ýaly ýurtlaryň korrupsiýa garşy göreşmek edaralary SAFAC-yň agzalary bolup durýar. SAFAC muňa gatnaşýyan taraplaryň sebitleýin we halkara derejelerde korrupsiýany ýok etmeklik bilen bagly hyzmatdaşlyklaryna örän uly goldaw berýar (mysal üçin SADAC Sebitleýin Korrupsiýa Garşy Maksatnamanyň üsti bilen). Şu meselä 46-njy we 59-njy maddalarda giňden we jikme-jik garalýar. Ýene-de sebitdäki 28 ýurtlaryň tarapyndan agzalyk edilýän Aziýa Ösüş Banky – Aziýa we Ýuwaş okean sebiti üçin Korrupsiýa garşy başlangyjyny (OECD) mysal getirip bolar. 2005-nji ýyldan başlap, onuň esasy maksady netijeli halkara hyzmatdaşlygynda päsgelçilikleri ýeňip geçmek bolup durýar. Şu maksada ýetmek üçin ol şol döwürde başlangyja gatnaşýan Aziýa we Ýuwaş okean sebitiniň 27 ýurdunyň ýurisdiksiýalaryndaky özara hukuk hemaýat, jenaýat edeni bermeklik we emlägi gaýtaryp bermek bilen bagly çarçuwalaryň we tejribeleriň düýpli tematik synyny geçirdi. Şeýle hem ol 2007-nji ýylyň sentýabr aýynda hyzmatdaşlygyň güýçlendirilmegi barada halkara seminaryny geçirdi.

## II.4. Jenaýat işleri bilen bagly halkara hyzmatdaşlykda mümkinçilikleri üpjün etmekligiň we tejribe meseleleri çözmekligiň ýollary we serişdeleri

Halkara hyzmatdaşlygyň ähli meýilnamalary we taslamalary eýýam taýýarlanan bolsa-da, köplenç milletara böleklerden ybarat bolan korrupsiýa ýaly çylşyrymly jenaýatlar bilen bagly agtaryş we derňew işlerinde, olara gatnaşygy bolan Gatnaşyjy-döwletleriň jenaýat kazyýetleriniň we hukuk goraýyş edaralarynyň arasynda has golaý we yzygiderli hyzmatdaşlygyň edilmegi zerur bolup durýar. Bu babatda gerekli hünarmenleri we pul serişdeleri, şeýle hem enjamlary we infrastrukturany üpjün etmeklik köp Gatnaşyjy-döwletler üçin örän uly mesele bolup durýar. Gerekli hünärmenler diýlende bank we audit usullardan baş çykarýan, şeýle hem irnik we dartgynly derňewleri geçirmek, hem-de habar berijiler we ynjyk we näzik şaýatlar bilen işleşmek bilen bagly meseleleri ynanyp boljak hukukçylar, kanunçylar, sülçiler we maliýe derňewleri geçirijiler göz

öňünde tutulýar. Gerekli hünärmenleriň ýetmezçiligi ýa-da ýoklugy hatda Gatnaşyjy-döwletleriň Konwensiýanyň IV babyndaky talaplary berjaý etmek üçin öz degişli kanunlaryny netijeli işläp taýýarlamaklaryna täsir edip biler.

Käbir Gatnaşyjy-döwletler üçin gelýän resmi we resmi däl haýyş hatlaryň we talaplaryň uly möçberini işläp geçmek hem kynçylyk döredýär. Artykmaç ýüzlenmeler sebäbli halkara hyzmatdaşlyga agram salmagyň öňüni almak maksady bilen, Gatnaşyjy-döwletler bu ýüküň azaldylmagy ýa-da meseläniň çözülmegi üçin gerekli bolan netijeli çäreleri öňünden kesgitlemelidir. Şolar ýaly çäreleriň biri göwrümli ýüzlenmeleriň sanyny azaltmak maksady bilen olar üçin kabul ediş ölçegini we çägini kesgitlemeklik bolup durýar (mysal üçin talap bildirilýan jenaýatyň agyrlyk derejesine ýa-da kazyýet işleriň wajyplygyna esaslanmak bilen). Başga kynçylyklar jenaýat edeni bermeklik ýa-da özara hukuk hemaýaty baradaky talaplaryň berjaý edilmeginde bökdençlikler ýa-da bu babatda işleriň ýerine ýetirilmegi üçin çekilmeli çykdajylar sebäpli ýüze çykyp bilerler. Bu bolsa käbir ýagdaýlarda hatda kömek etmekden boýun gaçyrmak üçin sebäp bolmagy mümkin. Şeýle ýagdaýlarda bolup biljek çykalgalaryň biri, talap edýän döwletiň üstüne, mysal üçin, resminamalaryň terjime edilmegi, hünärmenleriň we enjamlaryň üpjün edilmegi, hususy hukukçylary hakyna tutmaklyk bilen bagly, şeýle hem videokonferensiýa ýaly we başga göz öňünde tutulmadyk uly çykdajylary ýükleýän, çykdajylary paýlaşmak barada ylalaşyga gol çekişmeklik bolup durýar.

Has adaty ýagdaýda, Gatnaşyjy-döwletlere, iki taraplaýyn ylalaşyklary ýa-da düzgünleri baglaşmaklyk maslahat berilýär. Bu bolsa aragatnaşyk gullukçylaryň şol bir sebitde ýerleşýän ýurtlaryň merkezi häkimiýet edaralaryna ýa-da sebitiň ýa-da kontinentiň merkezi ýurtlarynyň häkimiýet edaralaryna ýüzlenmeklerine mümkinçilik bermek üçin edilmeli, haçanda olaryň arasynda hyzmatdaşlyk gerekli derejede ýola goýlan bolsa (Konwensiýanyň 48-nji maddasynyň 1-nji punktuna serediň). Aragatnaşyk gullukçylaryň halkara hyzmatdaşlykda etmeli wezipeleri öz ýurtlarynyň ygtyýarly edaralary bilen göni gatnaşyklary üpjün etmek, professional aragatnaşyklary kämilleşdirmek hem-de iki Gatnaşyjy-döwletleriň edaralarynyň arasynda ynam döretmek bolup durýar. Aragatnaşyk gullukçylary öz ýurtlarynda hiç hili ygtyýarlary bolmasa-da, olar öz aragatnaşyk ýollaryny ulanmak bilen, korrupsiýa degişli jenaýatlaryň öňüni almak ýa-da üstini açmak, şeýle hem olara gatnaşan jenaýatçylary anyklamak bilen olary kazyýet jogapkärçiligine çekmek üçin gerekli maglumatlary toplap bileler. Ýene-de olar Gatnaşyjy-döwletiň hukuk goraýyş we kazyýet edaralaryna ýa-da öz degerli dolandyryş edaralaryna kömek barada haýyş hatlary bilen ýüzlenmegiň dogry tertipleri barada habar bermek üçin öz aragatnaşyklaryny ulanyp bilerler. Şeýle haýyş hatlary bilen ýüzlenilenden soň, aragatnaşyk gullukçylary şol hatlara talap edilýän wagtda we ýagdaýda seredilmegini yzarlamak bilen, olara jogap bermekde bolup biljek bökdençlikleriň sebäplerini öwrenip bilerler. Bu bolsa iki Gatnaşyjy-döwletleriň kanunçylyk ulgamlarynyň ep-esli derejede tapawutlanan ýagdaýlarynda aýratyn ähmiýete eýe bolup durýar.

### II.5. Mümkinçilikleri döretmek

Konwensiýanyň 60-njy maddasynyň 2-nji paragrafy Gatnaşyjy-döwletleri korrupsiýa garşy göreşmek meýilnamalaryna we maksatnamalaryna degişli birek-birege tehniki taýdan örän giň möçberde, aýratyn-da ösýän ýurtlaryň bähbitleri üçin kömek bermeklerini maslahat berýär. Şeýle kömek Gatnaşyjy-döwletleriň arasynda jenaýat edeni bermeklik hem-de özara hukuk hemaýat bilen bagly halkara hyzmatdaşlyk üçin oňaýly şertleri döretmek üçin hünärmenleri taýýarlamak we özara düýpli tejribeleri we ýörite bilimleri alyşmak meseleleri öz içine alýar.

Bu babatda möhüm orny eýeleýän okuw maksatnamalary korrupsiýa jenaýatlary bilen bagly derňew, agtaryş we sud işlerinde, şol sanda maliýe derňewlerinde ulanyp boljak kanunlarda, düzgünlerde we tejribelerde esaslandyryp bolýar. Olary indiki köp ugurly hereketleriň üsti bilen amala aşyryp bolýar:

- Umumy okuwlaryň çäklerinde hukuk goraýyş işgärleri, hukukçylar, kazylar we başga ýuridik işgärler üçin korrupsiýa garşy esasy bilermenler tarapyndan geçirilýän leksiýalar we tanyşdyryş dabaralar;

- Kazylar, prokurorlar, hukuk goraýyş we başga degişli işgärler üçin halkara hyzmatdaşlykda meseleleri döredýän ýagdaýlara we olaryň çözülmegi üçin gerekli bolan guramaçylyk we hukuk ulgamlaryna bagyşlanan milli, sebitleýin we sebitara seminarlaryň gurnalmagy.

- Kazylar we prokurorlar üçin, subutnamalary ýygnamak we gowşurmak, şeýle hem jenaýat edeni bermeklik we korrupsiýa arkaly alnan serişdelerden mahrum etmek barada ýüzlenmeleri netijeli taýýarlamak we işläp geçmek bilen bagly okuwlary geçirmek;

- Degişli işgärler üçin hünär bilen bagly okuw saparlary gurnamak;

- Hukuk goraýuş we kanunçylyk esasy okuw meýilnamalara halkara hyzmatdaşlyk derslerini girizmek;

- Konwensiýadaky kriminalizasiýa we halkara hyzmatdaşlyk boýunça düzgünler barada habarlylygy ýokarlandyrmak;

Şeýle okuwlaryň üsti halkara hyzmatdaşlyk bilen bagly hukuk, guramaçylyk we iş meýilnamalara gollanmalary üpjün edýän okuw esbaplaryň we maglumatlaryň giňden ýaýradylmagy bilen ýetirilmeli. Bu babatda halkara hyzmatdaşlyk indiki zatlary öz içine alýar:

- Bermeklik barada Nusga Ylalaşyk;

- Kriminal meselelerde özara kömek barada Nusga Ylalaşyk;

- Bermeklik barada Nusga Kanun (2004);

- Kriminal meselelerde özara kömek barada Nusga Kanun (2007);

- Netijeli bermeklik işleri öwrenmek barada Hasabat;

- Kriminal meselelerde özara kömegiň iň gowy tejribelerini öwrenmek barada Hasabat;

## III. Barlag sanawy

- Gatnaşyjy-döwletiň dolandyryş edaralary halkara hyzmatdaşlyk meselelere degişli işlerinde haýsy hukuk esasy ulanýarlar?

- Şertnama esaslanan hyzmatdaşlykda Gatnaşyjy-döwlet halkara hyzmatdaşlygyň çäklerinde haýyş hatlary bilen ýüzlenmek we olara

garamak üçin Konwensiýany hukuk esas hökmünde ulanýarmy? Gatnaşyjy-döwlet Konwensiýadaky halkara hyzmatdaşlyk baradaky düzgünleriň işe girizilmegi ýa-da kämilleşdirilmegi üçin iki taraply ýa-da köptaraply şertnamalary ýa-da ylalaşyklary baglaşdymy?

- Gatnaşyjy-döwletde halkara hyzmatdaşlygyň çäklerinde ýüzlenmeler bilen meşgullanmak üçin merkez ýa-da başga ygtyýarly edara barmy?

- Şol edara halkara hyzmatdaşlygyň çäklerinde ýüzlenmeler bilen bagly işleri üstünlikli amala aşyrmak üçin hünärmenler hem-de pul we tehnologiýa serişdeleri bilen ýeterlikli üpjün edilenmi?

- Halkara hyzmatdaşlyga degişli iş meseleleriň çözgütlerini tapmak we hereketlerini utgaşdyrmak üçin şol edara bilen başga ýurisdiksiýalardaky meňzeş edaralaryň arasynda kommunikasion ýollar barmy?

**Madda 44: Jenaýat eden adamy bermeklik**

*1. Şu madda Konwensiýa laýyklykda bellenilen jenaýatlar boýunça iş eden adam babatynda ulanylýar, eger-de bermeklik üçin talap edilýän adam ýüzlenilýän Gatnaşyjy-döwletiň çäklerinde bolsa, şeýle hem jenaýat eden adamy bermek babatynda talap ýüzlenýän we ýüzlenilýän Gatnaşyjy-döwletleriň ikisiniň hem ýerli kanunlaryna laýyk jeza berilmeli hereket diýip hasaplanýan günä degişli edilýän bolsa.*

*2. Şu maddanyň 1-nji punktundaky düzgünlere garamazdan, onuň kanunlary ýol berýän ýagdaýynda, Gatnaşyjy-döwlet öz ýerli kanunlaryna laýyklykda jeza berilmeýän, Konwensiýada bellenilen islendik jenaýat bilen baglylykda belli bir adamyň berilmegine rugsat berip bilýär.*

*3. Eger-de bermek barada talap birnäçe aýratyn jenaýatlara degişli edilen bolsa, olardan şu madda boýunça iň bolmanda biri berilmäge degişli bolup, galanlary özleriniň tussaglyk möhleti sebäpli berilmeklige degişli bolman, ýöne şu Konwensiýa laýyklykda bellenilen jenaýatlar diýip hasaplanýan bolsa, onda ýüzlenýän Gatnaşyjy-döwlet şu maddany olara degişlilikde hem ulanyp biler.*

*4. Şu madda degişli bolan jenaýatlaryň her birini Gatnaşyjy-döwletleriň arasynda baglaşylan berilmeklige degişli bolan bikanyn hereketler barada islenilen ylalaşyklara girizmeklik göz öňünde tutulmaly. Gatnaşyjy-döwletler öz arasynda baglaşylýan bermeklik baradaky şertnamalaryň her birine şular ýaly jenaýatlar bile baglanyşykly adamlary bermekliklige degişli bolýar diýlen şertleri girizmekligi boýun alýar. Gatnaşyjy-döwlet, ýagny onuň kanunlary ýol berýän bolsa, şu Konwensiýany bermeklik üçin esas hökmünde ulanylan ýagdaýynda, şu Konwensiýa laýyklykda bellenilen jenaýatlaryň hiç birine syýasy jenaýat hökmünde garamaly däldir.*

*5. Eger-de berilmek babatynda ylalaşygyň bolmagy bilen şertlendirýän Gatnaşyjy-döwlete, onuň bilen bermeklik hakynda ylalaşygy bolmadyk başga Gatnaşyjy-döwlet bermeklik barada haýyş haty bilen ýüz tutan ýagdaýynda, onda ol şu maddada görkezilen jenaýatlara degişlilikde şu Konwensiýany hukuk esas hökmünde göz öňünde tutup biler.*

*6. Berilmeklik ylalaşygyň bolmagy bilen şertlendirilýän Gatnaşyjy-döwlet indiki tertipleri ýerine ýetirmeli:*

*a) öz ratifikasion hatyny ýa-da Konwensiýany kabul etmek, makullamak ýa-da oňa gatnaşmak barada resminamalaryny saklamaga beren wagty Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna başga Gatnaşyjy-döwletler bilen bermeklik meseleler boýunça hyzmatdaşlygynda şu Konwensiýany hukuk esas ýaly ulanjakdygy barada habar bermeli; hem-de*

*b) bermeklik meseleleri boýunça hyzmatdaşlygynda şu Konwensiýany hukuk esas hökmünde ulanmaýan bolsa, onda ol, gerekli ýagdaýda, şu maddany berjaý etmek üçin şu Konwensiýa başga Gatnaşyjy-döwletler bilen bermeklik barada şertnamalary baglaşmaga çalyşmaly.*

*7. Bermeklik ylalaşygyň bolmagy bilen şertlendirilmeýän Gatnaşyjy-döwletler şu maddada görkezilen jenaýatlar özara bermeklige degişli bolýar diýip hasaplamalydyr.*

*8. Talap bildirýän Gatnaşyjy-döwletiň ýerli kanunlarynyň tertiplerinde ýa-da bermeklik baradaky degişli ylalaşyklarynda, başga şertleriň arasynda berilmeklige degişli iň pes jeza baradaky talaplar we ýüzlenilýän Gatnaşyjy-döwlete bermeklige razylyk bermezlik üçin hukuk berýän esaslar göz öňünde tutulan bolmaly.*

*9. Şu maddada bellenen jenaýatlaryň her birine degişlilikde, eger-de bu öz ýerli kanunlary bilen laýyk gelýän bolsa, Gatnaşyjy-döwletler bermeklik bilen bagly işleri çaltlandyrmaga hem-de subutnamalary bermek boýunça tertipleri aňsatlaşdyrmaga aýratyn üns bermeli.*

*10. Öz ýerli kanunlaryny we bermeklik barada şertnamalaryny berjaý etmek bilen, egerde-de ol edilen talabyň zerurdygyna göz ýetiren ýagdaýynda, hem-de talap edýän Gatnaşyjy-döwletiň haýyş hatyna esaslanmak bilen, ýüzlenilýän Gatnaşyjy-döwlet öz çäklerinde bolan bermeklige talap bildirilýän adamy tussag astynda saklap ýa-da ony bermeklik bilen bagly işlere gatnaşdyrmak üçin başga gerekli çäreleri görüp biler.*

*11. Şu maddada bellenen düzgünleri bozmak bilen bagly jenaýat etmekde şübhelenýän we onuň çäklerinde bolan adamy bermekden diňe öz raýaty bolmagy sebäpli boýun gaçyrýan Gatnaşyjy-döwlet, bermekligi talap edýän Gatnaşyjy-döwletiň haýyşynyň esasynda işi hökmany halatda we esassyz saklaman, özygtyýarly edaralaryň garamagyna geçirmeli. Şol edaralar öz kararyny çykarmak bilen, Gatnaşyjy-döwletiň içerki kanunlaryna laýyk işe her bir başga agyr jenaýat ýaly garamaly we gerekli çäreleri görmeli. Bu iş barada alada edýän Gatnaşyjy-döwletler hukuk we kazyýet agtaryş işleriniň we yzarlamalaryň netijeligini ýokarlandyrmak üçin iş dolandyryş we subut etme meselelerde özara hyzmatdaşlyk etmelidir.*

*12. Gatnaşyjy-döwlet üçin öz içerki kanunlaryna laýyk, öz raýatlaryny bermek ýa-da geçirmek diňe şol tussagy bermek barada talap edilýän jenaýatlar üçin sud derňewiň ýa-da işiň netijesinde berlen jeza möhletini doldurmak üçin şol Gatnaşyjy-döwlete gaýtarylmagy hökman bolan ýagdaýda mümkin bolsa, hem-de haýyş edýän we ýüzlenme ýollanýan Gatnaşyjy-döwletleriň ikisi hem şol tertiplere we başga gerek diýip hasaplanan düzgünlere razy bolsa, onda şeýle şertli bermeklik ýa-da geçirmeklik şu maddanyň 11-nji punktunda bellenen borçlaryň berjaý edilmegi üçin ýeterlik bolup durýar.*

*13. Eger-de hökümi ýerine ýetirmek üçin bermeklik barada haýyş hatda ýüzlenilýän Gatnaşyjy-döwlet tarapyndan öz raýaty bolmagy sebäpli razylyk berilmeýän bolsa, onda şol Gatnaşyjy-döwlet onuň içerki kanunlarynyň mümkinçilik berýän ýagdaýynda hem-de şol kanunlaryň talaplaryna laýyk, ýüzlenýän Gatnaşyjy-döwletiň haýyşy esasynda şol döwletiň içerki kanunlaryna laýyklykda berlen hökümi ýa-da onuň galan bölegini ýerine ýetirmek meselelesine garamaly bolýar.*

*14. Şu maddada bellenen her bir jenaýat bilen bagly islenen adama degişlilikde geçirilýän derňewleriň ähli tapgyrlarynda, şol adama adalatly garamak kepillendirilýär, şol sanda şol döwürde bolýan Gatnaşyjy-döwletiň içerki kanunlarynda göz öňünde tutulan düzgünlere laýyklykda onuň ähli hukuklary we bähbitleri goralýar.*

*15. Ýüzlenilýän Gatnaşyjy-döwletiň, bermeklik barada talap şahsyň jyns, milli we etnik degişliligi, dini ynamlary hem-de syýasy dünýägaraýyşlary sebäpli jenaýat işine çekmek maksady bilen edilýändigi barada, ýa-da berilmeli şahs barada islenen ters pikirleri döredip biljekdigi barada ýeterlik esas bar bolsa, onda şu Konwensiýada beýän edilen tertipleriň hiç biri bermek borçnamalary şol Gatnaşyjy-döwletiň üstüne atylmaýar.*

*16. Gatnaşyjy-döwletler diňe maliýe meseleleriniň ýüze çykyp bilmegi sebäpli bermeklik talaby kanagatlandyrmakdan boýun gaçyryp bilmeýärler.*

*17. Jenaýat etmekde güman edilýän adamy bermekden boýun gaçyrmakdan öň, ýüzlenilýän Gatnaşyjy-döwlet, zerur ýagdaýlarda, haýyş edýän Gatnaşyjy-döwlete öz delillerini getirmäge we öz talabyna degişlilikde maglumatlary üpjün etmäge mümkinçilik bermek üçin, onuň bilen maslahatlaşmaly.*

*18. Jenaýat etmekde güman edilýän adamy bermeklik düzgünlerini berjaý etmek we kämilleşdirmek maksady bilen Gatnaşyjy-döwletler üçin iki taraply we köptaraply şertnamalary we ylalaşyklary baglaşmak zerur bolup durýar.*

**I. Syn**

Jenaýat eden adamy bermeklik halkara hyzmatdaşlygyň öňden gelýän görnüşi bolmak bilen, ol ýüzlenilýän Döwlet tarapyndan gaçgagy kazyýet işine çekilmegi ýa-da oňa degişlilikde hökümiň ýerine ýetirilmegi üçin haýyş edýän Döwlete geçirilmegi barada tertip hökmünde kesgitlenýär.

Jenaýat eden adamy bermekliklikligiň usuly tehniki taýdan çylşyrymly, hem-de adaty ýagdaýda hukuk hem-de administratiw tertipleriň birnäçe tapgyrlaryny talap edýär. Haýyş edýän Gatnaşyjy-döwlet jenaýatçyny kesgitleýän we onuň geçirilmegini haýyş edýän hat bilen başga Gatnaşyjy-döwlete ýüzlenýär. Düzgün boýunça, jenaýat eden adamy bermeklik üçin soralýan şahsa degişli jenaýatlary edeni barada ýeterlik subutnamanyň berilmegi talap edilýär. Talap edýän Gatnaşyjy-döwlet üçin jenaýat işine degişli doly habar bermek hökman däl, ýöne ol iň azyndan öz jenaýat eden adamy bermeklik talabyna ýeterlik subut edýän maglumatlary üpjün etmäge borçly bolup durýar. Subut edýän maglumatlaryň görnüşi adaty we kontinent boýunça kanunçylyk ulgamlara laýyklykda berjaý edilýän dürli iş dolandyryş tejribeler bilen baglylykda tapawutlanýar, we şoňa görä ol belli bir derejede maglumatlaryň ýa-da bermeklik talaby doly esaslandyrýan subutnamalaryň bolmagyny talap edýär.

## II. Meseleler we çözgütler

### II.1. Bar bolan meselelere garamak

Umuman, ýüzlenilýän Döwlet jenaýat eden adamy bermeklik barada haýyş bilen kanagatlanan ýagdaýynda, ol günäkäri tussag edip we tussag astynda saklap, hukuk we administratiw derňew işlerini geçirmeli. Şol işleriň dowamynda günäkäre talaba garşy çykmak hukugy berilýär. Eger-de derňew astynda bolan adam berilmeklige degişli bolsa, onda ol talap edýän Gatnaşyjy-döwletiň ygtyýaryna geçirilýär. Emma hakykatda, bermekligiń amala aşyrylmagyna päsgel berýän birnäçe meseleler we kynçylyklar bar.

Köplenç, Gatnaşyjy-döwletleriň tarapyndan milli we halkara jenaýat eden adamy bermeklik hakyndaky kanunlary we bu babatda bolan usullary, şeýle hem jezalandyrmazlyga ýol bermezlik üçin bermeklik we başga degişli tertipleri kämilleşdirilmegi üçin ugurlary we ýollary bilmezlik, hem-de bermäge razylyk bermezligiň sebäplerine düşünmezlik ýüze çykýar.

Şonuň bilen birlikde, ýokarda beýän edilen ýüzlenilýän Döwletlerde dürli subut ediji maglumatlara bolan talaplara, haýyş edýän Döwletler tarapyndan doly düşünmezlik hem jenaýat eden adamy bermeklik tertipleriň berjaý edilmeginde bökdenç döredip biler.

Ýene-de, tertipleriň ýerine ýetirilmeginde birtopar meseleleriň ýüze çykmagy mümkin, şol sanda:

• Dil bilen bagly meseleler – jenaýat eden adamy bermeklik talaplara degişli resminamalary terjime etmek gymmat bolup durýar;

• Gysga möhletler, köplenç nädogry düşünmekligi döredip bilýär;

• Hyzmatdaşlyk edýän döwletleriň, hatda bir döwletiň ygtyýarly edaralarynyň hem aragatnaşyklarynda we ylalaşmaklarynda meseleleriň ýüze çykmagy;

• Düzgünleriň netijeli berjaý edilmegine täsir edip biljek käbir talap edýän we ýüzlenilýän Gatnaşyjy-döwletlere agram salýan çykdajylar.

### II.2. Üýtgeşmeleri girizmek

Jenaýat eden adamy bermeklik hakynda kanunlardaky soňky kämilleşdirmelerde, jenaýat eden adamy bermeklik baradaky haýyşlary ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmak üçin belli bir esaslaryň ulanylmagynyň derejesini peseltmeklige üns berilýär. Öz raýatlaryny jenaýat eden adamy bermeklik islemezlik bilen bagly ýagdaýlar köp Gatnaşyjy-döwletlerde azalýar. BMGKGK şol kämilleşdirmeleri görkezýän maglumatlary öz içine alýar: 44-nji maddanyň 12-nji paragrafynda günäkäri, eger-de ol berlen jeza möhletini doldurmak üçin ýüzlenilýän Gatnaşyjy-döwlete yzyna gaýtarylsa, wagtlaýynça bermek mümkinçiligi barada beýän edilen. Ýüzlenilýän Gatnaşyjy-döwlet, diňe bir günäkär onuň raýaty bolmagy sebäpli bermeklik talaby kanagatlandyrmakdan boýun gaçyrýan ýagdaýynda, şol günäkariň kazyýet işine çekilmegini üpjün etmäge borçly bolýar (BMGKGK, 44-nji madda, 11-nji parag). Bu bolsa "ýa bermeklik ýa-da kazyýet işine çekmeklik" diýlen ýörelgäniň subutnamasy bolmak bilen, ol gerekli ýurisdiksiýa esasyň girizilmegini talap edýär (42-nji madda, 3-nji parag.). Haçan-da bermeklik barada talap hökümi ýerine ýetirmek maksady bilen edilýän bolsa, onda ýüzlenilýän Gatnaşyjy-döwletiň özi berlen hökümi öz içerki kanununlarynyň talaplaryna laýyklykda ýerine ýetirip bilýär (BMGKGK, 44-nji madda, 13-nji parag.).

Üstesine-de, soňky kämilleşdirmeler syýasy jenaýat edenleri bermeklige degişli jenaýatlardan aýry tutulmaklygyny çäklendirmek ýa-da doly ýatyrmak ugrunda tagallalaryň edilýändigini görkezýär. 1990-njy ýylda kabul edilen Bermeklik Barada Nusga Ylalaşygyň ilkinji tekstinde syýasy jenaýatlaryň aýry tutulmaklygy ret etmek üçin ýeterli esas bolýar diýip beýän edilen (3-nji madda (a)). Onuň täzeden seredilen görnüşinde, agyr jenaýat edilen ýagdaýda syýasy jenaýatlaryň aýry tutulmaklygyny ulanmazlygy üpjün edýän goşmaça çäklendirme göz öňünde tutuldy, haçan-da Gatnaşyjy-döwletler şolar ýaly jenaýatlar üçin jenaýat edeni bermekden boýun gaçyran bolsa-da, olar köp taraply ylalaşyklara laýyklykda günäkäri sud işine çekmek borjuny öz üstüne alan ýagdaýynda. Birnäçe döwletler günäkärleri bermäge razy bolmazlygy, jenaýaty syýasy esaslar bilen delillendirip bolýandygy barada nygtamaklary mümkin (mysal üçin günäkär daşary ýurtda ýaşaýan öňki syýasy ýolbaşçy bolsa). Ýöne halkara terrorizmiň güýçlenmegi döwletleriň syýasy jenaýatlaryň aýry tutulmaklygyny çäklendirmäge höweslerini artdyrdy. Umuman, indi syýasy jenaýatlaryň aýry tutulmaklygy agyr jenaýat edilen ýagdaýynda ulanylmaýar, haçan-da Gatnaşy-döwletler şolar ýaly jenaýatlar üçin bermekden boýun gaçyran bolsa-da, olar köp taraply ylalaşyklara laýyklykda günäkäri kazyýet işine çekmek borjuny öz üstüne alan ýagdaýynda. Şonuň bilen birlikde, agyr jenaýatlary bermeklige degişli däl bolan syýasy jenaýatlaryň hataryndan doly çykarmaga bolan meýyilleriň güýçlenmegi duýulýar.

BMGKGK, haçan-da Konwensiýa bermeklik meselelerinde hukuk esas ýaly ulanylýan ýagdaýlarda, syýasy jenaýatlaryň aýry tutulmaklygyny ýatyrýar (44-nji maddanyñ (4)).

### II.3. Bermeklik hukuk ulgamyny düzgünleşdurmek

Döwletler bermeklik boýunça hukuk ulgamy kämilleşdirmek üçin özüniń bermeklik barada ylalaşyklarynyň ulgamyny giňeltmek we/ýa-da öz degişli kanunçylyk ulgamlaryny düzgünleşdirmek ugrunda tagalla etmeli. Konwensiýanyň maksady esas bolup hyzmat edýän minimal bermeklik standartlaryny bellemek bolup durýar. Şonuň üçin ol bermeklik ylalaşygyň bolmagy bilen şertlendirýän Gatnaşyjy-döwletlerden, Konwensiýa bermeklik meselelerde hukuk esas ýaly ulanyljakdygy barada habar bermeklerini, hem-de Konwensiýany esas edip ulanmadyk ýagdaýynda 44-nji maddany (44-nji madda 6 (b)) berjaý etmek üçin ylalaşyklary, şeýle hem bermekligiń netijeliligini ýokarlandyrmak üçin iki taraply we köp taraply şertnamalary baglaşmaklaryny talap edýär (44-nji madda (18)). Eger-de Gatnaşyjy-döwletler bermekligi ylalaşygyň bolmagy bilen şertlendirmeseler, onda Konwensiýaň şertlerine laýyklykda olardan bermeklik hakyndaky kanuny günäkärleri biri-birine geçirmek üçin esas hökmünde ulanmaklary we Konwensiýada bermeklige degişli bellenen jenaýatlar boýunça özara ylalaşmaklaryny talap edýär.

Şeýle hem, Konwensiýa, Gatnaşyjy-döwlet, eger onuň kanunlary ýol berýän bolsa, onuň içerki kanunlaryna laýyk jeza berilmeýän Konwensiýada bellenen islenen jenaýat üçin belli bir adamyň berilmegini üpjün edip bilýändigini şertlendirmek bilen, iki taraplaýyn günä talaplarynyň ýatyrylmagyna mümkinçilik berýär (44-nji madd (2)).

Konwensiýanyň başga birnäçe maddalaryndaky ýaly, bu maddada hem kanunlara üýtgeşmeler girizilip boljakdygy göz öňünde tutulan ýerli kanunlar we eýýam bar bolan ylalaşyklar, bermekligi düzgünleşdirmek derejeleri bilen baglydyr. Bu babatda, täze bermeklik kanunlaryň kabul edilmegi, ýa-da olara jenaýatlaryň täze görnüşlerini goşmak, şeýle hem olary Konwensiýa laýyk getirmek üçin, olary üýtgetmek ýa-da kamilleşdirmek, ýa-da olara goşmaçalary girizmeklik zerur bolup durýar. Umuman, bermeklik düzgünleriniň maksady, Konwensiýada bar bolan bermeklik düzgünlerini

ýatyrman, emma olary goldamak we kämilleşdirmek üçin niýetlenendigini görkezmek bolup durýar.

Şeýle-de bolsa, döwletleriň täze ylalaşyklara gol çekmek maksady bilen baglanyşykly hereketleriň üstesine, belli bir jenaýatlara degişli käbir konwensiýalar bermeklik düzgünlerini öz içine alýar (mysal üçin, 1997-nji ýylda çap edilen Halkara biznes işlerinde daşary ýurt wezipeli hökümet işgärlere para bermege garşy göreşmek barada OECD Konwensiýasy (10-njy madda), ýa-da Birleşen Milletler Guramasynyň Milletara guramaçylykly jenaýatlyga garşy Konwensiýasy (16-njy madda). Şeýle hem, Gatnaşyjy-döwletleriň arasynda bu ugurda hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin ýörite bermeklik bilen meşgullanýan birnäçe sebitleýin ulgamlar bar, şol sanda Amerika boýunça Bermeklik barada Konwensiýa, Ýewropa Bermeklik barada Konwensiýa we onuň iki Goşmaça Protokollary, Günbatar Afrika Döwletleriň Ykdysady Jemgyýetiniň Bermeklik barada Konwensiýasy, Döwletler Arkalaşygynyň gaçgak jenaýatçylary gaýtaryp bermek boýunça Usuly Gollanma (1966-njy ýylda kabul edildi, 1990-njy ýylda üýtgetmeler girizildi) hem-de Arap Döwletleriniň Ligasynyň Bermeklik barada Ylalaşygy (1952).

### II.4. Düzgünleriň kamilleşdirilmegi

Gatnaşyjy-döwletler bermeklik bilen bagly tertipleri kamilleşdirmek we aňsatlaşdyrmak üçin, şol sanda daşary ýurt tussag astyna almaklyk ygtyýarlary goldamak we tassyklamak üsti bilen, düzgünleri girizmek barada oýlanyp bilerler. Şular ýaly tejribe, haçan-da bir döwletiň degişli edaralarynyň beren tussag astyna almaklyk ygtyýary bir ýa-da birnäçe döwletler tarapyndan tassyklanan bolsa, ýaňy-ýakynda bermeklik usullaryny ulanyp başlan döwletleriň arasynda bermekliligiň aňsatlaşdyrylan tertibi bolup durýar. Şular ýaly tertipleriň iň kämil nusgalarynyň biri Döwletler Arkalaşygynyň Usuly Gollanmasy bolup durýar, sebäbi ol esasan adaty kanunçylyk ulgamlary bolan Gatnaşyjy-döwletlere degişlilikde ulanylýar. Şular ýaly usullary Singapur, Malaýsiýa we Bruneý; Awstraliýa we Täze Zelandiýa; Birleşen Patyşalyk we Normand Adalary ýaly ýurtlaryň hukuk ulgamlarynda üstünlikli ulanylýar. 2004-nji ýylyň başynda täze düzgün Ýewropa Bileleşiginiň çäklerinde ýola goýuldy. Hakykatda, ol Bileleşige girýän döwletlerde bar bolan adaty bermeklik tertipleriň ornuny tutýan Ýewropa Tussag astyna almaklyk Ygtyýarynyň girizilmegini üpjün etdi.

Ýewropa Tussag astyna almaklyk Ygtyýary (EAW) we Ýewropa Bileleşigine girýän döwletleriň arasynda bermeklik tertipleri barada (EAW Ýewropa Bileleşigiň Geňeşi tarapyndan 2002-nji ýylyň iýun aýynyň 13-ne girizildi) Çäkli Karar, Ýewropa Bileleşigiň çäklerinde kriminal meselelerde ýuridik hyzmatdaşlygyň iň wajyp bölegi hasaplanýan hukuk çözgütleriň özara ykrar edilmegi ýörelgesine esaslanýar. Bular kazyýet işlerine garamaklyga, hem-de hukuk edaralaryň başga çözgütlerine degişli bolup durýar. Çäkli Karar Ýewropa Tussag astyna almaklyk Ygtyýary, Ýewropa Bileleşigiň bir Gatnaşyjy-döwleti tarapyndan başga Gatnaşyjy-döwletden bermeklik üçin soralýan adamy, oňa degişlilikde hökümi ýerine ýetirmek maksady bilen tussag etmek ýa-da geçirmek talaby bilen bagly hukuk çözgüdi ýaly kesgitleýär (1-nji madd (1)). EAW karar çykarýan Gatnaşyjy-döwletiiň kanunlaryna laýyk jezalandyrylýan günäler üçin, haçan-da şol günäler üçin azatlykdan mahrum etmeklik ýa-da tussaglyk möhleti iň azyndan 12 aý bolsa, ýa-da iň azyndan 4 aý möhleti bilen azatlykdan mahrum ýa-da tussaglyk etmek barda höküm çykarylan ýagdaýda berlip bilner (2-nji madda, 1 parag.).

EAW tertibi, Ýewropa Bileleşige Gatnaşyjy-döwletleriniň aňsatlaşdyrylan we tizleşdirilen tussag astyna almaklyk ygtyýar ulgamyny kabul edenleriň adaty bermeklik düzgünleriniň ornuny tutýar. Şeýlelikde, EAW şol döwletleriň bitewi ýurisdiksiýa

degişli bolar ýaly, bermeklik düzgünlerini aňsatlaşdyrýar we tizleşdirýär. Ol indiki täzelikleri girizýär:

- Tizleşdirilen iş düzgünleri: EAW-yň ýerine ýetirilmegi barada gutarnykly karar, bermeklik üçin talap edilýän adamyň tussaklyga alnan wagtyndan başlap, aňyrsy 90 güniň içinde çykarylmaly. Şol adamy bermeklik barada razylyk berilse, onda karar razylyk berleninden soň 10 güniň içinde çykarylmaly (17-nji madda).

- Iki taraplaýyn jenaýatlylyk talabyň belli bir ýagdaýlarda ýatyrylmagy: şu wagt, bermeklik hakyndaky adaty kanunlara düýpli siňen iki taraplaýyn jenaýatlylyk ýörelgesi 32 sany jenaýata degişlilikde eýýäm berjaý edilmeýär, haçanda olar üçin Çäkli Kararyň 2-nji maddasynyň 2-nji paragrafyna laýyklykda karar çykarýan Gatnaşyjy-döwletleriň kanunlaryna laýyk iň ýokary 3 ýyldan az bolmadyk möhleti bilen azatlykdan mahrum etmeklik hökümi göz öňünde tutulan bolsa. Şolar ýaly jenaýatlar korrupsiýa arkaly we bikanun alnan girdejileriň ýuwulmaklygy bilen bagly günälere degişli bolup durýar. Şeýle-de bolsa, olardan başga we 3 ýyl tussaglyga düşmeýän jenaýatlara degişlilikde iki taraplaýyn jenaýatlylyk ýörelgesi ulanylýar (2-nji madda, 4-nji parag).
- Bermekligiň kanunlaşdyrylmagy: Ýewropa Tussag astyna almaklyk Ygtyýaryna (EAW) esaslanýan täze bermeklik düzgüniniň berjaý edilmegi amala aşyrýan häkimiýetden kazyýet edaralaryna geçirilýär. Karar çykarýan we ony ýerine ýetirýän edaralaryň ikisi hem karary çykarýan we ýerine ýetirýän Ýewropa Bileleşiginiň Agza Döwletleri kanunlaryna laýyk ygtyýarly kazyýet edaralar bolmagy göz öňünde tutulmaly (6-njy madda). Şonuň üçin, EAW-y ýerine ýetirmek bilen bagly düzgün ýuridik häsiýete eýe bolmagy bilen, ol bermeklik düzgünlerine mahsus bolan administratiw tapgyry, şol sanda amala aşyrýan häkimiýetiň ýüzlenýän Gatnaşyjy-döwlet tarapyndan bermeklik üçin soralýan adamy geçirmek barada gutarnykly karary çykarmak ygtyýaryny ýatyrýar.

- Raýatlaryň berilmegi: Häzirki wagtda Ýewropa Bileleşiginiň Agza Döwletleri öz raýatlaryny bermekden boýun gaçyryp bilmeýärler. Çäkli Karar düzgüniň berjaý edilmezligi üçin milleti hökmany ýa-da bölekleýin esas hökmünde hasap etmeýär. Mundan beýläk, 5-nji maddanyň 3-nji paragrafyna laýyklykda jenaýat eden adamy bermeklik, oňa höküm berlenden soň, günäkäriň möhletini doldurmak üçin öz ýurduna gaýtarylmagynyň üpjün edilmegini talap etmek mümkinçiligi saýlamak bilen şertlendirilýär.

- Syýasy jenaýatlaryň aýry tutulmagyny ýatyrmak: Syýasy jenaýatlaryň aýry tutulmagy EAW-y ýerine ýetirmezlik üçin hökmany ýa-da saýlanma esas ýaly bellenen däldir. Aýry tutulmagyň tutuş galan bölegi barada diňe Çäkli Kararyň girişinde beýan edilmegi bilen (12-nji sanaw), ol hukuklary kemsitmezlik boýunça kämilleşdirilen maddanyň bölegi bolup durýar.

- Ýörite düzgünden çykmak barada goşmaça tertip: Çäkli Kararyň 27-nji maddasynyň 1-nji paragrafy Gatnaşyjy-döwletlere, olaryň başga şolar ýaly habar beren Gatnaşyjy-döwletler bilen aragatnaşyklarynda, bermeklikden öň edilen jenaýat üçin, haçan-da şol jenaýat bermeklik barada haýyş hatyndaky maglumatlarda görkezilenden başga bolsa, azatlykdan mahrum etme hökümi ýa-da tussag etme ygtyýary ýerine ýetirmekligi göz öňünde tutmak bilen höküm çykarmak, tussag etmek we kazyýet işini geçirmek üçin razylygynyň berilmegi zerur bolup durýandygy barada Geňeşiň Baş Müdirligine mälim etmeklerine mümkinçilik berýär.

2004-nji ýylyň ýanwar aýynda güýje girizilen, EAW şeýle hem Ýewropa Bileleşiginiň Agza Döwletleriniň arasynda bar bolan bermeklik şertnamalaryň we ylalaşyklaryň ornuny tutdy (şolaryň arasynda 1957-nji ýyldan Ýewropa Bermeklik Barada Konwensiýa we onuň protokollary; 1978-nji ýyldan Ýewropa Terrorizme garşy Göreşmek barada Konwensiýa; 1989-njy ýyldan Ýewropa Bileleşiginiň 12 sany Agza Döwletleriniň arasyndaky bermek talaplary geçirmek usullaryny aňsatlaşdyrmak barada Ylalaşyk; 1990-njy ýyldan Şengen Ylalaşýgynýň degişli şertleri; 1995-nji ýyldan Bermeklik barada Aňsatlaşdyrylan Konwensiýa; we 1996-njy ýyldan Bermeklik barada Konwensiýa). Şeýle bolsa-da, şol döwletler bermeklik usullaryny ýene-de kämilleşdirmek maksady bilen iki taraply ýa-da köp taraply şertnamalary baglaşyp biler.

Onuň girizilmeginiň gijä goýulmaklygyna garamazdan, Ýewropa Tussag astyna almaklyk Ygtyýary häzirki wagtda köp degişli ýagdaýlarda üstünlikli ulanylýar. Esasy hukuklaryň goralmaklygy doly berjaý edilmegi bilen ýuridik gözegçilik we netijelik derejeleriniň kämilleşdirilmegi, onuň oňaýly täsirini görkezýär. Bermekligiň çalt usulda amala aşyrylmagyna degişlilikde kesgitlemelere görä, ýuridik buýruklaryň ýerine ýetirilmegi ozal ortaça 9 aýdan gowrak wagty talap edýän bolsa, Çäkli Ylalaşygyň girizilmegi bilen olar indi 43 günüň içinde amala aşyrylýar. Bu ýerde sahslaryň öz günälerini boýun almak bilen ýuridik buýruklaryň 13 günüň içinde ýerine ýetirilýän ýagdaýlary göz öňünde tutulmaýar. Şeýle-de bolsa, bu uly üstünlik bilen kanagatlanyp, belli bir Ýewropa Bileleşigiň Agza Döwletleriniň tarapyndan Çäkli Kararyň talaplaryna laýyk gelmek, şeýle hem Ýewropa Bileleşigiň tarapyndan ulgamda bar bolan kemçilikleri ýok etmek üçin ýene-de tagallalaryň edilmeginiň zerurlygyny ýatdan çykarmaly däldir (Ýewropa Jemgyýetçilikleriň Komissiýasynyň 2006-njy ýylyň ýanwar aýynyň 26-na Brýusselde Çäkli Kararyň 34-nji maddasyna esaslanan iň soňky hasabatyna seret, 5706/06).

### III. Barlag sanawy

- Gatnaşyjy-döwlet bermeklik meselelerde nämäni hukuk esas hökmünde ulanýar?

- Konwensiýa bermeklik üçin hukuk esas hökmünde ulanylýarmy? Eger ulanylmaýan bolsa, ýa-da Konwensiýa goşmaça, Gatnaşyjy-döwlet bermeklik usulyny kämilleşdirmek üçin iki taraply ýa-da köptaraply ylalaşyklary ýa-da şertnamalary baglaşdymy?

- Gatnaşyjy-döwlet Konwensiýada bellenen jenaýatlar üçin öz raýatlaryny başga Gatnaşyjy-döwletlere bermeklik barada düzgünleri girizdimi?

- Gatnaşyjy-döwlet gözlegde bolan adamlary öz raýatlary bolandygy üçin ýa-da başga sebäpli bermeklige razy bolmadyk ýagdaýynda, ol şol adamlar jezalandyrylman galmaklaryna ýol bermezligi nähili üpjün edýär?

- Gatnaşyjy-döwletiň bermeklik barada işiň adalatly garalmaklygy üçin gerekli ýuridik we/ýa-da administratiw tertipleri barmy?

- Gatnaşyjy-döwletiň bermeklik barada talaplar bilen meşgullanýan merkezi ýa-da başga dolandyryş edaralary barmy?

## Madda 45: Höküm çykarylan adamlaryñ bir ýerden başga ýere geçirilmegi

*Gatnaşyjy-döwletler azatlykdan mahrum etmek ýa-da bu Konwensiýada kesgitlenen jenaýatçylyklar üçin azatlykdan mahrum etmekligiñ beýleki görnüşleri üçin höküm çykarylan adamlary şol ýerde bellenilen tussaglyk möhletini doly tamamlap bilmekleri üçin öz territoriýalaryna geçirilmegi hakynda iki taraplaýyn ýa-da köp taraplaýyn ylalaşyklary ýa-da şertnamalary baglaşmagy göz öñünde tutup bilerler.*

### I.Syn

Bu Konwensiýanyñ esasy wezipeleriniñ biri korrupsiýa garşy, şol sanda hyzmatdaşlygyñ dürli usullaryny netijeli ulanmak arkaly, hususan-da olaryñ biri bolup durýan höküm çykarylan adamlaryñ başga ýere geçirilmekligi arkaly halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekden, ýardam etmekden we goldamakdan ybaratdyr. 45-nji madda Gatnaşyjy-döwletleri bu Konwensiýada görkezilen jenaýatçylyklar üçin sud edilen we höküm çykarylan adamlaryñ jeza çekmeli möhletlerini şol ýerde geçirmekleri üçin olaryñ öz territoriýalaryna geçirilmekligine mümkinçilik berjek iki taraplaýyn ýa-da köp taraplaýyn ylalaşyklary ýa-da şertnamalary baglaşmaklygy göz öñünde tutmaga we şeýle adamlaryñ durmuşda ýitiren hukuklaryny dikeltmäge mümkinçiliklerini artdyrmaga çagyrýar.

Hyzmatdaşlygyñ bu usuly raýatlygy esasda jenaýat eden adamyñ berilmeginden ýüz öwrülýän halatynda ekstradiksiýa işlerinde hem ulanylmagy mümkin bolan daşary ýurt hökümleriniñ ýerine ýetirilmegi hakyndaky konsepsiýa esaslanýar. Şeýle ýagdaýlarda, eger içerki kanunçylygy ygtyýar berýän bolsa, şeýle kanunçylygyñ talaplaryna laýyklykda ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwlet ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwletiñ (44-nji madda (13) ) içerki kanunçylygy boýunça girizilen hökümi ýerine ýetirip biler.

### II. Meseleler we çözgütler

Şeýle taslama gatnaşmak boýunça Gatnaşyjy-döwletlere iberilýän haýyşlar düzgün boýunça degişli kanunçylyk mehanizmine ýa-da bar bolan ylalaşyklara ýa-da şertnamalara laýyklykda amala aşyrylýar. Şeýlelikde, degişli Gatnaşyjy-döwletleriñ özleriniñ dahylly bolan iki ýa-da köp taraplaýyn ylalaşyklaryñ ýa-da resminamalaryñ baglanyşmagy arkaly bu ugurdaky hyzmatdaşlygy ösdürmek mümkindir. Käbir ýagdaýlarda belli bir gürrüñi edilýän höküm çykarylan adamyñ gaýtarylyp berilmegi üçin degişli Gatnaşyjy-döwletler tarapyndan aýratynlykda baglaşylýan şertnama hem hereket edip biler. 1985-nji ýylda BMG-niñ Jenaýatçylygyñ Öñüni Almalyk we Jenaýatçylara Seretmeklik boýunça 7-nji Kongresinde kabul edilen Daşary Ýurtly Tussaglaryñ Geçirilmegi hakyndaky Umumy Ylalaşyk şeýle ylalaşyklar, geleşikler ýa-da şertnamalaryñ mazmuny boýunça maslahat berýär.

### II.1. Hukuk ulgamy

Höküm çykarylan adamlaryñ geçirilmesi boýunça borçnamany üpjün edýän kanuny taýýarlamakda Gatnaşyjy-döwletler bu mümkinçiligi höküm çykarylan adam üçin däl-de, eýsem diñe Gatnaşyjy-döwlete degişli hukuk hökümünde seretmekde we taýýarlamakda seresap bolmalydyrlar. Milli kanunçylyk suda çekilen adamyñ hyzmatdaşlyga taýýarlygyna baglylykda geçirilme boýunça haýyş etmekde ýa-da rugsat bermekde ýüz tutýan we ýüz tutulýan döwletler öz taraplaryndan ýeterlik çeýeligi üpjün etmelidirler. Muña garamazdan, höküm çykarylan erkek ýa-da aýal adamyñ isleglerine garamazdan, olaryñ öz Gatnaşyjy-döwletlerine hökmany geçirilmek mümkinçiligi ýüze çykyp biläýjek ýagdaýlar hem bolýar. Eger höküm çykarylan adamy oturmaly möhletini doly

gutarandan soñ ony ýyl kesen Gatnaşyjy-döwletden deportirlemek barada buýruk berlen bolsa, onda geçirilme razylyga garamazdan ýerine ýetirilip bilner.

Eýýäm halkara hyzmatdaşlygyñ bu aspektine ýardam berýän birnäçe halkara konwensiýalar bar. Iş kesilenler üçin Arkalaşygyñ Maksatnamasy muña bir mysal bolup biler. Beýik Britaniýada 1989-njy ýylda kabul edilen Tussaglaryñ Repatriasiýasy hakyndaky Kanun iş kesilenleri yzyna getirmäge ýa-da geçirmäge mümkinçilik berýär. Häzirki wagtda Ýewropa Bilelişiginiñ agza döwletleriniñ arasynda ýene bir maksatnamany esaslandyrjak täze bir Çarçuwaly Çözgüt hakynda gepleşikler geçirilýär. 1985-nji ýylda güýje giren Höküm Çykarylanlaryñ Geçirilmesi (Jenaýatçylyk Meseleleri boýunça Ýewropa Komitetiniñ tabynlygyndaky döwlet hünärmenleriniñ komiteti tarapyndan taýýarlanan) hakyndaky Ýewropa Bileleşiginiñ Konwensiýasy eýýäm bu babatda bir möhüm ulgamy üpjün edýär we ol 62 döwlet, şol sanda Ýewropa Bileleşigine degişli däl agzalaryñ hem birnäçesi tarapyndan tassyklanyldy.

Ýewropa Bileleşiginiñ Konwensiýasy öz gatnaşýan taraplarynyñ arasynda bu ugur boýunça anyk we sazlaşykly çemeleşmäni üpjün edip biljek ulgam ýa-da mehanizm üçin niýetlenendir we şol bir wagtda, adalatyñ dabaranlamagyna we has tanyş jemgyýetinde öz oturmaly möhletlerini geçirip bilmekleri üçin höküm çykarylanlaryñ durmuşyndaky ýitirilen hukuklaryny dikeltmäge ýardam bermekligi maksat edinýär. Bu resminama her bir iş boýunça we öz faktlary esasynda garalmaly her bir haýyş boýunça çözülmeli zerurlyklar üçin birnäçe şertleri üpjün edýär. Muña garamazdan, ol şertler ýerine ýetirilen we ähli prosesual talaplar berjaý edilen ýagdaýynda ýüz tutulýan döwlet geçirilmeklik boýunça haýyşy ýerine ýetirmäge borçlydyr. Bu Konwensiýa 1997-nji ýylda gol çekilmäge berlen we 2000–nji ýylda güýje giren Goşmaça Protokol bilen üpjün edilýär.

### II.2. Jenaýatçylaryñ geçirilmesiniñ şertleri

Höküm Çykarylanlaryñ Geçirilmegi hakyndaky Ýewropa Bileleşiginiñ Konwensiýasy iş kesilenleriñ geçirilmekligi bilen baglanyşykly haýyşlara seredilende göz öñünde tutulmagy zerur bolan käbir peýdaly maslahatlary berýär. Geçirilmekligiñ umumy ýorelgeleri we talaplary babatda Konwensiýa geçirilmäni höküm çykaryjy tarap hem, hökümi ýerini ýetiriji tarap hem haýyş etmäge mümkinçiliginiñ bardygyny we Konwensiýa laýyklykda şol Gatnaşyjy-döwletler tarapyndan geçirilýän höküm çykarylan adam ol döwletleriñ her birine öz bähbidini beýan etmäge mümkinçiliginiñ bardygyny şertlendirýär.

Aşakdakylar ony geçirilmeklik üçin şertleri düzýär:

- Höküm çykarylan adam hökümi ýerine ýetiriji Gatnaşyjy-döwletiñ raýaty.
- Karar gutarnykly.
- Edilen etmiş üçin hökümi ýerine ýetiriji döwletiñ kanunyna laýyklykda jenaýatçylykly etmiş hasaplanýar.
- Geçirilmek boýunça haýyş gelip gowşan wagtynda höküm çykarylanyñ ýene-de azyndan alty aý möhleti galan bolmaly ýa-da azatlykdan mahrum edilmek arkaly çekmeli jezasy ýa-da höküm kesgitlenilmedik bolmaly; muña garamazdan, adatdan daşary ýagdaýlarda Gatnaşyjy-döwletler hatda jezanyn çekilmeli möhletiniñ bellenilen çäkden az bolan halatynda hem geçirilmek boýunça ylalaşyga gelmekleri mümkindir.

- Höküm çykaryjy we Hökümi ýerine ýetiriji Gatnaşyjy-döwletler geçirilmek boýunça ylalaşýarlar.

- Geçirilmeklige iş kesilen adam razylyk berýär ýa-da onuñ ýaşy ýa-da fiziki ýa-da akyl taýdan ýagdaýyny göz öñünde tutup, Gatnaşyjy-döwletleriñ biri höküm çykarylan adamyñ geçirilmegini zerur hasaplaýar we höküm çykarylanyñ ýuridik wekili oña razylyk berýär.

### II.3. Geçirilmeler we hökümler

Ýewropa Konwensiýasynyñ Geñeşi (ÝKG, 10-njy madda) höküm çykarýan Gatnaşyjy-döwlet tarapyndan kesgitlenilişi ýaly kabul ediji Gatnaşyjy-döwlet höküm ýuridik häsiýetine we dowamlylygyna jogapkärçilik çekmelidir diýip şertlendirýär. Muña garamazdan, eger bu höküm özüniñ häsiýeti ýa-da dowamlylygy boýunça hökümi ýerine ýetiriji Gatnaşyjy-döwletiñ kanunçylygyna laýyk gelmeýän bolsa, sud ýa-da administratiw tertipde, ol Gatnaşyjy-döwlet şeýle jenaýaty öz kanunçylygy tarapyndan bellenilen jeza ýa-da çäre üçin sanksiýa laýyk getirip biler. Onuñ häsiýeti babatda aýdylanda bolsa, jeza ýa-da çäre mümkin boldugyça ýerine ýetirilmeli hüküme laýyk gelmelidir. Ol häsiýeti ýa-da dowamlylygy boýunça höküm çykarýan döwletde girizilen sanksiýany agyrlaşdyrmaly däldir ýa-da hökümini ýerine ýetiriji döwletiñ kanunçylygynda görkezilen ýokary çäkden geçmeli däldir.

Hökümiñ üýtgedilen ýagdaýynda kabul ediji Gatnaşyjy-döwletiñ kanunçylygy tarapyndan kesgitlenilen iş tertibi ulanylmalydyr. Höküm üýtgedilende ygtyýarly edara alnan maglumatlar arkaly faktlara höküm çykaryjy döwletde girizilen kararyñ oñyn ýa-da şübheli görnüşi ýaly derejede olara borçlanmalydyr. Kabul ediji Gatnaşyjy-döwlet azatlyklykdan mahrum etmek boýunça sanksiýany öwez tölegi sanksiýsyna öwürmeli däldir, höküm çykarylan adamyñ azatlykdan mahrum edilen doly möhletini saklap galmalydyr, höküm çykarylan adamyñ jezalandyrylyş ýagdaýyny agyrlaşdyrmaly däldir we hökümi ýerine ýetiriji Gatnaşyjy-döwletiñ kanunçylygy tarapyndan amala aşyrylan jenaýatçylyk ýa-da jenaýatçylyklar üçin üpjün edilmegi mümkin bolan hiç hili iñ az ölçeg bilen borçlanmaly däldir.

### II.4. Maglumat

Hyzmatdaşlyk edýän döwletleriñ ygtyýarly hukuk edaralaryñ arasynda resmi aragatnaşyk ýollaryny ýola goýmak dogry bolardy. Bu hökümi ýerine ýetiriji döwletlere ony çykaryjy döwletlere hökümi amala aşyrmak ýa-da onuñ gutaryş möhletini kesgitlemek, şeýle-de başga beýleki ýagdaýlar ýa-da berlen buýruklar ýa-da maglumatlar, şol sanda höküm çykarylanyñ höküm girizilmezinden öñ saklawdan gaçanlygy ýa-da gaçmandygy barada maglumaty üpjün etmäge mümkinçilik bererdi.

Hukuk ulanyş tertibine, ýyl kesilen adamyñ äkidilmegi ýa-da getirilmegi we degişli çykdajylar boýunça Gatnaşyjy-döwletler islendik şertnamalaýyn düzgünnamalary girizip biler.

### III. Barlag sanawy

- Höküm çykarylan adamyñ geçirilmegi boýunça Gatnaşyjy-döwlet nähilidir iki ýa-da köptaraplaýyn ylalaşyk baglaşdymy ýa-da oña goşuldymy?

- Şeýle işe gatnaşjak adamlaryñ hukuklaryny goralmagyny üpjün etjek talabalaýyk iş ýörediş tertipnamasy barmy?

- Gatnaşyjy-döwlet beýleki Gatnaşyjy-döwletler bilen öz ygtyýarly edaralarynyñ arasynda sanksiýalar boýunça maglumatlaryñ geçirilmegi üçin ylalaşyklary ýa-da şertnamalary baglaşdymy?

**Madda 46: Özara hukuk kömegi**

*1. Gatnaşyjy-döwletler derñewlerde, jenaýat yzarlamalarynda we Konwensiýada görkezilen jenaýatçylyklar bilen baglanşykly sud işlerinde bir-birine özara hukuk kömeklerini bermelidirler.*

*2. Bu Konwensiýanyñ 26-njy maddasyna laýyklykda, ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwletde haýsydyr bir ýuridiki tarapyñ jogapkärçilik çekýän jenaýatçylyklary bilen baglanyşykly derñew, jenaýat yzarlaýyş we sud işleri boýunça ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwlet öz kanunlaryna, halkara geleşiklerine, ylalaşyklaryna we şertnamalara laýyklykda oña doly özara hukuk kömegini berip biler.*

*3. Bu madda laýyklykda, islendik aşakdaky maksatlar üçin özara hukuk kömegi soralyp bilner:*

*a) adamlardan görkezmeleri ýa-da arzalary almak;*

*b) sud resminamalaryny doldurmak;*

*ç) barlamak, tussag etmek we işleri togtatmak;*

*d) obýektleri we ýerleri barlamak;*

*e) maglumat, maddy subutnamalar we ekspertleriñ baha bermeleri bilen üpjün etmek;*

*ä) degişli resminamalaryñ, ýazgylaryñ, şol sanda hökümet, bank, maliýe, korporasiýa we iş ýazgylarynyñ asyl we tassyklanan nusgalaryny üpjün etmek;*

*f) subut etmek maksady bilen bikanun gazançlary, emläkleri we jenaýaty amala aşyrmakda ulanylan serişdeleri we beýleki predmetleri ýuze çykarmak ýa-da yzarlamak;*
*g) degişli adamlaryñ ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwlete meýletin baryp bilmekligine ýardam etmek;*

*h) ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwletiñ içerki kanunlaryna çapraz gelmeýän islendik beýleki kömekleri bermek;*
*i) Bu Konwensiýanyñ V bölüminiñ şertlerine laýyklykda bikanun gazançlary ýüze çykarmak, togtatmak we yzarlamak;*

*j) Bu Konwensiýanyñ V bölüminiñ şertlerine laýyklykda aktiwleri gaýtaryp almak.*

*4. Içerki kanunlara zyýan ýetirmezden, Gatnaşyjy-döwletiñ ygtyýarly edaralary haýyş edilmezden öñ özleriniñ berjek maglumatynyñ başga bir ygtyýarly edara jenaýat-derñew işlerini şowly geçirmekde ýa-da tamamlamakda ýa-da ol maglumatyñ bu Konwensiýa laýyklykda şol edara tarapyndan haýyş ediljekdigine ynansalar, onda başga bir Gatnaşyjy-döwletiñ ygtyýarly edarasyna jenaýata degisli maglumaty geçirip bilerler.*

*5. Bu maddanyñ 4-nji punktuna degişli maglumatyñ geçirilmegi ýa-da iberilmegi ol maglumaty iberýän döwletiñ ygtyýarly edaralarynyñ jenaýat-derñew we jenaýat agtaryş*

*işlerine zyýan ýetirmeli däldir. Maglumaty kabul ediji ygtyýarly edaralar ol magulamatyñ gizlin, bolmanda wagtlaýynça gizlin saklanylmagy ya-da ony ulanylmagynyñ çäklendirmeleri baradaky haýyşa boýun bolmalydyrlar. Muña garamazdan, bu ýagdaý maglumaty kabul ediji Gatnaşyjy-döwletiñ günäkärlenýän adamyñ günäsini aklap biljek maglumaty mälim etmekden saklamaly däldir. Şeýle ýagdaýda, maglumaty kabul ediji Gatnaşyjy-döwlet ony iberiji Gatnaşyjy-döwlete onuñ mälim ediljekdigi barada duýdurmalydyr we haýyş edilen halatynda, bu barada onuñ bilen maslahatlaşmalydyr. Eger adatdan daşary ýagdaýda öñünden duýdurmaklyk mümkinçiligi bolmasa, onda maglumaty alýan Gatnaşyjy-döwlet ol maglumatyñ üstüniñ açylandygy barada haýal etmezden ony iberen Gatnaşyjy-döwlete habar ibermelidir.*

*6. Bu maddanyñ şertleri özara hukuk kömegini bölekleýin ýa-da tutuşlaýyn tertipleşdiriji ikitaraplaýyn ýa-da köptaraplaýyn borçlaryna ýaramaz täsirini ýetirmeli däldir.*

*7. Eger degişli Gatnaşyjy-döwletler özara hukuk kömegi baradaky ylalaşygy baglaşmadyk bolsalar, bu maddanyñ 9-29-njy punktlary bu madda degişli haýyşlar üçin ulanylmalydyr. Eger Gatnaşyjy-döwletler şeýle ylalaşygy baglaşan bolsalar, onda Gatnaşyjy-döwletler bu maddanyñ 9-29 punktlaryny ulanmazlygy şertleşilen ýagdaýlarynda ol ylalaşygyñ şertleri onuñ deregine ulanylmalydyr. Eger olar hyzmatdaşlyga ýardam edýän bolsa, onda Gatnaşyjy-döwletlere şol punktlary hökmany ulanmak maslahat berilýär.*

*8. Bank syrlaryny açmazlyk üçin Gatnaşyjy-döwletler bu madda laýyklykda özara hukuk kömegini bermekden ýüz öwürmeli däldirler.*

*9. a) ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwlet, jenaýatçylygy iki taraplaýyn ykrar etmek boýunça ylalaşygyñ ýok halatynda bu madda degişli kömek üçin ýüz tutmak babatynda jogap hökmünde bu Konwensiýanyñ 1-nji maddasynda görkezilen maksatlary göz öñünde tutmalydyr.*

*b) jenaýatçylygy iki taraplaýyn ykrar etmek boýunça ylalaşygyñ ýoklygyna esaslanyp, Gatnaşyjy-döwletler bu madda degişli kömegi bermekden ýüz öwrip bilerler. Muña garamazdan, ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwlet özüniñ kanunçylyk ulgamynyñ esasy konsepsiýalaryna laýyk gelen ýagdaýynda mejbur ediji hereketi öz içine almaýan kömegi bermelidir. Bu Konwensiýanyñ beýleki şertleri esasynda haýyş edilýän kömegiñ berilmeginiñ ýa-da hyzmatdaşlyk etmekligiñ mümkinçiliginiñ ähmiýeti az häsiýetli haýyşlary ýa-da meseleleri alýan bolsa, onda şeýle kömegi bermekden ýüz öwürmek mümkindir.*

*c) her bir Gatnaşyjy-döwlet jenaýatçylygy iki taraplaýyn ykrar etmek boýunça ylalaşygyñ ýok halatynda bu madda degişli kömegiñ dürli görnüşlerini bermek üçin zerur çäreleri görüp biler.*

*10. Bir Gatnaşyjy-döwletiñ çäklerinde tutulan ýa-da tussaglykda oturan we bu Konwensiýada görkezilen jenaýatçylyklara degişli görkezmeleri ýa-da subutnamalary almak üçin derñew, yzarlama we sud işlerinde tanama, şaýatlyk etme ýa-da beýleki maksatlary üçin wagtlaýynça beýleki bir Gatnaşyjy-döwlet tarapyndan iberilmegini haýyş edilýän adam, aşakdaky şertleriň göz öñüne tutulan ýagdaýynda ýüz tutýan tarapa iberilip bilner:*

*a) ol adam doly düşünip öz razylygyny beren halatynda;*

*b) iki Gatnaşyjy-döwletleriñ ygtyýarly edaralarynyñ şeýle şertleriñ talabalaýyklygy barada ylalaşsalar.*

*11. Bu maddanyñ 10-njy punktunyñ maksatlary üçin:*

*a) eger ol adamy iberen Gatnaşyjy-döwlet başga haýyş bilen ýüz tutmasa ýa-da rugsat bermese, ol Gatnaşyjy-döwlet iberilen adamy tussaglykda saklamaga hukugy bolmalydyr we borçlanmalydyr;*

*b) iki Gatnaşyjy-döwletleriñ ygtyýarly edaralarynyñ öñünden ýa-da başgaça ylalaşan halatynda ol adamyñ iberilen Gatnaşyjy-döwleti ol adamy haýal etmän gelen döwletiniñ gözegçiligine ibermäge borçlanmalydyr;*

*c) jenaýaty eden adamyñ iberilen Gatnaşyjy-döwleti onuñ gaýtarylyp berilmegi üçin ekstradiksiýa işlerini başlanmagyny talap etmeli däldir;*

*d) wagtlaýynça bir Gatnaşyjy-döwletden beýleki döwlete geçirilen adamyń ol ýerde geçiren wagty tussaglykdaky wagtynyñ hasabyna goşulmalydyr.*

*12. Bu maddanyñ 10-njy we 11-nji punktlaryna laýyklykda, jenaýat eden adamy ibermeli Gatnaşyjy-döwletiniñ razylygy bolmasa, eden we etmedik hereketleri we günäleri üçin ol adam, iberilen döwletden gaýtmazyndan öñ, raýatlygyna garamazdan, jenaýat jogapkärçiligine çekilmeklige, saklanylmaklyga, jeza çäresiniñ berilmekligine ýa-da haýsydyr bir beýleki azatlyk çaklendirilmelerine sezewar edilmeli däldir.*

*13. Her bir Gatnaşyjy-döwlet özara hukuk kömegi üçin ýüztutmalara we olary ýerine ýetirmek ýa-da olary ýerine ýetirmek üçin ygtyýarly edaralara tabşyrmak üçin jogapkäçilik çekýän we ygtýary bolan merkezi edarany bellemelidir. Gatnaşyjy-döwletiñ hukuk kömegini bermek üçin aýratyn bir ulgamy bolan ýörite bir sebiti ýa-da territoriýasy bar bolsa, onda ol şol sebit üçin şol bir wezipäni ýerine ýetirmeli özbaşdak bir merkezi edarany belläp biler. Merkezi edaralar gelip gowşan haýyşlaryñ basym we dogry ýerine ýetirilişini ýa-da degişli edaralara tabşyrylmagyny üpjün etmelidirler. Merkezi edara haýyşy ýerine ýetirmek üçin ygtyýarly edara tabşyran ýa-da geçiren halatynda onuñ ygtyýarly edara tarapyndan basym we dogry ýerine ýetirilişine ýardam bermelidir. Her gezek resminamany tassyklatmak, kabul etmek, makullamak ýa-da bu Konwensiýa goşdurmak üçin tabşyranda, Gatnaşyjy-döwlet BMG-niñ Baş Sekretaryna şu maksat üçin bu bellenilen merkezi edara barada duýdurmalydyr. Özara hukuk kömegi üçin haýyşlar we islendik oña degişli başga maglumat Gatnaşyjy-döwletler tarapyndan bellenilen merkezi edaralara geçiriler. Şeýle hayyşlaryñ we maglumatlaryñ diplomatik kanallar ýa-da gyssagly halatynda, Gatnaşyjy-döwletler ylalaşan ýagdaýynda, mümkin bolsa Halkara Jenaýatçylyk Polisiýasy Edarasy arkaly iberilmegini talap etmek Gatnaşyjy-döwletiñ hukugydygyna dogry düşünilmeldir.*

*14. Haýyşlar ýazmaça ýa-da islendik ýazgy görnüşinde we ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwletde kabul edilýän dilde bolmalydyr we Gatnaşyjy-döwlet onuñ hakykylygyny anyklap bilmeklige mümkinçiligi bolmalydyr. Ol tassyklatmak, kabul etdirmek, makullatmak ýa-da bu Konwensiýa goşdurmak üçin tabşyrylanda, BMG-niñ Baş Sekretaryna her Gatnaşyjy-döwletiñ kabul edýän dili ýa-da dilleri barada habar berilmelidir. Zerur we Gatnaşyjy-döwletleriñ ylalaşan halatynda dilden haýyş edip bolar, emma olar hökmany ýazmaça görnüşde gyssagly tassyklanylmalydyr.*

*15. Özara hukuk komegi üçin haýyş aşakdakylary öz içine almalydyr:*

*a) haýyş edýän ýa-da ýüz tutýan edaranyň ady;*

*b) haýyşa degişli derňewiň, jenaýat yzarlaýyş ýa-da sud işleriniň predmeti we häsiýeti we derňewi, jenaýat yzarlaýyş we sud işlerini geçirýän edaranyň ady we wezipeleri;*

*ç) sud resminamalarynyň tabşyrylmagy üçin haýyşlaradan başga-da degişli faktlar barada gysgaça maglumat;*

*d) haýyş edilýän kömegiň we ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwletiň ediljek çäreleriň anyk iş ýörediş tertibiniň teswiri;*

*e) mümkin bolan halatynda, gürrüňi edilýän şahsyň ýa-da adamyň şahsyýeti, ýaşaýan ýeri we milleti barada maglumat;*

*f) subutnama, maglumat ýa-da çäre görülmegini talap edýän işiň maksady.*

*16. Ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwlet öz içerki kanunlaryna laýyklykda haýyşy ýerine ýetirmekde zerur diýip hasaplaýan ýa-da ony ýerine ýetirmäge kömek edip biljek goşmaça maglumatlary haýyş edip biler.*

*17. Haýyş ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwletiň içerki kanunlaryna laýyklykda we onuň içerki kanunlaryna çapraz gelmeýän ýagdaýda, mümkin bolan halatynda, haýyşda bellenilen tertibe laýyklykda ýerine ýetiriler.*

*18. Mumkin bolan halatynda we içerki kanunlaryň esasgoýujy ýörelgelerine laýyk gelen ýagdaýynda şahsyýet bir Gatnaşyjy-döwletiň çäklerinde bolsa we beýleki bir Gatnaşyjy-döwletiň sud häkimiýeti tarapyndan şaýat ýa-da ekspert hökmünde diňlenilmeli bolsa, onda degişli şahsyýet tarapyndan haýyş edýän Gatnaşyjy-döwlete barmagy mümkin bolmadyk ýa-da islenilmedik ýagdaýynda birinji Gatnaşyjy-döwlet beýleki döwletiň haýyşy boýunça diňlenişiň wideo konferensiýa görnüşinde geçirilmegine rugsat berip biler. Gatnaşyjy-döwletler diňlenişiň haýyş edýän sud häkimiýeti tarapyndan geçirilmelidigini we oňa haýyş edilen Gatnaşyjy-döwletiň sud häkimiýetiniň gatnaşmalydygyny ylalaşyp bilerler.*

*19. Haýyş edýän Gatnaşyjy-döwlet ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwletiniň deslapky rugsadyny almazdan, onuň beren maglumatlaryny ýa-da görkezmelerini ýa-da subutnamalaryny haýyşda görkezilmedik derňew, jenaýat yzarlaýyş ýa-da sud işleri üçin ulanmaly ýa-da başga birine bermeli däldir. Bu puntkda hiç bir zat ýüz tutýan Gatnasyjy-döwleti sud işlerinde günäkärlenýäni aklajak maglumatlary ýa-da subutnamalary açyk yglan etmekden saklamaly däldir. Adatdan daşary ýagdaýda, öňünden duýdurmak mümkinçiligi bolmadyk halatynda ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwlet haýyş edilýän Gatnaşyjy-döwlete haýal etmezden maglumaty yglan etmeklik barada habar bermelidir.*

*20. Ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwlet haýyş edilýän Gatnaşyjy-döwletden haýyşyň ýerine ýetirilmegi üçin zerur bolmadyk halatynda haýyşyň predmetini we mazmunyny gizlin saklamagy talap edip biler. Eger ýüz tutulýan döwlet ony gizlinlikde saklamagyň talaplaryny berjaý edip bilmeýän bolsa, onda ol haýal etmän ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwlete habar bermelidir.*

*21. Aşakdaky ýagdaýlarda özara hukuk kömegini bermekden boýun towlamak mümkin:*

*a) eger haýyş bu maddanyň düzgünlerine laýyk gelmeýän bolsa;*

*b) eger haýyş edilýän Gatnaşyjy-döwlet bu haýyşyñ ýerine ýetirilmegi özüniñ özbaşdaklygyna, howpsuzlygyna, jemgyýetçilik tertibine ýa-da beýleki esasy bähbitlerine zyýan ýetirmegi mümkin diýip hasaplaýan bolsa;*

*ç) derñewe, jenaýat yzarlaýyş we sud işlerine degisli bolaýan halatynda haýyş edilýän Gatnaşyjy-döwletiñ ýolbaşçylaryna öz ýurisdiksiýasy esasynda içerki kanunlar tarapyndan haýyş edilen hereketi gadagan edýän bolsa;*

*d) eger haýyş edilýän zadyñ ýerine ýetirilmegi özara hukuk kömegini bermek üçin ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwletiñ hukuk ulgamyna çapraz gelýän bolsa;*

*22. Diñe jenaýat maliýe meselelerini hem öz içine alan halatynda Gatnaşyjy-döwletler özara hukuk kömegini bermek üçin haýysdan boýun towlap bilmezler.*

*23. Özara hukuk kömegini bermekden boýun gaçyrmaklygyñ sebäpleri hökmany suratda düşündirilmelidir.*

*24. Haýyş edilýan Gatnasyjy-döwlet özara hukuk kömegi üçin soralan haýyşy mümkin boldugyça basym bitirmelidir we ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwletiñ teklip edýän soñky möhletlerini mümkin boldugyça doly göz öñünde tutmalydyr, şeýle-de haýyşda görkezilen esaslara jogapkärçilik çekmelidir. Ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwlet haýyş edilýän Gatnaşyjy-döwletiñ görýän çäreleriniñ ýagdaýy we gidişi babatynda maglumaty alyp biler. Ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwlet haýyş edýän Gatnaşyjy-döwletiñ öz haýyşynyñ ýagdaýy, onuñ ýerine yetirilişi we gidişi baradaky ýüz tutmalara jogap bermelidir. Haýyş edýäñ Gatnaşyjy-döwlet zerur bolan kömegiñ gerek bolmadyk halatynda haýal etmän bu barada ýüz tutulýan Gatnasyjy-döwleti habarly etmelidir.*

*25. Dowam edýän derñew, yzarlaýyş ya-da sud işlerine päsgel berýän ýagdaýynda ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwlet özara hukuk kömeginiñ berilmegini yza çekip biler.*

*26. Bu maddanyñ 21-nji punktuna laýyklykda haýyşy ýerine ýetirmekden boýun towlamazdan ýa-da bu maddanyñ 25-nji punktuna laýyklykda onuñ ýerine ýetirilmegini soña goýmakdan ozal ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwlet kömegiñ şeýle zerur hasaplanýan şertlere we kararlara laýyk gelýänligi barada maslahatlaşmalydyrlar. Eger ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwlet şol şertlere laýyk gelýän kömegi kabul etse, onda ol şertlere boýun bolmalydyr.*

*27. Bu maddanyñ 12-nji punktuny ulanmagyñ düzgünini bozmazdan şaýat, ekspert ýa-da başga bir adam haýyş edýän Gatnaşyjy-döwletiñ islegi boýunça haýyş edýän Gatnaşyjy-döwletiñ çäklerinde sud islerinde görkezme bermäge ýa-da dernew, jenaýat yzarlaýyş ýa-da sud işlerinde kömek bermäge razylyk berýär we onuñ ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwletiñ çäklerinden çykmazyndan öñ eden we etmedik hereketleri ýa-da etmisleri üçin şol ýerde jenaýat jogapkärçiligine çekilip, saklanyp, jeza berlip ýa-da onuñ azatlygy çäklendirilip bilinmez. Şeýle howpsuzlyk kepili şaýadyñ, ekspertiñ ýa-da basga bir adamyñ yzygiderli 15 günüñ dowamynda ýa-da Gatnaşyjy Döwletler tarapyndan ylalaşylan islendik möhletinden, ýagny onuñ haýyş edýän Gatnaşyjy-döwletde bolmaklygyñ şol ýeriñ sud edaralary tarapyndan zerur däl diýip habar edilen gününden başlaýar, emma meýletin ol ýerde galyp ýa-da ol ýerden meýletin yzyna dolanan watgy tamamlanýar.*

*28. Gatnaşyjy-döwletler başgaça ylalaşylan ýagdaýynda haýyşy ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly adaty çykdajylar ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwlet tarapyndan çekilmelidir. Eger haýyşy ýerine ýetirmek düýpli ýa-da adatdan daşary çykdajylary talap edýän bolsa,*

*onda Gatnaşyjy-döwletler haýyşyň ýerine ýetirilmegi boýunça şertler we karalar, şeýle-de onuň çykdajylaryny ýapmagyň usuly barada maslahatlaşmalydyrlar.*

*29. Ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwlet:*

*a) içerki kanunlaryna laýyklykda halk köpçüligine elýeter bolan hökümet resminamalaryny, iş kagyzlaryny ýa-da maglumatlaryny bermelidir;*

*b) oz garaýşyna laýyklykda öz içerki kanunlaryna laýyklykda halk köpçülige elýeter bolmadyk hökümet resminamlaryny, iş kagyzlaryny ýa-da maglumatlary ýüz tutýan döwlete tutuşlygyna ýa-da bölekleýin, ýa-da talabalaýyk diýip hasaplaýan şertlerine laýyklykda berip biler;*

*30. Zerurlyk derejesine laýyklykda bu maddanyň düzgünnamasynyň maksatlaryna hyzmat etjek, tejribede netije berjek ýa-da onuň netijeliligini artdyrjak iki ýa-da köptaraplaýyn ylalaşyklary ýa-da şertnamalary baglaşmak mümkinçiligine seredip geçmelidirler.*

## I. Syn

Jenaýatçylaryň halkara möçberinde işjeňliginiň artmagy we jeneýaty amala aşyrmakda ösen tehnologiýalaryň hem halkara bank edaralarynyň hyzmatyndan peýdalanylmagy, hukuk goraýjy we sud edaralaryna şeýle jenaýatlara garşy derňew, jenaýat yzarlaýyş we sud işlerini alyp barmakda öňküden-de has işjeň we netijeli hyzmatdaşlyk etmeklerini we birek-birege kömek bermeklerini talap edýär.

Bu maksada ýetmek üçin döwletler daşary yurt sud häkimiýetlerine ýardam etmek üçin kanunlary çykardylar we jenaýat meselelerinde özara hukuk kömegi hakyndaky ylalaşyklara ýa-da şertnamalara köp ýüzlendiler. Şeýle ylalaşyklar ýa-da şertnamalr berilmeli kömegiň sanawyny we kömek almak üçin zerur talaplary, hyzmatdaşlyk edýän döwletler üçin borçnamalary, jenaýatçy hasaplanýanlaryň hukuklary, degişli haýyşlary ibermek ýa-da ýerine ýetirmek üçin berjaý etmegiň tertibini öz içine alýarlar.

Umuman, Konwensiýa özara hukuk kömegini bermekligi aňsatlaşdyrmagyň we güýçlendirmegiň ýollaryny gözleýär we özara hukuk kömeginiň netijeleligini ýokarlandymak üçin täze ylalaşyklaryň we şertnamalaryň baglanyşylmagyna ýa-da çäreleriniň geçirililmeginde Gatnaşyjy-döwletleri goldaýar. Islendik ýagdaýda, 46-njy maddanyň 1-nji paragrafy Konwensiýada bellenilen jenaýatlar boýunça derňew, jenaýat yzarlaýyş we sud işlerinde[10] 46-njy maddanyň 3-nji paragrafynda sanalyp geçilýän birek-birege özara hukuk kömegini bermekligini Gatnaşyjy-döwletlerden talap edýär. Eger bir Gatnaşyjy-döwletiň özara hukuk kömegini bermek boýunça häzirki hukuk mehanizmi Konwensiýada bellenilen ähli jenaýatlary öz içine alyp bilmeýan bolsa, kanunlara düzediş girizmek zerurdyr.

46-njy madda (2) Gatnaşyjy-döwletlere ýuridik tarapyň gatnaşmagynda derňewler, jenaýat yzarlaýyş we sud işleri boýunça özara hukuk46-njy maddanyň 3-nji paragrafy Konwensiýa kömegini bermäge ygtyyar berýär (Ser: Konwensiýanyň 26-njy maddasy).

[10] Şeýle sud işlerinde Gatnaşyjy-döwletleriň nähili möçberde kömek berip biljekdiklerini kesgitlemäge ygtyýary bardyr, emma ol kömegiň bolmadyk ýagdaýynda hem käbir Gatnaşyjy-döwletlerde sudda işe deslapky garama, hököm çykarma, işe garamaklyk we zamunlyk boýunça işe garamak ýaly hakyky sud işleri hasaplanmaýan kömegi bermelidir.

laýyklykda berilmeli kömegiñ görnüşleriniñ sanawyny berýär. Bu maddany berjaý etmek üçin Gatnaşyjy-döwletler ozara hukuk kömegini bermek boýunça öz hukuk mehanizmlerini düýpli gözden geçirmeli we şeýle hukuk mehanizminiñ 3-nji punktda görkezilen hyzmatdaşlygyñ her bir görnüşini öz içine alýanlygyna baha bermeli bolarlar. Transmilli Guramaçylykly Jenaýata garşy BMG-niñ Konwensiýasyny tassyklan Gatnaşyjy-döwletler bu düzgüne laýyk hereket etmelidirler we ondan başga-da, olara jenaýatçylykly ýol bilen gazanylan serişdeleri anyklamak, serişdeleriñ aýlanyşygyny ýatyrmak we yzarlamak ýaly meselelerde kömek bermek üçin talabalaýyk mehanizmler zerurdyr (Seret: 45-nji madda, 3-nji paragrafyñ (i) we (j) punkty).

Özara hukuk kömegini bermek barada degişli ylalaşygyñ ýok halatynda 46-njy maddanyñ 7-nji we 9-29-njy paragraflaryna laýyklykda, Konwensiýa ýokarda agzalan kömekleriñ görnüşleri boýunça haýyşlary ibermek we ýerine ýetirmek üçin mehanizmi göz öñünde tutýar. Gatnaşyjy-döwletler 9-29-njy paragraflary ulanmagy ylalaşmasalar we Gatnaşyjy-döwletleriñ arasyndaky ylalaşyk güýjünde bolsa, onda şol ylalaşygyñ düzgünleri olaryñ deregine ulanylyp bilner. Islendik ýagdaýda-da, olaryñ hyzmatdaşlygyna ýardam etjek bolsa, şol punktlaryñ Gatnaşyjy-döwletler tarapyndan ulanylmagy makullanýar. Käbir sud häkimiýetlerinde bu kanunçylyk düzgünnamany doly güýjüne girizilmeginiñ talap edilmegi mümkindir.

46-njy maddanyñ 8-nji paragrafynda Gatnaşyjy-döwletleriñ bank syry sebäpli olaryñ özara hukuk kömegini bermekden boýun towlap bilmejekdikleri belleýär. Bu punktuñ diñe özara hukuk kömegini bermek hakyndaky ylalaşygyñ ýok halatynda ulanylmaly punktlaryñ arasyna goşulmaýanlygy möhümdir. Oña derek Gatnaşyjy-döwletler boýun towlamak üçin hiç bir sebäpsiz olaryñ hukuk ulgamy, şol sanda Jenaýat Kodeksinde, Jenaýat Prosesual Kodeksinde, ýa-da bank kanunlarynda we düzgünnamalarynda ýüze çykyp bilmejegini üpjün etmäge borçlanýarlar (seret: 31-nji maddanyñ 7-nji paragrafy we 55-nji hem-de 57-nji maddalar). Şeýlelikde, boýun towlamak üçin seýle sebäbiñ ýüze çykyp bilmegi mümkin bolan Gatnaşyjy-döwletiñ kanunçylygyna üýtgeşikler girizmek zerurdyr.

9-njy paragraf Gatnaşyjy-döwletlerden Konwensiýanyñ (1-nji madda) maksatlaryny we esasyny göz öñünde tutulmagyny talap edyär, sebäbi jenaýatçylygy iki taraplaýyn ykrar etmek boýunça ylalaşygyñ ýok halatynda olar hukuk kömegi üçin haýyşlara jogap berýär. Jenaýatçylygy iki taraplaýyn ykrar etmek boýunça ylalaşygyñ ýok halatynda Gatnaşyjy-döwletler kömek bermekden ýüz öwürseler-de (paragraf 9 (b)),  olara öz hukuklaryny ýöretmek we bu zerur talabyñ ýok ýagdaýynda hem kömek bermegiñ gerimini giñeltmek boýunça çäreleri görmek babatynda goldaw berilýär (paragraf 9 (ç)).

Muña garamazdan, özleriniñ hukuk ulgamlarynyñ esasy konsepsiýalaryna laýyklykda, Gatnaşyjy-döwletlerden, eger kömek wajyp häsiýetli  bolmasa ýa-da Konwensiýanyñ (9-njy paragraf, 9 (b)) beýleki düzgünlerine laýyklykda şeýle kömegi bermek mümkin bolmasa,  mejbury däl hereketleri öz içine alýan kömegi bermeklik talap edilýär.

Konwensiýa özara hukuk kömegi üçin haýyşlary kabul etmäge we ýerine ýetirmäge ýa-da olaryñ ýerine ýetirilmegi üçin içerki ygtyýarly edaralara tabşyrmaga, şeýlelik-de diplomatik kanallara alternatiw bolan  ygtyýary bolan merkezi edarany (seret:13-14-nji paragraflar)  bellemekligi talap edýär. Ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwletiñ sud häkimiýeti merkezi edara bilen göni habarlaşyp biler. Häzirki wagtda köp halatlarda has-da göni ýollar arkaly habarlaşylýar we onda ýüz tutýan döwletiñ wekili beýleki döwletdäki degişli wekile haýyşy göni iberip bilýär.

Ýörite sebitleri we çäkleri aýratyn özara hukuk kömegi üçin ulgamy bolan Gatnaşyjy-döwletleriñ tapawutlanýan merkezi häkimiýetleri hem şol bir funksiýalary ýerine ýetirmelidirler. Köp Gatnaşyjy-döwletleriñ özara hukuk kömek bermek maksatlary üçin merkezi edaralary eýýäm bellän bolmaklary we beýleki Konwensiýalaryñ şuña meñzeş düzgünnamalaryna laýyklykda, BMG-niñ Baş Sekretaryny duýduran bolmaklary hem mümkiñ. Şeýle giñ we köp halkara ygtyýarlyklarynyñ berilmegi bilen bir hatarda, Gatnaşyjy-döwletler özlerinin merkezi edaralarynyñ şu ygtyýarlyklaryna laýyklykda, dürli jenaýatlar üçin özara hukuk kömegi tejribesiniñ durnuklylygyna ýokary derejede ýardam edilmegini we bu ugurda işiñ bölünmek ýa-da gaýtalanmak howpyny ýok edilmegi üçin bir bütewi tarap bolmagyny üpjün etmek olar üçin möhümdir.

Bir Gatnaşyjy-döwlet beýleki bir Gatnaşyjy-döwlete irki başlangyç ýagdaýynda Konwensiýada bellenilen jeneýatlara garşy göreşmek üçin möhüm hasaplanýan maglumatyny ýa-da görkezmesini iberýär, beýleki Gatnaşyjy-döwlet bolsa kömek sorap ýüz tutmaýar we şeýle maglumatyñ ýa-da subutnamanyñ barlygyndan hem ähtimal bihabar bolýar we 46-njy maddanyñ 4-nji we 5-nji paragraflary maglumatyñ şeýle özbaşdak geçirilmegi üçin hukuk esasyny üpjün edýär. Bu düzgünleriñ maksady Gatnaşyjy-döwletleri meýletin we öñüni alyş esasda jenaýat meseleleri boýunça maglumatlary alyşmakda goldamakdan ybaratdyr. Maglumaty alýan Gatnaşyjy-döwlet ony soñra kömek üçin resmi haýys ibermek üçin ulanyp biler. Maglumaty alýan Gatnaşyjy-döwletden edilýän ýeke-täk talap, kömek üçin haýyş iberilen döwürdäki ýagdaýlar üçin ulanylýan çaklendirmeler bilen meñzeşdir we eger ol maglumat günäkärlenýäniñ günäsini aklamak üçin bolmasa, onda ony gizlin saklamagy we onuñ ulanylmagy boýunça çäklendirmelere boýun bolmagy talap edýär. Şu ýagdaýda maglumaty kabul edýän Gatnaşyjy-dowlet ony özüniñ içerki sud işlerinde erkin yglan edip bilýär.

Ýakyn hyzmatdaslygyñ zerur ugurlarynyñ ýene-de biri howp salnyp ýa-da gorkuzylyp bilinäýjek şaýatlary goramak bilen baglanyşyklydyr. Konwensiýanyñ 32-nji maddasy bu mesele boýunça aýratyn çäreleri göz öñünde tutýar we ol şaýatlary, olaryñ garyndaşlaryny we olara ýakyn adamlary başga yerde ýerleşdirmek ýaly meseleleri öz içine alýar. 46-njy maddanyñ 18-nji paragrafynda ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwletiñ çäklerinde şaýadyñ görkezme bermäge mümkinçiligi bolmasa ýa-da onuñ gatnaşmazlygy gowy hasaplanylsa, onda şaýadyñ beren görkezmesiniñ subutnamasy hökmünde wideokonferensiýa ulanylmagyny teklip edýär.

46-njy maddanyñ esasy düzgünlerine gysgaça syn, onuñ özara hukuk kömegi meselesinde täze garaýşy öñe sürýändigini we hyzmatdaşlygyñ ösmegine ýardam etjek mümkiñçiligini görkezýär. Muña garamazdan, Gatnaşyjy-döwletler esasan-da dürli hukuk däpleri we ulgamlary bolan Gatnaşyjy-döwletleriñ arasyndaky hyzmatdaşlygy bökdäp biläýjek tejribe kynçylyklara we meselelere has çynlakaý seredip bilerler.

## II. Meseleler we çözgütler

### II.1. Häzirki meseleleri çözmäge synanyşyk

Gatnaşyjy-döwletler resmi özara hukuk kömeginiñ hemişe zerur bolup bilmezliginiñ mümkindigine we tersine, hukuk goraýjy edaralaryñ arasynda mejbury hereketleriñ talap edilmedik halatynda has resmi däl, çalt we çeýe ýollary ulanyp boljakdygyna üns bermekleri zerurdyr (meýletin şaýadyñ görkezmeleri, resminamalary gözlemek, almak we ýasamak). Şeýle gatnaşygy INTERPOL, Ýewropol ýa-da beyleki sebit hukuk goraýjy edaralary ýa-da şertnamalary arkaly goldamak mümkindir.

Muña garamazdan, maglumatlar resmi däl ýollar arkaly alnanda, subutnamanyñ ulanylmagy bilen baglanşykly meseleler has köp ýüze çykyp biler. Şonuñ üçin, hukuk goraýjy edaralar maglumat toplamakçy bolanlarynda ykrar edilen özara hukuk kömegi üçin niýetlenen usullardan peýdalansalar, talabalaýyk bolardy. Resmi serişdeleri ulanmak, gizlin maglumatlaryñ goraglylygyny ýokary derejede üpjün edip biler.

Şeýle ýagdaýdan başga-da, korrupsiýa bilen baglanyşykly jenaýatlar üçin özara hukuk kömegi meselesinde göz öñünde tutulmaly birnäçe faktorlar bar.

Käbir Gatnaşyjy-döwletlerde ýüz tutýan döwletde haýsydyr bir täsirli syýasy ýa-da işewür adamyñ işi boýunça derñew geçirilýän bolsa, haýyş edilýän kömek “milli bähbit” ýa-da belli bir döwlet işgärlerine berilýän eldegirilsizmezlik hukugy esasynda berilmän hem bilner (ýa-da syýasat bilen baglanyşykly toparlaryna berilýän “gorag”). Beýleki Gatnaşyjy-döwletlerde özleri barada özara hukuk kömegi soralan adamyñ ýa-da ýuridik tarapyñ ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwlet bilen berlen görkezmeleri paýlaşmaga garşy çykmaga hukugy bardyr. Görkezmäniñ yglan edilmegine garşy arz etmek hukugy berilse, ol uzak yza çekilmeleri döredip biler we şübhelenýän taraplary gorkuzyp hem biler.

Mundan başga-da, gözleg ýa-da tussag astyna almak boýunça haýyşlar bu prosesiñ ýüz tutýan döwletde alnyp barylýan derñewler we sud işleri üçin subutnamany berip biljekdigine näme üçin ynanylýandygy düşündirmek üçin ýeterlik maglmatyñ ýok halatynda has uly kynçylyk döredip biler.

Haýyşlar derñewe, hususan-da, guramaçylykly jenaýat toparlarynyñ ýa-da syýasatçylaryñ ýa-da beýleki meşhur adamlaryñ işleri bilen baglanyşykly korrupsiýa derñewine degişli has ýaramaz netijeleri berip biljek aspektleriñ üstüniñ açylmak mümkinçiligini öz içine almagy hem mümkindir. Netijede, şeýle seresaplylygy talap edýän maglumatlar kömek üçin resmi haýyşlara goşmak zerurlygy mümkin ýagdaýlar bolup biler. Şol bir wagtda, derñewdäkiler tarapyndan gorkuzylyp biljek şaýatlaryñ ýa-da ulanylyp boljak beýleki maglumatlaryñ aýan edilmegi, seresaplylyk bilen ölçelmelidir we şaýatlara howp saljak düýpli töwekgelçiligi mümkin boldgyça azaltmagy we derñewiñ maksatlary üçin maglumatlary goramagy göz öñünde tutmalydyr. Şonuñ üçin, kömek üçin haýýşlar taýýarlanylan ýagdaýynda ygtyýarly edaralar meseleleriñ gizlinligine aýratyn üns bermeli bolmaklary mümkindir. Kähalatlarda, juda gizlinligi talap edýän magumaty haýyşa goşmazlyk arkaly kynçylyklardan gaça durmak mümkinçiligi hem bolar, ýöne bu onuñ ýerine ýetirilişine ygtyýar berýän edara ýeterlik jikme-jik maglumaty üpjün edýär.

Kähalatlarda ýüz tutulýan döwletde kömek bermek üçin bar bolan serişdeleriñ çäkliligi sebäpli haýyşlaryñ ýerine ýetirilmekligiñ gijikdirilmegi ýa-da gözden salynmagy mümkindir. Şeýle ýagdaýlarda ýüz tutýan döwlet aragatnaşyk işgärlerini ýa-da hünärmenlerini bermek ýa-da hat-da käbir derejede maliýe kömegini bermek arkaly oña kömek edip biler.

Hakyky ýagdaý hökmünde kömek sorap ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwlet alyp barýan işiniñ ýüz tulýan Gatnaşyjy-döwlete garañda özüne has-da möhümdigine göz ýetirmeli bolýar. Şonuñ üçin,. ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwlet ýüz tutulýan döwletiñ oñyn jogap bermegi mümkin bolan tagallany etmeklige çalyşmalydyr. Bu tagallalar aşakdakylardan ybarat bolup biler:

- Ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwlete kömek bermek üçin düýpli we prosesual talaplary anyklamak (sebäbi bu köplenç uly serişdeleri talap edýär we iñ ileri tutulýan işleri saýlamak we barlagyñ dogry we düýpli bolmagyny üpjün etmek üçin daşarky hukuk kömegi zerur bolmagy mümkin);

- Haýyşyñ degişli edara iberiljekdigine göz ýetirmek üçin ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwlet bilen gös-göni aragatnaşykda bolmak;

- Ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwlet bilen haýyşy resmi däl ýagdaýda deslapky ara alyp maslahatlaşmak. Ýüz tutulýan döwlet haýyşy ýerine ýetirmek boýunça ýalnyşlyklara ýa-da maslahatlara ünsi çekip biler ýaly, ol haýyşnamanyñ deslapky garalama görnüşiniñ tabşyrylmagyny talap edip biler;

- Haýyşyñ howpsuz ýagdaýda gelýändigine we hiç hili ýalnyşlygyñ ýokdugyna we onuñ dogry ýerine ýetirilýänligiine gözegçilik etmek;

- Gatnaşyjy-döwletleriñ prosesual kanunlarynyñ ep-esli derejede tapawutlanýanlygy sebäpli, ýüz tutýan döwlet ýüž tutulýan döwletde kanun boýunça ykrar edilmeýän aýratyn prosesual kadalary (notarial tertipde tassyklanan görnüşde) talap etmegi mümkin.

Adatça, ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwletiñ öz prosesual kanunlaryna ähmiýet berjekdigi üýtgewsiz ýörelge bolmagynda galýar diýmek bolar. Hususan-da, ýüz tutýan we ýüz tutulýan döwletleriñ hukuk ýörelgeleri tapawutlanýan ýagdaýlarynda bu ýorelge kynçylyklar döredýär. Meselem, ýüz tutulýan döwletiñ iberen görkezmesi bu Gatnaşyjy-döwletiñ kanunlarynda bellenilen nusgada bolmagy mümkin, ýöne şeýle görkezme ýüz tutýan döwletiñ porsessual kanunlaryna laýyklykda kabul ederlikli däl bolmagy hem mümkin. Döwrebap meýiller prosesual kadalara isledigiçe çeýelik bermelidir. 1988-nji ýylda kabul edilen Neşe Serişdeleriniñ we Psihotrop Maddalaryñ Bikanun Söwdasyna garşy Konwensiýanyñ 7-nji maddasynyñ 12-nji punktuna laýyklykda, haýyş bilen ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwletiñ içerki kanunlaryna laýyklykda ýerine ýetirilmelidir. Muña garamazdan, madda onuñ ýüz tutulýan döwletiñ içerki kanunlaryna çapraz gelmeýän derejede we mümkin bolan halatynda haýyşyñ onda görkezilen prosesual tertipde ýerine ýetirilmegini hem nygtaýar.

Şeýlelikde, 1988-nji ýylda kabul edilen Konwensiýa ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwletiñ ýüz tutýan döwletiñ talap edýän prosesual formasyna gabat gelmegini talap etmese-de, ol munuñ şeýle tertipde ýerine ýetirilmeginiñ tarapdary bolup galýar. Hut şu düzgünnama Transmilli Guramaçylykly Jenaýatlar hakyndaky Konwensiýasynyñ 18-nji maddasynda (17) we Korrupsiýa hakyndaky Konwensiýanyñ 46 (17) maddasynda doly beýanyny tapýar. Şol kontekstde Jenaýat Işlerinde Özara Hukuk Kömegi hakyndaky Nusgalyk Ylalaşyk haýyşyñ ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwletiñ görkezýän häsiýetinde we hukuk terjibesine laýyklykda ýerine ýetirilmeginiñ mümkindigini belleýär (6-njy madda).

### II.2. Ýüze çykyp biljek meselelere jogaplar: 46-njy maddanyñ giñ göwrümi boýunça

46-njy madda BMG-nyñ Transmilli Guramaçylykly Jenaýatçylyga garşy Konwensiýada özara hukuk kömegi barada şular ýaly düzgünnama bar (madda 18) we şol Konwensiýa Gatnaşyjy-döwletler Korrupsiýa hakyndaky Konwensiýanyñ 46-njy maddasyndan gelip çykýan degişli talaplara laýyklykda iş alyp barmalydygy barada bellenýär. Muña garamazdan, bu iki resminamalaryñ käbir möhüm tapawutly ýerleri bardyr.

Birinjiden, Korrupsiýa hakyndaky Konwensiýa laýyklykda, bu Konwensiýanyñ esasy ýörelgesi bolan özara hukuk kömegi aktiwleri, ýagny pul serişdelerini gaýtaryp

almaklygy hem öz içine alýar (seret: 1-nji we 46-njy madda 3 (i),(j), şeýle-de Konwensiýanyñ V baby).

Ikinjiden, jenaýatçylygy ikitaraplaýyn ykrar etmeklik hakyndaky ylalaşygyñ ýok halatynda we eger ol kömek bu döwletleriñ hukuk ulgamyna laýyk gelýän bolsa we jenaýat ownuk häsiýetli bolmasa, Gatnaşyjy-döwletlerden mejbury häsiýete eýe bolmadyk kömek talap edilýär. Şeýle düzgünnama Palermo Konwensiýasyna girizilmändir.

Mundan başga-da, 43-nji maddada bellenilip geçilişi ýaly, jenaýat işleri boýunça halkara hyzmatdaşlyk maksatlary üçin jenaýatçylyk ikitaraplaýyn ykrar edilende, BMG-nyñ Korrupsiýa garşy Konwensiýasy BMG-nyñ Transmilli Guramaçylykly Jenaýatçylyk Konwensiýasynda berilmeýän gosmaça düşündiriş düzgünini üpjün edýär. Ol eger-de kömek berilmegi üçin ýüz tutulýan işiñ ýa-da hereketiñ iki döwletiñ hem kanunlaryna laýyklykda jenaýat hasaplanýan bolsa (43-nji maddanyñ 2-nji punkty), ýüz tutulýan Gatnaşyjy-döwletiñ kanunlarynyñ ol jenaýaty ýüz tutýan döwletiñ şol bir jeneýat kategoriýasynda goýulýandygyna ýa-da ol jenaýatyñ ýüz tutýan döwletde şol bir adalga arkaly atlandyrylýandygyna ýa-da atlandyrylmaýandygyna garamazdan, ikitaraplaýyn jenaýat edildi diýip hasap edilmegini teklip edýär. Şeýlelikde, bu Konwensiýa Gatnaşyjy-döwletlere jenaýat işlerinde özleriniñ hyzmatdaşlygyny çäklendirmäge mümkinçilik bermeýär, tersine, öz içerki hukuk ulgamlaryna dogry we laýyk gelýän korrupsiýa bilen baglanyşykly raýat we administratiw meseleleriñ derñewinde we sud işlerinde bir-birine kömek bermäge hem mümkinçilik berýär (43-nji madda (1)).

### II.3. Beýleki degişli Konwensiýalar bilen utgaşyklyk

Gatnaşyjy-döwletler hyzmatdaşlygyñ su görnüşi boýunça ýa-da diñe oña degişli meseleler bilen iş salyşýan düžgünleriñ uly toplumyny öz içine alýan beýleki köptaraplaýyn ylalaşyklary özara hukuk kömegi boýunça ýörelge edinip bilerler.

Meselem, şu mesele babatda şeýle resminamalar bardyr:

1988-nji ýylda kabul edilen Birleşen Milletler Guramasynyñ Neşe Serişdeleriniñ we Psihotrop Maddalaryñ Bikanun Söwdasyna garşy Konwensiýasy (seret: madda 7), Transmilli Guramaçylykly Jenaýatçylyk Konwensiýasy (madda 18), Ýewropa Geñeşinin Bikanun Maliýe Serişdelerini Kanunlaşdyrmak Barlamak, Tussag etmeklik we Jenaýatçylykly Ýollar bilen Gazanylan Serişdeleri Konfiskasiýalasdyrmak (seret: maddalar 8-10), Ýewropa Geñeşiniñ Kiber Jenaýat hakyndaky Konwensiýasy, Ýewropa Geñeşinin Jenaýat Kanuny Korrupsiýa hakyndaky Konwensiýasy (seret: 26-njy madda), Korrupsiýa garşy Amerikanara Konwensiyasy (seret: madda 14) we YHÖG-nyñ Halkara Geleşiklerde Daşary Ýurtly Döwlet Işgärleriniñ Parahorlygyna garşy Göreş Konwensiýasy (seret: madda 9).

Mundan başga-da, Ýewropa Geñeşiniñ, Arkalaşygyñ, Amerika Döwletleriniñ, Günbatar Afrika Döwletleriniñ Ykdysady Bileleşiginiñ, Günorta Afrika Döwletleriniñ we Ýewropa Bileleşiginiñ we Arap Ligasynyñ çäklerinde özara hukuk kömegini alyşmak üçin aşakdaky ýörite resminamalar taýýarlanyldy: (Ýewropanyñ Jenaýat Işlerinde Özara Hukuk Kömegi hakyndaky Konwensiýasy we onuñ 1978-nji we 2001-nji ýyllardaky iki goşmaça protokollary), (Arkalaşygyñ 1986-njy ýylda kabul eden we 1990 we 1999–njy ýyllarda düzediş girizilen Jenaýat Işlerinde Özara Kömek boýunça Arkalaşyk Maksatnamasy), (1975-nji ýylda kabul edilen Daşary Ýurtlarda Görkezme almak hakyndaky Amerikanara Konwensiýa we onuñ 1984-nji ýyldaky Goşmaça Protokoly, şeýle-de 1992-nji kabul edilen Jenaýat Işlerinde Özara Kömek hakyndaky Amerikanara

Konwensiýasy we onuň 1993-nji ýyldaky Goşmaça Protokoly), (1992-nji ýylda kabul edilen Jenaýat Işlerinde Özara Kömek hakyndaky Günbatar Afrika Döwletleriniň Ykdysady Bileleşiginiň Konwensiýasy), (2000-nji ýylda kabul edilen Ýewropa Bileleşiginiň Agza Döwletleriniň arasynda Jenaýat Işlerinde Özara Kömek hakyndaky Konwensiýasy we onuň 2001-nji ýylda çap edilen Protokoly) we (1983-nji ýylda kabul edilen Jenaýat Işlerinde Özara Kömek hakyndaky Arap Ligasynyň Konwensiýasy).

### II.4. Täze özgerişler

Soňky ýyllarda özara hukuk kömegini bermekde uly özgerişler bolup geçdi. 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda ABŞ-da bolup geçen wakalardan soň, köp Gatnaşyjy-döwletler özleriniň halkara hukuk kömegini bermek boýunça başarnyklaryny artdyrandyklaryny bellemäge esas bar. Täzelikleriň uly depginde bolup geçýän ýeri bolan Ýewropa Bileleşiginde özara hukuk kömegi meselesinde ep-esli özgertmeler bolup geçdi. Ol özgertmelere 2000-nji ýylda kabul edilen Özara Hukuk Kömegi Konwensiýasy we onuň 2001-nji ýyldaky Protokoly, Billelikdäki Derňew Toparlaryny Ulanmak hakyndaky (2002), Emläkleri ýa-da Subutnamalary Doňdurmak boýunça Buýruklary Özara Ykrar Etmeklik hakyndaky (2003), Jenaýatçylykly ýol bilen gazanylan girdejileri, serişdeleri we emläkleri konfiskasiýalaşdyrmak hakyndaky (2005), Konfiskasiýalaşdyrmak hakyndaky buýruklary özara ykrar etmeklik ýörelgesini ulanmak hakyndaky (2006) Çarçuwaly Çözgütler, şeýle-de Geňeşiň 2002-nji ýylda Agyr jenaýatlara garşy göreşi pugtalandyrmak üçin Yewrojust döretmek çäresi hakyndaky Çözgütleri girýär.

2006-njy ýylyň iýun aýynda Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşi Ýewropa Subutnama Orderi (mundan beýläk ÝSO) barada Çarçuwaly Çözgüt hakynda umumy çemeşleme boýunça ylalaşyga geldi. (Onuň teksti http://register.consilium.europa.eu/pdf/en/07/st09/st09913.en07 salgyda elýeterdir). Bu täze maksatnamanyň Gatnaşyjy-döwletler tarapyndan maliýeleşdirilmegi, kabul edilmegi we soňra durmuşa geçirilmegi zerurdyr. ÝSO hem özara ykrar edilmegi edil Ýewropa Tussag Orderi (mundan beýläk ÝTO) hakyndaky Çarçuwaly Çözgüt ýaly çemeşleşmäni kabul edýär (ÝTO-seret: madda 44). Şeýlelikde, ÝSO sud çözgüdidir we ol gös-göni ony çykarýan sud edarasy bilen ony ýerine ýetirýän edaranyň arasynda geçirilmelidir we bu barada iki edara gös-göni aragatnaşykda habarlaşyp durmalydyrlar. Ol obýektleri, resminamalary, ýa-da belli kategoriýalara degişli maglumatlary, ele salnan aragatnaşyk, aňtawçylyk, şübhelenilýäňlerden alnan interwýulary, şaýatlaryň arzalarynyň we DNK barlaglarynyň yazgylaryny almak maksatlary üçin ulanylýar.

### II.5. Täze ýeňilleşdiriji mehanizmler

Ýewropa Bileleşiginiň çäklerinde bolup geçen soňky özgertmeleri transmilli guramaçylykly jenaýatçylyga garşy goreşmekde döwletara hyzmatdaşlygy we onuň utgaşdyrylyşyny kämilleşdirmek üçin gönükdirilen sebit derejesindäki birleşen tagallalaryn netijeli mysallary hökmünde garap bolar. Şu jähtden, 1996-njy ýylyň 22-nji aprelinde kabul edilen Bilelikdäki Hereket (96/277/JHA) Ýewropa Bileleşiginiň agza ýurtlarynyň arasynda hukuk hyzmatdaşlygyny ösdürmek üçin “aragatnaşyk sudýalaryny “ alyşmak boýunça mehanizmi döredildi. Bu Bileleşikli Hereket iki ýa-da köptaraplaýyn ylalaşyklaryň esasynda agza döwleleriň arasynda “aragtnaşyk sudýalary” diýlip atlandyrylýan sud hyzmatdaşlygy işlerinden ýörite tejribesi bolan sudýalary ýa-da işgärleri işe bellemeklik ya-da alyş-çalyş etmeklik boýunça mehanizm dörediildi (madda 1). Aragatnaşyk sudýalarynyň wezipeleri jenaýat işlerinde, hususan-da bolýan döwletlerinde degişli edaralar we sud häkimiýetleri bilen göni gatnaşygy ýola goýmak arkaly jenaýatçylyk işlerinde ýuridiki hyzmatdaşlygyň ähli görnüşine ýardam edip biljek we çaltlandyryp biljek islendik işden ybaratdyr. Iberýän ýa-da kabul edýän agza

döwletleriñ arasynda ylalaşylan resminamalara laýyklykda, aragatnaşyk sudýalarynyñ wezipeleri maglumatlary alyşmak we degişli döwletleriñ hukuk ulgamlarynyñ we hukuk maglumat bazalarynyñ arasynda özara düşünişmekligi üpjün etmekden we şol döwletleriñ her birindäki hukuk işgärleriñ arasyndaky gatnaşyklaryñ ösmegi üçin niýetlenen maglumatlary we statistikany alyşmaklyk bilen baglanyşykly işleri hem öz içine alyp biler (seret: madda 2).

Mundan başga-da, Ýewropa Bileleşiginiñ Ylalaşygynyñ (98/428/JHA) K3.maddasyna laýyklykda, Ýewropa Bileleşiginiñ Geñeşi tarapyndan 1998-nji ýylyñ 29-njy iýunynda kabul edilen Bilelikdäki Hereket hakyndaky çözgüdine laýyklykda, Ýewropa Sud Aragatnaşyk Ulgamyny (mundan beyläk –ÝSAU) döretdi. Bu agza döwletleriñ arasyndaky sud aragatnaşyk nokatlarynyñ ulgamy bolmak bilen jenaýat işlerinde, hususan-da transmilli guramaçylykly jenaýatçylyga garşy göreşde hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak we çaltlandyrmak üçin döredildi. Bu Bilelikdäki Hereketiñ 4-nji maddasyna laýykykda, aragatnaşyk nokatlary agza döwletlerin arasynda sud hyzmatdaşlygyny, esasan-da agyr jenaýatlara garşy göresmekdäki işleri (guramaçylykly jenaýatçylyk, korrupsiýa, neşe söwdasy we terrorizm) ýeñilleşidiriji işjeñ araçylar hökmünde çykyş edýärler. Olar şeýle-de öz döwletlerinde ýerleşýän ýerli sud häkimiyetlerine we beýleki ýurtlardaky aragtanaşyk nokatlaryna we ýerli sud häkimiýetlerine, olara hyzmatdaşlyk üçin netijeli haýyşnamalary taýýarlamaga ýa-da kontinent sud hyzmatdaşlygyny gowulandyrmaga mümkinçilik bermek uçin zerur hukuk we tejribe maglumatlary berýärler. Mundan başga-da, haýsydyr bir Gatnaşyjy-döwletiñ sud häkimiýetinden gelip gowşan birnäçe haýyşlar başga bir Gatnaşyjy-dowletde utgaşykly hereketi talap eden ýagdaýynda, sud hyzmatdaşlygynyñ utgaşdyrylyşyny gowulandyrmak hem olaryñ wezipelerine girýär.

Muña garamazdan, köplenç bu mysallar Gatnaşyjy-döwletleriñ arasynda maglumatlary alyşmagy gowulandyrmaklygyñ wajyp ýollary bolup duryar. Köp ýuridik edaralar bar bolan hyzmatdaşlyk resminamalarynyñ çäklerinde hukuk kömegini netijeli üpjün etmek, almak we ulanmak üçin kanun çykaryjy, ýuridik ýa-da ýerine ýetiriji başlangyçlary saýlap aldyrlar. Meselem, Sebit Hyzmatdaşlygy boýunça Günorta Aziýa Birleşigi-GASHB, Günorta Afrika Sebit Baş Polisiýa Geñesi-GASBPG, we INTERPOL (186 agza döwletleri bilen). Şeýle çemeleşmeler 48-nji maddada jikme-jik seredilýär.

### III. Barlag sanawy

- Özara hukuk kömegi üçin Gatnasyjy-döwlet tarapyndan ulanylýan hukuk binýady näme?

- Özara hukuk kömegi üçin hukuk binýady hökmünde Konwensiýa ulanylýarmy? Eger ulanylmaýan bolsa ýa-da Konwensiýadan başga esaslanylýan zat bar bolsa, Gatnaşyjy-döwlet ekstradiksiýany añsatlaşdyrmak üçin iki ýa-da köptaraplaýyn ylalaşyklara ýa-da şertnamalara gol çekdimi-kä?

- Gatnaşyjy-döwlet haýsydyr bir islendik tejribeçilik ýa-da ýuridik aragatnaşyk ulgamyna gatnaşýarmy?

- Gatnaşyjy-döwlet özara hukuk kömek üçin haýyşlary kabul etmäge, seretmäge ýa-da ýerine ýetirmäge jogapkär merkezi edarany belledimi?

- Ol merkezi edaranyñ tejribe aspektler we özara hukuk kömegi meselesinde ýüze çýkýan meseleler boýunça anyk gollanmalary barmy?

- Gatnaşyjy-döwletiñ özara hukuk kömegi boýunça haýyşlara seretmekligiñ tassyklanylan tertipnamasy barmy?

### Madda 47. Jenaýat boýunça kazyýet işlerini geçirmeklik

*Şu Konwensiýada kesgitlenilen jenaýat boýunça kazyýet işlerini alyp barmak üçin şeýle işleriñ talap edilýän derejede adalatly bolmagy, esasan-da ol jenaýat işleriniñ jemlenilmegi üçin birnäçe ýurisdikasiýalaryñ gatnaşan halatynda Gatnaşyjy-döwletleriñ jenaýat boýunça kazyýet işlerini bir-birine geçirmek mümkinçiligi seredilmelidir.*

### I.Syn

Bir döwletiñ beýleki bir döwlete jenaýat boýunça kazyýet işleriniñ geçirilmegi transmilli jenaýat adalatlylygynda täze bir saýlaw hukugy bolup durýar. Beýleki döwletiñ kazyýet işlerini alyp barmaga has amatly mümkinçiligi bolan ýagdaýynda ýa-da günäkärlenýaniñ ol ýerde ýakynlarynyñ bolan ýagdaýynda, ýagny, meselem, günäkärlenýäniñ bu döwletiñ raýaty ýa-da ýaşaýjysy bolan halatynda bu ýerlikli çözgüt bolup biler. Bu ekstradiksiýa bilen baglanyşykly girizilen we yerine ýetirilýän içerki jenaýat yzarlaýyş işleriniñ netijeliligini we öndürijililigini ýokarlandyrmak üçin hem ýerlikli prosesual gural bolup biler (esasan-da soralýan jenaýatçynyñ ýüz tutulýan döwletiñ raýaty bolup we ony bermekden boýun towlanylan halatynda) .

Esaslandyryjy derejede diñe jenaýat boýunça sud işlerine ýörite esasda serdeýän Ýewropa Geñeşiniñ çäklerinde kabul edilen Jenaýat Işlerinde Kazyýet Işlerini Geçirmek hakyndaky Ýewropa Konwensiýasy bolup durýar. Bu Konwensiýa 1972–nji ýylda gol çekmeklige berildi we ol 1978-nji ýylda güýje girdi.

Ýewropa Geñeşiniñ Konwensiýasynyñ özi çylşyrymly , ýöne onuñ konsepsiýasy ýönekeýdir: bir Gatnaşyjy-döwletiñ kanunlaryna laýyklykda bir adam jenaýat etmekde günäkärlenilse, şol döwlet beýleki Gatnaşyjy-döwletden Konwensiýa laýyklykda öz adyndan oña çare görmekligi haýyş edip biler we beýleki döwlet öz kanunlaryna laýyklykda jenaýat yzarlaýyş işlerini geçirip biler. Konwensiýa şu maksat üçin jenaýatyñ ikitaraplaýyn ykrar edilmegini talap edýär.

Mundan başga-da, 1988-nji ýylda kabul edilen Birleşen Milletler Edarasynyñ Neşe Serişdeleriniñ we Psihotrop Maddalaryñ Bikanun Söwdasyna garşy Konwensiýa we BMG-nyñ Transmilli Guramaçylykly Jenaýatçylyga garşy Konwensiýasy şeýle işlerde adalatyñ bolmalysy ýaly derejede dabaralanmagynyñ hatyrasyna, esasan-da, şeýle işlere birnäçe ýurisdiksiýalar gatnaşanda we has laýyk jenaýat yzarlaýyş we sud ediş ýerini anyklanmaly bolan halatlarynda Gatnaşyjy-döwletlere halkara hyzmatdaşlygynyñ şeýle görnüşini saýlap almaga mümkinçilik berýän jenaýat boýunça sud işlerini geçirmeklige degişli (degişlilikde 8-nji we 21-nji maddalar) aýratyn düzgünnamany özünde jemleýär.

Şu jähtden, ýokarda agzalan Konwensiýalara Gatnaşyjy-döwletler hökmünde olary durmuşa geçirmek boýunça kanunlary çykaran Gatnaşyjy-döwletlere Korrupsiýa Konwensiýasynyñ 47-nji maddasynyñ talaplaryny ýerine ýetirmek üçin düýpli üýtgetmeler girizmeklik zerur däl ýaly bolup görünýär.

Jenaýat Işlerinde jenaýat boýunça Sud Işlerini Geçirmek hakyndaky Nusgalyk Ylalaşygy (Baş Assambleýanyñ 45/118 rezolýusiýasy esasynda kabul edilen) taýýarlamak arkaly BMG bu mesele boýunça iki we köptralaýyn ylalaşyklary taýýarlamaklygy kämilleşdirmäge synanyşdy. Emma bu diñe umumy ylalaşyk bolup galýar we ol şeýle

ylalaşyklar boýunça gepleşikleri geçirýän iki ýa-da ondan köp Gatnaşyjy-döwletleriñ aýratyn talaplaryna laýyk getirilmelidir.

## II. Meseleler we çözgütler

### II.1. Geçirmeklik hakyndaky çözgütler üçin syýasy ölçegler

Transmilli möçberdäki jenaýatçylykly etmişlere garşy jenaýat yzarlaýýş işlerini alyp barmak üçin haýsy ýurisdiksiýanyñ has gowy we has netijeliligini kesgitlemäge gezek gelende elmydama birnäçe nätakyklyk ýüze çykýar.

Adalatyñ bolmalysy yaly dabaralanmagynyñ hatyrasyna, esasan-da, şeýle işlerde birnäçe ýurisdiksiýalaryñ gatnaşýan we jenaýat yzarlaýyş işleri boýunça talaplaryñ bir ýurisdiksiýada jemlenmegine zerurlyk bolan halatynda 47-nji madda Gatnaşyjy-döwletleri bir-birine jenaýat boýunça sud işlerini geçirmek meselesine seretmäge çagyrýar. Bu Konwensiýa Gatnaşyjy-döwletleri jenaýat boýunça sud işlerini geçirmäge we şeýle-de, meselem, birden köp ýurisdiksiýalary öz içine alýan korrupsiýa jenaýatçylygy üçin we Gatnaşyjy-döwletleriñ derñew ýa-da sud üçin haýsysynyñ has amatlydygyny kesgitlemek üçin çözgütleri üpjün etmäge mümkinçilik berjek ylalaşyklary ýa-da sertnamalary baglaşmaga çagyrýar.
Transmilli jenaýatçylygynyñ sanynyñ barha artýandygyna garamazdan, bu ugurda jenaýat yzarlaýyş we derñew islerini geçirýän edaralara kömek etjek halkara gollanmalar azdyr. Transmilli korrupsiýada, esasan-da gizlin birnäçe çynlakaý howplar suratlandyrylyp bilner. Şeýlelikde, meselem nädogry günäkärleme boýunça daşary ýurt edaralaryna esaslanyp jenaýat agtaryş işi üçin hiç hili ýurisdiksiýa gyzyklanman biler; ýa-da ol jenaýat yzarlaýyş işiniñ “nädogry” (“amatsyz”) sudda geçirilip bilner; iki ýa-da ondan köp döwletler bir-birine çapraz gelýän ýurisdiksiýa talaplaryny orta atyp bilerler.

Şonuñ üçin, jenaýat işlerine başlamak üçin haýsy ýurisdiksiýanyñ has laýykdygyny anyklamak möhümdir. Şu jähtden, ýurisdiksiýa boýunça Gatnaşyjy-döwletler 47-nji we 42-nji maddalara bilelikde seredip bilerler we jenaýat isleri boýunça iñ amatly ýurisdiksiýany kesgitlemek maksady bilen ýurisdiksiýa baradaky çözgütlere esaslanýan däp bolan ölçegleri göz öñünde tutup bilerler.

Şeýle ýagdaýda artykmaçlyklary anyklamak zerurlygy ýüz çykyp biler. Bu meselede esasy başlangyç nokat hökmünde jenaýatyñ bolup geçen döwletininiñ jenaýatçyny sud işine çekmeklik babatyndaky artykmaçlygydyr. Beýleki ölçegler su ýörelgä eýermelidirler. Şeýlelikde, jenaýatçynyñ ýaşaýan ýerindaki döwletde sud etmeklik jenaýatyñ edilen ýerinde sud edilmeginden boýun towlaýan döwlete bagly bolar.

Jenaýatyñ edilen ýerinde sud etmek adatça iñ laýyk çözgüt hasap edilmeýär. Häzirki zaman jenaýat kanunynda uly üns berilýän jenaýatçynyñ ýitirilen hukuklaryny dikeltmek we düzetmeklik maksadyny has üstünlikli alyp barmak mümkinçiligi bolanda sanksiýanyñ girizilmegini talap edýär. Adatça, bu jenaýatçynyñ maşgalasynyñ ýa-da jemgyýetçilik gatnaşyklaryny saklaýan, ýa-da sanksiýa girizilenden soñ raýatlygyny aljak döwletinde göz öñünde tutulýar.

Beýleki tarapdan, subutnamany almak bilen baglanyşykly kynçylyklar köplenç halatlarda jenaýatyñ edilen döwletinden beýleki bir döwlete jenaýat boýunça işleriñ geçirilmegine garşy garaýşyñ boljakdygy düşnüklidir. Her bir işde çapraz garaýyşlara berilmeli ähmiýet doly güýç bilen çözüp bolmaz. Çözgüt her bir iş baradaky anyk faktlaryñ esasynda kabul edilmelidir. Gyzyklanýan Gatnaşyjy-döwletleriñ arasynda şeýle ýol arkaly ylalaşyga gelmek üçin synanyşyk olaryñ sanksiýalary girizmeklige bolan ygtyýarlyklaryny

çäklendirýän ulgamy kabul etmezinden öň ýüzbe-ýüz boljak kynçylyklaryň öňüni almaga mümkinçiilik berer.

Gatnaşy-döwletlere irki döwürlerde çözgütleri kabul etmek zerur bolup biler we olara haçan we nähili ýagdaýda ýurisdiksiýa meselesine seretmeli, şeýle-de maslahatlar we yalalaşyklar üçin haýsy edara jogapkärçilik çekmeli diýlen soraglar gyzyklyndyrmagy mümkin. Wagty kesgitlemek hem muňa degişli bolup biler, sebäbi çözgüdi derňewiň başynda ýa-da isiň häsiýeti doly anyklananydan we meseleleriň kabul edileniden soň kabul etmelimi diýen sorag hem ýüze çykyp biler.

### II. 2. Kazyýet işlerini geçirmek üçin tejribe ölçegler

Kazyýet işlerini geçirmek hakyndaky çözgütleri ýeňilleşdirmek üçin Gatnaşyjy-döwletler şeýle çylsyrymly ýurisdiksiýa meselelerini çözmäge ýardam edip biljek ölçegleriň oňaýly toplumyny düzmelidirler. Meselem, Gatnaşyjy-döwletleriň berjek soraglarynyň görnüşleri aşakdakylar bolup biler.

- Jenaýat nirede bolup geçdi we jenaýaty eden adam nirede tussag edildi?
- Jenaýata degişli şaýatlar, möhüm subutnamalar ýa-da ejir çekenler nirede ýerleşýär?
- Haýsy ýurisdiksiýanyň iň gowy/iň netijeli işleýän kanunlary bar?
- Haýsy ýurisdiksiýada azrak gijikdirmeler ýüze çykýar?
- Haýsy ýurisdiksiýa iň gowy howpsuzlygy we goragy üpjün edýär?
- Gizlin meseleler bilen iş salyşmakda haýsy ýurisdiksiýa has kämil?
- Haýsy ýurisdiksiýa sud işleriniň çykdajylaryny çekip bilýär?
- Haýsy ýurisdiksiýada jenaýat düýpli täsir etdi?
- Gaýtaryp alyp boljak emlägiň aglabasy nirede ýerleşýär?
- Haýsy döwletiň emläkleri gaýtaryp almak üçin has kämil mehanizmleri bar?

### III. Barlag sanawy

- Gatnaşyjy-döwlet jenaýat boýunça kazyýet işlerini geçirmeklik baradaky ylalaşyklary ýa-da şertnamalary baglaşdymy?

- Gatnaşyjy-döwlet jenaýat boýunça kazyýet işlerini geçirmek ýa-da kabul etmek boýunça çözgütler üçin baş meýilnamany we amatly ölçegleri işläp taýýarladymy?

- Şol baş meýilnama bu meseleler boýunça çözgüt kabul etmekde kazyýet, operatiw we hokum çykaryş işleriniň ahyrky netijelerini göz öňünde tutýarmy?

- Şol baş meýilnama jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejilere degişli çözgüt kabul etmek meselelerine seredýärmi?

- Degişli soraglar boýunça maslahat we çözgüt çykarmaklygy üstune almaly edara anyklandymy we ygtyýarlandyryldymy?

### Madda 48: Hukuk goraýjy edaralar bilen hyzmatdaşlyk

*1.Bu Konwensiýada görkezilen jenaýatlara garşy göreşmek üçin hukuklary goramaklygyň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin öz içerki hukuk we administratiw ulgamlaryna*

*laýyklykda Gatnaşyjy-döwletler bilen bir-biri bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk etmelidirler. Aşakdaky maksatlar üçin Gatnaşyjy-döwletler netijeli çäreleri görmelidirler:*

*a) Bu Konwensiýada görkezilen jenaýatçylyklaryñ ähli taraplaryny (şol sanda eger gyzyklanýan Gatnaşyjy-döwletler beýleki jenaýatçylykly işler bilen gatnaşyklary dogry hasaplasalar), degişli maglumatlaryñ howpsuz we çalt alşylmagyna ýardam etmek üçin ygtyýarly edaralaryñ, agentlikleriñ we gulluklaryñ arasyndaky aragatnaşyk ýollaryny berkitmek we zerur halatynda ýola goýmak;*

*b) Bu Konwensiýada görkezilen jenaýatlara degişli derñewler geçirmekde Gatnaşyjy-döwletler bilen hyzmatdaşlyk etmek, ýagny:*

*i) jenaýat işini etmekde güman edilýan adamyñ şahşyýeti, bolýan ýerini we meşgullanýan işini ýa-da jeñayat işine gatnaşan diýip güman edilýän başga adamlaryñ bolýan ýerlerini:*

*ii) jenaýat işinden gelen girdejilerii ýa-da şeýle jenaýat işleri etmekligiñ netijesinde düşen emlägi bir ýerden başga ýere geçirmeklik;*

*iii) şeýle jenaýat işleri etmekde ulanylan ýa-da ulanylmaga niýet edilen emlägi, enjamlary we beýleki serişdeleri bir ýerden başga ýere geçirmeklik.*

*ç) zerur halatynda analitik we derñew maksatlary üçin materiallaryñ böleklerini we sanyny bermek;*

*d) bu Konwensiýada görkezilen jenaýatlary amala aşyrmakda aýratyn serişdeler we usullar, şol sanda galp şahsyýet şadatnamalary, galp ýa-da üýtgedilen resminamalar we jenaýatçylykly hereketleriñ üstüni basyrýan beýleki serişdeler barada Gatnaşyjy-döwletler bilen maglumat alyşmak;*

*e) olaryñ edaralarynyñ, agentlikleriniñ we gulluklarynyñ arasyndaky netijeli utgaşyklylyga ýardam etmek we işgärleriñ we beýleki hünärmenleriñ, şol sanda ikitaraplaýyn ylalaşyklara we resminamalara laýyklykda gyzyklanýan Gatnaşyjy-döwletleriñ arasynda aragatnaşyk işgärlerini bellemeklige kömek etmek;*

*f) bu Konwensiýada görkezilen jenaýatlary irki möhletde ýüze çykarmak maksatlary üçin maglumatlary alyşmak we zerur administratiw we beýleki çäreleri utgaşdyrmak.*

*2. Bu Konwensiýany güýje girizmek maksady bilen Gatnaşyjy-döwletler öz hukuk goraýjy edaralary gös-göni hyzmatdaşlygy hakynda iki ýa-da köptaraplaýyn ylalaşyklary baglaşmagy göz öñünde tutmalydyrlar we şeýle ylalaşyklaryñ ýa-da şertnamalaryñ eýýäm bar halatynda, olara üýtgetmeleriñ girizilmegini göz öñünde tutmalydyrlar. Degişli Gatnaşyjy-döwletleriñ arasynda şeýle ylalaşyklaryñ we şertnamalaryñ ýok halatynda olar bu Konwensiýany onda görkezilen jenaýatçylyklara garşy özara hukuk hyzmatdaşlygynda esasy ýörelge edinip bilerler. Zerur ýagdaýlarda Gatnaşyjy-döwletler öz hukuk goraýjy edaralarynyñ arasyndaky hyzmatdaşlygy güýçlendirmek üçin ylalaşyklardan, resminamalardan, şol sanda halkara we sebit edaralaryndan doly peýdalanmalydyrlar.*

*3. Gatnaşyjy-döwletler bu Konwensiýada görkezilen we häzirki zaman tilsimatlary arkaly amala aşyrylan jenaýatçylyklara gaýtargy bermek üçin öz serişdeleriniñ çäklerinde hyzmatdaşlyk etmek üçin tagalla etmelidirler.*

## I.Syn

Hukuk goraýjy edaralaryň syýasy özbaşdaklygy ýöretmekligiň iň bir görnetin we göze ilginç görnüşleriniň biri bolanlygy sebäpli, Gatnaşyjy-döwletler däp boýunça daşary ýurt hukuk goraýjy edaralar bilen mejbury hyzmatdaşlyk edip gelýär. Wagtyň geçmegi bilen bu gatnaşyk agyr jenaýatlara garşy göreşmäge we transmilli jenaýatçylyga garşy durmakda hyzmatdaşlygyň möhümligi hakyndaky düşünje arkaly üýtgedi.

Konwensiýanyň 48-50-nji maddalary, hususan-da transmilli korrupsiýa boýunça derňew işlerini üstünlikli geçirmek üçin möhüm gural hökmünde Gatnaşyjy-döwletleriň hukuk goraýjy edaralarynyň arasynda ýakyn hyzmatdaşlygy ösdürmegi meýilleşdirýär. Has takygy, 48-nji madda hukuk goraýjy edaralaryň hyzmatdaşlygynyň netijeliligini ýokarlandymaga synanyşýar we Gatnaşyjy-döwetlerden Konwensiýada görkezilen jenaýatçylyklaryň ähli aspektlerine degişli, şol sanda olaryň beýleki jenaýatçylykly işler bilen baglanşygyna dahylly maglumatlary howpsuz we çalt alyşmaklygyň aragatnaşyk ýollaryna we zerur halatynda, şeýle aragatnaşyklary ýola goýmagy talap edýär.

Bu maddanyň 1-nji paragrafy hyzmatdaşlygyň borçlarynyň çäklerini kesgitleýär we şol hyzmatdaşlygyň esasyny düzmeli çäreleri anyklaýar.

2-nji paragraf Gatnaşyjy-döwletleri Konwensiýany güýje girizmek maksady bilen öz hukuk goraýjy edaralarynyň arasynda gös-göni hyzmatdaşlyk hakyndaky iki ýa-da köptaraplaýyn ylalaşyklary ýa-da şertnamalary baglaşmak meselesine seretmäge çagyrýar. Ol aýratyn ylalaşyklaryň ýa-da şertnamalaryň ýok halatynda, şeýle hukuk hyzmatdaşlygy üçin esasy hukuk binýady hökmünde Konwensiýany ulanmaga mümkinçilik berýär.

3-nji paragraf Konwensiýada görkezilen jenaýatçylyklaryň köpüsiniň barha kompýuter tilsimaty arkaly köp amala aşyrylýandygyny ykrar edýär we Gatnaşyjy-döwletleri häzirki zaman tilsimatlaryny ulanmak arkaly amala aşyrylýan korrupsiýa jenaýatçylyklaryna garşy durmak üçin has ýakyn hyzmatdaşlyk saklamakda tagallary etmeklige çagyrýar.

## II. Meseleler we çözgütler

### II.1. Çözülmeli meseleler

Hukuk goraýjy edaralaryň resmi we resmi däl hyzmatdaşlygy birnäçe meseleler sebäpli bökdençlikler bilen ýüzbe-ýüz bolup gelýär. Netijede, meselem, dürli ýurisdiksiýalarda çemeleşmeleriň we ileri tutulýan meseleleriň dürlüligi sebäpl,i döwletleriň hukuk goraýjy edaralary aýratyn bir serhetden daşary jenaýatyň görnüşi bilen nähili iş salyşmaly diýlen meselede ylalaşyga gelmekde kynçylyk çekmekleri mümkindir. Şeýlelikde, käbir Gatnaşyjy-döwletler öz hukuk goraýjy edaralarynyň ýa-da sud işgärlerinin şaýatlary öz ene dillerinde interwýu alynmagyny ýa-da olara soraglaryň öňünden berilmegini talap etmekleri mümkindir. Beýleki Gatnaşyjy-döwletler öz işgärleriniň ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwletiň işgärleri tarapyndan geçirilýän interwýularyň hemmesine gatnaşdyrylmagyny talap etmekleri mümkindir. Beýleki Gatnaşyjy-döwletler daşary ýurt sudlarynda çykyş etmek üçin öz hukuk goraýjy işgärlerini ibermekden boýun towlamaklary mümkindir. Ahyrynda, elektron gözegçilige we gizlin operasiýalara bolan zerurlyk, hususan-da ynamsyzlyk dörände içerki hem halkara derejesinde jenaýat polisiýasynyň hyzmatyny paýlaşmaga bolan höwesiň pese gaçmagyna eltip biler.

Gatnaşyjy-döwletlerde hukuk goraýjy edaralaryň gurluşynyň dürliligi haýsy daşary ýurt hukuk goraýjy edarasy bilen habarlaşmalylygy babatda hem düşünişmezlige eltmegi

mümkindir we işleriñ gaýtalanmagy, käbir işlerde gulluklaryñ arasynda bäsdeşligiñ bolmagy mümkindir. Şeýlelikde, çäkli serişdeleri ulanmakda netijesizligi döredip biler.

## II.2 Hyzmatdaşlygyn ugurlary

Ýokarda agzalan meseleleri çözmekde Gatnaşyjy-döwletler aşakdakylary özara bähbitli hyzmatdaşlygyñ möhüm ugurlary hökmünde seredip bilerler:

a) Strategiki we tehniki maglumatlary alyşmak.
Bu degişli milli kanunçylygyñ talaplaryna laýyklykda amala aşyrylmalydyr we gizlinlik hakyndaky degişli kanunlara laýyk gelmelidir. Olaryñ alşylmagy meýletin ýa-da haýyş boýunça ýerine ýetirilmelidir. Maglumatlar umumy maglumatlar bazasynda saklanylyp bilner ýa-da gatnaşýan dürli gulluklar tarapyndan geçirilýän operatiw analizleri goldamak üçin ulanylyp bilner. Strategiki maglumat jenaýatçylykdaky meýiller, jenaýat edaralaryñ operatiw gurluşlary, şübhelenilýän şahsyýetleri, strategiýalary, operatiwliligi we ulanylýan jenaýatçylyk usullary hakyndaky maglumatlary öz içine alyp biler. Şeýle-de ol korrupsiýanyn häsiýeti we jenaýatçylykly ýol bilen gazanylan girdejileriñ ýaýradylyşynyñ esasy ýollary hakyndaky maglumatlary hem öz içine almagy mümkin. Mundan başga-da, Konwensiýanyñ 50-nji maddasynda kesgitlenilen usullary we çemeleşmeleri hem öz içine almagy mümkin.

b) Añtawçylyk we tehniki kömek boýunça hyzmatdaşlyk.
Şeýle hyzmatdaşlyk milli kanunçylygyñ talaplaryna laýyklykda (esasan-da, howp we töwekgelçilik analizlerini kesgitlemek işlerinde) degişli milli işleriñ netijeliliginiñ utgaşyklylygyny üpjün etmek maksady bilen alnyp barylmalydyr. Käbir ýagdaýlarda, bu aýratyn tehniki gurallaryñ, materiallaryñ we korrupsiýa degişli resminamalary galplaşdyrmak we toparlaryñ  ya-da hususy şahsyýetleriñ atlaryny bikanun ulanmak ýaly usullary we meýilleri işläp taýýarlamakdaky maglumatlary öz içine almagy mümkin.

ç) Hünär okuwy we iş toparlary boýunça hyzmatdaşlyk.
Gatnaşyjy-döwletler bilelikdäki okuw boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmegi meýilleşdirmekleri mümkin. Şu jähtden iş toparlaryny, okuw maslahatlaryny we ýoriteleşdirilen okuw maslahatlaryny edaranyñ iñ gowy tejribeleri we ösüp barýan ugurlary hem-de usullary has giñişleýin ýaýratmagy şeýle-de, korrupsiýa garşy hukuk goraýjy edaralaryn aragatnaşyk nokatlarynyñ ösmegi üçin mümkinçiligi döredip biler. Tejribe we maglumatlar işgärleri iş saparlaryna ibermek we alşylmak arkaly paýlaşylmalydyr. Şeýle-de, Gatnaşyjy-döwletler serişdeleriñ ýerliksiz ulanylmazlygyny ýa-da tagallalaryñ bölünmezligini üpjün etmelidirler.

d) Habarlaşyk nokatlary we aragatnaşyk merkezleri.
Sebit derejesinde Gatnaşyjy-döwletleriñ arasynda hyzmatdaşlyk üçin degişli habarlaşyk nokatlarynyñ ulgamy özüniñ netijeli hyzmatdaşlygy üçin bähbitlidigini subut etdi. Zerur halatynda wekiller özara ynamy ýokarlandyrmalydyrlar we umumy strategiýalary işläp taýýarlamalydyrlar. Täze meýillere seretmeledirler we işde gabat gelýän meseleleri çözmelidirler.

e) Bilelikdäki derñew toparlaryna gatnaşmak.
Elbetde, Gatnaşyjy-döwletlerde hukuk goraýjy edaralaryñ arasynda netijeli hyzmatdaşlyk boýunça birnäçe mysallar bar. Meselem, Ýewropoluñ ýa-da INTERPOL-uñ bilelikdäki añtawçylyk işleri, OLAF ýa-da Ýewropol ýaly operatiw gulluklara we netijeli hukuk hyzmatdaşlygyna ýardam etmek üçin birnäçe sebit hukuk resminamalary (seret: madda 49) bar.

### II.3. Hyzmatdaşlygyñ serişdeleri

Maglumatlaryñ ýa-da añtawçylygyñ daşary ýurt bilen baglanyşygy bolan derñew işlerinde maglumatlar ýa-da añtawçylyk materiallary ilkibaşda resmi däl hukuk goraýjy ýollar arkaly hem alnyp bilnerdi we olar has çalt, arzan we özara hukuk kömeginiñ resmi ýollaryna garanyñda has çeýe bolup biler. Şeýle resmi däl gatnaşyklar üçin zerur resminamalar her ýagdaýda-da talabalaýyk protokollaşdyrylmalydyr we kepillendirilmelidir. Sebitleýin resminamalary ylalaşmak üçin olar özara düşünişmek hakyndaky memoranduma ýa-da şuña meñzeş resminamalara gol çekilen ýagdaýynda jenaýat boýunça ýerli aragatnaşyk gullukçylary ulanmaklygy öz içine alyp biler.

48-nji maddanyñ 1-nji (e) paragrafy işgärleri alyşmak boýunça aragatnaşyk gullukçylaryny bellemek meselesine salgylanýar. Bir aragatnaşyk gullukçysyny başga bir döwlete işe bellemek bilen baglanyşykly çykdajylar sebäpli aragatnaşyk gullukçylaryny diñe iberýän döwletiñ hyzmatdaşlyk etmeginde ep-esli tejribesi bolan döwletlere ibermek ýykgyn edilýär. Aragatnaşyk gullukçysyny diñe bir belli döwlet bilen däl-de, eýsem sebitdäki bir ýa-da ondan hem köp döwletler bilen habarlaşmaga jogapkär etmek arkaly çykdajylary kemeltmek mümkindir. Beýleki bir mümkinçilik birnäçe döwletlere wekilçilik edýän ýeke aragatnaşyk gullukçysyny bellemekden ybaratdyr.

Halkara guramalaryn çäklerinde başga hyzmatdaşlygy hem göz öñünde tutmak mümkin. Muña INTERPOL, Ýewropol, Şengen Ylalaşygy Ýurtlarynyñ, Günorta Afrika Sebit Polisiýa Başlyklarynyn Hyzmatdaşlyk Guramasynyn işleri mysal bolup hyzmat edip biler. Şeýle halkara guramalaryñ çäklerinde hyzmatdaşlygy berkitmek üçin sebit we halkara derejelerinde netijeli maglumat alyş ulgamlaryny döretmek üçin tagallalar zerurdyr.

INTERPOL duýduruşlar ulgamy we Şengen maglumat bazalary ýaly islendik ulgamyñ netijeliligi üpjün edilýan maglumatlaryn takyklygyna we olaryñ öz wagtynda iberilmegine baglydyr. Şol bir wagtda, operatiw maglumatlaryñ alynmagy, ulanylmagy we bir ýerden başga bir ýere geçirilmegi hukuk goraýjy edaralaryñ hereketlerinin kanunylygy, aç-açanlygy we jogapkärçiligi hakyndaky soraglaryñ ýüze çykmagyna itergi berýär. Eger kanun we ýuridiki taýdan gözegçilik bolmasa, onuñ bikanun herekede eltip bilmegi mümkin. Esas goýujy hukuklaryñ doly hormatlanmagyna bolan zerurlyk, operatiw maglumaty toplamaklyk, derñew we ulanmaklyk mehanizmleri hökmany suratda göz öñünde tutulmalydyr. Islendik ýerde hukuk goraýjy edara kömek bermek niýeti bilen maglumatlar bazasy döredilende, milli maglumat goraýjylyk kanunçylygynyñ ýeterlik derejede işleýändigine we şeýle maglumat bazalarynyñ diñe bir döwlet derejesinde däl-de, eýsem halkara derejesinde hem hereket edýändigine üns bermelidir.

## III. Barlag sanawy

- Hukuk goraýjy edaralaryñ arasynda netijeli utgaşmaklyga ýardam etmek üçin Gatnaşyjy-döwlet haýsy hem bolsa iki ýa-da köptaraplaýyn ylalalaşyklary ýa-da şertnamalary baglaşypmy?

- Gatnaşyjy-döwlet hukuk hyzmatdaşlygy kanunyna degişli haýyşlar bilen iş salyşmak boýunça ýörite gullugy ýa-da gulluklary belledimi?

- Bu gulluk daşary ýurtly Gatnaşyjy-döwletiñ adyndan Konwensiýada görkeziilen jenaýatçylyklara degişli derñew işlerini alyp barmaga ygtyýarlandyryldymy?

- Bu gulluk maglumatlary paýlaşmaga, daşary ýurtdaky Gatnaşyjy-döwletlerdäki beýleki gulluklar bilen utgaşdyrmaklyk we hyzmatdaşlyk boýunça şertnamalarda esasy jogapkärçiligi çekmäge ygtyýarlandyryldymy?

## Madda 49: Bilelikdäki derñew işleri

*Gatnaşyjy-döwletler derñew etmeklige, sud yzarlaýyş ýa-da sud işlerine degişli meseleler boýunça iki ýa-da köptaraplaýyn ylalaşyklary ýa-da şertnamalary kabul etmelidirler, şol bir wagtda degişli ygtyýarly edaralar bir ýa-da ondan hem köp döwletlerde bilelikdäki derñew toparlarynyñ döredilmegini göz öñüñde tutmalydyrlar. Şeýle ylalaşyklaryñ ýa-da şertnamalaryñ ýok halatynda bilelikdäki derñewleri ylalaşyk arkaly aýratynlykda geçirmek mümkindir. Degişli Gatnaşyjy-döwletler şeýle derñew işleriniñ geçirilmeli döwletiñ çäklerinde şol döwletin özbaşdaklygyna doly hormat goýulmagyny üpjün etmelidirler.*

### I.Syn

Bu madda hökmany häsiýete eye däldir, ýöne ol 48-nji maddada görkezilen talaplara esaslanýar we mundan beýläk Gatnaşyjy-döwletleriñ arasyndaky gatnaşyklaryñ has-da ösdürilmegini göz öñünde tutýar. Bu madda Gatnaşyjy-döwletleriñ bilelikdäki derñew toparlaryny ulanmak we degişli jenaýatçylyklar boýunça birnäçe Gatanşyjy-dowletleriñ ýurisdiksiýasyýalarynyñ mümkinçilik berýän ylalaşygyna gelmäge çagyrýar. 49-njy madda mudan beýläk Gatnaşyjy-döwletlerine degişli ylalaşyklaryñ ýa-da şertnamalaryñ ýok ýagdaýlarynda aýry-aýratynlykda bilelikdäki derñew işlerini geçirmäge mümkinçilik berýär.

### II.Meseleler we çözgütler

### II.1. Operatiw meseleler

Bilelikdäki derñew işleri serhediñ daşyndaky jenaýatçylyklar, hususan-da guramaçylykly jenaýatlar boýunça halkara hyzmatdaşlygyn bir görnüşi hökmünde birnäçe ýyllar bäri ulanylyp gelinýär. Muña garamazdan, bu tejribe bütinleý aýratyn şertnamanyñ esasynda ýüze çykan ýaly bolup görünýär.

Iş tejribesi şeýle operasiýalaryn başga ýurisdiksiýada işleýän gullukçylaryñ hukuk derejesine we ygtyýarlyklaryna, başga bir Gatnaşyjy-döwletiñ gullukçysy tarapyndan şol ýurisdiksiýada bir Gatnaşyjy-döwletde alnan subutnamanyñ kabul ederlikliligine, başga bir ýurisdiksiýadan bolan gullukçylaryn sudda görkezme bermegine we derñewden öñ we soñ Gatnaşyjy-döwletleriñ arasynda maglumatlaryñ paýlaşylmagyna degişli meselelerin ýüze çykýanlygyny görkezdi.

Soñra bu tejribe meseleleriñ olary öñünden kesgitleýän we olar bilen iş salyşýan derñewi meýilleşidiriji çemeleşmeleri ulanmak arkaly çözüp boljakdygy tassyklanyldy. Muña garamazdan, transmilli we transmilli korrupsiýa işlerinde derñewleri alyp barmakda we maglumatlary alyşmakda takyklygyñ we ylalaşyklylygyñ saklanylmagy zerurdyr. Bu sudlarda görkezmeleriñ gürrüñsiz kabul ederlikliligini, daşary ýurt toparlarynyn hukuklarynyñ we borçlarynyn goralýandygyny we 49-njy maddada aýratyn talap edilişi ýaly, derñew işleri geçiriljek döwletin çäklerinde ol döwletin özbaşdaklygynyñ doly hormatlanylýandygy üpjün etmekde ýardam eder.

## II.2. Çarçuwa taýýarlamak

Şu wagta çenli bilelikdäki derñew işlerini esaslandyrmak we geçirmek üçin hiç-hili halkara derejesinde ylalaşylan çarçuwa we bu işi ýerine ýetirjek toparlar ýok. Ýewropa Bileleşiginin agza ýurtlary 2002-nji ýylyn iýulynda Ýewropa Geñeşinin Bilelikdäki Derñew Toparlary hakyndaky Çarçuwaly Çözgüdi esasynda şeýle çarçuwany döretdi. Bu çözgüt 2000-nji ýylda kabul edilen Jenaýat Işlerinde Özara Kömek hakyndaky Ýewropa Bileleşiginin Konwensiýasynyñ 13,15 we 16-njy maddalarynyñ durmuşa geçirilmegine ýardam etdi (13-nji madda bilelikdäki derñew toparyny döretmek we onuñ işi, 15-16-njy maddalar bolsa degişli taraplaryñ jenaýat we raýat jogapkärçiligi bilen iş salyşýar).

Ýewropa Geñeşiniñ Jenaýat Işlerinde Özara Kömek hakyndaky Konwensiýasynyñ Ikinji Goşmaça Protokolynyñ 20, 21 we 22-nji maddalarynda we agza döwletleriñ arasynda Özara Kömek we Agza Döwletleriñ Gümrük Administrasiýalarynyn arasynda Hyzmatdaşlyk hakyndaky Neapol II Konwensiýasynyñ 3,19, we 24-nji maddalarynda bilelikdäki derñew toparlary boýunça meñzeş düzgünnamalar bar.

Ýewropa Bileleşiginiñ bilelikdäki derñew işlerine çemeleşmesi esasan transmilli derejedäki agyr jenaýat işleriniñ derñewi üçin bilelikdäki derñew toparlarynyñ döredilmegine üns berýär. Ol şeýle-de birnäçe Gatnaşyjy-döwletleriñ utgaşdyrylan we bilelikdäki hereketi talap edýän jenaýatçylykly etmişler boýunça derñew işleriniñ alnyp barylmagyny talap edýär.
Bilelikdäki derñew toparlary hakyndaky Ýewropa Bileleşiginiñ Çarçuwaly Çözgüdi bilelikdäki derñew işlerinin çäklerinde ýüze çykýan tejribe we sud meselelerini çözmek üçin peýdaly gollanma bolup hyzmat edýär.

Ýewropa Bileleşiginiñ agza ýurtlary derñew işlerinde başlangyç tapgyrynda garalawçylara polisiýa tarapyndan maslahat berilmegine we ýurisdiksiýa, äşgär edilmek we beýleki Ýewropa hyzmatdaşlary bilen aragatnaşyk ýaly birnäçe meseleler boýunça garalawçylaryñ maslahat bermäge jogapkärçilik çekmegine hemişe garaşýardy. Hakykatdan-da, Gatnaşyjy-döwletleriñ topar ýolbaşçylarynyñ garalawçy ýa-da sudýalar bolmagy mümkindir.

## II.3. Bilelikdäki operasiýalaryñ meýilleşdirilmegi

Billelikdäki derñewleri meýilleşdirmekde we islendik başga işe başlamazdan öñ ilkinji seredilmeli meseleler şulardan ybarat:

- Wajyp transmilli korrupsiýa bilen baglanyşykly anyk we möhüm işe ähmiýet bermek arkaly bilelikdäki derñewi geçirmek boýunça netijä gelmegiñ ölçegi. Bu mesele derñewiñ günäkärlenýän adamyñ hukuklaryna laýyklykda we talabalaýyk hormat goymak bilen çemeleşmesini üpjün etmelidir;

- Bilelikdäki derñewiñ ýerini saýlamak üçin kriteriýa,ýagny ölçeg (serhet ýakasynda, esasy şübhe bildirilýän ýerleriñ golaýynda we ş.m.).

- Dürli ýurisdiksiýalaryñ işe gatnaşan ýagdaýynda derñewi alyp barmak üçin utgaşdyryjy edarany ulanmak;

- Derñewi dolandyrmak we oña gözegçilik etmek üçin esasy sülçini bellemek;

- Toparlaýyn maksatlar we bilelikdäki iş boýunça ylalaşyklar, şol bir Gatnaşyjy-döwletiñ her bir gatnaşýan gullugyndan we beýleki gulluklardan garaşylýan goşandy;

- Sud edaralarynyñ arasyndaky islendik medeni tapawutlyklary çözmeklik;

- Kabul ediji döwletiñ toparyñ düzumine jogapkärçilik çekmelidigi sebäpli derñewiñ desplapky şertlerine garamak;

- Bilelikdäki derñew toparynyñ garamagyndaky daşary ýurt edarasynyñ isgärleriniñ jogapkärçiligi;

- Sudýalar ýa-da sülçiler tarapyndan edilýän gözegçilik derejesi;

- Bilelikdäki derñewleri maliýeleşdirmek we serişdeler bilen üpjün etmek. Şu jähtden göni Gatnaşyjy-döwletlere degişli çykdajylar üçin zerur bolan ylalaşyk baglaşmaklygyñ zerurlygynyñ bolmagy mümkin. Her bir Gatnaşyjy-döwlet üçin çykdajylaryñ göni işgärleri paýlaýan gullukdan alynjakmy ýa-da nähilidir bir milli ýa-da halkara maliýeleşdirmäniñ görnüşi boljakmy bu barada ýörite görkezilmelidir;

- Ýüze çykýan hukuk we tejribe meseleleri, şol sanda maglumatlary jemlemek, saklamak we paýlaşmak, işleriñ gizlinligi, subutnamalaryñ ygtybarlygy we adalatlylygy, meseleleriñ aýan edilmegi (esasy üns umumy hukuk sud edaralarynda), gizlin operasiýalary ulanmagyñ netijeleri, degişli çykdajylar, ulag serişdelerini saklamak barada hukuk goraýjy edaralar üçin resminamalary anyklamak üçin hukuk düzgünlerini, kadalaryny we tertibini kesgitlemek;

- Ösýän Gatnaşyjy-döwletleriñ bilelikdäki derñewlere gatnaşmaklygynyñ mümkinçilikleriniñ, ekspert bahalandyrmagynyñ we tejribeleriniñ kämilleşdirilmegini üpjün etmeli;

Bu ugurdaky çeýe we netijeli ylalaşyklar köp halatlarda Ÿewropa Bileleşiginiñ Karar Çykarmaklyk baradaky Çarçuwasynyñ görkezmelri ýaly syýasy islege we gatnaşdyrylmaly döwletleriñ kesgitlenilmesine esaslanýar. Şeýle-de bolsa, şu hili ylalaşyklaryñ we şertleşikleriñ amala aşyrylmagy köplenç milli kanunçylygynda göz öñünde tutulan çäklendirmelere we talaplara laýyklykda alnyp barylýar.

**III. Barlag sanawy**

Köptaraplaýyn sud islerini çözmek üçin Gatnaşyjy-döwletleriñ ýolbaşçylary bilelikdäki derñewlere ýa-da bilelikdäki aýratyn derñew toparlaryna gatnaşdylarmy?
Şeýle gatnaşma ýöriteleşdirilen çärelere esaslanýarmy ya-da ony ygtyýarlandyrmaga nähilidir bir tassyklanan mehanizm barmy?
Bilelikdäki derñewler geçirilende nähili hukuk, operatiw we subut ediji meseleler bilen ýüzbe-ýüz bolunýar?

**Madda 50: Ýörite derñew usullary**

*1. Korrupsiýa garşy netijeli göreşmek üçin her Gatnaşyjy-döwlet öz içerki kanunçylyk ulgamynyñ esasy ýörelgeleriniñ çäklerinde we özüniñ içerki kanunçylygynda bellenilen şertlere laýyklykda öz territoriýasynda gözegçilikli we zerur hasaplanan halatynda, elektron ýa-da beýleki barlag we gizlin operasiýalar ýaly ýörite derñew usullaryny özüniñ*

*ygtyýarly edaralaryna geçirmäge mümkinçilik berip biljek we şeýle usullar arkaly alnan görkezmeler sudda subutnamalaryñ berilmegine mümkinçilik berjek çäreleri amala aşyrmalydyr.*

*2. Konwensiýada bellenilen jenaýat işleri derñemek maksady üçin Gatnaşyjy-döwletler zerur bolan halatynda halkara derejesinde hyzmatdaşlygyñ çäklerinde şeýle ýörite derñew usullaryny ulanmak üçin talabalaýyk iki ýa-da köptaraplaýyn ylalaşyklary ýa-da şertnamalary baglaşmaga höweslendirilýär. Şeýle ylalaşyklar ýa-da şertnamalar döwletleriñ özbaşdaklygy we deñlik ýörelgesinden doly ugur almak arkaly baglaşylmalydyr we durmuşa geçirilmelidir we şeýle ylalaşyklaryñ ýa-da şertnamalaryñ şertlerini berk berjaý etmek arkaly ýerine ýetirilmelidir.*

*3. Bu maddanyñ 2-nji punktunda kesgitlenen ylalaşygyñ ýa-da şertnamanyñ ýok halatynda halkara derejesinde şeýle ýörite derñew usullaryny ulanmak üçin çözgütler aýratynlykda kabul edilmelidir we zerur halatynda, degişli Gatnaşyjy-döwletleriñ kanunçylygynyñ ýerine ýetirilişine degişlilikde maliýe şertnamalary we ylalaşyklary göz öñünde tutulyp bilner.*

*4. Halkara derejesinde şeýle ýörite derñew usullaryny ulanmak üçin çözgütler degişli Gatnaşyjy-döwletleriñ razylygy bilen, gizlin diñlemeklik we harytlary ýa-da serişdeleri tutuşlygyna goýbermek ýa-da tutuşlygyna ýa-da bölekleýin aýyrmak ýa-da çalyşmak ýaly usullar goşulyp bilner.*

**I.Syn**

50-nji madda Gatnaşyjy-döwletlerden korrupsiýany derñemek üçin ýörite derñew usullaryny talabalaýyk ulanmaga mümkinçilik berjek çäreleri görmegi talap edýär.

1-nji paragraf gözegçilikli gowşurma we gerek halatynda, elektron ýa-da gözegçiligiñ we gizlin operasiýalaryñ beýleki görnüşlerini korrupsiýa bilen baglanyşykly jenaýatçylygyñ kämil görnuşlerine garşy göreşmekde hukuk goraýjy edaralaryñ elindäki netijeli guraly bolmagy mümkin bolan halatynda ulanmaga çagyrýar.

Muña garamazdan, şeýle usullaryñ ulanylmagy elmydama içerki hukuk ulgamlaryñ esasy ýörelgeleriniñ çäklerinde we içerki kanunlarda kesgitlenen şertlere laýyklykda ýerine ýetirilmelidir. 1-nji paragraf şeýle-de Gatnaşyjy-döwletleri şeýle usullar arkaly alnan subutnamalaryñ kazyýetde ýol bererlikliligini gazanmak üçin çäreleri görmeklige borçlandyrýar.

2-nji paragraf ýörite derñew usullarynyñ ulanylmagyna ygtyýar berýän talabalaýyk mehanizmiñ bolmagyna aýratyn ähmiýet berýär we şonuñ üçin, Gatnaşyjy-döwletleri bu ugurda hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin milli özbaşdaklyk meselelerine talabalaýyk hormat goýmak arkaly iki ýa-da köptaraplaýyn ylalaşyklary ýa-da şertnamalary baglaşmaga höweslendirýär.

3-nji paragraf pragmatik çemeleşmäni üpjün edýär we onda degişli ylalaşyklaryñ ýa-da şertnamalaryñ ýok halatynda aýratynlykda ýörite derñew usullarynyñ ulanylmagy üçin hukuk esasy hödürleýär.
4-nji paragraf halkara derejesinde ulanylmagy mümkin gözegçilikli gowşurmanyñ usullaryny anyklaşdyrýar we ol gizlin diñlemeklik we harytlary ýa-da serişdeleri tutuşlaýyn goýbermeklik ýa-da tutuşlaýyn ýa-da bölekleýin aýyrmaklyk ýa-da ýerine alyşmaklyk ýaly usullary öz içine alyp biler. Ulanmaly usul aýratyn bir işiñ ýagdaýlaryna

bagly bolup biler we oña subutnamalar we olaryñ ýol bererlikliligi hakyndaky milli kanunlar täsir edip hem biler.

### II. Meseleler we çözgütler

Soñky ýyllarda jenaýatyñ üstüni açmak we ony derñemek we añtawçylyk we öñüni alyş derñew işlerine köp esaslanýan usullarynyñ ulanmagynda möhüm üýtgeşme bolup geçdi. Mundan başga-da, derñewçileriñ gizlin maglumat toplap biljek tehnologik serişdeleri hem örän çalt depginde ösdi. Muña garamazdan, Gatnaşyjy-döwletler ýörite derñew usullarynyñ giñişleýin ulanylanda *adam* hukuklaryny goramak we islendik soñky kazyýet işlerinde subutnama baradaky talaplary göz öñünde tutmak arkaly olara örän seresaply çemeleşmelidigini we baha bermelidigini nazara alyp bilerler.

### II. 1. Howpsuzlyk çäreleri

Gatnaşyjy-döwletler ýörite derñew usullaryny ulanmagyñ hukuk we syýasy taýdan netijelerine çynlakaý seredip bilerler we şonuñ üçin adam hukuklarynyñ goralyşyny üpjün etjek talabalaýyk we deñagramly jikme-jik baha berilmegi zerur bolmagy mümkindir. Ýörite derñew usullarynyñ sud edarasyna ýa-da ýerine ýetiriji edarasyna degişli bolmalydygy baradaky soraga hem talabalaýyk üns berilmelidir.

### II.2. Çeşmeler/ tehnologik habarlylyk

Ýörite derñew usullaryna gatnaşýan hukuk goraýjy edaralaryñ hünär taýdan kämilligi we habarlylygy we olaryñ okuwa uly ünsüñ berilmegini talap edýän tejribe aspektleriñ hatarynda durýar. Mundan başga-da, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy güýçlendirmek üçin iñ gowy usullary gözlemekde daşary ýurtly ýörite bilimi bolan hukuk goraýjy gullukçylary üçin mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak we derñew usullaryny ulanmak arkaly alnan subutnamalaryñ ýol bererlikliligini üpjün etmek maksady bilen başga Gatnaşyjy-döwletlerde işlemegi talabalaýyk bolup biler.

### II.3. Subutnamalaryñ ýol bererligi

Ýörite derñew usullaryny ulanmagyñ we möçberinin kanunylygy we olaryñ gelip çykýan netijelerine degişlilikde soraglar ýüze çykmagy mümkindir. Bu esasanda bilelikdäki operasiýa meselesi bilen baglanşykly bolar we şonuñ üçin, añtawçylyklyk materiallaryny, maglumatlary we serişdeleri paýlaşmak uly seresaplylygy talap eder. Käbir ýurisdiksiýalarda ýörite derñew usullaryny ulanmak käbir kynçylyklary döretmegi mümkindir we onda sudýalar işe we ulanylan tehnologiýa doly düşünip ýa-da akyl ýetirip bilmezlikleri mümkindir. Muny talabalaýyk okuw taýyarlygy we hatda ýöriteleşdirilen sudýalar arkaly çözmek mümkindir.

### II.4. Usullar

Gatnaşyjy-döwletlere seretmek üçin başga birnäçe ýörite derñew usullary bar, emma II 4.1-II.47 has giñden ulanylýan usullara häsiýetnama berip geçýär. Haçanda Gatnaşyjy-döwletleriñ kazyýetleriniñ öñünde şeýle usullar arkaly alnan subutnamalaryñ dogrulygy üpjün etmek hem möhümdir.

### II.4.1. Tehniki gözegçilik etmeklik-telefonlary gizlin diñlemeklik, gizlin gözegçilik üçin kiçi göwrümli apparaturalary ulanmaklyk

Ilgezek elektron gözegçiligi hökmünde hem belli bolan bu usul derñew edaralarynyñ elindäki iñ uly guralyñ biri bolup durýar. Muña garamazdan, şeýle enjamlar umuman şahsyýetleriñ gepleşiklerini diñlemek üçin niýetlenen –olaryñ käbirleri bolsa derñewe dahylsyz bolmagy hem mümkin- olaryñ ulanmagyna ygtyýar berýän we şertleri üpjün edýän zerur howpsuzlyk çärelerine aýratyn üns berilmelidir. Elektron gözegçilige diñlenilýän enjamlar, telefon ýa-da elektron poçtany gizlin barlamak we yzarlamak enjamlaryny ulanmak ýaly usullar degişli bolup biler.

### II.4.2. Fiziki gözegçilik we yzarlamalar

Bu usul tehniki gözegçilige garanyñda biraz ilgezek bolmagy mümkin we ol şübhelenýäni fiziki gözegçiligiñ astynda saklaýar ýa-da şübhelenýäni yzarlaýar we surata düşürýär. Muña garamazdan, ol bank hasaplaryna gözegçilik etmek ýa-da hatda geleşiklere gözegçilik etmegiñ has çylşyrymly ýa-da kämil usullaryny hem ýerine ýetirip biler.

### II.4.3. Gizlin operasiýalar we duzak operasiýalaryny ulanmak

"Duzak operasiýasyny" öz içine almagy ýa-da almazlygy mümkin bolan gizlin operasiýalary ulanmak adaty serişdeler arkaly korrupsiýa dildüwşüginiñ üstüni açmaklyk juda kyn bolan halatynda örän netijelidir. Şeýle operasiýalaryñ maksady korrupsion toparlar bilen gatnaşyga girmekden we şeýlelikde, gizlin operatiw gullukçylaryny korrupsion hereketlerine şaýat bolmaklaryny we olaryñ üstüni açmaklaryny gazanmakdan ybaratdyr. Goý ol gizlin polisiýa gullukçysy ýa-da jenaýatçylykly dildüwşigi gurnaýjynyñ ýarany bolsun, ol "belet" adamyñ subutnamasy derñew işiniñ şowly geçirilmegine juda uly kömek edip biler. Başga-da, şeýle jemleýji subutnamanyñ netijesi köplenç hyzmatdaşlygy we sud edilýänden günäsini boýun almagy teklip edýär, şol bir wagtda, uzak we çykdajyly sud prosesine bolan zerurlygy aradan aýyrýar (seret: madda 37).

Gizlin operasiýalara gizlin gullukçynyñ ýol gözegçilik polisiýasyna ýa-da kiçi wezipeli gullukça para bermek ýaly adaty işlerden başlap has çylşyrymly ýa-da kämil uzak möhletleýin meýilnamalary almagy mümkindir we bu meýilnamalar hem ýörite derñew usullaryny, hem derñewiñ özüniñ döredijiligini talap edýär ("işjeñ importy ýa-da eksporty "döretmeklik"). Muña garamazdan, käbir Gatnaşyjy-döwletlerde gizlin gullukçylar we duzak operasiýalary, hususan-da, güpbasdy meseleleri we jenaýatçylyk eden gullukçylar bilen (para hödürlemek ýaly) we şeýle operasiýalaryñ serişdeleri, dowamlylygy we çykdajylary hakyndaky meseleler ýüze çykyp biler.

### II.4.4. Maglumat berijiler

Köp Gatnaşyjy-döwletler maglumatlaryñ çeşmesi hökmünde döwlet edaralarynyñ içinden maglumat berijileri ulanýarlar ýa-da işe çekýärler. Olar hukuk goraýjy gullukçylar däl-de, eýsem döwlet gullukçylarydyr. Edaralardaky gizlin işe ýa-da gözegçilige degişli däl maglumatlaryñ çeşmesi we añtawçylyk hökmünde şeýle maglumat berijiler netijeli hyzmat edip bilmekleri mümkindir. Beýleki tarapdan, olaryñ ulanylmagy töleg, maglumatlaryñ ýaýradylmagy, howpsuzlyk we maglumat beriji bien işleşmek ýaly meseleleri ýüze çykarmagy mümkindir. Bu işde başga bir ýüze çykyp biläýjek mesele bolsa işi kazyýete bermägä maglumat ýeterlik bolan halatynda şeýle maglumat berijileriñ şaýatlar hökmünde ulanyp boljaklygydyr.

### II.4.5. Dogruçyllyk barlagy

Dogruçyllyk barlagy bu korrupsiýanyñ hem öñüni almakda, hem bu mesele boýunça kazyýet jenaýat derñew işlerini geçirmekde we ony saklamakda juda netijeli we amatly usul hasaplanýar. Dogruçyllyk barlagy adatça bir döwlet gullukçysynyñ ýa-da birnäçe döwlet gullukçylarynyñ korrupsiýa bilen baglanyşyklydygy görkezýän maglumat bar bolan ýagdaýynda ulanylýar.

Meýilnama düzülende döwlet gulluçysy gündelik adaty ýagdaýda, ýagny oña jenaýatçylykly işe baş goşmalymy ýa-da başga nädogry hereketler etmelimi ýa-da ýok diýen mümkinçiligi öz şahsy akyly arkaly ulanmaga pursat döredilýär. Işgäre gizlin gullukçy tarapyndan para hödürlenip bilner ýa-da başga birinin üsti bilen para almaga mümkinçilik döredilip bilner, ýa-da meselem, döwlet wezipelerini hyýanatçylykly peýdalanmaga pursat berlip bilner (19-njy madda seret). Muña garamazdan, şeýle barlagy ýöne parh goýulmaýan esasda ulanyp bolmaz we hökmany işgäriñ korrupsiýa ymtylýanlygy barada maglumata esaslanyp amala aşyrylmalydyr. Mundan başga-da, “öjükdirmäniñ”öñüni almaga niýetlenen bar bolan çäklendirmelere üns berilmelidir. Onda gizlin gullukçylara şübhelenýäne jenaýat etmäge mümkinçilik döretmäge rugsat berilýär, emma ony ýerine ýetirmekde hiç hili hemaýat bermeklik rugsat edilmeýär.

### II.4.6. Maliýe geleşiklerine gözegçilik etmek

Maliýe edaralary arkaly bikanun serişdeleriñ hereketi we Gatnaşyjy-döwletleriñ MAG-na habar bermekligiñ derejesi derñewçileri diñe bir serişdeleriñ hereketi hakyndaky maglumat bilen däl, eýsem oña gatnaşýanlaryñ arasyndaky gatnaşyklar baradaky maglumatlar bilen hem üpjün edýär. 50-nji maddanyñ maksatlary üçin Gatnaşyjy-döwletler talabalaýyk gözegçilige, edara we barlaga degişli maliýe geleşikleri hakynda habar bermeklik tertibiniñ korrupsiýanyñ malýe girdejileriniñ ýerleşýän ýerini, hereketini we ýaýradylyşyny yzarlanmagy üçin hasaplary derñewçileriñ gözegçilikde saklamagyny gazanmagy üçin şert döretmelidirler.

## II.5. Degişli Konwensiýalar

Birnäçe Gatnaşyjy-döwletleriñ eýýäm 50-nji maddada üpjün edilen, hususan-da neşe söwdasy, guramaçylykly jenaýatlar bilen baglanyşykly jenaýatçylyklara degişli mehanizmleri we netijede BMG-ñ 1988 –nji kabul eden Neşe Serişdeleriniñ we Psihotrop Maddalaryñ Bikanun Söwdasyna garşy Konwensiýasy (gözegçilikli gowşurma barada 11-nji madda seret) we BMG-ñ Transmilli Guramaçylykly Jenaýatçylyga garşy Konwensiýasy (20-nji madda seret) ýaly konwensiýalara gatnaşyjy bolup durýan bolmaklary hem mümkin. Muña garamazdan, bu usullary ulanmalymy ýa-da ýok diyen netijeler içerki kanunçylygyñ talaplaryna, şeýle-de degişli Gatnaşyjy-döwletleriñ garaýyşlaryna we serişdelerine bagly bolar.

# III. Barlag sanawy

- Döwletiñ ygtyýarly edaralary gözegçiligiñ we beýleki ýörite derñew usullarynyñ tehniki görnüşlerini amala aşyrmaga ygtyýary barmy?

- Şeýle tehniki usullary ulanmak barada anyk gollanma barmy?

- Şeýle ýörite derñew usullaryny ulanmak arkaly alnan subutnama milli kazyýetlerde peýdalanmak ýol bererliklimi?

- Gatnaşyjy-döwlet ýörite derñew usullaryny ulanmak boýunça halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin haýsydyr bir ikitaraplaýyn ylalaşyk ýa-da şertnama baglaşdymy ýa-da olara goşulyşdymy?

## HUSUSY SERIŞDELERI GAÝTARYP BERMEKLIK
## (Bap V, maddalar 51-59)

### Madda 51: Umumy düzgün

*Bapda bellenilen hususy serişdeleri gaýtaryp bermek düzgüni bu konwensiýanyň esasy düzgüni bolup, Gatnaşyjy-döwletler bir-birine hyzmatdaşlygyň giň mümkinçiligini hödürleýärler we bu babatda ýardam berýärler.*

### Hususy serişdeleri gaýtaryp bermeklik esasy ýörelgedir

Döwletiň korrupsiýa hereketlerinden gelen girdeýjini gaýtaryp almaklyk bu konwensiýanyň esasy maksatlarynyň biri bolup biler. (1-nji maddanyñ b) punkty). 51-nji madda korrupsiýa hereketleri netijesinde gazanylan girdejini gaýtaryp almaklyk, konwensiýanyň "esasy ýörelgesi" hökmünde indiden beýläk kesgitleniler.

Bu madda hyzmatdaşlygyň we ýardam etmekligiň nä derejede üpjün ediljekdigini kesgitleýär we ýüz tutan Gatnaşyjy-döwletlere korrupsion işden gazanylan girdejini gaýtaryp almaklyga, beýleki pidalaryň ýa-da kanuny eýeleriň bähbitlerine seredilер. Konwensiýanyñ düşündiriş belliginde görkezilen "esasy ýörelge" diýlen düşünje 5-nji maddadaky beýleki düzgünleriň hukuk netijelerini özünde jemlemeýändigine garamazdan, (A/58/422/ Goşmaça.1, paragraf. 48), 51-nji madda-düzgüniň düşündirişine degişli bolan şübhe hususy serişdeleriň gaýtarylyp berilmegi bilen baglanyşygyny görkezýän meýilleriň beýannamasy konwensiýanyň esasy halkara hyzmatdaşlyk maksadyna degişli gaýtaryp bermek düzgüniň bähbidine çözülmeli.

5-nji bapdaky emlägi gaýtaryp bermeklik düzgüni konwensiýanyň II we IV baplarynda bellenilen düzgünleriň sanawy bilen baglanyşykda seredilmelidir, hususan-da 14-nji maddada pul serişdeleriň "ýuwulmagyndan" (kanunlaşdymagyndan) goranmak, 31-nji maddada halkara hyzmatdaşlygyň we emlägi gaýtaryp bermeklik düzgüni üçin öňden döreýän şert hökmünde içerki kapitaly hereketsiz goýmak we korrupsion işden gazanylan girdejini konfiskasiýa etmek, 39-njy maddada federal häkimýetiň we hususy sektoryň hyzmatdaşlygy we 46-njy maddada halkara hyzmatdaşlyk we ikitaraplaýyn hukuk kömegi barada aýdylýar. 52-nji madda hem Gatnaşyjy-döwletleriň oýlanyşykly hereket etmeklerini, hasaba deponirlenen asyl eýeleriň pul serişdeleriniň hakykylygyny wezipeli adamlar tarapyndan kesgitlenilmegini we barlanylmagyny ýa-da maşgala agzalar we ýakyn ýoldaşlarynyň adyndan ynanylan fiziki şahslaryň hasabatlarynyň güýçlendirlen barlagynyñ geçirilmegini hem talap edýär.

### Madda 52: Jenaýat işden gazanylan girdejileriň ýaýradylmagynyñ (geçirilmeginiñ) öňüni almak we ýüze çykarmak

*1. Bu Konwensiýanyň 14-nji maddasyna zyýan bermezde, her Gatnaşyjy-döwlet içerki kanuna laýyklykda gerek bolan çäreleri geçirýär we öz ýurisdiksiýasynyň çaginde maliýe edaralarydan müşderleriň şahsyýetini barlamaga, hasaba deponirlenen (geçirilen) pul serişdeleriniň asyl eýeleriniň şahsyýetlerini kesgitlemek üçin oýlanşykly hereket etmeklerini we hasap açmaga synanyşyk edýän jemgiýetçilik ygtyýarlyklary bolan wezipeli adamlar ýa-da olaryň maşgala agzlary we ýakyn ýoldaşlary tarapyndan*

*ynanylan fiziki adamyň adyndan güýçlendirlen barlagyñ geçirilmegini talap edýär. Şeýle güýçlendirlen barlag doly ygtyýarly edaralara hasabat bermek maksady bilen şübheli şertlnamalary ýüze çykarmak üçin öýlanşykly taýýarlanylýar we maliýe edaralara kanuny müşderleri bilen hyzmatdaşlyk saklamaga gadagan edilmeýär.*

*2. Her Gatnaşyjy-döwlet içerki kanuna laýyklykda 1-nji paragrafda bellenen çäreleri amala aşyrmak üçin sebit, sebitara we köpugurly guramalaryň ýerlikli başlangyçlaryndan ruhlanyp, pul serişdeleriniñ "ýuwulmagyny" kanunlaşdyrmaklygyna garşy şeýle çäreleri ýerine ýetirmeli:*

*a) öz ýurisdiksiýasynyň çäginde hasaby maliýe edaralaryň garamagynda bolan fiziki adamlara ýa-da ýuridiki edaralara maslahat beriji görkezmeleri çap edýär. Şeýle hasaplara degişli uly üns berilýän hasabyň görnüşlerine we hasabat işlere, hasaplaryñ açylyşyna, tehniki hyzmatlara we hasabat ýöretme işleri babatynda güýçlendirilen barlag hem geçirilip bilner,*

*b) zerur ýagdaýlarda beýleki Gatnaşyjy-döwletiň talaby ýa-da öz başlangyjy boýunça öz ýurisdiksiýasynyň çäginde, şeýle edaralaryň garamagynda bolan belli bir fiziki ýa-da ýuridiki edaralaryň hasaby güýçlendirilen barlaga garaşyp bilmekleri ýa-da maliýe edaralar tarapyndan başga usul bilen kesgitlenjekdigi barada habar etmeli.*

*3. Bu maddanyň 2-nji paragrafynyñ (a) punktuna laýyklykda her Gatnaşyjy-döwlet belli bir wagtyň dowamynda özüniñ maliýe edaralary bu maddanyň 1-nji paragrafyñ agzalan adamlara degişli hasabat işleri we operasiýalar barada maglumatlary we gerekli ýazgylary alyp barmagy üçin çäreleri amala aşyrmaly, bu ýazgylar iň azyndan müşderiñ şahsyýetini we mümkin boldugyça asyl eýesi barada maglumatlary öz içine almaly.*

*4. Konwensiýada kesgitlenilişine laýyklykda jenaýat pul serişdelerini geçirmezlik, maliýe toparynyň şahamçasy we fiziki wekili bolmadyk banklaryň döredilmegine garşy maksady bilen, her Gatnaşyjy-döwlet dolandyryjy we gözegçilik edýän organlaryň kömegi bilen gerekli we netijeli çäreleri amala aşyrmaly. Mundan başga-da, Gatnaşyjy-döwlet özüniň maliýe edaralaryndan beýleki edaralar bilen bank hyzmatdaşlygyna başlamaga we dowam etmäge öz banklarynda hasap saklamaga rugsat berýän we maliýe toparynyň şahamçasy we fiziki wekili bolmadyk daşary ýurt maliýe edaralar bilen hyzmatdaşlyk saklamaga gadagan etmekligini talap edýär*

*5. Her Gatnaşyjy-döwlet öz içerki kanunyna laýyklykda degişli ýokary wezipeli adamlar barada hereket edýän maglumatlaryň açylmagyny göz öňüne tutýan düzgünleriñ döredilmegini ara alyp maslahatlaşýar we boýun egmezlige garşy gerekli sanksiýalar bilen üpjün edýär. Her Gatnaşyjy-döwlet zerur ýagdaýlarda maglumatlary barlamak üçin öz doly ygtyýarly döwlet hökümet edaralaryna beýleki Gatnaşyjy-döwletleriň doly ygtyýarly hökümet edaralary bilen şol maglumatlar bilen paýlaşmak üçin çäreleri ara alyp maslahatlaşmaly we Konwensiýa laýyklykda jenaýat pul serişdeleriniñ gaýtarylyp alynmagyny talap edip bilerler.*

*6. Her Gatnaşyjy-döwlet öz içerki kanununa laýyklykda zerur ýagdaýlarda hukugy, gol çekmeklik hukugy we haýsy-da bolsa daşary ýurtda maliýe hasabatyna degişli başga ygtyýarlygy bolan wekilçilikli adamlar üçin beýleki döwlet hökümet edaralara şonuň ýaly hasabata degişli hasabatynyň alnyp barylmagyny talap edip biler. Şeýle çäreler bu talaplara boýun egmezligi üçin gerekli sanksiýalaryň amala aşyrylmagyny göz öňünde tutýar.*

## I.Syn

Egerde 14-nji madda pul serişdeleriň kanunlaşdyrmagyna (ýuwulmagyna) garşy esasy operatiw ýörelgelerini kesgitlese, 52-nji madda bolsa Gatnaşyjy-döwletlerden öz maliýe edaralaryndan müşderileriň şahsyýetlerini barlamaga gerekli ýazgylarynyň saklanymagy we buhgalter hasabatynyň ýöredilmegi, ýokary wajyp hasabatlaryň asyl eýeleriniň şahsyýetlerini kesgitlemek üçin oýlanyşykly hereket etmeklerini talap edýär we (1-nji paragrafynda bellenilişi ýaly) barlagy wezipeli adamlar tarapyndan ýa-da maşgala agzalar we ýakyn ýoldaşlarynyň adyndan ynanylan fiziki şahslaryň hasabatlarynyň güýçlendirlen barlagyny geçirmeklik talap edilýär.

Gatnaşyjy-döwletler bu talaplary amala aşyranlarynda öz maliýe edaralaryna bu borçnamalaryň ýerine ýetirilmegi babatynda maslahat beriji görkezmeleri çap edýär. Maslahat beriji görkezmeler esasan resmi bolup, maslahat beriji edaralar tarapyndan jikme-jik taýarlanylyp bilner, maslahat beriji görkezmeler bank we maliýe edaralar, maliýe ministirlikler, we beýleki degişli edaralar tarapyndan çapdan çykarylyp bilner. Mundan başga-da, bikanun gazanylan pul serişdeleriniň geçirilmegine, ýeriniň üýgedilmegine we öz haýyryňa geçirilmagine garşy 52-nji madda galp banklar bilen aragatnaşyk etmekden saklanmaklaryny maslahat berýär.

Birinjiden, Gatnaşyjy-döwletler doly ygtyýarly edara şeýle maslahat beriji görkezmeleri çapdan çykarmaklaryny haýyş bilen ýüz tutup bilerler. Dogrusyny aýtsak, pul serişdeleriniň kanunlaşdyrmaklyk (ýuwulmaklyk) ugurlary dowam edýär, şonuň üçin maslahat beriji görkezmeler şübje döredýän şertnamalaryň, şeýle hem “sakçylaryň” professional pikiriniň esasynda gurlan kesgitlenilen nusgalarynyň netijesinde çap edilip bilner. Şu ýagdaýlary göz öňünde tutup we Konwensiýanyň maslahatlaryna salgylanyp, Maliýe Agtarma Bölümi (MAB)-FIU we pul serişdelerini kanunlaşdyrmaklyk (ýuwulmaklyk) bilen işleşýän guramalar birnäçe temalara degişli maslahat beriji görkezmeleri çapdan çykarmaly. Olar 1-nji paragrafda, 2 (b) we 3-nji paragraflarynda bellenen hökmany talaplara degişli bolmaly. 58-nji madda MAB - Maliýe Agtarma Bölüminiň gurluşyny we täsirini açyp görkezýär.

8-nji maddada bellenilişi ýaly, degişli wezipeli adamlar üçin maliýe hasabatlary we daşary ýurt hasaplary äşgär etmekligi talap edýän madda, maliýe institutlaryndan öz müşderileriniň ýagdaýlary barada, esasan hem ýokary wezipede işleýän we olar bilen golaý aragatnaşykda bolan adamlaryň şahsyýetlerini barlamak üçin güýçlendirilen barlagy geçirmeklikligini talap edýär. 52-nji madda laýyklykda Gatnaşyjy-döwletiň çäginden korrupsiýa hereketleri netijesinde gazanylan girdejileriň üýze çykmazlygynyň öňüni alar ýa-da şertnama baglaşylan döwlet häkimýet agzalaryny bu barada duýdurar. Gelip çykyşy boýunça Gatnaşyjy-döwletiň edaralary pul serişdeleriniň geçirilmegini bes edip bilmes, onda kabul edýän Gatnaşyjy-döwlet ýa-da olary yzyna gaýtarmaklygy ýa-da bu barada habar etmekligi başarmaly.

## II.Tejribe meseleler we çözgütler

### II.1. Müşderiniň şahsyýetiniň anyklanylmagy

Degişli edaralaryň birinji talaby bu müşderileriň şahsyýetlerini barlamakdyr. Bu bolsa şahsyýeti diňe ýüzleý kesgitleme hökmünde amala aşyrylýar. “Öz müşderiňi bil” diýen düzgünden gaty bir tapawudy bolman, şeýlelik-de şahsy kepillendirýän şadatnamasyny ýa-da şahsy kepillendirýän beýleki resminamalarynyň edilmegini çäklendirýär. 1-nji punkta degişli edaralarda ýasama resmi kagyzlary ulanmaklygyň öňüniň alynmagy üçin diňe bir müşderiň şahsyýetiniň kesgitlenilmegi däl-de, eýsem gaýtadan barlanmagyny

maliýe edaralardan talap edýär. Şahsy kesgitlemekligiñ dürli düzgünler müşderileriň dürli görnüşleriniñ hasaba alynmagy üçin zerur bolar.

Fiziki şahsyýet bilen ýüzbe-ýüz duşulanda, olaryň şahsyýetlerini barlamaklyk ýa-da suraty bilen bir we iki resmi kagyzlaryň nusgasysyny almaklyk,meselem (pasportdan, şahadatnamadan, sürüjilik şahadatnamasyndan ýa-da şuňa meňzeş resmi kagyzlardan) edara müşderleriň şahsyýetlerini gaýtadan barlamak üçin gerekli çäreleri amala aşyrmak üçin ýeterlikli bolar. Müşderi bilen ýüzbe-ýüz duşuşylmadyk ýagdaýynda (hat ýa-da Internet arkaly) maliýe edaralar bolaýjak hasap eýeleriniň şahsyýetlerini haýsy-da bolsa bir resmi kagyzyň tassyklanylan nusgasy we öýlerde, garaşsyz üçünji firmalarda ulanylýan hat alyşmaklygyñ kömegi bilen salgylaryň tassyklanylmagyñ üsti bilen barlap bilerler. Şeýle nusgalar notarius ýa-da beýleki maliýe edaralar tarapyndan berilýär,

Daşary ýurtly ýa-da öz döwletiň ýuridiki edarasy barada gurrüň gidende, maliýe edaralar olaryň şahsyýetlerini barlamak üçin kompaniýanyň hasaba alyş ýerinde ýa-da Web-saýtlarda we resmi neşirlerde täzelenen resmi kagyzlaryň nusgalaryny ulanmaklary mümkin, ýa-da döwlet hasaba alyş merkezinden, resmi býulletenden ýa-da resmi neşir merkezinden maglumatlary alyp, olary barlap bilerler.

Bu çäreler ep-esli wagtyňy almagy mümkin, şonuň üçin işewir gatnaşyklara päsgelçilik bermezlik üçin Gatnaşyjy-döwletler öz maliýe edaralaryna bu çäreleriň amala aşyrylýan wagtynda wagtlaýyn hasaplary bermeklige rugsady göz öňünde tutup bilerler. Emma iş operasiýalar bolmaly derejede kanagatlandyrmazdan ýa-da wajyp operasiýalar gadagan etmezden we daşary ýurt ýurusdiksiýasyny almazdan we geçirmezden öň, ähli gerekli resmi kagyzlar doldurylmaly.Üstesine, öňünden bellenen wagta çenli proseduralar tamamlanylmadyk ýagdaýynda, bu prosedura gatnaşyklarynyň kesilmegini gazanyp biler.

### II 2.Wajyp hasaplaryň asyl eýeleriniň şahsyýetini kesgitlemek

Ikinji talap, bu wajyp hasaba geçirilen pul serişdeleriň asyl eýelerini kesgitlemek üçin ýerlikli hereket etmeklik we kanun bozýan şahsyýetleriň adyndan jenaýat işleri edilende, üçünji şahsyýetleriň gatnaşmagyna päsgel bermeklik. Bu belli bir prossesual işleriniň bank hasabyň eýesi, asyl eýedigini anyklamk üçin amala aşyrylmagyny talap edýär. Şeýle prossesual işleriň dört sany aýratyn bölekleri bar. Birinjiden, asyl eýe kesgitlenende Gatnaşyjy-döwletler öz maliýe edaralaryndan bank hasabyň asyl eýesi hökmünde kesgitlenilmedik korporatiw (hususy bähbitler esasynda birleşen topar) serişdäni ýa-da yuridiki şahsyýeti kabul etmegini gadagan etmeklerini göz öňünde tutup bilerler.

Ikinjiden, haýsy maliýe önümler ýokary bahaly hasaplara degişlidigini kesgitlenilmeli. (punkt 2 (a)). Hasaplaryň iň az derejede bolmagyna garamazdan, şu sorag boýunça görkezmeleri çap edýän Gatnaşyjy-döwletler diňe bank hasaplara däl, eýsem, meselem gymmat bahaly kagyzlaryň hasabyna, üçünji şahsyýetleriň tarapyndan edilen goýumlar üçin müdirlik bilen ylalaşyklara, pul birligi we gymmat bahaly daşlar babatynda ylalaşylan we beýleki howply şertnamalar babatynda talabyň ulanylamagyny göz öňüne tutup biler. Şu ýerde dört sany punkta uly üns bermeli. Olar maliýe önümler, beýleki ýurtda hereket edýän serişdeler, ynanylan emläk we ökde hünärli işgärler.

Ýokary ünsi talap edýän maliýe önümler şu aşakdakylardan ybaratdyr, müşderi asyl eýe bilen umumy hasaba, gymmat bahaly kagyzlaryň hasabyna, inwestition şereketler we beýleki köpçülikleýin pul goýumlara degişli soraglarda ylalaşmadyk wagty. Şeýle yagdaýlarda şuňa meňzeş önümleriň eýeleri maliýe edaralary müşderä gerek bolan maglumatlary öz içine alýan asyl eýeler baradaky hasabaty wagtly-wagtynda

täzelemekligini talap edilip bilner. Açyk söwda edýän şereketlere üçin kadadan çykmalar bolsa birnäçe ýurisdiksiýalarda taýýarlanylýar.

Başga döwletde ýerleşýän (ofşor) kompaniýalar bu Gatnaşyjy-döwletde öz hasabyna alnan edaralary bolan we şol döwletiň çäginde hiç hili söwda operasiýalaryny amala aşyrmaýan edaralar, korporasiýalar, trestler, ýa-da beýleki guramalar bolup durýar. Şeýle-de özüniň administratiw edarasy we işgärler ştaty ýa-da ştaty bolaýan ýagdaýynda-da, şol işgärler diňe administratiw meseleleri çözýärler. Emläge eýelik edýän korporatiw edaralardan Gatnaşyjy-döwletler öz maliýe edaralaryna, ýuridiki edarala degişli registrirlenen (hasaba alnan) içki resminamalaryň nusgasyny we emlägiň asyl eýesine degişli ýazylan arzalaryny barlamaklaryny talap etmeklerini mejbur etmeli. Şeýle-de, Gatnaşyjy-döwletler öz maliýe edaralaryna bir korporativ edarany beýleki korporatiw edaranyň asyl eýesi hökmünde kabul etmezligi mümkin.

Belli bir asyl eýesi bolmadyk, eýelik edýän müşderi degişlilikde maliýe edaralar emlägi göz astynda saklaýan şahsyýet hakynda maglumatlary öz içine alýan ýazylan arza bilen üpjün edilmegini talap edip bilýär, meselem (hakykatda şol döwletde ýaşaýan şahsyýet, hasabyň eýesine gerekli görkezmeleri bilen üpjün edip biljek we benefisiar (kreditden girdeji alýan adam), hossar ýa-da howandar bolup biläýjek şahsyýetler).

Maslahat beriji görkezmeleri çap edilende, Gatnaşyjy-döwltler professional gizlinlik (konfidensiallyk ) bilen bagly bolan müşderiler (aklawjy we notarius) haýsy ýagdaýlarda hasaplarynyň asyl eýeleri barada maglumatlary açmaklygy talap ediljekdigini kesgitlemegi zerurdyr. Meselem, kazyýet çykdaýjylarynyň hakujy, dawa edýan taraplardan ýa-da dawa edýän taraplara tölegi, mirasyň paýlanylamagy ýa-da nikany bozmada emläk paýlanylşygy.

Üçünjiden, Gatnaşyjy-döwletler maliýe edaralary öz garaýyşlaryna laýyklykda hususy (asyl) eýeçilige degişli talaplary ulanmagyna karara gelseler-de, Gatnaşyjy-döwletler tarapyndan kesgitlenen birnäçe ýagdaýlarda we hadysalarda maliýe edaralardan çareleriň ýerine ýetirmegi talap edilýär. Maliýe edaralar müşderiniň we asyl eýäniň bir adamdygyny kesgitleseler-de, gutarnykly däl ýagdaýlar kömek edip biler. Meselem, bu ýagdaýlar şu şertleri öz içine alýar, haçanda hususy serişdeler haýsy-da bolsa bir şertleşige çekilse we şertleşigiň amala aşyrylmagyny isleýän adamyň maliýe abraýyna laýyk bolmadyk ýa-da ynanylan adamyň hukugy, hasabyň eýesi bilen ýeterlik aragatnaşygy bolmadyk adama berlen ýagdaýyda.

Dördünjiden, Gatnaşyjy-döwletler maliýe edaralardan hasabyň asyl eýesine bolan şübhe ýa-da ynanmazlyk sebäpli gözegçilik edilýän çäreler talaba laýyk gelmeýän ýagdaýynda söwda aragatnaşyklarynyň çäklendirilmegini talap edip bilýärler; şu aşakdaky ýagdaýlarda sebäpler ýüze çykyp biler:

- Bank, hasap eýesiniň şahsyýetine degişli maglumatlaryň dogrulygy barada şübhelenmek üçin sebäp bar.
- Asyl eýäniň arzasynyň dogrulylygy şübheli.
- Wajyp sud çözgüdinde ýazylmadyk üýtgeşmeleriň gollary bar.
- Hasap eýesiniň şahsyýetini barlanan ýagdaýynda, bankyň ýalňyşdyrjak bolýandygyna sebäp bolan ýagdaýynda.

- Bank hasabynyň asyl eýesi barada bilkastlaýyn nädogry maglumatyň berilmegi.

- Işiň amala aşyrlmagyna degişli hasabyň eýesiniň arzasy (deklarasiýa) babatynda şübheler galýandyr.

**II.3.Syýasy tarapdan goralmadyk şahsyýtleriň hasaplarynyň güýçlendirilen barlagy**

II.1 we II. 2-nji punktlaryna goşmaça Gatnaşyjy-döwletlerden wezipeli adamlar tarapyndan ýa-da maşgala agzalar we ýakyn ýoldaşlarynyň adyndan ynanylan fiziki şahslaryň hasabatlarynyň üstünde geçirilýän şübheli şertleşikleriň güýçlendirlen barlagynyň geçirilmegi hem talap edilýär. Maddada talap edilýän syýasy tarapdan goralmadyk şahsyýetler barada maglumatlara degişli Gatnaşyjy-döwletler soraglaryň sanawyny ara alyp maslahatlaşýarlar.

Birinjiden, Gatnaşyjy-döwletler syýasy goralmadyk şahsyýtleri takyk kesgitlemeli. 5 we 6-njy punktlarda bellenilen talaplara laýyklykda, Gatnaşyjy-döwletlerden işjeň bolmaklary we beýleki Gatnaşyjy-döwletlere ýardam etmekligine garaşylýar we olaryň tarapyndan diňe içerki däl-de eýsem daşary ýurt syýasy işgärleri we maşgala agzalary ýa-da golaý garyndaşlarynyň girizilmegini ara alyp maslahatlaşylyp bilner. Maşgala agzasynyň girizilmegi hiç hili kynçylyk döretmese, çözgüt maşgala, garyndaşlyk we nikalylyk gatnaşyklara esaslanyp bilner. Emma garyndaşlyk derejesini kesgitlemek örän kyn bolýar.

Esasan, jogap, kanunçylyk ulgamyndagy gözegçilik edýän häkimýete elýeter bolan maglumatlaryň derejesine bagly bolýar. Meselem, eger-de gözegçiler gozgalmaýan emlägiň, şereketleriň belliknamalaryndaky resmi kagyzlaryny peýdalanmaklyga rugsat alan ýagdaýynda, maslahatçy olardan registrirlenen hasaplary bilen paýlaşýan ýa-da hyzmatdaşlygy we beýleki söwda birleşmeleri amala aşyrýanlary şärik diýip hasaplamagyny talap edýär. Beýleki ýurisdiksiýada maslahatçy "jemgiýetçilige niýetlenen maglumata" ýüzlenip biler we wagtly-wagtynda habar beriş serişdelerinde mümkin bolaýjak garyndaşlyk derejesini barlap biler.

Ikinjiden, Gatnaşyjy-döwletler "güýçlendirilen barlag" diýen düşünjäni kabul etmeli. Ýakynda, köp kanunçylyk ulgamlar öz maliýe edaralaryndan iş operasiýalaryň kepilnama gabat gelmeýän ýagdaýlaryny kesgitlemek üçin "müşderi hakynda maglumat" döredilmegini talap edýär. "Müşderi hakynda maglumatyň" döredilmegi maliýe edaralara emlägiň çeşmesini (gelip çykyşyny) ulanyp boljak maliýe serişdeler, gelýän we gidýän hasaplarynyň garaşylýan maliýe serişdeleriniň jemi we söwda-senagat işjeň işiniň şu wagtky bazarda amala aşyrylyşy. Beýleki kanunçylyk ulgamlar öz maliýe edaralaryna syýasy tarapdan goralmadyk şahsyýtler bilen gatnaşygy ýola goýmak üçin hereket etmekligini talap edýär. Ol şu aşakdaky talaplary öz içine alýar:

- Syýasy tarapdan goralmadyk adamlaryñ şahslaryny beýleki daşary ýurt arz edijilerden tapawutlandyrýan adaty arz ediş prosesi.

- Egerde müşderini syýasy goralmadyk şahsyýet bolsa, girdejiniň çeşmesini, şol ýurisdiksiýada hasap açmak üçin ynandyryjy esaslary barlamaklygyň üsti bilen baýlygynyň çeşmesini kestgitlemek we, meselem, beýleki ýurisdiksiýa degişli hökümet guramalardan we söwda operasiýalardan gelen maliýe serişdeleriniň gelmegine gözegçilik etmek.

- Eger bu barlag hiç hili gyzyklanma döretmese we gatnaşyk ahyrsoňy ýola goýulsa, bank ähli ýagdaýlarda müşderiniň we geçiriljek geleşikleriñ ähtibarlylygyny anyklap biler.

- Eger-de gözegçilik prosesinde käbir meseleler ýüze çyksa, haýal etmän doly ygtyýarly edaralara habar bermeli.

- Syýasy goralmadyk şahsyýetler bilen hemme gatnaşyklar maliýe edarasynyň başlygy tarapyndan ýygy-ýygydan barlanylyp durmaly.

- Bar bolan hasaplar we bank bilen aragatnaşyk ýola goýlandan soň, syýasy tarapdan goralmadyk şahsyýtleriň hataryna girip biläýjek "köne" müşderi barlanyp bilner.

### II 4. Içerki maliýe edaralaryna bolan güýçlendirilen barlaga degişli maslahatlar

Syýasy tarapdan goralmadyk şahsyýtleriň kesgitlenilmeginiñ çylşyrymlydygyny göz öňüne tutup, bu düşünje maşgala agzalary we ýakyn garyndaşlary öz içine alýar, 52-nji madda bolsa täze şerti kesgitleýär, bu şert boýunça her Gatnaşyjy-döwlet beýleki Gatnaşyjy-döwlete syýasy goralmadyk adamlaryñ şahslary barada habar berip bilýär we maliýe edaralaryndan müşderiniň ähtibarlygynyñ anyklanmagyny talap edip bilýär.

Gatnaşyjy-döwletler bu şerti amala aşyranda tanymal daşary ýurt doly ygtyýarly edaralara wajyp maglumatlary ýygnap geçirmek üçin şu gatnaşyklar we kömek proseduralara mynasypdygyny kesgitläp bilerler we maglumatlaryñ gizlinligini, ulanylmagy we dolulygyny üpjün etmek üçin degişli howpsyzlyk çärelere eýermeli. (aşakda serediň II 8). Korrupsiýadan gelen pul serişdeleriň ýygy-ýygydan hasapdan hasaba geçirilişinden ägä bolýan ýurisdiksiýalar üçin amatly serişde bolup durýar. 56-njy madda Gatnaşyjy-döwletleriň beýleki Gatnaşyjy-döwletlere soňky gyzyklanma döredýän syýasy tarapdan goralmadyk şahsyýtleriň hataryna giren şahs barada duýdurylmagyna ýardam berýär.

### II 5.Ýazgylaryň alnyp barylmagy

52-nji maddanyñ (3) 2 punktuna laýyklykda çap edilen maslahatlar ýokary töwekgelçilikli müşderini we syýasy tarapdan goralmadyk şahsyýtleriň ýazgylarynyň alnyp barylmagynyň kepilini kesgitleýär. 14-nji madda (1) Gatnaşyjy-döwletleri öz maliýe edaralaryna esasy ýazgylarynyň alnyp barylmagynyň kepiline borçly etmegine mejbur edýan ýagdaýynda, 52-nji maddanyñ (3) punkty syýasy goralmadyk şahsyýtler üçin esasy goşmaça ýa-da güýçlendirilen ugruny talap edýär.

Gatnaşyjy-döwletler bu şerti amala aşyranda, dürli sebäplere görä ýazgylaryň saklanmak möhletiniň wagtynyň kesgitlenilmegini ara alyp maslahatlaşyp bilerler. Bu sebäpler jenaýatyň we derňew işiň arasynda bolan wagtlaýyn togtama, ýokary wezipede işleýän (eldigirmezlik we prosesual işe täsirini ýetirip biljek) şahsyýetiň prossesual işini yzarlamakda kynçylyk çekmek, halkara emläk bilen bagly yzarlamagyň kynçylyklary, Konwensiýa laýyklykda bellenen jenaýatçylyk babatynda çäklendirilmä degişli 29-njy madda amala aşyrylanda strategik çözgüdiň kabul edilmegidir. Köp kanunçylyk ulgamlar öz inspektorlaryndan ýazgylaryň saklanylmagy üçin ylalaşykly wagtyň kesgitlenilmegini talap edýär. Meselem, her bir şereketiň ýa-da ylalaşygyň ýola goýlan wagtyndan 5 ýyl kesgitlemeli.

Köp ýagdaýlarda, saklamak üçin ähli resmi kagyzlaryň asyl nusgasy gerek bolup durýar. Gatnaşyjy-döwletler syýasy tarapdan goralmadyk şahsyýetleriñ gözegçiligini has-da güýçlendirilmekligiň we hasaba almalaryň möhletini uzaltmaklyk meselä seredilişi ýaly isläp bilerler, syýasy tarapdan goralmadyk şahsyýetler babatynda hususy serişdeleri yzyna gaýtaryp almaklyk meselesi diňe bir inisirlenen ýagdaýlarynda çözgüdi diňe edara çykaryp bilýan ýagdaýlary hem bolup biler.

## II 6. Galp banklaryň döredilmegi we olar bilen korrespondent aragatnaşygyny ýola goýmaklygynyň öňüniñ alynmagy

Halkara maliýe ulgamynda hususy serişdäni gizlemek üçin iň amatly ýerleriň biri galp banklardyr. Halkara kabul edilen galp bankyň kesgitlemesi bu hususy serişdeleri bolmadyk we şertleşiklerde gatnaşmaýan banklara galp bank diýýilýär. (has takygy ýolbaşçylyk organy bolmadyk), döwletiň içinde korparasiýa hökmünde regestrirlenmedik we patenti bolmadyk, ýolbaşçylyk edýän guramalar bilen bagly bolmadyk. (Basel Komiteti, 2003; serediň Wolfsberg AML Principles for Correspondent Banking). Galp banklar ýurisdiksiýanyň çaginden jenaýat işiň netijesinde gazanylan girdejileri çykarmak we wajyp korrupusion hileleri amala aşyrmak üçin ulanylýar.

Şu sebäpli, 4-nji paragraf Gatnaşyjy-döwletlerden öz kanunçylyk ulgamynda galp banklaryň döremeginiñ öňüni almak çäreleriniñ kabul edilmegini talap edýär. Maliýe edaralara degişlilikde  şertleşiklere we ylalaşyklara gatnaşmazlyk, edaranyň ýoklugyny aňlatmaýar. Adatça, galp banklar öz dolanşygyny ýerli agentlikleriň ýa-da hukuk maksatlar üçin salgy bilen üpjün edýän  az işgärleriň kömegi bilen işini dolandyrýar.

Maliýe edaralara degişlilikde, fiziki taýdan gatnaşmaklyk diýlende bu bank operasiýalary we şertleşikleri ylalaşmak hukugy bolan we ýolbaşçy onuň dolandyrmagyny amala aşyryp bilýän ýagdaýna diýýilýär. Galp banklara degişlilikde onuň dolandyryş merkezi aýry ýurisdiksiýalarda, birleşen guramalaryň edaralarynda  we hatda hususy binalarda ýerleşýär. Dürli ýurisdiksiýalarda dolandyryş edarasynyñ bolmagy dogry gözegçiligi alyp barmakda päsgelçilik döredip biler.

Galp banklarynyň ýene-de bir kesgitlemesi bar. Olar beýleki gözegçilik astynda bolan maliýe edaralar bilen bagly däl.

Galp banklaryň müşderileri öz atlaryny we maliýe serişdeleriň çeşmesini hem gizlinlikde saklamak we beýleki maliýe edaralara geçirmek üçin ulanýarlar. Başgaça aýdanymyzda, galp banklaryň hasabynda goýlan pullar köp wagtlap saklanylamaýar. Şonuň üçin Gatnaşyjy-döwletler öz maliýe edaralaryna beýleki galp banklar bilen hat alyşmak gatnaşyklary gadagan edýän çäreleri kabul etmeli.

Hat alyşmaklyk gatnaşyklary bu banklaryň arasynda bank hyzmatlaryny üpjün edýär. Bank ulgamynda bu gatnaşyk örän wajypdyr, sebäbi beýleki bir ýurtda ýerleşýän banklar beýleki ýurisdiksiýada fiziki taýdan gatnaşygy bolmadyk banklaryň müşderileri bilen şertnama baglaşmagyny we bank hyzmatlaryny hödürläp bilmeýärler. Korrespondent hasabyny açýan banklara jogapkär banklar diýlip atlandyrylýar we serişdeleri harçlamazdan we fiziki taýdan gatnaşygy ýola goýmazdan korrespondent bankdan hödürlenýän hyzmatlary peýdalanyp biler. Şu gün, dünýäniñ iň esasy maliýe merkezlerinde ýerleşýän köp iri halkara banklar beýleki müňlerçe banklar üçin korrespondent bank hökmünde çykyş edýär.

Banklaryň arasynda hat üsti bilen aragatnaşykda käbir gowşak ýerleri bar, sebäbi korrespondent bank elmydama öz daşary ýurt bank müşderileri beýleki daşary ýurt

banklar tarapyndan hasaplaryny ulanmaga rugsat bermegini we korrespondent hasabyndan gelýän serişdeleriň eýeleriniň şahsyýetlerini soramaga hukugy ýok. (serediň II. 1we II. 2). Egerde olaryň müşderileri banklar bolan ýagdaýynda, korrespondent banklar pul serişdeleri "ýuwulmagy" garşy düzgünleriň berjaý edilmegine bil baglýar, emma daşary ýurt müşderilere degişlelikde bu düzgünleri güýç bilen berjaý edilmegi örän gymmat we amala aşyryp bolmaýar. Ondan başga-da, bank korrespondent hasabyň eýesi bolan ýagdaýynda, şol hasapdan gelýän pul serişdeler köpsanly daşary ýurt banklaryň müşderilerine degişlidir.

Hödürlenen çäreler amala aşyrylanda Gatnaşyjy-döwletler şu aşakdakylary göz öňüne tutmaly:

- Öz maliýe edaralaryndan töwekgelçiligiň derejesine baha bermegini ýa-da jogapgär bankyň dolandyrylyşy, maliýe ýagdaýy, söwda işjeňligi, at-abraýy, ýolbaşçylyk we dürli bank operasiýalarynyň alnyp barlyşy barada degişli barlag geçirilmegini talap edýär;

- Eger-de degişli barlaglaryň netijesinde galp banklar beýleki daşary ýurt banklara girmek ýa-da gatnaşyk saklamak hukugynda şübhe dörän bolsa, olar öz maliýe edaralaryna daşary ýurt banklar bilen hat üsti bilen aragatnaşyk saklamagyny gadagan edýär;

- Öz maliýe edaralaryndan jogapkär banklaryň işi barada, pul serişdeleriniň "ýuwulmagyna" garşy görkezmeleriniň we strategiýalaryň nusgalaryny almaklygyny we özünde saklamagyny talap edýär;

- Öz maliýe edaralaryndan hat üsti aragatnaşyklary barada degişli ýolbaşçylara habar bermeklerini talap edýär;

- Öz maliýe edaralaryna aýratyn işiň ýa-da ýagadaýyň gidişini barlamak üçin daşary ýurtly gözegçiler bilen maglumatlaryñ alyşmagyny üçin ýol açýar.

### II 7. Degişli wezipeli işgärler üçin maliýe maglumatlary açmaklygyñ ulgamy

5-nji we 6-njy paragraflar Gatnaşyjy-döwletlere daşary ýurt hasaplaryň eýeçilik hukugy bilen bilelikde degişli wezipeli işgärler üçin maliýe maglumatlary açmaklygyñ ulgamyny kesgitlemeklik maslahat berilýär. Bu barada 8-nji maddada hem bellenilýär.

Şu görkezmäni amala aşyrmak isleýän Gatnaşyjy-döwletler 8-nji maddada bellenen birnäçe soraglary göz öňüne tutmaly. Birinjiden, olar maglumatlary açmaklyk we gözegçilik edýän ulgamlary dolandyrmak üçin hökümi bolan (şeýle-de kanunyň bozulmagyny derňeýän we sanksiýalary amala aşyrýan ) edaralary öz içine alýar. Käbir Gatnaşyjy-döwletler Konwensiýanyň 6 we 36-njy maddalarynda bellenen guramalaryň kömegine ýüzlenýär, başgaça aýdanyñda, şu ulgamlar ýa-da salgyt edaralar ýa-da bellenen guramalar (ýa-da kanunçykaryjy komitet) tarapyndan dolandyrylýar. Beýleki bir tarapdan, ýuridiki hukugy bolan ýagdaýynda olaryñ käbirleri konsultatiw, ýagny maslahat beriş gurama bolup durýar. Çemeleşmeleriñ görkezilen görnüşleri gatnaşýan wezipeli adamlaryň sany, maglumatlaryň aýan edilmegi, gözegçilik etmeklik we beýleki düzgünler hem-de sanksiýalaryň amala aşyrylmagy bolup durýar, Gatnaşyjy-döwletler olara degişli maglumatlary almak üçin olary ünsli öwrenip bilerler, olary tassyklamak üçin seredip bilerler. Olaryñ käbiri maslahat beriji, beýleki käbirleriniñ bolsa hukuk güýji bardyr. Işe çemeleşmeleriñ giñ göwrümi berlen, ol wezipeli işgärleriñ köpüsini öz içine alýar.

Maglumat açylyp görkezilýar, ykrarlamak we beýleki proseduralar we sanksiýalary ulanmaklyk, Gatnaşyjy-döwletler olary üns bilen öwrenip bilerler, bu babatda şolara degişli maglumatlar elýeterli bolmalydyr, olaryñ talabalaýyk bolmaklygy üçin ykrar edilmekligiñ köp tagallary talap edýän proseduralary we serişdeleri bolmalydyr.

Ikinjiden, "degişli wezipeli işgärler" düşünjesini girizmek hakynda pikirlenilen wagty Gatnaşyjy-döwletler olary diňe wezipäniň derejesi bilen kesgitlemän, eýsem gowşak goranmaklyk diýen düşünje bilen saýlaýarlar (serediň: 7madda). Şeýlelikde, köp Gatnaşyjy-döwletler saýlanan ýolbaşçylary, syýasatçylary (ministrleri, sekretarlary we şol Gatnaşyjy-döwletleriň ýolabşçylarynyň kömekçilerini), ýokary wezipeli adamlary, kazyýet ulgamynyň agzalary we kähalatlarda ýokary wezipeli harby işgärleri goşýarlar. Gatnaşyjy-döwletler islendik wezipeli adamlary Ýurduň adyndan satyn almak we satmak (satyn alyş edaralarda ýa-da döwlete degişli kärhanalaryň dolandyrjysy, ýarag öndürýän edaralarda we maliýe operasiýalary amala aşyrýan adamyň) wezipesine bellenilmegini göz öňüne tutup bilerler. Mundan başga-da, köp Gatnaşyjy-döwletler maşgala agzasynyň eýe hökmünde haýyr görmekligini we korrupsion girdejileriň çeşmeleri bolmazlygy üçin öz wezipeli adamlaryndan maşgalalarynyň bähbitlerini aýan etmeklerini talap edýärler.

Üçünjiden, Gatnaşyjy-döwletler maglumatlaryň haýsysyny deklarasiýada talap ediljegini (we ony etmekligiñ talabalaýyk derejesini) we olaryň gözden geçirmek işiniň ýygylygyny ara alyp maslahatlaşyp bilerler. Ulgam maglumatlaryñ mümkin boldugyça giñden açylmagyna ýokary talap bildirenok, emma soralmadyk maglumatlary hem açyp görkezmeklerine rugsat berýar (wezipeli işgärler kesgitläp boljak gyzyklanmalaryň gapma-garşylygynynyň boljak ýagdaýlary bilen gyzyklanmaly däldirler, we ony identifikasiýa etmeklige zerurlygyñ açyp görkezmeklige bolan talap şowsuz bolup biler).

Dördünjiden, Gatnaşyjy-döwletlerden şu çäreleri maglumatlary açmak ulgamynyň üsti bilen alnan maglumatlary  bu Konwensiýada bellenen jenaýat işiň alnyp barylmagynda, şahsyýeti anyklamakda, azatlygy çäklendirmekde we bikanun gazanylan serişdeleri gaýtarmakda we talap etmekde kömek etmek üçin beýleki Gatnaşyjy-döwletlerindäki doly ygtyýarly edaralar bilen paýlaşmagyny ara alyp maslahatlaşmagyny talap edilýär.

Daşary ýurt ygtyýarly guramalar bilen maglumat paýlaşylmagy halkara hukugyň we daşary ýurt syýasatynyň garamagyna bagly bolsa-da, Maliýe Agtarma Bölümi (MAB) ýaly bütindünýä maglumat alyş dolandyryş edarasy netijeli we çalasyn edara hökmünde subut edildi. Onuñ düşündirilişi talap edilen wagtynda gizlinligi saklamak we şertiň ýerine ýetirmezlik ýagdaýynda sanksiýalaryň amala aşyrylmagy üçin kadalaryň deňlenilmegi. Korrupsiýa garşy guramalaryň arasynda maglumatlaryň alyşmaklygyny düşündirýän ikitaraplaýyn ylalaşyklar we memorandumlar (6, we 36-njy maddalarda bellenen Maliýe Agtarma Bölümi (MAB) ýa-da beýleki edaralar)  hususy durmuşyň eldegirmezligine degişli kada-kanun bilen  ýa-da banka we salgyda degişli işler ýa-da bank we salgyt gizlin maglumatlary açmaklyga  çekilen ýagdaýynda ylalaşmaly. Şeýle ylalaşyklar düzülende, maglumatlaryň diňe talap etmekligiň üsti bilen däl-de eýsem öz-özünden geçer ýaly resmi kanallary ulanmaklyk maslahat berilýär. Bu çäre maglumatlaryň alyş-çalşygyny has hem gowulandyrar.(serediň 56-njy madda). Eger-de birnäçe içerki edaralar goşulsa, onda Gatnaşyjy-döwletler ony sazlaşdyrmaklygyň meselesini ara alyp maslahatlaşmaly.

### II. 8 Wezipeli işgärler we daşary ýurt hasaplar

Birinjiden, pul serişdeleriň tölenmeginiň üstüniñ açylmagy, wezipeli adamlaryñ daşary ýurt hasaplara öz şahsy bähbidi bolýar, ikinjiden, bu ýagdaýda wezipeli adamlarda ygtyýarlygy, gol nusgasy ýa-da beýleki dolandyryş ulgamynyň tarapyndan döwlete

degişli kärhanalaryň daşary ýurt hasaplary, söwda hasaplary ýa-da ilçihanalaryň hasaplary, diplomatik wekilçilikleriň we beýlekileriň hasaplary maliýe bähbitleri ýaly beýleki Gatnaşyjy-döwletde görkezýär.

Birinjiden, 5-nji paragrafda göz öňüne tutulan ulgamyñ amala aşyrylan wagtynda kesgitlenen düzgünlere meňzeş düzgünler ulanylýar. Aýratyn üns daşary ýurtly ygtyýarly hökümetler bilen maliýe maglumatlary alyşmaklyga berler. Ikinjiden, 6-njy paragraf döwlet serişdeleri ogurlamaklygy, ynamyndan hyýanatçylykly peýdalanmaga we öz garaýşyň boýunça ulanmak ygtyýarlygy öňüni almak üçin güýçli serişde hödürleýär. Şu şert amala aşyrylanda, Gatnaşyjy-döwletler öz Döwlet bankynyň hasabat resminamalaryny derňemek wezipsende hasap edip bilýärler, we 5-nji paragrafda bellenilişi ýaly maglumatlary açmaklyk ulgamyny edaralar tarapyndan diňe dolandyrmak däl-de, eýsem şol maglumatlary derňemek hukuklary barmy?. Maglumatlary açmaklyk ulgamynyň berjaý edilmezligi bilen baglanyşykly sanksiýalaryň aspektleri ýaly, 6-njy punktda bellenen talaplaryñ berjaý edilmezligine degişli sanksiýalar bilen Gatnaşyjy-döwletler üpjün etmeklerini ara alyp maslahatlaşyp bilerler. Sanksiýalar düzgüni bozmaklyga doly proporsional bolmaly. Şeýlelikde, şeýle ýagdaýlar jerime salmak ýaly ýagdaýlar, käbir wezipeli adamlara we ýagdaýlara ýeterlikli ynandyryjy bolup bilýär.

Ulgam (gulluk) etiki kadalaryna ýa-da maglumatlary açmaklyk ulgamyna degişli jenaýatly günaleri öz içine alýan bolsa-da, Gatnaşyjy-döwletler tussaglykdan eldegirmezligi peýdalanýan ýokary wezipeli işgärleri göz öňlerine tutmaklary mümkin. Bu ýagdaýlarda, wezipeli adamyň hususy emlägiň geljekki ösüşi barada düşündiriş bermekden saklanmak maksady bilen bilgeýşleýin aldanlygy aýdyň edilýän, ýalňyş beýannama eden wagty jenaýat işiň çözgüdigini soňa goýlup bilner. (15-nji we 30 njy maddalarda eldegirmezlik hakynda soraglara serediň).

**Madda 53: Emlägiň gönüden - göni gaýtarylyp berilmegi üçin çäreler**

*Her Gatnaşyjy-döwlet öz içerki kanunyna laýyklykda şu aşakdaky çäreleri ýerine ýetirýär:*

*a) Şu Konwensiýa laýyklykda bellenilen kanunbozulmasynyñ komissiýasy tarapyndan ykrar edilen tituly ýa-da emläge eýelik etmek hukugynyñ öz sudlarynda raýat talap arzalaryny bermäge beýleki Gatnaşyjy-döwletlere rugsat bermek ýaly çareleri geçirmek;*

*b) öz sudlaryna Konwensiýada bellenilişi ýaly jenayat eden adamlara jenaýat etmekligiñ netijesinde zeper ýeten beýleki Gatnaşyjy-döwlete öwezlik tölegini tölemäge we çykdajynyň öwezini doldurmaga rugsat bermek üçin gerek bolan çäreleri amala aşyrmak;*

*c) öz sudlaryna ýa-da doly ygtyýarly döwlet hökümet edaralaryna Konwensiýada bellenilişi ýaly, haýsy-da bolsa bir jenaýat işi etmekligiň netijesinde gazanylan emlägiň hukuk eýesi diýip, konfiskasiýa barada mesele çözülende beýleki Gatnaşyjy-döwletiň talaplaryny kabul etmek;*

**I. Syn**

53-nji madda Gatnaşyjy-döwletden öz ýurisdiksiýasynyň çäginde, beýleki Gatnaşyjy-döwletiň bikanun gazanylan hususy serişdäni talap etmek, raýat talap arzasyny we bikanun gazanylan hususy serişdäni yzyna gaýtarmak we gös-göni çäreleri başlamak üçin kanuny ýagdaýynyň barlygyny üpjün etmeli.

Ozalky eýeçilik, ýitgini tölemek we öwezini doldurmak beýleki Gatnaşyjy-döwletiň kazyýetinde dawaly hususy serişdeleri ret etmegi talap edýän zyýan çeken Gatnaşyjy-

döwlet üçin bu biri-birinden tapawutly ýuridiki esaslardyr, we degişli kanuny ýagdaýy bolan zyýan çeken Gatnaşyjy-döwletler emläge degişli raýat talap arzalarynda talapgär hökmünde we kriminal jenaýat sebäp bolan ýitgini doldurýan, raýat ýa-da jenaýat konfiskasiýa tertibinde eýeçilik hukugyny talap edýän tarap häkmünde çykyş edýär.

## II Meseleler we çözgütler

### II.1. Hususy hukugyň kepili

Beýleki Gatnaşyjy-döwletlerden öz sudlarynda raýat talap arza bermeklige rugsat etmeklerini başlamaklyk talap edilýär, arza bolan hukugy ýa-da Konwensiýada bellenilişi ýaly göni we göni däl jeneýat etmekligiň netijesinde gazanylan ähli hususy serişdeleriň eýeçilik hukugyny kesgitlemäge Gatnaşyjy-döwletlerden talap edilýär. Bu şerti amala aşyrmak üçin Gatnaşyjy-döwletler iki sany kazyýet işini ara alyp maslahatlaşyp bilerler.

Birinjide, Gatnaşyjy-döwletler öz raýat we jenaýat derejesinde sud etmek hukugynda 53-nji madda laýyklykda gerek bolan ýagdaýynda ekspertizany tazeden garamaklyk we barlag geçirmegiň garşysyna hereket edýän şertleri deňlemegi üçin isleg bildirip bilerler. Käbir sud okruglar Gatnaşyjy-döwletler we olaryň hukuk wekilleri beýleki daşary ýurt jemagat hukuk guramalar ýaly meňzeş derejede hasap edilýändigine anygyna ýetmeli.

Hususy hukugy we kazyýet guramalaryna girmek rugsady, zeper ýetmegiň ya-da ýitginiň talap edilmegi we olaryň sebäpli baglanşygy ýa-da çäklendirelmeleriň netijelerine arza bermek ýaly  çäklendirilýän talaplara esaslanan sud tejribeleri bu maddany amala aşyrmak üçin maksadalaýyk bolup durýar.

Göni däl bähbide degişli zeper we göni däl ýitgi hususy hukugynyň esasy hökmünde kabul edilen ýagdaýynda, Gatnaşyjy-döwletler Konwensiýa laýyklykda diňe bir biderek harçlamanyň üsti bilen däl, eýsem parahorlugyň üsti bilen gazanylan hususy serişdeleriň eýeçiligi ýa-da adyny we beýleki hukukbozulmalary talap etmek üçin beýleki Gatnaşyjy-döwlete öz sudlaryna girmek rugsadyny berýär.

Ikinjiden, eger-de beýleki Gatnaşyjy-döwlet talapkär hökmünde çykyş edýän tarap bolsa, Gatnaşyjy-döwletler kazyýetlere girmek rugsadynyň ölçeglerine täzeden garamaly. Köp kazyýet okruglarynda raýat talap arzalara degişli işlerde çykyş edýän Gatnaşyjy-döwlet ýurisdiksiya degişli we prossesual işlere başlap biler. Ýurisdiksiýa işlere degişlilikde, käbir kazyýet okruglar daşary ýurt Gatnaşyjy-döwletleri talapkärleriň “ýörite kategoriýa” hökmünde hasaplap sud edaranyň birinji derejesinden ýokary başlangyç ýurisdiksiýa geçirilýär.

Gatnaşyjy-döwletler bu şertler prosesual hukuklary we şeýle hem şikaýat etmek hukuklaryny kemeltmezlik üçin gözegçilik etmekleri mümkin.  Hususy hukuk bilen bagly prosesual soraglar we suda girmek rugsady, içerki aklawjylar kollegiýasyny goramaklyk zerurlygy esasan ösmedik we ösen ýurtlar üçin dawaly mesele bolup durýar, sebäbi olaryň ýöriteleşdirilen zonalarynda hukuk hyzmatlary örän gymmat we uzaga çekýär.

### II.2. Parahorlyk jenaýat işiň netijesinde girdejiniň öwezini doldurmak

Konwensiýada bellenilişi ýaly parahorlyk jenaýat işiň netijesinde girdejiniň öwezini doldurmak we ýitgini tölemek üçin Gatnaşyjy-döwletlerden öz kazyýetlerine jenaýat eden tarapa  jenaýatdan zeper çeken beýleki Gatnaşyjy-döwlete ýerini doldurmak we ýitgini tölemegini talap etmegine rugsat bermek üçin gerekli çäreleri kabul edilmekligi talap edilýär.  (serediň 34-nji we 35-nji maddalara). Bu täze şerte laýyklykda korrupsion

girdejileriñ töledilmegi diňe konfiskasiýa esasynda amala aşyrylýar we Gatnaşyjy-döwletleri öz kazyýetlerine beýleki zeper çeken Gatnaşyjy-döwlete öwezini doldurmaklyga we ýitginiñ töledilmegine degişli talap edýän hukugyny hasap etmegini borçly edýär. Gatnaşyjy-döwletler bu şerti amala aşyranda meseleleriň sanyny göz öňünde tutmaly. Birinjisi zerur bolan kazyýet işleri çözmäge degişlidir. Iki sany saýlaw hukugy hem mümkindir:

a) Beýleki Gatnaşyjy-döwletden zeper çeken Gatnaşyjy-döwletler jenaýat etmek kanuny we beýleki raýat doktrinlardan ugur alyp öwezini doldurmaga we ýitgini tölemäge degişli talaby mälim etmekligi talap edip bilerler.

b) Gatnaşyjy-döwletler jenaýatkäre hüküm çykaranda öwezini doldurmaklygy (kompensasiýa) kesgitlemegi esasy temmi bilen bilelikde goşmaça temmi hökmünde öz jenaýat sudlaryna rugsat berýär.

Birnäçe Gatnaşyjy-döwletler, meselem Raýat Hukuk Konwensiýasynyň Korrupsiýa boýunça Ýewropa Komiteti eýýam korrupsiýadan zeper çeken aýratyn şahsyýetleriň we ýuridiki edaralaryň öwezini doldurmak üçin hukugyny takyklady. Bu çäre diňe beýleki Gatnaşyjy-döwletiň şeýle sud işlerinde statusyny beýgeltmek üçin amala aşyrylýar. Gatnaşyjy-döwletlerde ýitginiň öwezini doldurmak talaby korrusiýa degişli bolsa, onda bellenilen sud işi bolmaýar, emma muňa garamazdan zeper ýeten Gatnaşyjy-döwletiň hukuklaryna garaýan esasy sud işi we şaýadyň görkezmeleriniň bermek düzgüni we goranmak hukugy esaslandyrylmalydyr.

Prosesual nukdaýnazardan, soralan hususy serişdäniň gelip çykyşyna görä raýat talap arzasy, hususy serişdäniň ýa-da raýat kanunbozma esasynda bolup biler. Döwlet gaznasynyñ ogurlanan we galplyk edilen ýagdaýlarynda talap ediji Gatnaşyjy-döwlet öz halkynyň ýa-da Maliýe Ministirliginiň adyndan hususy serişdäniň hukuk eýeçiligini talap edýär. Parahorlyk ýa-da beýleki kanunbozmalaryň esasynda bellenilen hususy serişdeler hususylyga degişli bolan ýagdaýynda bolsa, talap günäkäriň ýetiren zeperiniň ýa-da öz gulluk yagdaýyna daýanyp hyýanat etmegiň netijesinde gazanylan bikanun girdejileri Gatnaşyjy-döwletiň tarapyndan yzyna almak hukugyň netijesine esaslanyp biler.

Tölemeli ýitginiň görnüşleri bilen bagly soragalar degişlilikde Gatnaşyjy-döwletler, ýüz tutýan Gatnaşyjy-döwlet diňe maddy ýitgini ýa-da ruhy taýdan ýitgini talap etjekdigini çözmeli. Döwletiň girdejisi korrupsion işiň netijesinde azalan ýagdaýynda, şol girdejileriň ýitgisi ykrar edilýär. Ruhy taýdan ýa-da maddy däl ýitgiler edaranyň çäklerinde korrupsion işiň netijesinde bolan ýitgä degişlidir. Korrupsiýanyň iň esasy netijeleriniň biri hem hukuk edaralaryň dolandyrylyşygyny gowşatmakdan ybaratdyr.

Edara programmalara korrupsiýa garşy hukuk kämilligi gurmagyny ýardam bermek üçin sanawyny kesgitlemesi kyn bolan ýitginiň (zeperiň) hem öwezini hökmany ýagdaýda doldurmaly. Mundan başga, korrupsion işiň netijeleri göni däl ýitgini hem öz içine alyp bilýär. Ine şular ýaly ýitgileri öz içine alyp bilýär, haçan-da senagat fabrikler daşky gurşawa degişli gerekli netijeleri öwrenmezden işlemegine rugsat berilmegi, tebigy baýlyklary hapalamakdan adamlaryň saglygyna zyýan getirjek zäherleýji himiki maddalary ýere gömmekden ybaratdyr.

### II.3. Eýeçiligiñ daşary ýurt konfiskasiýa işinde dikeldilmegi

Bu madda Gatnaşyjy-döwletlerden beýleki Gatnaşyjy-döwletleri, konfiskasiýa boýunça işlerde üçinji tarap hökmünde, jenaýat üşti bilen gazanylan emlägine bolan hukugyny bildirmäge ukyplylygy bilen ygtyýarlandyrmaklygy talap edýär. Elbetde, bu işe degişli

Gatnaşyjy-döwletiň ýokarda agzalan jenaýat işinin açylandygy barada habarsyz bolmagy hem mümkin. Mysal üçin kompaniýanyñ jenayat işinden boýun gaçyrmak niýeti bilen daşary ýurt wezipeli adama para bermekde günälenmegi. Şonuñ üçin Gatnaşyjy-döwletler hökmany ýagdaýda beýleki ýurtlar we ähli zyýan çeken taraplar jenaýat işiniñ gozgalanmagy barada irki wagta habardar edilendiklerine göz ýetirmeli. 56-njy madda laýyklykda, Gatnaşyjy-döwletler jenaýat işine çekilen ýurduň öz şikaýatyny bildirmäge bolan hukugy barada habardar edilmelidirler.

**Madda 54: Konfiskasiýa etmekde halkara hyzmatdaşlygyň üsti bilen emlägi yzyna gaýtarmaklygyñ mehanizmleri**

*1. Konwensiýanyñ 55-nji maddasyna laýyklykda, özara kanuny kömegini bermek maksady bilen her Gatnaşyjy-döwlet kanunbozma netijesinde gazanylan emläk bilen baglanyşykly şu aşakdakylary ýerine ýetirmelidir:*

*a) beýleki Gatnaşyjy-döwletiň sudy tarapyndan çykarylan çözgüdiň netijesinde ygtyýarly häkimiýetlere emlägi mahrum etmäge mümkinçilik berýän çäreleri görmek,*

*b) ygtyýarly häkimiýetlere, içerki kanunçylyga laýyklykda daşary ýurt jenaýat işi netijesinde gazanylan pullary yuwmaklygyň üsti bilen ýa-da olaryñ ygtyýarlygyna girýän şona meñzeş jenaýatlaryñ netijesinde satyn alnan emlägi mahrum etmäge mümkinçilik berýän çäreleri görmek, we*

*ç) ýogalmagy, gizlenmegi, ýoklugy ýa-da şona meñzeş sebäpleriň bolmagy bilen jenaýat eden adamy jogapkärçilige çekip bolmadyk ýägdaýynda we ýyl kesmesiz ygtyýarly häkimiýetlere emlägi mahrum etmäge mümkinçilik beryän çäreleri görmek,*
*2. Şu Konwensiyanyñ 55-nji maddasynyń 2-nji punktuna laýyklykda başga Gatnaşyjy-döwletiň ýüz tutmagy netijesinde özara kanuny kömegini bermek maksady bilen her Gatnaşyjy-döwlet içerki kanunçylygyna laýyklykda şu aşakdakylary ýerine ýetirmeli:*

*a) yygtyýarly häkimiýetlere ýüz tutan Gatnaşyjy-döwletiň sudy tarapyndan çykarylan çözgüdiň netijesinde emlägi doňdurmaga ýa-da mahrum etmäge ygtyýar berýän çäreleri görmek. Sud bolsa öz gezeginde ýüz tutan Gatnaşyjy-döwlete şeýle çäreleri görmäge delillendirilen esasyň bardygyny hem-de mahrum edilen emläk şu maddanyň 1-nji (a) punktunda görkezilen maksatlar üçin ulanyljakdygyny subut etmelidir;*

*b) ygtyýarly häkimiýetleriň suda ýüz tutmaklary netijesinde emlägi doňdurmaga ýa-da mahrum etmäge ygtyýarlyk berýän çäreleri görmek. Ýüz tutýän Gatnaşyjy-döwlet bolsa öz gezeginde ýüz tutulan Gatnaşyjy-döwlete şeyle çäreleri görmäge ýeterlik esaslaryñ bardygyny hem-de mahrum ediljek emläk şu maddanyň 1-nji (a) punktunda görkezilen maksatlara laýyk ulanyljakdygyny subut etmelidir; hem-de*

*ç) emlägiñ alynmak maksady bilen öz ygtyýarly hökümet edaralaryna rugsat berýän goşmaça çäreleri kabul edip bolmaklyk meselesine seredýär, meselem, daşary ýurtda tussag edilmek ýa-da şeýle emlägi satyn almaklyk bilen baglanyşykly jenaýat günäkärlenmesini bermek babatynda çykarylan kararyñ esasynda ygtyýarly hökümet edaralaryna emlägi onuñ indiki mahrum edilmegi üçin saklamaga ygtyýar berýän çäreleri görmek.*

## I. Syn

54-nji madda Konwensiyanyñ Gatnaşyjy-döwletlerine emlägi kazyýet üsti bilen tutup galdyrmaklygyñ ulgamyny döretmekde kömek bermek maksady bilen edilýän netijeli ýollaryñ biri bolup duryar. Korrupsiýa jenaýatyny etmekligiñ netijesinde gazanylan pullary suduñ üsti bilen gaýdyp almak babatynda ýüze çykýan kynçylyklaryň hötdesindeň gelmekligine gönükdirilip, ol Gatnaşyjy-döwletlerden korrupsiýa jenaýaty netijesinde gazanylan pullary mahrum etmäge mümkinçilik berjek kanuny esaslary döretmeklerini hem-de şeýle ýagdaýlaryñ döremegine päsgel berjek çäreleri görmeklerini talap edýär. Gatnaşyjy-döwlet ýa-da Gatnaşyjy-döwletler dürli kanuny däplere degişli bolup bilýändiklerini göz öñüne tutup, 54-nji madda Gatnaşyjy-döwletlerden kanuny ulgamlarynda özara hyzmatdaşlyk saklamaklaryny talap edýär.

## II. Tejribe meseleler we çözgütler

### II.1. Daşary ýurt emlägi konfiskasiýa etmek baradaky kararyñ ýerine ýetirmekligiñ mümkinçiligi

54 maddanyñ (1) (a) paragrafyna laýyklykda, Gatnaşyjy-döwletlerden ygtyýarly häkimiýetlere daşary yurt sudy tarapyndan emlägi mahrum etmek baradaky kararyny ýerine ýetirmeklige mümkinçilik döredýän tertibi kabul etmekleri talap edilýär. Adatça, bu tertipler iki görnüşde bolup biler. Ýüz tutulan Gatnaşyjy-döwletiñ ygtyýarly häkimiýetleri daşary ýurduñ emläkden mahrum etmek tertibini kabul edip, ýerine ýetirip biler ya-da öz ýurdunyñ içerki kanunçylygyna laýyklykda öz tertibini we emlägi doñduryan ýa-da konfiskasiýa edýän kararyny kanun esasynda beýleki Gatnaşyjy-döwleiñ adyndan kabul edip biler.

54-nji maddany ýerine ýetirenlerinde, Gatnaşyjy-döwletler bu düzgüniñ diñe Konwensiýada agzalan jenaýatlarda däl-de eýsem başga dürli jenaýatlarda hereket edýän emlägine ýaýrap biljekdigini göz oñünde tutmalydyrlar. Bu we beýlekiler Konwensiýada agzalyp geçilýär we şeýlelikde hyzmatdaşlygyñ gerimi ep-esli giñelýär. Sonra, 54-maddanyñ (1) (a) punktunda Gatnaşyjy-döwletlere daşary ýurt sudunyñ emlägi konfiskasiýa etmek baradaky kararyny ýerine ýetirmek üçin suduñ karary gerek boljakdygyny göz öñünde tutup, ygtyýarly häkimýetlerine salgylanýar, we şeylelikde Gatnaşyjy-döwletlere daşary ýurduñ sud kararyny ýerine ýetirmek üçin degişli administratiw düzgünleri ýola goýmak üçin erkinlik berýär.

Şonuň bilen birlikde, ýüz tutulan Gatnaşyjy-döwlete yüz tutýan ýurduñ kaziyetiniñ çykaran karary gerek bolup bilinjegini göz öñünde tutulmalydyr. Hem kanuny howpsyzlyk, hem-de bähbidini goramak hukuklary gaýtadan seretmezden we kaziýete gaýtadan ýüz tutmazdan doly resmileşdirilen karary talap edýär.

Köp halatlarda daşary ýurt kazyýetiniñ kararyny ýerine ýetirmegi emlägi mahrum ediji ýörite edaralara ynanylsa-da, käbir ýagdaýlarda emlägi mahrum ediji ýörite edaralaryñ arzany yüz tutulýan Gatnaşyjy-döwletiñ içerki kanunçylygy bilen utgaşdyrmak zerur bolup biler. Şuña meñzeş ýagdaý Gatnaşyjy-döwlet hukukly edaranyñ jenaýat jogapkärçiligini ykrar etmeýän beýleki Gatnaşyjy-döwletiñ hukukly edarasyna garşy iş gozgap, emlägi mahrum etmek baradaky karary ýerine ýetirmekligi talap eden ýagdaýynda ýüze çykýar. Şeýle ýagdaýda haýsy şahsyýetlere garşy karar ýerine ýetirilmelidigini anyklamak üçin täze sud işi açylmalydyr.

Käbir ýurtlar delillendirilen jenaýat işinde günäkärligi anyklamak üçin kesgitlenen düzgünlerden başga emlägi konfiskasiýa etmekligiñ özbaşdak tertibini ýola goýdular.

Şeýle emlägi mahrum etmek üçin aýratyn tertipleri döretmekligiñ zerurlygy öz arasynda tapawutlanýar. Kä halatlarda ol prokuratura emlägiñ gelip çykyşyny anyklamak üçin ýeterlik wagt bermek üçin ýa-da başga sebäpli ulanylýar.

### II.2. Haram pullary ýuwmak we beýleki jenaýatlara esaslanan daşary ýurt korrupsiýa üsti bilen gazanylan emlägiñ konfiskasiýa edilmegi

Geçen on ýyllygyñ dowamynda, sud tejribesinde käbir edaralary haram pullary ýuwmakda günäkärläp käbir möhüm korrupsiýa baradaky işlerde emlägi kazyýet üsti bilen yzyna gaýdyp alyp boldy, emlägiñ bikanun gazanylandygyny subut edilen ýagdaýlarynda bolsa ol emläk konfiskasiýa edildi.

Bu Konwensiýa korrupsiýa jenaýatynyñ üsti bilen gazanylan emlägi mahrum etmek, oñy tussag etmek, ony alyp galmak we şular ýaly jenaýatlaryñ öñüni almak üçin haram pullary ýuwmak jenaýatyna garşy hereket edýän mehanizmleriñ ulanylmagyñ zerurlygyny nygtaýar (14, 23 we 52 maddalaryna ýüzlenip bilersiñiz). 14-nji we 52-nji maddalar bank ýa-da beýleki ykdysady operasiýalarda hereket edýän emläk jenaýat ýoly bilen gazanylandygy barada şübhe dörän ýagdaýynda, ol barada degişli edaralary habardar etmeklerini maliýe edaralardan talap edýär.

Ondan daşary, 23-nji maddanyñ (2) (c) punkty haram pullary ýuwmak jenaýaty baradaky içerki jenaýat işleri jenaýatyñ ýüze çykan ýerine garamazdan geçirmegi Gatnaşyjy-döwletlerden talap edýär.

Bu ýerde 54-nji maddanyñ (1) (b) punkty Gatnaşyjy-döwletleren talap edilýän düzgünleriñ halkasyny jemleýär. Şeýlelikde, bu düzgünler haram pullary ýuwmak jenaýatyna esaslanan we daşary ýurt korrupsiýasynyñ üsti bilen gazanylan emlägiñ kanunalaýyk hereketleriñ üsti bilen mahrum etmäge mümkinçilik berýär.

### II.3. Günäñi ykrar etmezden emlägiñ konfiskasiýa edilmegi

54-nji maddanyñ (1) (c) punktunda jenaýatyñ ýüze çykan we emlägiñ tussag edilen ýurdunda jenaýat eden adamyñ günäsini subut edýän sud karary bolmasa-da, Gatnaşyjy-döwletlere korrupsiýa jenaýatynyñ üsti bilen gazanylan emlägi mahrum etmäge hukuk berýän çäreleri görmeklerini maslahat berýär.

Bu maslahatyñ durmuşa geçirilmegi her ýurduñ mahrum etmek konsepsiýasyna berýän jeza beriji ýa-da dikeldiş manysyna bagly bolup durýar. Käbir ýurtlar jenaýat ýoly bilen gazanylan emlägiñ konfiskasiýasyny diñe bir jeza ediji usul hökmünde garaýar, emma beýleki ýurtlar emlägiñ konfiskasiýasyny dikeldiş we düzediş ädimi hökmünde netijeli ulanyp gelýär.

Konwensiýa, az derejede, adamyñ ýogalmagy, ýoklugy ýa-da şona meñzeş sebäpli jenaýat eden adamyñ jogapkärçilige çekilip bilinmeýän ýagdaýynda dikeldiş çäreleri ýola goýmaklaryny Gatnaşyjy-döwletlere maslahat berýar. Jenaýatçynyñ ýogalan ýagdaýynda jenaýatçynyñ jenaýat jogäpkärçiligi onuñ mirasdüşerlerine geçmeýär. Pullaryñ hasapdan hasaba geçirilmegi olaryñ bikanun gelip çykaşyny hem-de zyýan çeken Gatnaşyjy-döwletiñ emlägi dikeltmäge bolan hukugyny üýtgedip bilmeýändigini göz öñünde tutup, Gatnaşyjy-döwletler emlägiñ konfiskasiýasyny dikeldiş we düzediş adim hökmünde ulanyp biler.

Ýewropanyñ Adam Hukuklary baradaky Kazyýeti, mysal üçin, emlägiñ mahrum etmegini hem jeza hem-de raýat serişdesi hökmünde suratlandyrýan ölçegdigini kesgitledi

(Ýewropanyñ Adam Hukuklary baradaky Kommisiýasy, Belgi 12386/1986 we Ýewropanyñ Adam Hukuklary baradaky Sudy, Filipsyñ işi. Birleşen Şalygy, Belgi 41087/1998). Jenaýatyñ üsti bilen gazanylan emlägi mahrum etmek çäresinden tapawutlylykda, raýatlyk emlägini mahrum etmek kanunlary "eger-de onuñ gelip çykaşynda delillendirilen şübhe bolmasa" emlägiñ bikanun gelip çykyşynyñ subutnamasyny talap edenoklar. Gaýtam, olar mümkinçilikleriñ deñagramlylygyna hem-de eýesiniñ tersligi subut etmek ukypsyzlygyna subutnama hökmünde esaslanýar.

### II.4. Emlägiñ bolup biljek konfiskasiýasyndan öñ görülýän deslapky çäreler

54-nji maddasynyñ 2-nji punkty Gatnaşyjy-döwletlerden başga Gatnaşyjy-döwletiñ ýüz tutmagy boýunça öz ygtyýarly häkimýetlerine emlägi mahrum etmek ýa-da doñdurmak maksady bilen deslapky çäreleri kabul etmäge rugsat bermeklerini talap edýar.

54-nji maddanyñ (2) (a) punkty daşary ýurt emlägi doñdurmak ýa-da tussag etmek baradaky kararlar sudlardan daşary ygtyýarly häkimýetler tarapyndan hem çykarylyp bilinýäñdiklerini tassyklaýar. Emma, jenaýat derñewi geçirmek hukugy bolmadyk häkimýetleriñ emlägi doñdurmak ýa-da tussag etmek baradaky çykaran kararyny tassyklamak we ýerine ýetirmek Gatnaşyjy-döwletlerden talap edilenok (deñeşdirmek üçin Siz Düşündiriş Belligine salgylanyp bilersiñiz (Madda 54.2 (a), A/58/422/Goş.1, Punkt 61).

54-nji maddanyñ (2) (a) we (b) punktlary emlägiñ doñdurylmagyna we tussag edilmegine deslapky çäreler hökmünde garaýar, 54-nji maddanyñ (2) (c) punkty Gatnaşyjy-döwletlere öz ygtyýarly häkimýetlerine emlägi mahrum etmäge rugsat bermek üçin başga çäreleriñ görmeklerini maslahat edýär. Bu çäreler daşary ýurt emlägiñ tussag edilmegine ýa-da emlägiñ gelip çykyşyna degişli jenaýat günälemeklige esaslanyp bilerler. Ähli jenaýat prosesual kadalar, mysal üçin, emlägi doñdurmak we tussag etmek çärelerinden başga, emlägi gabap saklamak, ony gadagan etmek, emlägi başga ýere geçirmekligi gadagan etmek, kärhanalaryñ işine we olaryñ emlägine gözegçilik etmek, we şuña meñzeş çäreleri göz öñünde tutýarlar. Bu bolsa, öz gezeginde emlägiñ dolandyrylmagyny we ulanylmagyny wagtlaýynça çäklendirýär. Bu maslahatdan peýdalanmak isleýän Gatnaşyjy-döwletler bu çäreleriñ ulanylyş wagtyny jenaýat işiniñ irki tapgyryna çenli uzaldyp biler. Bu tapgyryñ dowamynda Gatnaşyjy-döwletler emlägiñ tussag edilmegi ýa-da emlägiñ gelip çykyşyna degişli jenaýat günälemek barada giñişleýin maglumat alyp biler (has giñişleýin maglumat üçin siz 56-njy madda ýüzlenip bilersiñiz).

**Siz Konwensiýanyñ 55-nji maddasynda beýan edilýän çäreleriñ mazmuny we talaplary barada has giñişleýin maglumaty bilmek üçin Birleşen Milletler Guramasynyñ Korrupsiýa Garşy Konwensiýany ýerine ýetirmek üçin Gollanmasynyñ degişli bölümine ýüzlenip bilersiñiz.**

### Madda 56: Ýörite hyzmatdaşlyk

*Özüniñ içerki kanunçylygyna zyýan bermezden, her Gatnaşyjy-döwlet jenaýat etmekligiñ üsti bilen gazanylýan girdejiler baradaky maglumaty beýleki Gatnaşyjy-döwlete, onuñ şeýle haýyş bilen önden ýüz tutmadyk ýagdaýýnda hem bermekligi göz öñünde tutmaly. Esasan-da şeýle maglumat beýleki Gatnaşyjy-döwlete jenaýat işini açmaga ýa-da derñewi geçirmäge kömek edip biljek ýagdaýlarynda Gatnaşyjy-döwletlerden soralýan maglumaty bermeklerini haýyş edilip biler. Emma şeýle kömegiñ berilmegi maglumaty*

*berýän ýurduň öz derňewine, jenaýat yzarlamasyna, ýa-da kazyýet derňewine päsgel edip biljek ýagdaýynda, Gatnaşyjy-döwlet şeýle talaby ýerine ýetirmekden boýun gaçyryp biler.*

**I. Syn**

56-njy madda bir Gatnaşyjy-döwletiň beýleki Gatnaşyjy-döwletiň haýyşy boýunça derňew alyp barmakda gerekli maglumaty ýa-da kömek bermegini halkara hyzmatdaşlyga tarap edilen uly ädim hökmünde bellenýär. Konwensiýa düşünişmeklige esaslanýan hysmatdaşlygyň konsepsiýasyny öňe sürýär, we şeýlelikde möhüm potensiala eýe bolan öňüni almaklyk düşünjäni goldaýar. 56-njy madda Gatnaşyjy-döwletleriň jenaýat işine degişli bolan beýleki Gatnaşyjy-döwletleri öňüni alyş çäre hökmünde habardar etmeklerini ündeýär. Esasan hem bu maglumat jenaýat işinde, derňewde we sud yzarlamalarynda peýdaly bolup biljekdigine ynamyň bar bolan ýagdaýynda möhümdir.

**II. Tejribe meseleler we çözgütler**

56-nji maddany ýerine ýetirmek üçin, Gatnaşyjy-döwletlerden özygtyýarly häkimýetlerine beýleki Gatnaşyjy-döwletleriň häkimýetlerine peýdaly bolup biljek maglumaty bermäge mümkinçilik döredýän öňüni alyş hyzmatdaşlyk çärelerini özleriniň içerki kanunçylyklarynda ulanyp bilerler. Maglumaty özara nähili usulda alşyp biljekdiklerini Gatnaşyjy-döwletleriň özleri çözüp bilerler. Emma, Konwensiýanyň hödürleýän çäreleriniň amatlylygyny göz öňünde tutaňda, Gatnaşyjy-döwletlerden özara habarlaşmagyň göni ýollaryny ulansalar has peýdaly bolup biler we şeýlelikde degişli häkimiýetler maglumaty özleriniň başga Gatnaşyjy-döwletlerindäki kärdeşleri bilen göni alşyp bilerler. Ýokarda agzalyp geçilýän maglumat şübheli ylalaşyklara, maddy goýumlara, ygtyýarly adamyň goly, hukukly edaralary tarapyndan ýerine ýetirilýän üýtgeşik töleglere we bir ýurdyň maliýe bähbitlerini beýleki Gatnaşyjy-döwletde goraýan edaralara degişli maglumaty öz içine alýar.

Gatnaşyjy-döwletleriň maglumat alyşmak üçin eýýäm bar bolan ulgamlary ulanmagyny makul bilmekleri mümkin. Egmont Kompaniýalar Topary şeýle usulda habarlaşmagyň mysaly hökmünde hyzmat edip biler. Egmont Kompaniýalar Topary maliýe gözegçilik edaralarynyň işini we maglumat alyşmaklygy ösdürmäge çalyşýar. Maliýe Agtarma Bölümleriniň beýleki ýurtlaryň Maliýe Gözegçilik Edaralary bilen iki taraplaýyn ýa-da özara ylalaşmaklygyň we ykrar edilen tertibe talabalaýyklygyň esasynda maglumat alyşýarlar. Talap edilmekligiň netijesinde edilen hem-de özara alyşmaklygyň netijesinde gazanylan maglumat, maliýe ylalaşyklaryň derňewini geçirmekde peýdaly bolup bilýär. Maliýe Agtarma Bölümleriniň arasyndaky maglumat alyşmak resmi däl ýagdaýda we tiz wagtda amala aşyrylýar. Ondan başga, Gatnaşyjy-döwletler alyşylýan maglumatyň gizlinligine we eldegrilmesizligine güwä geçmelidirler. Egmont Kompaniýalar Topary maglumatyň howpsuz ýagdaýda alyşmagyny üpjün edýär. Bu maksat üçin Egmont Maliýe Agtarma Bölümi özüniň goralýan web-saýtyny ulanýar.

**Siz Konwensiýanyň 57-nji maddasynda beýan edilýän çäreleriň mazmuny we talaplary barada bilmek üçin has giňişleýin maglumaty Birleşen Milletler Guramasynyň Korrupsiýa Garşy Konwensiýasyny ýerine ýetirmek üçin Gollanmasynyň degişli bölümine ýüzlenip bilersiňiz**

**Madda 58: Maliýe Agtarma Bölümi (MAB)**

*Gatnaşyjy-döwletler öz aralarynda jenaýata degişli bolan emlägiň bir ýerden başga ýere göçürilmesiniň öňüni almakda we oňa garşy göreşmekde hem-de bu emlägi suduň üsti bilen dikeltmek uçin netijeli ýollary we serişdeleri tapmakda hyzmatdaşlyk*

*saklamalydyrlar. Şoña görä-de her bir Gatnaşyjy-döwlet şübheli maliýe ylalaşyklar baradaky hasabatlary kabul etmäge, olary seljermäge we ygtyýarly häkimiýetlere gowşurmaga jogapkärli Maliýe Agtarma Bölümleri döretmegiñ zerurlygyny göz öñünde tutmalydyrlar.*

## I. Syn

58-nji madda emlägi suduñ üsti bilen dikeltmek üçin alnyp barylýan hyzmatdaşlygyñ netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen Maliýe Agtarma Bölümini döretmäge Gatnaşyjy-döwletleri höweslendirýär.

1990-nji ýyldan bäri Maliýe Agtarma Bölümleri dünýä ýurtlarynyñ 110-dan gowragynda döredildi we şu wagta çenli haram pullary ýuwmak bilen baglanyşykly jenaýatyñ öñüni almakda we oña garşy göreşmekde uly işleri amala aşyryp gelýärler. Şübheli maliýe ylalaşyklar baradaky maglumatlary kabul etmek, olary seljermek, olary başga degişli edaralar bilen paýlaşmak we ygtyýarly häkimýetlere gowşurmak bu edaralaryñ borçlary bolup durýar. Ondan başga-da şeýle edaralaryñ jenaýata degişli bolan emlägi, terrorizmi maliýeşdirmek we şuña meñzeş jenaýatlar barada toplanan maglumat subutnamalaryñ esasynda bu işleri kazyýete geçimäge hukugy bar. Egmont Group Maliýe Agtarma Bölümleriniñ işine hemaýat berýän resmi bolmadyk edara hökmünde hereket edýär. Maglumat alyşmaklygy höweslendirmek, hem-de serhetara maglumat alyşmaklyga päsgel berýän kynçylyklaryñ hötdesinden gelmek bu edaranyñ tarapyndan ilkinji nobatda çözülmeli meseleleriñ arasynda seredilýär.

## II. Tejribe meseleler we çözgütler

### II.1. Maliýe Agtarma Bölümleriniñ tutýan orny

Maliýe Agtarma Bölümler üç esasy funksiýalary amala aşyrmaga gönükdirilen. Birinjiden, olar ammar hökmünde hyzmat edip esasan maliýe we beýleki araçy edaralardan gelýän haram pullary ýuwmak bilen baglanyşykly jenaýat baradaky maglumaty merkezleşdirýär hem-de maglumatyñ ulanylyşyna we ýaýradylmagyna gözegçilik edýär. Ikinjiden, olar maglumaty seljermek funksiýasyny ýerine ýetirip, kabul edýän maglumatlarynyñ üstünde işleýärler we hasabat berilýän ylalaşyklar baradaky maglumaty degişli goşmaça gymmatly maglumaty goşýarlar. Şeýle maglumat adatça Maliýe Agtarma Bölümleriñ öz çeşmelerinden, Maliýe Agtarma Bölümlere elýeter bolan hökümet edaralaryñ maglumat bazasyndan, giñ jemgyýetçilik köpçüligine elýeter bolan çeşmelerden, hasabat berýän edaralardan we daşary ýurt Maliýe Agtarma Bölümlerden gelip gowuşýar. Maglumaty seljerme funksiýasy öz içine barlag işlerini hem alýar. Soñra barlagyñ netijesinde gazanylan strategiki we/ýa-da statistiki maglumat beýleki ýerine ýetiriji häkimýetler bilen paýlaşylýar. Bu maglumat haram pullary ýuwmakda täze usullaryñ we tipologiýalaryñ döremegine, jenaýat maliýe işleriñ uly geografiki tutýan meýdanyñ kartasynyñ düzülmegine, we halkara aragatnaşyklara degişli bolup biler. Üçünjiden bolsa, Maliýe Agtarma Bölümler daşary ýurt Maliýe Agtarma Bölümleriñ, içerki hukuk goraýjy we jenaýata garşy göreşýän agentlikleriñ arasynda üýtgeşik we şübheli maliýe ylalaşyklar barada maglumat ýaýratmak funksiýasyny ýerine ýetirýärler.

Käbir ýagdaýlarda, Maliýe Agtarma Bölümler maliýe edaralaryñ we maliýe däl kärhanalaryñ işine gözegçilik etmek ýaly goşmaça borçnamalar bilen ygtyýarlandyrylýarlar. Şeýle ýagdaýlarda, Maliýe Agtarma Bölümler özleriniñ gözegçilik edýän edaralaryna ýa-da belli şahsyýetlere olaryñ hasabat bermeklik ýa-da almaklyk talaplary ödemedik ýagdaýynda, olara garşy sanksiýalary ulanyp bilerler. Maliýe Agtarma Bölümleriñ bolsa haram pullary ýuwmak we terrorizmi maliýeşdirmek

jenaýatlaryna garşy kanunlary ýerine ýetirmek üçin belli bir düzgünnamalary girizmäge hukuklary bolýar.

Gatnaşyjy-döwletleriñ saýlan Maliýe Agtarma Bölüminiñ görnüşine baglylykda, (aşakda beýan edilýär), olar haram pullary ýuwmak jenaýatynyñ esasynda deslapky derñewleri geçirmäge, ýa-da doñdurylup, tussaga alnyp we mahrum edilip bilinjek emlägiñ gelip çykyşyny kesgitlemekde kanungoraýjy häkimiýetler bilen hyzmatdaşlyk saklamaga jogapkär bolup bilerler. Käbir ýagdaýlarda, Maliýe Agtarma Bölümleri derñew geçirilýän döwrinde öñüni alyş çäre hökmünde emlägi wagytlaýynça tussag etmäge haklydyr.

Ondan daşary hem, olar maliýe we maliýe bolmadyk kärhanalaryñ işgärleriniñ arasynda haram pullary ýuwmagyñ gözegçiligi hem-de içerki, sebitleýn we halkara terrorizmi maliýeleşdirilişi barada okuwlary geçirýärler.
Maliýe Agtarma Bölümleri döredilende, gatnaşyjy-döwletler olaryñ kanuny çäklerine we ykdysady tapawutlyklaryna laýyklykda dürli görñüşlerinden özlerine has amatly bolan görñüşini saýlap bilerler. Mysal üçin:

- Merkezi Bank, Maliýe Ministirligi ýa-da garaşsyz administratiw häkimiýet ýaly dolandyryş/gözegçilik edýän häkimiýete degişli bolan administratiw görnüşi;

- Hukuk goraýjy görnüşi;

- Hukuk goraýjy häkimiýet ýa-da prokuratura bilen bagly bolan sud ýa-da prokuratura görnüşli; ýa-da

- Ýokardaky görnüşleriñ utgaşdyrylan gibrid görnüşi.

Ähli ýagdaýlarda-da, birnäçe ugurdan kepillendirilip bilinýän agentligiñ garaşsyzlygy ýokardaky görnüşleriñ ählisinde esasy komponenti bolup hasap edilýär. Käbir ýagdaýlarda, Gatnaşyjy-döwletler Maliýe Agtarma Bölümi özüniñ goralýan gaznasy we ýeterlik işgärler topary bolan aýratyn agentlilik hökmünde döredip bilerler. Şeýlelikde, şeýle agentlik onuñ serişderilerini we işini dolandyrýan we onuñ netijeligine täsir edýän ýa-da funksiýalaryndan we maglumatyndan peýdalanyp biljek beýleki agentlilikden aýratyn döredilýär. Şeýle garaşsyzlyk, nähili bolsa-da, irizýän ygtyýarlyklary ýa-da maglumat ulanylyşynyñ gözegçiligi, mejlis hasabaty, audit barlaglary we/ ýa-da sud işiniñ gözegçiligi ýaly degişli gözegçilik we hasabat beriş mehanizmleri bilen sazlaşmaly.

### II.2. Maliýe Agtarma Bölümleriniñ görnüşleri: administratiw görnüsi

Administratiw görnüşli Maliýe Agtarma Bölümler aýratyn edara hökmünde hereket edýän ministirlik ýa-da administratiw edaranyñ tarapyndan dolandyrylýan ýa-da bolmasa garaşsyz döwlet we hususy edara bolup biler. Onuñ funksiýalary kanunçylyga laýyklykda kesgitlenilýär. Administratiw häkimiýetini maliýe edaralaryñ we beýleki hasabat beriş hem-de kanuny goraýjy sektorlaryñ arasynda “bufer” hökmünde ulanyp, häkimiýetler hasabat beriş edaralaryñ hyzmatdaşlygyndan peýdalanyp bilýärler.

Bir tarapdan, Maliýe Agtarma Bölüminiñ administratiw görnüşiniñ artykmaçlyklary onuñ maliýe we beýleki hasabat bermäge borçly bolan sektorlaryñ arasynda, beýleki tarapdan bolsa kanungoraýjy häkimiýetleriniñ arasynda sepleýji hökmünde çykyş edýändiginden ybaratdyr. Bu bolsa öz gezeginde hasabat beriş edaralaryñ we kanungoraýjy agentlikleriñ arasynda göni institutara gatnaşygyny saklamak zerurlygyny aradan aýyrýar we oña derek

kanungoraýjy edaralaryñ ünsüni üsti açylan jenaýatçylykara çekmegiñ mümkinçiligini döredýär. Şeýlelikde, olaryñ berýän maglumaty diñe haram pullary ýuwmak ýa-da korrupsiýa we terrorçylyga pul göýbermek baradaky işler bilen çäklenýändigine hem-de ol hasabat beriş edaralaryñ çäkli maglumatyna däl-de, Maliýe Agtarma Bölüminiñ öz seljermesine esaslanýandygyna göz ýetireñde, maliýe we beýleki edaralar maglumaty has ynamly Maliýe Agtarma Bölüminiñ ygtyýaryna berýarler.

Maliýe Agtarma Bölüminiñ administratiw görnüşi köplenç “bitarap” bolup görünýär, hasabat beriş edaralar üçin bolsa tehniki we ýöriteleşdirilen söhbetdeş hökmünde çykyş edýär. Dolandyryjy edaranyñ düzüminde bolanda, ol maliýe edaralaryñ adaty söhbetdeşi bolup hereket edýär. Şeýle Maliýe Agtarma Bölümler öz gezeginde Maliýe Agtarma Bölümleriniñ ähli görnüşleri bilen maglumat alşyp bilýärler.

Beýleki tarapdan, Maliýe Agtarma Bölümler kanungoraýjy müdirligiñ bölegi bolmanlygy sebäpli, şühbeli maliýe ylalaşyklaryñ doñdurylmagy ýa-da maliýe jenaýatynyñ üstüniñ açylmagy babatynda şühbelenýän adamy tussag etmek ýaly hukuk goraýjy çärelerini ýerine ýetirmekde gijikdirmeler ýüze çykyp biler. Birinjiden, Maliýe Agtarma Bölümler kanungoraýjy we hukuk häkimiýetlerde bar bolan, ýagny, öýleri agtarmaga rugsat bermek ýa-da şaýatlary kazyýete çagyrmak ýaly kanuny ygtyýarlyklaryndan peýdalanmaýarlar. Beýleki bir ýurtlar, näme bolsa-da, käbir dolandyryjy we beýleki ygtyýarlyklardan peýdalanyp, başga döwlet ýa-da hususy edaralardan olary resmi subutnamalar bilen üpjün etmeklerini talap edip bilýärler. Emma, Maliýe Agtarma Bölüminiñ administratiw görnüşi syýasy häkimiýetleriniñ gözegçiligine has ýygy-ýygydan sezewar bolýar.

### II.3. Maliýe Agtarma Bölümleriñ görnüşleri: hukuk goraýjy edaralar görnüşi

Käbir Gatnaşyjy-döwletlerde Maliýe Agtarma Bölümleriñ hukuk goraýjy jähtlerine esasy üns berilýändigi sebäpli, Maliýe Agtarma Bölümler özbaşdak döwlet ýa-da hukuk goraýjy edarasynyñ düzümindäki bölüm hökmünde döredilýär. Bu bolsa öz gezeginde, täze kanuny we administratiw çäkli täze edarasynyñ taslamasyny düzmeklik zerurlygyny aradan aýryp, oña derek degişli hukuk goraýjy ygtyýarlyklara eýe bolan edarany döretmek üçin iñ añsat ýol bolup durýar. Iş ýüzünde, şu aýdylanlara laýyklykda, beýleki edaralaryñ düzümindäki maliýe jenaýatlary bilen iş salyşýan bölümler ýaly, Maliýe Agtarma Bölümi beýleki hukuk goraýjy edaralara has golaý bolup, olaryñ tejribesinden we maglumat çeşmelerinden peýdalanmagyñ mümkinçiligini gazanýar. Öz gezeginde, Maliýe Agtarma Bölümi tarapyndan kabul edilen maglumat, hukuk goraýjy edaralary tarapyndan añsatlyk bilen barlanylyp, derñewde ulanyp we şeýlelikde onuñ netijeliligini ýokarlandyryp bilýär. Maglumat alyşmaklyk eýýäm hereket edýän milli we halkara jenaýat maglumat alyş ulgamynyñ üsti bilen çaltlaşdyrylyp bilner.

Maliýe Agtarma Bölümiñ hukuk goraýjy görnüşiniñ artykmaçlyklary:

- Ol eýýäm hereket edýän infrastrukturanyñ esasynda gurlup, täze edaranyñ döredilmeginiñ zerurlygyny aradan aýyrýar.

- Maliýe jenaýat işine degişli maglumaty hukuk goraýyş ulgamynda iň uly göwrümde ulanyp bolýar.

- Haram pullary ýuwmak we beýleki maliýe jenaýatlarynyñ görkezijilerine hukuk goraýjy häkimiýetler tarapyndan has tiz jogap berilýär.

- Maglumaty içerki, milli we halkara jenaýat maglumat alyş ulgamynyñ üsti bilen alşyp bolýar.

- Hukuk goraýjy häkimiýetleriñ özara alyşýan tejribesi we mümkinçilikleri bilen olaryñ işgärleriniñ hem özara alyşmagyna hem-de hünärmenleriñ belli wezipäni ýerine ýetirmäge gönükdirilen toparlar bolup işlemeklerine mümkinçilik döredýär.

- Maliýe Agtarma Bölüminiň bu görnüşi jenaýat polisiýa we umuman, derñew geçirýän edaralara has ýakyn bolup durýar.

Maliýe Agtarma Bölüminiñ bu görnüşi hukuk goraýjy häkimýetlere mahsus bolan ähli ygtyýarlyklara eýedir we şeýlelikde onuñ aýratyn we ýörite kanun çykaryjy ygtyýarlygyna hiç zerurlygy ýok.

Bu ygtyýarlyklar çykdajylar baradaky maglumatdan peýdalanmak, maliýe ylalaşyklara gözegçilik etmek we gerek bolanda emlägi tussag etmek ygtyýarlyklaryny öz içine alýar.

Maliýe Agtarma Bölüminiñ hukuk goraýjy görnüşiniñ kemçilikleri şu aşakdakylardan ybarat:

- Maliýe Agtarma Bölüminiñ bu görnüşi analitiki we öñüni alyş çärelere esaslanýan derñewiñ geçirilmegini ileri tutýar.

- Hukuk goraýjy edaralar maliýe kärhanalar üçin adaty söhbetdeş hökmünde çykyş edip bilmeýär; elbetde olar öz arasynda özara ynamlylygy ýola goýmaga synanyşmaly, emma bu az wagt talap etmegi mümkin. Ondan başga, döwlet hukuk goraýjy häkimiýetleriñ maliýe edaralary bilen söhbetdeş bolmak üçin bu ugurda tejribesiniñ az bolmagy we olaryñ maliýe edaralar bilen hyzmatdaşlyk saklamagynyñ peýdasyny doly derejede baha bermeýändikleri mümkin.

- Maliýe kärhanalarynyñ maglumatyna (hasabat berilýän maliýe ylalaşyklar baradaky maglumatdan daşary) rugsat almak üçin formal derñewe badalga berilmegi zerur.

- Onuñ jenaýat derñewinde (diñe bir haram pullary ýuwmak we korrupsiýa bilen bagly däl) ulanyljakdygyny bilseler, hasabat beriş edaralar öz maglumatyny hukuk goraýjy edaralaryna açmaga göwünsiz bolmaklary mümkin.

- Hasabat beriş edaralar diñe olaryñ şühbeliligine esaslanyp, ylalaşyklar barada maglumaty hukuk goraýjy edaralara bermäge göwünsiz bolmaklary mümkin.

### II.4. Maliýe Agtarma Bölüminiñ görnüşleri: hukuk goraýjy häkimiýet ýa-da prokuratura bilen bagly görnüşler

Maliýe Agtarma Bölüminiñ bu görñüşi köplenç häkimiýetiñ sud şahamçasynyñ düzüminde hereket edip, köp halatlarda prokuratura tarapyndan gözegçilik edilýär. Şeýle görnüş köplenç kontinental kanuny däplere eýeryän Gatnaşyjy-döwletlere mahsus bolýar. Ondan başga-da şeýle ýurtlaryñ döwlet prokurorlary häkimiýetiñ sud şahamçasynyñ agzalary hasaplanylýar we olaryñ ygtyýarlygy derñew edaralara hem degişli bolýar.
Maliýe Agtarma Bölüminiñ bu görnüşi bank işleri gizlinlikde saklanýan Gatnaşyjy-döwletlere has netijeli bolup biler. Köplenç şeýle ýurtlarda maliýe edaralaryñ

hyzmatdaşlygyny üpjün etmek üçin sud ýa-da prokuratura häkimiýetleri bilen göni aragatnaşygy ýola goýmaklygyñ zerurlygy ýüze çykýar.

Maliýe Agtarma Bölüminiñ hukuk goraýjy häkimiýet ýa-da prokuratura bilen bagly bolan görnüşiniñ aýratynlyklary:

- Olara köplenç özbaşdaklygyñ ýokary derejesi mahsusdyr.

- Maglumat göni jenaýaty derñemäge ýa-da ony sudda alyp barmaga ygtyýarly bolan edaralaryñ ygtyýarlygyna berilýär.
- Kazyýet ýada prokuraturanyñ ygtyýarlyklary (ýagny emlägi tussag etmek, ony doñdurmak, sorag geçirmek, adamlary tussaglykda saklamak, öýleri agtarmak) gaýra goýulmazdan güýje girýär.

Maliýe Agtarma Bölüminiñ hukuk goraýjy häkimiýet ýa-da prokuratura bilen bagly bolan görnüşiniñ aýratynlyklary umuman ýokarda agzap geçilenler bilen çäklenýär.

### II.5. Maliýe Agtarma Bölüminiñ görnüşleri: gibrid

Bu Maliýe Agtarma Bölüminiñ soñky görñüşi bolup, ol ýokarda beýan edilen görnüşleriniñ umumy sazlaşygyny döredýär. Maliýe Agtarma Bölüminiñ gibrid görnüşi dürli görnüşleriñ artykmaçlyklaryny birleşdirip, olary bir edaranyñ çäklerinde ýygnamak islegi bilen edilen synanyşmadyr. Käbir Maliýe Agtarma Bölümleri administratiw we hukuk goraýjy görnüşlerine mahsus bolan häsiýetleri öz içine alýar, beýlekiler bolsa gümrükhana ýa-da polisiýa mahsus bolan ygtyýarlyklardan peýdalanýarlar. Käbir Maliýe Agtarma Bölümler bolsa dolandyryjy we hukuk gorayjy edaralarda işleýän hünärmenleriñ hyzmatyndan we tejribesinden peýdalanyp, şol bir wagtyñ özünde öz edaralarynyñ ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirmeklerini dowam edip, maglumat alyşmaklygyñ we bilelikdäki tagallalaryñ netijeligini ösdürmäge synanyşýarlar.

### Madda 59: Ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn ylalaşyklar we çäreler

*Konwensiýanyñ şu babyna laýyklykda, Gatnaşyjy-döwletler halkara hyzmatdaşlygyñ netijeliligini ösdürmek üçin ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn ylalaşyklary baglaşmaklygyñ we bilelikdäki çäreleri geçirmekligiñ mümkinçiligini göz öñünde tutmalydyrlar.*

### I. Syn

Konwensiýada göz öñünde tutulan jenaýatyñ üsti bilen gazanylan emlägi kanunlaşdyrmak işini berkitmek üçin, 59-nji madda Gatnaşyjy-döwletleri ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn ylalaşyklara goşulmaklaryny ündeýär.

### II. Tejribe meseleler we çözgütler

Emlägi kanunlaşdyrmak çärelere esaslanýan köptaraplaýyn we beýleki sebitleýin ylalaşyklara goşulmak üçin öz içerki kanunçylyklaryny üýtgetmäge taýyn bolan Gatnaşyjy-döwletler, ol çäreleri öwrenip, olaryñ esasynda öz kanunçylyklaryna şu Konwensiýanyñ 5-nji babyna laýyklykda üýtgetmeleri girizmäge borçludyrlar. Şuña meñzeş çäreler ikitaraplaýyn ylalaşyklara gol çeken Gatnaşyjy-döwletler tarapyndan ýörite protokolyñ kabul edilmegi bilen ýerine ýetirilip bilner.

Kanunçylygyñ täzeden işlenilmegi ilkinji görülmeli çäreleriñ biri hökmünde durmuşa geçirilmelidir. Birinjiden, ol emlägi kanunlaşdyrmak ugrunda özara kanuny hemaýat

gatnaşyklaryny öňden bäri saklap gelýän ýurtlara ýa-da kanuny ulgamlarynyň bu ugurda hyzmatdaşlyk saklamak üçin päsgelçilik döredýän ýurtlaryna degişlidir.

Konwensiýanyň 5-nji babynda beýan edilýän çäreleri ýerine ýetirmek boýunça Gatnaşyjy-döwletleriň borçnamalary baradaky taraplaryň ylalaşygynyň üsti bilen şertleşmeli. Ondan başga-da taraplaryň özära bähbidi esasynda Konwensiýanyň 5-nji babynda beýan edilýän çäreleriň daşyndan Gatnaşyjy-döwletler käbir goşmaça çäreleriň ýerine ýetirilmegini talap edilip bilerler. Şeýle-de olar 56-njy maddanyň ýörite hyzmatdaşlygyna laýyklykda belli derejede maglumatyň ulanylmagyny çäklendirip, şeýle-de onuň gizlinligini we beýleki borçnamalaryň berjaý edilmegini talap edip bilýärler. Maglumatyň ulanylyşy ýörite düzgün bilen çäklendirilen ýagdaýlarynda, maglumaty kabul edýän Gatnaşyjy-döwletiň ýüz tutmasy boýunça, maglumaty berýän Gatnaşyjy-döwletler, ony başga maksatlar üçin hem ulanmaga rugsat bermegiň mümkinçiligini hem göz öňünde tutup biler.

Elbetde, Gatnaşyjy-döwletler öz içeri kanun ýörelgelerinr laýyklykda ikitaraplaýyn ýa-da köptaraplaýyn şertnamalara beýleki şertleri hem goşup bilerler. Ýagny özara kanuny hemaýat bermek baradaky şertnamasyna laýyklykda, Gatnaşyjy-döwletler maglumat alyşmagyň resmi we resmi däl tertibini kabul edip bilerler. Onuň üçin elbetde olara aragatnaşygyň iň soňky serişdelerini ulanmak we maglumatyň mazmunynyň howpsyzlygyny üpjün edýän howpsyzlyk çärelerinden peýdalanmak maslahat berilýär. Merkezi häkimiýet bilen diplomatik ýollaryň üsti bilen saklanýan resmi aragatnaşyklara garamazdan, ähli görülýän çäreler barada maglumat soraýan Gatnaşyjy-döwletiň ygtyýarly häkimiýetlerine habar bermeli.

Ýörite ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn ylalaşyklar hem-de olaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýän içerki kanunçylyklar, hem-de sebitleýin we halkara edaralar barada has giňişleýin maglumat bermek üçin, Gatnaşyjy-döwletler bu kanuny çäreler barada maglumaty okýja amatly we giň köpçülige elýeter bolan web-saýtynda ýerleşdirip biler. 55-nji madda Gatnaşyjy-döwletlerden degişli ylalaşyklaryň we şertnamalaryň nusgasyny Birleşen Milletler Guramasyna ibermeklerini talap edýär.